# TELEKEÇINIŇ ÝANKITABY

## 2010 ýyl

## BÖLÜM II

### Türkmenistanyň salgyt we gümrük kanunçylygy

# Mazmuny


| № t/t | Kadalaşdyryjy namanyň ady | sah. |
|---|---|---|
| t-01t | “Gümrük gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny | 3 |
| t-02t | “Türkmenistanyň Gümrük kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Gümrük kodeksi | 13 |
| t-03t | “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda. Türkmenistanyň bitewi Kanuny “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny | 138 |
| t-04t | “Döwlet pajy hakynda” № 10495, 2009 ý., 25 iýun Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary | 251 |

# Türkmenistanyň Kanuny

## Gümrük gullugy hakynda

**(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 2010 ý., № 1, 15-nji madda)**

Şu Kanun gümrük gullugynyň işiniň hukuk esaslaryny hem-de ýörelgelerini, wezipelerini, hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär.

## I bölüm. Umumy düzgünler

### 1-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy Türkmenistanyň gümrük ulgamynyň işini düzgünleşdirmek babatdaky döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini, gümrük meseleleri boýunça halkara borçnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän, şeýle hem işleri bilen baglanyşykly kontrabanda we beýleki jenaýatlara, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalaryna garşy göreşi amala aşyrýan döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar.

### 2-nji madda. Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanunçylygy

1. Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Türkmenistanyň Gümrük Kodeksinden, şu Kanundan hem-de gümrük gullugynyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.
2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanundan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

### 3-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň düzümi we ýolbaşçylygy

1. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň düzümine merkezi edarasy, onuň ýanyndaky Okuw merkezi, welaýat we welaýat hukukly şäher gümrükhanalary, olaryň Türkmenistanyň çäklerindäki we döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük postlary, gümrük gullugynyň beýleki edaralary (mundan beýläk - gümrük edaralary) girýär.
2. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyna Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan başlygy ýolbaşçylyk edýär.
3. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň orunbasarlary, gümrükhanalaryň başlyklary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýärler we wezipeden boşadylýarlar.
4. Türkmenistanyň gümrük gullugynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan ýolbaşçylarynyň we wezipeli işgärleriniň wezipeleriniň sanawy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär.
5. Gümrük gullugynyň işgärlerine şahsyýetini we eýeleýän wezipesini tassyklaýan şahsyýetnama we bellenilen nusgadaky tapawutlandyryş nyşanlary berilýär.

### 4-nji madda. Gümrük gullugynyň hukuk derejesi

1. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy hakynda Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan, gümrük gullugynyň edaralary hakynda Düzgünnamalar bolsa Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygy tarapyndan tassyklanylýar.
2. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidenti bilen ylalaşylmagy esasynda, döretmegiň maksatlary delillendirilip we olaryň maddy-tehniki binýadyny üpjün etmegiň, işini guramagyň deslapdan taslamasy düzülip, zerurlygyna görä, gümrükhanalar döredilip bilner.

3. Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän we Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük postlary welaýat we welaýat hukukly şäher gümrükhanalarynyň aýrybaşga bölümi bolup, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygy tarapyndan tassyklanýan Düzgünnama esasynda hereket edýärler.

4. Gümrük postlary ýolagçy we haryt akymlarynyň möçberlerinden, aýry-aýry sebitleriň ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmegiň wajyplygyndan, ulag kärhanalarynyň, harytlary daşary ýurtlara iberijileriň we daşary ýurtlardan getirijileriň, daşary söwda işi bilen meşgullanýan beýleki taraplaryň isleglerinden ugur alnyp, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döredilýär.

## 5-nji madda. Gümrük gullugynyň işiniň esasy ýörelgeleri

1. Gümrük gullugy öz işinde kanunylyk, raýatlaryň kanunyň öňündäki deňligi, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda olaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegi, mertebesine hormat goýulmagy ýörelgelerinden ugur alýar.

2. Gümrük gullugy raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hakyndaky kanunçylygyň talaplaryna ters gelmeýän, şeýle hem döwlet syrynyň we kanun arkaly goralýan beýleki syrlaryň açylmagyna getirmeýän halatynda, aýanlyk ýagdaýynda hereket edýär.

## 6-njy madda. Gümrük gullugynyň esasy wezipeleri

Gümrük gullugynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny goramak;

2) Türkmenistanyň daşary söwdasyny we milli ykdysadyýetini ösdürmäge ýardam bermek;

3) Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden haryt dolanyşygynyň çaltlandyrylmagyna ýardam berýän şertleri döretmek;

4) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň gümrük serhedini goramak we gümrük gözegçiliginiň çägindäki düzgüniň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

5) harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende ygtyýarlylandyryş we rugsat beriş düzgüniniň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

6) gümrük tölegleriniň möçberlerini belleýän hem-de gümrük tölegleri tölemegiň tertibini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda gümrük paçlaryny we gümrük ýygymlaryny, salgytlary töletdirmek;

7) gümrük işiniň çygrynda hukuk kadalarynyň bozulmalarynyň amala aşyrylmagy hakyndaky maglumatlary toplamak we seljermek;

8) kontrabandany hem-de gümrük kadalarynyň beýleki bozulmalaryny amala aşyran şahslara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çäre görmek;

9) Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasyny ýöretmek, gümrük işi hakyndaky hasabatlary taýýarlamak we gyzyklanma bildiren taraplara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde maglumat bermek;

10) gümrük işi hakyndaky kanunçylyk namalarynyň birmeňzeş berjaý edilmegini üpjün etmek;

11) gümrük işi boýunça hünärmenleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;

12) gümrük işine degişli Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek;

13) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek.

## 7-nji madda. Raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegi

Gümrük kadalarynyň bozulmalaryna ýol berendigi güman edilip saklanan raýatlar öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň çäklendirilmegi babatda gümrük gullugynyň işgärlerinden maglumat almaga haklydyrlar.

## 8-nji madda. Gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýeri

1. Gümrük edaralary gönüden-göni gümrük gullugynyň edaralary bolan jaýlarda, şeýle hem gyzyklanma bildirýän taraplara, şol sanda gümrük dellalçylygyny amala aşyrýan ýa-da harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ýörite ammarlaryna eýeçilik edýän şahslara degişli bolan çäklerde we jaýlarda, şonuň ýaly-da aeroportlaryň, deňiz we derýa portlarynyň, demir ýol we awtomobil menzilleriniň çäklerinde we jaýlarynda

ýerleşip bilerler.

2. Gümrük edaralary üçin ýer bölekleri “Ýer hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda ulanmaga berilýär.

**9-njy madda. Gümrük edaralarynyň gümrük amallaryny amala aşyrýan ýeri**

Harytlar, ulag serişdeleri babatda gümrük gözegçiliginiň we gümrük taýdan resmileşdirmegiň amallary gönüden-göni gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerlerinde ýa-da şahslaryň ýüztutmasy boýunça gümrük gullugynyň dolandyryş edaralarynyň rugsady bilen beýleki ýerlerde amala aşyrylýar. Gümrük edaralary, eger munuň özi gümrük gözegçiliginiň netijeliligini pese düşürmeýän bolsa, harytlaryň we ulag serişdeleriniň ýerleşýän ýerlerinde gümrük amallaryny amala aşyrýarlar.

**10-njy madda. Gümrük edaralarynyň iş tertibi**

1. Gümrük edaralarynyň iş tertibi we iş wagty Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük gullugunyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilýär.

2. Deňiz we derýa portlaryndaky, aeroportlardaky we döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük edaralarynyň iş wagty öz işini şol ýerlerde amala aşyrýan edaralaryň we gulluklaryň iş wagtyna laýyk gelmelidir. Gümrük gullugynyň beýleki ýerlerdäki edaralarynyň iş wagty işine garaşly şahslaryň isleglerini kanagatlandyrmakdan ugur alnyp we gümrük gullugynyň hem-de dahylly döwlet gulluklarynyň mümkinçilikleri göz öňünde tutulyp bellenilýär.

**II bölüm. Gümrük gullugynyň ygtyýarlyklary**

**11-nji madda. Gümrük gullugynyň Türkmenistanyň hukuk goraýjy we harby edaralary bilen özara gatnaşyklary**

Gümrük gullugy döwlet gümrük syýasatyny iş ýüzünde durmuşa geçirmekde, gümrük kadalarynyň bozulmalarynyň öňüni almakda, olara ýol bermezlikde, seljeriş işleri geçirmekde, operatiw-agtaryş, anyklaýyş we öňüni alyş işlerini we gaýry çäreleri amala aşyrmakda Türkmenistanyň hukuk goraýjy we harby edaralary bilen özara hyzmatdaşlykda bolýar.

**12-nji madda. Gümrük gullugynyň daşary ýurt döwletleriniň gümrük we hukuk goraýjy edaralary hem-de halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy**

Gümrük gullugynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gümrük işi babatda özara gatnaşyk etmek, maglumat we resminamalary alyşmak maksady bilen, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň esasynda daşary ýurt döwletleriniň gümrük gulluklary, hukuk goraýjy edaralary we halkara guramalary bilen gatnaşyklary ýola goýmaga we hyzmatdaşlyk etmäge hukugy bardyr.

**13-nji madda. Gümrük gullugynyň ýuridik we fiziki şahslar bilen gatnaşyklary**

1. Ýuridik şahslar eýeçiligiň görnüşine garamazdan we fiziki şahslar gümrük gullugynyň işgärlerine gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekde ýardam bermelidirler.

2. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük gullugy beýleki döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalarynyň gümrük gözegçiligine degişli bolan we olaryň ygtyýarlyklaryna girýän aýry-aýry hereketleri özleriniň gözegçiligi astynda amala aşyrmaklaryna ýol bermäge haklydyr.

**14-nji madda. Gümrük gullugyna maglumat bermek we onuň derejesi**

1. Gümrük işi bilen baglanyşykly hereketlere gatnaşygy bolan islendik şahs ygtyýarly gümrük işgäriniň talap etmegi boýunça Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň düzgünlerini berjaý etmek üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary bellenilen möhletlerde gümrük gullugyna bermäge borçludyr.

2. Öz mazmuny boýunça ýa-da gümrük gullugyna berliş usuly boýunça gizlin bolan ähli maglumatlaryň gulluk syry derejesi bardyr. Maglumaty beren şahsyň razylygy bolmazdan, gulluk syry bolan maglumaty aýan etmäge gümrük gullugynyň haky ýokdur. Türkmenistanyň kanunçylygynda gümrük gullugynyň maglumatlary bermäge borçly edilen ýagdaýlary muňa girmeýär.

**15-nji madda. Gümrük gullugynyň amala aşyrýan işleri**

Gümrük gullugy öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda şu aşakdaky işleri amala aşyrýar:

1) Türkmenistanyň döwlet gümrük syýasatyny işläp taýýarlamaga gatnaşýar we ony durmuşa geçirýär;

2) öz ygtýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny we ykdysady garaşsyzlygyny, bu ugurda döwletiň bähbitlerini goramaga gatnaşýar;

3) Türkmenistanyň gümrük işi hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün edýär;

4) harytlary we ulag serişdelerini Türkmenistanyň gümrük serhedinden üstaşyr geçirmegiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibiniň berjaý edilişine gözegçilik edýär;

5) söwda-ykdysady işini gümrük taýdan düzgünleşdirmegiň serişdelerini ulanýar, gümrük serhedinden üstaşyr geçirilýän harytlar babatda ykdysady syýasatyň çärelerini işläp taýýarlamaga gatnaşýar;

6) Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden harytlar, ulag serişdeleri, fiziki şahslar geçirilen halatynda kontrabanda, gümrük kanunçylygynyň hukuk taýdan bozulmalaryna, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň, şeýle hem Türkmenistanyň halkynyň we daşary ýurt döwletleriniň çeperçilik, taryhy-arheologik gymmatlyklarynyň, intellektual eýeçilige degişli zatlaryň, ýitip gitmek howpy bolan haýwanlaryň we ösümlikleriň görnüşleriniň, beýleki harytlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşýär;

7) ýaraglary, ok-därileri, zäherleýji we radioaktiw jisimleri hem-de maddalary, hereket edýän konstitusion gurluşy agdarmaga, jemgyýetçilik howpsuzlygyny we ahlagyny bozmaga çagyrýan neşirleri we beýleki maglumatlary Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirmäge edilýän synanyşyklaryň öňüni almak işlerini, terrorçylyga garşy göreşi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we beýleki hukuk goraýjy edaralary bilen bilelikde alyp barýar;

8) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük tölegleriniň dogry hasaplanylyşyna, doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik edýär;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük gullugy tarapyndan ygtyýarlandyrmagy bellenilen işleriň görnüşlerini ygtyýarlandyrýar;

10) gümrük işi babatda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

11) gümrük edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny ösdürýär we kämilleşdirýär;

12) gümrük işini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny işläp taýýarlaýar we olary ornaşdyrýar;

13) gümrük gullugynyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki işleri amala aşyrýar.

**16-njy madda. Gümrük gullugynyň hukuklary**

Gümrük gullugy şu aşakdakylara hukuklydyr:

1) Türkmenistanyň Prezidenti bilen ylalaşyp, gümrükhanalary we olaryň düzüm birliginde gümrük barlaghanalaryny, kinologiýa merkezini döretmäge;

2) gümrük düzgünlerine we gümrük amallaryna laýyklykda gümrük gözegçiligi we gümrük taýdan resmileşdirmek işi üçin zerur resminamalary, maglumatlary şahslardan soramaga we almaga;

3) gümrük işi bilen bagly hereketi ýerine ýetirmäge ygtyýarlylygyny tassyk etmegini şahslardan talap etmäge, raýatlaryň we wezipeli adamlaryň şahsyýetini tassyklaýan resminamalary barlamaga;

4) gümrük barlaglaryny amala aşyrmaga, eýeçiligiň görnüşine garamazdan, gümrük gözegçiligine degişli harytlar saklanýan jaýlara, ammarlara we olara degişli çäklere girmäge, zerur resminamalary almaga, şeýle jaýlary we ammarlary möhürlemäge;

5) gümrük ammarlaryny we harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammarlarynyň işini amala aşyrmaga;

6) eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ýuridik şahslaryň ýolbaşçylaryndan, wezipeli adamlaryndan, hususy telekeçilerden we fiziki şahslardan gümrük kanunçylygynyň bozulmalaryny düzetmegi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde talap etmäge;

7) gümrük kadalaryny bozýan hem-de jenaýatçylykly hereketi amala aşyran ýa-da şeýle hereketleri etmekde şübhelenilýän adamlary saklamaga we Türkmenistanyň gümrük we hukuk goraýjy edaralarynyň, şeýle hem saglygy goraýyş edaralarynyň gulluk jaýlaryna eltmäge;

8) şahsyýetini we wezipesini tassyklaýan şahsyýetnamasy bilen gümrük gullugynyň işgärlerine gümrük edaralarynyň ýerleşýän çäklerine, şol sanda Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük postlaryna gulluk wezipelerini ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde päsgelçiliksiz barmaga;

9) wakalary we hadysalary resmileşdirmäge, olary surata düşürmäge, audio-wideo we kino ýazgylaryny amala aşyrmaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde maglumatlary we resminamalary ulanmaga hem-de olary saklamaga;

11) habar beriş, aragatnaşyk we maglumatlary bermek ulgamlaryny, gümrük gözegçiliginiň tehniki serişdelerini, şeýle hem maglumatlary goramagyň serişdelerini, şol sanda kanunda bellenilen tertipde kriptografik goragyň serişdelerini işläp taýýarlamaga, döretmäge we ulanmaga;

12) gümrük gullugynyň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň döwlet býujetinde göz öňünde tutulan we gümrük gullugynyň býujetden daşary serişdeleriniň, Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmelerden maliýeleşdirilýän serişdeleriň hasabyna harytlary, şol sanda maddy-tehniki serişdeleri we tehnikalary almaga;

13) maliýe we emläk serişdelerini Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dolandyrmaga;

14) gümrük gullugynyň işgärlerini Türkmenistanyň çäklerine we daşary ýurt döwletlerine gulluk saparlaryna ibermäge;

15) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük işi bilen bagly hukuk kadalarynyň bozulmalary hakynda teswirnamalary düzmäge, gümrük gullugyna degişli edilen dolandyryş iş önümçiligini ýöretmäge hem-de dolandyryş tertibinde çäre görmek hakyndaky çözgütleri kabul etmäge;

16) gümrük işi babatda raýat-hukuk gatnaşyklarynda çykyş etmäge hem-de hak islegleri bilen kazyýete ýüz tutmaga;

17) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmaga.

### 17-nji madda. Gümrük gullugynyň borçlary

Gümrük gullugy şu aşakdakylara borçlydyr:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük işi babatda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmäge we bellenilen tertipde kabul etmäge, olary ýerine ýetirmäge;

2) gümrük gözegçiligini we gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrmaga;

3) gümrük gözegçiligi we gümrük taýdan resmileşdirmek işlerini amala aşyrmak üçin zerur resmi iş kagyzlarynyň nusgalaryny tassyklamaga we dolanyşyga girizmäge;

4) gümrük gözegçiligine degişli harytlaryň we ulag serişdeleriniň wagtlaýyn saklanyljak ýerini kesgitlemäge we zerurlygyna görä, olaryň ýany bilen gitmäge;

5) Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän ýa-da geçirilmegi göz öňünde tutulýan harytlaryň daşary ykdysady işiniň haryt sanawy (DYIHS) boýunça kodlaryny kesgitlemäge we bu barada hem-de harytlaryň gelip çykan ýurdy barada deslapky çözgütleri kabul etmäge;

6) gümrük gullugynyň işgärleriniň maddy üpjünçiligini we durmuş taýdan goraglylygyny gowulandyrmak boýunça çäreler görmäge;

7) kontrabanda we gümrük töleglerini tölemekden boýun gaçyrmak hakyndaky işler boýunça anyklaýyş işlerini geçirmäge;

8) Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda üstüne ýüklenen beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

## III bölüm. Gümrük gullugynda gullugy geçmegiň tertibi

### 18-nji madda. Gümrük gullugynyň işgärler düzümi

1. Harby gullukçylar we harby gullukda durmaýan beýleki işgärler (mundan beýläk - işgärler) gümrük gullugynyň işgärler düzümini emele getirýärler.

2. Gümrük gullugynyň harby gullukçylaryny wezipä bellemek, başga wezipä geçirmek we wezipeden

boşatmak, olara harby atlary dakmak, şeýle hem harby atlardan mahrum etmek “Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda hem-de Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

3. Gümrük gullugynyň harby gullukçylaryna “Harby gullukçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda hem-de Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan ýeňillikler we artykmaçlyklar degişlidir.

4. Gümrük gullugynyň harby gullukda durmaýan işgärleriniň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

### 19-njy madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň gulluga kabul edilmegi we gullukdan boşadylmagy

1. Türkmenistanyň döwlet dilini bilýän, çagyryş boýunça harby gullugyň bellenilen möhletini gulluk eden, öz şahsy, ahlak we işjeňlik häsiýetleri, fiziki taýýarlygy, bilimi we saglyk ýagdaýy boýunça gümrük gullugyna ýüklenen borçlary ýerine ýetirmäge ukyply, Türkmenistanda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlary gümrük edaralarynyň düzüminde harby gullugy geçmek üçin meýletin esasda kabul edilýär.

2. Gümrük gullugynda gulluk etmäge kabul edilýän raýata şu aşakdaky talaplar bildirilýär:

1) Türkmenistana, halka we Türkmenistanyň Prezidentine wepaly bolmak;

2) Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny birkemsiz berjaý etmek;

3) raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini hormatlamak we goramak, ýokary medeniýetliligi berjaý etmek;

4) döwletiň özbaşdaklygyny, syýasy we ykdysady bähbitlerini goramak;

5) Türkmenistanyň halkynyň milli adatlaryna we däp-dessurlaryna hormat goýmak;

6) düzgün-nyzamy we jogapkärçiligi ýokary derejede berjaý etmek;

7) işe döredijilikli çemeleşmek, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk iş alyp barmagy başarmak;

8) salyhatlylyk, halallyk, öz işiniň netijelerine hakyky we tankydy baha bermegi başarmak ukyby.

3. Gümrük gullugyna işe kabul edilýän raýatlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda resminamalary we maglumatlary berýärler.

4. Işgärleriň eýeleýän wezipelerine laýyk gelýändigini kesgitlemek, olaryň hünärini ýokarlandyrmak maksady bilen gümrük gullugynda hünär synaglary geçirilýär. Hünär synagyny geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenilýär.

5. Işgärleriň gysga möhletli harby türgenleşigi geçmekleriniň tertibi we harby türgenleşigiň möhletleri Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilýär.

### 20-nji madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň gulluk wagty we dynç almaga bolan hukugy

1. Gümrük gullugynda işgärleriň hepdelik iş wagtynyň dowamlylygynyň we dynç alyş üçin wagtynyň hasaba alnyş tertibi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

2. Gümrük gullugynyň işgärlerine “Harby gullukçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda her ýylky esasy rugsady we rugsatlaryň beýleki görnüşleri berilýär.

### 21-nji madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň pul we gaýry üpjünçiligi

1. Gümrük gullugynyň işgärleriniň pul üpjünçiligi olaryň eýeleýän wezipesi üçin bellenilen wezipe aýlyk iş hakyndan, harby ady üçin tölenýän goşmaça töleglerden hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan gaýry goşmaça pul töleglerinden ybaratdyr.

2. Gümrük gullugynyň harby gullukçylary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçylary üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde hukuklardan we ýeňilliklerden peýdalanýarlar hem-de pul, azyk we goş-golam bilen üpjün edilýärler.

## IV bölüm. Gümrük gullugynyň işgärleri tarapyndan fiziki güýjüň, ýörite

**güýçleriň we serişdeleriň, ok atýan (tabel) ýaragyň ulanylyşy**

### 22-nji madda. Fiziki güýji, ýörite güýçleri we serişdeleri, ok atýan (tabel) ýaragy ulanmagyň maksady we çäkleri

1. Gümrük gullugynyň işgärlerine diňe şu Kanunda we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde fiziki güýji, ýörite güýçleri we serişdeleri ulanmaga, ok atýan (tabel) ýaragy götermäge, saklamaga, ulanmaga hukuk berilýär.

2. Fiziki güýjüň, ýörite güýçleriň we serişde1eriň, ok atýan (tabel) ýaragyň ygtyýarlyklaryň we zerur goranyş çäkleriniň artdyrylmagy bilen ulanylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

### 23-nji madda. Fiziki güýjüň ulanylmagy

Gümrük gullugynyň işgärleriniň kontrabandanyň we gümrük kadalarynyň beýleki howply bozulmalarynyň öňüni almak we soňuna çykmak, olary amala aşyran adamlary saklamak, öz kanuny talaplaryna garşy hereketleri aradan aýyrmak üçin, öz üstüne ýüklenen borçlaryň ýerine ýetirilmegini beýleki usullar bilen üpjün etmek mümkin bolmasa, fiziki güýji, şol sanda söweşjeň göreş usullaryny ulanmaga hukuklary bardyr.

### 24-nji madda. Ýörite güýçleriň we serişdeleriň ulanylmagy

1. Gümrük gullugynyň işgärleriniň şu aşakdaky halatlarda gol gandallaryny, rezin taýaklary, ulagy mejbury saklamak üçin gurluşlary, gulluk itlerini, şeýle hem beýleki ýörite ulag serişdelerini we güýçlerini ulanmaga hukuklary bardyr:

1) kontrabanda garşy göreşmek boýunça özleriniň gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän gümrük gullugynyň işgärleriniň we beýleki adamlaryň üstüne çozuşy serpikdirmekde;

2) gümrük edaralarynyň binalaryna, jaýlaryna, desgalaryna, ulag serişdelerine çozuşy serpikdirmekde;

3) eger gümrük gullugynyň işgärlerine boýun bolmaýan ýa-da garşylyk görkezýän bolsalar, gümrük kadalaryny bozujylary saklamakda;

4) gaçjakdygyny, daş-töweregindäkilere ýa-da özüne zeper ýetirjekdigini güman etmäge ýeterlik esas bar bolan saklanylanlary goragly äkitmekde we goramakda;

2. Adamyň janyna howp salýan çozuş, topar bolup çozuş ýa-da ýaragly garşylyk görkezilen halatlardan beýleki ýagdaýlarda göwreliligiň alamatlary bolan aýallar, kämillik ýaşyna ýetmedikler we aç-açan maýyplyk alamatlary bolan adamlar babatda ýörite güýçleri we serişdeleri ulanmak gadagan edilýär.

3. Gümrük gullugynyň işgärleri tarapyndan ulanylýan ýörite güýçleriň we serişdeleriň sanawy we olaryň ulanylyş tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

### 25-nji madda. Ok atýan (tabel) ýaragyň saklanylyşy, göterilişi we ulanylyşy

1. Gümrük gullugynyň işgärleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetiryän wagtlary ok atýan (tabel) ýaragy saklamaga, götermäge we ulanmaga hukuklary bardyr.

2. Gümrük gullugynyň işgärleriniň ok atýan (tabel) ýaragy ahyrky çäre hökmünde şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanmaga hukuklary bardyr:

1) eger başga usul we serişdeler bilen adamlary goramak mümkin bolmasa, olaryň janyna we saglygyna howp salýan çozuşdan goramak üçin;

2) gümrük gullugynyň işgärleriniň kontrabanda we beýleki jenaýatlara garşy göreşmek boýunça gulluk borçlaryny berjaý edýän wagty ýaragly ýa-da başga çozuş edilende, olaryň janyna we saglygyna howp abanan halatynda ony serpikdirmek üçin;

3) gümrük gullugy tarapyndan goralýan obýektlere, binalara we jaýlara topar bolup ýa-da ýaragly edilen çozuşy serpikdirmek üçin;

4) ýaragly garşylyk görkezýän, şeýle hem ýaragy tabşyrmak hakyndaky kanuny talaplary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan adamy, eger ulanylan başga usullar we serişdeler bilen ýaragly adamyň garşylygyny ýeňmek, saklamak ýa-da ýaragyny elinden almak mümkin bolmadyk ýagdaýynda ýaragly adamy

saklamak üçin;

5) eger ulag serişdesini dolandyrýan adam gümrük gullugynyň işgäriniň saklanmak baradaky kanuny talaplaryna tabyn bolman, adamlaryň janyna we saglygyna howp salýan bolsa, saklamaga başga mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda.

3. Ok atýan (tabel) ýarag ulanylmazdan ozal, ony ulanmak meýliniň barlygy barada duýdurylmalydyr.

4. Ok atýan (tabel) ýarag şu ýagdaýlarda duýdurmazdan ulanylyp bilner:

1) ýaragly, söweş tehnikasyny, ulag serişdelerini, uçujy enjamlary, deňiz we derýa gämilerini ulanmak bilen, duýdansyz çozuş edilende;

2) kontrabandany we beýleki jenaýatlary amala aşyran ýaragly adamlaryň ulag serişdelerini ulanyp gaçan wagtynda.

5. Ok atýan (tabel) ýaragyň ulanylan ähli halatlarynda gümrük gullugynyň işgäri daş-töweregindäki adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmäge, zerurlyk bolan halatynda bolsa, jebir çekenlere gaýragoýulmasyz kömek bermäge borçludyr.

6. Göwreliligiň alamatlary bolan aýallar, kämillik ýaşyna ýetmedikler we maýyplygyň aç-açan alamatlary bolan adamlar babatda ok atýan (tabel) ýaragy ulanmak gadagan edilýär, muňa olaryň işgäriň janyna howp salýan ýaragly çozuş eden, ýaragly garşylyk görkezen, ýarag ulanmak ýa-da topar bolup çozmak bilen ulag serişdelerini eýelän halatlaryndan beýleki ýagdaýlarda, eger ulanylan başga usullar, güýçler we serişdeler bilen şeýle çozuşy serpikdirip bolmadyk ýagdaýy girmeýär.

7. Ok atýan (tabel) ýaragyň her bir ulanylan halaty barada gümrük gullugynyň işgäri öz ýolbaşçysyna haýal etmän habar bermelidir we gözegçilik edýän prokurory habarly etmelidir.

### 26-njy madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň ýörite güýçleri we serişdeleri, ok atýan (tabel) ýaragy ulanmagynyň şertleri

Ýörite güýçleri we serişdeleri, ok atýan (tabel) ýaragy gümrük gullugynyň diňe ýörite taýýarlygy geçen işgärlerine ulanmaga rugsat berilýär.

## V bölüm. Gümrük gullugynyň işgärleriniň hukuk ýagdaýy we sosial taýdan goragy

### 27-nji madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň hukuk ýagdaýy

1. Gümrük gullugynyň işgärleri öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiryän wagtlary döwlet häkimiýetiniň wekilleri bolup durýarlar we döwletiň goragynda bolýarlar. Gümrük gullugynyň işgärleriniň kanuny talaplary fiziki we ýuridik şahslar, şeýle hem wezipeli adamlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

2. Gümrük gullugynyň işgärleriniň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmezlik, olara dil ýetirmek, garşylyk görkezmek, olary ynamdan gaçyrmak, zorluk ulanyp haýbat atmak ýa-da olaryň janyna, saglygyna, namysyna we mertebesine kast etmek ýa-da şek ýetirmek, olaryň üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik berýän beýleki hereketler, şeýle hem öz borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly, olaryň maşgala agzalaryna we ýakyn garyndaşlaryna islendik kast etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

3. Gümrük gullugynyň işgärleri öz üstlerine ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirenlerinde şu Kanundan we gümrük işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alýarlar. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan ygtyýarly edilen adamlardan başga hiç kimiň gümrük gullugynyň işine gatyşmaga, gümrük gullugynyň işgärlerini olaryň wezipe borçlaryna girmeýän işleri ýerine ýetirmek üçin çekmäge hukugy ýokdur.

4. Gümrük gullugynyň kabul edýän çözgüdine täsirini ýetirmek ýa-da onuň işine päsgel bermek maksady bilen döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, olaryň wekilleriniň, şeýle hem wezipeli adamlaryň islendik görnüşde täsir etmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

5. Gümrük gullugynyň işgärlerine mugallymçylyk, ylmy we döredijilik işinden başga hak tölenýän islendik iş bilen meşgullanmak gadagan edilýär.

### 28-nji madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň

**sosial taýdan goragy**

1. Gümrük gullugynyň işgärleriniň sosial taýdan goragy döwlet tarapyndan kepillendirilýär.

2. Gümrük gullugynyň işgärleriniň gulluk borçlaryny berjaý etmegi bilen baglanyşykly döwlet ätiýaçlandyrmasy “Harby gullukçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda we Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

3. Gümrük gullugynyň işgärleriniň wezipe borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda ýetirilen zyýanyň öwezi we gulluk bilen baglanyşyklylykda, onuň maşgala agzalarynyň emlägine ýetirilen zyýanyň öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde dolunýar.

4. Gümrük gullugynyň işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gulluk ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilýär.

5. Gümrük gullugynda azyndan on ýyl işlän işgärler, aradan çykan işgärleriniň maşgala agzalary, şeýle hem ýaşaýyş jaý kanunçylygynda görkezilen beýleki ýagdaýlarda, başga ýaşaýyş jaýy berilmezden, gulluk ýasaýyş jaýyndan çykarylmaga degişli däldir.

6. Ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak boýunça hasapda duran, aradan çykan işgäriň maşgalasynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak baradaky hukugy saklanyp galýar.

7. Gümrük gullugynyň işgärleri we olaryň maşgala agzalary “Harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda we Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde bellenilen beýleki hukuklardan we ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

### 29-njy madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň beýleki sosial hukuklarynyň kepillikleri

Gümrük gullugynyň işgärleri we olaryň maşgala agzalary ýaşaýyş jaý, jemagat hyzmatlary, ýangyç üçin tölegleri tölemek boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde we şertlerde ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

### 30-njy madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň gulluk iş saparynda bolan wagtyndaky hukuklary

Gümrük gullugynyň gulluk iş saparynda bolýan işgäriniň gulluk iş saparynyň şahadatnamasy boýunça ilkinji nobatda ulaglaryň ähli görnüşleri üçin ýolagçy resminamalaryny almaga, şeýle hem myhmanhanada ýerleşmäge hukugy bardyr.

## VI bölüm. Gümrük gullugynyň maliýe we maddy-tehniki üpjünçiligi

### 31-nji madda. Gümrük gullugynyň işini maliýeleşdirmek

1. Gümrük gullugynyň işi bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

2. Gümrük gullugynyň işini kämilleşdirmek we maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, gümrük gullugynyň býujetden daşary serişdeleriniň hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gadagan edilmedik beýleki çeşmelerden alynýan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilip bilner.

3. Gümrük gullugy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz maliýe-hojalyk işiniň hasabatyny ýöredýär, buhgalteriýa hasabatyny alyp barýar we statistiki hasabaty ýöredýär.

### 32-nji madda. Gümrük gullugynyň maddy-tehniki üpjünçiligi

1. Gümrük gullugyny maddy-tehniki serişdeler bilen üpjün etmek we ony dolandyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary, ministrlikler we beýleki dolandyryş edaralary gümrük edaralaryna gulluk maksatlary üçin gulluk jaýlaryny, ulag, aragatnaşyk serişdelerini we başga emlägi we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde muzdsuz esasda ulanmaga berýärler.

## VII bölüm. Jemleýji düzgünler

### 33-nji madda. Gümrük gullugynyň we onuň işgärleriniň çözgütlerine şikaýat etmek

Gümrük gullugynyň we onuň işgärleriniň çözgütlerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner.

### 34-nji madda. Gümrük gullugynyň işine gözegçilik

Gümrük gullugynyň işine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilen tertipde Türkmenistanyň Ministrler Kabineti gözegçilik edýär.

### 35-nji madda. Gümrük gullugy tarapyndan kanunylygyň berjaý edilişine gözegçilik

Türkmenistanyň gümrük gullugy tarapyndan kanunlaryň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn prokurorlar gözegçilik edýärler.

### 36-njy madda. Gümrük gullugynyň işgärleriniň jogapkärçiligi

Gümrük gullugynyň işgärleri öz ygtyýarlyklarynyň çäginde raýatlaryň hukuklarynyň we döwletiň kanuny bähbitleriniň goralmagy, hukuk düzgünleriniň üpjün edilmegi üçin jogapkärdirler. Gümrük gullugynyň işgärleri özleri tarapyndan ýol berlen hukuk bozulmasynyň häsiýetine we agyrlygyna görä, düzgün-nyzam, maddy, dolandyryş ýa-da jenaýat jogapkärçiligini çekýärler.

### 37-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi

Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**

**Aşgabat şäheri**
**2010-njy ýylyň 12-nji marty**
**№ 91-IV**

# Türkmenistanyň Kanuny

## Türkmenistanyň Gümrük kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda

**(“Türkmenistan”, № 252-256 (26241-26245), 2010-njy ýylyň 8-nji oktýabry)**

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Gümrük kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Gümrük kodeksini 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizmeli.

**3-nji madda.** 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen Türkmenistanyň Gümrük kodeksini, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňraky kanunlary ýa-da olaryň degişli böleklerini 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

**4-nji madda.** Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň hereketi, ol güýje girizilenden soň gümrük işi babatda ýüze çykýan gatnaşyklara degişli edilýär.

**5-nji madda.** Türkmenistanyň kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary mundan beýläk Türkmenistanyň Gümrük kodeksine laýyk getirilýänçä Türkmenistanyň Gümrük kodeksine garşy gelmeýändigine görä hereket edýärler.

**6-njy madda.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti üç aý möhletde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Gümrük kodeksine laýyk getirmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**
**Aşgabat şäheri**
**2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry**
**№ 137-IV**

# TÜRKMENISTANYŇ GÜMRÜK KODEKSI

Şu Kodeks Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň ösdürilmegine we ykdysady howpsuzlygynyň üpjün edilmegine ýardam edýän gümrük işi baradaky döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

## 1-nji bap. ESASY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Türkmenistanyň gümrük syýasaty

Türkmenistanda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýan ýeke-täk gümrük syýasaty durmuşa geçirilýär.

### 2-nji madda. Türkmenistanda gümrük işi

Türkmenistanda gümrük işi harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen baglanyşykly, gümrük taýdan resmileşdirmegiň, gümrük düzgünleriniň ulanylmagynyň, gümrük tölegleriniň töledilmeginiň, gümrük gözegçiliginiň tertibini we şertlerini kesgitleýän meseleleriň we Türkmenistanyň gümrük syýasatyny durmuşa geçirmegiň beýleki çäreleriniň gümrük taýdan düzgünleşdirilmeginiň usullarynyň we serişdeleriniň jeminden ybarat bolup durýar.

### 3-nji madda. Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy

1. Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kodeksden hem-de Türkmenistanyň gümrük işi babatdaky gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksdäkiden başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

### 4-nji madda. Türkmenistanyň gümrük çägi we gümrük serhedi

1. Territorial suwlaryny we onuň üstündäki howa giňişligini hem goşmak bilen, Türkmenistanyň çägi Türkmenistanyň gümrük çägini düzýär.

2. Türkmenistanyň gümrük çägi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň ýuridik taýdan garamagynda durýan Türkmenistanyň aýratyn ykdysady zolagynda we Türkmenistanyň kontinental şelfinde ýerleşen emeli adalary, desgalary we gurluşlary hem öz içine alýar.

3. Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýän we Türkmenistanyň gümrük çäginiň bir bölegi bolup durýan ýörite ykdysady zolaklar hem ýerleşip bilýär. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagynyň maksatlary üçin, ýörite ykdysady zolaklaryň çäginde ýerleşdirilen harytlara Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda ýerleşýän harytlar hökmünde garalýar, şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlar muňa degişli däldir.

4. Türkmenistanyň gümrük çäginiň serhetleri, şeýle hem şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen çäkleriň serhetleri Türkmenistanyň gümrük serhedi bolup durýar.

5. Türkmenistanyň gümrük serhedi Türkmenistanyň Döwlet serhedi bilen gabat gelýär, şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen çäkleriň serhetleri muňa degişli däldir.

### 5-nji madda. Şu Kodeksde ulanylýan esasy düşünjeler

1. Şu Kodeksde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **dahylly şahslar** – eger şu Kodeksde başgaça göz öňünde tutulmaýan bolsa, gümrük edaralarynyň

harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatdaky çözgütlerinde, hereketlerinde (hereketsizliginde) gös-göni we aýratynlykda bähbitleri aralýan şahslar;

2) **daşary ýurt harytlary** – şu bölegiň 25-nji bendine laýyklykda türkmen harytlary bolup durmaýan harytlar;

3) **daşary ýurtly şahs** – şu bölegiň 26-njy bendine laýyklykda Türkmenistanyň şahsy bolup durmaýan şahs;

4) **daşaýjy** – Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden harytlary daşamagy we (ýa-da) Türkmenistanyň gümrük çäginde gümrük gözegçiligindäki harytlary daşamagy amala aşyrýan ýa-da ulag serişdesiniň ulanylmagy üçin jogapkär bolup durýan şahs;

5) **deklarant** – gümrük deklarasiýasyny berýän şahs ýa-da adyndan gümrük deklarasiýasy berilýän şahs;

6) **erkin dolanyşyk** – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlaryň dolanyşygy;

7) **gümrük amaly** – gümrük maksatlary üçin gümrük operasiýalaryny amala aşyrmagyň tertibini göz öňünde tutýan hem-de harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň statusyny kesgitleýän düzgünleriň jemi;

8) **gümrük deklarasiýasy** – şu Kodekse laýyklykda gümrük edarasyna berilmegi üçin zerur bolan maglumatlar görkezilýän bellenilen görnüşdäki gümrük resminamasy;

9) **gümrük dellaly (wekili)** – deklarantyň ýa-da şu Kodekse laýyklykda gümrük operasiýalaryny amala aşyrmak borjy ýüklenen ýa-da şeýle hukuk berlen başga şahsyň adyndan we tabşyrygy boýunça gümrük operasiýalaryny amala aşyrýan araçy;

10) **gümrük düzgüni** – harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük serhedinden geçirilmeginiň hem-de Türkmenistanyň gümrük çäginde ýa-da bu çäkden daşarda ulanylmagynyň maksatlaryna baglylykda olaryň statusyny kesgitleýän, şu Kodeksde bellenilen kadalaryň jemi;

11) **gümrük edaralary** – gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy we onuň tabynlygyndaky gümrük edaralary;

12) **gümrük gözegçiligi** – Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň hem-de ýerine ýetirilmegine gözegçilik edilmegi Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýan çäreleriň jemi;

13) **gümrük işi babatdaky iş** – ýuridik şahslaryň wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänler, gümrük ammarlaryna eýelik edýänler we gümrük dellallary (wekilleri) hökmündäki işi.

14) **gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy** – ýerine ýetiriji häkimiýetiň Türkmenistanda gümrük işine ýolbaşçylygy amala aşyrýan merkezi edarasy;

15) **gümrük maksatlary üçin harytlaryň we ulag serişdeleriniň statusy** – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlary we ulag serişdelerini peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň bolmagy ýa-da bolmazlygy;

16) **gümrük operasiýalary** – harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri gümrük taýdan resmileşdirilen mahalynda şahslar we gümrük edaralary tarapyndan harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda amala aşyrylýan aýratyn hereketler;

17) **gümrük resminamalary** – diňe gümrük maksatlary üçin düzülýän resminamalar;

18) **gümrük tölegleri** – gümrük paçlary, salgytlar, gümrük ýygymlary.

Salgytlara harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda töledilip alynmagy Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen goşmaça tölegler (aksizler) degişlidir;

19) **harytlar** – Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän islendik gozgalýan emläk, şu bölegiň 28-nji bendinde görkezilen ulag serişdeleri muňa degişli däldir;

20) **harytlary goýbermek** – gümrük edaralarynyň dahylly şahslara
harytlary ýerleşdirilen gümrük düzgünine laýyklykda peýdalanmaga we (ýa-da) olara ygtyýarlyk etmäge rugsat berilmegini özünde jemleýän hereketi;

21) **harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi** – harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň islendik usul bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi ýa-da bu çäkden alnyp gidilmegi boýunça hereketleriň amala aşyrylmagy:

a) **harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi** – harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden hakykatdan geçirilmegi hem-

de gümrük edaralary tarapyndan goýberilýänçä, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri bilen, şu Kodeksde göz öňünde tutulan ähli soňraky hereketleriň amala aşyrylmagy;

b) **harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegi** – gümrük deklarasiýasynyň berilmegi ýa-da harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň alnyp gidilmegine gös-göni gönükdirilen, şu kiçi bendiň ikinji tesiminde görkezilen hereketleriň amala aşyrylmagy, şeýle hem harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň hakykatdan Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegine çenli, şu Kodeksde göz öňünde tutulan ähli soňraky hereketleriň amala aşyrylmagy.

Harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine gös-göni gönükdirilen hereketlere Türkmenistandan çykyp gidýän fiziki şahsyň gümrük gözegçiligi zolagyna girmegi, ulag serişdesiniň Türkmenistanyň gümrük çäginden çykyp gitmek maksady bilen Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerine girmegi, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary ibermek üçin ulag kärhanalaryna ýa-da halkara poçta ugratmalarynyň poçta aragatnaşyk kärhanalaryna berilmegi, şahsyň harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen ýerden başga ýerlerden gümrük serhedinden hakykatdan geçmäge gös-göni gönükdirilen hereketleri degişlidir;

22) **harydyň ýany bilen iberilýän resminamalar** – gümrük serhedinden geçirilýän we Türkmenistanyň gümrük çäginde gümrük gözegçiliginde daşalýan harytlara degişli bolan we olaryň ýany bilen iberilýän ulag (daşaýyş), täjirçilik we gümrük resminamalary;

23) **şahs** – ýuridik ýa-da fiziki şahs;

24) **täjirçilik resminamalary** – eger şu Kodeksde başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna ýa-da iş dolanyşygynyň adatlaryna laýyklykda daşary söwda we başga iş amala aşyrylan mahalynda peýdalanylýan we kanunyň, taraplaryň ylalaşygynyň ýa-da iş dolanyşygynyň adatlarynyň hereketine laýyklykda harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen baglanyşykly geleşikleriň amala aşyrylmagyny tassyklamak üçin peýdalanylýan hasap-faktura (inwoýs), ýükläp ugradyş we gaplaýyş listleri we başga resminamalar;

25) **türkmen harytlary** – gümrük maksatlary üçin Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolmak statusyna eýe bolan harytlar:

a) dolulygyna Türkmenistanda öndürilen;

b) Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşyga goýberilen;

ç) Türkmenistanda dolulygyna öndürilen we (ýa-da) Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşyga goýberilen harytlardan ýasalan;

26) **Türkmenistanyň şahsy** – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanda ýerleşýän ýuridik şahs, şeýle hem Türkmenistanda ýaşaýan, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahs;

27) **ulag (daşaýyş) resminamalary** – halkara daşamalary mahalynda harytlary daşamagyň şertnamasynyň bardygyny we mazmunyny tassyklaýan hem-de harydyň ýany bilen iberilýän konosament, ýol-ulag resminamasy ýa-da başga resminamalar;

28) **ulag serişdeleri** – ýolagçylary we harytlary halkara gatnawy boýunça gatnatmak-daşamak üçin ulanylýan islendik deňiz (derýa) gämisi (özi ýöreýän we özi ýöremeýän lihtýorlary, baržalary hem goşmak bilen), howa ýassygy bilen hereket edýän gämi, howa gämisi, awtoulag serişdesi (tirkegleri, ýarym tirkegleri we gatyşyk ulag serişdelerini hem goşmak bilen) ýa-da demir ýol ulag düzüminiň birligi, şeýle hem ulag serişdeleri bilen bilelikde äkidilýän bolsa, öndüriji tarapyndan olarda göz öňünde tutulan ätiýaçlyk şaýlary, esbaplar, enjamlar we öndüriji tarapyndan göz öňünde tutulan gaplaryndaky ýangyç-ýaglaýjy materiallar we ýangyç;

2. Şu Kodeksde ähli başga düşünjeler Türkmenistanyň raýat we başga kanunçylygynda, şeýle hem şu Kodeksiň degişli maddalarynda kesgitlenilen manylarda ulanylýar.

## 2-nji bap. TÜRKMENISTANYŇ GÜMRÜK SERHEDINDEN HARYTLARYŇ WE ULAG SERIŞDELERINIŇ GEÇIRILMEGINIŇ ESASY ÝÖRELGELERI

### 6-njy madda. Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçirilmegi

1. Ähli şahslaryň deň esaslarda şu Kodeksde bellenilen tertipde Türkmenistanyň gümrük serhedinden

harytlary we ulag serişdelerini geçirmäge hukugy bardyr, şu Kodeksde, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we Türkmenistanyň halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden şu Kodeksde bellenilen tertipde geçirilýär.

### 7-nji madda. Harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen mahalynda gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmegi

1. Eger şu Kodeksde ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi gadagan edilen harytlar, Türkmenistanyň gümrük çäginden haýal etmän alnyp gidilmegine degişlidir. Görkezilen harytlar daşaýjy tarapyndan alnyp gidilýär.

Alnyp gidilmegi mümkin bolmadyk ýa-da haýal etmän alnyp gidilmegi berjaý edilmedik halatynda, ol harytlar şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslaryň hasabyna wagtlaýyn saklanylýan ýerlere ýa-da gümrük gözegçiligi zolaklary bolup durýan başga ýerlere ýerleşdirilmäge degişlidir. Şeýle harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagynyň aňryçäk möhleti, eger harytlaryň aýratyn görnüşleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda başga möhlet göz öňünde tutulmadyk bolsa - üç gije-gündizden ybarat. Bu möhlet geçenden soň görkezilen harytlara ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 39-njy babyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi çäklendirilen harytlaryň getirilmegine (şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda bolsa - gümrük edarasy tarapyndan goýberilmegine) rugsat berilýär.

2. Alnyp gidilmegi gadagan edilen harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alnyp gidilmäge degişli däldir.

3. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegi çäklendirilen harytlaryň alnyp gidilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda rugsat berilýär.

4. Şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslaryň, deklarantlaryň, daşaýjylaryň ýa-da başga şahslaryň, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegine ýa-da olaryň şol çäkden alnyp gidilmegine gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmegi bilen baglanyşykly çykdajylarynyň öwezi gümrük edarasy tarapyndan dolunmaýar.

### 8-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmek we gümrük gözegçiligi

1. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar we ulag serişdeleri şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gümrük taýdan resmileşdirilmäge we gümrük gözegçiligine degişlidir.

2. Gümrük edarasynyň we onuň wezipeli adamlarynyň gümrük taýdan resmileşdirmegi we gümrük gözegçiligini amala aşyran mahalynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulmadyk talaplary we çäklendirmeleri bellemäge haky ýokdur.

### 9-njy madda. Harytlaryň goýberilmegi üçin gümrük operasiýalaryny amala aşyrmak borjy

Şu Kodeksde başgaça bellenilmedik bolsa, şu aşakdakylar harytlaryň goýberilmegi üçin gümrük operasiýalaryny amala aşyrmak borjuny çekýärler:

1) Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlaryň geçirilmegi Türkmenistanyň şahsy tarapyndan baglaşylan daşary ykdysady geleşige laýyklykda amala aşyrylýan bolsa - şeýle daşary ykdysady geleşigi baglaşan ýa-da adyndan ýa-da tabşyrmagy boýunça şol geleşik baglaşylan Türkmenistanyň şahsy;

2) eger harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi Türkmenistanyň şahsy bilen daşary ykdysady geleşik baglaşylmazdan amala aşyrylýan bolsa:

a) Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlara eýelik etmäge hukugy we (ýa-da) harytlary peýdalanmaga hukugy bolan şahs;

b) gümrük gözegçiligindäki harytlar bilen ýuridik ähmiýetli hereketleri öz adyndan amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna we (ýa-da) şu Kodekse laýyklykda ýeterlik derejede ukyby bolan başga şahslar.

## 3-nji bap. MAGLUMAT WE MASLAHAT BERLIŞI

### 10-njy madda. Gümrük işi babatda kadalaşdyryjy hukuk namalary hakynda maglumat

1. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy we beýleki gümrük edaralary gümrük işi babatda kadalaşdyryjy hukuk namalary hakynda maglumatlaryň erkin tölegsiz, şol sanda maglumat tehnologiýalaryny ulanmak bilen peýdalanylmagyny üpjün edýär.

2. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy döwürleýin metbugat neşirlerinde bu edara tarapyndan kabul edilen gümrük işi babatdaky kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň çap edilmegini üpjün edýär.

### 11-nji madda. Gümrük işiniň meseleleri we gümrük edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli başga meseleler boýunça maslahatlaryň berilmegi

1. Gümrük edaralary dahylly şahslara gümrük işiniň meseleleri we ol edaralaryň işine degişli başga meseleler boýunça maslahat berýärler. Dahylly şahsyň ýüz tutmasy boýunça maglumatlar mümkin bolan gysga möhletde, emma görkezilen ýüz tutma alnan gününden başlap bir aýdan gijä galynman berilýär.

2. Gümrük edaralary tarapyndan maslahat bermek dilden we ýazmaça görnüşde tölegsiz amala aşyrylýar.

3. Maslahat berilýän mahalynda dahylly şahslara berlen maglumatlar gümrük edaralary tarapyndan harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda gümrük operasiýalary amala aşyrylan mahalynda çözgütleri kabul etmek ýa-da hereket etmek (hereket etmezlik) üçin esas däldir.

4. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary şu babyň düzgünlerine laýyklykda şahslara berilýän maglumatlaryň hakykylygyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 4-nji bap. HARYTLARYŇ GELIP ÇYKAN ÝURDY

### 12-nji madda. Harytlaryň gelip çykan ýurdunyň kesgitlenilişi

1. Harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemek gümrük-tarif düzgünleşdiriş çäreleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagynyň harytlaryň gelip çykan ýurduna bagly bolan ähli halatlarynda şu babyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Harytlaryň dolulygyna öndürilen ýa-da ýeterlik derejede gaýtadan işlenilmeginiň şu Kodeksiň 14-nji maddasynda bellenilen ölçeglerine laýyklykda ýeterlik derejede gaýtadan işlenilen ýurdy harytlaryň gelip çykan ýurdy hasap edilýär.

3. Ýurtlaryň topary, ýurtlaryň gümrük birleşmeleri, eger harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň maksatlary üçin şeýle bölmeklige zerurlyk bar bolsa, sebit ýa-da ýurduň bir bölegi harytlaryň gelip çykan ýurdy hasap edilip bilner.

4. Gümrük edaralary şu Kodeksiň 6-njy babyna laýyklykda deklarantyň ýa-da başga dahylly şahsyň ýüz tutmasy boýunça harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemek hakynda deslapky çözgüdi kabul edýär.

### 13-nji madda. Dolulygyna belli bir ýurtda öndürilen harytlar

Şu harytlar dolulygyna belli bir ýurtda öndürilen harytlar hasap edilýär:

1) şol ýurduň ýeriniň astyndan, onuň çägindäki suwlardan (deňizden) ýa-da onuň deňiz düýbünden gazylyp alynýan peýdaly baýlyklar;

2) şol ýurtda ösdürilip ýetişdirilen ýa-da ýygnalan ösümliklerden alnan, gelip çykyşy ösümlikden

bolan önüm;

3) şol ýurtda dünýä inen we ýetişdirilen haýwanlar;

4) şol ýurtda ýetişdirilen haýwanlardan bu ýurtda alnan önüm;

5) şol ýurtda awçylyk we balykçylyk işleriniň netijesinde alnan önüm;

6) şol ýurduň gämisi bilen alnan deňiz balykçylyk işiniň önümi we deňiz awçylygynyň başga önümi;

7) şol ýurduň gaýtadan işleýän gämisiniň bortunda diňe şu maddanyň 6-njy bendinde görkezilen önümden alnan önüm;

8) şol deňiz düýbüni ýa-da deňziň astyndaky ýerleri işlemäge aýratyn hukuklary bolan şertinde, şol ýurduň territorial suwlarynyň (deňziň) çäginiň daşynda deňziň düýbünden ýa-da deňziň astyndaky ýerlerden alnan önüm;

9) şol ýurtda gaýtadan işlemek boýunça önümçilik ýa-da başga işleriň netijesinde alnan galyndylar we bölekler (ikilenç çig mal), şeýle hem şol ýurtda ýygnalan we diňe gaýtadan işläp çig mala öwürmek üçin ýaramly bolan, öň ulanylan önümler;

10) şol ýurtda, diňe şu maddanyň 1-9-njy bentlerinde görkezilen önümden öndürilen harytlar;

11) şol ýurduň çäginde işlenip çykarylan elektrik energiýasy.

### 14-nji madda. Harytlary ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň ölçegleri

1. Eger harytlaryň öndürilmegine iki we şondan köp ýurt gatnaşýan bolsa, şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň ölçeglerine laýyk gelýän, harytlary gaýtadan işlemek ýa-da öndürmek boýunça soňky operasiýalaryň amala aşyrylan ýurdy, harydyň gelip çykan ýurdy hasap edilýär.

2. Eger harytlaryň aýratyn görnüşleri ýa-da haýsy-da bolsa bir ýurt babatda, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň aýratynlyklary şu maddanyň üçünji bölegine laýyklykda aýratyn agzalyp geçilmeýän bolsa, onda, eger harytlaryň gaýtadan işlenmegi we öndürilmegi boýunça operasiýalaryň amala aşyrylmagy netijesinde Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy boýunça harytlaryň toparlara bölüniş kody islendik birinji dört belginiň derejesinde üýtgän bolsa, harytlar şol ýurtdan gelip çykan hasap edilýän umumy düzgün ulanylýar.

3. Harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemek üçin harytlaryň ýeterlik derejede gaýtadan işlenilmeginiň şu aşakdaky ölçegleri-de ulanylýar:

1) önümçilik ýa-da tehnologik operasiýalaryň bolup geçen ýurdunyň harytlaryň gelip çykan ýurdy hasap edilmegi üçin ýeterlik bolan anyk önümçilik ýa-da tehnologik operasiýalaryň ýerine ýetirilmegi;

2) harytlaryň bahasynyň, ulanylan materiallaryň bahasynyň ýa-da goşulan bahanyň göterimleýin paýynyň ahyrky önümiň bahasyndaky bellenilen paýa ýetmegi bilen üýtgemegi (adwalor paýyň düzgüni).

4. Şu maddanyň üçünji böleginde bellenilen düzgünlere garamazdan, şular ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň ölçeglerine gabat gelmeýär:

1) harytlar saklanylýan ýa-da ulagly daşalýan wagtynda olaryň abatlygynyň üpjün edilmegi boýunça operasiýalar;

2) harytlaryň satuwa we ulagly daşamaga taýýarlanylmagy (tapgyryň bölünmegi, ugratmalaryň düzülmegi, aýyl-saýyl edilmegi, gaýtadan gaplanylmagy) boýunça operasiýalar;

3) berkidiji materiallaryň (hyrlaryň, gaýkalaryň, nurbatlaryň we başgalaryň) ýa-da berçinlemek, kebşirlemek, galaýylap tutdurmak ýa-da ýelimlemek arkaly harydyň düzüm bölekleriniň ýygnalmagyna düşünilýän, ýönekeý ýygnama operasiýalary;

4) eger ahyrky önümiň häsiýetleri garylýan harytlaryň häsiýetlerinden düýpli tapawutlanmaýan bolsa, dürli ýurtlardan gelip çykýan harytlaryň garylmagy;

5) mallaryň soýulmagy;

6) ýokarda görkezilen operasiýalaryň iki ýa-da ondan köp sanysynyň gatyşmasy.

5. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň tarif preferensiýalaryny berýän ýurtlardan getirilýän harytlaryň aýratyn görnüşleri üçin ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň ölçeglerini ulanmagyň tertibi bellenilen mahalynda tarif preferensiýalaryny bermek maksady bilen, gös-göni satyn almagyň we göni ýükläp ugratmagyň düzgünlerini ulanmagyň şertlerini kesgitlemäge haklydyr.

### 15-nji madda. Harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Eger önümçilik ýa-da ulag şertleri zerarly bir tapgyrda ýükläp ibermek mümkin bolmaýan, sökülen ýa-da ýygnalmadyk görnüşde birnäçe tapgyrlar bilen getirilýän harytlaryň, şeýle hem ýalňyşlyk sebäpli tapgyry birnäçe tapgyrlara bölünen harytlaryň gelip çykan ýurdy anyklananda, şeýle harytlara deklarantyň islegine görä bir bitewi haryt hökmünde garalýar.

2. Şu aşakdakylar şu maddanyň birinji böleginiň düzgünleriniň ulanylýan şertleri bolup durýar:

1) harytlaryň tapgyrlaýyn iberilmeginiň sebäbini görkezmek bilen, sökülen ýa-da ýygnalmadyk görnüşde getirilýän harytlar hakynda gümrük edarasyna deslapdan habar berilmegi we her bir tapgyra girýän harytlaryň Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy boýunça toparlara bölüniş kodlaryny, bahasyny we gelip çykan ýurduny görkezmek bilen her bir tapgyrynyň ýöriteleşdirilmesiniň (spesifikasiýasynyň) berilmegi. Ýalňyşlyk goýberilmegi ýa-da nädogry salga iberilmegi netijesinde harydyň birnäçe tapgyra bölünen halatlarynda şeýle bölmäniň ýalňyşdygynyň resminamaly tassyklamasy goşmaça berilýär;

2) harytlaryň ähli tapgyrlarynyň bir kontraktyň çäklerinde bir ýurtdan bir iberiji tarapyndan iberilmegi;

3) harytlaryň ähli tapgyrlarynyň bir gümrük edarasynda deklarirlenilmegi;

4) gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň birinji tapgyry babatda gümrük deklarasiýasy kabul edilen gününden başlap, alty aýdan uzak bolmadyk möhletde harytlaryň ähli tapgyrynyň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi. Harytlaryň haryt alyja bagly bolmadyk sebäplere görä getirilmegi mümkin bolmadyk halatda esaslandyrylan arza boýunça harydyň galan tapgyrlarynyň getiriliş möhleti gümrük edarasy tarapyndan uzaldylyp bilner. Şunda, görkezilen uzaldylma harydyň birinji tapgyrynyň getirilen gününden başlap bir ýyldan uzak bolup bilmez.

3. Maşynlar, enjamlar, abzallar ýa-da ulag serişdeleri bilen bilelikde ulanmak üçin niýetlenilen kömekçi serişdeler, esbaplar, ätiýaçlyk şaýlary we gurallar, eger şol kömekçi serişdeler, esbaplar, ätiýaçlyk şaýlary we gurallar ýokarda görkezilen maşynlar, enjamlar, abzallar ýa-da ulag serişdeleri bilen olaryň ýany bilen iberilýän tehniki pasportda, tehniki formulýarda we beýleki tehniki resminamalarda görkezilen mukdarda bir toplumda getirilýän we ulanylýan bolsalar, olar maşynlaryň, enjamlaryň, abzallaryň ýa-da ulag serişdeleriniň gelip çykan ýurdundan gelip çykan hasap edilýär.

4. Harydyň Türkmenistanyň gümrük çägine gaplanylyp getirilýän gaby harydyň özüniň gelip çykan ýurdundan gelip çykan hasap edilýär, Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda gabyň harytdan aýratynlykda deklarirlenilýän halatlary muňa degişli däldir. Şu halatlarda gabyň gelip çykan ýurdy harydyň gelip çykan ýurdundan aýratyn kesgitlenilýär.

**16-njy madda. Harytlaryň gelip çykan ýurdunyň tassyklanylmagy**

Harydyň gelip çykyşy hakynda deklarasiýa ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama harytlaryň belli bir ýurtdan gelip çykandygyny tassyklaýan resminamalar bolup durýar.

**17-nji madda. Harydyň gelip çykyşy hakynda deklarasiýa**

1. Eger harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemäge mümkinçilik berýän maglumatlar görkezilen bolsa, harytlaryň gelip çykyşy hakynda erkin görnüşde düzülen deklarasiýa şu Kodekse laýyklykda harydyň gelip çykan ýurduny tassyk edýän resminama bolup hyzmat edip biler. Harytlara degişli, harytlaryň gelip çykan ýurdy hakynda öndüriji, satyjy ýa-da eksport ediji tarapyndan harytlaryň alnyp gidilmegi bilen baglanyşykly mälim etmesini özünde jemleýän täjirçilik ýa-da islendik başga resminamalar şeýle deklarasiýa hökmünde ulanylyp bilner.

2. Eger harydyň gelip çykyşy hakynda deklarasiýada harydyň gelip çykan ýurdy hakynda maglumatlar ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň Türkmenistanda ulanylýan ölçeglerinden başga ölçeglere esaslanýan bolsa, harydyň gelip çykan ýurdy şu Kodeksiň 14-nji maddasynda görkezilýän ölçeglere laýyklykda kesgitlenilýär.

**18-nji madda. Harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama**

1. Harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama – harydyň gelip çykan ýurdunyň ýa-da eger haryt alnyp gidilýän ýurtda güwänama harydyň gelip çykan ýurdundan alnan maglumatlar esasynda berilýän bolsa, haryt

alnyp gidilýän ýurduň ygtyýarly edarasy tarapyndan berlen, harydyň gelip çykan ýurduny tassyk edýän resminama.

2. Haryt Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda, eger harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama harydyň getirilmeli ýurdunyň kanunçylygy boýunça kontraktyň şertlerine görä zerur bolsa ýa-da şeýle güwänamanyň bolmagy Türkmenistanyň halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, Türkmenistanyň degişli ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan görkezilen güwänama berilýär.

3. Harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama beren Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edarasy şulara borçludyr:

1) harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamanyň göçürme nusgasyny we harydyň gelip çykyşyny tassyklamak üçin esas bolan başga resminamalary olaryň berlen gününden başlap azyndan üç ýyl saklamaga;

2) gümrük edarasynyň talaby boýunça onuň bellän möhletinde harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamanyň hakykylygyny ýa-da esaslydygyny barlamak üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary bermäge.

4. Eger harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamada harydyň gelip çykan ýurdy hakyndaky maglumatlar ýeterlik derejede gaýtadan işlemegiň Türkmenistanda ulanylýan ölçeglerinden başga ölçeglere esaslanýan bolsa, harydyň gelip çykan ýurdy şu Kodeksiň 14-nji maddasynda görkezilýän ölçeglere laýyklykda kesgitlenilýär.

5. Güwänamanyň ýa-da ondaky maglumatlaryň hakykylygy babatda şübhelenme ýüze çykan halatynda gümrük edarasy harydyň gelip çykan ýurdunyň güwänamany beren ygtyýarly edarasyna goşmaça ýa-da takyklaýjy maglumatlary habar bermegini delillendirip, haýyş edip biler.

### 19-njy madda. Harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminamalaryň berilmegi

1. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminama Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasyna laýyklykda Türkmenistan ol harytlaryň gelip çykan ýurduna tarif preferensiýalaryny beren halatynda berilýär.

Gümrük edarasy, gümrük paçlarynyň we salgytlaryň möçberleriniň we (ýa-da) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagyna täsir edýän, harytlaryň gelip çykan ýurdy hakynda mälim edilen maglumatlaryň dogry däldigini çak etmäge esaslar bar bolan başga halatlarda, harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminamanyň berilmegini talap etmäge haklydyr.

Görkezilen halatlarda, harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminama gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrmak üçin zerur bolan gümrük deklarasiýasy we başga resminamalar bilen bir wagtda, Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan görnüşinde berilýär.

2. Harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama ýitirilen mahalynda şu Kodeksiň 18-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen edara tarapyndan berlen öwezlik nusgasy kabul edilýär.

3. Harytlaryň gelip çykan ýurdy harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminamada görkezilen maglumatlaryň harydyň ýany bilen iberilýän resminamalarda bar bolan maglumatlar bilen kybaplanylandan soň gümrük edarasy tarapyndan bellenilýär.

4. Gümrük edarasynda resmi taýdan berlen blanklaryň, möhürleriň, ygtyýarly adamlaryň gollarynyň nusgalyklarynyň, şeýle hem harytlaryň gelip çykyşy hakynda güwänamalary tassyklamaga we bermäge ygtyýarly edaralaryň salgylarynyň bolmagy gümrük edarasy tarapyndan harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamanyň kabul edilmeginiň şerti bolup durýar.

### 20-nji madda. Harydyň gelip çykyşynyň delilleri boýunça harydy goýbermekden ýüz öwürmek üçin esaslar

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasyna laýyklykda harydyň gelip çykan ýurdy, harydy Türkmenistana getirilmäge degişli bolmadyk ýurt bolsa, gümrük edarasy harydy goýbermekden ýüz öwürýär.

2. Harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamanyň ýa-da deklarasiýanyň nädogry resmileşdirilip berilmegi ýa-da olaryň berilmezligi harydy goýbermekden ýüz öwürmek üçin esas bolmaýar, şu maddanyň

birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Harydyň gelip çykan ýurdy tassyklanmadyk halatynda, şeýle haryt babatda bellenilen gümrük paçlarynyň iň ýokary möçberleri ulanylýar.

4. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen haryt babatda preferensial düzgün ýa-da has amatly düzgün gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününden başlap bir ýylyň dowamynda degişli harydyň gelip çykan ýurduny tassyklaýan resminama alnan şertinde ulanylýar (dikeldilýär).

## 5-nji bap. DAŞARY YKDYSADY IŞIŇ HARYT NOMENKLATURASY

### 21-nji madda. Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy

1. Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan Harytlaryň beýan edilişiniň we kodlaşdyrylyşynyň sazlaşdyrylan ulgamy esasynda tassyklanylýar.

2. Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy gümrük-tarif düzgünleşdirmek çäreleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagy, daşary söwdanyň gümrük statistikasynyň ýöredilmegi üçin peýdalanylýar.

### 22-nji madda. Harytlaryň toparlara bölünişi

1. Harytlar şu Kodeksiň 11-nji babyna laýyklykda deklarirlenilen mahalynda toparlara bölünmäge degişlidir, oňa laýyklykda her bir harydyň Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy boýunça toparlara bölüniş kody bardyr.

2. Harytlar deklarirlenilen mahalynda Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy boýunça olaryň toparlara bölüniş kody nädogry görkezilen halatynda, şeýle harytlary gümrük edarasynyň özi toparlara bölýär.

3. Gümrük edarasynyň harytlary Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda toparlara bölmek boýunça çözgüdi hökmanydyr. Deklarant Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şeýle çözgüde şikaýat etmäge haklydyr.

4. Harydyň ýany bilen iberilýän resminamalarda görkezilen maglumatlaryň, şeýle hem bilermenler seljermesini amala aşyrýan guramalar tarapyndan berilýän netijenamalaryň, kepilnamalaryň, bilermenler seljermesiniň namalarynyň kömekçi (maglumat beriş) häsiýeti bardyr we olar harytlar toparlara bölünen mahalynda göz öňünde tutulyp bilner.

5. Deklarantyň ýa-da başga dahylly şahsyň ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasy şu Kodeksiň 6-njy babyna laýyklykda harydyň toparlara bölünişi hakynda deslapky çözgüdi kabul edýär.

## 6-njy bap. DESLAPKY ÇÖZGÜT

### 23-nji madda. Deslapky çözgüdiň kabul edilmegi

1. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy we gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän gümrük edaralary deklarantyň ýa-da başga dahylly şahsyň (mundan beýläk şu bapda – arza beriji) ýüz tutmasy boýunça anyk haryt babatda Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda harytlary toparlara bölmek hakynda, harydyň anyk ýurtdan gelip çykandygy (harytlaryň gelip çykan ýurdy) hakynda deslapky çözgüdi kabul edýär.

2. Deslapky çözgüdi kabul etmegiň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

### 24-nji madda. Deslapky çözgüdi kabul etmek hakynda arza

1. Deslapky çözgüdi kabul etmek hakynda arza (mundan beýläk şu bapda - arza) arza beriji tarapyndan degişli gümrük edarasyna ýazmaça görnüşde iberilýär.

2. Arzada haryt hakynda deslapky çözgüdi kabul etmek üçin zerur maglumatlar bolmalydyr. Şular arzanyň ýanyna goşulmalydyr: harydyň nusgalyklary we nusgalary, onuň beýany, fotosuratlary, suratlary,

çyzgylary, täjirçilik, tehniki we beýleki resminamalar.

3. Eger başga maglumatyň berilmegi ýa-da bilermenler seljermesiniň geçirilmegi talap edilmeýän bolsa, gümrük edarasy arza seredýär we otuz günüň dowamynda deslapky çözgüdi berýär.

4. Eger arza beriji tarapyndan berlen maglumatlar deslapky çözgüdiň kabul edilmegi üçin ýeterlik däl bolsa, onda gümrük edarasy arzany alan gününden başlap otuz günüň dowamynda arza berijä goşmaça maglumat bermegiň zerurlygy hakynda habar berýär we onuň berilmeli möhletini belleýär. Bellenilen möhletde goşmaça maglumat berilmedik mahalynda arza ret edilýär.

5. Arza ret edilen halatynda gümrük edarasy iki günüň dowamynda arza berijä ýazmaça görnüşde delillendirilen habar ibermäge borçludyr.

Arzanyň ret edilmegi, onuň ret edilmegi üçin esas bolan sebäpler aýrylan şertinde, arza berijiniň deslapky çözgüdiň kabul edilmegi hakynda gaýtadan ýüz tutmagyna päsgelçilik bermeýär.

**25-nji madda. Deslapky çözgüdiň ýuridik ähmiýeti we hereket ediş möhleti**

Deslapky çözgüt ähli gümrük edaralary üçin hökmany bolup durýar. Eger şu Kodeksiň 26-njy maddasyna laýyklykda deslapky çözgüt ýatyrylan ýa-da üýtgedilen bolmasa, ol kabul edilen gününden başlap üç ýylyň dowamynda hereket edýär.

Deslapky çözgütden diňe arzasy boýunça şeýle çözgüt kabul edilen şahsyň peýdalanmaga haky bardyr.

**26-njy madda. Deslapky çözgüdiň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy**

1. Deslapky çözgüdi kabul eden gümrük edarasy, ony üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga haklydyr.

2. Deslapky çözgüt şu halatlarda üýtgedilýär:

1) Bütindünýä gümrük guramasy tarapyndan Türkmenistanda ulanylmagy hökmany bolan çözgütler kabul edilende;

2) eger Türkmenistanyň harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň meselelerine degişli kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda harytlaryň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň başga talaplary we şertleri bellenilýän bolsa;

3) Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy ýa-da Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň deslapky çözgüdi kabul etmek babatdaky düzgünleri üýtgedilende;

4) deslapky çözgüt kabul edilen mahalynda goýberilen ýalňyşlar ýüze çykarylanda.

Deslapky çözgüdiň üýtgedilmegi üýtgetmek hakyndaky çözgüt kabul edilen gününden başlap güýje girýär.

Deslapky çözgüdi üýtgetmek hakyndaky çözgüt deslapky çözgüt berlen şahsa üç gün möhletde iberilýär.

3. Eger deslapky çözgüt arza beriji tarapyndan berlen galp resminamalar we nädogry maglumatlar esasynda kabul edilen bolsa, deslapky çözgüt ýatyrylýar. Deslapky çözgüdiň ýatyrylmagy, şeýle çözgüdi ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edilen gününden güýje girýär.

Deslapky çözgüdiň ýatyrylmagy hakyndaky çözgüt üç günüň dowamynda ýazmaça görnüşde deslapky çözgüt berlen şahsa iberilýär.

## II BÖLÜM. GÜMRÜK AMALLARY

## 1-nji kiçi bölüm. GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMEK

## 7-nji bap. GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMÄGE DEGIŞLI ESASY DÜZGÜNLER

**27-nji madda. Şu babyň ulanylyş çygry**

Şu babyň düzgünleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçýän harytlar we ulag serişdeleri babatda amala aşyrylýan ähli gümrük operasiýalaryna degişli bolup durýar.

**28-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň geçiriliş tertibi**

1. Gümrük taýdan resmileşdirmek şu Kodeksde we Türkmenistanyň şoňa laýyklykda kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde geçirilýär.

2. Gümrük taýdan resmileşdirmegi geçirmegiň tertibi we tilsimatlary Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň görnüşlerine, olaryň şeýle geçirilmegi üçin ulanylýan ulagyň görnüşine, harytlary we ulag serişdelerini geçirýän şahslaryň derejelerine görä bellenilýär.

3. Gümrük operasiýalary harytlaryň gelip çykan, ugradylýan we barýan ýurduna garamazdan deň ulanylýar.

**29-njy madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň başlanmagy we tamamlanmagy**

1. Gümrük taýdan resmileşdirmek şu halatlarda başlanýar:

1) harytlar getirilen mahalynda – gümrük edarasyna gümrük deklarasiýasy ýa-da şu Kodeksiň 40-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçýän harytlar babatda resminamalar berlen, şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda bolsa – şahsyň gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrmak maksadyny tassyklap dilden mälim eden ýa-da başga hereketleri eden pursatynda;

2) harytlar alnyp gidilen mahalynda – gümrük edarasyna gümrük deklarasiýasy berlen, şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda bolsa – şahsyň gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrmak maksadyny tassyklap dilden mälim eden ýa-da başga hereketleri eden pursatynda.

2. Gümrük taýdan resmileşdirmek, harytlaryň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi we eger şeýle gümrük düzgüni kesgitli möhletiň dowamynda hereket edýän bolsa, ol düzgüniň hereketiniň tamamlanmagy, şeýle hem gümrük tölegleri hasaplamak we töledip almak üçin, şu Kodekse laýyklykda zerur bolan gümrük operasiýalarynyň geçirilmegi bilen tamamlanýar.

Döwlet gözegçiliginiň weterinariýa, fitosanitariýa we beýleki görnüşlerine degişli harytlar babatda gümrük taýdan resmileşdirmek diňe şeýle gözegçiligi amala aşyrýan degişli ygtyýarly döwlet edaralary bilen ylalaşylandan soň tamamlanylyp bilner.

**30-njy madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň geçirilýän ýeri we wagty**

1. Gümrük taýdan resmileşdirmek gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýerlerinde olaryň iş wagtynda geçirilýär.

2. Deklarantyň ýa-da başga dahylly şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça gümrük taýdan resmileşdirmek geçirilen mahalyndaky aýratyn gümrük operasiýalary gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýerlerinden daşarda we iş wagtyndan başga wagtda geçirilip bilner.

**31-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalar we maglumatlar**

1. Gümrük taýdan resmileşdirmek geçirilen mahalynda, şu Kodeksde kesgitlenilen şahslar, gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary gümrük edaralaryna bermäge borçludyrlar.

2. Gümrük taýdan resmileşdirmek geçirilen mahalynda gümrük edaralary diňe berilmegi şu Kodekse laýyklykda göz öňünde tutulan hem-de Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň we ýerine ýetirilmegine gözegçilik edilmegi Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň berjaý edilmegi üçin zerur bolan resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegini talap etmäge haklydyr.

3. Anyk gümrük amallaryna we gümrük düzgünlerine degişli gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalaryň sanawlary we görnüşleri hem-de maglumatlaryň sanawlary, eger şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, gümrük işi

babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

4. Gümrük edaralary tarapyndan, gümrük taýdan resmileşdirmegi geçirmegi ýönekeýleşdirmek we tizleşdirmek maksady bilen, daşary ýurt döwletleriniň gümrük edaralary bilen gümrük maksatlarynda ulanylýan resminamalary özara ykrar etmek hakyndaky ylalaşyklar esasynda bu edaralar tarapyndan kesgitlenilen gümrük resminamalary kabul edilip bilner.

5. Gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalar asyl nusgalar ýa-da olaryň göçürme nusgalary görnüşinde, şeýle hem gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen tertipde elektron resminamalary görnüşinde berlip bilner.

6. Gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalaryň we maglumatlaryň sanawlary resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

**32-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmek geçirilen mahalynda ygtyýarlyklary bolan şahslaryň we olaryň wekilleriniň bolmagy**

1. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahslar ýa-da olaryň wekilleri gümrük taýdan resmileşdirmek mahalynda şol ýerde bolmaga haklydyr.

2. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahslar ýa-da olaryň wekilleri gümrük edarasynyň talap etmegi boýunça gümrük taýdan resmileşdirmek geçirilen mahalynda şol ýerde bolmaga borçludyr.

**33-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň geçirilýän dili**

Gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalaryň doldurylmagyny hem goşmak bilen, gümrük taýdan resmileşdirmek Türkmenistanyň döwlet dilinde geçirilýär, şu Kodeksde we Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

Gümrük edaralary, şol edaralaryň wezipeli adamlarynyň bilýän daşary ýurt dillerinde düzülen resminamalary kabul etmäge haklydyr.

**34-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň ileri tutulýan tertibi**

Tebigy betbagtçylyklaryň, awariýalaryň we heläkçilikleriň, başga adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini ýok etmek üçin zerur bolan harytlar, ynsanperwerlik kömeginiň çäklerinde iberilýän harytlar, diplomatik wekilhanalar tarapyndan iberilýän we alynýan harytlar, şeýle hem çalt zaýalanýan harytlar, janly haýwanlar we guşlar, radioaktiw materiallar, halkara poçta ugratmalary we ekspress-ýükler, sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak üçin niýetlenilen harytlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin materiallar we şular ýaly başga harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen we bu çäkden alnyp gidilen mahalynda gümrük taýdan resmileşdirmek ileri tutma tertibinde geçirilýär.

**35-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmegiň ýönekeýleşdirilen amallary**

Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy gümrük taýdan resmileşdirmegi kämilleşdirmek maksady bilen gümrük taýdan resmileşdirmegiň ýönekeýleşdirilen amallaryny bellemäge haklydyr.

**36-njy madda. Özleri babatda gümrük taýdan resmileşdirmek tamamlanmadyk harytlary peýdalanmak we olara ygtyýarlyk etmek**

Özleri babatda gümrük taýdan resmileşdirmek tamamlanmadyk harytlary peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge ýol berilmeýär, şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

## 8-nji bap. HARYTLARYŇ WE ULAG SERIŞDELERINIŇ TÜRKMENISTANYŇ GÜMRÜK ÇÄGINE GELMEGI

**37-nji madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýeri we wagty**

1. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerlerinde gümrük edaralarynyň işleýän wagty Türkmenistanyň gümrük çägine harytlaryň we ulag serişdeleriniň gelmegine ýol berilýär. Başga ýerlerde harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük çägine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gelip biler.

2. Daşaýjy Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçenden soň, getiren harytlaryny we ulag serişdelerini geçiriş ýerine eltmäge we olary gümrük edarasyna görkezmäge borçludyr. Şonda harytlaryň ýagdaýynyň üýtgedilmegine, olaryň gaplanyşynyň bozulmagyna, şeýle hem goýlan plombalaryň, möhürleriň we başga kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgedilmegine, aýrylmagyna, ýok edilmegine ýa-da zeper ýetirilmegine ýol berilmeýär.

3. Şu babyň düzgünleri turbageçiriji ulag arkaly, elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük çäginde ýerleşen portda ýa-da aeroportda durman Türkmenistanyň gümrük çägini kesip geçýän deňiz (derýa), howa gämileri bilen daşalýan harytlara degişli däldir.

**38-nji madda. Geçiriş ýeriniň kesgitlenilişi**

1. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük çägine gelen mahalynda, şular Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçiriş ýeri bolup durýar:

1) howa ulagy üçin - howa gämisiniň Türkmenistanyň gümrük çägindäki gonýan we harytlary düşürmegi, ýüklemegi we düşürip ýüklemegi amala aşyrýan ilkinji aeroportyndaky geçiriş ýeri;

2) howa ulagynda daşalýan harytlar üçin - howa gämisiniň Türkmenistanyň gümrük çägindäki gonýan we harytlary düşürmegi amala aşyrýan geçiriş ýerleri;

3) deňiz (derýa) ulagy üçin - Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlary düşürmegi, ýüklemegi we düşürip ýüklemegi amala aşyrýan ilkinji portundaky geçiriş ýeri;

4) deňiz (derýa) ulagy bilen daşalýan harytlar üçin - Türkmenistanyň gümrük çäginde deňiz (derýa) gämisiniň durup geçýän we harytlary düşürmegi amala aşyrýan portlaryndaky geçiriş ýerleri;

5) ulagyň başga görnüşleri we olarda daşalýan harytlar üçin – barýan ýolundaky Türkmenistanyň ilkinji geçiriş ýeri.

2. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän mahalynda, şular Türkmenistanyň gümrük çäginden geçiriş ýeri bolup durýar:

1) howa ulagy üçin - howa gämisiniň Türkmenistanyň gümrük çäginde gonýan we harytlary düşürmegi, ýüklemegi we düşürip ýüklemegi amala aşyrýan soňky aeroportyndaky geçiriş ýeri;

2) howa ulagynda daşalýan harytlar üçin - howa gämisiniň Türkmenistanyň gümrük çäginde gonýan we harytlary ýüklemegi amala aşyrýan geçiriş ýerleri;

3) deňiz (derýa) ulagy üçin - Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlary düşürmegi, ýüklemegi we düşürip ýüklemegi amala aşyrýan iň soňky portundaky geçiriş ýeri;

4) deňiz (derýa) ulagy bilen daşalýan harytlar üçin - Türkmenistanyň gümrük çäginde deňiz (derýa) gämisiniň durup geçýän we harytlary ýüklemegi amala aşyrýan portlaryndaky geçiriş ýerleri;

5) ulagyň başga görnüşleri we olarda daşalýan harytlar üçin – barýan ýolundaky Türkmenistanyň iň soňky geçiriş ýeri.

**39-njy madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çägine gelendigi hakynda gümrük edaralaryna deslapdan habar berilmegi**

Türkmenistanyň döwlet serhedinden geçiriş ýeriniň administrasiýasy (aeroportyň, aerodromyň, deňiz, derýa portunyň, demir ýol wokzalynyň, menziliniň başlygy) şol geçiriş ýeriniň administrasiýasynyň

gümrük edarasy bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ylalaşan tertibinde Türkmenistanyň döwlet serhedinden geçiriş ýerine harytlaryň we ulag serişdeleriniň gelýän ýeri we wagty hakynda gümrük edaralaryna deslapdan habar berýär.

**40-njy madda. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük serhedine gelen mahalynda resminamalaryň, maglumatlaryň berilmegi**

1. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük çägine gelen mahalynda, daşaýjy, halkara daşamasy amala aşyrylýan ulagyň görnüşine baglylykda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan şu Kodeksiň 31-nji maddasyna laýyklykda bellenilen resminamalary we maglumatlary gümrük edarasyna bermäge borçludyr.

2. Daşaýjy tarapyndan daşary ýurt dilinde düzülen resminamalar berlen mahalynda zerur bolanda, gümrük edaralary diňe gümrük taýdan resmileşdirmek üçin gerekli maglumatlaryň Türkmenistanyň döwlet diline terjime edilmegini talap etmäge haklydyr.

3. Resminamalar we maglumatlar daşaýjynyň adyndan onuň tabşyrmagy boýunça hereket edýän islendik başga şahs tarapyndan berlip bilner.

4. Daşaýjy gümrük edarasyna resminamalary we maglumatlary Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar we ulag serişdeleri hakykatda gelmezinden öň bermäge haklydyr.

**41-nji madda. Awariýa ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri mahalynda görülýän çäreler**

1. Eger, harytlaryň hakykatda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçýän ýerinden gelýän ýerine çenli getirilmegi togtaýan bolsa, şeýle hem, eger deňiz (derýa), howa gämisi awariýa, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri ýa-da harytlaryň eltilmegine, bellenilen ýerlerde durmagyna ýa-da gonmagyna päsgelçilik döredýän başga ýagdaýlar netijesinde Türkmenistanyň gümrük çäginde mejbury durup geçýän ýa-da gonýan bolsa, daşaýjy harytlaryň we ulag serişdeleriniň abatlygyny üpjün etmek üçin ähli çäreleri görmäge, ýakyndaky gümrük edarasyna bu ýagdaýlar, harytlaryň ýerleşýän ýeri hakynda haýal etmän habar bermäge, şeýle hem gümrük edarasynyň talaby boýunça harytlary ýakyndaky gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerine ýa-da gümrük edarasy tarapyndan görkezilen başga ýere geçirmäge ýa-da olaryň daşalmagyny üpjün etmäge (eger onuň ulag serişdesine zeper ýeten bolsa) borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen hadysalar hakynda habary alan gümrük edarasy hadysanyň häsiýetine, harydyň hiliniň ýitiş derejesine we ulag serişdesiniň tehniki ýagdaýyna baglylykda gümrük gözegçiligini üpjün etmek üçin zerur çäreleri kesgitleýär.

3. Daşaýjylaryň ýa-da başga şahslaryň şu maddada kesgitlenilen çäreleri görmegi bilen baglanyşykly çykdajylarynyň öwezi gümrük edaralary tarapyndan dolunmaýar.

**42-nji madda. Harytlar we ulag serişdeleri bilen, olaryň gelýän ýerinde geçirilýän hereketler**

1. Harytlar gelip, degişli resminamalar we maglumatlar gümrük edarasyna berlenden soň, harytlar düşürilip ýa-da düşürilip ýüklenilip, wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilip, anyk gümrük düzgünine ýa-da içerki gümrük üstaşyryna mälim edilip bilner.

2. Harytlaryň gelen ýerinde görkezilen pursatyndan şeýle harytlar wagtlaýyn saklanylýan harytlaryň statusyna eýe bolýarlar. Wagtlaýyn saklamagyň aňryçäk möhletiniň geçmegi bilen, gümrük edaralary görkezilen harytlara şu Kodeksiň 39-njy babyna laýyklykda ygtyýarlyk edýärler.

3. Ulag serişdeleri şu Kodeksiň 20-nji babyna laýyklykda gümrük taýdan resmileşdirmäge degişlidir.

**43-nji madda. Harytlaryň gelen ýerinde düşürilmegi we düşürilip ýüklenilmegi**

1. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelen ulag serişdesinden düşürilmegi we düşürilip ýüklenilmegi olaryň gelen ýerinde we bu maksatlar üçin ýörite niýetlenilen ýerlerde gümrük edaralarynyň iş

wagtynda amala aşyrylýar.

Harytlaryň başga ýerlerde we (ýa-da) gümrük edarasynyň iş wagtyndan başga wagtda düşürilmegine we düşürilip ýüklenilmegine dahylly şahsyň ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasynyň berýän rugsady esasynda ýol berilýär.

2. Harytlaryň düşürilýän we düşürilip ýüklenilýän ýerleri gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýar. Bu ýerler harytlaryň abat saklanylmagy üpjün ediler ýaly hem-de ýük operasiýalarynyň geçirilmegine gatnaşmaýan şahslar ýanyna aralaşyp bilmez ýaly gurnalmalydyr we enjamlaşdyrylmalydyr.

3. Deňiz (derýa) portunda ýük operasiýalaryny amala aşyrýan şahsyň ýüz tutmasy boýunça harytlar wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilmezden, görkezilen operasiýalary amala aşyrmak üçin zerur bolan möhletiň dowamynda, ýöne şu Kodeksiň 62-nji maddasynda bellenilen möhletleriň çäginde olaryň düşürilýän we düşürilip ýüklenilýän ýerinde goýlup bilner.

4. Harytlar ýitirilen ýa-da gümrük edaralarynyň rugsady bolmazdan üçünji bir şahslara berlen halatynda, ýük operasiýalaryny amala aşyrýan şahs, şu Kodekse laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine jogapkärçilik çekýär.

5. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi gadagan edilen harytlaryň düşürilmegi gadagan edilýär.

## 9-njy bap. IÇERKI GÜMRÜK ÜSTAŞYRY

### 44-nji madda. Içerki gümrük üstaşyry

1. Içerki gümrük üstaşyry – daşary ýurt harytlarynyň, gümrük paçlary, salgytlary tölenilmezden we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan, Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça daşalýan gümrük amaly.

2. Içerki gümrük üstaşyry harytlaryň gelen ýerinden barmaly ýeriniň gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerine çenli, harytlaryň deklarirlenilen mahalyndaky bolan ýerinden olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän ýerine çenli, wagtlaýyn saklanylýan ammarlaryň, gümrük ammarlarynyň arasynda daşalan mahalynda, şeýle hem daşary ýurt harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça daşalýan başga halatlarynda ulanylýar.

3. Şu babyň düzgünleri, eger howa gämisi yzygiderli halkara gatnawyny amala aşyrýan wagtynda harytlaryň gelýän ýerinde harytlary kem-käsleýin düşürmezden, aralykdaky ýa-da mejbury (tehniki) gonuşy amala aşyrýan howa ulagy bilen daşalýan, turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlara degişli bolmaýar.

4. Içerki gümrük üstaşyrynyň amalyna laýyklykda harytlaryň daşalmagy islendik daşaýjy tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

5. Şu babyň ulanylmagynyň maksatlary üçin:

1) ulag serişdesi diýlip, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça daşalýan ulag serişdesine hem düşünilýär;

2) ekspeditor diýlip, Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda ulag ekspedisiýasynyň şertnamasy boýunça hereket edýän şahsa düşünilýär.

### 45-nji madda. Içerki gümrük üstaşyryna rugsat berilmegi

1. Içerki gümrük üstaşyrynyň gümrük amalyna laýyklykda iş zolagynda harytlaryň daşalmagy başlanýan gümrük edarasynyň (ugradylyş gümrük edarasy) ýazmaça rugsady bilen, içerki gümrük üstaşyryna ýol berilýär.

2. Şulara içerki gümrük üstaşyryna rugsat berilýär:

1) daşaýja;

2) eger Türkmenistanyň şahsy bolup durýan bolsa, ekspeditora;

3) şu maddanyň altynjy böleginde görkezilen şahslara.

3. Şu aşakdaky şertler berjaý edilen mahalynda içerki gümrük üstaşyryna rugsat berilýär, eger:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlaryň Türkmenistana getirilmegi gadagan edilmedik bolsa;

2) harytlar babatda serhet gözegçiligi we döwlet gözegçiliginiň beýleki görnüşleri olaryň gelen ýerinde

geçirilen bolsa, harytlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gelen ýerinde şeýle gözegçilige degişli bolan halatynda;

3) harytlar babatda rugsatlar we (ýa-da) ygtyýarnamalar berlen bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda görkezilen rugsatlar we (ýa-da) ygtyýarnamalar bolan mahalynda harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça geçirilmegine ýol berilýär;

4) harytlar babatda üstaşyr deklarasiýasy berlen bolsa;

5) harytlaryň kybaplanylmagy üpjün edilen bolsa;

6) harytlar gümrük plombalarynyň we möhürleriniň astynda daşalan halatynda ulag serişdesi bolmalysy ýaly enjamlaşdyrylan bolsa;

7) Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça çäreler görlen bolsa;

4. Içerki gümrük üstaşyryna rugsat harytlar ugradylyş gümrük edarasyna görkezilen badyna, şol gümrük edarasy şu maddanyň üçünji böleginde bellenilen şertleriň berjaý edilýändigine göz ýetirenden soň, emma üstaşyr deklarasiýasy kabul edilen gününden başlap üç günden gijä galynman berilýär. Ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan, üstaşyr deklarasiýasy ähli bellenilen talaplary ödeýän bolsa, ol berlen gününde kabul edilýär.

Içerki gümrük üstaşyryna rugsat beren mahalynda ugradylyş gümrük edarasy içerki gümrük üstaşyrynyň möhletini belleýär we harytlaryň eltilmeli ýerini kesgitleýär.

5. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy gümrük işi babatdaky administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça administratiw temmini bermek hakynda güýje giren kararlar bilen bellenilen içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda harytlary daşamak boýunça borçlaryny ençeme gezek ýerine ýetirmedik daşaýjyny ýa-da ekspeditory içerki gümrük üstaşyryna goýbermezlik hakyndaky çözgüdi kabul etmäge haklydyr, eger görkezilen kararlaryň iň bolmanda biri şeýle daşaýjy ýa-da ekspeditor tarapyndan ýerine ýetirilmedik bolsa ýa-da ol şu Kodeksiň 55-nji maddasyna laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik bolsa. Görkezilen çözgüt administratiw jerime, şeýle hem şu Kodeksiň 55-nji maddasyna laýyklykda gümrük paçlary, salgytlar tölenenden soň bäş günüň dowamynda ýatyrylmaga degişlidir, bu barada özleri babatda şeýle çözgüt kabul edilen daşaýja ýa-da ekspeditora görkezilen möhletiň çäklerinde ýazmaça görnüşde habar berilýär.

6. Harytlar içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda gümrük edarasynyň ýerleşýän ýeri bolup durmaýan eltilmeli ýerine daşalan mahalynda içerki gümrük üstaşyryna rugsat, diňe şu Kodekse laýyklykda eltilýän ýerde harytlaryň saklanylmagyny ýa-da harytlar bilen başga operasiýalaryň geçirilmegini amala aşyrjak şahsa berilýär. Bu ýagdaýda görkezilen şahs şu Kodeksiň 57-nji maddasynyň bäşinji böleginiň düzgünlerini hasaba almak bilen ekspeditor üçin şu bapda kesgitlenilen borçlary ýerine ýetirýär we jogapkärçiligi çekýär.

7. Eger içerki gümrük üstaşyryna rugsady şu maddanyň üçünji böleginiň 1-nji, 3-nji bentlerinde bellenilen şertler berjaý edilmändigi sebäpli berip bolmaýan bolsa, gümrük edarasy harytlaryň daşalýan ulag serişdeleriniň gümrükli gidilmegi üpjün edilende, harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammara ýa-da gümrük gözegçiligi zolaklary bolup durýan başga ýerlere daşalmagyna rugsat bermäge haklydyr.

### 46-njy madda. Üstaşyr deklarasiýasy

1. Ugradylyş gümrük edarasy üstaşyr deklarasiýasy hökmünde islendik täjirçilik, ulag (daşaýyş) resminamalaryny we (ýa-da) şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen maglumatlary özünde jemleýän gümrük resminamalaryny kabul edýär.

2. Daşaýjy (ekspeditor) içerki gümrük üstaşyryna rugsat almak üçin ugradylyş gümrük edarasyna şu maglumatlary berýär:

1) ulag (daşaýyş) resminamalaryna laýyklykda harytlary iberijiniň (alyjynyň) ady we ýerleşýän ýeri hakynda;

2) harytlaryň ugradylýan ýurdy (barýan ýurdy) hakynda;

3) harytlary daşaýjynyň ýa-da, eger içerki gümrük üstaşyryna rugsady ekspeditor alýan bolsa, ekspeditoryň ady we ýerleşýän ýeri hakynda;

4) harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça daşalýan ulag serişdesi hakynda, daşamak awtomobil ulagy bilen amala aşyrylýan mahalynda bolsa – şeýle-de ulag serişdesiniň sürüjisi hakynda;

5) täjirçilik, ulag (daşaýyş) resminamalaryna laýyklykda harytlaryň görnüşleri ýa-da ady, mukdary, bahasy hem-de agramy ýa-da göwrümi, Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda azyndan

birinji dört belginiň derejesindäki harytlaryň toparlara bölüniş kodlary hakynda;

6) ýük ýerleriniň umumy sany hakynda;

7) harytlaryň barmaly ýeri hakynda;

8) harytlaryň meýilleşdirilen ýoldaky düşürilip ýüklenilmegi ýa-da başga ýük operasiýalary hakynda;

9) harytlary daşamagyň meýilleşdirilen möhleti hakynda;

10) eger harytlaryň daşalmagy belli ugurlar boýunça amala aşyrylmaly bolsa, ugry hakynda.

3. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy harytlary we ulag serişdelerini geçirýän şahslaryň toparlaryny, harytlaryň görnüşlerini nazara almak bilen, şeýle hem ulagyň görnüşinden ugur almak bilen, şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen maglumatlaryň sanawyny gysgaltmaga haklydyr.

4. Eger şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda berilýän resminamalar şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen ähli maglumatlary özünde jemlemeýän bolsa, şol maglumatlar üstaşyr deklarasiýasyna ýetmeýän maglumatlary ýazmaça görnüşde girizmek arkaly goşmaça berilýär. Üstaşyr deklarasiýasynyň görnüşi we ony doldurmagyň tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

5. Gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda berlen resminamalaryň üstaşyr deklarasiýasy hökmünde kabul edilendigi hakynda şol resminamalarda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýän görnüşde we tertipde bellik edilýär.

6. Üstaşyr deklarasiýasy elektron resminama görnüşinde berlip bilner. Onuň içerki gümrük üstaşyry mahalyndaky berliş we ulanylyş tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

7. Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda üstaşyr deklarasiýasy hökmünde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda resmileşdirilen resminamalar ulanylýar.

### 47-nji madda. Içerki gümrük üstaşyrynyň möhletleri

1. Içerki gümrük üstaşyrynyň aňryçäk möhleti on günden geçip bilmez, aýratyn halatlarda bolsa, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan içerki gümrük üstaşyryna rugsat alnan gününden ýigrimi günden geçmeýän uzagrak möhlet hem bellenilip bilner.

2. Içerki gümrük üstaşyryna rugsat alnan mahalynda içerki gümrük üstaşyrynyň möhleti daşaýjynyň (ekspeditoryň) mälim etmesinden, harytlaryň daşalyşynyň adaty möhletinden, ulagyň görnüşinden we ulag serişdesiniň mümkinçiliklerinden, onuň ugrundan hem-de daşamagyň beýleki şertlerinden ugur alnyp, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde, ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan bellenilýär.

3. Gümrük edarasy dahylly şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça içerki gümrük üstaşyrynyň bellenilen möhletini şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde uzaldýar. Eger daşaýjy, harytlar içerki gümrük üstaşyrynyň amalyna laýyklykda daşalan mahalynda, harytlary awariýa ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ilkibaşdaky bellenilen möhletde eltip bilmese, içerki gümrük üstaşyrynyň möhleti gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşdäki rugsady bilen şu maddanyň birinji böleginde bellenilen aňryçäk möhletden geçýän möhlete uzaldylyp bilner.

### 48-nji madda. Harytlary we olaryň resminamalaryny kybaplamak

1. Harytlaryň alynmagynyň, harytlaryň ulag serişdesine goýulmagynyň ýa-da harytlar bilen haýsy-da bolsa bir operasiýalaryň geçirilmeginiň alamatlarynyň, eger bu hereketleriň amala aşyrylmagy harytlar içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda daşalan mahalynda mümkin bolsa, barylmagy bellenilen gümrük edarasy tarapyndan ýüze çykarylmagyna mümkinçiligi üpjün etmek maksady bilen, ugradylyş gümrük edarasy içerki gümrük üstaşyrynyň gümrük amaly astynda ýerleşdirilýän harytlary kybaplamagy amala aşyrýar.

2. Harytlaryň kybaplanmagynyň maksatlary üçin ugradylyş gümrük edarasy şu serişdeleri ulanmaga haklydyr:

1) ulag serişdesine, konteýnere ýa-da oturtma kuzowa, gümrük plombalarynyň we möhürleriniň goýulmagy;

2) sanly, harply ýa-da başga belginiň, kybaplaýyş belgileriniň ýazylmagy, aýratyn ýükleg ýerlerine plombalaryň we möhürleriň goýulmagy;

3) möhürçeleriň goýulmagy;

4) nusgalyklaryň we nusgalaryň alynmagy;

5) harytlaryň we ulag serişdeleriniň beýan edilmegi;

6) çyzgylaryň, taýýarlanan masştably şekilleriň, fotosuratlaryň, wideoýazgylaryň, illýustrasiýalaryň ulanylmagy;

7) gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan düzülen çyzgylaryň, taýýarlanan masştably şekilleriň, fotosuratlaryň, wideoýazgylaryň, illýustrasiýalaryň ulanylmagy;

8) harytlary ugradyjynyň plombalaryny hem goşmak bilen harytlaryň kybaplanylmagyna mümkinçilik berýän başga serişdeler.

3. Harytlaryň kybaplanylmagy, şu Kodeksiň 49-njy maddasynda bellenilen şertler berjaý edilen mahalynda, ulag serişdesine, konteýnere ýa-da oturtma kuzowa, gümrük plombalarynyň we möhürleriniň goýulmagy arkaly amala aşyrylýar.

Harytlaryň kybaplanylmagy başga halatlarda şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen başga serişdeleriň ulanylmagy bilen amala aşyrylýar.

4. Gabyň, daşlygyň açylmagynyň ýa-da gümrük plombalaryna we möhürlerine zeper ýetirilmeginiň göze görnüp duran yzlary galdyrylmazdan harytlaryň plombalanan gapdan, daşlykdan çykarylyp ýa-da oňa goýlup bilinmeýän şertler berjaý edilen mahalynda, harytlaryň kybaplanylmagy şeýle gaplara, daşlyklara gümrük plombalarynyň we möhürleriniň goýulmagy arkaly amala aşyrylyp bilner.

5. Gümrük edaralary tarapyndan daşary ýurt döwletleriniň gümrük edaralarynyň gümrük plombalary ýa-da başga kybaplaýyş serişdeleri ulanylýar, şu aşakdaky halatlar muňa degişli däldir:

1) gümrük plombalary ýa-da başga kybaplaýyş serişdeleri ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan şu Kodeksiň 49-njy maddasynyň birinji böleginde kesgitlenilen ölçeglere laýyklykda ýeterlik däl ýa-da ygtybarsyz diýlip ykrar edilende;

2) ugradylyş gümrük edarasynyň harytlaryň gümrük barlagyny geçirende.

Eger gümrük edaralary daşary ýurt döwletleriniň gümrük edaralarynyň gümrük plombalaryny ýa-da başga kybaplaýyş serişdelerini ulanýan bolsa, bu kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgedilmegine, aýrylmagyna, ýok edilmegine ýa-da olara zeper ýetirilmegine Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň kybaplaýyş serişdeleri babatda şu Kodeksde göz öňünde tutulan gadaganlyklar degişli bolup durýar.

6. Gümrük edaralary ulag (daşaýyş) resminamalaryny, şeýle hem daşaýjyda bar bolan, harytlaryň gümrük maksatly täjirçilik resminamalaryny kybaplamagy amala aşyrýar.

Gümrük edaralary resminamalary kybaplamagyň maksady üçin şu serişdeleri ulanmaga haklydyr:

1) resminamalara möhürleriň we möhürçeleriň goýulmagyny;

2) ýörite ýelmentgileriň, ýörite gorag serişdeleriniň goýulmagyny;

3) gümrük maksatlary üçin zerur bolan resminamalaryň ulag serişdeleriniň, konteýnerleriň ýa-da oturtma kuzowlaryň gümrük plombalary we möhürleri goýulýan ýük ýüklenýän böleklerine ýerleşdirilmegini;

4) gümrük maksatlary üçin zerur bolan resminamalaryň seýf-paketlere ýerleşdirilmegini.

### 49-njy madda. Harytlar gümrük plombalary we möhürleri astynda daşalan mahalynda ulag serişdeleriniň, konteýnerleriň we oturtma kuzowlaryň enjamlaşdyrylmagy

1. Ulag serişdeleri, konteýnerler ýa-da oturtma kuzowlar, gümrük plombalarynyň we möhürleriň şu aşakdakylaryň ýerine ýetirilmegi nazara alnyp düzülen we enjamlaşdyrylan bu ulag serişdelerine, konteýnerlere ýa-da oturtma kuzowlara gös-göni goýlup bilinýän şertinde, harytlaryň gümrük plombalary we möhürleri astynda daşalmagy üçin goýberilip bilner:

1) gümrük plombalarynyň we möhürleriniň ýönekeý we ygtybarly usul bilen goýlup bilinmegi;

2) ulag serişdesiniň ýük ýüklenýän ýeriniň açylandygynyň ýa-da gümrük plombalaryna we möhürlerine zeper ýetmeginiň göze görnüp duran alamatlary galdyrylmazdan, harytlaryň ulag serişdesiniň ýük ýüklenýän ýeriniň plombalanan böleginden çykarylyp ýa-da oňa goýlup bilinmezligi;

3) ulag serişdesinde we onuň ýük ýüklenýän ýerlerinde harytlaryň gizlenilmegi üçin gizlin ýerleriň bolmazlygy;

4) harytlaryň ýerleşip biljek ähli ýerlerine gümrük gözden geçirmesini amala aşyrmak üçin ýeňil aralaşyp bolmagy.

2. Ulag serişdesini, konteýneri ýa-da oturtma kuzowy harytlaryň gümrük plombalary we möhürleri astynda daşalmagyna goýbermek hakyndaky çözgüdi ugradylyş gümrük edarasy kabul edýär.

Görkezilen çözgüt ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan dahylly şahsyň ýüz tutan gününde kabul

edilýär.

**50-nji madda. Içerki gümrük üstaşyrynda harytlaryň eltilýän ýeri**

1. Içerki gümrük üstaşyrynda harytlaryň eltilýän ýeri, ulag (daşaýyş) resminamalarynda görkezilen barmaly ýeri hakyndaky maglumatlar esasynda, ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan kesgitlenilýär. Barylmagy bellenilen gümrük edarasynyň iş zolagynda ýerleşýän gümrük gözegçiligi zolagy harytlaryň eltilmeli ýeri bolup durýar. Şonda gelýän ýerinden daşalýan harytlar gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerine eltilýär.

2. Içerki gümrük üstaşyrynda barmaly ýeri üýtgän halatynda daşaýjy harytlaryň eltilýän ýerini üýtgetmek hakynda haýyş bilen gümrük edarasyna ýüzlenmäge haklydyr. Şonda daşaýjy öz barýan ýolunyň ugrundaky islendik gümrük edarasyna barmaly ýeriniň üýtgedilmegi hakynda erkin görnüşde düzülen arzany, barmaly ýeriniň üýtgeýändigini tassyklaýan resminamalary, şeýle hem şu Kodeksiň 57-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan resminamalary berýär.

Gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň eltilmeli ýeriniň üýtgedilmegi hakyndaky çözgüt şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen arzanyň we resminamalaryň alnan gününiň yzyndan gelýän günden gijä galynman kabul edilýär. Görkezilen çözgüt eltilmeli ýeri üýtgedilen harytlar babatda içerki gümrük üstaşyryny tamamlamak we içerki gümrük üstaşyryna täze rugsadyň berilmegi arkaly resmileşdirilýär. Içerki gümrük üstaşyryna täze rugsat harytlaryň eltilmeli ýerini üýtgetmek hakyndaky çözgüdiň kabul edilen gününde berilýär.

**51-nji madda. Içerki gümrük üstaşyrynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça çäreler**

Ugradylyş gümrük edarasy içerki gümrük üstaşyrynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça şu aşakdaky çäreleri (görkezilen çäreleriň birini) kabul etmäge haklydyr:

1) daşary ýurt harytlary babatda, harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda tölenilmäge degişli boljak getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerine laýyk gelýän möçberlerde gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegi. Eger içerki gümrük üstaşyrynyň maksatlary üçin berlen harytlar hakyndaky maglumatlar getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini hasaplamak üçin ýeterlik däl bolsa, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilişini üpjün etmegiň möçberi şu Kodeksiň 282-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde kesgitlenilýär;

2) gümrükli gidilme.

**52-nji madda. Gümrükli gidilme**

1. Gümrükli gidilme – gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan diňe içerki gümrük üstaşyrynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýan, içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda harytlary daşaýan ulag serişdeleriniň ýany bilen gidilmegi.

2. Gümrük edarasy şu aşakdaky halatlarda gümrükli gidilme hakyndaky çözgüdi kabul etmäge haklydyr:

1) şu Kodeksiň 29-njy babyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilmese;

2) şu Kodekse laýyklykda töwekgellikleri seljeriş we olary dolandyrmagyň ulgamy esasynda kesgitlenilýän harytlaryň aýratyn görnüşleri daşalanda;

3) gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça administratiw temmi bermek hakynda güýje giren karar bilen tassyklanylýan, daşaýjy tarapyndan içerki gümrük üstaşyryna rugsat almak üçin ýüz tutan gününe çenli bir ýylyň dowamynda iň bolmanda bir gezek harytlaryň eltilmeli ýerine eltilmese;

4) eger alnyp gidilen mahalynda harytlar bilen gümrük serhedinden hakykatda geçilýän ýeri olaryň ýerleşýän ýeri bilen gabat gelmeýän bolsa, Türkmenistana ýalňyşlyk bilen getirilen ýa-da Türkmenistana getirilmegi gadagan edilen harytlar yzyna alnyp gidilende;

5) harytlar şu Kodeksiň 45-nji maddasynyň altynjy we ýedinji böleklerine laýyklykda daşalanda;

6) özleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler

ulanylýan harytlar daşalanda.

3. Gümrükli gidilme üçin şu Kodeksiň 32-nji babyna laýyklykda gümrük ýygymy töledilip alynýar.

**53-nji madda. Daşaýjynyň içerki gümrük üstaşyryndaky borçlary**

Daşaýjy, harytlar içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda daşalanda, şu aşakdakylara borçludyr:

1) harytlary we olaryň resminamalaryny ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan bellenilen möhletlerde harytlaryň eltilmeli ýerine eltmäge;

2) harytlaryň, eger ulanylan bolsa gümrük plombalarynyň we möhürleriniň ýa-da başga kybaplaýyş serişdeleriniň abat saklanylmagyny üpjün etmäge;

3) gümrük edaralarynyň rugsady bolmazdan harytlaryň düşürilip ýüklenilmegine, düşürilmegine, ýüklenilmegine we olar bilen başga ýük operasiýalarynyň geçirilmegine ýol bermezlige, şu Kodeksiň 54-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatda harytlaryň düşürilip başga ulag serişdesine ýüklenilmegi muňa degişli däldir.

**54-nji madda. Harytlary düşürip ýüklemek, düşürmek, ýüklemek we olar bilen başga ýük operasiýalary**

1. Içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda daşalýan harytlaryň düşürilip ýüklenilmegine, düşürilmegine, ýüklenilmegine we olar bilen başga ýük operasiýalarynyň geçirilmegine ugradylyş gümrük edarasynyň ýa-da iş zolagynda degişli ýük operasiýasy amala aşyrylýan gümrük edarasynyň rugsady bilen ýol berilýär. Eger harytlar bir ulag serişdesinden düşürilip beýlekisine goýlan gümrük plombalaryna we möhürlerine zeper ýetirilmezden ýüklenilip bilinýän bolsa, şeýle düşürip ýüklemeklige gümrük edarasyna deslapdan habar berlenden soň ýol berilýär.

2. Gümrük edarasy harytlar bilen ýük operasiýalarynyň geçirilmegine rugsat bermekden diňe olaryň geçirilmegi harytlaryň ýitmegine ýa-da olaryň häsiýetiniň üýtgemegine getirip biljek halatynda ýüz öwrüp biler.

**55-nji madda. Daşaýjynyň we ekspeditoryň içerki gümrük üstaşyryndaky jogapkärçiligi**

1. Daşary ýurt harytlary barylmagy bellenilen gümrük edarasyna eltilmedik halatynda daşaýjy ýa-da, eger ekspeditor tarapyndan içerki gümrük üstaşyryna rugsat alnan bolsa ekspeditor şu Kodekse laýyklykda getiriliş gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge borçludyr.

Eger harytlar daşaýjy tarapyndan alyja ýa-da başga bir şahsa gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan berlen bolsa, görkezilen harytlary eýelik etmäge alan şahs, eger ol şahsyň şol harytlary alan mahalynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň bozulandygy hakynda bilendigi ýa-da bilmelidigi anyklanan bolsa, ol gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Eger harytlar awariýanyň, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok bolan ýa-da ýiten ýa-da daşamagyň (ulagly daşamagyň) kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy azalýan halatynda daşaýjy we ekspeditor gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

Eger şu bapda kesgitlenilen başga şertler we talaplar ýerine ýetirilen bolsa, gümrük edaralarynyň içerki gümrük üstaşyrynyň bellenilen möhletleriniň bozulmagy esasynda daşaýja ýa-da ekspeditora gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi hakynda talaby bildirmäge haky ýokdur.

3. Içerki gümrük üstaşyrynda ýükler bir ulag serişdesinden düşürilip başga ulag serişdesine ýüklenilen halatynda içerki gümrük üstaşyryna rugsat alan daşaýjy (ekspeditor) gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

4. Harytlar içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda demir ýol ulagy bilen daşalanda, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin, harytlary ýitiren ýa-da gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan olary beren demir ýol edarasy jogapkärçilik çekýär. Gümrük edaralary tarapyndan gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi hakyndaky talap barylmagy bellenilen demir ýol edarasyna bildirilýär. Şu bölegiň düzgünleri, eger içerki gümrük üstaşyryna rugsat ekspeditora berlen halatlaryna, şeýle hem, eger içerki gümrük üstaşyryna rugsat başga görnüşli ulagyň daşaýjysyna berlen bolsa harytlaryň göni garyşyk gatnawda daşalýan halatlaryna degişli

däldir.

**56-njy madda. Awariýa, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri ýa-da başga ýagdaýlar bolan mahalynda görülýän çäreler**

1. Harytlaryň içerki gümrük üstaşyryna laýyklykda daşalmagyna päsgel berýän awariýanyň, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri ýa-da başga ýagdaýlar bolan mahalynda daşaýjy şu Kodeksiň 41-nji maddasynda göz öňünde tutulan çäreleri görýär.

2. Daşaýjynyň görkezilen çäreleriň görülmegi bilen baglanyşykly çeken çykdajylarynyň öwezi gümrük edaralary tarapyndan dolunmaýar.

**57-nji madda. Harytlaryň içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanmagy**

1. Harytlaryň içerki gümrük üstaşyry tamamlanýan gümrük edarasy (barylmagy bellenilen gümrük edarasy) mümkin bolan gysga möhletlerde, ýöne, ulag serişdesiniň gelmegi bellige alnan pursatyndan başlap ýigrimi dört sagatdan gijä galman, eger bu gümrük edarasy tarapyndan resminamalar barlanan we harytlar kybaplanylan mahalynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň bozulmalary ýüze çykarylmadyk bolsa, içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanmagyny resmileşdirýär.

2. Barylmagy bellenilen gümrük edarasy daşaýjy tarapyndan şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen resminamalar berlen pursatyndan başlap iki sagadyň dowamynda ulag serişdesiniň harytlaryň eltilmeli ýerine gelmegini bellige almaga borçludyr.

3. Daşaýjy içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanmagy üçin ulag serişdesiniň harytlaryň eltilmeli ýerine gelen pursatyndan başlap bir sagadyň dowamynda, gümrük edarasynyň bellenilen iş wagtyndan başga wagtda gelen halatynda bolsa – ol gümrük edarasynyň iş wagtynyň başlaýan pursatyndan başlap bir sagadyň dowamynda barylmagy bellenilen gümrük edarasyna harytlary görkezmäge, üstaşyr deklarasiýasyny, şeýle hem onuň ýanynda bar bolan harytlaryň başga resminamalaryny bermäge borçludyr. Harytlar demir ýol ulagy bilen daşalan mahalynda görkezilen resminamalary bermegiň möhleti on iki sagatdan geçmeli däldir.

4. Ulag serişdeleri harytlaryň eltilmeli ýerinde, içerki gümrük üstaşyry tamamlanýança, gümrük gözegçiligi zolagynda ýerleşdirilýär.

Ulag serişdeleriniň gümrük gözegçiligi zolagynda ýerleşdirilmegine gije-gündiziň islendik wagtynda rugsat berilýär.

5. Harytlar gümrük edarasynyň ýerleşýän ýeri bolmadyk harytlaryň eltilýän ýerine daşalan mahalynda, içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanmagy barylmagy bellenilen gümrük edarasyna harytlar görkezilmezden amala aşyrylyp bilner.

Içerki gümrük üstaşyryna rugsat alan şahs, gümrük edarasy harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammara, gümrük ammaryna ýa-da şu bapda bellenilen düzgünlere laýyklykda harytlaryň eltilmeli ýeri hökmünde kesgitlenilen başga ýere eltilendigini tassyklaýança, harytlary saklamak üçin kabul etmäge borçludyr hem-de harytlaryň ýagdaýyny üýtgedýän, olaryň gaplanmagynyň bozulmagyna getirýän operasiýalaryň amala aşyrylmagyna, olary peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge ýol berilmezligi üpjün etmäge borçludyr. Şonda harytlar aýratyn jaýda ýa-da daşyna germew edilen meýdançada ýerleşdirilmelidir, olary kybaplamaga mümkinçilik berýän maglumatly ýazgylar bilen üpjün edilmelidir.

Içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanylmagy üçin barylmagy bellenilen gümrük edarasyna ulag serişdesiniň harytlar eltilmeli ýerine gelenden soň bir gije-gündiziň dowamynda şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen resminamalar bilen birlikde harytlaryň kabul edilendigini tassyklaýan resminamalar berilýär. Barylmagy bellenilen gümrük edarasy görkezilen resminamalaryň berlen gününden başlap üç günüň dowamynda ulag serişdesiniň gelmegini we harytlaryň eltilmegini bellige almaga borçludyr.

## 10-njy bap. HARYTLARYŇ WAGTLAÝYN SAKLANYLMAGY

**58-nji madda. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagy**

1. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagy – daşary ýurt harytlarynyň gümrük paçlary, salgytlar tölenmezden

we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeler ulanylmazdan olaryň kesgitlenilen gümrük düzgünine laýyklykda goýberilmegine çenli ýa-da olaryň başga gümrük amaly astynda ýerleşdirilmegine çenli saklanylýan gümrük amaly.

2. Şu babyň ulanylmagynyň maksatlary üçin ulag serişdesi diýlip, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça daşalýan ulag serişdesine hem düşünilýär.

**59-njy madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar**

1. Eger şu bapda başgaça bellenilmedik bolsa, harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagy wagtlaýyn saklanylýan ammarlarda amala aşyrylýar.

Harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammarlary bu maksatlar üçin ýörite niýetlenen we enjamlaşdyrylyp gurnalan, şu Kodeksiň 66-njy maddasynda bellenilen talaplara laýyk gelýän jaýlar we (ýa-da) açyk meýdançalardyr.

2. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýar.

3. Harytlar şu Kodeksde göz öňünde tutulan çäklendirmeleri nazara almak bilen islendik wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilip bilner.

**60-njy madda. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammarlara ýerleşdirilmegi**

1. Islendik daşary ýurt harytlary, şol sanda getirilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň bozulmagy bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlar, wagtlaýyn saklanylýan ammarlara ýerleşdirilip bilner.

2. Başga harytlara zyýan ýetirip biljek ýa-da saklamagyň aýratyn şertlerini talap edýän harytlar şeýle harytlary saklamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen hökmany talaplaryň berjaý edilmegi bilen ýörite gurnalan ammarlarda ýa-da wagtlaýyn saklanylýan ammarlaryň aýratyn jaýlarynda saklanylmalydyr.

3. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar şu Kodeksiň 326-njy we 338-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda hem harytlary saklamak üçin ulanylyp bilner.

**61-nji madda. Harytlary wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirmek üçin zerur bolan resminamalar**

1. Harytlar wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilen mahalynda gümrük edarasyna ulag (daşaýyş) resminamalaryna laýyklykda harytlary iberijiniň (alyjynyň) ady we ýerleşýän ýeri, harytlaryň ugradylýan ýurdy we barýan ýurdy, harytlaryň ady, olaryň mukdary, ýük ýerleriniň sany, harytlaryň gaplanyş we belgileniş häsiýeti we usullary, faktura bahasy, harytlaryň brutto agramy (kilogramda) ýa-da harytlaryň göwrümi (kubmetrde) hakynda, şeýle hem Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda azyndan birinji dört belginiň derejesindäki harytlaryň toparlara bölüniş kodlary hakynda maglumatly resminamalar berilýär.

Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy ulagyň görnüşini, harytlaryň görnüşlerini, şeýle hem harytlary we ulag serişdelerini geçirýän şahslaryň toparlaryny nazara almak bilen, şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen maglumatlaryň sanawyny gysgaltmaga haklydyr.

Eger berlen resminamalarda şu bölekde görkezilen maglumatlar bolmasa harytlary wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirýän şahs gümrük edarasyna özünde bar bolan başga resminamalary ýa-da ol tarapyndan (ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça başga şahs tarapyndan) erkin görnüşde düzülen goşmaça resminamalary bermek arkaly ýetmeýän maglumatlary habar bermäge borçludyr.

2. Harytlary wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirýän şahs gümrük edarasynyň talap etmegi boýunça şu Kodekse laýyklykda elektron resminamasy görnüşinde zerur resminamalary we maglumatlary bermäge borçludyr.

**62-nji madda. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylyş möhletleri**

1. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylyş möhleti bir aýdan ybarat.

Gümrük edarasy dahylly şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça görkezilen möhleti uzaldýar.

Eger şu maddada başgaça bellenilmedik bolsa, harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagynyň aňryçäk möhleti, alty aýdan ybarat.

2. Çalt zaýalanýan harytlar wagtlaýyn saklanylýan ammarda bu harytlary niýetlenilişi boýunça ulanmaga mümkinçilik berýän onuň hiliniň saklanylyş möhletiniň çäklerinde, ýöne şu maddanyň birinji böleginde bellenilenden artyk bolmadyk möhletde saklanylyp bilner.

3. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagy şu Kodeksiň 7-nji maddasynyň birinji böleginde we 326-njy maddasynyň sekizinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda bu maddalarda görkezilen möhletlerde amala aşyrylýar. Bu möhletleriň uzaldylmagyna ýol berilmeýär.

4. Harytlaryň wagtlaýyn saklanylyş möhletiniň hasaplanylmagy olaryň wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilen gününden ýa-da harytlaryň şu Kodekse laýyklykda wagtlaýyn saklamakda durýan harytlaryň statusyny alan gününden başlanýar. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýerinden gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerine çenli daşalanda içerki gümrük üstaşyry ulanylan halatynda ol harytlaryň wagtlaýyn saklanylyş möhletini hasaplamak içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanan gününden täzeden başlanýar.

5. Şu maddada göz öňünde tutulan möhletler geçenden soň harytlara ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 39-njy babyna laýyklykda amala aşyrylýar.

### 63-nji madda. Wagtlaýyn saklanyşda duran harytlar bilen geçirilýän operasiýalar

1. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahslar we olaryň wekilleri wagtlaýyn saklamakda duran harytlar bilen harytlaryň üýtgewsiz ýagdaýda abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan adaty operasiýalary (şol sanda harytlary gözden geçirmäge we olary ölçemäge, wagtlaýyn saklanylýan ammaryň çäklerinde olary göçürmäge), bu operasiýalaryň harytlaryň ýagdaýynyň üýtgemegine, olaryň gaplanmagynyň bozulmagyna we olara goýlan kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgemegine getirmeýän şertinde, geçirmäge haklydyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilmedik operasiýalar (şol sanda nusgalyklary we harytlaryň nusgalaryny saýlap almak, zeper ýeten gabyny düzetmek, şeýle hem harytlary wagtlaýyn saklanylýan ammardan alyp gitmäge we olaryň soňky ulagly äkidilmegine taýýarlamak üçin zerur bolan operasiýalar) harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahslar we olaryň wekilleri tarapyndan gümrük edarasynyň rugsady bilen amala aşyrylyp bilner.

Gümrük edarasy şeýle operasiýalary geçirmek üçin rugsat bermekden, diňe olaryň amala aşyrylmagy harytlaryň ýitirilmegine ýa-da olaryň ýagdaýynyň üýtgemegine getirip biljek halatynda, ýüz öwürmäge haklydyr.

### 64-nji madda. Ýaramsyz hala gelen, zaýalanan ýa-da zeper ýeten harytlar

Wagtlaýyn saklanylýan döwründe awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýaramsyz hala gelen, zaýalanan ýa-da zeper ýeten harytlar, deklarant tarapyndan, olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine ýaramsyz, zaýalanan ýa-da zeper ýeten halda getirilendäkisi ýaly kesgitlenilen gümrük düzgünine ýerleşdirilmäge degişlidir.

### 65-nji madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlaryň görnüşleri

1. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar açyk ýa-da ýapyk görnüşli bolup bilerler.

2. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar, eger olar islendik harytlary saklamak üçin we islendik şahslaryň ulanylmagy üçin açyk bolsa, olar açyk görnüşli ammarlar bolup durýar.

3. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar, eger olar ammara eýelik edýäniň harytlaryny saklamak üçin ýa-da kesgitlenilen harytlary, şol sanda dolanyşygy çäklendirilen we (ýa-da) saklamagyň aýratyn şertlerini talap edýän harytlary saklamak üçin niýetlenilen bolsa, ýapyk görnüşli ammarlar bolup durýar.

### 66-njy madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlaryň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna we ýerleşýän

**ýerine bildirilýän talaplar**

1. Wagtlaýyn saklanylýan ammar hökmünde ulanmak üçin niýetlenilen jaýlar we (ýa-da) açyk meýdançalar harytlaryň abatlygy üpjün ediler ýaly, olara keseki (ammaryň işgärleri bolup durmaýan, harytlar babatda ygtyýarlyklary bolmadyk ýa-da şeýle ygtyýarlyklary bolan şahslaryň wekilleri bolup durmaýan) şahslar aralaşyp bilmez ýaly, şeýle hem bu harytlar babatda gümrük gözegçiligini geçirmek üçin mümkinçiligi üpjün eder ýaly enjamlaşdyrylyp gurnalan bolmalydyr. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlar ulag çatryklarynda we esasy ulag ýollaryna amatly ýakynlykda ýerleşmelidir.

2. Wagtlaýyn saklanylýan ammar hökmünde ulanmak üçin niýetlenilen jaýlara we (ýa-da) açyk meýdançalara içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanmagy üçin zerur bolan wagtda harytlary daşaýan ulag serişdeleriniň durmagy üçin enjamlaşdyrylan goralýan çäk ýanaşykda bolmalydyr. Görkezilen çäk gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýar. Gümrük gözegçiligi astyndaky harytlary daşaýan ulag serişdeleri bu zolaga gije-gündiziň islendik wagty girip biler.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy gümrük gözegçiligini üpjün etmek maksady bilen wagtlaýyn saklanylýan ammarlaryň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna we ýerleşýän ýerine bildirilýän hökmany talaplary belleýär.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasynyň çözgüdi boýunça kärhanalaryň çäklerinde ýerleşýän we önümçilik işini amala aşyrýan şahslaryň eýelik edýän ýapyk görnüşli ammarlaryň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna bildirilýän, şu maddada göz öňünde tutulýan aýratyn talaplar, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen ölçegler berjaý edilýän bolsa, ulanylman bilner.

**67-nji madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänler**

1. Wagtlaýyn saklanylýan ammaryň işini amala aşyrmaga ygtyýarnama alan Türkmenistanyň ýuridik şahsy wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edip biler.

Wagtlaýyn saklanylýan ammaryň işini amala aşyrmaga ygtyýarnama Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan berilýär.

2. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän şu Kodeksde bellenilen halatlarda we şertlerde gümrük gözegçiligi astyndaky harytlaryň saklanylmagyny amala aşyrýar.

3. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýäniň harytlaryny saklamaga ýerleşdirýän şahslar bilen gatnaşyklary şertnamalaýyn esasda guralýar. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýäniň (ammara eýelik edýäniň harytlaryny saklamak üçin ulanylýan ýapyk görnüşli ammardan başgasy) harytlary saklamagy amala aşyrmaga mümkinçiligi bolan mahalynda şertnama baglaşmakdan ýüz öwürmegine ýol berilmeýär.

4. Gümrük edaralary wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edip biler.

**68-nji madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýäniň borçlary**

1. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän şulara borçludyr:

1) gümrük gözegçiligi astyndaky harytlaryň saklanylmagy babatda şu Kodeksde bellenilen şertleri we talaplary berjaý etmäge;

2) gümrük gözegçiligi astynda saklanylýan harytlaryň hasabyny ýöretmäge we gümrük edaralaryna şeýle harytlaryň saklanylyşy hakynda hasabat bermäge;

3) wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilen harytlaryň we oňa ýanaşyk ýerleşýän gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýan çäkde duran ulag serişdeleriniň abat saklanylmagyny üpjün etmäge;

4) harytlary we ulag serişdelerini wagtlaýyn saklanylýan ammarda ýa-da oňa ýanaşyk ýerleşýän gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýan çäkde gije-gündiziň dowamynda ýerleşdirmek mümkinçiligini üpjün etmäge;

5) görkezilen ammardaky ýa-da oňa ýanaşýan çäkdäki harytlara we ulag serişdelerine gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan keseki şahslaryň aralaşyp bilmezligini üpjün etmäge;

6) eger wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän tarapyndan içerki gümrük üstaşyryna rugsat alnan bolsa, şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatda, şeýle hem şu Kodeksiň 55-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatda, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge.

2. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän, wagtlaýyn saklanylýan ammarda saklanylýan harytlar ýitirilen we (ýa-da) gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan berlen halatynda olar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän diňe harytlar awariýanyň, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok bolan ýa-da ýiten ýa-da saklamagyň kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy azalýan halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**69-njy madda. Wagtlaýyn saklanylýan ammaryň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamanyň ýatyrylan halatynda harytlar bilen hereketler**

Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýäniň wagtlaýyn saklanylýan ammaryň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy ýatyrylan halatynda, onuň wagtlaýyn saklanylýan ammarynda saklanylýan harytlar, ygtyýarnamanyň ýatyrylan gününiň yzyndan gelýän günden başlap iki aýyň dowamynda, onuň öz hasabyna başga wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilmäge degişlidir. Wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýäniň wagtlaýyn saklanylýan ammaryň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy ýatyrylan gününiň yzyndan gelýän günden başlap, harytlaryň bu wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

**70-nji madda. Gümrük edaralarynyň wagtlaýyn saklanylýan ammarlarynda harytlaryň saklanylmagy**

1. Gümrük edaralarynyň wagtlaýyn saklanylýan ammarlary açyk görnüşli ammarlar bolup durýar we şu Kodeksiň 66-njy maddasynda bellenilen talaplara laýyk gelmelidir.

2. Harytlar gümrük edaralarynyň wagtlaýyn saklanylýan ammarlarynda saklanylan mahalynda gümrük edaralary bilen harytlaryny şol ammarlarda ýerleşdirýän şahslar bilen özara gatnaşyklary şu Kodekse we Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar. Harytlaryň saklanylmagyny amala aşyrmaga mümkinçilik bolan mahalynda gümrük edarasynyň şertnama baglaşmakdan ýüz öwürmegine ýol berilmeýär.

Gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň saklamaga kabul edilmegi harytlaryny wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdiren şahsa gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän görnüşde resminamanyň berilmegi bilen tassyklanylýar.

3. Gümrük edaralarynyň harytlary saklamagy amala aşyrmagy bilen baglanyşykly hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi şu Kodeksde bellenilen düzgünleri nazara almak bilen, Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan saklamak hakyndaky umumy düzgünlere laýyk borçlarynyň düýp manysyndan gelip çykýar.

Gümrük edarasy wagtlaýyn saklanylýan ammarda saklanylýan harytlar ýitirilen halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine jogapkärçilik çekýär, harytlaryň awariýa, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen, ýitirilen ýa-da saklamagyň kadaly şertlerinde tebigy azalýan halaty muňa degişli däldir.

4. Harytlaryň gümrük edarasynyň wagtlaýyn saklanylýan ammarynda saklanylmagy üçin, şu Kodeksiň 32-nji babyna laýyklykda, gümrük ýygymy töledilip alynýar.

**71-nji madda. Harytlaryň ulag serişdesinde wagtlaýyn saklanylmagy**

1. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahs ýüz tutan mahalynda, ygtyýarlygynda demir ýol sowma şahasy bolan şahsyň ýa-da harytlary awtomobil ulagy bilen eltmegi amala aşyran daşaýjynyň razylygy bilen, harytlar goýlan gümrük plombalary we başga kybaplaýyş serişdeleri zeper ýetirilmän we ýitirilmän eltilen, şeýle hem kybaplaýyş serişdeleri bar bolan mahalynda harytlaryň ýanyna aralaşmak mümkinçiligi bolmadyk şertinde, gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň ulag serişdesinde wagtlaýyn saklanylmagyna rugsat berilýär.

2. Harytlar ulag serişdesinden düşürilmedik we ulag serişdesiniň durýan ýeri gümrük edarasy bilen ylalaşylan halatynda harytlaryň ulag serişdesinde wagtlaýyn saklanylmagyna rugsat berilýär. Harytlaryň ulag serişdesinden düşürilmegine ýa-da ulag serişdesiniň durýan ýeriniň üýtgedilmegine diňe gümrük edarasynyň rugsady bilen ýol berilýär.

Ulag serişdeleriniň durýan ýerleri gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýar. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahs harytlaryň abat saklanylmagyny we olaryň ýanyna keseki şahslaryň aralaşmazlygyny üpjün etmäge borçludyr.

3. Gümrük gözegçiligi zolagynda ulag serişdelerinde saklanylýan harytlar ýitirilende ýa-da olar gümrük edaralarynyň rugsady bolmazdan berlen halatynda harytlar babatda ygtyýarlygy bolan şahs gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär, eger ulag serişdesi wagtlaýyn saklanylýan ammaryň goralýan çäginde duran bolsa, onda bu jogapkärçiligi wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän çekýär.

4. Harytlaryň ulag serişdesinde wagtlaýyn saklanylyş möhleti gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň ulag serişdesinde saklanylmagyna rugsat beren gününden başlap on günden geçmeli däldir. Bu möhlet geçenden soň kesgitlenilen gümrük düzgünine laýyklykda goýberilmedik ýa-da başga gümrük amalyna ýerleşdirilmedik harytlar wagtlaýyn saklanylýan ammara ýa-da başga gümrük amalyna ýerleşdirilmelidir.

### 72-nji madda. Harytlary alyjynyň ammarynda wagtlaýyn saklamak

1. Gümrük edarasynyň rugsady bilen wagtlaýyn saklamak harytlary alyjynyň ammarynda:

1) aýratyn şahslar üçin ýörite ýönekeý amallar ulanylanda;

2) eger harytlaryň alynýan ýerine amatly ýakynlykda şeýle harytlary saklamak üçin ýaramly gurnalan wagtlaýyn saklanylýan ammar bolman, harytlaryň saklamagyň aýratyn şertlerini talap edýän wagtlaýyn saklanylmagy zerur bolanda;

3) eger döwlet edaralary ýa-da döwlet kärhanalary (guramalary, edaralary) harytlaryň alyjysy bolsa;

4) harytlar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri esasynda baglaşylýan gurluşyk we maýa goýum şertnamalarynyň hasabyna gowşanda, amala aşyrylyp bilner.

2. Harytlary alyjynyň ammarynda wagtlaýyn saklamaga rugsat berlende gümrük edarasy gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegini talap etmäge haklydyr.

3. Harytlary alyjy öz ammarynda harytlary saklan mahalynda şu babyň ähli başga talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Harytlary alyjynyň ammarynda başga şahslara degişli bolan daşary ýurt harytlarynyň saklanylmagyna ýol berilmeýär.

### 73-nji madda. Harytlaryň gümrük edaralary tarapyndan wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilmegi

Şu Kodeksiň 7-nji maddasynyň birinji böleginde, 326-njy we 338-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda harytlar gümrük edaralary tarapyndan wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilip bilner. Görkezilen halatlarda saklanylýan ammara eýelik edýäniň saklamak üçin çykdajylary we çekilen zyýanyň öweziniň dolunmagy bu maddalarda kesgitlenilen şahslaryň hasabyna amala aşyrylýar.

## 11-nji bap. HARYTLARYŇ DEKLARIRLENILMEGI

### 74-nji madda. Deklarirlenilmäge degişli harytlar

Harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende, gümrük düzgüni üýtgedilende, şeýle hem şu Kodeksde bellenilen başga halatlarda gümrük edaralarynda deklarirlenilmäge degişlidir.

### 75-nji madda. Harytlaryň deklarirlenilmegi

1. Harytlaryň deklarirlenilmegi harytlar hakynda ýazmaça, dilden, konklýudent ýa-da elektron görnüşde ygtybarly maglumatlary, olaryň gümrük düzgüni hakynda we gümrük maksatlary üçin zerur bolan başga maglumatlary, gümrük deklarasiýasynda ýa-da şu Kodeksde göz öňünde tutulan başga usul bilen, gümrük edarasyna mälim etmek arkaly amala aşyrylýar.

Harytlaryň deklarirlenilmegi deklarant ýa-da gümrük dellaly tarapyndan saýlanyp alnan gümrük düzgünine laýyklykda deklarant ýa-da gümrük dellaly tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Deklarirlemegiň tertibi şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna

laýyklykda gümrük işi babatda ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Gümrük deklarasiýasy ony düzen şahs tarapyndan tassyklanylýar we oňa şol şahsyň işgäri tarapyndan gol çekilýär. Deklarasiýanyň tassyklanylmagy, eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük deklarasiýasyny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhür goýmak arkaly amala aşyrylýar.

4. Gümrük deklarasiýasynda görkezilmäge degişli maglumatlaryň sanawy diňe gümrük tölegleri, salgytlary hasaplamak we töletdirip almak, gümrük statistikasyny düzmek we Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyny ulanmak üçin zerur bolan maglumatlar bilen çäklendirilýär.

5. Gümrük deklarasiýasynda görkezilmäge degişli maglumatlaryň sanawy we olaryň berilýän görnüşleri resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

**76-njy madda. Gümrük deklarasiýasynyň berilýän ýeri**

1. Gümrük deklarasiýasy, eger şu Kodeksde başgaça bellenilmedik bolsa, harytlary gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrýan gümrük edarasyna berilýär.

2. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegine gözegçiligiň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen, harytlaryň aýratyn görnüşleriniň deklarirlenilmegi üçin belli bir gümrük edaralaryny bellemäge haklydyr.

**77-nji madda. Deklarant**

1. Şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslaryň, şeýle hem şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan şertler berjaý edilen mahalynda, Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlara ygtyýarlyk etmäge hukugy bolan islendik başga şahslaryň deklarant hökmünde çykyş etmäge hukugy bardyr.

2. Diňe Türkmenistanyň şahsy deklarant bolup biler, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmeginiň şu halatlary muňa degişli däldir:

1) telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk şahsy, maşgala, öý we başga hajatlary üçin daşary ýurtly fiziki şahslar tarapyndan;

2) şu Kodeksiň 23-nji babyna laýyklykda gümrük ýeňilliklerinden peýdalanýan daşary ýurtly şahslar tarapyndan;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da umumy ykrar edilen halkara kadalarynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň çäginde bellige alnan (akkreditirlenen) wekilhanalary bolan daşary ýurtly şahslar tarapyndan wagtlaýyn getirmek, reeksport, gümrük üstaşyry, şeýle hem şol wekilhanalaryň öz hajatlary üçin getirilýän harytlary erkin dolanyşyga goýbermek gümrük düzgüni mälim edilen mahalynda;

4) gümrük üstaşyry gümrük düzgüni mälim edilen mahalynda daşary ýurtly daşaýjylar tarapyndan;

5) taraplaryň biri bolup Türkmenistanyň şahsy çykyş edýän, daşary ykdysady geleşigiň çäklerine girmeýän Türkmenistanyň gümrük çägindäki harytlara ygtyýarlyk etmäge daşary ýurtly şahsyň hukugy bolan başga halatlary.

**78-nji madda. Deklarantyň hukuklary we borçlary**

1. Harytlar deklarirlenende we harytlaryň goýberilmegi üçin zerur bolan başga gümrük operasiýalary amala aşyrylanda, deklarant şulara haklydyr:

1) özi tarapyndan deklarirlenilmäge degişli harytlary gözden geçirmäge we ölçemäge, şol sanda gümrük deklarasiýasy berilmezden öň;

2) gümrük edarasynyň rugsady bilen, özi tarapyndan deklarirlenilmäge degişli, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň nusgalyklaryny we nusgalaryny almaga. Harytlaryň nusgalyklary we nusgalary üçin aýratyn gümrük deklarasiýasy, şeýle nusgalyklar we nusgalar harytlar üçin gümrük deklarasiýasynda görkezilen şertinde berilmeýär;

3) özi tarapyndan deklarirlenilýän harytlaryň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan gümrük gözden geçirmesi we gümrük barlagy geçirilen, harytlaryň nusgalyklary we nusgalary alnan mahalynda şol ýerde bolmaga;

4) özi tarapyndan deklarirlenilýän harytlaryň nusgalyklarynyň we nusgalarynyň barlagynyň gümrük edaralarynda bar bolan netijeleri bilen tanyşmaga;

5) harytlaryň deklarirlenilmegi üçin zerur bolan, şol sanda şu Kodekse laýyklykda elektron resminamalar görnüşinde resminamalary we maglumatlary bermäge;

6) şu Kodeksde göz öňünde tutulan başga ygtyýarlyklardan we hukuklardan peýdalanmaga.

2. Harytlar deklarirlenilende we başga gümrük operasiýalary amala aşyrylanda deklarant şulara borçludyr:

1) gümrük edarasyna gümrük deklarasiýasyny we zerur bolan resminamalary we maglumatlary bermäge;

2) gümrük edarasynyň talaby boýunça deklarirlenilýän harytlary görkezmäge;

3) şu Kodeksiň III bölümine laýyklykda gümrük tölegleri tölemäge ýa-da gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmäge;

4) eger barlanylýan mahalynda aýratyn talaplar berjaý edilmeli bolsa, deklarirlenilýän harytlaryň barlagynyň şertleri hakynda gümrük edaralaryna habar bermäge;

5) gümrük edaralarynyň şu Kodeksde göz öňünde tutulan başga talaplaryny ýerine ýetirmäge.

**79-njy madda. Gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletleri**

1. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar üçin gümrük deklarasiýasy olaryň gelýän ýerindäki gümrük edarasyna harytlaryň berlen gününden başlap ýa-da, eger harytlaryň deklarirlenilmegi olaryň gelýän ýerinden başga ýerde geçirilýän bolsa, içerki gümrük üstaşyrynyň tamamlanan gününden başlap otuz günden gijä galman berilýär, şu Kodeksiň 228-nji, 234-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen möhlet deklaranta zerur resminamalary we maglumatlary toplamak üçin ýeterlik bolmasa, gümrük edarasy ol deklarantyň ýazmaça görnüşdäki delillendirilen ýüz tutmasy boýunça gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletini uzaldýar. Gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletiniň uzaldylmagy harytlaryň wagtlaýyn saklanylyş möhletiniň bozulmagyna getirmeli däldir.

3. Eger gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletiniň tamamlanmagy gümrük edarasynyň işlemeýän gününe gabat gelse, gümrük edarasynyň onuň soňundan gelýän iş güni bu möhletiň tamamlanýan güni hasap edilýär.

4. Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary alnyp gidilýän harytlar üçin gümrük deklarasiýasy, olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alnyp gidilmezinden öň berilýär, turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlaryň alnyp gidilmegi muňa degişli däldir.

**80-nji madda. Harytlaryň deslapdan deklarirlenilmegi**

1. Daşary ýurt harytlary üçin gümrük deklarasiýasy olar Türkmenistanyň gümrük çägine gelmezinden öň ýa-da içerki gümrük üstaşyry tamamlanmazdan öň berlip bilner.

2. Eger gümrük maksatlary üçin harytlaryň ýany bilen ugradylýan ulag (daşaýyş) ýa-da täjirçilik resminamalary ulanylmaly bolsa, harytlar deslapdan deklarirlenilen mahalynda gümrük edarasy ol resminamalaryň deklarant tarapyndan tassyklanan göçürme nusgalaryny kabul edýär we zerur bolan mahalynda harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine gelenden soň resminamalaryň görkezilen göçürme nusgalaryndaky maglumatlary resminamalaryň asyl nusgalaryndaky maglumatlar bilen deňeşdirýär.

3. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine gelmezinden öň gümrük deklarasiýasynyň barlagy tamamlanandan we tölenilmäge degişli gümrük paçlary, salgytlar tölenilenden soň, şeýle gümrük deklarasiýasy harytlar babatda gümrük amallaryny ulanmak üçin zerur bolan ýeke-täk resminama hökmünde ulanylyp bilner.

4. Eger harytlar şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda gümrük deklarasiýasyny kabul eden gümrük edarasyna, onuň kabul edilen gününden başlap on bäş günüň dowamynda görkezilmedik bolsa, gümrük deklarasiýasy berilmedik hasap edilýär.

**81-nji madda. Harytlar deklarirlenilende resminamalaryň görkezilmegi**

1. Gümrük deklarasiýasynyň berilmegi, gümrük edarasyna gümrük deklarasiýasynda mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalaryň şol bir wagtda berilmegi bilen üpjün edilmelidir.

2. Harytlar deklarirlenilende şu esasy resminamalar berilýär:

1) daşary ykdysady geleşik amala aşyrylan mahalynda baglaşylan şertnama ýa-da şeýle geleşigiň mazmunyny beýan edýän başga resminama;

2) täjirçilik resminamalary;

3) ulag (daşaýyş) resminamalary;

4) rugsatnamalar, ygtyýarnamalar, güwänamalar we (ýa-da) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyklaýan başga resminamalar;

5) gümrük tölegleri we salgytlary tölemek boýunça ýeňillikleriň berilmegini tassyklaýan resminamalar;

6) şu Kodeksiň 16-njy maddasyna laýyklykda harytlaryň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalar;

7) töleg we hasaplaşyk resminamalary;

8) mälim edilen gümrük bahasyny we özüniň saýlap alan gümrük bahasyny kesgitlemegiň usulyny esaslandyrýan resminamalar;

9) deklarant we şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslar hakyndaky maglumatlary tassyklaýan resminamalar.

3. Gümrük edarasy gümrük deklarasiýasynda, berlen resminamalarda bar bolan maglumatlary barlamak we gümrük taýdan resmileşdirmek bilen baglanyşykly başga maksatlar üçin goşmaça maglumatlary sorap almaga haklydyr.

4. Eger aýratyn resminamalar gümrük deklarasiýasy bilen bir wagtda berlip bilinmese, deklarantyň delillendirilen ýazmaça görnüşde ýüz tutmasy boýunça, gümrük edaralary şeýle resminamalaryň berilmegine olary almak üçin zerur bolan möhletde, ýöne gümrük deklarasiýasy kabul edilenden soň kyrk bäş günden gijä galman, eger şu Kodeksde aýratyn resminamalary we maglumatlary bermek üçin başga möhlet göz öňünde tutulmadyk bolsa, ýazmaça görnüşde rugsat berýärler. Deklarant bellenilen möhletde resminamalaryň beriljekdigi barada ýazmaça görnüşde borçnama berýär.

5. Gümrük edarasyna başga harytlar gümrük taýdan resmileşdirilende ulanylyp bilinjek resminamalar berlen halatynda, deklarantyň ýüz tutmasy boýunça, gümrük edarasy tarapyndan gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen görnüşde şeýle resminamalaryň kabul edilendiginiň ýazmaça tassyklamasy berilýär. Tassyklama, berlen resminamalara üýtgetmeler girizilýänçä ýa-da olaryň hereket ediş möhleti tamamlanýança, hakyky hasaplanýar.

6. Elektron resminamalar gümrük edarasyna Türkmenistanyň gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda berilýär.

**82-nji madda. Gümrük deklarasiýasynyň kabul edilmegi**

1. Berlen gümrük deklarasiýasy, gümrük edaralary tarapyndan onuň alnan gününde kabul edilýär, şu maddanyň dördünji bölegine laýyklykda ony almakdan ýüz öwrülýän halatlar muňa degişli däldir. Gümrük deklarasiýasynyň kabul edilmegi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde resmileşdirilýär.

2. Gümrük deklarasiýasy kabul edilen pursatyndan başlap, ýuridik ähmiýeti bolan faktlar hakynda şaýatlyk edýän mälim etmä öwrülýär.

3. Eger gümrük deklarasiýasy gümrük edarasy tarapyndan kabul edilmese, onda şeýle deklarasiýa, gümrük maksatlary üçin, berilmedik hasap edilýär.

4. Gümrük edarasynyň gümrük deklarasiýasyny kabul etmekden ýüz öwürmäge haky ýokdur, şu halatlar muňa degişli däldir:

1) gümrük deklarasiýasy gümrük deklarasiýasyny kabul etmäge hukugy bolmadyk gümrük edarasyna berlende;

2) gümrük deklarasiýasy degişli däl şahs tarapyndan berlende;

3) gümrük deklarasiýasynda zerur maglumatlar görkezilmedik bolsa;

4) gümrük deklarasiýasyna gol çekilmedik ýa-da bolmalysy ýaly tassyklanylmadyk ýa-da bellenilen görnüşde düzülmedik bolsa;

5) gümrük deklarasiýasy berlende gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalar berilmedik mahalynda, şu Kodeksiň 81-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda gümrük deklarasiýasy kabul edilenden soň berlip bilinjek resminamalar muňa degişli däldir;

6) deklarirlenilýän harytlar babatda şu Kodekse laýyklykda gümrük deklarasiýasy berilmezden öň ýa-da onuň berilmegi bilen bir wagtda amala aşyrylmaly hereketler amala aşyrylmadyk mahalynda. Gümrük

deklarasiýasy berlen pursatynda gümrük tölegleriniň tölenilmezliginiň fakty gümrük deklarasiýasyny kabul etmekden ýüz öwürmek üçin esas bolup bilmez.

5. Gümrük deklarasiýasyny kabul etmekden ýüz öwürmegiň sebäpleri hakynda gümrük edarasy, deklarasiýanyň berlen gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman, deklarasiýa beren şahsa habar berýär. Gümrük deklarasiýasyny beren şahsyň ýüz tutmasy boýunça, şeýle habar ýazmaça görnüşde berilýär.

**83-nji madda. Gümrük deklarasiýasynda mälim edilen maglumatlara üýtgetmeleri, goşmaçalary girizmek**

1. Deklarantyň delillendirilen ýazmaça görnüşdäki ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasynyň rugsady bilen kabul edilen gümrük deklarasiýasynda mälim edilen maglumatlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilip bilner.

2. Kabul edilen gümrük deklarasiýasynda mälim edilen maglumatlara üýtgetmeleriň, goşmaçalaryň girizilmegine şu şertlerde ýol berilýär, eger:

1) deklarantyň bu baradaky ýüz tutmasyny alan pursatyna çenli gümrük edarasy gümrük deklarasiýasynda görkezilen maglumatlaryň nädogrulygyny anyklamadyk bolsa, harytlaryň goýberilmegi hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine täsir etmeýän nätakyklygyň ýüze çykarylan halaty muňa degişli däldir;

2) deklarantyň bu barada ýüz tutmasyny alan pursatyna çenli gümrük edarasy harytlaryň barlagyna başlamadyk bolsa;

3) girizilýän üýtgetmeler, goşmaçalar harytlaryň goýberilmegi hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine täsir etmeýän we gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň kesgitlenilmegine täsir edýän maglumatlaryň üýtgedilmegine we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagyna getirmeýän bolsa.

3. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlarynyň öz başlangyjy ýa-da dahylly şahslaryň tabşyrygy ýa-da haýyşy boýunça gümrük deklarasiýasyny doldurmaga, gümrük deklarasiýasynda mälim edilýän maglumatlara üýtgetme ýa-da goşmaça girizmäge haky ýokdur, oňa gümrük edaralarynyň ygtyýarlygyna degişli maglumatlaryň girizilmegi, şeýle hem, maşynly işlenilmegi üçin ulanylýan kodlaşdyrylan maglumatlara, eger şeýle maglumatlar gümrük deklarasiýasynda kodlaşdyrylmadyk görnüşde bar bolsa, üýtgetmeleriň ýa-da goşmaçalaryň girizilmegi muňa degişli däldir.

**84-nji madda. Gümrük deklarasiýasynyň yzyna gaýtarylyp alynmagy**

1. Deklarant tarapyndan, onuň ýazmaça görnüşdäki ýüz tutmasy boýunça daşary ýurt harytlary üçin kabul edilen gümrük deklarasiýasy, şeýle harytlar goýberilmezden öň başga gümrük düzgünini mälim etmek üçin yzyna gaýtarylyp alnyp bilner.

Eger gümrük edarasy deklarantyň ýüz tutmasyny almazdan öň gümrük deklarasiýasynda görkezilen maglumatlaryň nädogrulygyny bellemedik bolsa, gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşdäki rugsady bilen gümrük deklarasiýasynyň yzyna gaýtarylyp alynmagyna ýol berilýär, harytlaryň goýberilmegi hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine täsir etmeýän nätakyklyklaryň ýüze çykarylan halaty muňa degişli däldir.

Gümrük deklarasiýasynyň yzyna gaýtarylyp alynmagy üçin rugsat berlen mahalynda gümrük edarasy täze gümrük deklarasiýasynyň berilýän möhletini belleýär, ol yzyna gaýtarylyp alynmaga rugsat berlen günden başlap on günden uzaga çekmeli däldir. Gümrük deklarasiýasynyň yzyna gaýtarylyp alynmagy gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhletini uzaltmaýar.

2. Deklarant tarapyndan, onuň ýazmaça görnüşdäki ýüz tutmasy boýunça Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän türkmen harytlary üçin kabul edilen gümrük deklarasiýasy, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gitmezinden öň, şeýle yzyna gaýtarylyp alynmagyň maksatlaryna garamazdan, yzyna gaýtarylyp alnyp bilner.

Eger gümrük edarasy deklarantyň ýüz tutmasyny almazdan öň gümrük deklarasiýasynda görkezilen maglumatlaryň nädogrulygyny bellemedik bolsa, gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşdäki rugsady bilen gümrük deklarasiýasynyň yzyna gaýtarylyp alynmagyna ýol berilýär, harytlary mälim edilen gümrük düzgünine ýerleşdirmek hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine täsir etmeýän nätakyklyklaryň ýüze çykarylan halaty muňa degişli däldir.

Bu harytlar üçin täze gümrük deklarasiýasynyň berilmegi üçin möhlet bellenilmeýär.

**85-nji madda. Doly däl gümrük deklarasiýasy**

1. Eger deklarantda oňa bagly bolmadyk sebäplere görä gümrük deklarasiýasyny doldurmak üçin zerur bolan hemme maglumat ýok bolsa, harytlary goýbermek, gümrük tölegleri hasaplamak we tölemek üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyk edýän, şeýle hem harytlaryň olaryň mukdar we hil häsiýetnamalarynyň jemi boýunça kybaplygyny anyklamaga mümkinçilik berýän zerur bolan maglumatlar mälim edilen şertinde, gümrük edarasyna doly däl gümrük deklarasiýasynyň berilmegine rugsat berilýär.

Doly däl gümrük deklarasiýasy berlen mahalynda deklarant ýetmeýän maglumatlary gümrük edarasy tarapyndan bellenilen, daşary ýurt harytlary üçin gümrük edarasy tarapyndan doly däl gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününden başlap kyrk bäş günden uzaga çekmeýän möhletde berjekdigi hakynda ýazmaça görnüşde borçnama kabul edýär.

Deklarantyň türkmen harytlary üçin ýetmeýän maglumatlary bermäge borçly bolan möhleti gümrük edarasy tarapyndan doly däl gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününden başlap üç aýdan uzaga çekmeli däldir.

2. Eger gümrük edarasy doly däl gümrük deklarasiýasyny kabul edýän bolsa, eger başda doly hem-de bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasy berlen halatynda ulanylýan, gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibini hem goşmak bilen, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň edil şonuň ýaly talaplary we şertleri ulanylýar.

**86-njy madda. Döwürleýin gümrük deklarasiýasy**

1. Harytlar şol bir şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük serhedinden yzygiderli geçirilýän mahalynda gümrük edarasy wagtyň kesgitlenilen döwrüniň dowamynda gümrük serhedinden geçýän ähli harytlar üçin bir gümrük deklarasiýasynyň berilmegine rugsat berip biler.

2. Döwürleýin gümrük deklarasiýasynyň ulanylmagy harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagynyň aňryçäk möhletiniň bozulmagyna ýa-da gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhletiniň bozulmagyna getirmeli däldir.

3. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän türkmen harytlaryna döwürleýin gümrük deklarasiýasy ulanylan mahalynda, şu Kodeksiň 88-nji maddasynyň üçünji we ýedinji böleklerinde göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar.

4. Şol bir harytlar şol bir şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük serhedinden yzygiderli geçirilen mahalynda, gümrük edarasy, şeýle harytlar bir ýylyň dowamynda ençeme gezek geçirilen mahalynda, bir döwürleýin gümrük deklarasiýasyny ulanmaga rugsat berip biler.

**87-nji madda. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilende türkmen harytlaryny deklarirlemegiň aýratynlyklary**

1. Türkmen harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda deklarantyň islegi boýunça şu Kodeksiň 85, 86-njy we 88-nji maddalaryna laýyklykda deklarirlemegiň ýönekeýleşdirilen tertibi ulanylýar.

2. Eger gümrük gözegçiliginiň amala aşyrylmagyna päsgel bermeýän bolsa we gümrük tölegleriniň tölenilişiniň dolulygy we öz wagtyndalygy, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmegi, şeýle hem gümrük düzgünleriniň berjaý edilmegi babatda deklaranty şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen talaplary we şertleri berjaý etmekden boşatmaýan bolsa, türkmen harytlaryny deklarirlemegiň ýönekeýleşdirilen tertibi ulanylýar.

Gümrük edarasy türkmen harytlarynyň deklarirlenilmeginiň ýönekeýleşdirilen tertibini ulanmakdan ýüz öwren mahalynda şeýle tertibi ulanmak üçin ýerine ýetirilmegi zerur bolan şertleri görkezmek bilen gümrük edarasy bu barada, şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda deklaranta habar berýär.

3. Turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlar şu Kodeksiň 24-nji babynda bellenilen tertipde deklarirlenilýär.

**88-nji madda. Türkmen harytlarynyň döwürleýin wagtlaýyn deklarirlenilmegi**

1. Daşary söwdanyň adaty alnyp barylmagyna laýyklykda özleri babatda gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan takyk maglumatlar berlip bilinmejek türkmen harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegi arkaly olaryň döwürleýin wagtlaýyn deklarirlenilmegine ýol berilýär.

2. Türkmen harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden gidenden soň deklarant wagtyň kesgitlenilen döwründe alnyp gidilen ähli türkmen harytlary üçin doly we bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasyny bermäge borçludyr. Doly we bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasynyň berilmegi gümrük edarasy tarapyndan deklarantyň arzasy boýunça bellenilýän möhletde amala aşyrylýar. Şeýle möhlet bellenilen mahalynda deklaranta doly we bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasyny bermäge ýeterlik maglumatlary almak üçin zerur bolan möhlet nazarda tutulýar. Doly we bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasyny bermegiň aňryçäk möhleti deklarirlenilýän harytlaryň alnyp gidilmegi üçin wagtyň döwrüniň tamamlanan gününiň yzyndan gelýän günden başlap üç aýdan ybarat.

3. Wagtlaýyn gümrük deklarasiýasyny ulanmak bilen deklarirlenilýän türkmen harytlarynyň alnyp gidilmegi göz öňünde tutulýan wagtyň döwri deklarant tarapyndan kesgitlenilýär. Alnyp gidiliş gümrük paçlary töletdirilýän ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylýan türkmen harytlary babatda bu döwür bir aýdan köp bolup bilmez, wagtlaýyn gümrük deklarasiýasy bolsa gümrük edarasy tarapyndan bu döwür başlanmazyndan öň on bäş günden ir bolmadyk wagtda kabul edilýär.

4. Wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynda türkmen harytlarynyň takmyn sanyny wagtyň kesgitlenilen döwrüniň dowamynda alyp gitmek maksadyndan, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi meýilleşdirilýän türkmen harytlarynyň mukdaryna görä kesgitlenilýän şertli gümrük bahasyndan (baha kesilmeginden) ugur alnyp, şeýle hem türkmen harytlarynyň daşary ykdysady geleşikleriň şertlerinde göz öňünde tutulýan sarp edijilik häsiýetlerinden hem-de olaryň bahasyny kesgitlemegiň wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň berlen günündäki tertibinden ugur alnyp maglumatlary mälim etmäge ýol berilýär.

Türkmen harytlarynyň wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynda mälim edilenden artyk mukdarda Türkmenistanyň gümrük çäginden gitmegine ýol berilmeýär, şu Kodeksiň 102-nji maddasynda bellenilen halatlar muňa degişli däldir.

5. Wagtlaýyn gümrük deklarasiýasy ulanylan mahalynda gümrük edarasy tarapyndan ol deklarasiýanyň kabul edilen günündäki Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylýar. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň gümrük edarasy tarapyndan wagtlaýyn gümrük deklarasiýasy kabul edilen günündäki möçberleri ulanylýar.

6. Alnyp gidiliş gümrük paçlary gümrük edarasyna wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegi bilen bir wagtda tölenilýär. Eger tölenilmäge degişli alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň möçberi şu maddanyň dördünji böleginde görkezilen maglumatlaryň takyklanmagy netijesinde köpelýän bolsa, alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň möçberiniň goşmaça tölegi doly we bolmalysy ýaly doldurylan gümrük deklarasiýasynyň berilmegi bilen bir wagtda amala aşyrylýar. Görkezilen halatda puşmana tölegleri hasaplanyp ýazylmaýar. Alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň artyk tölenilen ýa-da artyk tutulyp alnan pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi şu Kodeksiň 295-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

7. Eger wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününden başlap dört aýyň dowamynda türkmen harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmese, şeýle harytlaryň alnyp gidilmegi üçin mälim edilen gümrük deklarasiýasy berilmedik hasaplanylýar.

Gümrük edarasy dahylly şahsyň delillendiren ýüz tutmasy boýunça bu möhleti ýene-de dört aýdan artyk bolmadyk möhlete uzaldýar.

## 12-nji bap. HARYTLARYŇ GOÝBERILMEGI

**89-njy madda. Harytlaryň goýberilmegi üçin esaslar**

1. Gümrük edaralary tarapyndan harytlaryň goýberilmegi şu şertler bolan mahalynda amala aşyrylýar, eger:

1) harytlar gümrük taýdan resmileşdirilen we gümrük edaralary tarapyndan barlanan mahalynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň bozulmalary ýüze çykarylmadyk bolsa, şu Kodeksiň 93-nji maddasynda göz öňünde tutulan halat muňa degişli däldir;

2) gümrük edarasyna ygtyýarnamalar, güwänamalar, rugsatnamalar hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda harytlaryň goýberilmegi üçin zerur bolan başga resminamalar berlen bolsa, görkezilen resminamalaryň harytlar goýberilenden soň berlip bilinjek halatlary muňa degişli däldir;

3) deklarant tarapyndan şu Kodekse laýyklykda harytlaryň saýlanyp alnan gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi ýa-da degişli gümrük amalynyň ulanylmagy üçin zerur bolan talaplar we şertler berjaý edilen bolsa;

4) harytlar babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilen bolsa ýa-da şu Kodeksiň 29-njy babyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilen bolsa;

2. Türkmenistanyň gümrük çägine erkin dolanyşyk üçin getirilen harytlaryň goýberilmegine gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri gümrük edaralarynyň hasaplaryna gowşan şertinde ýol berilýär. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň gümrük edaralarynyň hasaplaryna gowuşmadyk halatynda harytlar şertli goýberilen hasap edilýär.

3. Harytlaryň goýberilmegi şu Kodeksiň 344-nji maddasyna laýyklykda togtadylyp bilner.

4. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän türkmen harytlarynyň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi üçin rugsat gümrük edarasy tarapyndan harytlar goýberilendäkisi ýaly berilýär.

**90-njy madda. Şertli goýbermek**

1. Şu halatlarda harytlar şertli goýberilmäge degişlidir, eger:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi boýunça ýeňillikler harytlary peýdalanmak we olara ygtyýarlyk etmek boýunça çäklendirme bilen baglanyşdyrylan bolsa;

2) harytlar gümrük ammary, paçsyz söwda, gümrük çäginde gaýtadan işlemek, erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemek, wagtlaýyn getirmek, reeksport, gümrük üstaşyry, ýok etmek gümrük düzgünlerine, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlara ulanylýan ýörite gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen bolsa;

3) harytlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyklaýan resminamalar we maglumatlar berilmezden goýberilýän bolsa.

2. Özleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi boýunça ýeňillikler berilýän şertli goýberilen harytlar diňe ýeňillikleri bermegiň şertlerine laýyk gelýän maksatlarda ulanylyp bilner.

Goýberilmegi gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyklaýan resminamalar berilmezden amala aşyrylýan harytlaryň üçünji bir şahslara, şol sanda olaryň satylmagy ýa-da başga usul bilen aýrybaşgalanmagy arkaly berilmegi gadagan edilýär, görkezilen harytlaryň getirilmegine çäklendirmeler ol harytlaryň hiliniň we howpsuzlygynyň barlagy bilen baglanyşykly bolan halatlarynda, olaryň islendik görnüşde ulanylmagy gadagandyr.

3. Şertli goýberilen harytlaryň daşary ýurt harytlary statusy bardyr.

4. Eger gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen bolsa ýa-da gümrük edaralarynyň hasaplaryna gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri gowuşmadyk bolsa, erkin dolanyşyk üçin goýberilmegi mälim edilen harytlar şertli goýberilen hasaplanýar.

**91-nji madda. Harytlaryň goýberiliş möhletleri**

Gümrük edaralary, şu Kodeksiň 89-njy maddasyna laýyklykda gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen, başga zerur resminamalaryň we maglumatlaryň berlen gününden başlap, şeýle hem deslapky deklarirlemek ulanylan mahalynda – gümrük edarasyna harytlaryň görkezilen gününden başlap üç günden gijä galman harytlaryň goýberilmegini amala aşyrýar, şu Kodeksiň 308-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda harytlaryň barlagynyň geçirilýän möhletleriniň uzaldylan halatlary muňa degili däldir.

**92-nji madda. Harytlaryň goýberilmeginiň goşmaça şertleri**

1. Eger gümrük deklarasiýasynyň, deklarirlemek mahalynda berlen başga resminamalaryň we deklarirlenilýän harytlaryň barlagynyň barşynda gümrük edarasy tarapyndan, şu Kodeksiň 89-njy maddasynda göz öňünde tutulan goýbermegiň şertleriniň berjaý edilmändigi ýüze çykarylan bolsa, harytlaryň goýberilmegi amala aşyrylmaýar.

Gümrük edarasy deklaranta harytlary goýbermegiň şertleriniň hut haýsysynyň berjaý edilmändigini we deklarantyň şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda harytlary goýbermegiň şertlerini berjaý etmek üçin ýeterlik bolan hereketleriň hut haýsysyny amala aşyrmalydygyny haýal etmän habar berýär.

2. Eger gümrük edarasy tarapyndan harytlar deklarirlenilen mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli möçberine täsir edýän nädogry maglumatlaryň mälim edilendigi ýüze çykarylan bolsa, gümrük edarasy şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda deklaranta haýal etmän şeýle maglumatlara düzediş girizilmegini we tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberlerini gaýtadan hasaplamagy talap etmek barada deklaranta talapnama iberýär. Gümrük edarasynyň talapnamasynda harytlaryň goýberilmegi üçin maglumatlaryň hut haýsysyna düzediş girizilmelidigi görkezilmelidir.

3. Harytlar deklarirlenilen mahalynda mälim edilen, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberine täsir edýän maglumatlaryň nädogry bolup biljekdigini görkezýän ýa-da mälim edilen maglumatlaryň bolmalysy ýaly tassyk edilmändigini görkezýän alamatlar gümrük edarasy tarapyndan ýüze çykarylan mahalynda, gümrük edarasy şu Kodekse laýyklykda islendik usul bilen goşmaça barlagy geçirýär.

Görkezilen barlagy geçirmegiň netijeleri boýunça goşmaça hasaplanyp ýazylyp bilinjek gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilen şertinde gümrük edarasy harytlaryň goýberilmegini amala aşyrýar. Gümrük edarasy gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmeli möçberini deklaranta ýazmaça görnüşde habar berýär

4. Eger gümrük edarasy tarapyndan harytlar deklarirlenilen mahalynda harytlara şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň ýa-da çäklendirmeleriň ulanylmagyna täsir edýän nädogry maglumatlaryň mälim edilendigi ýüze çykarylan bolsa, gümrük edarasy deklaranta şeýle maglumatlara düzediş girizilmeginiň amala aşyrylmagy we degişli çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyk edýän resminamalaryň berilmegi barada deklaranta talapnama iberýär. Gümrük edarasynyň talapnamasynda harytlaryň goýberilmegi üçin maglumatlaryň hut haýsysyna düzediş girizilmelidigi hem-de degişli çäklendirmeleriň berjaý edilendigini tassyklaýan resminamalaryň hut haýsysynyň berilmelidigi görkezilmelidir.

5. Harytlar deklarirlenilen mahalynda mälim edilen, harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň ýa-da çäklendirmeleriň ulanylmagyna täsir edýän maglumatlaryň nädogry bolup biljekdigini görkezýän ýa-da mälim edilen maglumatlaryň bolmalysy ýaly tassyk edilmändigini görkezýän alamatlar gümrük edarasy tarapyndan ýüze çykarylan mahalynda, gümrük edarasy şu Kodekse laýyklykda islendik usul bilen goşmaça barlagy geçirýär.

Deklarant tarapyndan degişli çäklendirmeleriň berjaý edilendigini tassyklaýan resminamalar berlen şertinde gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň goýberilmegi amala aşyrylýar. Gümrük edarasy şunuň üçin resminamalaryň hut haýsysynyň berilmelidigini deklaranta ýazmaça görnüşde habar berýär

6. Şu maddanyň ikinji we dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda harytlaryň goýberilmegi deklarantyň gümrük edarasynyň talaplaryny ýerine ýetiren hem-de, eger şeýle goşmaça töleg talap edilýän bolsa, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň degişli möçberleri goşmaça tölenilen gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman amala aşyrylýar, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlaryň alnan ýa-da olaryň tussag astyna alnan halatlary muňa degişli däldir.

Şu maddanyň üçünji we bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilen we (ýa-da) degişli çäklendirmeleriň berjaý edilendigini tassyklaýan resminamalar berlen günüň yzyndan gelýän günden gijä galman harytlaryň goýberilmegi amala aşyrylýar.

Eger harytlar deklarirlenilen mahalynda mälim edilen maglumatlara düzediş girizilmegi netijesinde tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi deklarant tarapyndan mälim edilene garanda azalsa, ol harytlaryň goýberilmegi şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen talaplar ýerine ýetirilmezden amala aşyrylýar.

7. Şu maddada göz öňünde tutulan hereketler deklarant tarapyndan harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagynyň şu Kodekse laýyklykda bellenilen möhletleriniň çäklerinde amala aşyrylmalydyr.

**93-nji madda. Gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işiň önümçiligi mahalynda harytlaryň goýberilişi**

Eger hukuk bozulmasynyň obýekti bolup durýan harytlar maddy subutnama hökmünde alynmadyk bolsa ýa-da olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gozgalmasyz edilmedik bolsa, gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işiň önümçiligi mahalynda harytlaryň goýberilmegi gümrük edarasy tarapyndan iş boýunça önümçilik tamamlanylmazdan öň gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

## 13-nji bap. GÜMRÜK DELLALY

**94-nji maddy. Gümrük dellaly**

1. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, gümrük işi babatda ygtyýarly döwlet edarasynyň gümrük dellaly hökmünde işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamasyny alan ýuridik şahs gümrük dellaly bolup biler.

2. Gümrük dellaly deklarantyň ýa-da başga dahylly şahslaryň adyndan olaryň tabşyrygy boýunça şu Kodekse laýyklykda gümrük operasiýalaryny amala aşyrýar.

3. Gümrük dellalynyň wekillik edýän şahs bilen gatnaşyklary şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyrjy hukuk namalaryna laýyklykda şertnama esasynda guralýar.

**95-nji madda. Gümrük dellaly hökmünde işi amala aşyrmak üçin şertler**

Şular ýuridik şahsyň gümrük dellaly hökmünde işi amala aşyrmagy üçin şertler bolup durýar:

1) wezipe sanawynda şu Kodeksiň 98-nji maddasyna laýyklykda gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasyny alan ikiden az bolmadyk gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmenleriniň bolmagy;

2) gümrük dellalynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilkibaşdaky tertipnama maýasynyň, tertipnama gaznasynyň ýa-da paýly gatançlarynyň bolmagy;

3) gümrük edaralary tarapyndan ulanylýan programma önümleri bilen sazlaşýan programma önümleriniň bolmagy.

**96-njy madda. Gümrük dellalynyň hukuklary**

1. Gümrük operasiýalaryny amala aşyran mahalynda gümrük dellaly gümrük edaralary bilen özara gatnaşyklarynda özüniň bähbitlerine wekilçilik etmäge ygtyýar berýän şahsyň hukuklary ýaly hukuklara eýedir.

2. Gümrük dellaly gümrük edaralarynyň öňünde onuň wekilçilik edýän şahsynyň gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmegi üçin, eger şu Kodekse laýyklykda olaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegi talap edilýän bolsa, kepil geçiji hökmünde çykyş etmäge haklydyr.

3. Gümrük dellaly wekilçilik edilýän şahsdan gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary, şol sanda täjirçilik, bank ýa-da kanun arkaly goralýan başga syrlary düzýän we beýleki ýaşyryn maglumatlary bermegini talap etmäge hem-de şu Kodeksiň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän möhletlerde şeýle resminamalary we maglumatlary almaga haklydyr.

4. Gümrük dellaly wekilçilik edilýän şahs bilen şertnama baglaşmagyň şerti hökmünde Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda ol şahsyň borçlarynyň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmeginiň talaplaryny bellemäge haklydyr.

**97-nji madda. Gümrük dellalynyň borçlary we jogapkärçiligi**

1. Gümrük dellalynyň gümrük taýdan resmileşdirmek mahalyndaky borçlary harytlaryň gümrük düzgünine we başga gümrük amalyna ýerleşdirilmegi üçin zerur bolan gümrük operasiýalary babatda şu Kodeksde bellenilen talaplar we şertler bilen şertlendirilýär.

Şeýle operasiýalaryň amala aşyrylmagynyň fakty gümrük dellalyna, şu Kodekse laýyklykda diňe şu Kodeksiň 9-njy maddasynda bellenilen şahslaryň ýa-da daşaýjynyň üstüne ýüklenilýän, gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagy şeýle hem başga borçlar bilen baglanyşykly operasiýalaryň amala aşyrylmagy boýunça borçlary ýüklemeýär.

2. Eger harytlaryň deklarirlenilmegi üçin kesgitlenilen gümrük düzgüniniň mazmuny olaryň tölenilmegini göz öňünde tutýan bolsa we eger ol wekilçilik edilýän şahs bilen şertnamada göz öňünde tutulan bolsa, gümrük dellaly gümrük töleglerini, salgytlary töleýär.

Harytlar şu Kodekse laýyklykda deklarirlenilen mahalynda gümrük dellaly tölenilmäge degişli gümrük tölegleriniň, salgytlaryň tölenilmegi üçin deklarant ýaly jogapkärçilik çekýär.

3. Wekilçilik edilýän şahslardan alnan, täjirçilik, bank ýa-da kanun arkaly goralýan başga syry düzýän maglumatlar hem-de beýleki ýaşyryn maglumatlar gümrük dellaly we onuň işgärleri tarapyndan jar edilmeli ýa-da hususy maksatlar üçin ulanylmaly däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda başga şahslara berilmeli däldir.

4. Gümrük dellaly özi tarapyndan gümrük operasiýalary amala aşyrylýan harytlar babatda hasabaty ýöretmäge hem-de gümrük edaralarynyň talap etmegi boýunça amala aşyrylan gümrük operasiýalary hakynda hasabat bermäge borçludyr.

5. Gümrük dellalynyň gümrük edaralarynyň öňündäki borçlary we jogapkärçiligi gümrük dellalynyň wekilçiligi edilýän şahs bilen baglaşan şertnamasy bilen çäklendirilip bilinmez.

6. Gümrük dellaly şu Kodeksde bellenilen talaplaryň berjaý edilmändigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

**98-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen**

1. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen hünär talaplaryna laýyk gelýän we gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasy bolan fiziki şahs gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen bolup durýar.

Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasy gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan hünär talaplaryna laýyk gelmeginiň hünär synagy esasynda (mundan beýläk – hünär synagy) berilýär.

Hünär synagyny geçirmegiň tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Şular gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasyny almak üçin dalaşgärlere bildirilýän hökmany talaplar bolup durýar:

1) ýokary ýa-da orta hünärmen bilimi hakyndaky resminamasynyň bolmagy;

2) iki ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy;

3. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen gümrük dellalynyň işgäri hökmündäki işini Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýar.

Gümrük dellaly gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen bilen zähmet şertnamasyny ýatyran mahalynda bu barada gümrük edarasyna haýal etmän habar bermäge borçludyr.

4. Gümrük dellaly gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň gümrük edaralarynyň öňündäki borçlaryny çäklendirip bilmez.

5. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmenleriň sanawyny ýöredýär.

**99-njy madda. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasynyň ýatyrylmagynyň esaslary we tertibi**

1. Şu ýagdaýlar bolan halatynda gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasy ýatyrylýar, eger:

1) eger gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünär şahadatnamasynyň galp resminamalary ulanmak bilen alnan fakty kesgitlenilen bolsa;

2) kazyýetiň kesgitli möhletiň dowamynda gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen

hökmündäki iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etme görnüşindäki jeza çäresini göz öňünde tutýan hökümi kanuny güýje giren bolsa;

3) gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen şu Kodeksiň 97-nji maddasynyň üçünji böleginde bellenilen talaplary bozýan bolsa;

4) gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmen gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmalaryny amala aşyrany üçin ençeme gezek administratiw jogapkärçilige çekilen bolsa.

2. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasynyň ýatyrylmagy hakyndaky çözgüt gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kabul edilýär. Görkezilen edara tarapyndan gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasynyň ýatyrylmagy hakyndaky delillendirilen çözgüt çykarylýar. Görkezilen çözgüdiň göçürme nusgasy özi babatda şeýle çözgüt çykarylan şahsa, onuň çykarylan gününden başlap üç günüň dowamynda iberilýär.

3. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasy ýatyrylan şahs Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda görkezilen hünär şahadatnamasynyň ýatyrylmagy hakyndaky çözgüde şikaýat etmäge haklydyr.

4. Gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasy ýatyrylan şahsyň şu ýagdaýlarda görkezilen hünär şahadatnamasyny almak hakyndaky arza bilen gaýtadan ýüz tutmaga haky ýokdur:

1) eger şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji we 3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça bu şahadatnama ýatyrylan bolsa, hünär şahadatnamasynyň ýatyrylmagy hakyndaky çözgüt kabul edilen gününden başlap bir ýylyň dowamynda;

2) eger şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça hünär şahadatnamasy ýatyrylan bolsa, kazyýetiň kanuny güýjüne giren höküminde göz öňünde tutulan möhletiň dowamynda;

3) eger şu maddanyň birinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça hünär şahadatnamasy ýatyrylan bolsa, şahs administratiw temmi berlişe sezewar bolan hasaplanylýan möhletiň dowamynda.

## 14-nji bap. HARYTLARYŇ WE ULAG SERIŞDELERINIŇ TÜRKMENISTANYŇ GÜMRÜK ÇÄGINDEN GITMEGI

### 100-nji madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden gitmegi

1. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden gitmegi – harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşyna alnyp gidilmegine gönükdirilen hereketleriň amala aşyrylmagy.

Harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerlerinde ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen başga ýerlerde gümrük edaralarynyň iş wagtynda rugsat berilýär.

2. Mälim edilen, şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda alnyp gidilýän harytlar babatda ulanylýan, gümrük düzgünine görä harytlar goýberilenden soň, gümrük edarasynyň rugsady bilen harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine ýol berilýär.

3. Daşaýjy, harytlar we ulag serişdeleri alnyp gidilmezinden öň, gümrük edarasyna, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan harytlaryň halkara daşalmasy amala aşyrylýan ulagyň görnüşine görä bellenilen resminamalary we maglumatlary bermäge borçludyr.

4. Şu maddanyň düzgünleri Türkmenistanyň gümrük çäginde ýerleşýän deňiz (derýa) portunda ýa-da aeroportda durmazdan Türkmenistanyň gümrük çägini kesip geçýän deňiz (derýa), howa gämilerinde daşalýan harytlara, şeýle hem turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary geçirilýän harytlara degişli bolmaýar.

### 101-nji madda. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ulag serişdelerine ýüklenilmegi

1. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ulag serişdelerine ýüklenilmegine, gümrük edarasynyň rugsady bilen, gümrük deklarasiýasy kabul edilenden soň ýol berilýär, harytlar gümrük taýdan resmileşdirilen mahalynda gümrük edarasynyň harytlaryň barlagyny geçirmek üçin olaryň görkezilmegini talap etmeýän, şeýle hem harytlaryň gümrük üstaşyry gümrük düzgünine laýyklykda geçirilýän halatlary muňa degişli däldir.

2. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ulag serişdelerine ýüklenilmegi gümrük edaralary bilen ylalaşylan ýerlerde gümrük edaralarynyň işleýän wagtynda, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen halatlarda bolsa – gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

3. Gümrük edarasy bu edaranyň wezipeli adamynyň gatnaşmazlygynda, şahsyň arzasy boýunça bolsa – gümrük edarasynyň iş wagtyndan başga wagtda ýüklemegi amala aşyrmaga rugsat bermäge haklydyr.

**102-nji madda. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän mahalynda olara bildirilýän talaplar**

1. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden olaryň kesgitli gümrük düzgünine ýerleşdirilen pursatyndaky mukdarynda we ýagdaýynda hakykatda alnyp gidilmelidir, harytlaryň mukdarynyň we ýagdaýynyň tebigy könelme ýa-da azalma netijesinde üýtgän, ýa-da daşamagyň (ulagly daşamagyň) we saklamagyň kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy ýagdaýynyň üýtgän, şeýle hem ulag serişdesinde dökülmän galýan galyndylaryň bolmagy netijesinde harytlaryň mukdarynyň üýtgän halatlary muňa degişli däldir.

2. Eger harytlaryň ýitmegi ýa-da olaryň ýagdaýynyň üýtgemegi awariýa ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde bolup geçen halatynda, Türkmenistanda hereket edýän tehniki reglamentlerde we standartlarda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa – harytlaryň mukdary hakyndaky maglumatlar ölçeýiş usullarynyň ýalňyşlyklary zerarly üýtgän mahalynda daşaýjy şu maddanyň düzgünleriniň berjaý edilmezligi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

## 2-nji kiçi bölüm. GÜMRÜK DÜZGÜNLERI

## 15-nji bap. GÜMRÜK DÜZGÜNLERINE DEGIŞLI UMUMY DÜZGÜNLER

**103-nji madda. Gümrük düzgünleriniň görnüşleri**

1. Gümrük taýdan düzgünleşdirmegiň maksatlary üçin harytlar babatda şu gümrük düzgünleriniň görnüşleri bellenilýär:

1) esasy gümrük düzgünleri:
a) erkin dolanyşyga goýbermek;
b) eksport;
ç) gümrük üstaşyry;
2) ykdysady gümrük düzgünleri:
a) gümrük çäginde gaýtadan işlemek;
b) erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemek;
ç) gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek;
d) wagtlaýyn getirmek;
e) wagtlaýyn alyp gitmek;
ä) gümrük ammary;
f) paçsyz söwda;
g) erkin gümrük zolagy (erkin ammar);
3) tamamlaýjy gümrük düzgünleri:
a) reimport;
b) reeksport;
ç) ýok etmek;
d) döwletiň haýryna ýüz öwürmek;
4) ýörite gümrük düzgünleri:

a) ätiýaçlyklaryň geçirilmegi
b) başga ýörite gümrük düzgünleri;
2. Erkin gümrük zolagy (erkin ammar) gümrük düzgüninden başga gümrük düzgünleri şu Kodeks bilen bellenilýär.
Erkin gümrük zolagy (erkin ammar) gümrük düzgüni Türkmenistanyň erkin gümrük zolagy (erkin ammar) gümrük düzgünini bellemek we ulanmak boýunça hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

**104-nji madda. Gümrük düzgüniniň saýlanylmagy we üýtgedilmegi**

Eger şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şahs, harytlaryň häsiýetine, mukdaryna, gelip çykan ýurduna garamazdan, islendik wagt islendik gümrük düzgünini saýlamaga ýa-da ony başgasyna üýtgetmäge haklydyr.

**105-nji madda. Harytlaryň gümrük düzgünine mälim edilmegi we ýerleşdirilmegi**

1. Dahylly şahs tarapyndan saýlanyp alnan gümrük düzgüni görkezilen gümrük deklarasiýasynyň ýa-da başga mälim etmäniň gümrük edarasy tarapyndan kabul edilen senesi, harytlaryň kesgitli gümrük düzgünine mälim edilen güni hasaplanylýar.
2. Harytlaryň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi gümrük edarasynyň şu Kodekse laýyklykda berýän rugsady bilen amala aşyrylýar.
3. Şu Kodeksde bellenilen tertipde gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň goýberilen güni harytlaryň gümrük düzgünine ýerleşdirilen güni hasap edilýär.

**106-njy madda. Gümrük düzgüniniň şertleriniň we talaplarynyň berjaý edilmezligi üçin jogapkärçilik**

Eger şu Kodeksde başgaça bellenilmedik bolsa, şu Kodeksde bellenilen gümrük düzgüniniň şertleriniň we talaplarynyň berjaý edilmezligi üçin jogapkärçiligi deklarant ýa-da degişli gümrük düzgünini mälim eden başga şahs çekýär.

**107-nji madda. Gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça harytlaryň alynmagynyň netijeleri**

1. Gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça alnan halatynda, gümrük düzgüniniň bu harytlar babatdaky hereketi togtadylýar.
2. Eger gümrük işi babatda administratiw hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça güýje giren kararda gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň konfiskasiýasy göz öňünde tutulmaýan bolsa, gümrük düzgüniniň bu harytlar babatdaky hereketi dikeldilýär.
3. Eger şahsyň administratiw jogapkärçilige çekilmegi gümrük düzgüniniň berjaý edilmezligi bilen baglanyşykly bolsa hem-de ýol berlen berjaý edilmezlik degişli gümrük düzgüniniň mundan beýläk ulanylmagynyň mümkin bolmazlygyna getirse, şu kiçi bölüme laýyklykda gümrük düzgüni administratiw hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça degişli kararyň güýje giren gününden soň on bäş günüň dowamynda tamamlanylmalydyr.

## 16-njy bap. ESASY GÜMRÜK DÜZGÜNLERI

### § 1. ERKIN DOLANYŞYGA GOÝBERMEK

**108-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Erkin dolanyşyga goýbermek – Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň olaryň bu çäkden alnyp gidilmegi hakynda borçnamasyz bu çäkde galýan gümrük düzgüni.

**109-njy madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Şu şertler bolan mahalynda erkin dolanyşyga goýbermek amala aşyrylýar:
1) gümrük tölegleri tölenilse;
2) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler berjaý edilse;
3) şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan başga talaplar ýerine ýetirilse.
2. Görkezilen şertler berjaý edilmedik mahalynda harytlar şu Kodeksiň 90-njy maddasyna laýyklykda şertli goýberilmäge degişlidir.

## § 2. EKSPORT

**110-njy madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Eksport – Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolýan harytlaryň bu çäkden yzyna gaýtaryp getirmek borçnamasyz alnyp gidilýän gümrük düzgüni.

**111-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

Harytlaryň eksporty şu şertlerde amala aşyrylýar:
1) gümrük tölegleri tölenilse;
2) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler berjaý edilse;
3) şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan başga talaplar we şertler ýerine ýetirilse.

## § 3. GÜMRÜK ÜSTAŞYRY

**112-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Gümrük üstaşyry – daşary ýurt harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginde olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýerinden olaryň bu çäkden gidýän ýerine (eger bu olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda başlanýan we tamamlanýan ýolunyň bölegi bolup durýan bolsa) gümrük gözegçiligi astynda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmezden, şeýle hem harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan geçirilýän gümrük düzgüni.

**113-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda üstaşyry gadagan edilen harytlardan başga, islendik daşary ýurt harytlary gümrük üstaşyry gümrük düzgünine ýerleşdirilip bilner.

**114-nji madda. Gümrük üstaşyry gümrük düzgüninde şu Kodeksde içerki gümrük üstaşyry babatda göz öňünde tutulan düzgünleriň ulanylmagy**

1. Gümrük üstaşyry gümrük düzgüni mahalynda gümrük edarasy tarapyndan gümrük üstaşyryna rugsat bermegiň tertibi we gümrük üstaşyrynyň möhletlerini bellemegiň tertibi, harytlaryň kybaplanylmagy,

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň üpjün ediliş çäreleri şu Kodeksiň 45-51-nji maddalarynda içerki gümrük üstaşyry babatda bellenilen we gümrük üstaşyry gümrük düzgüni babatda ulanarlykly düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

2. Daşaýjynyň ýa-da ekspeditoryň gümrük üstaşyry mahalyndaky hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi babatda şu Kodeksiň 53-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bentleriniň, şeýle hem 55-nji we 56-njy maddalarynyň düzgünleri ulanylýar.

**115-nji madda. Üstaşyr harytlarynyň düşürilip ýüklenilmegi we üstaşyr harytlary bilen başga operasiýalar**

1. Üstaşyr harytlarynyň, olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen ulag serişdesinden düşürilip bu çäkden alnyp gidiljek ulag serişdesine ýüklenilmegine, iş zolagynda şeýle ýük operasiýasy amala aşyrylýan gümrük edarasynyň rugsady bilen ýol berilýär. Eger üstaşyr harytlary bir ulag serişdesinden beýlekisine goýlan gümrük plombalaryna we möhürlerine zeper ýetirmezden düşürilip ýüklenilip bilinýän bolsa, şeýle düşürilip ýüklenilmäge gümrük edarasyna deslapdan habar berilmegi bilen ýol berilýär.

2. Üstaşyr harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginde ammara ýerleşdirilmegine (saklanylmagyna, tapgyrlaryň böleklere bölünmegine ýa-da toplanylmagyna we başga şulara meňzeş operasiýalara) şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilmegi bilen ýol berilýär.

3. Üstaşyr harytlary bilen şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulmadyk operasiýalaryň geçirilmegine, diňe, eger olaryň geçirilmegine harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň ýok bolmagynyň, ýitmeginiň ýa-da düýpli zaýalanmagynyň hakyky howpy sebäp bolan halatynda ýol berilýär.

**116-njy madda. Gümrük düzgüniniň tamamlanmagy**

1. Gümrük üstaşyry üstaşyr harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegi bilen tamamlanýar.

Daşaýjy barylmagy bellenilen gümrük edarasyna üstaşyr harytlaryny görkezmäge, üstaşyr deklarasiýasyny we gümrük üstaşyrynyň maksatlary üçin ulanylýan üstaşyr harytlarynyň başga resminamalaryny bermäge borçludyr. Harytlaryň barylmagy bellenilen gümrük edarasy gümrük üstaşyryny tamamlamak üçin zerur bolan gümrük operasiýalaryny geçirmäge we üstaşyr harytlarynyň görkezilen hem-de resminamalaryň berlen gününde harytlaryň we ulag serişdeleriniň gitmegi üçin rugsat bermäge borçludyr.

Üstaşyr harytlary aýratyn tapgyrlar bilen alnyp gidilen mahalynda gümrük üstaşyry, harytlaryň iň soňky tapgyry Türkmenistanyň gümrük çäginden gidenden soň, tamamlanan hasap edilýär.

2. Gümrük üstaşyry şu Kodeksde bellenilen talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda harytlaryň başga gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi bilen hem tamamlanyp biler.

**117-nji madda. Gümrük düzgüniniň ulanylyşynyň aýratynlyklary**

1. Üstaşyr harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýeriniň olaryň bu çäkden alnyp gidilýän ýeri bilen gabat gelen halatlarynda, gümrük üstaşyrynyň ýönekeýleşdirilen tertibine ýol berilýär. Daşaýjy ýa-da ekspeditor diňe harytlar we ulag serişdeleri gelen mahalynda talap edilýän resminamalary we maglumatlary berýär, üstaşyr üçin rugsat bolsa, gümrük edarasyna harytlaryň görkezilen we resminamalaryň we maglumatlaryň berlen gününde berilýär.

2. Eger üstaşyr harytlary şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýerde harytlar gelen mahalynda ulanylan ulag serişdesinden düşürilip olar giden mahalynda ulanylýan ulag serişdesine ýüklenilýän bolsa, harytlaryň düşürilip ýüklenilmegine gümrük edarasynyň rugsady bilen ýol berilýär. Şeýle rugsat, şu Kodeksiň 40-njy maddasynda göz öňünde tutulan resminamalar we maglumatlar berlen mahalynda, daşaýja ýa-da ekspeditora berilýär.

Gümrük edarasy üstaşyr harytlar bilen ýük operasiýalarynyň geçirilmegine rugsat bermekden diňe olaryň amala aşyrylmagy harytlaryň ýitmegine ýa-da olaryň sarp ediliş häsiýetleriniň üýtgemegine getirip biljek halatynda ýüz öwrüp biler.

## 17-nji bap. YKDYSADY GÜMRÜK DÜZGÜNLERI
## § 1. GÜMRÜK ÇÄGINDE GAÝTADAN IŞLEMEK

### 118-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny

1. Gümrük çäginde gaýtadan işlemek – gaýtadan işlemegiň önümleriniň kesgitlenilen möhletde Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän şertinde, getirilen harytlaryň bellenilen möhletiň (harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň) dowamynda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylmagy bilen, harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary geçirmegiň maksatlary üçin, Türkmenistanyň gümrük çäginde ulanylýan gümrük düzgüni.

2. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilýän getirilen harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ähli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylýar.

### 119-njy madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri

1. Gümrük çäginde gaýtadan işlemäge gümrük edarasynyň rugsady bolan mahalynda ýol berilýär.

2. Eger gümrük edaralary getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplap bilýän bolsa, gümrük çäginde gaýtadan işlemäge ýol berilýär, gümrük düzgüniniň şu Kodeksiň 131-nji maddasyna laýyklykda getirilen harytlar bilen barabar harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan gaýtadan işlemegiň önümleriniň alnyp gidilmegi bilen tamamlanýan halaty muňa degişli däldir.

3. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine, şu Kodeksde göz öňünde tutulan talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda öň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen daşary ýurt harytlary ýerleşdirilip bilner.

4. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti getirilen harytlaryň kesgitli görnüşleri babatda gümrük çäginde gaýtadan işlemäge ýol berilmeýän halatlaryny kesgitlemäge haklydyr.

### 120-nji madda. Harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak

1. Eger harytlaryň we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalaryň häsiýetinden ugur almak bilen ulanarlykly bolsalar, getirilen harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak üçin şu usullar ulanylyp bilner:

1) arza beriji, gaýtadan işleýji ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan getirilen harytlara möhürleriň, möhürçeleriň, sanly ýa-da başga belgilemeleriň goýulmagy;

2) getirilen harytlaryň jikme-jik beýan edilmegi, olaryň fotosurata düşürilmegi, masştably şekillendirilmegi;

3) getirilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň nusgalyklarynyň ýa-da nusgalarynyň barlagynyň netijeleriniň deňeşdirilmegi;

4) getirilen harytlaryň öndürijisiniň tapgyrlaýyn san belgileriniň ýa-da başga belgilemeleriň ulanylmagy;

5) häzirki zaman tehnologiýalarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýan başga kybaplaýyş usullary.

2. Gümrük çäginde gaýtadan işlemek üçin getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň mälim edilen usulynyň ýerlikliligi gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň häsiýetini we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalary nazara almak bilen bellenilýär.

3. Arza berijiniň ýüz tutmasy hem-de gümrük edarasynyň razylygy boýunça görkezilen kybaplama, gümrük maksatlary üçin, önümçilikde ulanylýan çig mal, materiallar we düzüjiler, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleriniň öndüriliş tehnologiýasy hakynda berlen jikme-jik maglumatlaryň barlanylmagy arkaly ýa-da harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalaryň amala aşyrylýan wagtynda gümrük gözegçiliginiň amala aşyrylmagy arkaly üpjün edilip bilner.

### 121-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar

Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni mahalynda harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalara şular girýär:

1) harytlary gaýtadan işlemegiň we işläp bejermegiň özi;

2) täze harytlaryň taýýarlanmagy, şol sanda harytlaryň düzülmegi, ýygnalmagy ýa-da sökülmegi;

3) harytlaryň abatlanmagy, şol sanda olaryň dikeldilmegi, düzüm bölekleriniň çalşylmagy, olaryň sarp ediliş häsiýetleriniň dikeldilmegi;

4) haryt önüminiň öndürilmegine ýardam edýän ýa-da ony ýeňilleşdirýän harytlary gaýtadan işlemek, hatda, eger bu harytlar gaýtadan işlemek prosesinde dolulygyna ýa-da kem-käsleýin sarp edilýän bolsa-da.

**122-nji madda. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti**

1. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti arza beriji tarapyndan gümrük edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça kesgitlenilýär we iki ýyldan artyk bolup bilmez.

2. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde gaýtadan işleniliş möhleti harytlary gaýtadan işlemegiň prosesiniň dowamlylygyndan we gaýtadan işlemegiň önümlerine ygtyýarlyk etmek üçin zerur bolan wagtdan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Eger şu paragrafda bellenilen talaplary we şertleri bozmazdan harytlary gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs özüne bagly bolmadyk sebäpler boýunça gümrük düzgünini kesgitlenilen möhletde tamamlap bilmese, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde, gaýtadan işlemäge rugsat alan şahsyň delillendirilen arzasy boýunça harytlary gaýtadan işlemegiň ilkibaşda kesgitlenilen möhleti uzaldylýar.

4. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň dowamy olaryň gümrük çäginde gaýtadan işlemek gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününden, harytlar aýratyn haryt tapgyrlary bilen getirilen mahalynda bolsa – harytlaryň birinji tapgyrynyň ýerleşdirilen gününden başlanýar.

**123-nji madda. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy**

1. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy (getirilen harytlaryň belli bir mukdarynyň gaýtadan işlenilmegi netijesinde emele gelen gaýtadan işlemegiň önümleriniň mukdary ýa-da göterimleýin möçberi) arza beriji tarapyndan harytlaryň gaýtadan işlenilmegi amala aşyrylýan hakyky şertlerden ugur alnyp, gümrük edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça kesgitlenilýär.

2. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy ylalaşylan mahalynda gümrük edaralary tarapyndan bilermenler guramalarynyň (şol sanda gümrük barlaghanalarynyň) gaýtadan işlemegiň anyk tehnologik prosesine esaslanýan netijenamalary nazara alynýar.

3. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň beýany, hili we mukdary gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy ylalaşylandan soň gutarnykly kesgitlenilýär.

**124-nji madda. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsadyň berilmegi**

1. Türkmenistanyň islendik dahylly şahsy, şol sanda harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary gös-göni amala aşyrmaýan şahs harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat alyp biler.

2. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat gümrük edarasy tarapyndan dahylly şahsyň arzasy esasynda berilýär.

3. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsatda şular görkezilýär:

1) gaýtadan işlemek üçin niýetlenilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň beýany, hili we mukdary;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar we olary amala aşyrmagyň usullary;

3) gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy;

4) getirilen harytlaryň gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplanyş usullary;

5) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti;

6) gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän we gümrük maksatlary üçin zerur bolan başga maglumatlar.

Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsadyň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

4. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat harytlary gaýtadan işlemegiň bellenilen möhletiniň dowamynda hereket edýär.

5. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsady alan şahs onuň hereket ediş möhletiniň dowamynda gümrük edarasynyň ýazmaça rugsady bilen Türkmenistanyň başga şahsyna, eger ol şu paragrafda bellenilen talaplary we şertleri mundan beýläk berjaý etmek boýunça borçlary öz üstüne alan şertinde, bermäge haklydyr. Şonda harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs gümrük edarasyna şu bapda bellenilen talaplaryň we şertleriň ýerine ýetirilendigi hakynda, harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine laýyklykda ulanylan döwri üçin hasabat bermäge, şeýle hem eger bu döwrüň dowamynda şu Kodekse laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjuna eltýän wakalar bolan bolsa, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge borçludyr.

Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat gowşurylýan şahs, şu bapda bellenilen talaplary we şertleri mundan beýläk berjaý etmek boýunça borçlary öz üstüne almalydyr, şeýle hem, eger gümrük düzgüniniň berjaý edilmegi kepillikler bilen üpjün edilýän bolsa, öz adyna degişli resminamalary resmileşdirmelidir. Görkezilen şahs gümrük edarasy tarapyndan harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsady geçirmek hakynda çözgüt kabul edilen günden başlap, harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs babatda şu Kodeksde bellenilen hukuklardan peýdalanýar we borçlary çekýär.

6. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat arza beriji tarapyndan şu paragrafda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilen şertinde, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmeginden öň, şonuň ýaly-da ondan soň berlip bilner.

7. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs şu Kodeksiň 258-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

**125-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermegiň tertibi**

1. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat almak üçin gümrük edarasyna özünde şu maglumatlary jemleýän arza berilýär:

1) arza beriji hakynda;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary gös-göni amala aşyrýan şahs (şahslar) hakynda;

3) gaýtadan işlemek üçin niýetlenilen harytlar, gaýtadan işlemegiň önümleri, şeýle hem gaýtadan işlemegiň galyndylary we harytlaryň galyndylary hakynda;

4) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar, olary amala aşyrmagyň usullary we möhletleri hakynda;

5) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar amala aşyrylanda ulanylýan önümçilik kuwwatlyklarynyň ýerleşýän ýeri hakynda;

6) gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy hakynda;

7) getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň usullary hakynda;

8) getirilen harytlaryň barabar harytlar bilen çalşyrylmagy hakynda;

9) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti hakynda.

2. Arza gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen görnüşde berilýär.

Arzanyň ýanyna mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalar goşulýar.

3. Gümrük edarasy arza hem-de onuň ýanyna goşulýan resminamalara olaryň kabul edilen gününden başlap bir aýyň dowamynda seredýär. Görkezilen möhletiň dowamynda gümrük edarasy bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilişini barlaýar, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyşynyň mälim edilen kadasynyň we harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň ylalaşylmagy hakynda çözgüt kabul edýär.

Gümrük edarasy üçünji bir şahslardan, şeýle hem döwlet edaralaryndan şu maddanyň birinji böleginde görkezilen maglumatlary tassyklaýan resminamalary talap etmäge haklydyr. Görkezilen şahslar ýüz tutma alnan gününden başlap on günüň dowamynda soralýan resminamalary bermäge borçludyr. Şonda gümrük edarasy arza seredilmek möhletini onuň kabul edilen gününden başlap iki aýdan köp bolmadyk wagta uzaltmaga haklydyr.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy aýratyn halatlarda harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat bermegiň ýönekeýleşdirilen tertibini bellemäge haklydyr.

5. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilen gümrük edaralary tarapyndan berilýär.

6. Gümrük edarasy, eger arza beriji tarapyndan arza berlen mahalynda şu paragrafda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilmedik bolsa, şeýle hem gümrük edarasy tarapyndan gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyşynyň mälim edilen kadasy we harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletini ylalaşmakdan ýüz öwürmek hakynda çözgüt kabul edilen halatynda harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürýär.

Gümrük edarasynyň harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürmegi esaslandyrylan we delillendirilen bolmalydyr. Görkezilen rugsady bermekden ýüz öwrülendigi hakynda arza beriji ýazmaça görnüşde habardar edilýär.

**126-njy madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsady yzyna gaýtaryp almak**

1. Eger harytlaryň şu Kodeksiň 119-njy maddasynyň dördünji bölegi esasynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kabul eden çözgüdine laýyklykda harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine ýol berilmeýän bolsa, harytlary gaýtadan işlemäge berlen rugsat gümrük edarasy tarapyndan yzyna gaýtarylyp alynýar.

2. Yzyna gaýtaryp almak hakyndaky çözgüt onuň gümrük edarasy tarapyndan kabul edilen gününden başlap hereket edýär.

3. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat yzyna gaýtarylyp alnan mahalynda yzyna gaýtarylyp alnan rugsada laýyklykda harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirmäge ýol berilmeýär, gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine rugsat yzyna gaýtarylyp alynmazdan öň ýerleşdirilen harytlar babatda bolsa, görkezilen gümrük düzgünini şu paragrafa laýyklykda tamamlamaga ýol berilýär.

**127-nji madda. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň alnyp gidiliş gümrük paçlaryndan boşadylmagy. Gaýtadan işlemegiň önümlerine gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagy**

1. Gaýtadan işlemegiň önümleri Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda alnyp gidiliş gümrük paçlary tölenilmeýär.

2. Alnyp gidilýän gaýtadan işlemegiň önümleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ähli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylýar.

**128-nji madda. Gaýtadan işlemegiň galyndylary**

1. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň netijesinde emele gelen gaýtadan işlemegiň galyndylary babatda gümrük paçlary, salgytlar görkezilen galyndylaryň Türkmenistanyň gümrük çägine bu ýagdaýda getirilendäkisi ýaly tölenilmäge degişlidir, görkezilen galyndylaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen ýa-da olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde mundan beýläk täjirçilik taýdan ulanylmagy üçin ýaramsyz bolan we ykdysady taýdan bähbitli usul bilen ilkibaşdaky ýagdaýyna getirilip bilinmejek ýagdaýyna çenli gaýtadan işlenilen halatlary muňa degişli däldir.

Özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmäge degişli bolan gaýtadan işlemegiň galyndylary deklarirlenilmäge degişlidir.

2. Gaýtadan işlemegiň galyndylaryna, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň salynmagynyň maksatlary üçin, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar hökmünde garalýar.

**129-njy madda. Harytlaryň galyndylary**

1. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň galyndylary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidiliş gümrük paçlary tölenilmezden alnyp gidilip ýa-da gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilip bilner.

2. Harytlaryň alnyp gidilmedik galyndylary babatda getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine bu ýagdaýda getirilendäkisi ýaly tölenilmäge degişlidir.

Harytlaryň özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilýän galyndylary deklarirlenilmäge degişlidir.

Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi harytlaryň galyndylarynyň mukdar ýa-da nyrh böleginiň möçberinden ugur alnyp, gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň bu gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününde olaryň erkin dolanyşyga goýberilendäkisi ýaly tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberine proporsionallykda kesgitlenilýär.

**130-njy madda. Gümrük düzgüniniň tamamlanmagy**

1. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni gaýtadan işleniliş möhletiniň tamamlanýan gününden gijä galman Türkmenistanyň gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň önümleriniň alnyp gidilmegi ýa-da getirilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilmegi bilen tamamlanmalydyr.

2. Eger gaýtadan işlemegiň önümleri Türkmenistanyň gümrük çäginden birnäçe tapgyrlarda alnyp gidilýän bolsa gaýtadan işlemegiň önümleriniň mukdarynyň harytlary gaýtadan işlemäge rugsatda görkezileni bilen gutarnykly deňeşdirilmesi gaýtadan işlemegiň önümleri alnyp gidilenden soň, emma azyndan üç aýda bir gezek we harytlaryň iň soňky tapgyrynyň alnyp gidilen gününden gijä galman yzygiderli geçirilip bilner.

Eger şeýle deňeşdirmäniň netijesinde gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs gümrük paçlaryny, salgytlary tölemeli bolsa, gümrük edarasy tarapyndan görkezilen möçberleriň tölenilmeginiň zerurlygy hakynda ýazmaça görnüşde çözgüt kabul edilen gününden başlap on günden gijä galman olar tölenilen şertinde, bu gümrük tölegleriniň pul möçberine puşmana töleg hasaplanyp ýazylmaýar. Gümrük edarasy harytlary gaýtadan işlemäge rugsat alan şahsa çözgüt kabul edilen gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň zerurdygy hakynda habar iberýär.

3. Getirilen harytlar we (ýa-da) olary gaýtadan işlemegiň önümleri erkin dolanyşyk üçin goýberilen mahalynda, getirilen harytlar gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününde erkin dolanyşyk üçin goýberilmäge mälim edilendäki ýaly tölenilmegine degişli pul möçberinde gümrük paçlary, salgytlar tölenilýär.

4. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni getirilen harytlaryň üýtgewsiz ýagdaýda (reeksport) alnyp gidilmegi bilen hem tamamlanyp bilner.

**131-nji madda. Barabarlykda öwezini dolmak**

1. Gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen getirilen harytlar gümrük edarasynyň rugsady bilen, eger özüniň beýany, hili we tehniki häsiýetleri boýunça getirilen harytlar bilen gabat gelýän bolsa, başga harytlar, şol sanda türkmen harytlary bilen çalşyrylyp bilner (barabarlykda öwezini dolmak).

2. Barabar harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan önümlere, şu babyň düzgünlerine laýyklykda getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümleri hökmünde garalýar.

3. Gümrük maksatlary üçin barabar harytlar getirilen harytlaryň statusyny, getirilen harytlar bolsa – barabar harytlarda bolan statusy alýarlar.

## § 2. ERKIN DOLANYŞYK ÜÇIN GAÝTADAN IŞLEMEK

**132-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

1. Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemek – Türkmenistanyň gümrük çäginde bellenilen möhletiň (harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň) dowamynda, gümrük pajyny tölemekden şertli doly boşatmak bilen harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary geçirmek, soňra gaýtadan işlemegiň önümlerini olara ulanylýan möçberler boýunça gümrük paçlarynyň tölenilmegi bilen erkin dolanyşyga goýbermek maksady bilen getirilen harytlaryň ulanylýan gümrük düzgüni.

2. Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilýän getirilen harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ähli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylýar.

**133-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemäge gümrük edarasynyň rugsady bolan mahalynda ýol berilýär.

2. Şu şertlerde erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemäge ýol berilýär, eger:

1) gaýtadan işlemegiň önümleri babatda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň pul möçberleri, getirilen harytlaryň erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününde olar erkin dolanyşyga goýberilen ýagdaýynda tölenilmäge degişli bolanyndan pes bolsa;

2) gümrük edaralary getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplap bilýän bolsa;

3) gaýtadan işlemegiň önümleriniň ykdysady taýdan bähbitli usul bilen başdaky ýagdaýyna getirilip bilinmejek bolsa.

3. Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine şu Kodeksde göz öňünde tutulan talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda öň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen daşary ýurt harytlary ýerleşdirilip bilner.

### 134-nji madda. Harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak

1. Eger harytlaryň we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalaryň häsiýetinden ugur almak bilen ulanarlykly bolsalar, getirilen harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak üçin şu usullar ulanylyp bilner:

1) arza beriji, gaýtadan işleýji ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan getirilen harytlara möhürleriň, möhürçeleriň, sanly ýa-da başga belgilemeleriň goýulmagy;

2) getirilen harytlaryň jikme-jik beýan edilmegi, olaryň fotosurata düşürilmegi, masştably şekillendirilmegi;

3) getirilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň nusgalyklarynyň ýa-da nusgalarynyň barlagynyň netijeleriniň deňeşdirilmegi;

4) getirilen harytlaryň öndürijisiniň tapgyrlaýyn san belgileriniň ýa-da başga belgilemeleriň ulanylmagy;

5) häzirki zaman tehnologiýalarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýan başga kybaplanyş usullary.

2. Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemek üçin getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň mälim edilen usulynyň ýerlikliligi gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň häsiýetini we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalary nazara almak bilen bellenilýär.

3. Arza berijiniň ýüz tutmasy hem-de gümrük edarasynyň razylygy boýunça görkezilen kybaplama, gümrük maksatlary üçin, önümçilikde ulanylýan çig mal, materiallar we düzüjiler, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleriniň öndüriliş tehnologiýasy hakynda berlen jikme-jik maglumatlaryň barlanylmagy arkaly ýa-da harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalaryň amala aşyrylýan wagtynda gümrük gözegçiliginiň amala aşyrylmagy arkaly üpjün edilip bilner.

### 135-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar

Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni mahalynda harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalara şular girýär:

1) harytlary gaýtadan işlemegiň we işläp bejermegiň özi;

2) täze harytlaryň taýýarlanmagy, şol sanda harytlaryň düzülmegi, ýygnalmagy ýa-da sökülmegi;

### 136-njy madda. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti

1. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti arza beriji tarapyndan gümrük edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça kesgitlenilýär we bir ýyldan artyk bolup bilmez.

2. Harytlaryň erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işleniliş möhleti harytlary gaýtadan işlemek prosesiniň dowamlylygyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs, eger şu paragrafda bellenilen talaplary we şertleri bozmazdan özüne bagly bolmadyk sebäpler boýunça gümrük düzgünini kesgitlenilen möhletde tamamlap bilmese, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde gaýtadan işlemäge rugsat alan şahsyň

delillendirilen arzasy boýunça harytlary gaýtadan işlemegiň ilkibaşda kesgitlenilen möhleti uzaldylýar.

4. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň dowamy olaryň erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününden, harytlar aýratyn haryt tapgyrlary bilen getirilen mahalynda bolsa – harytlaryň birinji tapgyrynyň ýerleşdirilen gününden başlanýar.

**137-nji madda. Harytlary erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemäge rugsadyň berilmegi**

1. Harytlary erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemäge rugsat gümrük edarasy tarapyndan deklarantyň arzasy esasynda berilýär.

2. Rugsatda şular görkezilýär:

1) getirilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň beýany, hili we mukdary;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar we olary amala aşyrmagyň usullary;

3) gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy;

4) getirilen harytlaryň gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplanyş usullary;

5) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti;

6) gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän we gümrük maksatlary üçin zerur bolan başga maglumatlar.

Harytlary gaýtadan işlemäge rugsadyň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

3. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat harytlary gaýtadan işlemegiň bellenilen möhletiniň dowamynda hereket edýär.

4. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat harytlaryň erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilmeginden öň berilýär.

5. Harytlaryň erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlenilmegine rugsat gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilen gümrük edaralary tarapyndan berilýär.

6. Berlen rugsat başga bir şahsa berilmäge degişli däldir.

7. Harytlary gümrük çäginde gaýtadan işlemäge rugsady alan şahs şu Kodeksiň 258-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

**138-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermegiň tertibi**

1. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat almak üçin gümrük edarasyna şu maglumatlary özünde jemleýän arza berilýär:

1) arza beriji hakynda;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary gös-göni amala aşyrýan şahs (şahslar) hakynda;

3) gaýtadan işlemek üçin niýetlenilen harytlar, gaýtadan işlemegiň önümleri, şeýle hem gaýtadan işlemegiň galyndylary we harytlaryň galyndylary hakynda;

4) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar, olary amala aşyrmagyň usullary we möhletleri hakynda;

5) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar amala aşyrylanda ulanylýan önümçilik kuwwatlyklarynyň ýerleşýän ýeri hakynda;

6) gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy hakynda;

7) getirilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň usullary hakynda;

8) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti hakynda.

2. Arza gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen görnüşde berilýär.

Arzanyň ýanyna mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalar goşulýar.

3. Gümrük edarasy arza hem-de onuň ýanyna goşulýan resminamalara, olaryň kabul edilen gününden başlap bir aýyň dowamynda seredýär. Görkezilen möhletiň dowamynda gümrük edarasy bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilişini barlaýar, şeýle hem harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň we şu Kodeksiň 123-nji maddasynda bellenilen düzgünler boýunça kesgitlenilýän gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyşynyň kadasynyň ylalaşylmagy hakynda çözgüt kabul edýär.

Gümrük edarasy üçünji bir şahslardan, şeýle hem döwlet edaralaryndan şu maddanyň birinji böleginde

görkezilen maglumatlary tassyklaýan resminamalary talap etmäge haklydyr. Görkezilen şahslar ýüz tutma alnan gününden başlap on günüň dowamynda soralýan resminamalary bermäge borçludyr. Şonda gümrük edarasy arza seredilmek möhletini onuň kabul edilen gününden başlap iki aýdan köp bolmadyk wagta uzaltmaga haklydyr.

4. Gümrük edarasy, eger arza beriji tarapyndan arza berlen mahalynda şu paragrafda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilmedik bolsa, şeýle hem gümrük edarasy tarapyndan mälim edilen maglumatlary ylalaşmakdan ýüz öwürmek hakynda çözgüt kabul edilen halatynda harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürýär.

Gümrük edarasynyň harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürmegi esaslandyrylan we delillendirilen bolmalydyr. Görkezilen rugsady bermekden ýüz öwrülendigi hakynda arza beriji ýazmaça görnüşde habardar edilýär.

**139-njy madda. Gaýtadan işlemegiň we harydyň galyndylary**

Harytlary gaýtadan işlemegiň netijesinde emele gelen galyndylar, şeýle hem erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň galyndylary babatda şu Kodeksiň 128-nji we 129-njy maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar.

**140-njy madda. Gümrük düzgünini̇ň tamamlanmagy**

Erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni gaýtadan işlemegiň önümleriniň erkin dolanyşyga goýberilmegi bilen tamamlanýar. Gaýtadan işlemegiň önümleri erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda gümrük paçlary gaýtadan işlemegiň önümlerine ulanylýan möçberlerden ugur alnyp hasaplanylýar. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň gümrük bahasy we mukdary olaryň erkin dolanyşyga goýberilmäge mälim edilen gününe görä kesgitlenilýär.

**141-nji madda. Gaýtadan işlemegiň önümleri babatda gümrük paçlarynyň möçberlerini ulanmagyň aýratynlyklary**

Gaýtadan işlemegiň önümleri babatda gümrük paçlarynyň möçberleri gaýtadan işlemek üçin getirilen harytlaryň gelip çykan ýurdy boýunça ulanylýar.

Gaýtadan işlemek prosesinde dürli ýurtlardan gelip çykan daşary ýurt harytlarynyň ulanylan halatlarynda, gümrük paçlarynyň möçberleri gümrük bahasy has ýokary bolan daşary ýurt harytlarynyň gelip çykan ýurdy boýunça ulanylýar.

## § 3. GÜMRÜK ÇÄGINIŇ DAŞYNDA GAÝTADAN IŞLEMEK

**142-nji madda. Gümrük düzgünini̇ň mazmuny**

1. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek – harytlaryň bellenilen möhletiň (harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň) dowamynda, soňra gaýtadan işlemegiň önümleriniň getiriliş gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-käsleýin boşadylyp getirilmegi bilen harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalaryň geçirilmeginiň maksatlary üçin, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän gümrük düzgüni.

2. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine laýyklykda alnyp gidiliş gümrük paçlaryndan şertli doly boşadylmagy bilen alnyp gidilýär. Alnyp gidilýän harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmaýar.

**143-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge gümrük edarasynyň rugsady bolan mahalynda ýol

berilýär.

2. Eger gümrük edaralary alnyp gidilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplap bilýän bolsa, gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge ýol berilýär, şu Kodeksiň 151-nji maddasyna laýyklykda gaýtadan işlemegiň önümleriniň daşary ýurt harytlary bilen çalşylmagy amala aşyrylýan halaty muňa degişli däldir.

3. Harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirmek üçin gümrük maksatlary üçin harytlaryň erkin dolanyşykda bolýan harytlar statusy bolmalydyr. Eger harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýanyň abatlamak bolup durýan halatynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda özleri babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi boýunça ýeňillikler berlen harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirmäge ýol berilýär.

4. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti harytlaryň kesgitlenilen görnüşleri babatda gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge ýol berilmeýän halatlaryny kesgitlemäge, şeýle hem gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine laýyklykda harytlar bilen harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalaryň geçirilmegine rugsat bermek boýunça mukdar ýa-da nyrh çäklendirmelerini bellemäge haklydyr.

### 144-nji madda. Harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak

1. Eger harytlaryň we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalaryň häsiýetinden ugur almak bilen ulanarlykly bolsalar, alnyp gidilen harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamak üçin şu usullar ulanylyp bilner:

1) arza beriji ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan alnyp gidilýän harytlara möhürleriň, möhürçeleriň, sanly ýa-da başga belgilemeleriň goýulmagy;

2) alnyp gidilýän harytlaryň jikme-jik beýan edilmegi, olaryň fotosurata düşürilmegi, masştably şekillendirilmegi;

3) alnyp gidilýän harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň deslapky alnan nusgalyklarynyň ýa-da nusgalarynyň barlagynyň netijeleriniň deňeşdirilmegi;

4) alnyp gidilýän harytlaryň öndürijisiniň tapgyrlaýyn san belgileriniň ýa-da başga belgilemeleriň ulanylmagy;

5) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalara alnyp gidilen harytlaryň sezewar bolandygyna şaýatlyk edýän resminamaly tassyklama;

6) häzirki zaman tehnologiýalarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýan başga kybaplanyş usullary.

2. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek üçin alnyp gidilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň mälim edilen usulynyň ýerlikliligi gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň häsiýetini we harytlary gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan operasiýalary nazara almak bilen bellenilýär.

3. Arza berijiniň ýüz tutmasy hem-de gümrük edarasynyň razylygy boýunça görkezilen kybaplama, gümrük maksatlary üçin, önümçilikde ulanylýan çig mal, materiallar we düzüjiler, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleriniň öndüriliş tehnologiýasy hakynda berlen jikme-jik maglumatlaryň barlanylmagy arkaly üpjün edilip bilner.

### 145-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar

Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni mahalynda harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalara şular girýär:

1) harytlary gaýtadan işlemegiň we işläp bejermegiň özi;

2) täze harytlaryň taýýarlanmagy, şol sanda harytlaryň düzülmegi, ýygnalmagy ýa-da sökülmegi;

3) harytlaryň abatlanmagy, şol sanda olaryň dikeldilmegi, düzüm bölekleriniň çalşylmagy, olaryň sarp ediliş häsiýetleriniň dikeldilmegi.

### 146-njy madda. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti

1. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti deklarant tarapyndan gümrük edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça kesgitlenilýär we iki ýyldan artyk bolup bilmez.

2. Harytlaryň gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işleniliş möhleti harytlary gaýtadan işlemegiň prosesiniň dowamlylygyndan we şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň daşalmagy üçin zerur bolan wagtdan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Harytlary gaýtadan işlemek üçin rugsat alan şahsyň delillendirilen arzasy boýunça, gaýtadan işlemegiň ilkibaşda kesgitlenilen möhleti şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhletiň çäklerinde uzaldylýar.

4. Harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň dowamy olaryň gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününden, harytlar aýratyn haryt tapgyrlary bilen alnyp gidilýän mahalynda bolsa – harytlaryň birinji tapgyrynyň ýerleşdirilen gününden başlanýar.

**147-nji madda. Gümrük maksatlary üçin gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy**

1. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy (alnyp gidilen harytlaryň belli bir mukdarynyň gaýtadan işlenilmegi netijesinde emele gelen gaýtadan işlemegiň önümleriniň mukdary ýa-da göterimleýin möçberi) deklarant tarapyndan harytlaryň gaýtadan işlenilmegi amala aşyrylýan hakyky şertlerden ugur alnyp gümrük edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça kesgitlenilýär. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy gaýtadan işlemegiň önümleri Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmezden öň kesgitlenilýär.

2. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasynyň ylalaşylmagy deklarant tarapyndan berlen, gaýtadan işlemegiň tehnologik prosesi hakyndaky maglumatlary özünde jemleýän resminamalar esasynda gümrük edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Çykyş kadasy ylalaşylan mahalynda gümrük edaralary tarapyndan bilermenler guramalarynyň (şol sanda gümrük barlaghanalarynyň) gaýtadan işlemegiň anyk tehnologik prosesine esaslanýan netijenamalary nazara alynýar.

3. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň beýany, hili we mukdary gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy ylalaşylandan soň gutarnykly kesgitlenilýär.

**148-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsadyň berilmegi**

1. Harytlaryň gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek üçin alnyp gidilmegi harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge rugsat bolan mahalynda ýol berilýär.

2. Harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge rugsat deklaranta berilýär.

3. Rugsatda şular görkezilýär:

1) gaýtadan işlemek üçin niýetlenilen harytlaryň we olary gaýtadan işlemegiň önümleriniň beýany, hili we mukdary;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar we olary amala aşyrmagyň usullary;

3) eger ol rugsat berlen gününde bellenilen ýa-da ylalaşylan bolsa, gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy;

4) alnyp gidilýän harytlaryň gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplanyş usullary;

5) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti;

6) gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän we gümrük maksatlary üçin zerur bolan başga maglumatlar.

Harytlary gaýtadan işlemäge rugsadyň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

4. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat harytlary gaýtadan işlemegiň bellenilen möhletiniň dowamynda hereket edýär.

5. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs şu Kodeksiň 258-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

**149-njy madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermegiň tertibi**

1. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat almak üçin gümrük edarasyna özünde şu maglumatlary jemleýän arza berilýär:

1) arza beriji hakynda;

2) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalary gös-göni amala aşyrýan şahs (şahslar) we onuň (olaryň) ýerleşýän ýeri hakynda;

3) gaýtadan işlemek üçin niýetlenilen harytlar hakynda;

4) harytlary gaýtadan işlemek boýunça operasiýalar, olary amala aşyrmagyň usullary we möhletleri hakynda;

5) eger ol bellenilen bolsa ýa-da deklarant tarapyndan arza berlen gününde kesgitlenilen bolsa, gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyş kadasy hakynda;

6) harytlary gaýtadan işlemegiň önümleri we olaryň çak edilýän mukdary hakynda;

7) alnyp gidilen harytlary olary gaýtadan işlemegiň önümlerine görä kybaplamagyň usullary hakynda;

8) gaýtadan işlemegiň önümleriniň daşary ýurt harytlary bilen çalşyrylmagy hakynda;

9) harytlaryň gaýtadan işleniliş möhleti hakynda.

2. Arza gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen görnüşde berilýär.

Arzanyň ýanyna mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalar goşulýar.

3. Gümrük edarasy arza hem-de onuň ýanyna goşulýan resminamalara olaryň kabul edilen gününden başlap bir aýyň dowamynda seredýär. Görkezilen möhletiň dowamynda gümrük edarasy arzada görkezilen maglumatlary barlaýar, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyşynyň mälim edilen kadasynyň we harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletiniň ylalaşylmagy hakynda çözgüt kabul edýär.

Gümrük edarasy üçünji bir şahslardan, şeýle hem döwlet edaralaryndan mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalary talap etmäge haklydyr. Şonda gümrük edarasy arza seredilmek möhletini onuň kabul edilen gününden başlap iki aýdan köp bolmadyk wagta uzaltmaga haklydyr.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy aýratyn halatlarda harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge rugsat bermegiň ýönekeýleşdirilen tertibini bellemäge haklydyr.

5. Harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge rugsat gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilen gümrük edaralary tarapyndan berilýär.

6. Gümrük edarasy, eger arza beriji tarapyndan arza berlen mahalynda şu paragrafda bellenilen talaplar we şertler berjaý edilmedik bolsa, şeýle hem gümrük edarasy tarapyndan gaýtadan işlemegiň önümleriniň çykyşynyň mälim edilen kadasy we harytlaryň gaýtadan işleniliş möhletini ylalaşmakdan ýüz öwürmek hakynda çözgüt kabul edilen halatynda harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürýär.

Gümrük edarasynyň harytlary gaýtadan işlemäge rugsady bermekden ýüz öwürmegi esaslandyrylan we delillendirilen bolmalydyr. Görkezilen rugsady bermekden ýüz öwrülendigi hakynda arza beriji ýazmaça görnüşde habardar edilýär.

### 150-nji madda. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsady yzyna gaýtaryp almak

1. Eger harytlaryň şu Kodeksiň 143-nji maddasynyň dördünji bölegi esasynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kabul eden çözgüdine laýyklykda harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine ýol berilmeýän bolsa, harytlary gaýtadan işlemäge berlen rugsat gümrük edarasy tarapyndan yzyna gaýtarylyp alynýar.

2. Yzyna gaýtaryp almak hakyndaky çözgüt onuň gümrük edarasy tarapyndan kabul edilen gününden başlap hereket edýär.

3. Harytlary gaýtadan işlemäge rugsat yzyna gaýtarylyp alnan mahalynda yzyna gaýtarylyp alnan rugsada laýyklykda harytlary gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirmäge ýol berilmeýär, gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine rugsat yzyna gaýtarylyp alynmazdan öň ýerleşdirilen harytlar babatda bolsa, görkezilen gümrük düzgünini şu paragrafa laýyklykda tamamlamaga ýol berilýär.

### 151-nji madda. Gaýtadan işlemegiň önümleriniň daşary ýurt harytlary bilen çalşyrylmagy

Gaýtadan işlemegiň önümleriniň, eger gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek boýunça operasiýa abatlamakdan ybarat bolsa, şeýle hem gümrük edaralary şu Kodekse laýyklykda harytlaryň kybaplanylmagyny amala aşyrmaýan halatlarynda, daşary ýurt harytlary bilen, olar beýan edilişi, hili we tehniki häsiýetnamalary

boýunça gaýtadan işlemegiň önümleri bilen gabat gelen şertinde çalşyrylmagyna ýol berilýär. Eger gaýtadan işlemegiň önümleriniň daşary ýurt harytlary bilen çalşyrylmagyna ýol berilýän bolsa, daşary ýurt harytlarynyň getirilmegi türkmen harytlarynyň gaýtadan işlemek üçin alnyp gidilmeginden öň amala aşyrylyp bilner.

**152-nji madda. Gaýtadan işlemegiň önümlerine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagyň ulanylmagy**

1. Eger gaýtadan işlemegiň maksady alnyp gidilen harytlaryň kepillikli (muzdsuz) abatlanylmagy bolsa, gaýtadan işlemegiň önümleri babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylma ulanylýar. Eger harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda abatlanylmaga sebäp bolan kemçiligiň bardygy nazara alnan bolsa, Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşyga goýberilen harytlary gaýtadan işlemegiň önümleri babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylma ulanylmaýar.

2. Galan halatlarda gaýtadan işlemegiň önümleri babatda gümrük paçlaryny tölemekden şu aşakdaky tertipde amala aşyrylýan kem-käsleýin boşadylma ulanylýar:

tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň pul möçberi, eger gaýtadan işlemegiň önümlerine gümrük paçlarynyň özboluşly möçberleri ulanylýan we gaýtadan işlemegiň operasiýasy abatlamak bolup durmaýan bolsa, gaýtadan işlemegiň önümleri babatda ulanylýan getiriliş gümrük pajynyň pul möçberiniň we alnyp gidilen harytlar babatda olar erkin dolanyşyga goýberilende ulanylmaga degişli getiriliş gümrük pajynyň pul möçberiniň arasyndaky tapawut ýaly ýa-da gaýtadan işlemegiň operasiýalarynyň, bu operasiýalaryň bahasyny tassyklaýan resminamalar bolmadyk mahalynda, gaýtadan işlemegiň önümleriniň gümrük bahasynyň we gaýtadan işlemäge alnyp gidilen harytlaryň gümrük bahasynyň arasyndaky tapawut ýaly kesgitlenilip bilinýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Gaýtadan işlemegiň önümleri babatdaky salgytlar doly möçberde tölenilmäge degişlidir, harytlary gaýtadan işlemegiň operasiýasy alnyp gidilen harytlaryň abatlanylmagy bolan halaty muňa degişli däldir.

4. Gaýtadan işlemegiň önümleri gaýtadan işlemegiň möhleti geçenden soň, şeýle hem şu paragrafyň başga talaplary we şertleri berjaý edilmedik mahalynda ýa-da olaryň bolmalysy ýaly usulda tassyklanylmadyk mahalynda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-käsleýin boşadylma ulanylmaýar.

**153-nji madda. Gümrük düzgüniniň tamamlanmagy**

1. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni Türkmenistanyň gümrük çägine gaýtadan işlemegiň önümleriniň getirilmegi ýa-da şu maddada göz öňünde tutulan başga usul bilen tamamlanýar.

2. Eger gaýtadan işlemegiň önümleri Türkmenistanyň gümrük çägine birnäçe tapgyrlarda getirilýän bolsa gaýtadan işlemegiň önümleriniň mukdarynyň harytlary gaýtadan işlemäge rugsatda görkezileni bilen gutarnykly deňeşdirilmesi gaýtadan işlemegiň önümleri getirilenden soň, emma azyndan üç aýda bir gezek we harytlaryň iň soňky tapgyrynyň getirilen gününden başlap bir aýdan gijä galman yzygiderli geçirilip bilner. Eger şeýle deňeşdirmäniň netijesinde gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemäge rugsat alan şahs gümrük paçlaryny, salgytlary tölemeli bolsa, gümrük edarasy tarapyndan görkezilen möçberleriň tölenilmeginiň zerurlygy hakynda ýazmaça görnüşde çözgüt kabul edilen gününden başlap on günden gijä galman olar tölenilen şertinde, bu gümrük tölegleriniň pul möçberine puşmana töleg hasaplanyp ýazylmaýar. Gümrük edarasy deklaranta çözgüt kabul edilen gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň zerurdygy hakynda habar iberýär.

3. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen harytlaryň yzyna getirilmegi (reimport) ýa-da şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilmegi bilen görkezilen harytlaryň alnyp gidilýän harytlar babatda ulanylýan gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi bilen tamamlanyp biler. Eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alnyp gidilen harytlar ýa-da olary gaýtadan işlemegiň önümleri hökmany suratda yzyna getirilmäge degişli bolsa, gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüniniň eksport gümrük düzgünine üýtgedilmegine ýol berilmeýär. Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüniniň alnyp gidilýän harytlara ulanylýan gümrük düzgünine üýtgedilmegine harytlaryň gümrük edarasyna hakykatda görkezilmezden ýol berilýär.

Gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüni eksport gümrük düzgünine üýtgedilen mahalynda, alnyp gidilýän harytlar babatda, eger olar bellenilen bolsa, alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň pul möçberleri tölenmäge degişlidir.

4. Eger gaýtadan işlemegiň önümleri harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilmegini göz öňünde tutmaýan gümrük düzgünine ýerleşdirilýän bolsa, bu harytlar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri puşmana tölegler nazara alynman, şu Kodeksiň 152 maddasynyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda hasaplanylýan pul möçberden geçip bilmez, şu maddanyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan halaty muňa degişli däldir.

5. Eger alnyp gidilmezden öň özleri babatda şu Kodeksiň 143-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça ýeňillikler berlen harytlary gaýtadan işlemegiň önümleri getirilýän bolsa, şeýle harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda, şu Kodeksiň 152-nji maddasyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli pul möçberleri bilen bir hatarda harytlar gaýtadan işlenilmäge alnyp gidilmezinden öň ýeňillikler berlen getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri tölenilmäge degişlidir.

## § 4. WAGTLAÝYN GETIRMEK

### 154-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny

Wagtlaýyn getirmek – daşary ýurt harytlarynyň kesgitlenilen möhletiň (wagtlaýyn getiriliş möhletiniň) dowamynda Türkmenistanyň gümrük çäginde gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly ýa-da şertli kem-käsleýin boşadylmagy bilen we bu harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan ulanylýan gümrük düzgüni.

### 155-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri

1. Harytlar yzyna alnyp gidilen (reeksport) mahalynda gümrük edarasy tarapyndan kybaplanylyp bilnen şertinde wagtlaýyn getirmeklige ýol berilýär, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda wagtlaýyn getirilen harytlaryň şonuň ýaly görnüşdäki harytlar bilen çalşyrylýan halatlary muňa degişli däldir.

2. Gümrük edarasy wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünini mälim edýän şahsdan şu Kodeksde bellenilen borçlaryň bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmeginiň kepilliklerini bermegini, şol sanda wagtlaýyn getirilen harytlaryň yzyna alnyp gidilmegi hakynda borçnamany bermegini talap etmäge haklydyr.

3. Wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine, şu Kodeksde göz öňünde tutulan talaplar we şertler berjaý edilen mahalynda öň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen daşary ýurt harytlary ýerleşdirilip bilner.

### 156-njy madda. Wagtlaýyn getirilen harytlary peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge çäklendirmeler

1. Wagtlaýyn getirilen harytlary wagtlaýyn getirmäge rugsat alan şahs peýdalanyp biler.

2. Wagtlaýyn getirilen harytlaryň gümrük edarasynyň rugsady bilen, şu Kodeksiň 77-nji maddasyna laýyklykda deklarant hökmünde çykyş edip biljek başga şahsyň peýdalanmagy üçin berilmegine ýol berilýär.

Eger şahs gümrük edaralarynyň öňünde wagtlaýyn getirmek gümrük düzgüniniň şertlerini berjaý etmegi borçnama alsa wagtlaýyn getirilen harytlaryň oňa berilmegine gümrük edarasy tarapyndan rugsat berilýär. Şunda, eger şu Kodeksiň 157-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda harytlara gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli kem-käsleýin boşatma ulanylýan bolsa, wagtlaýyn getirmäge ilkibaşda rugsat alan şahs bu şahsyň harytlary wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine laýyklykda ulanan döwri üçin gümrük paçlaryny, salgytlary tölemelidir. Eger wagtlaýyn getirmek gümrük düzgüni kepillikler bilen berjaý edilýän bolsa, wagtlaýyn getirilen harytlar gowşurylýan şahs öz adyna degişli resminamalary resmileşdirmelidir. Görkezilen şahs, wagtlaýyn getirilen harytlary geçirmäge gümrük edarasy tarapyndan rugsat berlen gününden başlap, şu Kodeks bilen wagtlaýyn getirmäge rugsat alan şahs üçin bellenilen hukuklardan peýdalanýar we borçlary ýerine ýetirýär.

3. Wagtlaýyn getirilen harytlar üýtgewsiz ýagdaýda galmalydyrlar, daşamagyň (ulagly daşamagyň), saklamagyň we ulanmagyň kadaly şertlerindäki tebigy könelmäniň ýa-da tebigy azalmanyň netijesindäki üýtgemeler muňa degişli däldir. Wagtlaýyn getirilen harytlar bilen abatlamagy (düýpli abatlamakdan we kämilleşdirmekden başgasy), tehniki hyzmaty we harytlaryň sarp edijilik häsiýetlerini saklamak we harytlaryň

wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine ýerleşdirilen günündäki ýagdaýynda saklanmagy üçin zerur bolan beýleki operasiýalary hem goşmak bilen, olaryň abatlygyny üpjün etmek üçin zerur bolan operasiýalary amala aşyrmaga ýol berilýär.

4. Wagtlaýyn getirilen harytlara şu maddada göz öňünde tutulmadyk usullar bilen ygtyýarlyk etmäge ýol berilmeýär.

5. Şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda harytlaryň başga şahsa geçirilmegi wagtlaýyn getiriliş möhletini togtatmaýar we uzaltmaýar.

**157-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ulanylmagy**

1. Gümrük paçlaryndan, salgytlardan şertli doly boşadylmaga degişli wagtlaýyn getirilen harytlaryň sanawy şeýle hem wagtlaýyn getirmegiň aňryçäk möhletlerini goşmak bilen şeýle boşadylmagyň şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylmaga, eger harytlaryň wagtlaýyn getirilmegi Türkmenistana düýpli ykdysady zeper ýetirmeýän bolsa, hususan-da şu halatlarda ýol berilýär:

1) konteýnerler, astlyklar, köp dolanyşykly gaplaryň we daşlyklaryň başga görnüşleri wagtlaýyn getirilende;

2) eger harytlaryň wagtlaýyn getirilmegi daşary söwda gatnaşyklaryny, ylym, medeniýet, kinematografiýa, sport we syýahatçylyk çygryndaky halkara gatnaşyklaryny ösdürmegiň çäklerinde amala aşyrylýan bolsa;

3) eger wagtlaýyn getirmegiň maksady halkara kömegini bermek bolup durýan bolsa.

2. Harytlaryň başga toparlary, şeýle hem şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda bellenilen gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylmagyň şertleri berjaý edilmedik mahalynda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli kem-käsleýin boşadylma ulanylýar.

3. Şertli kem-käsleýin boşadylan mahalynda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini hasaplamak gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen senesine görä amala aşyrylýar. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini tölemegiň döwürleýinligi deklarant tarapyndan kesgitlenilýär. Şonda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini tölemegiň anyk möhletleri şol pul möçberleriniň tölenilmeginiň degişli döwür başlanmaka amala aşyrylmalydygyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

4. Wagtlaýyn getirilen harytlar erkin dolanyşyga goýbermegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň şertli kem-käsleýin boşadylmagy mahalynda tölenilen pul möçberi erkin dolanyşyga goýbermegiň gümrük düzgünine laýyklykda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerine hasaplanyp goşulýar.

5. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli kem-käsleýin boşadylmagy bilen wagtlaýyn getirilen mahalynda töletdirilip alynýan gümrük paçlarynyň, salgytlaryň umumy möçberi, harytlaryň wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen pursatynda harytlar erkin dolanyşyga goýberilendäki tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberinden geçmeli däldir.

6. Harytlar başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilende gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli kem-käsleýin boşadylan mahalynda tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli däldir.

7. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine, şu Kodeksiň 258-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, wagtlaýyn getirmäge rugsat alan şahs jogapkärçilik çekýär.

**158-nji madda. Wagtlaýyn getiriliş möhletleri**

1. Wagtlaýyn getiriliş möhleti iki ýyldan ybarat, şu maddada göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

Harytlaryň aýratyn görnüşleri üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti wagtlaýyn getirmegiň şu bölegiň birinji tesiminde göz öňünde tutulandakydan has gysga ýa-da has dowamly aňryçäk möhletleri belläp biler.

2. Harytlaryň wagtlaýyn getiriliş möhleti gümrük edaralary tarapyndan şeýle getirmekligiň maksatlaryny we ýagdaýlaryny nazara almak bilen, wagtlaýyn getirmäge rugsat almak üçin ýüz tutan şahsyň arzasyndan ugur alnyp şu maddanyň birinji böleginde görkezilen möhletleriň çäklerinde bellenilýär.

3. Wagtlaýyn getirmäge rugsat alan şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça hem-de şu paragrafda

göz öňünde tutulan talaplaryň we şertleriň bozulmagy bolmadyk mahalynda, harytlary wagtlaýyn getirmegiň bellenilen möhleti şu maddanyň birinji böleginde görkezilen möhletleriň çäklerinde gümrük edarasynyň çözgüdi boýunça uzaldylýar.

**159-njy madda. Gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagy we togtadylmagy**

1. Wagtlaýyn getirmegiň gümrük edarasy tarapyndan bellenilen möhletiniň tamamlanýan gününden gijä galman harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden çykarylmalydyr ýa-da şu Kodekse laýyklykda başga gümrük düzgünine mälim edilmelidir.

2. Wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüni harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilmegi bilen tamamlanyp biler.

Wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüni harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilmegi bilen tamamlanan mahalynda harytlaryň bahasy we mukdary harytlar wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününe, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberleri bolsa – harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilen gününe görä kesgitlenilýär.

3. Wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüniniň hereketi şu ýagdaýlarda togtadylýar:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wagtlaýyn getirilen harytlar gozgalmasyz edilen ýa-da alnan mahalynda;

2) şu Kodeksiň 168-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda wagtlaýyn getirilen harytlar gümrük ammaryna ýerleşdirilen mahalynda;

3) özleri babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden kem-käsleýin boşadylma ulanylýan wagtlaýyn getirilen harytlar erkin dolanyşyga goýbermegi göz öňünde tutmaýan başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen mahalynda, wagtlaýyn getirmäge rugsat alan şahsyň haýyşy boýunça.

4. Togtadylyş möhleti tamamlanandan soň, wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüniniň hereketi dikeldilýär.

## § 5. WAGTLAÝYN ALYP GITMEK

**160-njy madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Wagtlaýyn alyp gitmek – Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolan harytlaryň, alnyp gidiliş gümrük paçlaryny tölemekden şertli doly boşadylyp hem-de harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan, Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda wagtlaýyn ulanylyp bilinýän gümrük düzgüni.

**161-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

Wagtlaýyn alnyp gidilýän harytlaryň olar yzyna getirilen mahalynda gümrük edarasy tarapyndan kybaplanylyp bilnen şertlerinde wagtlaýyn alnyp gidilmegine ýol berilýär, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda wagtlaýyn getirilýän harytlaryň şol görnüşdäki harytlar bilen çalşyrylmagyna rugsat berilýän halatlary muňa degişli däldir.

**162-nji madda. Wagtlaýyn alnyp gidilýän harytlary peýdalanmak we olara ygtyýarlyk etmek boýunça çäklendirmeler**

1. Wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüni tamamlanmazdan öň wagtlaýyn alnyp gidilen harytlaryň başga şahsa geçirilmegine ol şahs wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünini mälim eden şahsyň borçlaryny öz üstüne alan şertinde ýol berilýär.

2. Daşamagyň (ulagly daşamagyň), saklamagyň ýa-da ulanmagyň kadaly şertlerindäki tebigy könelme ýa-da tebigy azalma netijesinde üýtgemeginden başga ýagdaýda, wagtlaýyn alnyp gidilen harytlar üýtgewsiz ýagdaýda galmalydyr.

**163-nji madda. Alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň ulanylmagy**

1. Harytlar wagtlaýyn alnyp gidilende alnyp gidiliş gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýar.
2. Wagtlaýyn alnyp gidilýän harytlar yzyna getirilmedik mahalynda, harytlaryň gümrük bahasyndan we (ýa-da) olaryň alnyp gidilen wagtyndaky mukdaryndan, şeýle hem harytlaryň wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine mälim edilen gününde hereket edýän gümrük paçlarynyň möçberlerinden ugur alnyp hasaplanylan alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň pul möçberi tölenilýär.

**164-nji madda. Wagtlaýyn alnyp gidiliş möhletleri**

1. Wagtlaýyn alnyp gidiliş möhleti gümrük edarasy tarapyndan deklarantyň arzasy boýunça şeýle alyp gitmegiň maksatlaryndan we ýagdaýlaryndan ugur alnyp bellenilýär, ýöne harytlar alnyp gidilen gününden soň bir ýyldan geçip bilmez.
2. Deklarantyň delillendirilen arzasy boýunça harytlaryň wagtlaýyn alnyp gidiliş möhletleri gümrük edarasy tarapyndan uzaldylyp bilner.
3. Wagtlaýyn alnyp gidilen mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda yzyna getirilmegi hökmany bolan harytlaryň aýratyn görnüşleri üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti wagtlaýyn alyp gitmegiň başga möhletlerini bellemäge haklydyr.

**165-nji madda. Gümrük düzgüniniň tamamlanmagy**

1. Wagtlaýyn alnyp gidilen harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine yzyna getirilmäge degişlidir ýa-da wagtlaýyn alyp gitmegiň mälim edilen möhletiniň tamamlanýan gününden gijä galynman başga gümrük düzgünine mälim edilmelidir.
2. Gümrük edarasy harytlaryny wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine ýerleşdiren şahsyň ýüz tutmasy boýunça, şu Kodeksde göz öňünde tutulan şertler we talaplar berjaý edilen mahalynda, wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünini eksport gümrük düzgünine üýtgetmäge rugsat berýär, wagtlaýyn alnyp gidilýän harytlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine hökmany suratda yzyna getirilmäge degişli bolan halatlary muňa degişli däldir.
3. Wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüni eksport gümrük düzgünine üýtgedilen mahalynda harytlaryň bahasy we mukdary harytlaryň wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gününe, gümrük paçlarynyň möçberleri bolsa- eksport gümrük düzgüniniň talaplaryna laýyklykda gümrük deklarasiýasy kabul edilen senesine görä kesgitlenilýär.
4. Wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüniniň eksport gümrük düzgünine üýtgedilmegine harytlar gümrük edarasyna görkezilmezden ýol berilýär.

## § 6. GÜMRÜK AMMARY

**166-njy madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Gümrük ammary – Türkmenistanyň çägine getirilen harytlaryň gümrük paçlary, salgytlar tölenilmezden hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan gümrük gözegçiligi astynda saklanylýan, alyp gitmek üçin niýetlenilen harytlaryň bolsa şu paragrafda göz öňünde tutulan şertlerde gümrük gözegçiligi astynda saklanylýan gümrük düzgüni.

**167-nji madda. Gümrük ammarlary**

1.Gümrük ammarlary bu maksatlar üçin ýörite niýetlenen we enjamlaşdyrylyp gurnalan, şu Kodeksiň 176-njy maddasynda bellenilen talaplara laýyk gelýän jaýlar we (ýa-da) açyk meýdançalardyr.
Gümrük ammary gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar gümrük ammarlarynda saklanylýar, şu Kodeksiň 168-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen harytlar muňa degişli däldir.
2. Gümrük ammarlary gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýarlar.
3. Harytlar şu Kodeksde göz öňünde tutulan çäklendirmeleri nazara almak bilen islendik gümrük

ammaryna ýerleşdirilip bilner.

**168-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Gümrük ammary gümrük düzgünine islendik harytlar ýerleşdirilip bilner, Türkmenistanyň kanunçylygynda Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi gadagan edilen harytlar, sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilip bilinýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çäklendirmeler ulanylýan başga harytlar, şeýle hem gümrük ammary gümrük düzgünine mälim edilen gününde ýaramlylyk möhleti şu Kodeksiň 169-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda bellenilen möhletlerden az bolan harytlar muňa degişli däldir.

2. Başga harytlara zyýan ýetirip biljek ýa-da aýratyn saklanyş şertlerini talap edýän harytlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen hökmany talaplaryň berjaý edilmegi bilen saklamak üçin ýörite gurnalan gümrük ammarlarynda ýa-da gümrük ammarlarynyň aýratyn jaýlarynda saklanylmalydyr.

3. Gümrük ammary gümrük düzgünine öň başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar ýerleşdirilip bilner. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda gümrük ammaryna harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilmegi göz öňünde tutulmaýan gümrük düzgünleriniň hereketini togtatmak maksady bilen daşary ýurt harytlary ýerleşdirilip bilner.

4. Gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşdäki rugsady bolan mahalynda öz gabaralaryna görä amatly ýakynlykdaky gümrük ammaryna ýerleşdirilip bilinmeýän harytlaryň gümrük ammaryna hakykatda ýerleşdirmezden gümrük ammary gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine ýol berilýär. Görkezilen halatda gümrük ammary gümrük düzgünini mälim eden şahs gümrük edarasyna harytlar erkin dolanyşyga goýberilen halatynda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmäge, şeýle hem şu paragrafda göz öňünde tutulan ähli beýleki talaplary we şertleri berjaý etmäge borçludyr. Şonda harytlaryň gümrük ammary gümrük düzgüninde bolýan döwründe aýrybaşgalanmagyny hem goşmak bilen harytlaryň islendik usul bilen başga şahslara peýdalanmaga we ygtyýarlyk etmäge geçirilmegine ýol berilmeýär.

**169-njy madda. Harytlaryň gümrük ammarynda saklanylyş möhletleri**

1. Harytlar gümrük ammarynda üç ýylyň dowamynda saklanylyp bilinýär.

2. Çäklendirilen ýaramlylyk we (ýa-da) ýerleniliş möhleti bolan harytlar gümrük ammary gümrük düzgüninden başga gümrük düzgünine mälim edilmelidir we görkezilen çäklendiriliş möhletiniň tamamlanmagyna alty aýdan gijä galman gümrük ammaryndan çykarylmalydyr, ýöne çalt zaýalanýan harytlar babatda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan görkezilen möhlet kemeldilip bilner.

3. Harytlaryň saklanylyş möhleti harytlaryny gümrük ammaryna ýerleşdirýän şahs tarapyndan şu maddada göz öňünde tutulan möhletleriň çäklerinde gümrük deklarasiýasynda kesgitlenilýär.

4. Harytlaryny gümrük ammaryna ýerleşdiren şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasy şu maddada göz öňünde tutulan möhletleriň çäklerinde harytlaryň saklanylyş möhletini uzaldýar.

**170-nji madda. Gümrük ammarynda ýerleşen harytlar bilen geçirilýän operasiýalar**

1. Harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahslar we olaryň wekilleri gümrük ammarynda ýerleşen harytlar bilen, harytlaryň ýagdaýynyň üýtgemegine, olaryň gaplanylyşynyň bozulmagyna we (ýa-da) goýlan kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgemegine getirmeýän şertlerinde, harytlaryň üýtgewsiz ýagdaýda abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan adaty operasiýalary geçirmäge, harytlary gözden geçirmäge we olary ölçemäge, gümrük ammarynyň çäginde ondan-oňa geçirmäge haklydyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilmedik operasiýalar, şol sanda harytlaryň nusgalyklarynyň we nusgalarynyň alynmagy, ýönekeý ýygnama operasiýalary, şeýle hem tapgyrlaryň böleklere bölünmegini, ugratmalaryň düzülmegini, aýyl-saýyl etmegi, gaplanmagy, gaýtadan gaplanmagy, belgilenmegi, harytlaryň hilini gowulandyrmak üçin zerur bolan operasiýalary hem goşmak bilen harytlary satuwa we ulagly daşamaga taýýarlamak üçin zerur bolan operasiýalar harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan şahslar we olaryň wekilleri tarapyndan gümrük edarasynyň rugsady bilen amala aşyrylyp bilner.

Görkezilen operasiýalaryň amala aşyrylmagy diňe harytlaryň ýitirilmegine ýa-da olaryň düýpli häsiýetleriniň üýtgemegine getirip biljek halatynda gümrük edarasy olaryň geçirilmegi üçin rugsat bermekden ýüz öwürmäge haklydyr.

3. Gümrük ammarynda ýerleşen harytlaryň aýrybaşgalanmagyna, olar babatdaky eýelik etmek, peýdalanmak ýa-da ygtyýarlyk etmek hukuklarynyň geçirilmegine gümrük edarasyna ýazmaça görnüşde deslapdan habar bermek şerti bilen ýol berilýär, şu Kodeksiň 168-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen harytlar muňa degişli däldir. Şonda harytlara emläk hukugyny edinen şahs gümrük edarasyna ýazmaça görnüşde ol harytlar babatda şu paragrafda bellenilen talaplaryň we şertleriň mundan beýläk berjaý ediljekdigi boýunça borçnama berýär. Harytlara emläk hukugyny edinen şahs gümrük edarasy tarapyndan görkezilen borçnama alnan gününiň yzyndan gelýän günden başlap şu Kodeksde harytlaryny gümrük ammaryna ýerleşdiren şahs babatda bellenilen borçlary çekýär.

4. Gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşdäki rugsady bilen şu Kodeksiň 169-njy maddasynda bellenilen möhletler geçmezinden öň harytlaryň bir gümrük ammaryndan başga gümrük ammaryna geçirilmegine ýol berilýär. Şonda harytlaryň gümrük ammarynda saklanylyş möhletiniň dowamynyň arasy üzülmeýär we ol togtadylmaýar.

**171-nji madda. Alnyp gidilmek üçin niýetlenilen harytlaryň gümrük paçlaryndan, salgytlardan boşadylmagy ýa-da gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilen pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi**

Öň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen we Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmäge niýetlenilen daşary ýurt harytlary gümrük ammaryna ýerleşdirilen mahalynda, görkezilen harytlar babatda getiriliş gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär ýa-da görkezilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilen pul möçberleri gümrük edaralary tarapyndan yzyna gaýtarylyp berilýär, eger şeýle boşadylmak ýa-da yzyna gaýtaryp bermek harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alnyp gidilende göz öňünde tutulan bolsa. Türkmenistanyň gümrük çäginden harytlaryň alnyp gidilmegi amala aşyrylmadyk mahalynda olar babatda tölemekden boşadylan ýa-da yzyna gaýtarylyp berlen getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri tölenilmäge degişlidir. Tölenilmäge degişli getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň hasaplanylyşy öňki gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanyş düzgünleri esasynda we Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlary ulanmak üçin deklarant tarapyndan kesgitlenilen täze saýlanan gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

**172-nji madda. Ýaramsyz hala gelen, zaýalanan ýa-da zeper ýeten harytlar**

Gümrük ammarynda saklanylýan döwründe awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýaramsyz hala gelen, zaýalanan ýa-da zeper ýeten harytlar, olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine ýaramsyz, zaýalanan ýa-da zeper ýeten halda getirilendäkisi ýaly kesgitlenilen gümrük düzgünine ýerleşdirilmäge degişlidir.

**173-nji madda. Harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda gümrük bahasynyň kesgitlenilişi**

Eger şu Kodekse laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamagyň maksatlary üçin harytlaryň gümrük ammarynda saklanandan soňky gümrük bahasy we (ýa-da) olaryň mukdary ulanylýan bolsa, harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda olaryň gümrük bahasy we (ýa-da) olaryň mukdary olar erkin dolanyşyga goýberilen gününe görä kesgitlenilýär.

**174-nji madda. Gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagy**

1. Harytlar, gümrük ammarynda harytlaryň saklanylyş möhletiniň tamamlanýan gününden gijä

galman, şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilmegi bilen, başga gümrük düzgünine mälim edilmelidir.

Bu möhlet tamamlanandan soň görkezilen harytlara ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 39-njy babyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Şu Kodeksiň 77-nji maddasyna laýyklykda deklarant hökmünde çykyş edip biljek islendik şahs şu Kodekse laýyklykda gümrük ammary gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagy üçin zerur bolan gümrük operasiýalaryny amala aşyrmaga haklydyr.

3. Öň wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar gümrük ammaryndan goýberilen mahalynda bu düzgüne laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäginde mundan beýläk ulanmak maksatlarynda harytlaryň wagtlaýyn getiriliş möhletiniň dowamy dikeldilýär. Görkezilen harytlar erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda harytlaryň bahasy we mukdary, şeýle hem gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberleri şu Kodeksiň 159-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär.

4. Gümrük ammarynda saklanylýan harytlar babatda ýok etmegiň gümrük düzgüni gümrük ammaryna eýelik edýän tarapyndan mälim edilip bilner.

**175-nji madda. Gümrük ammarlarynyň görnüşleri**

1. Gümrük ammarlary açyk ýa-da ýapyk görnüşli bolup bilerler.

Eger gümrük ammarlary islendik harytlary saklamak üçin we islendik şahslaryň ulanylmagy üçin açyk bolsa, olar açyk görnüşli ammarlar bolup durýar.

Eger gümrük ammarlary ammara eýelik edýäniň harytlaryny saklamak üçin niýetlenilen bolsa, olar ýapyk görnüşli ammarlar bolup durýar.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýapyk görnüşli gümrük ammarlarynda saklanylyp bilinjek harytlaryň görnüşlerini kesgitlemäge haklydyr.

3. Açyk we ýapyk görnüşli gümrük ammarlary harytlaryň saklamagyň aýratyn şertlerini talap edýän ýa-da başga harytlara zyýan ýetirip biljek (ýöriteleşdirilen gümrük ammarlary) aýratyn görnüşleriniň saklanylmagy üçin ulanylyp bilner.

**176-njy madda. Gümrük ammarlarynyň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna we ýerleşýän ýerine bildirilýän talaplar**

1. Gümrük ammarlary hökmünde ulanmak üçin niýetlenilen jaýlar we (ýa-da) açyk meýdançalar harytlaryň abatlygy üpjün ediler ýaly, olara keseki (ammaryň işgärleri bolup durmaýan, harytlar babatda ygtyýarlyklary bolmadyk ýa-da şeýle ygtyýarlyklary bolan şahslaryň wekilleri bolup durmaýan) şahslar aralaşyp bilmez ýaly, şeýle hem bu harytlar babatda gümrük gözegçiligini geçirmek üçin mümkinçiligi üpjün eder ýaly enjamlaşdyrylyp gurnalan bolmalydyr. Gümrük ammarlarynyň ýerleşýän ýeri söwda guramalarynyň we başga dahylly şahslaryň bähbitlerini nazara almak bilen kesgitlenilýär.

2. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy gümrük ammary hökmünde ulanmak üçin niýetlenilen jaýlaryň we (ýa-da) açyk meýdançalaryň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna we ýerleşýän ýerine bildirilýän hökmany talaplary belleýär.

**177-nji madda. Gümrük ammaryna eýelik edýän**

1. Gümrük ammarynyň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamany alan Türkmenistanyň ýuridik şahsy gümrük ammaryna eýelik edip biler.

2. Gümrük ammaryna eýelik edýän şu Kodeksde bellenilen halatlarda we şertlerde gümrük gözegçiligi astyndaky harytlaryň saklanylmagyny amala aşyrýar.

3. Gümrük ammaryna eýelik edýäniň harytlaryny gümrük ammaryna saklamaga ýerleşdirýän şahslar bilen gatnaşyklary şertnamalaýyn esasda guralýar. Açyk görnüşli gümrük ammaryna eýelik edýäniň harytlary saklamagy amala aşyrmaga mümkinçiligi bolan mahalynda şertnama baglaşmakdan ýüz öwürmegine ýol berilmeýär.

4. Gümrük edaralary gümrük ammarlaryna eýelik edip biler.

**178-nji madda. Gümrük ammaryna eýelik edýäniň**

**borçlary we jogapkärçiligi**

1. Gümrük ammaryna eýelik edýän şulara borçludyr:

1) harytlaryň gümrük ammarynda saklanylmagy babatda şu Kodeksde bellenilen şertleri we talaplary berjaý etmäge;

2) saklanylýan harytlaryň hasabyny ýöretmäge we gümrük edaralaryna şeýle harytlaryň saklanylyşy hakynda hasabaty bermäge;

3) gümrük ammarynda ýerleşen harytlaryň abat saklanylmagyny üpjün etmäge;

4) saklanylýan harytlara gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan keseki şahslaryň aralaşyp bilmezligini üpjün etmäge;

5) eger gümrük ammaryna eýelik edýän tarapyndan içerki gümrük üstaşyryna rugsat alnan bolsa, şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatda, şeýle hem şu Kodeksiň 55-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatda, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge.

2. Gümrük ammaryna eýelik edýän, olaryň ýitirilen we (ýa-da) gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan berlen halatynda gümrük ammarynda saklanylýan harytlar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Gümrük ammaryna eýelik edýän, diňe, eger harytlar awariýanyň, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen ýa-da ýitirilen ýa-da saklamagyň kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy azalýan halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

### 179-njy madda.Gümrük ammarynyň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamanyň güýji ýatyrylan halatynda harytlar bilen hereketler

Gümrük ammaryna eýelik edýäniň gümrük ammarynyň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylan halatynda, onuň gümrük ammarynda saklanylýan harytlar, ygtyýarnamanyň güýji ýatyrylan günüň yzyndan gelýän günden başlap iki aýyň dowamynda, onuň öz hasabyna başga gümrük ammaryna ýerleşdirilmäge degişlidir. Gümrük ammaryna eýelik edýän gümrük ammaryna eýelik edýäniň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylan gününden başlap üç günüň dowamynda harytlaryny gümrük ammaryna ýerleşdiren şahslara habar bermäge borçludyr. Gümrük ammaryna eýelik edýäniň gümrük ammarynyň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylan günüň yzyndan gelýän günden başlap, harytlaryň bu gümrük ammaryna ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

### 180-nji madda. Gümrük edaralarynyň gümrük ammarlarynda harytlaryň saklanylmagy

1. Gümrük edaralarynyň gümrük ammarlary açyk görnüşli ammarlar bolup durýar we şu Kodeksiň 176-njy maddasynda bellenilen talaplara laýyk gelmelidir.

2. Harytlar gümrük edaralarynyň gümrük ammarlarynda saklanylan mahalynda gümrük edaralary bilen şol ammarlarda harytlaryny ýerleşdirýän şahslar bilen özara gatnaşyklary şu Kodekse we Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Harytlaryň saklanylmagyny amala aşyrmaga mümkinçilik bolan mahalynda gümrük edarasynyň şertnama baglaşmakdan ýüz öwürmegine ýol berilmeýär.

Gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň saklamaga kabul edilmegi harytlaryny gümrük ammaryna ýerleşdiren şahsa gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän görnüşde resminamanyň berilmegi bilen tassyklanylýar.

3. Gümrük edaralarynyň harytlary gümrük ammarlarynda saklamagy amala aşyrmagy bilen baglanyşykly hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, şu Kodeksde bellenilen düzgünleri nazara almak bilen, saklamak hakynda Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan umumy düzgünlere laýyk gelýän borçlarynyň düýp manysyndan gelip çykýar.

Gümrük edarasy gümrük ammarynda saklanylýan harytlaryň ýitirilen halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine jogapkärçilik çekýär, awariýa, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen ýa-da ýitirilen ýa-da saklamagyň kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy azalýan halaty muňa degişli däldir.

4. Harytlaryň gümrük edarasynyň gümrük ammarynda saklanylmagy üçin, şu Kodeksiň 32-nji babyna laýyklykda, gümrük ýygymy töledilip alynýar.

## § 7. PAÇSYZ SÖWDA

### 181-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny

1. Paçsyz söwda – Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen daşary ýurt harytlarynyň ýa-da türkmen harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginden daşary gidýän fiziki şahslara gös-göni paçsyz söwda dükanlarynda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemezden, şeýle hem harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan bölekleýin satylýan gümrük düzgüni.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen harytlaryň paçsyz söwda dükanlarynda satylmagy Türkmenistanyň gümrük çäginde gümrük gözegçiligi astynda Türkmenistanyň döwlet serhedinden geçiriş ýerlerinde amala aşyrylýar.

3. Daşary ýurt harytlary paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilen mahalynda, eger şu Kodekse laýyklykda harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alnyp gidilen mahalynda şeýle yzyna gaýtarmaklyk göz öňünde tutulan bolsa öň tölenilen getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi amala aşyrylýar.

### 182-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri

1. Paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine islendik harytlar ýerleşdirilip bilner, Türkmenistana getirilmegi, Türkmenistandan alnyp gidilmegi, Türkmenistanyň çäginde dolanyşygy gadagan edilen harytlar, şeýle hem sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän beýleki harytlar muňa degişli däldir.

2. Paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň deklaranty hökmünde diňe paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän çykyş edip biler. Diňe Türkmenistanyň ýuridik şahsy paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän bolup biler.

3. Paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine harytlary şu aşakdaky ýagdaýlarda ýerleşdirmäge ýol berilýär, eger:

1) harytlar şu Kodeksiň 184-nji maddasyna laýyklykda açylan paçsyz söwda dükanynda satylmak üçin niýetlenilen bolsa;

2) şu Kodeksiň 29-njy babyna laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilen bolsa.

4. Paçsyz söwda dükanynyň işlemegini üpjün etmek üçin ulanylýan harytlar paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilmäge degişli däldir.

### 183-nji madda. Paçsyz söwda dükanynyň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna bildirilýän talaplar

1. Paçsyz söwda dükanynyň jaýlary söwda zallaryndan, kömekçi jaýlardan, ammarlardan ybarat bolup biler.

Görkezilen jaýlar harytlaryň diňe paçsyz söwda dükanynyň söwda zallarynda satylmagyny, şeýle hem harytlaryň abat saklanylmagyny üpjün eder ýaly we olar babatda gümrük gözegçiligini geçirer ýaly enjamlaşdyrylyp gurnalmalydyr.

2. Eger paçsyz söwda dükanynyň ammarlary Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerleriniň çäklerinden daşarda ýerleşen bolsa, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy şeýle ammarlaryň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna şu Kodeksiň 66-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertip babatda ulanylýan hökmany talaplary belleýär.

3. Paçsyz söwda dükanynyň söwda zallary paçsyz söwda dükanynda satyn alnan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde, şol sanda olaryň bu çäkde galýan fiziki şahslara berilmegi arkaly galdyrylmak mümkinçiligi bolmaz ýaly ýerleşmelidir.

4. Paçsyz söwda dükanynyň jaýlary gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýar.

### 184-nji madda. Paçsyz söwda dükanynyň açylyşy

Paçsyz söwda dükanynyň açylyşy Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerlerinde düzgüniň belleniliş tertibine laýyklykda, eger olaryň alynmagynyň hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa, harytlaryň bölekleýin satylmagyny amala aşyrmak üçin bellige alyş ýa-da rugsat beriş resminamalary bolan mahalynda amala aşyrylýar.

**185-nji madda. Paçsyz söwda dükanyna eýelik edýäniň borçlary we jogapkärçiligi**

1. Paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän şulara borçludyr:

1) paçsyz söwdanyň gümrük düzgüniniň talaplaryny we şertlerini berjaý etmäge;

2) paçsyz söwda dükanynyň enjamlaşdyrylyp gurnalyşyna bildirilýän talaplary berjaý etmäge;

3) paçsyz söwda dükanyna ýerlenilmek üçin gelýän harytlaryň başga maksatlar bilen ulanylmak mümkinçiligini aradan aýyrmaga;

4) paçsyz söwda dükanyna harytlaryň gelmeginiň we ol dükanda harytlaryň ýerlenilmeginiň hasabyny ýöretmäge hem-de gümrük edaralaryna hasabat bermäge;

5) paçsyz söwdanyň gümrük düzgününe ýerleşdirilen harytlary diňe paçsyz söwda dükanynyň kömekçi jaýlarynda we ammarlarynda saklamaga;

6) şu maddanyň ikinji böleginde, şeýle hem eger paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän tarapyndan içerki gümrük üstaşyry üçin rugsat alnan bolsa, şu Kodeksiň 55-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge;

7) şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýratynlyklary nazara almak bilen, Türkmenistanyň söwda we walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek çygryndaky kanunçylygynda bellenilen talaplary berjaý etmäge;

8) paçsyz söwda dükany ýapylan halatynda, bu barada gümrük edarasyna habar bermäge.

2. Paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän, daşary ýurt harytlary ýitirilen ýa-da olar Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşyna çykýan fiziki şahslara bölekleýin satylman başga maksatlar bilen ulanylan halatynda, paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Paçsyz söwda dükanyna eýelik edýän diňe harytlaryň awariýanyň, öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen ýa-da ýitirilen ýa-da saklamagyň we ýerlemegiň kadaly şertlerinde harytlaryň tebigy azalýan halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**186-njy madda. Paçsyz söwda dükanynyň işiniň ygtyýarlylandyrylmagy**

Paçsyz söwda dükanynyň işiniň ygtyýarlylandyrylmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**187-nji madda. Paçsyz söwda dükany ýapylan halatynda harytlar bilen hereketler**

1. Paçsyz söwda dükany ýapylan halatynda paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilen daşary ýurt harytlary paçsyz söwda dükanynyň ýapylan gününiň yzyndan gelýän günden başlap on bäş günüň dowamynda başga gümrük düzgünine ýerleşdirilmäge degişlidir.

2. Paçsyz söwda dükany ýapylan gününiň yzyndan gelýän günden başlap paçsyz söwdanyň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlara gümrük maksatlary üçin, wagtlaýyn saklanylmakda duran harytlar hökmünde garalýar. Şeýle harytlaryň satylmagyna, şeýle hem paçsyz söwda dükanyna başga harytlaryň ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

3. Paçsyz söwda dükanynyň ýapylmagy paçsyz söwda dükanyna eýelik edýäniň şu Kodeksde bellenilen talaplary berjaý etmekden we borçlary ýerine ýetirmekden boşatmaýar.

## 18-nji bap. TAMAMLAÝJY GÜMRÜK DÜZGÜNLERI

### § 1. REIMPORT

**188-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

1. Reimport – Türkmenistanyň gümrük çäginden öň alnyp gidilen harytlaryň bellenilen möhletlerde gümrük paçlary, salgytlar tölenmezden we harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän gümrük düzgüni.

2. Reimport gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlara gümrük maksatlary üçin erkin dolanyşyga goýberilen harytlar hökmünde garalýar.

**189-njy madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Harytlaryň reimport gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine şu şertlerde ýol berilýär, eger:

1) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda erkin dolanyşykda bolýan harytlaryň statusyna eýe bolsa ýa-da olar daşary ýurt harytlaryny gaýtadan işlemegiň önümleri bolsa;

2) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda görkezilen harytlaryň gümrük serhedinden geçen gününiň yzyndan gelýän günden başlap üç ýylyň dowamynda reimport gümrük düzgünine mälim edilse. Dahylly şahsyň esaslandyrylan ýüz tutmasy boýunça gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy, gurluşyk, senagat önümçiligi, ýerasty baýlyklary gazyp almak we başga şular ýaly maksatlar üçin ulanylýan enjamlar babatda, şu paragrafyň ähli başga düzgünleri berjaý edilen şertinde, görkezilen möhleti uzaldýar;

3) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilendäkisi ýaly ýagdaýda bolsa, ulagly daşamagyň, saklamagyň ýa-da ulanmagyň kadaly şertlerindäki tebigy könelme ýa-da tebigy azalma netijesinde üýtgemegi muňa degişli däldir;

4) Türkmenistanyň Döwlet býujetine yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri harytlaryň reimporty mahalynda tölenen bolsa.

2. Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda harytlaryň peýda görmek maksady bilen ulanylmagy, şeýle hem abatlamak (düýpli abatlamakdan we kämilleşdirmekden başgasy), tehniki hyzmat etmek boýunça operasiýalary we harytlaryň sarp ediliş häsiýetlerini saklap galmak we harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen günündäki ýagdaýda saklamak üçin zerur bolan başga operasiýalary hem goşmak bilen, olaryň abatlygyny üpjün etmek üçin zerur bolan operasiýalary amala aşyrmak harytlaryň reimport gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine päsgelçilik bermeýär, abatlamak boýunça operasiýalaryň harytlaryň alnyp gidilen günündäki bahasy bilen deňeşdirilende harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýän halatlary muňa degişli däldir.

3. Reimport gümrük düzgünine öň başga gümrük düzgünlerine ýerleşdirilen harytlar ýerleşdirilip bilner.

**190-njy madda. Harytlaryň reimporty mahalynda getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi**

1. Harytlaryň reimporty mahalynda getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberleri harytlaryň gümrük çäginden alnyp gidilmegi bilen baglanyşykly töletdirilip alynmadyk ýa-da yzyna gaýtarylyp berlen bolsa, şeýle getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri Türkmenistanyň Döwlet býujetine yzyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir.

2. Getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri şu Kodeksiň 130-njy maddasynyň üçünji böleginde gaýtadan işlemegiň önümleri erkin dolanyşyga goýberilen mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli pul möçberlerini kesgitlemek üçin bellenilen düzgünler boýunça hasaplanylýar.

3. Şu maddada göz öňünde tutulan gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri gümrük edaralary tarapyndan şu Kodeksde gümrük tölegleri töletdirilip alynmagy üçin bellenilen tertipde töletdirilip alynýar.

**191-nji madda. Harytlary reimport gümrük düzgünine ýerleşdirmek üçin zerur bolan resminamalar we maglumatlar**

1. Harytlary reimport gümrük düzgünine ýerleşdirmäge rugsat almak üçin deklarant gümrük edarasyna harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmeginiň ýagdaýlary hakyndaky maglumatlary, şeýle hem eger şeýle operasiýalar harytlar bilen Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda geçirilen bolsa, abatlamak boýunça operasiýalar hakyndaky maglumatlary berýär.

2. Deklarant şu maddanyň birinji böleginde görkezilen maglumatlary tassyklamak üçin gümrük edarasyna, harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilende kabul edilen gümrük deklarasiýasyny, harytlar alnyp gidilen mahalynda olaryň gümrük serhedinden geçen gününi tassyklaýan resminamalary, şu Kodeksiň 190-njy maddasynyň talaplarynyň berjaý edilendigini tassyklaýan resminamalary şeýle hem mälim edilen maglumatlary tassyklaýan başga resminamalary berýär.

**192-nji madda. Harytlaryň reimporty mahalynda alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi**

1. Eger harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda olaryň gümrük serhedinden geçen gününiň yzyndan gelýän günden başlap alty aýdan gijä galman reimport gümrük düzgünine laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän bolsa, alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň tölenilen pul möçberleri yzyna gaýtarylyp berilýär.

2. Alnyp gidiliş gümrük paçlarynyň tölenilen pul möçberleri gümrük edaralary tarapyndan şu Kodekse laýyklykda yzyna gaýtarylyp berilýär.

## § 2. REEKSPORT

**193-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Reeksport – öň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň bu çäkden getiriliş gümrük paçlaryny tölemezden ýa-da olaryň tölenilen pul möçberlerini gaýtaryp bermek bilen hem-de harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan alnyp gidilýän gümrük düzgüni.

**194-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Daşary ýurt harytlary, şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda getirmäge bellenilen gadaganlyklaryň bozulmagy bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlar reeksport gümrük düzgünine ýerleşdirilýär.

Erkin dolanyşyga goýberilen harytlar şu Kodeksiň 196-njy maddasynda göz öňünde tutulan şertleriň berjaý edilmegi bilen reeksport gümrük düzgünine ýerleşdirilip bilner.

2. Öň başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar şu Kodeksde bellenilen tertipde şol gümrük düzgüniniň hereketini tamamlamak maksady bilen, reeksport gümrük düzgünine ýerleşdirilip bilner.

3. Türkmenistanyň kanunçylygynda we (ýa-da) Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda harytlaryň reeksport gümrük düzgünine ýerleşdirilmeginiň goşmaça şertleri bellenilip bilner.

**195-nji madda. Harytlaryň reeksporty mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ulanylmagy**

1. Harytlaryň reeksporty mahalynda getiriliş gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylýar ýa-da tölenilen pul möçberlerini yzyna gaýtaryp bermek amala aşyrylýar, eger şeýle boşadylmak ýa-da yzyna gaýtarmak harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde bolan gümrük düzgüni tamamlanan mahalynda göz öňünde tutulan bolsa.

2. Reeksport edilýän harytlar alnyp gidilen mahalynda alnyp gidiliş gümrük paçlary tölenilmeýär.

**196-njy madda. Erkin dolanyşyga goýberilen harytlar**

**babatda reeksport gümrük düzgüniniň ulanylmagy**

1. Erkin dolanyşyga goýberilen, özleri babatda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçen gününe görä kemçilikleriň bardygy ýa-da mukdary, hili, beýan edilişi ýa-da gaplanyşy boýunça daşary ykdysady geleşigiň şertlerine başgaça laýyk gelmeýändigi anyklanan we şol sebäpler boýunça iberijä ýa-da ol tarapyndan görkezilen şahsa yzyna gaýtarylyp berilýän harytlar şu aşakdaky şertlerde reeksport gümrük düzgünine ýerleşdirilip bilner:

1) Türkmenistanda ulanylmadyk we abatlanylmadyk bolsalar, kemçilikleri ýa-da harytlaryň yzyna gaýtarylmagyna sebäp bolan başga ýagdaýlary ýüze çykarmak üçin harytlaryň ulanylmagy zerur bolan halatlary muňa degişli däldir;

2) gümrük edaralary tarapyndan kybaplanylyp bilinse;

3) erkin dolanyşyga goýberilen gününden başlap alty aýyň dowamynda alnyp gidilýän bolsa.

Deklarantyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasy tarapyndan şu bölekde görkezilen möhlet daşary ykdysady geleşigiň şertlerine görä uzaldylyp bilner.

2. Harytlaryň reeksporty mahalynda şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň şu Kodeksiň 296-njy maddasyna laýyklykda tölenilen pul möçberleri yzyna gaýtarylyp berilýär.

## § 3. ÝOK ETMEK

### 197-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny

Ýok etmek – daşary ýurt harytlarynyň gümrük paçlary, salgytlar tölenilmezden, şeýle hem harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanylmazdan, gümrük gözegçiligi astynda ýok edilýän gümrük düzgüni.

### 198-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri

1. Eger ýok etmäge sezewar edilen harytlar ykdysady taýdan bähbitli usul bilen ilkibaşdaky ýagdaýyna getirilip bilinmejek bolsa, olaryň ýok edilmegine ýol berilýär.

2. Harytlaryň şu toparlarynyň ýok edilmegine ýol berilmeýär:

1) medeni gymmatlyklaryň;

2) haýwanlaryň we ösümlikleriň ýok bolmak howpy abanýan görnüşleriniň, olaryň bölekleriniň we olardan alynýan önümleriň, epidemiýalaryň we epizootiýalaryň öňüni almak maksady bilen olaryň ýok edilmegini talap edýän halatlar muňa degişli däldir;

3) girew gatnaşyklary tamamlanýança, gümrük edaralary tarapyndan girewiň närsesi hökmünde kabul edilen harytlaryň;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alnan harytlaryň ýa-da gozgalmasyz edilen harytlaryň;

5) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan sanawy bellenilýän başga harytlaryň.

3. Eger harytlaryň ýok edilmegi:

1) töwerekdäki gurşawa düýpli zyýan ýetirip ýa-da adamlaryň ömrüne we saglygyna gös-göni ýa-da potensial howp salyp biljek bolsa;

2) harytlaryň adaty niýetlenilişine laýyklykda sarp edilmegi arkaly amala aşyrylsa;

3) Türkmenistanyň döwlet edaralary üçin çykdajylara sebäp bolsa,

olaryň ýok edilmegine ýol berilmeýär.

### 199-njy madda. Ýok etmegiň möhleti we ýeri

1. Harytlaryň ýok ediliş möhleti gümrük edarasy tarapyndan deklarantyň arzasy esasynda harydyň degişli görnüşini mälim edilen usul bilen ýok etmek boýunça operasiýalaryň geçirilmegi üçin amatly zerur bolan wagtdan hem-de harytlaryň ýerleşýän ýerinden ýok edilýän ýerine ulagly daşalmagy üçin zerur bolan wagtdan ugur alnyp bellenilýär.

2. Harytlaryň ýok edilýän ýeri Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak hakyndaky kanunçylygynyň

talaplaryny nazara almak bilen deklarant tarapyndan kesgitlenilýär.

**200-nji madda. Awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen harytlar babatda ýok etmegiň gümrük düzgüniniň ulanylmagy**

1. Ýok etmegiň gümrük düzgüni awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok edilen, ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen harytlar babatda ulanylyp bilner.

2. Ýok edilen ýa-da zeper ýetirilen harytlar ýok etmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilende şu Kodeksiň 198-nji maddasynyň birinji böleginiň we 201-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

**201-nji madda. Galyndylar**

1. Daşary ýurt harytlarynyň ýok edilmegi netijesinde emele gelen galyndylar babatda gümrük paçlary, salgytlar görkezilen galyndylaryň Türkmenistanyň gümrük çägine bu ýagdaýda getirilendäkisi ýaly tölenilmäge degişlidir, görkezilen galyndylaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen ýa-da olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde mundan beýläk täjirçilik taýdan ulanylmagy üçin ýaramsyz bolan we ykdysady taýdan bähbitli usul bilen ilkibaşdaky ýagdaýyna getirilip bilinmejek ýagdaýyna çenli gaýtadan işlenilen halatlary muňa degişli däldir.

Özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmäge degişli bolan galyndylar deklarirlenilmäge degişlidir.

2. Galyndylara, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töletdirilip alynmagynyň maksatlary üçin, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar hökmünde garalýar.

3. Galyndylar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine deklarant jogapkärçilik çekýär.

## § 4. DÖWLETIŇ HAÝRYNA ÝÜZ ÖWÜRMEK

**202-nji madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny**

Döwletiň haýryna ýüz öwürmek – gümrük paçlary, salgytlar tölenmezden, şeýle hem harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan, harytlaryň döwletiň eýeçiligine muzdsuz geçirilýän gümrük düzgüni.

**203-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri**

1. Döwletiň haýryna harytlardan ýüz öwürmek Türkmenistanyň döwlet edaralary üçin harytlaryň ýerlenilmeginden alnan serişdeleriň hasabyna öwezi dolunyp bilinmejek haýsy-da bolsa bir çykdajylara sebäp bolmaly däldir.

2. Döwletiň haýryna ýüz öwürmegiň gümrük düzgünine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dolanyşygy gadagan edilen harytlar ýerleşdirilip bilinmez.

**204-nji madda. Şahsyň döwletiň haýryna ýüz öwüren harytlarynyň statusy**

1. Döwletiň haýryna ýüz öwürmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlar şu Kodekse laýyklykda döwletiň eýeçiligine öwrülýär.

2. Şahsyň döwletiň haýryna ýüz öwüren harytlary, gümrük edaralaryna berlen pursatyndan başlap, gümrük maksatlary üçin Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolýan harytlaryň statusyna eýedir.

**205-nji madda. Gümrük düzgüniniň ulanylmagy üçin jogapkärçilik**

Harytlary döwletiň haýryna ýüz öwürmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirmek arkaly harytlara ygtyýarlyk etmegiň kanunylygyna deklarant jogapkärçilik çekýär. Gümrük edaralary deklarantyň döwletiň haýryna ýüz öwüren harytlary babatda ygtyýarlyklary bolan şahslaryň haýsydyr bir emläk nägilelikleriniň öwezini dolmaýar.

## 19-njy bap. ÝÖRITE GÜMRÜK DÜZGÜNLERI

## § 1. ÄTIÝAÇLYKLARYŇ GEÇIRILMEGI

### 206-njy madda. Gümrük düzgüniniň mazmuny

Ätiýaçlyklaryň geçirilmegi – ýolagçylaryň we (ýa-da) harytlaryň halkara gatnawlarynda ulanylýan deňiz (derýa) gämilerinde, howa gämilerinde we otlularda ulanmak üçin niýetlenilýän harytlaryň, şeýle hem şeýle deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň ekipažlarynyň agzalaryna we ýolagçylaryna satmak üçin niýetlenilýän harytlaryň gümrük paçlary, salgytlar tölenilmezden we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmazdan gümrük serhedinden geçirilýän gümrük düzgüni.

### 207-nji madda. Harytlary gümrük düzgünine ýerleşdirmegiň şertleri

1. Şu harytlaryň (mundan beýläk şu bapda – ätiýaçlyklar) ätiýaçlyklary geçirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine ýol berilýär:

1) deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň we otlularyň barýan ýolunda ýa-da aralykdaky duralga ýa-da duruş ýerlerinde kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan (şol sanda ýangyç we ýangyç-ýaglaýjy materiallar);

2) ätiýaçlyklaryň satylýandygyna ýa-da satylmaýandygyna garamazdan, deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň bortundaky ýolagçylaryň we ekipažlaryň agzalarynyň ýa-da otlulardaky ýolagçylaryň we otly brigadalarynyň işgärleriniň sarp etmegi üçin niýetlenen;

3) deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň ýolagçylaryna we ekipažlarynyň agzalaryna, görkezilen ätiýaçlyklaryň şol gämileriň bortunda sarp edilmek maksady bolmazdan satylmagy üçin niýetlenen.

2. Ätiýaçlyklary geçirmegiň gümrük düzgünine ätiýaçlyklar deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň ýa-da otlularyň bellige alnan ýurduna ýa-da milli degişliligine garamazdan ýerleşdirilýär.

3. Deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň we otlularyň barýan ýolunda ýa-da aralykdaky duralga ýa-da duruş ýerlerinde kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan ätiýaçlyk şaýlarynyň we enjamlaryň ätiýaçlyklary geçirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

4. Söwda deňiz gatnawynyň maksatlary üçin ulanylanda deňiz (derýa) gämileriniň, raýat we döwlet awiasiýasynyň howa gämileriniň ätiýaçlyklary babatda ätiýaçlyklary geçirmegiň gümrük düzgüni ulanylýar, ulag serişdeleriniň fiziki şahslar tarapyndan şahsy maksatlar üçin ulanylan halatlary muňa degişli däldir.

### 208-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşatmagyň şertleri

1. Deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň bortunda ýerleşýän ätiýaçlyklaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda şol gämileriň Türkmenistanyň gümrük çäginde bolýan wagtynda bu ätiýaçlyklaryň şol gämileriň bortunda galan şertinde gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär.

2. Otlularda ýerleşýän we otlularyň kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan, şeýle hem otlularyň ýolagçylarynyň we otly brigadalarynyň işgärleriniň sarp etmegi üçin niýetlenen ätiýaçlyklar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda bu otlularyň Türkmenistanyň gümrük çäginde bolýan wagtynda şol ätiýaçlyklaryň otlularda galan şertinde gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär.

3. Deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň ýolagçylaryna we ekipažlarynyň agzalaryna satylmak

üçin niýetlenen daşary ýurt harytlary şol gämileriň bortunda sarp edilmek maksady bolmazdan ätiýaçlyklary geçirmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen mahalynda görkezilen harytlar şu Kodeksiň 209-njy maddasynyň üçünji böleginiň düzgünini nazara almak bilen, Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda satylan şertinde gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylýar.

4. Eger Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän ätiýaçlyklar ýolagçylaryň we ekipažlaryň agzalarynyň sanyna, gatnawyň dowamlylygyna laýyk gelýän we şol gämileriň bortunda bar bolan ätiýaçlyklary nazara almak bilen, şol gämileriň kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolan mukdarda alnyp gidilýän bolsa, deňiz (derýa), howa gämileriniň bortunda ýerleşýän ätiýaçlyklar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär.

5. Eger ätiýaçlyklar, bu otlularda bar bolan ätiýaçlyklary nazara almak bilen, otlularyň barýan ýolunda kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolan we otlularyň ýolagçylarynyň we otly brigadalarynyň işgärleriniň sarp etmegi üçin zerur bolan mukdarda alnyp gidilýän bolsa, otlularyň kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan, şeýle hem otlularyň ýolagçylarynyň we otly brigadalarynyň işgärleriniň sarp etmegi üçin niýetlenen şol ätiýaçlyklar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda alnyp gidiliş gümrük paçlary tölenilmeýär.

6. Eger şu paragrafda göz öňünde tutulan şertler berjaý edilýän bolsa, gümrük edarasynyň rugsady bilen, ätiýaçlyklar wagtlaýyn düşürilip, ýolagçylaryň we harytlaryň halkara gatnawyny amala aşyrýan başga gämilere ýa-da başga otlulara geçirilip bilner.

**209-njy madda. Ätiýaçlyklaryň ulanylyşy**

1. Deňiz (derýa) gämileriniň ýolagçylarynyň we ekipažlarynyň agzalarynyň sarp etmegi üçin niýetlenen ätiýaçlyklar we şol gämileriň kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan ätiýaçlyklar ýolagçylaryň we ekipažlaryň agzalarynyň sanyna, şeýle hem duruş wagtynyň dowamlylygyna laýyk gelýän mukdarda, şol sanda deňiz (derýa) gämileriniň abatlanylýan wagtynda, eger ekipažlar şol wagt gämini taşlap gitmeýän bolsa, şol gämilerde olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde durýan wagtynda sarp edilip we ulanylyp bilner.

2. Howa gämileri Türkmenistanyň gümrük çäginde ýerleşýän aeroportda ýa-da birnäçe aeroportda meýilleşdirilen gonuşy amala aşyran mahalynda howa gämileri gonuş ýerlerinde duran wagtynda we olaryň arasynda uçan wagtynda şol gämileriň kadaly ulanylmagyny we tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin niýetlenilen ätiýaçlyklar hem-de ekipažlaryň agzalarynyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin niýetlenen ätiýaçlyklar howa gämileri gonuş ýerlerinde duran wagtynda we olaryň arasynda uçan wagtynda ulanylyp bilner.

3. Howa gämileriniň ýolagçylaryna we ekipažlarynyň agzalaryna şol gämileriň bortunda sarp edilmek maksady bolmazdan satylmaga niýetlenen ätiýaçlyklar, şol gämileriň bortunda satylmak şerti bilen, howa gämileri Türkmenistanyň gümrük çäginde duran wagtynda satylyp bilner.

4. Otlularyň ýolagçylary we otly brigadalarynyň işgärleri tarapyndan sarp edilmek üçin niýetlenen ätiýaçlyklar we şol otlularyň kadaly ulanylmagyny we olara tehniki hyzmat edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan ätiýaçlyklar şol otlularda olaryň barýan ýolundaky ýa-da Türkmenistanyň gümrük çägindäki aralykdaky duralga ýa-da duruş ýerlerinde ýolagçylaryň we otly brigadalarynyň işgärleriniň sanyna, şeýle hem duruş wagtynyň dowamlylygyna we ýolda barýan wagtyna laýyk gelýän mukdarda sarp edilip we ulanylyp bilner.

5. Gümrük edaralary deňiz (derýa) gämileri, howa gämileri ýa-da otlular Türkmenistanyň gümrük çäginde bolýan wagtynda daşaýjyny şu paragrafda göz öňünde tutulan ätiýaçlyklaryň ulanylyş şertlerini berjaý etmek üçin zerur bolan çäreleri görmäge borçly etmäge haklydyr. Gümrük edarasynyň çözgüdi boýunça ätiýaçlyklar saklanylýan jaýlara gümrük plombalary we möhürleri goýlup bilner.

## § 2. BAŞGA ÝÖRITE GÜMRÜK DÜZGÜNLERI

**210-njy madda. Başga ýörite gümrük düzgünleri**

Başga ýörite gümrük düzgünleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçýän şu aşakdaky harytlar babatda bellenilýär:

1) Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän hem-de ilçihanalaryň, konsullyklaryň, halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalaryň hem-de Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky başga resmi

wekilhanalarynyň işini üpjün etmek üçin niýetlenen harytlar;

2) gümrük serhedinden geçirilýän hem-de tebigy heläkçilikleri we başga adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek üçin niýetlenen harytlar, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde heläkçilik çeken adamlara mugt paýlamak üçin niýetlenen harytlar we awariýa-halas ediş we beýleki gaýragoýulmasyz işleriň geçirilmegi üçin hem-de awariýa-halas ediş birlikleriniň iş ukyplylygy üçin zerur bolan harytlar.

3) gümrük edaralarynyň arasynda daşary ýurt döwletiniň çäginiň üsti bilen daşalyp geçirilýän türkmen harytlary;

4) harytlaryň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän başga görnüşleri.

**211-nji madda. Ýörite gümrük düzgünleriniň mazmuny, harytlary ýörite gümrük düzgünlerine ýerleşdirmegiň tertibi we şertleri**

1. Ýörite gümrük düzgünleri harytlaryň gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginden doly boşadylmagyny, şeýle hem olara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmazlygyny göz öňünde tutýar.

2. Ýörite gümrük düzgünine ýerleşdirilen mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilen pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi amala aşyrylmaýar, saýlanylan ýörite gümrük düzgüniniň eksport gümrük düzgünine üýtgedilen halaty muňa degişli däldir.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan harytlary ýörite gümrük düzgünlerine ýerleşdirmegiň başga talaplary we şertleri kesgitlenilip bilner.

## 3-nji kiçi bölüm. ÝÖRITE GÜMRÜK AMALLARY

## 20-nji bap. ULAG SERIŞDELERINIŇ GEÇIRILMEGI

**212-nji madda. Ulag serişdelerine ulanylýan gümrük düzgünleri**

Ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden şu bapda göz öňünde tutulan tertipde wagtlaýyn getirmegiň ýa-da wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

**213-nji madda. Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn getirilmegi**

1. Ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çägine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen wagtlaýyn getirilmegine şu aşakdaky halatlarda ýol berilýär, eger:

1) ulag serişdesi daşary ýurtly şahsyň adyna we (ýa-da) daşary ýurt döwletiniň çäginde bellige alnan bolsa;

2) ulag serişdesi daşary ýurtly şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän we ulanylýan bolsa, ulag serişdesiniň daşary ýurtly şahs tarapyndan bolmalysy ýaly ygtyýarlyk berlen Türkmenistanyň şahsy tarapyndan ulanylýan halatlary muňa degişli däldir;

3) ulag serişdesi Türkmenistanyň gümrük çäginde içerki daşamalarda ulanylmaýan bolsa;

4) eger ulag serişdesi Türkmenistanyň gümrük çägine getirilenden soň kärendesine berilmeýän bolsa (ulag serişdesiniň eýýäm kärendesine alnan hökmünde getirilen halatynda – tirkeşikli kärendesine), kärende şertnamasy (tirkeşikli kärende şertnamasy) ulag serişdesiniň haýal etmän alnyp gidilmegi arkaly ulag operasiýasyny tamamlamak maksatlarynda baglaşylan halatlary muňa degişli däldir.

2. Eger wagtlaýyn getirilen ulag serişdesi Türkmenistanyň şahsy tarapyndan ulanylýan ýa-da Türkmenistanyň şahsynyň adyna bellige alnan bolsa, şeýle hem şu maddanyň birinji böleginiň 1-4 bentlerinde göz öňünde tutulan başga şertler berjaý edilmeýän bolsa, ulag serişdesiniň wagtlaýyn getiriliş möhletiniň dowamynda ulag serişdesine eýeçilik hukugy Türkmenistanyň şahsyna geçmeýän şertinde, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çägine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen wagtlaýyn getirilýän halatlary bellemäge haklydyr.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylma ulanylmaýan halatlarda, şeýle hem gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylma

ulanylýan şertler berjaý edilmeýän bolsa, şu Kodeksde wagtlaýyn getirilýän harytlar babatda bellenilen tertipde ulag serişdeleri babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden bölekleýin boşadylma ulanylýar.

4. Ulag serişdeleri babatda wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüni olaryň şu Kodeksiň 214-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhletlerde yzyna alnyp gidilmegi bilen tamamlanýar. Gümrük edarasynyň rugsady bilen wagtlaýyn getirilen ulag serişdeleri babatda wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüni şu Kodeksiň 159-njy maddasynda harytlary wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüniniň tamamlanmagy üçin bellenilen düzgünler boýunça hem tamamlanyp bilner.

**214-nji madda. Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn getiriliş möhletleri**

1. Ulag serişdesiniň wagtlaýyn getirilmegine sebäp bolan ulag operasiýasy tamamlanandan soň, wagtlaýyn getirilen ulag serişdesi haýal etmän yzyna alnyp gidilmelidir.

2. Gümrük edarasy aýratyn halatlarda gümrük gözegçiligini amala aşyrmak maksady bilen daşaýjynyň arzasyndan ugur alyp we göz öňünde tutulýan ulag operasiýasynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly ähli ýagdaýlary nazara almak bilen ulag serişdesiniň wagtlaýyn getiriliş möhletini bellemäge haklydyr.

Gümrük edarasy dahylly şahsyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça wagtlaýyn getirmegiň ilkibaşda bellenilen möhletini uzaldýar.

**215-nji madda. Wagtlaýyn getirilen ulag serişdeleri bilen geçirilýän operasiýalar**

Wagtlaýyn getirilen ulag serişdeleri bilen, olar Türkmenistanyň gümrük çägine barýan ýa-da görkezilen çäkde ulanylýan mahalynda talap edilen, olaryň tehniki hyzmaty ýa-da abatlanmagy boýunça adaty operasiýalary amala aşyrmaga ýol berilýär.

**216-njy madda. Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn alnyp gidilmegi**

1. Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn alnyp gidilmegine ol ulag serişdesi Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolan we Türkmenistanyň şahsynyň adyna bellige alnan şertinde ýol berilýär, şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halat muňa degişli däldir.

2. Ulag serişdeleri wagtlaýyn alnyp gidilen mahalynda gümrük paçlary, salgytlar töletdirilip alynmaýar.

3. Eger wagtlaýyn alyp gitmek, ulag serişdesi Türkmenistanyň şahsynyň adyna bellige alnandygyna ýa-da alynmandygyna garamazdan, ulag serişdesi eýeçilik hukugynda degişli bolmadyk Türkmenistanyň şahsy tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, öň Türkmenistanyň çägine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden kem-käsleýin boşadylmagy bilen wagtlaýyn getirilen ulag serişdesiniň wagtlaýyn alnyp gidilmegine ýol berilýär. Şonda ol ulag serişdeleri babatda wagtlaýyn getirmegiň gümrük düzgüni şu Kodeksiň 159-njy maddasynda bellenilen düzgünler boýunça gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek babatda ol düzgüniň hereketi tamamlanmazdan öň ulanylýar.

4. Ulag serişdesiniň wagtlaýyn alnyp gidilmegine Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda onuň haýsy şahs tarapyndan we nähili maksatlar bilen ulanyljakdygyna garamazdan ýol berilýär.

**217-nji madda. Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn alnyp gidiliş möhletleri**

Ulag serişdeleriniň wagtlaýyn alnyp gidiliş möhletleri çäklendirilmeýär.

**218-nji madda. Wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdeleriniň yzyna getirilmegi**

1. Wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdesi Türkmenistanyň gümrük çägine yzyna getirilen mahalynda, eger Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda ulag serişdesi gaýtadan işlemegiň operasiýalaryna sezewar bolmadyk bolsa, gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär, şular muňa degişli däldir:

1) abatlamak, tehniki hyzmat boýunça operasiýalar hem-de onuň abatlygyny we ulanylyşyny üpjün

etmek, şeýle hem ony wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen günündäki ýagdaýynda saklamak üçin zerur bolan başga şular ýaly operasiýalar;

2) Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda bolup geçen awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde zeper ýetenden soň ulag serişdesini dikeltmek üçin amala aşyrylýan düýpli abatlamagy hem goşmak bilen, abatlamak boýunça operasiýalar.

2. Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda özi babatda abatlamak boýunça we (ýa-da) başga operasiýalar geçirilen ulag serişdesi şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylmaga degişli däl bolsa, görkezilen ulag serişdesi babatda şu Kodeksiň 152-nji maddasynda gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine laýyklykda gaýtadan işlemegiň önümleri getirilen mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töletdirilip alynmagy babatda göz öňünde tutulan tertipde ulanylmagyna degişli gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden kem-käsleýin boşadylma ulanylýar.

Gaýtadan işlemek boýunça operasiýalaryň bahasy kesgitlenilen mahalynda ulag serişdesini gaýtadan işlenilýän ýere we yzyna getirmek üçin çykdajylar, eger şeýle getirmek harytlaryň ýa-da ýolagçylaryň halkara gatnawynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly bolsa, nazara alynmaýar.

**219-njy madda. Wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüniniň üýtgedilmegi**

1. Wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdeleri babatda şu Kodeksde bellenilen talaplary we şertleri berjaý etmek bilen, wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüniniň eksport gümrük düzgünine ýa-da başga gümrük düzgünine üýtgedilmegine ýol berilýär.

2. Wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdesine emläk hukugy daşary ýurtly şahsa geçirilen halatynda, wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine ulag serişdesini ýerleşdiren şahs wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünini eksport gümrük düzgünine üýtgetmäge borçludyr.

3. Wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgüniniň üýtgedilmegine ulag serişdesini gümrük edarasyna hakykatda görkezmezden ýol berilýär.

**220-nji madda. Enjamlaryň we ätiýaçlyk şaýlarynyň wagtlaýyn getirilmegi we wagtlaýyn alnyp gidilmegi**

1. Ýükleri ýüklemek, düşürmek, işläp bejermek we goramak üçin niýetlenen ulag serişdesi bilen wagtlaýyn getirilýän ýörite enjamlar, ulag serişdesinden aýratynlykda ulanylyp bilinýändigine ýa-da ulanylyp bilinmeýändigine garamazdan, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylmaga degişlidir.

2. Ulag serişdesini abatlamak, onuň tehniki hyzmaty ýa-da ony ulanmak üçin niýetlenen wagtlaýyn getirilýän ätiýaçlyk şaýlary we enjamlar gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylmaga degişlidir.

3. Türkmenistanyň gümrük çäginden wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdesine oturdylan bölekleri we enjamlary çalşyrmak maksady bilen wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdesi abatlanan ýa-da onuň tehniki hyzmaty mahalynda ulanmak üçin niýetlenen wagtlaýyn alnyp gidilýän ätiýaçlyk şaýlary wagtlaýyn alnyp gidilende alnyp gidiliş gümrük paçlaryny tölemekden şertli doly boşadylmaga degişlidir.

4. Türkmenistanyň gümrük çägine çalşyrylan bölekleriň we enjamlaryň getirilmegine, reimport gümrük düzgüninde ulanylmaga degişli getiriliş gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen, ýol berilýär.

**221-nji madda. Ulag serişdelerini, ätiýaçlyk şaýlary we enjamlary gümrük taýdan resmileşdirmek**

1. Ulag serişdelerini, ätiýaçlyk şaýlary we enjamlary gümrük taýdan resmileşdirmek olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýerinde ýa-da bu çäkden gidýän ýerinde ýönekeýleşdirilen tertipde amala aşyrylýar.

Ulag serişdelerini gümrük taýdan resmileşdirmek gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýerinde olaryň iş wagtynda amala aşyrylýar.

2. Ulag serişdeleri gümrük taýdan resmileşdirilýän mahalynda gümrük edarasy degişlilikde giriş

ýa-da çykyş deklarasiýasy hökmünde, eger olarda ulag serişdesi, onuň ugry, ýüki, ätiýaçlyklary, ekipažy we ýolagçylary hakyndaky maglumatlar, ulag serişdesini getirmegiň (alyp gitmegiň) maksady we (ýa-da) ulag serişdesiniň abatlanmagy ýa-da ulanylmagy üçin geçirilýän ätiýaçlyk şaýlarynyň, enjamlaryň ady hakyndaky maglumatlar bar bolsa, daşaýjynyň Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan standart resminamalaryny kabul edýär.

Eger daşaýjynyň beren standart resminamalarynda hemme zerur maglumatlar ýok bolsa, ýetmeýän maglumatlar gümrük edarasyna gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän görnüşde degişlilikde giriş ýa-da çykyş deklarasiýalaryny bermek arkaly habar berilýär. Şonda daşaýjynyň beren standart resminamalaryna degişlilikde giriş we çykyş deklarasiýasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde garalýar.

Gümrük edarasynyň başga maglumatlaryň berilmegini talap etmäge haky ýokdur.

Giriş ýa-da çykyş deklarasiýasy daşaýjy tarapyndan gümrük edarasyna degişlilikde ulag serişdesiniň Türkmenistanyň gümrük çägine giren ýa-da onuň bu çäkden çykan mahalynda berilýär.

3. Şu Kodeksiň 213-nji maddasynyň birinji böleginde, 216-njy maddasynda we 218-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda ulag serişdeleriniň wagtlaýyn getirmegiň ýa-da wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünlerine ýerleşdirilmegi degişlilikde giriş we çykyş deklarasiýalary görkezilen mahalynda amala aşyrylýar.

Galan ýagdaýlarda ulag serişdeleriniň deklarirlenilmegi şu Kodeksiň 11-nji babynda bellenilen düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

Eger ätiýaçlyk şaýlary we enjamlar Türkmenistanyň gümrük çäginden şu Kodeksiň 220-nji maddasyna laýyklykda ulag serişdeleri bilen bir wagtda geçirilýän bolsa, olar barada maglumaty bu ulag serişdesi babatda berilýän giriş ýa-da çykyş deklarasiýasynda mälim etmäge ýol berilýär.

4. Eger ulag serişdeleri giren ýa-da çykan mahalynda gümrük edaralaryna berilýän resminamalara bildirilýän talaplar Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda kesgitlenilen bolsa, gümrük maksatlary üçin Türkmenistanyň görkezilen şertnamalarynda göz öňünde tutulan resminamalar ulanylýar.

5. Eger ulag serişdesi haýsy-da bolsa bir gümrük düzgünine haryt hökmünde mälim edilmedik bolsa, gümrük maksatlary üçin ulag serişdesiniň gümrük taýdan resmileşdirilen pursatyndan başlap oňa degişlilikde wagtlaýyn getirmegiň ýa-da wagtlaýyn alyp gitmegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen hökmünde garalýar, ol, şahslaryň bu gümrük düzgünleriniň şertlerini berjaý etmek borçlaryna getirýär.

6. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän çalşyrylan ätiýaçlyk şaýlarynyň we enjamlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi reimport gümrük düzgünine laýyklykda getirilýän harytlary gümrük taýdan resmileşdirmegiň düzgünleri boýunça amala aşyrylýar.

7. Çalşyrylan we Türkmenistanyň gümrük çäginden yzyna alnyp gidilmedik ätiýaçlyk şaýlary we enjamlar şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň berjaý edilmegi bilen erkin dolanyşyga goýberilmäge ýa-da başga gümrük düzgünine ýerleşdirilmäge degişlidir.

**222-nji madda. Harytlaryň we ýolagçylaryň halkara gatnawynda ulanylmaýan deňiz (derýa) gämileriniň, howa gämileriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi**

1. Suwdaky biologik baýlyklary almak, deňziň düýbündäki we onuň jümmüşindäki mineral we beýleki jansyz baýlyklarynyň gözleg işlerini geçirmek we gazyp almak, losman bilen gämileri geçirmek, gözleg, halas ediş we tirkege alyş operasiýalary, deňizde gark bolan emlägi ýokary çykarmak, gidrotehniki, suwasty-tehniki we şuňa meňzeş beýleki işler, arassaçylyk, karantin we beýleki gözegçilik, deňiz gurşawyny goramak we abat saklamak, okuw, sport we medeni maksatlardaky deňiz ylmy barlaglaryny geçirmek üçin, şeýle hem söwda deňiz gatnawlary bilen bagly başga maksatlarda ulanylmagy üçin Türkmenistanyň gümrük çäginden wagtlaýyn alnyp gidilýän, harby bolmadyk deňiz (derýa) gämileri wagtlaýyn alnyp gidilen we yzyna getirilen mahalynda, Türkmenistanyň gümrük serhedinden şu bapda bellenilen düzgünler boýunça geçirilýär, fiziki şahslar tarapyndan telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk şahsy, maşgala we başga maksatlar bilen geçirilýän deňiz ýa-da derýa ulag serişdeleri muňa degişli däldir.

2. Harytlaryň we ýolagçylaryň halkara gatnawynda ulanylmaýan harby howa gämilerinden başga howa gämileri wagtlaýyn alnyp gidilen we yzyna getirilen mahalynda, Türkmenistanyň gümrük serhedinden şu bapda bellenilen düzgünler boýunça geçirilýär.

## 21-nji bap. HARYTLARYŇ FIZIKI ŞAHSLAR TARAPYNDAN GEÇIRILMEGI

### 223-nji madda. Harytlaryň şahsy peýdalanylmagy üçin fiziki şahslar tarapyndan geçirilmegi

1. Fiziki şahslaryň şahsy, maşgala we telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk başga zerurlyklary (mundan beýläk – şahsy peýdalanylmagy üçin) üçin niýetlenen harytlary görkezilen şahslar tarapyndan şu babyň düzgünlerine laýyklykda, şu bap bilen düzgünleşdirilmeýän bölegi babatda bolsa – şu Kodeksde bellenilen umumy tertibe laýyklykda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýär.

2. Harytlaryň niýetlenilişi gümrük edarasy tarapyndan fiziki şahsyň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar, harytlaryň häsiýeti we olaryň mukdary hakyndaky mälim etmesinden, şeýle hem harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçiş ýygylygyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Fiziki şahslar tarapyndan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden şahsy peýdalanylmagy üçin geçirilmeginiň tertibi şulary özünde jemleýär:

1) gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy;

2) gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ulanylmagyny;

3) gümrük taýdan resmileşdirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibini;

4) harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmazlygyny;

5) harytlaryň laýyklygynyň hökmany suratda tassyklanylmagynyň şertiniň ulanylmazlygyny.

4. Şu babyň ulanylyş maksatlary üçin ulag serişdeleri diýlip, fiziki şahslar tarapyndan diňe şahsy peýdalanylmagy üçin getirilýän ýa-da alnyp gidilýän olaryň ätiýaçlyk şaýlary we adaty esbaplary we enjamlary bilen bilelikde awtoulag serişdelerine we tirkeglere, deňiz (derýa) gämilerine we howa gämilerine düşünilýär.

### 224-nji madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň şahsy peýdalanylmagy üçin getirilmegi we alnyp gidilmegi hem-de şeýle harytlar we ulag serişdeleri babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ulanylmagy

1. Eger Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlaryň bahasy we (ýa-da) mukdary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen baha we (ýa-da) mukdar çäklerinden ýokary geçmeýän bolsa, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylma ulanylýar, ulag serişdeleri muňa degişli däldir.

Bahasy we (ýa-da) mukdary görkezilen çäkden ýokary geçýän harytlar babatda şeýle ýokary geçme bölegine, şeýle hem ulag serişdeleri babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük paçlary, salgytlar ulanylýar.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, fiziki şahslar hemişelik ýaşaýan ýerine göçen mahaly olar tarapyndan getirilýän harytlar, bosgunlar we mejbury göçürilenler tarapyndan getirilýän harytlar, şeýle hem miras galýan emläk babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagyň ulanylýan halatlaryny kesgitlemäge haklydyr.

3. Şu madda laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän we bu çäkden alnyp gidilýän harytlara gümrük maksatlary üçin degişlilikde erkin dolanyşyga goýberilen ýa-da eksport gümrük düzgüninde alnyp gidilen hökmünde garalýar.

4. Şu maddanyň düzgünleri fiziki şahslar tarapyndan wagtlaýyn getirilýän (alnyp gidilýän) we alnyp gidilýän (getirilýän) harytlara degişli bolmaýar.

### 225-nji madda. Fiziki şahslar tarapyndan harytlaryň wagtlaýyn getirilmegi

1. Daşary ýurtly fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çägine wagtlaýyn getirilýän harytlar babatda, eger ol harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginde wagtlaýyn bolýan döwründe şol şahslar tarapyndan diňe şahsy peýdalanmak üçin getirilýän bolsa, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden

boşadylmak daşary ýurtly şahsyň girmegi bilen bir wagtda ýa-da şeýle girmekden öň ýa-da soň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän, daşary ýurtly fiziki şahslara degişli ýa-da olar tarapyndan kärendesine alnan ýa-da başga usul bilen wagtlaýyn ulanmaga alnan ulag serişdelerine degişli bolup durýar.

Fiziki şahslar tarapyndan adamlaryň tölegli gatnadylmagy üçin ýa-da harytlaryň senagat ýa-da täjirçilik ulagly daşalmagy üçin geçirilýän ulag serişdeleri şu Kodeksiň 20-nji babynda bellenilen düzgünlere laýyklykda gümrük serhedinden geçirilýär.

3. Wagtlaýyn getirilýän harytlar şu Kodeksiň 228-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda ýazmaça görnüşde deklarirlenilmäge degişli bolan halatlarynda, wagtlaýyn getiriliş möhleti gümrük edarasy tarapyndan, daşary ýurtly fiziki şahsyň Türkmenistanda bolmagynyň dowamlylygyny we şu maddanyň dördünji bölegine laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän möhletlerini nazara almak bilen, onuň mälim etmesinden ugur alnyp bellenilýär.

Daşary ýurtly fiziki şahsyň delillendirlen ýüz tutmasy boýunça wagtlaýyn getirmegiň gümrük edarasy tarapyndan bellenilen möhleti şu maddanyň dördünji bölegine laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän möhletler nazara alnyp uzaldylyp bilner.

4. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti daşary ýurtly fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çägine wagtlaýyn getirilýän, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlaryň aýratyn görnüşleri babatda wagtlaýyn getirmegiň aňryçäk möhletlerini bellemäge haklydyr.

5. Wagtlaýyn getirilen, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar islendik gümrük edarasynyň üstünden Türkmenistanyň gümrük çäginden yzyna alnyp gidilip biler. Wagtlaýyn getirilen harytlar yzyna alnyp gidilende gümrük paçlary, salgytlar töletdirilip alynmaýar, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmaýar.

6. Şu Kodeksiň 23-nji babynda görkezilen daşary ýurtly fiziki şahslar tarapyndan wagtlaýyn getirilen, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar Türkmenistanyň çäginden olar tarapyndan aýrybaşgalanyp bilner. Şonuň bilen birlikde aýrybaşgalanýan wagtlaýyn getirilen, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar üçin olar wagtlaýyn getirilen mahalynda getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi töletdirilip alynmadyk bolsa, şeýle harytlaryň deklarirlenilmegi hem-de olar üçin getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň tölenilmegi boýunça borç olary alýanyň üstüne ýüklenilýär.

7. Wagtlaýyn getirilen, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlaryň yzyna alnyp gidilmegi şu aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylman bilner, eger:

1) awariýanyň ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde olara uly zeper ýeten bolsa;

2) şu maddanyň altynjy bölegine laýyklykda Türkmenistanyň çäginde aýrybaşgalanan bolsalar.

8. Türkmenistanyň fiziki şahslary, ulag serişdeleri daşary ýurt döwletiniň çäginde bellige alnan hem-de her bir wagtlaýyn getirilýän ulag serişdesi babatda wagtlaýyn getiriliş möhleti jemläp alanyňda bir senenama ýylynyň dowamynda alty aýdan geçmeýän şertinde, ulag serişdelerini wagtlaýyn getirip biler.

### 226-njy madda. Harytlaryň fiziki şahslar tarapyndan wagtlaýyn alnyp gidilmegi

1. Türkmenistanyň fiziki şahslary ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlary şahsy peýdalanmak üçin gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen daşary ýurt döwletiniň çäginde özüniň wagtlaýyn bolýan möhletine Türkmenistanyň gümrük çäginden wagtlaýyn alyp gitmäge we olary yzyna getirmäge haklydyr.

2. Eger wagtlaýyn alnyp gidilýän harytlaryň kybaplanylmagy gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen yzyna getirilmegine ýardam etjek bolsa, gümrük edarasy fiziki şahsyň arzasy boýunça olaryň kybaplanylmagyny amala aşyrýar. Harytlaryň kybaplanylmagy hakynda bir nusgasy degişli fiziki şahsa gaýtarylyp berilýän gümrük deklarasiýasynda görkezilýär. Şeýle kybaplamagyň bolmazlygy harytlaryň fiziki şahslar tarapyndan gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen yzyna getirilmegine päsgel bermeýär.

### 227-nji madda. Fiziki şahslar tarapyndan şahsy peýdalanmak üçin geçirilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi

1. Fiziki şahslar tarapyndan şahsy peýdalanmak üçin geçirilýän harytlaryň gümrük taýdan

resmileşdirilmegi şu Kodekse laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde amala aşyrylýar.

2. Fiziki şahslar tarapyndan şahsy peýdalanmak üçin geçirilýän, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar şu halatlarda wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilmäge degişlidir:

1) görkezilen şahslaryň haýyşy boýunça;

2) eger haýal etmän gümrük taýdan resmileşdirilmegi we (ýa-da) gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi gümrük edaralaryna bagly bolmadyk sebäpler boýunça mümkin bolmasa.

3. Harytlary wagtlaýyn saklamak şu Kodeksiň 10-njy babynda göz öňünde tutulan tertipde we harytlary wagtlaýyn saklanylýan ammara ýerleşdirilen şahsyň hasabyna amala aşyrylýar.

**228-nji madda. Fiziki şahslar tarapyndan harytlaryň deklarirlenilmegi**

1. Fiziki şahslar tarapyndan el goşunda we ýanyndaky goşunda geçirilýän harytlaryň deklarirlenilmegi olaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçip barýan mahalynda amala aşyrylýar.

2. Şu aşakdaky, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar ýazmaça görnüşde deklarirlenilmäge degişlidir:

1) fiziki şahslar tarapyndan ýany bilen gidilmeýän goşunda geçirilýän;

2) fiziki şahslaryň salgysyna şahsy peýdalanylmagy üçin iberilýän harytlar, halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlar muňa degişli däldir;

3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda getirilmegi çäklendirilen ýa-da bahasy we (ýa-da) mukdary Türkmenistanyň gümrük serhedinden gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy bilen geçirmek üçin bellenilýän çäklendirmelerden geçýän;

4) alnyp gidilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çäklendirilen;

5) alnyp gidilen mahalynda ýazmaça görnüşde deklarirlenilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan;

6) ulag serişdeleri.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilmedik halatlarda harytlar dilden deklarirlenilýär.

Fiziki şahs gümrük serhedinden geçirýän we ýazmaça görnüşde hökmany suratda deklarirlenilmäge degişli bolmadyk harytlaryny öz islegi boýunça ýazmaça görnüşde deklarirlemäge haklydyr.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän halatlarda we tertipde dilden deklarirlenilmäge degişli harytlary deklarirlemek fiziki şahsyň el goşunda we ýanyndaky goşunda ýazmaça görnüşde deklarirlenilmäge degişli harytlaryň ýokdugyny tassyklaýan hereketleri amala aşyrmagy bilen (konklýudent görnüşdäki deklarirleme) amala aşyrylýar. Bu maksat bilen geçiriş ýerlerinde fiziki şahslaryň geçmegi üçin ol harytlaryň deklarirlenilmeginiň görnüşini saýlap biler ýaly ýörite belgilenen ýerler enjamlaşdyrylyp gurnalýar. Fiziki şahsyň el goşunda ýa-da ýanyndaky goşunda ýazmaça görnüşde deklarirlenilmäge degişli harytlary bolmadyk şahslaryň geçmegi üçin ýörite bellenilen ýerden geçmegine, görkezilen şahsda ýazmaça görnüşde deklarirlenilmäge degişli harytlaryň ýokdugy hakynda gümrük edarasyna mälim etme hökmünde garalýar.

5. Ýaşy on alta çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň harytlary ýanynda bolan ene-atasynyň biri, perzentlige alan, hossary ýa-da howandary tarapyndan, ýanlarynda ene-atasy, perzentlige alan, hossary ýa-da howandary bolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedik şahslaryň toparynyň guramaçylykly çykan (giren) we yzyna giren (çykan) mahalynda şeýle toparyň ýolbaşçysy tarapyndan deklarirlenilýär.

6. Ýany bilen gidilmeýän goşda gümrük serhedinden geçirilýän harytlar babatda gümrük deklarasiýasy harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda şu Kodeksiň 79-njy maddasynda bellenilen möhletiň dowamynda, alnyp gidilen mahalynda bolsa – harytlar gümrük edarasyna görkezilen wagtynda berilmelidir.

Ýany bilen gidilmeýän goşda gümrük serhedinden geçirilýän harytlar, harytlary geçirýän şahs ýa-da harytlary geçirýän şahsyň ynanç haty boýunça hereket edýän başga şahs tarapyndan deklarirlenilip bilner.

Ýaşy on alta çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň ýany bilen gidilmeýän goşundaky harytlar ene-atasynyň biri, perzentlige alan, hossary ýa-da howandary ýa-da görkezilen şahslaryň ynanç haty boýunça hereket edýän şahslar tarapyndan deklarirlenilmäge degişlidir.

**229-njy madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň**

**fiziki şahslar tarapyndan tölenilmegi**

Gümrük paçlary, salgytlar fiziki şahslar tarapyndan, ulag serişdelerini hem goşmak bilen, harytlar ýazmaça görnüşde deklarirlenilen mahalynda tölenilýär.

**230-njy madda. Fiziki şahslar tarapyndan geçirilýän harytlaryň gümrük bahasy**

1. Harytlaryň gümrük bahasy harytlary geçirýän fiziki şahs tarapyndan olar deklarirlenilen mahalynda mälim edilýär. Mälim edilen bahany tassyklamak üçin fiziki şahs tarapyndan deklarirlenilýän harytlaryň satyn alynmagyny we olaryň bahasyny tassyklaýan çekler, hasaplar we başga resminamalar görkezilip bilner.

2. Fiziki şahslar tarapyndan harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen mahalynda olaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýerine getirilmegi üçin çykdajylar gümrük bahasyna goşulmaýar.

3. Fiziki şahs tarapyndan mälim edilen gümrük bahasynyň kesgitlenilmeginiň dogrulygyny tassyklaýan resminamalar we maglumatlar bolmadyk mahalynda gümrük edarasy olar babatda gümrük edarasynyň ygtyýarlygynda bar bolan bahalar hakyndaky maglumatlaryň esasynda harytlaryň bahasyny özbaşdak kesgitläp biler.

**231-nji madda. Fiziki şahslar tarapyndan geçirilýän ulag serişdeleri üçin ätiýaçlyk şaýlary we ýangyç**

1. Fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çägine wagtlaýyn getirilen ulag serişdelerini abatlamak üçin zerur bolan ätiýaçlyk şaýlary ulag serişdesini wagtlaýyn getirmegiň möhletinden geçmeýän möhlete gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginden doly boşadylmagy bilen wagtlaýyn getirilip bilner.

2. Fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän ulag serişdeleriniň gurluşynda göz öňünde tutulan ýangyç gaplaryndaky ulag serişdeleri üçin ýangyç gümrük paçlary, salgytlar tölenilmezden Türkmenistanyň gümrük çägine getirilip ýa-da degişlilikde bu çäkden alnyp gidilip bilner.

## 22-nji bap. HALKARA POÇTA UGRATMALARYNDA HARYTLARYŇ GEÇIRILMEGI

**232-nji madda. Halkara poçta ugratmalary**

1. Şu baby ulanmagyň maksatlary üçin halkara poçta ugratmalary diýlip Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşyna ibermek üçin kabul edilýän, Türkmenistanyň gümrük çägine gowuşýan ýa-da bu çägiň üstünden üstaşyr geçýän poçta ugratmalaryna düşünilýär. Şular halkara poçta ugratmalaryna degişlidir:

1) hatlar (ýönekeý, buýrulýan, gymmatlygy yglan edilen);
2) poçta kartoçkalary (ýönekeý, buýrulýan);
3) banderollar we “M” ýörite haltalary (ýönekeý, buýrulýan);
4) sekogrammalar (ýönekeý, buýrulýan), aerogrammalar;
5) ownuk bukjalar (buýrulýan);
6) ýollamalar (adaty, gymmatlygy yglan edilen).

2. Halkara poçta ugratmalary poçta aragatnaşyk kärhanalary tarapyndan gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan olaryň alyjylaryna ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşyna ugradylyp bilinmez.

3. Içerki gümrük üstaşyrynyň amaly halkara poçta ugratmalaryna şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we çäklendirmeleriň esasynda aragatnaşyk babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy bilen ylalaşmak boýunça gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde ulanylýar.

**233-nji madda. Harytlar halkara poçta ugratmalarynda iberilen mahalyndaky gadaganlyklar we çäklendirmeler**

1. Şu harytlaryň halkara poçta ugratmalarynda iberilmegine ýol berilmeýär:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi ýa-da bu

çäkden alnyp gidilmegi gadagan edilen;

2) Bütindünýä poçta birleşmesiniň namalaryna laýyklykda iberilmegi gadagan edilen.

2. Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi ýa-da bu çäkden alnyp gidilmegi çäklendirilen harytlar babatda görkezilen harytlary alyjylar ýa-da ugradyjylar ýa-da olaryň adyndan hereket edýän şahslar, gümrük taýdan resmileşdirmekde görkezilen çäklendirmeleriň berjaý edilmegini tassyklaýan zerur rugsatnamalary, ygtyýarnamalary, güwänamalary we beýleki resminamalary bermäge borçludyr.

3. Şu halatlarda halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklar we çäklendirmeler ulanylmaýar:

1) eger görkezilen harytlaryň bahasy we (ýa-da) mukdary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklerden geçmeýän bolsa;

2) eger harytlar fiziki şahslaryň salgysyna iberilýän we şahsy peýdalanylmagy üçin niýetlenen bolsa;

3) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän başga halatlarda.

4. Halkara poçta ugratmalarynda iberilmegi gadagan edilen we (ýa-da) çäklendirilen harytlaryň alynmagy, şeýle hem olara ygtyýarlyk edilmegi gümrük edaralary tarapyndan şu Kodekse laýyklykda, onuň düzgünleşdirmeýän bölegi babatda bolsa – Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşyrylýar.

**234-nji madda. Halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi**

1. Halkara poçta ugratmalarynda Bütindünýä poçta birleşmesiniň namalarynda göz öňünde tutulan resminamalar bilen iberilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi şu bapda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen, şu Kodekse laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi ileri tutulmak tertibinde we üç günden artyk bolmadyk iň gysga möhletde amala aşyrylýar.

3. Halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi iş zolagynda halkara poçta alyş-çalyş edilýän ýeri ýerleşýän gümrük edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Eger gümrük edaralary tarapyndan gümrük maksatlary üçin talap edilýän ähli maglumatlar Bütindünýä poçta birleşmesiniň namalarynda göz öňünde tutulan we halkara poçta ugratmalarynyň ýany bilen iberilýän resminamalarda bar bolsa, aýratyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegi talap edilmeýär, şu maddanyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

5. Harytlaryň aýratyn gümrük deklarasiýasyny bermek arkaly deklarirlenilmegi şu halatlarda talap edilýär, eger:

1) harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeler ulanylanda, şahsy, maşgala, öý we telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk başga hajatlar üçin niýetlenen harytlaryň fiziki şahslaryň salgysyna iberilýän halatlary muňa degişli däldir;

2) Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilmegini göz öňünde tutmaýan gümrük düzgünine ýerleşdirilmegi üçin niýetlenen bolsa;

3) halkara poçta ugratmalary ýuridik şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäginden ýa-da Türkmenistanyň gümrük çägine ýuridik şahsyň salgysyna iberilende;

4) harytlar önümçilik we başga telekeçilik işi üçin niýetlenen we fiziki şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäginden ýa-da Türkmenistanyň gümrük çägine fiziki şahsyň salgysyna iberilýän bolsa.

6. Şu maddanyň bäşinji bölegine laýyklykda özleri babatda aýratyn gümrük deklarasiýasy berilmeli harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi aragatnaşyk babatda ygtyýarly döwlet edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde iş zolagynda alyjylar ýa-da ugradyjylar bolan gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

7. Şu maddanyň bäşinji bölegine laýyklykda özleri babatda aýratyn gümrük deklarasiýasy berilmeli halkara poçta ugratmalarynda Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi görkezilen harytlar ugradylmak üçin poçta aragatnaşyk kärhanalaryna berilmezden öň olaryň ugradyjylary ýa-da olaryň adyndan hereket edýän şahslar tarapyndan amala aşyrylýar.

**235-nji madda. Halkara poçta ugratmalarynyň gümrük gözden geçirmesi we gümrük barlagy**

1. Poçta aragatnaşyk kärhanalary gümrük edaralarynyň talap etmegi boýunça gümrük gözden geçirmesiniň we gümrük barlagynyň geçirilmegi üçin halkara poçta ugratmalaryny görkezmäge borçludyr. Halkara poçta ugratmalarynyň gümrük gözden geçirmesiniň we gümrük barlagynyň geçirilmegine harytlaryň görkezilmeginiň tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Gümrük edaralary poçta ugratmalarynyň şu görnüşleriniň görkezilmegini talap etmeýärler:

1) poçta kartoçkalaryny we hatlary;

2) körler üçin edebiýaty.

Görkezilen poçta ugratmalarynda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi gadagan edilen ýa-da çäklendirilen harytlaryň bardygyna ýeterlik esas bolanda, şeýle hem saýlamak bilen ýa-da tötänden geçirilýän barlaglaryň esasynda gümrük gözden geçirmesi ýa-da gümrük barlagy geçirilen mahalynda gümrük edaralary görkezilen poçta ugratmalarynyň görkezilmegini talap etmäge haklydyr.

3. Gümrük gözden geçirmesi ýa-da gümrük barlagy geçirilen mahalynda gümrük gözegçiliginiň tehniki serişdeleri iň ýokary derejede ulanylýar.

**236-njy madda. Halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlar babatda ulanylýan gümrük paçlary, salgytlar**

1. Eger harytlaryň bahasy we (ýa-da) mukdary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kadalardan geçmeýän bolsa, halkara poçta ugratmalarynda iberilýän şeýle harytlar babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär.

2. Özleri babatda aýratyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegi talap edilmeýän harytlar üçin gümrük paçlary, salgytlar halkara poçta alyş-çalşynyň geçirilýän ýerlerinde gümrük taýdan resmileşdirmegi amala aşyrýan gümrük edaralary tarapyndan hasaplanylýar we hasaplanyp ýazylýar. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň hasaplanylmagy Bütindünýä poçta birleşmesiniň namalarynda göz öňünde tutulan we gümrük maksatlary üçin ulanylýan resminamalarda görkezilen harytlaryň bahasy hakyndaky maglumatlar esasynda amala aşyrylýar. Gymmaty mälim edilen halkara poçta ugratmalary babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri, diňe gümrük maksatlary üçin ulanylýan resminamalarda görkezilen bahadan geçýän halatynda, şol mälim edilen gymmatlykdan ugur alnyp hasaplanylýar.

Gümrük edaralary tarapyndan gümrük paçlary, salgytlar hasaplanyp ýazylan harytlary bar bolan halkara poçta ugratmalary poçta aragatnaşyk kärhanasy tarapyndan diňe gümrük paçlarynyň, salgytlaryň doly pul möçberi alnandan soň halkara poçta alyş-çalyş ýerlerinde adresatlara berilýär. Gümrük paçlaryny, salgytlary töletdirip almak gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan düzülen pul serişdeleriniň poçta geçirmesiniň blankasy esasynda amala aşyrylýar. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenen pul möçberleri, alyja halkara poçta ugratmasy berlenden soň, olary hasaplap ýazan gümrük edarasynyň hasabyna geçirilýär. Poçta geçirmesiniň tölegi gümrük paçlaryny, salgytlary tölän şahsyň hasabyna amala aşyrylýar. Pul serişdeleriniň poçta geçirmeleriniň blanklary gümrük edaralaryna mugt berilýär.

3. Halkara poçta ugratmalary ýitirilen, gümrük edarasynyň rugsady bolmazdan alyja berlen mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenmegi üçin, görkezilen poçta ugratmalaryny ýitiren ýa-da beren poçta aragatnaşyk kärhanasy jogapkärçilik çekýär.

4. Şu Kodeksiň 234-nji maddasynyň bäşinji böleginde görkezilen harytlar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň hasaplanylmagy we tölenilmegi şu Kodeksiň III bölüminde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**237-nji madda. Halkara poçta ugratmalarynyň üstaşyry**

Türkmenistanyň çägi boýunça üstaşyr geçirilýän halkara poçta ugratmalarynyň gümrük taýdan resmileşdirilmegi amala aşyrylmaýar.

## 23-nji bap. HARYTLARYŇ DAŞARY ÝURTLY ŞAHSLARYŇ AÝRATYN TOPARLARY TARAPYNDAN GEÇIRILMEGI

**238-nji madda. Şu babyň ulanylyş çygry**

Şu babyň düzgünleri daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we beýleki resmi wekilhanalary, halkara guramalary, şol wekilhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň işgärleri tarapyndan Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäginde artykmaçlyklardan, ýeňilliklerden we (ýa-da) aýratyn goragdan peýdalanýan daşary ýurtly şahslaryň aýratyn toparlarynyň şahsy we maşgala peýdalanmagy üçin niýetlenen harytlar babatda ulanylýar.

**239-njy madda. Harytlaryň daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary tarapyndan geçirilmegi**

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylmagy bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan wekilhanalaryň resmi taýdan peýdalanmagy üçin niýetlenen harytlary Türkmenistanyň gümrük çägine getirip we bu çäkden alyp gidip biler.

**240-njy madda. Daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň ýolbaşçysy we daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalary, olaryň maşgala agzalary tarapyndan harytlaryň geçirilmegi**

1. Daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň ýolbaşçysy we daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalary, şeýle hem olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalary gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylmagy bilen we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan ilkibaşdaky üpjünçiligi üçin harytlary hem goşmak bilen özleriniň şahsy we maşgalada peýdalanmagy üçin niýetlenen harytlary Türkmenistanyň gümrük çägine getirip hem-de özleriniň şahsy we maşgalada peýdalanmagy üçin niýetlenen harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alyp gidip biler.

2. Daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň ýolbaşçysynyň we daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalarynyň, şeýle hem olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalarynyň şahsy goşlary, eger olarda şahsy we maşgalada peýdalanmak üçin niýetlenmedik harytlaryň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda Türkmenistana getirilmegi ýa-da Türkmenistandan alnyp gidilmegi gadagan edilen ýa-da karantin kadalary bilen düzgünleşdirilýän harytlaryň bardygyny çak etmäge düýpli esaslar ýok bolsa, gümrük barlagyndan boşadylýar.

Ýokarda görkezilen esaslar bolanda gümrük barlagy diňe şu maddada görkezilen şahslar ýa-da olaryň ygtyýarly wekilleri bolan mahalynda geçirilmelidir.

**241-nji madda. Harytlaryň daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň administratiw-tehniki personalynyň agzalary tarapyndan geçirilmegi**

Daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň administratiw-tehniki personalynyň agzalary we olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalary Türkmenistanyň gümrük çägine ilkibaşdaky üpjünçiligi üçin niýetlenen harytlary gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boşadylmagy bilen we harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan Türkmenistanyň gümrük çägine getirip biler.

**242-nji madda. Daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalaryna berilýän gümrük ýeňillikleriniň administratiw-tehniki we hyzmat ediji personalynyň agzalaryna degişli bolmagy**

Daşary ýurt döwleti bilen ýörite ylalaşygyň esasynda, her bir aýratyn daşary ýurt döwleti babatda ikitaraplaýynlyk ýörelgesinden ugur alyp, şu Kodeksde daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalaryna berilýän gümrük ýeňillikleri şol diplomatik wekilhananyň administratiw-tehniki we hyzmat ediji personalynyň agzalaryna, şeýle hem olaryň Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan we Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan maşgala agzalaryna degişli bolup biler.

**243-nji madda. Harytlaryň daşary ýurt döwletleriniň konsullyk edaralary we olaryň personalynyň agzalary tarapyndan geçirilmegi**

1. Daşary ýurt döwletleriniň konsullyk edaralaryna, daşary ýurt döwletiniň konsullyk edarasynyň ýolbaşçysyny hem goşmak bilen, daşary ýurt döwletleriniň konsullyk wezipeli adamlaryna we daşary ýurt döwletleriniň konsullyk gullukçylaryna, şeýle hem olaryň maşgala agzalaryna, şu Kodeksde daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary ýa-da daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň degişli personaly üçin göz öňünde tutulan gümrük ýeňillikleri berilýär.

2. Daşary ýurt döwleti bilen baglaşylan ýörite ylalaşyk esasynda daşary ýurt döwletiniň konsullyk edarasynyň hyzmat ediji personalyna, şeýle hem olaryň Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan we Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan maşgala agzalaryna, her bir aýratyn daşary ýurt döwleti babatda ikitaraplaýynlyk ýörelgesinden ugur alyp, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň degişli personalynyň agzalary üçin şu Kodeks bilen berilýän gümrük ýeňillikleri degişli bolup biler.

**244-nji madda. Daşary ýurt döwletleriniň diplomatik poçtasynyň we konsullyk walizasynyň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi**

1. Daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän diplomatik poçtasy we konsullyk walizasy açylmaga, tutulyp saklanylmaga degişli däldir. Konsullyk walizasynda şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilmedik resminamalaryň we (ýa-da) harytlaryň bardygyna çak etmäge düýpli esaslar bolan mahalynda gümrük edarasy wekilçilik edilýän daşary ýurt döwletiniň ygtyýarlyklary bolan şahslary tarapyndan konsullyk walizanyň gümrük edarasynyň işgäriniň bolmagynda açylmagyny talap etmäge haklydyr. Açmakdan ýüz öwrülen halatynda konsullyk walizasy ugradylan ýerine yzyna gaýtarylýar.

2. Diplomatik poçtany we konsullyk walizasyny düzýän ähli ýerlerde, ol ýerleriň häsiýetini görkezýän, göze görnüp duran belgiler bolmalydyr.

3. Diplomatik poçta we konsullyk waliza barmaga rugsat berlen porta ýa-da aeroporta ugraýan deňiz (derýa) gämisiniň kapitanyna ýa-da howa gämisiniň komandirine ynanylyp bilner. Deňiz (derýa) gämisiniň kapitany ýa-da howa gämisiniň komandiri diplomatik poçtany we konsullyk walizasyny düzýän ýerleriň sany görkezilen resmi taýdaky resminama bilen üpjün edilmelidir, şonda ol diplomatik ýa-da konsullyk çapar hasaplanylmaýar. Diplomatik wekilhana ýa-da konsullyk edarasy öz işgärleriniň birini deňiz (derýa) gämisiniň kapitanyndan ýa-da howa gämisiniň komandirinden diplomatik poçtany we konsullyk walizasyny gös-göni we päsgelçiliksiz almak üçin iberip biler.

4. Eger diplomatik poçta ýa-da konsullyk walizasy daşary ýurt döwletiniň awtomobil ulag serişdesi bilen gös-göni diplomatik wekilhana ýa-da konsullyk edarasyna eltilýän bolsa, onda diplomatik poçta ýa-da konsullyk walizasy serhetýaka gümrük edarasy tarapyndan resmileşdirilýär.

5. Diplomatik poçtada diňe diplomatik resminamalar we resmi taýdan peýdalanmak üçin niýetlenen harytlar, konsullyk walizasynda bolsa - diňe resmi hat-habarlar we resminamalar ýa-da diňe resmi taýdan peýdalanmak üçin niýetlenen harytlar bolup biler.

**245-nji madda. Daşary ýurt diplomatik we konsullyk çaparlary üçin gümrük ýeňillikleri**

Daşary ýurt diplomatik we konsullyk çaparlary her bir aýratyn daşary ýurt döwleti babatda ikitaraplaýynlyk ýörelgesinden ugur alyp, gümrük barlagyndan we gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden

boşadylmagy bilen hem-de harytlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ykdysady häsiýetli gadaganlyklary we çäklendirmeleri ulanmazdan özleriniň şahsy we maşgalada peýdalanmagy üçin niýetlenen harytlaryny Türkmenistanyň gümrük çägine getirip we bu çäkden alyp gidip biler.

**246-njy madda. Daşary ýurt döwletleriniň wekilleri we wekiliýetleriniň agzalary üçin gümrük ýeňillikleri**

Daşary ýurt döwletleriniň wekillerine, parlament we hökümet wekiliýetleriniň agzalaryna, şeýle hem ikitaraplaýynlyk esasynda Türkmenistana halkara gepleşiklerine, halkara konferensiýalaryna we maslahatlara gatnaşmak üçin ýa-da başga resmi tabşyryk bilen gelýän daşary ýurt döwletleriniň wekiliýetleriniň agzalaryna, daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalary üçin şu Kodeksde göz öňünde tutulan gümrük ýeňillikleri berilýär. Olaryň ýanynda barýan maşgala agzalaryna hem şonuň ýaly ýeňillikler berilýär.

**247-nji madda. Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt döwletleriniň diplomatik personalynyň agzalary, konsullyk wezipeli adamlary, wekilleri we wekiliýetleriniň agzalary tarapyndan harytlaryň geçirilmegi**

Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt döwletiniň wekilhanasynyň diplomatik personalynyň agzalaryna we daşary ýurt döwletiniň konsullyk edarasynyň konsullyk wezipeli adamlaryna, olaryň maşgala agzalaryna, şu Kodeksiň 246-njy maddasynda görkezilen şahslara, şu Kodeksde wekilhananyň diplomatik personalynyň agzalary üçin göz öňünde tutulan gümrük ýeňillikleri berilýär.

**248-nji madda. Döwletara we hökümetara halkara guramalary, daşary ýurt döwletleriniň olaryň ýanyndaky wekilhanalary, şeýle hem ol guramalaryň we wekilhanalaryň personaly üçin gümrük ýeňillikleri**

Döwletara we hökümetara halkara guramalary, daşary ýurt döwletleriniň olaryň ýanyndaky wekilhanalary, şeýle hem ol guramalaryň we wekilhanalaryň personaly hem-de olaryň maşgala agzalary üçin gümrük ýeňillikleri Türkmenistanyň degişli halkara şertnamalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

## 24-nji bap. HARYTLARYŇ TURBAGEÇIRIJI ULAG ARKALY WE ELEKTRIK GEÇIRIJI LINIÝALAR BOÝUNÇA GEÇIRILMEGI

**249-njy madda. Şu babyň ulanylyş çygry**

Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilmegi şu babyň düzgünlerine laýyklykda, şu bapda düzgünleşdirilmedik bölegi bolsa – şu Kodeksde bellenilen umumy tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

**250-nji madda. Turbageçiriji ulag arkaly geçirilýän harytlaryň getirilmegi we alnyp gidilmegi**

1. Harytlaryň turbageçiriji ulag arkaly Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegine we bu çäkden alnyp gidilmegine gümrük deklarasiýasy kabul edilenden soň we onda mälim edilen gümrük düzgüniniň şertlerine laýyklykda harytlar gümrük edarasy tarapyndan goýberilenden soň ýol berilýär.

2. Gümrük deklarasiýasy berlen mahalynda harytlaryň hakykatda görkezilmegi talap edilmeýär.

3. Harytlar turbageçiriji ulag arkaly Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen we bu çäkden alnyp gidilen mahalynda Türkmenistanda hereket edýän tehniki düzgünlere we milli standartlara laýyklykda ulagly

daşamagyň tehnologik aýratynlyklary we harytlaryň özboluşly häsiýetleri netijesinde harytlaryň garylmagyna, şeýle hem harytlaryň mukdarynyň we ýagdaýynyň (hiliniň) üýtgemegine ýol berilýär.

4. Turbageçiriji ulag arkaly geçirilýän harytlar babatda wagtlaýyn saklamagyň gümrük amaly ulanylmaýar.

**251-nji madda. Turbageçiriji ulag arkaly geçirilýän harytlary deklarirlemegiň tertibi**

1. Harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden turbageçiriji ulag arkaly geçirilen mahalynda, şu maddada göz öňünde tutulan aýratynlyklary nazara almak bilen, şu Kodeksiň 88-nji maddasynda bellenilen düzgünler boýunça olaryň döwürleýin wagtlaýyn deklarirlenilmegine ýol berilýär.

Döwürleýin wagtlaýyn deklarirlemek wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynda daşary söwda şertnamasynyň hereket ediş möhletinden geçmeýän wagtyň kesgitlenilen döwründe harytlaryň takmyn mukdarynyň getirilmeginiň ýa-da alnyp gidilmeginiň maksatlaryndan, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi meýilleşdirilýän harytlaryň mukdaryna we (ýa-da) görkezilen harytlaryň bahasyny kesgitlemegiň daşary söwda şertnamasynyň şertlerinde göz öňünde tutulan tertibe görä kesgitlenilýän şertli gümrük bahasyndan (baha berlişinden) ugur alnyp, maglumatlaryň mälim edilmegine ýol berilýär.

Bir gümrük düzgüniniň şertlerine laýyklykda birnäçe daşary söwda şertnamalary boýunça (şol sanda ibermegiň, nyrh emele gelmesiniň we tölemegiň dürli şertleri boýunça) borçnamalaryň hasabyna harytlary geçirýän şol bir şahs tarapyndan getirilýän ýa-da alnyp gidilýän harytlar üçin bir sany wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň berilmegine ýol berilýär.

2. Deklarant tarapyndan wagtlaýyn gümrük deklarasiýasy ýylyň bir çärýeginden geçmeýän döwür üçin, şol döwrüň öňünden gelýän aýyň 20-sinden gijä galman berilýär.

3. Deklarant harytlary ibermegiň her bir senenama aýy üçin, getirilen ýa-da alnyp gidilen harytlar boýunça bir ýa-da birnäçe bolmalysy ýaly doldurylan doly gümrük deklarasiýasyny bermäge borçludyr. Doly gümrük deklarasiýasy harytlaryň iberilen senenama aýynyň yzyndan gelýän aýyň 20-sinden gijä galman berilmelidir. Gümrük edarasy deklarantyň delillendirilen ýüz tutmagy boýunça alnyp gidilýän harytlar üçin doly gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletini togsan günden köp bolmadyk möhlete uzaldýar. Doly gümrük deklarasiýasynyň berliş möhletiniň uzaldylmagy gümrük tölegleriniň tölenilmeli pul möçberleriniň töleniliş möhletini uzaltmaýar.

4. Eger wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynda getirilmegi ýa-da alnyp gidilmegi mälim edilen harytlar bir senenama aýynyň dowamynda getirilmedik ýa-da hakykatda alnyp gidilmedik bolsa, deklarant doly gümrük deklarasiýasynyň berliş möhleti tamamlanmazdan öň bu barada gümrük edarasyna ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr.

**252-nji madda. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagy**

Harytlar turbageçiriji ulag arkaly geçirilen mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklar we çäklendirmeler wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününe görä ulanylýar.

**253-nji madda. Harytlaryň elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilmeginiň we olaryň deklarirlenilmeginiň aýratynlyklary**

1. Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilmegine, şu maddada bellenilen düzgünler boýunça soňra deklarirlenilen we gümrük tölegleri tölenen şertinde, gümrük edarasynyň deslapky rugsady bolmazdan ýol berilýär.

2. Elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlar babatda wagtlaýyn saklamagyň we içerki gümrük üstaşyrynyň gümrük amallary ulanylmaýar.

3. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän elektrik energiýasynyň deklarirlenilmegi harytlaryň

hakykatda iberilen her senenama aýynyň yzyndan gelýän aýyň 20-sinden gijä galman deklarasiýa bermek arkaly amala aşyrylýar. Gümrük edarasy, deklarantyň delillendirilen ýüz tutmasy boýunça, gümrük deklarasiýasyny bermegiň möhletini on günden köp bolmadyk möhlete uzaldýar.

4. Deklarirlenilmäge tehnologik şertlendirilen ýerlerde oturdylan we elektrik energiýasynyň geçişini belleýän hasaba alyş enjamlarynyň görkezmeleri esasynda bellenilýän elektrik energiýasynyň hakyky mukdary degişlidir.

Iki döwletiň arasynda geçirilýän elektrik energiýasynyň mukdary her bir senenama aýy üçin saldo-akym (işde bolan döwletara, naprýaženiýäniň ähli toparlarynyň elektrik geçiriji liniýalary boýunça garşylyklaýyn ugurdaky elektrik energiýasynyň akymlarynyň algebraik jemi) hökmünde kesgitlenilýär.

Saldo-akymyň hasaplanylan mukdary elektrik energiýasy geçirilen mahalynda ulgamlarda bolýan elektrik energiýasynyň ýitgileriniň ululygyna görä düzedilýär.

Deklarirleme degişli daşary söwda şertnamasy boýunça elektrik energiýasynyň hakykatda iberilmegi hakyndaky namalar esasynda amala aşyrylýar.

5. Gümrük tölegleri gümrük serhedinden bir senenama aýynyň dowamynda geçirilýän harytlar üçin gümrük deklarasiýasynyň berlen gününden gijä galman tölenilýär.

**254-nji madda. Turbageçiriji ulag arkaly we elekrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlaryň kybaplanylmagy boýunça talaplaryň ulanylmazlygy**

Turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilýän harytlaryň kybaplanylmagy amala aşyrylmaýar, bu bolsa gümrük edaralaryna gümrük maksatlary üçin resminamalardaky maglumatlary, hasaba alyjylaryň we başga ölçeg enjamlarynyň görkezijilerini ulanmak bilen harytlaryň mukdaryny, hilini we başga häsiýetlerini bellemäge päsgel bermeýär.

**255-nji madda. Türkmen harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginde ýerleşýän iki ýeriň arasynda daşary ýurt döwletiniň çäginiň üsti bilen geçirilmegi**

Türkmen harytlarynyň Türkmenistanyň gümrük çäginde ýerleşýän iki ýeriň arasynda daşary ýurt döwletiniň çäginiň üsti bilen turbageçiriji ulag arkaly we elektrik geçiriji liniýalar boýunça geçirilmegi, şu Kodeksiň 19-njy babynyň 2-nji paragrafynda, türkmen harytlarynyň gümrük edaralarynyň arasynda daşary ýurt döwletiniň çäginiň üsti bilen daşalyp geçirilmeginiň ýörite gümrük düzgüni babatda bellenilen düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

## III BÖLÜM. GÜMRÜK TÖLEGLERI

### 25-nji bap. UMUMY DÜZGÜNLER

**256-njy madda. Gümrük tölegleriniň görnüşleri**

1. Gümrük töleglerine şular degişlidir:
1) getiriliş gümrük pajy;
2) alnyp gidiliş gümrük pajy;
3) salgytlar;
4) gümrük ýygymlary;
2. Gümrük tölegleri, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen bolsa, töletdirilip alynýar.

**257-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borçlaryň döremegi we bes edilmegi. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeýän halatlary**

1. Harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen mahalynda şu halatlarda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borçlar döreýär:

1) harytlar getirilen mahalynda – gümrük serhedinden geçilen pursatyndan;

2) harytlar alnyp gidilen mahalynda – gümrük deklarasiýasy berlen ýa-da harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine gös-göni gönükdirilen hereketler amala aşyrylan pursatyndan.

2. Şu halatlarda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmeýär, eger:

1) şu Kodekse, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda:

a) harytlara gümrük paçlary, salgytlar salynmaýan bolsa;

b) harytlar babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden şertli doly boşadylanda – şeýle boşadylmagyň hereket edýän döwründe we şeýle boşadylma bilen bagly şertler berjaý edilende;

2) harytlar erkin dolanyşyga goýberilmezinden öň we şahslar tarapyndan şu Kodeksde bellenilen talaplar we şertler bozulmadyk mahalynda, daşary ýurt harytlary awariýa ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýok bolan ýa-da ýitirilen bolsa;

3) harytlar şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda döwletiň eýeçiligine öwrülýän bolsa;

4) Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň bahasy we (ýa-da) mukdary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen baha we (ýa-da) mukdar çäklerinden geçmeýän bolsa;

3. Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşyga goýberilen ýa-da bu çäkden alnyp gidilen harytlar babatda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borçlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bes edilýär.

**258-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar**

1. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahs bolup deklarant durýar.

2. Eger deklarirlemek gümrük dellaly (wekili) tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, ol şu Kodeksiň 97-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär bolup durýar.

3. Şu Kodeksiň harytlary peýdalanmak we olara ygtyýarlyk etmek hakyndaky düzgünleriniň ýa-da gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagyny göz öňünde tutýan gümrük amallaryny we gümrük düzgünlerini ulanmak üçin şu Kodeksde bellenilen başga talaplar we şertler berjaý edilmedik mahalynda, şu Kodeksde göni göz öňünde tutulan halatlarda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin, wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän, gümrük ammaryna eýelik edýän, daşaýjy, gümrük düzgünini berjaý etmegiň borjy ýüklenilen şahslar jogapkär şahslar bolup durýar.

4. Gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik mahalynda, şol sanda olar nädogry hasaplanylanda we (ýa-da) öz wagtynda tölenilmedik halatynda gümrük edaralarynyň öňünde gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahs jogapkärçilik çekýär.

5. Harytlar we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirilen mahalynda harytlary we ulag serişdelerini bikanun geçirýän şahslar, bikanun geçirmäge gatnaşan şahslar, eger olaryň şol geçirmekligiň bikanundygy hakynda bilendigi ýa-da bilmelidigi, getirilen mahalynda bolsa – bikanun getirilen harytlary we ulag serişdelerini eýeçiligine ýa-da eýelik etmäge alan şahslar hem, eger alan pursatynda olaryň getirmegiň bikanundygyny bilendigi ýa-da bilmelidigi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bolmalysy ýaly tassyk bolan bolsa, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegine jogapkärçilik çekýär. Görkezilen şahslar bikanun alnyp gidilýän ýa-da bikanun getirilýän harytlaryň edil deklaranty hökmünde çykyş edendäki ýaly gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkärçilik çekýärler.

## 26-njy bap. GÜMRÜK PAÇLARYNY, SALGYTLARY HASAPLAMAK

**259-njy madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň salynýan obýekti**

Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar gümrük paçlarynyň, salgytlaryň salynýan obýekti bolup durýarlar. Harytlaryň gümrük bahasy we (ýa-da) olaryň mukdary gümrük paçlarynyň, salgytlaryň hasaplanylmagy üçin binýat bolup durýar.

**260-njy madda. Harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň we mälim etmegiň tertibi**

1. Harytlaryň gümrük bahasy deklarant tarapyndan gümrük bahasyny kesgitlemegiň şu Kodeksde bellenilen usullaryna görä kesgitlenilýär we harytlar deklarirlenilen mahalynda gümrük edarasyna mälim edilýär.

2. Harytlaryň deklarant tarapyndan mälim edilýän gümrük bahasy we onuň kesgitlenilmegine degişli berilýän maglumatlar dogry we resminamaly tassyklanylan maglumatlara esaslanmalydyr.

3. Gümrük edarasy deklarantyň beren resminamalarynyň we maglumatlarynyň esasynda, şeýle hem harytlaryň gümrük bahasy kesgitlenilen mahalynda ulanylýan öz ygtyýarlygynda bar bolan maglumatlaryň esasynda harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň deklarant tarapyndan saýlanyp alnan usuly bilen razylaşýandygy hem-de harytlaryň deklarant tarapyndan kesgitlenilen gümrük bahasynyň dogrudygy hakynda çözgüt kabul edýär.

4. Gümrük edarasy deklarantyň beren resminamalarynyň we maglumatlarynyň harytlaryň mälim edilen gümrük bahasy babatdaky çözgüdi kabul etmek üçin ýeterlik bolmadyk mahalynda deklarantdan ýazmaça görnüşde goşmaça resminamalary we maglumatlary talap edýär hem-de olaryň berilmegi üçin ýeterlik bolan möhleti belleýär.

Deklarant mälim edilen gümrük bahasyny tassyklamak üçin gümrük edarasynyň talap etmegi boýunça zerur bolan goşmaça resminamalary we maglumatlary bermäge ýa-da gümrük edarasynyň soraýan resminamalaryny we maglumatlaryny berip bilmezliginiň sebäplerini ýazmaça görnüşde düşündirmäge borçludyr. Deklarantyň harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň özi tarapyndan saýlanyp alnan usulynyň kanunylygynyň we öz beren maglumatlarynyň dogrulygyny subut etmäge haky bardyr.

5. Harytlaryň deklarant tarapyndan mälim edilen gümrük bahasynyň kesgitlenilişiniň dogrudygyny tassyklaýan maglumatlar bolmadyk mahalynda ýa-da deklarant tarapyndan berlen resminamalaryň we maglumatlaryň dogry we (ýa-da) ýeterlik däldiginiň alamatlary ýüze çykan mahalynda gümrük edarasy harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň saýlanyp alnan usulynyň ulanylmagynyň nädogrydygy hakynda çözgüt kabul etmäge hem-de harytlaryň gümrük bahasyny başga usuly ulanmak bilen kesgitlemegi deklaranta teklip etmäge haklydyr. Görkezilen halatda gümrük edarasynyň we deklarantyň arasynda harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň usulyny saýlap almak boýunça maslahatlar geçirilip bilner.

6. Harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň amaly harytlaryň goýberiliş möhletinde tamamlanmadyk bolsa, harytlaryň goýberilmegi goşmaça hasaplanylyp bilinýän gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üpjün edilen şertinde amala aşyrylýar. Gümrük edarasy deklaranta gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmeginiň talap edilýän möçberini ýazmaça görnüşde habar berýär.

7. Deklarant tarapyndan gümrük edarasynyň bellän möhletinde goşmaça resminamalar we maglumatlar berilmedik halatynda ýa-da gümrük edarasy tarapyndan deklarantyň beren maglumatlarynyň dogry we ýeterlik bolup bilmejekdiginiň alamatlary ýüze çykarylan mahalynda we şonda deklarantyň gümrük edarasynyň teklibi boýunça başga usul esasynda harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemekden ýüz öwren mahalynda gümrük edarasy harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň usullaryny yzygiderli ulanmak bilen harytlaryň gümrük bahasyny özbaşdak kesgitleýär. Gümrük edarasy kabul eden çözgüdi hakynda deklaranta şeýle çözgüdi kabul eden gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman ýazmaça görnüşde habar berýär. Gümrük edarasy harytlaryň gümrük bahasyny harytlar goýberilenden soň kesgitlän halatynda, eger gümrük paçlarynyň, salgytlaryň goşmaça tölenilmegi talap edilse, gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamany berýär. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň goşmaça hasaplanylan pul möçberleri talapnamanyň alnan gününden başlap on günüň dowamynda tölenilmelidir. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň görkezilen möhletiň dowamynda tölenilen goşmaça pul möçberine puşmana tölegler hasaplanyp ýazylmaýar.

**261-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň usullary**

1. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek şu aşakdaky

usullary ulanmak bilen amala aşyrylýar:
1) getirilýän harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça;
2) meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça;
3) birkysmy harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça;
4) bahadan aýyrmak;
5) baha goşmak;
6) ätiýaçdaky.
Getirilýän harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň esasy usuly getirilýän harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitlemek usulydyr.
Esasy usulyň ulanylmagy mümkin bolmadyk halatynda şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilýän usullaryň her biri yzygiderlilikde ulanylýar. Şonda her bir yzdan gelýän usul, eger harytlaryň gümrük bahasy öňden gelýän usuly ulanmak arkaly kesgitlenilip bilinmese, ulanylýar. Bahanyň kemeldilmegi we goşulmagy usullary deklarantyň islegi boýunça islendik yzygiderlilikde ulanylyp bilner.
2. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlaryň gümrük bahasy alnyp gidilýän harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitlenilýär.
Harytlar geleşik baglaşmazdan alnyp gidilýän mahalynda ol harytlaryň gümrük bahasy, meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça ýa-da birkysmy harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça, şeýle hem alnyp gidilýän harytlaryň satyn alnandygyny we olaryň bahasyny tassyklaýan çekler, hasaplar we başga resminamalar esasynda kesgitlenilip bilner.

### 262-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň getirilýän harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniş usuly

1. Türkmenistana getirilýän mahalynda getirilýän harytlar üçin hakykatda tölenen ýa-da tölenilmäge degişli geleşigiň bahasy Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlaryň gümrük bahasy bolup durýar.
2. Harytlaryň gümrük bahasy kesgitlenilen mahalynda geleşigiň bahasyna, eger goşulmadyk bolsa şu aşakdaky çykdajylar goşulýar:
1) harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän ýerine eltilmegi boýunça çykdajylar:
a) ulagly daşamagyň bahasy;
b) harytlaryň ýüklenilmegi, düşürilmegi, düşürilip ýüklenilmegi boýunça çykdajylar;
ç) ätiýaçlandyryş pul möçberi;
2) alyjynyň çeken çykdajylary:
a) komission we dellalçylyk höweslendirmeleri, harytlaryň satyn alynmagy boýunça komission höweslendirmeleri muňa degişli däldir;
b) eger Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda bahalandyrylýan harytlar bilen bir bitewi hökmünde garalýan bolsa, konteýnerleriň we (ýa-da) başga köp dolanyşykly gaplaryň bahasy;
ç) gaplaýyş materiallarynyň we gaplamak boýunça işleriň bahasyny hem goşmak bilen, harytlaryň gaplanyş bahasy;
3) bahalandyrylýan harytlaryň alnyp gidilmegi üçin önümçilik ýa-da satylmagy bilen baglanyşykly ulanylmagy üçin satyn alyjy tarapyndan mugt ýa-da peseldilen baha boýunça göni ýa-da gytaklaýyn berlen şu aşakdaky harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynyň degişli bölegi:
a) bahalandyrylýan harytlaryň düzüm bölegi bolup durýan çig malyň, materiallaryň, detallaryň, ýarymfabrikatlaryň we başga toplumlaýjy önümleriň;
b) bahalandyrylýan harytlar öndürilen mahalynda ulanylan gurallaryň, galyplaryň, ülňüleriň we başga şoňa meňzeş närseleriň;
ç) bahalandyrylýan harytlar öndürilen mahalynda sarp edilen materiallaryň (ýaglaýjy materiallar, ýangyç we başgalar);
d) Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda ýerine ýetirilen hem-de bahalandyrylýan harytlary öndürmek üçin gös-göni zerur bolan inženerçilik işlemeleriň, tejribe-konstruktorçylyk işleriniň, dizaýnyň, çeperçilik bezeginiň, eskizleriň we çyzgylaryň, başga şoňa meňzeş işleriň;
4) alyjynyň bahalandyrylýan harytlaryň satylmagynyň şerti hökmünde göni ýa-da gytaklaýyn amala aşyrmaly intellektual eýeçiligiň obýektlerini ulanany üçin ygtyýarnama we başga tölegleri.
5) satyjynyň bahalandyrylýan harytlary Türkmenistanyň çäginde islendik soňraky gaýtadan

satmagynyň, geçirmeginiň ýa-da ulanmagynyň netijesinde alan göni ýa-da gytaklaýyn girdejisiniň degişli bölegi.

3. Harytlaryň gümrük bahasynyň geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniş usuly harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin ulanylyp bilinmez, eger:

1) bahalandyrylýan harytlara ygtyýarlyk etmek ýa-da olary ulanmak üçin alyjynyň hukuklary babatda çäklendirmeler bar bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeler muňa degişli däldir;

2) satylmagy we geleşigiň bahasy, geleşigiň bahasyna täsiriniň anyklanylmagy mümkin bolmadyk şertleriň berjaý edilmegine bagly bolsa;

3) deklarant tarapyndan harytlaryň gümrük bahasy mälim edilen mahalynda ulanylan maglumatlar resminamaly tassyk edilmedik ýa-da mukdar taýdan anyklanan we dogry bolmadyk bolsa;

4) geleşigiň taraplary özara bagly bolsa we geleşigiň bahasy şu maddanyň talaplaryna görä gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas bolup bilmese. Şonda, iň bolmanda şu alamatlaryň birine laýyk gelýän bolsa, özara bagly şahslar diýlip düşünilýär:

a) geleşigiň gatnaşyjylarynyň biri (fiziki şahs) ýa-da geleşigiň gatnaşyjylarynyň biriniň wezipeli adamy bir wagtda geleşigiň beýleki gatnaşyjysynyň wezipeli adamy bolup durýar;

b) geleşigiň gatnaşyjylary kärhananyň bilelikdäki eýelik edýänleri bolup durýar;

ç) geleşigiň gatnaşyjylaryny zähmet gatnaşyklary baglanyşdyrýar;

d) geleşigiň gatnaşyjylaryny kärende gatnaşyklary baglanyşdyrýar;

e) geleşigiň gatnaşyjylarynyň biri geleşigiň beýleki gatnaşyjysynyň tertipnama maýasynyň azyndan bäş göterimini düzýän goýuma (paýa) ýa-da ses hukugy bolan paýnamalara eýelik edýär;

ä) geleşigiň gatnaşyjylarynyň ikisi hem üçünji şahsyň gös-göni ýa-da gytaklaýyn gözegçiliginde durýar;

f) geleşigiň gatnaşyjylary üçünji şahsa bilelikde gös-göni ýa-da gytaklaýyn gözegçilik edýär;

g) geleşigiň gatnaşyjylarynyň biri geleşigiň beýleki gatnaşyjysynyň gös-göni ýa-da gytaklaýyn gözegçiliginde durýar;

h) geleşigiň gatnaşyjylary ýa-da olaryň wezipeli adamlary garyndaş bolup durýar.

4. Gümrük bahasy kesgitlenilen mahalynda geleşigiň bahasyndan, eger bu baha goşulan bolsa, şu aşakdaky çykdajylar aýrylýar:

1) enjamlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilenden soň, olaryň gurnalmagy, ýygnalmagy, sazlanmagy ýa-da tehniki kömegiň berilmegi üçin çykdajylar;

2) harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilenden soň olaryň ulagly daşalmagy üçin çykdajylar;

3) harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilenden soň olaryň eltilmeginiň ätiýaçlandyrylmagynyň bahasy.

### 263-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniliş usuly

1. Harytlaryň gümrük bahasynyň meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniliş usuly ulanylanda, şu maddada görkezilen şertler berjaý edilen mahalynda meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas hökmünde kabul edilýär.

2. Meňzeş harytlar diýlip, bahalandyrylýan harytlar bilen ähli babatda, şol sanda şu aşakdaky alamatlary boýunça birmeňzeş bolan harytlara düşünilýär:

1) fiziki häsiýetnamalary;

2) hili we bazardaky ýörgünliligi;

3) gelip çykan ýurdy;

4) öndürijisi.

3. Daşky görnüşindäki ujypsyz tapawutlar harytlara meňzeş harytlar hökmünde garamakdan ýüz öwürmek üçin esas bolup hyzmat edip bilmez, eger galanlary boýunça şeýle harytlar şu maddanyň ikinji böleginiň talaplaryna laýyk gelýän bolsa.

4. Meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas hökmünde kabul edilýär, eger ol harytlar:

1) Türkmenistanyň çägine getirmek üçin satylan bolsa;

2) bahalandyrylýan harytlar bilen bir wagtda getirilen ýa-da bahalandyrylýan harytlar getirilmezinden

öň togsan günden ir bolmadyk möhletde getirilen bolsa;

3) takmynan şol mukdarda we şol täjirçilik derejesinde (lomaý, bölek satuw) getirilen bolsa.

5. Harytlaryň şol mukdarda we şol täjirçilik derejesinde (lomaý, bölek satuw) getirilen halatlary ýok bolsa, başga mukdarda we başga täjirçilik derejesinde (lomaý, bölek satuw) getirilen meňzeş harytlaryň bahasy, bu tapawutlar nazara alnyp bahasynyň düzedilmegi bilen, ulanylyp bilner.

6. Eger şu Kodeksiň 265-nji maddasynyň üçünji böleginiň 1-nji bendinde görkezilen meňzeş harytlar üçin çykdajylaryň bahasy aradaşlygynyň we ulaglaryň görnüşleriniň tapawudy zerarly bahalandyrylýan harytlar üçin şeýle çykdajylaryň bahasyndan ep-esli tapawutlanýan bolsa, meňzeş harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitlenilýän gümrük bahasy degişli derejede düzedilmäge degişlidir.

7. Şu maddanyň bäşinji we altynjy böleklerinde göz öňünde tutulan düzetmeler dogry we resminamaly tassyklanan maglumatlar esasynda amala aşyrylmalydyr.

8. Şu usul ulanylan mahalynda:

1) eger olar bahalandyrylýan harytlaryň öndürilen ýurdunda öndürilen bolmasa, harytlar bahalandyrylýan harytlar bilen meňzeş hasaplanylmaýar.

2) bahalandyrylýan harytlaryň öndürijisi däl-de başga şahs tarapyndan öndürilen harytlar, diňe bahalandyrylýan harytlaryň öndürijisi tarapyndan öndürilen meňzeş harytlar bolmadyk mahalynda üns merkezine alynýar.

9. Eger şu usul ulanylan mahalynda meňzeş harytlar bilen geleşigiň birden köp bahasy ýüze çykarylsa, onda getirilýän harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin olaryň iň pesi ulanylýar.

### 264-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň birkysmy harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniliş usuly

1. Harytlaryň gümrük bahasynyň birkysmy harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniliş usuly ulanylanda, şu maddada bellenilen şertler berjaý edilen mahalynda getirilýän harytlar bilen birkysmy harytlar boýunça geleşigiň bahasy harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas hökmünde kabul edilýär.

2. Birkysymly diýlip hemme babatlarda birmeňzeş bolmasalar hem biri-birine golaý häsiýetde bolan we meňzeş düzüm böleklerden durýan, olara bahalandyrylýan harytlaryňky ýaly wezipäni ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän we täjirçilik taýdan biri-birini çalşyp bilýän harytlara düşünilýär. Harytlaryň birkysymlylygy kesgitlenilen halatynda olaryň şu aşakdaky alamatlary nazarda tutulýar:

1) hili, haryt nyşanynyň barlygy we bazarda ýörgünliligi;

2) gelip çykan ýurdy;

3) öndürijisi.

3. Harytlaryň gümrük bahasynyň birkysmy harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitleniliş usuly ulanylanda şu Kodeksiň 263-nji maddasynyň dördünji-dokuzynjy bölekleriniň düzgünleri ulanylýar.

### 265-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň bahadan aýyrmak esasynda kesgitleniliş usuly

1. Harytlaryň gümrük bahasyny bahadan aýyrmak usuly boýunça kesgitlemek, eger bahalandyrylýan, meňzeş ýa-da birkysmy harytlar, Türkmenistanyň çäginde özüniň ilkibaşdaky ýagdaýyny üýtgetmezden satyljak halatynda amala aşyrylýar.

2. Bahadan aýyrmak usuly ulanylanda harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas hökmünde harytlaryň birliginiň bahasy, ýagny bahalandyrylýan, meňzeş ýa-da birkysmy harytlaryň Türkmenistanyň çäginde has uly tapgyrlarda geleşigiň satyjy bilen özara bagly bolmadyk gatnaşyjysyna (bahalandyrylýan harytlaryň getirilen senesinden togsan günden gijä galman) satylýan bahasy kabul edilýär.

3. Haryt birliginiň bahasyndan şu bahalar aýrylýar:

1) Türkmenistanyň gümrük çäginde şol bir topardaky we görnüşli getirilýän harytlary satmak bilen baglanyşykly adaty tölenilýän (ýa-da tölenilmegi ylalaşylan) komission pul höweslendirmelerini tölemäge çykdajylar ýa-da girdejä adaty üstüne goşma tölegler we umumy çykdajylar;

2) Türkmenistanda harytlaryň getirilmegi we satylmagy bilen baglanyşykly tölenilmäge degişli getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň, ýygymlarynyň pul möçberi.

3) Türkmenistanda ulagly daşamaga, ätiýaçlandyrmaga we ýükleýiş we düşüriş işlerine edilen adaty

çykdajylar.

4. Bahalandyrylýan, meňzeş ýa-da birkysymly harytlaryň getirilen pursatyndaky ýaly ýagdaýda satylýan halatlary bolmazdan, deklarantyň haýyşy boýunça goşulan baha düzediş girizmek bilen gaýtadan işlemekden geçen harydyň birliginiň bahasy ulanylyp bilner.

**266-njy madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň baha goşmak esasynda kesgitleniliş usuly**

Baha goşmak usuly ulanylan mahalynda harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemek üçin esas hökmünde şu aşakdakylary goşmak arkaly hasaplanylan baha kabul edilýär:

1) öndürijiniň bahalandyrylýan harytlaryň öndürilmegi bilen bagly materiallaryň bahasyny we çeken çykdajylaryny;

2) şonuň ýaly görnüşdäki harytlaryň alnyp gidilýän ýurdundan Türkmenistana satmak üçin häsiýetli bolan umumy harajatlary, şol sanda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçilýän ýerine çenli ulagly daşamak, ýüklemek we düşürmek işlerine, ätiýaçlandyrmaga harajatlary;

3) şeýle harytlaryň Türkmenistana getirilmegi netijesinde eksport ediji tarapyndan adaty alynýan girdejini.

**267-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň ätiýaçdaky usuly**

1. Harytlaryň gümrük bahasynyň deklarant tarapyndan harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň şu Kodeksiň 262-266-njy maddalarynda görkezilen usullaryny yzygiderli ulanmak netijesinde kesgitlenilip bilinmedik halatlarynda ýa-da gümrük edarasy gümrük bahasyny kesgitlemegiň bu usullarynyň ulanylyp bilinmejegini delillendirmek bilen hasap edýän bolsa, onda bahalandyrylýan harytlaryň gümrük bahasy harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň şu Kodeksiň 262-266-njy maddalarynda görkezilen umumy ýörelgeleri ulanmak esasynda we Türkmenistanyň gümrük edaralarynda bar bolan maglumatlar esasynda kesgitlenilýär.

2. Şular harytlaryň gümrük bahasyny ätiýaçdaky usul boýunça kesgitlemek üçin esas hökmünde ulanylyp bilinmez:

1) harytlaryň Türkmenistanyň içerki bazaryndaky bahalary;

2) iň pes gümrük bahasy;

3) harytlaryň alnyp gidilýän ýurdundan üçünji bir ýurda iberilýän bahasy;

4) harydyň erkin bellenilen ýa-da dogry tassyklanylmadyk bahasy.

**268-nji madda. Harytlaryň gümrük bahasynyň alnyp gidilýän harytlar bilen geleşigiň bahasy boýunça kesgitlenilmegi**

1. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlaryň gümrük bahasy alnyp gidilýän harytlar üçin eksporta iberilýän mahalynda hakyky tölenilen ýa-da tölenilmäge degişli geleşik bahasy bolup durýar.

2. Harytlaryň gümrük bahasy kesgitlenilen mahalynda geleşik bahasyna, eger olar goşulmadyk bolsa, şu aşakdaky çykdajylar goşulýar:

1) harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän ýerine eltmek üçin çykdajylar:

a) ulagly daşamagyň bahasy;

b) harytlary ýüklemek, düşürmek, düşürip ýüklemek boýunça çykdajylar;

2) ätiýaçlandyrmagyň bahasy;

3) satyjy tarapyndan çekilen çykdajylar:

a) komission we dellalçylyk höweslendirmeleri;

b) eger Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna laýyklykda bahalandyrylýan harytlar bilen bir bitewi hökmünde garalýan bolsa, konteýnerleriň we (ýa-da) başga köp dolanyşykly gaplaryň bahasy;

ç) gaplaýyş materiallarynyň we gaplamak boýunça işleriň bahasyny hem goşmak bilen, harytlaryň gaplanyş bahasy;

3. Harytlaryň gümrük bahasy kesgitlenilende, olar geleşigiň bahasyna goşulan we resminamaly

tassyklanylýan şertinde, geleşik bahasyndan şu çykdajylar, aýrylýar:

1) enjamlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilenden soň, enjamlaryň gurnalmagy, ýygnalmagy, sazlanmagy ýa-da tehniki kömegiň berilmegi üçin çykdajylar;

2) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilenden soň olaryň ulagly daşalmagy boýunça çykdajylar;

3) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilenden soň olaryň eltilmeginiň ätiýaçlandyrylmagynyň bahasy.

**269-njy madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamagyň tertibi**

1. Gümrük paçlary, salgytlar deklarant we gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin başga jogapkär şahslar tarapyndan özbaşdak hasaplanylýar, 236-njy maddanyň ikinji böleginde we şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Şu Kodeksiň 290-njy maddasyna laýyklykda gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama berlen mahalynda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň hasaplanylmagy gümrük edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamak, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň milli walýutasynda amala aşyrylýar.

4. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini hasaplamak üçin daşary ýurt walýutasynyň gaýtadan hasaplanylmagy talap edilýän halatlarynda, daşary ýurt walýutasynyň Türkmenistanyň milli walýutasyna gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen günündäki Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilýän hümmeti ulanylýar.

**270-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberlerini ulanmak**

1. Gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamagyň maksatlary üçin, gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen günündäki hereket edýän möçberler ulanylýar, şu Kodeksiň 271-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamagyň maksatlary üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen, Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasy boýunça harytlaryň adyna we toparlara bölünişine laýyk gelýän möçberler ulanylýar.

**271-nji madda. Gümrük işleri babatda hukuk bozulmalarynyň amala aşyrylan halatynda gümrük paçlaryny, salgytlary hasaplamak**

1. Türkmenistanyň gümrük çägine şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň bozulmagy bilen getirilen we özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik harytlar babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli möçberleri Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçilen günde hereket edýän gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberlerinden, eger şol güni anyklamak mümkin bolmasa - gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çägine şeýle harytlaryň bikanun getirilendiginiň fakty ýüze çykarylan gününde hereket edýän möçberlerden ugur alnyp hasaplanylýar. Degişlilikde içerki gümrük üstaşyrynyň ýa-da wagtlaýyn saklamagyň gümrük amallaryna laýyklykda daşalýan ýa-da saklanylýan harytlar ýitirilen, eltilmedik ýa-da gümrük edaralarynyň rugsady bolmazdan berlen halatynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli pul möçberleri harytlaryň degişli gümrük amalyna ýerleşdirilen gününde hereket edýän möçberlerden ugur alnyp hasaplanylýar.

2. Harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden bikanun alnyp gidilen mahalynda gümrük paçlarynyň tölenilmäge degişli pul möçberleri gümrük paçlarynyň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçilen gününde hereket edýän möçberlerinden, eger şol güni anyklamak mümkin bolmasa - gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäginden şeýle harytlaryň bikanun alnyp gidilmeginiň fakty ýüze çykarylan gününde hereket edýän möçberlerden ugur alnyp hasaplanylýar.

3. Şertli goýberilen harytlaryň, olaryň gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-

käsleýin boşadylmagy bilen bagly maksatlardan başga maksatlar üçin ulanylan halatynda, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününde hereket edýän möçberleri ulanylýar.

4. Harytlaryň gümrük bahasy, olaryň mukdary ýa-da şu madda laýyklykda paçlaryň, salgytlaryň möçberlerini hasaplamak üçin binýady kesgitlemek üçin ulanylýan beýleki häsiýetleri gümrük paçlary, salgytlar ulanylýan gününe görä kesgitlenilýär.

## 27-nji bap. GÜMRÜK PAÇLARYNY, SALGYTLARY TÖLEMEGIŇ MÖHLETI WE TERTIBI

### 272-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiler

1. Gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiler, şu Kodeksde özlerine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjy ýüklenilen şahslardyr.

2. Islendik şahs töleýjiniň ýerine gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge haklydyr.

### 273-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhleti

1. Gümrük paçlary, salgytlar, eger şu Kodeksde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Kodeksiň 79-njy maddasyna laýyklykda gümrük deklarasiýasynyň berlen gününden gijä galman tölenilýär.

2. Gümrük düzgüni üýtgedilýän halatynda gümrük paçlary, salgytlar, üýtgedilýän gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagy üçin şu Kodeksde bellenilen günden gijä galman tölenilýär.

3. Şertli goýberilen harytlar, olara gümrük ýeňillikleriniň berilmegi bilen bagly maksatlardan başga maksatlar üçin ulanylan halatynda, puşmana töleglerini hasaplamagyň maksatlary üçin gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhleti diýlip, şahs tarapyndan harytlary peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge çäklendirmäniň bozulan ilkinji güni hasap edilýär. Eger şol güni anyklamak mümkin bolmasa, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhleti diýlip, gümrük edarasy tarapyndan şeýle harytlaryň gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen güni hasap edilýär.

4. Şu Kodekse laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjuna eltýän gümrük amallarynyň talaplary we şertleri bozulan halatynda, puşmana töleglerini hasaplamagyň maksatlary üçin gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhleti diýlip, şeýle düzgün bozulmanyň amala aşyrylan güni hasap edilýär. Eger şol güni anyklamak mümkin bolmasa, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhleti diýlip, degişli gümrük amalynyň hereketiniň başlan güni hasap edilýär.

### 274-nji madda. Deslapky tölegler

1. Deslapky tölegler, gümrük edarasynyň hasabyna geljekki gümrük tölegleriniň hasabyna geçirilen we töleýji tarapyndan gümrük tölegleriniň anyk görnüşlerine we pul möçberlerine bellenilmedik pul serişdeleridir.

2. Gümrük edaralary tarapyndan deslapky tölegler hökmünde alnan pul serişdeleri deslapky tölegi geçiren şahsyň emlägi bolup durýar we bu şahs gümrük edarasyna bu barada görkezme berýänçä ýa-da gümrük edarasy şu Kodeksiň 293-nji maddasyna laýyklykda, deslapky tölege tutup almagy ulanýança oňa gümrük tölegi hökmünde seredilip bilinmez. Deslapky tölegi geçiren şahsyň görkezmesi hökmünde onuň ýa-da onuň adyndan gümrük deklarasiýasynyň berilmegi ýa-da öz pul serişdelerini gümrük tölegi hökmünde ulanmagy niýetleýändigine şaýatlyk edýän beýleki hereketleri amala aşyrmagyna garalýar .

3. Töleýjiniň talap etmegi boýunça gümrük edarasy töleýjiniň pul serişdeleriniň sarp edilişine bilelikdäki takyklamagy geçirýär. Şeýle takyklamagyň netijeleri gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän görnüşdäki nama bilen resmileşdirilýär. Nama iki nusgada taýýarlanylyp, oňa gümrük edarasynyň ýolbaşçysy (ýa-da ygtyýarly wezipeli adamy) we töleýji tarapyndan gol çekilýär. Gol çekilenden soň namanyň bir nusgasy töleýjä goşwurylmaga degişlidir.

4. Deslapky tölegleri (galyndysyny) yzyna gaýtaryp bermek, eger olaryň yzyna gaýtarylyp berilmegi baradaky arza olaryň gümrük edarasynyň hasabyna gelip gowşan gününden başlap üç ýylyň dowamynda berlen bolsa, şu Kodeksde gümrük paçlaryny, salgytlary yzyna gaýtaryp bermek üçin göz öňünde tutulan düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

**275-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň tertibi we görnüşleri**

1. Gümrük paçlary, salgytlar Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenilýär.

2. Gümrük paçlary, salgytlar, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň milli walýutasynda tölenilýär.

3. Gümrük paçlary, salgytlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, islendik görnüşde tölenilip bilner.

4. Töleýjiniň talap etmegi boýunça gümrük edaralary gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilendigi barada ýazmaça görnüşde tassyklama bermäge borçludyr.

**276-njy madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borjuň ýerine ýetirilmegi**

Eger aşakda görkezilen pul serişdeleriniň pul möçberi gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça bergileriň pul möçberinden az bolmasa, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borç:

1) töleýjiniň bankdaky hasabyndan pul serişdeleriniň hasapdan öçürilen pursatyndan;

2) nagt pul serişdeleriniň bankyň pulhanasyna geçirilen pursatyndan;

3) gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenen ýa-da artyk tutulyp alnan pul möçberleriniň gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň hasabyna geçirilen hasap edilen pursatyndan, eger şeýle hasap etme töleýjiniň öz başlangyjy bilen geçirilýän bolsa - hasap etme baradaky arzanyň kabul edilen pursatyndan;

4) deslapky tölegleriň gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň hasabyna geçirilen hasap edilen pursatyndan, eger şeýle hasap etme töleýjiniň öz başlangyjy bilen geçirilýän bolsa – hasap etme barada görkezmäniň gümrük edarasy tarapyndan alnan pursatyndan;

5) bank ýa-da ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan bank kepilligine ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda tölenilen, şeýle hem kepil geçiji tarapyndan kepil geçmegiň şertnamasyna laýyklykda tölenilen pul serişdeleriniň gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň hasabyna geçirilen hasap edilen pursatyndan;

6) özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik harytlaryň ýa-da girew goýlan zatlaryň ýa-da töleýjiniň beýleki emläginiň hasabyna tutulyp alnan pursatyndan,

şu Kodeksde bellenilen aýratynlyklary nazara almak bilen ýerine ýetirilen hasap edilýär.

## 28-nji bap. GÜMRÜK PAÇLARYNYŇ, SALGYTLARYŇ TÖLENILIŞ MÖHLETINI ÜÝTGETMEK

**277-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhletini üýtgetmegiň umumy şertleri**

1. Şu Kodeksiň 278-nji maddasynda bellenilen esaslaryň bar bolan ýagdaýynda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da ol tarapyndan kesgitlenýän gümrük edaralary, gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň arzasy esasynda, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň töleniliş möhletini ýazmaça görnüşde üýtgedip biler.

2. Gümrük paçlarynyň töleniliş möhletini üýtgetmek bir aýdan üç aýa çenli möhlet bilen yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek görnüşinde amala aşyrylýar.

Salgytlaryň töleniliş möhletini üýtgetmek otuz günden artyk bolmadyk möhlet bilen yza süýşürmek görnüşinde amala aşyrylýar.

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermek baradaky çözgüt bu barada arza berlen gününden başlap on günden artyk bolmadyk möhletde kabul edilýär.

4. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat tölemäge degişli bolan gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ähli pul möçberine ýa-da onuň bölegine berlip bilner.

Yza süýşürme ýa-da tölegleri möhletlere bölüp töleme döwründe şeýle yza süýşürme ýa-da tölegleri möhletlere bölüp töleme rugsat berlen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerine puşmana tölegler

hasaplanyp ýazylmaýar, şu Kodeksiň 280-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen halat muňa degişli däldir.

5. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň şu Kodeksiň 29-njy babynda göz öňünde tutulan tertipde üpjün edilen şertlerinde rugsat berilýär.

6. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermek ýa-da ony bermekden ýüz öwürmek hakynda çözgüt onuň berilmegi barada ýüz tutan töleýjä ýazmaça görnüşde ýetirilýär. Çözgütde gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat berilýän möhlet görkezilýär, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermekden ýüz öwrülen halatynda – şeýle çözgüdiň sebäpleri görkezilýär.

7. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi has uzak möhletlere yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermegi göz öňünde tutýan çözgüt kabul etmäge haklydyr.

**278-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermek üçin esaslar**

Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge, gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjä şu esaslaryň iň bolmanda biri bolan mahalynda rugsat berilýär:

1) bu şahsa tebigy betbagtçylyk, tehnologiki heläkçilik ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň beýleki ýagdaýlary netijesinde zyýan ýetirilmegi;

2) Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň çalt zaýalanýan harytlar bolmagy;

3) ibermegiň şahs tarapyndan hökümetara ylalaşyk esasynda amala aşyrylmagy;

4) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar.

**279-njy madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermegi aradan aýyrýan ýagdaýlar**

Eger gümrük paçlaryny, salgytlary töleýji babatda:

1) Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyny bozmak bilen bagly jenaýat alamatlary boýunça jenaýat işi gozgalan bolsa;

2) batmak amaly gozgalan bolsa;

3) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat berilmeýär.

**280-nji mada. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň hereketiniň bes edilmegi**

1. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň hereketi degişli çözgüdiň möhletiniň tamamlanmagy bilen bes edilýär ýa-da şu maddada göz öňünde tutulan halatlarda şeýle möhlet tamamlanmanka möhletinden öň bes edilip bilner.

2. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň hereketi, töleýji tarapyndan bergileriň pul möçberleriniň ählisi bellenilen möhlet tamamlanmazdan öň tölenilen halatynda, möhletinden öň bes edilýär.

3. Töleýjide şu Kodeksiň 279-njy maddasynda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan mahalynda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek baradaky çözgüt ýatyrylmaga degişlidir.

4. Töleýji tarapyndan gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat bermegiň şertleri bozulan halatynda, degişli gümrük edarasynyň çözgüdi boýunça

olaryň hereketi möhletinden öň ýatyrylmaga degişlidir.

Şeýle halatlarda töleýji degişli çözgüdi alandan soň bäş günüň dowamynda çözgüdiň kabul edilen gününe görä gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmedik pul möçberini tölemäge borçludyr.

5. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi baradaky çözgüt gümrük edarasy tarapyndan, şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda, töleýjä ýazmaça görnüşde ýetirilýär.

## 29-njy bap. GÜMRÜK PAÇLARYNYŇ, SALGYTLARYŇ TÖLENILMEGINI ÜPJÜN ETMEK

### 281-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň umumy şertleri

1. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjunyň ýerine ýetirilmegi şu halatlarda üpjün edilýär:

1) gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegi yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge rugsat berlende;

2) harytlar şertli goýberilende;

3) daşary ýurt harytlary daşalanda we (ýa-da) saklanylanda;

4) gümrük işi babatda iş amala aşyrylanda.

2. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegi olaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahs tarapyndan ýa-da gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahsyň peýdasyna islendik beýleki bir şahs tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegini yzyna gaýtaryp bermek gümrük edarasynyň üpjün edilen borçnamanyň ýerine ýetirilendigine göz ýetirenden soň üç günden gijä galman ýa-da şerti gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmeginiň üpjün edilmegi bolup durýan iş bes edilenden soň amala aşyrylýar.

### 282-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň möçberi

1. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň möçberi gümrük edarasy tarapyndan harytlaryň erkin dolanyşyga goýberilen ýa-da olaryň eksport gümrük düzgünine laýyklykda alnyp gidilen mahalynda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerinden ugur alnyp kesgitlenilýär we ol gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli pul möçberlerinden az bolup bilmez.

2. Eger gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň möçberi bellenilýän mahalynda, gümrük edarasyna harytlaryň häsiýeti, olaryň atlary, mukdary, gelip çykan ýurdy we gümrük bahasy barada takyk maglumatlar berilmedik halatynda tölenmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberini takyk kesgitlemek mümkin bolmasa, üpjün etmegiň möçberi gümrük paçlarynyň, salgytlaryň möçberleriniň iň ýokary ululygyndan, harytlaryň bar bolan maglumatlar esasynda kesgitlenilip bilinjek bahasyndan we (ýa-da) olaryň mukdaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

3. Şu Kodeksiň 92-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň möçberi gümrük edarasy tarapyndan, şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde bellenilen talaplary nazara almak bilen goşmaça hasaplanyp ýazylyp bilinjek gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi bilen tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberiniň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasynyň harytlaryň aýratyn görnüşleri babatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň kesgitlenilen möçberini, şu maddanyň birinji we ikinji böleginde bellenilen talaplary nazara almak bilen, bellemäge hukugy bardyr.

### 283-nji madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň usullary

1. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek şu usullar arkaly üpjün edilýär:

1) harytlary we başga emlägi girew goýmak;

2) bank kepilligi;
3) kepil geçmek;
4) ätiýaýaçlandyryş şertnamasy.

2. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek üçin jogapkär şahs gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmegiň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen usullaryndan birini ýa-da bir wagtda birnäçesini ulanmaga haklydyr.

**284-nji madda. Harytlary we başga emlägi girew goýmak**

1. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar, şeýle hem Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda girew goýlan zat bolup biljek başga emläk girew goýlan zat bolup biler.

2. Girew gümrük edarasy bilen girew goýujynyň arasyndaky şertnama bilen resmileşdirilýär. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegi üçin jogapkär şahs ýa-da islendik bir beýleki şahs girew goýujy bolup biler.

3. Gümrük edaralarynyň öňünde girew bilen üpjün edilen borçnama ýerine ýetirilmedik halatynda, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça berginiň pul möçberi gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyň döwlet býujetine girew goýlan emlägiň bahasynyň hasabyna geçirilýär.

4. Eger girew goýlan zat gümrük gözegçiligi astyndaky we gümrük edaralaryna berlen harytlar bolup durýan bolsa, gümrük edaralarynyň talaplaryny bu harytlaryň hasabyna kanagatlandyrmak kazyýete ýüz tutmazdan, şu Kodeksiň 39-njy babynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar. Beýleki girew goýlan emlägiň hasabyna tutup almak, emlägiň girewi bilen bagly döreýän hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

5. Emlägiň girew goýlan halatynda, girew goýlan zat, eger gümrük edarasy başgaça çözgüt kabul etmese, girew goýujyda galýar.

Girew goýujynyň, üpjün edilmegine emlägiň girewi resmileşdirilen borç ýerine ýetirilýänçä, girew goýlan zada ygtyýarlyk etmäge haky ýokdur.

**285-nji madda. Bank kepilligi**

Gümrük edaralary gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmek hökmünde, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen bank kepilliklerini kabul edýär.

**286-njy madda. Kepil geçmek**

1. Kepil geçmek Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda, gümrük edarasy bilen kepil geçijiniň arasynda şertnama baglaşmak ýoly bilen resmileşdirilýär.

2. Kepil geçiji hökmünde gümrük dellallary, wagtlaýyn saklanylýan ammarlara, gümrük ammarlaryna, paçsyz söwda dükanlaryna eýelik edýänler, şeýle hem beýleki şahslar çykyş edip biler.

3. Eger töleýji gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik bolsa, onda kepil geçmegiň hasabyna bellenilen möhletde gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmäge degişli pul möçberlerini tölemek boýunça borç, töleýjiniň ýerine kepil geçiji tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**287-nji madda. Ätiýaçlandyrmagyň şertnamasynyň gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmek hökmünde ulanylmagy**

Gümrük edaralary gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün etmek hökmünde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda baglaşylan ätiýaçlandyrmagyň şertnamalaryny kabul edýär.

## 30-njy bap. GÜMRÜK PAÇLARYNY, SALGYTLARY TUTUP ALMAK

**288-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary mejbury tutup almagyň umumy düzgünleri**

1. Gümrük paçlary, salgytlar bellenilen möhletde tölenilmedik ýa-da doly tölenilmedik halatynda, gümrük edaralary, şu bapda kesgitlenilen tertipde gümrük paçlaryny we salgytlary mejbury tutup alýar, şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen halatlar muňa degişli däldir.

2. Gümrük paçlaryny, salgyrlary mejbury tutup almak çärelerini ulanýança, gümrük edarasy şu Kodeksiň 290-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda töleýjä gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama berýär, şu Kodeksiň 292-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Ýuridik şahslardan we hususy telekeçilerden gümrük paçlaryny, salgyrlary mejbury tutup almak şu ýollar bilen amala aşyrylýar:

1) gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň banklardaky hasaplarynda bar bolan pul serişdeleriniň hasabyna tutup almak;

2) gümrük edaralarynda degişlilikde bank kepilligi, ätiýaçlandyrmagyň şertnamasy ýa-da kepil geçmek bar bolsa, gümrük paçlaryny, salgytlary bankdan, ätiýaçlandyryjydan ýa-da kepil geçijiden şu maddanyň ikinji böleginde we üçünji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan tertipde tutup almak;

3) gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň beýleki emläkleriniň hasabyna tutup almak;

4) gümrük paçlaryny, salgytlary kazyýet tertibinde tutup almak.

4. Fiziki şahslardan gümrük paçlaryny, salgytlary mejbury tutup almak kazyýet tertibinde geçirilýär, hususy telekeçiler muňa degişli däldir.

5. Şu ýagdaýlarda gümrük paçlaryny, salgytlary mejbury tutup almak geçirilmeýär:

1) gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama gümrük paçlaryny, salgyrlary tölemegiň möhletiniň tamamlanan gününden başlap ýa-da şu Kodekse laýyklykda şahslary gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjuna getiren wakanyň gelen gününden başlap üç ýylyň dowamynda töleýjä berilmedik bolsa;

2) gümrük edarasynyň mejbury tutup almagyň kesgitli çäresini ulanmaga eden çykdajylarynyň pul möçberi gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tutulyp alynýan pul möçberinden artýan bolsa.

**289-njy madda. Puşmana tölegleri**

1. Gümrük paçlary, salgytlar bellenilen möhletde tölenilmedik halatynda puşmana tölegleri hasaplanyp ýazylýar we olar tölenilmäge degişlidir.

2. Puşmana tölegleri gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmedik pul möçberiniň 0,03 göterimi möçberinde, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borjuň ýerine ýetirilen gününi hem goşmak bilen, gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň möhletiniň tamamlanan gününiň yzyndan gelýän günden başlap gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň gijikdirilen her güni üçin hasalanylyp ýazylýar.

3. Wagtlaýyn saklanylýan ammarda duran mahalynda gümrük deklarasiýasyny bermegiň möhletiniň bozulan halatynda, şu Kodeksiň 10-njy babynda bellenilen wagtlaýyn saklamagyň döwri üçin puşmana tölegleri hasaplanyp ýazylmaýar.

4. Puşmana tölegleri gümrük paçlaynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň tölenmegi bilen bir wagtda ýa-da şeýle pul möçberleri tölenilenden soň, ýöne gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama berlen pursatyndan başlap on günden gijä galman tölenilýär.

5. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenmegi hasaplanyp ýazylan puşmana töleglerini tölemek borjundan, hasaplanyp ýazylan puşmana tölegleriniň tölenmegi bolsa – tölenilmedik gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek borjundan boşatmaýar.

6. Puşmana töleglerini tölemek, tutup almak we yzyna gaýtaryp bermek, şu Kodeksde göz öňünde tutulan gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekde, tutup almakda we yzyna gaýtaryp bermekde ulanylyşy ýaly tertipde amala aşyrylýar.

**290-njy madda. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama**

1. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama, bellenilen möhletde tölenilmedik gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi, şeýle hem şu talapnama bilen bellenilen möhletde gümrük paçlaryny, salgytlary we hasaplanyp ýazylan puşmana töleglerini tölemek borjy baradaky gümrük edarasynyň ýazmaça görnüşde habar bermegidir.

2. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamada tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi we gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň berlen gününe görä hasaplanyp ýazylan puşmana tölegleriniň möçberi, şu Kodekse laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň, puşmana tölegleriniň töleniliş möhleti, gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamany ýerine ýetirmegiň möhleti, şeýle hem töleýji tarapyndan gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň ýerine ýetirilmedik halatynda ulanylýan gümrük paçlaryny, salgytlary mejbury tutup almak we olaryň tutulyp alynmagyny üpjün etmek boýunça çäreler we gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamany bermegiň esaslary barada maglumatlar bolmalydyr. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýar.

3. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenmezliginiň ýa-da doly tölenmezliginiň fakty ýüze çykarylan gününden başlap on günden gijä galman, töleýjä iberilmelidir. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama töleýjä, gol çekdirmek bilen hut özüne ýa-da onuň alnan faktyny we senesini tassyklaýan başga usul bilen, gowşurylyp bilner. Eger töleýji görkezilen talapnamany almakdan boýun gaçyrýan bolsa, ol buýurma hat bilen poçta arkaly iberilýär. Buýurma hatyň iberilen gününden alty günüň geçmegi bilen gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama alnan hasap edilýär.

4. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama töleýjä onuň administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilendigine garamazdan iberilýär.

5. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň ýerine ýetiriliş möhleti, töleýji tarapyndan gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň alnan gününiň yzyndan gelýän günden başlap, on günden ybaratdyr.

6. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama ýerine ýetirilmedik halatynda, gümrük edaralary şu baba laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary mejbury tutup almak boýunça çäreleri görýär.

### 291-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň bank hasabyndaky bar bolan pul serişdeleriniň hasabyna tutup almak (jedelsiz tutup almak)

1. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnama bellenilen möhletlerde ýerine ýetirilmedik mahalynda, gümrük edarasy gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini töleýjiniň bank hasabyndaky bar bolan pul serişdeleriniň hasabyna jedelsiz tertipde tutup almak barada çözgüt (mundan beýläk – jedelsiz tutup almak baradaky çözgüt) kabul edýär.

Jedelsiz tutup almak baradaky çözgüdiň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýar.

2. Jedelsiz tutup almak baradaky çözgüt, töleýjiniň hasaplary açylan banka tutulyp alynýan pul serişdelerini töleýjiniň hasaplaryndan hasapdan öçürmäge we gümrük edarasynyň hasabyna geçirmäge inkassa tabşyrygyny ibermek üçin esas bolup durýar.

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary jedelsiz tutup almak töleýjiniň bank hasaplaryndan tutup almak arkaly amala aşyrylýar, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa karz we býujet hasaplary muňa degişli däldir. Gümrük paçlaryny, salgytlary daşary ýurt walýutasynda açylan bank hasaplaryndan jedelsiz tutup almak, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň Türkmenistanyň milli walýutasynda tölemäge degişli pul möçberlerine Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň hakykatda tutulyp alynýan gündäki hümmeti boýunça barabar bolan pul möçberlerde amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutasynda açylan bank hasaplarynda duran pul serişdeleri tutulyp alnan mahalynda gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ornuny tutýan adam inkassa tabşyrygy bilen bir wagtda töleýjiniň bankyna töleýjiniň daşary ýurt walýutasynda saklanylýan pul serişdeleriniň satylmagy üçin tabşyryknama iberýär.

4. Gümrük edarasynyň inkassa tabşyrygy bank tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we möhletde ýerine ýetirilýär.

5. Jedelsiz tutup almak gümrük edarasynda jedelsiz tutup almak baradaky çözgüdi resmileşdirmek üçin zerur bolan maglumatlaryň bolmadyk halatynda amala aşyrylmaýar.

### 292-nji madda. Özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik harytlaryň hasabyna gümrük paçlaryny, salgytlary tutup almak

1. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda, şeýle hem töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň bolmadyk ýa-da töleýjiniň hasaby barada maglumatlaryň bolmadyk halatynda, gümrük edaralary gümrük paçlaryny, salgytlary, eger harytlar şu Kodeksde bellenilen tertibe laýyklykda erkin dolanyşyga goýberilmedik bolsa, özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik harytlaryň hasabyna tutup almaga haklydyr.

2. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamany ibermezden özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar tölenilmedik harytlaryň hasabyna tutup almaga şu aşakdaky halatlarda ýol berilýär, eger:

1) wagtlaýyn saklanylýan ammarda ýa-da gümrük ammarynda harytlary saklamagyň aňryçäk möhleti geçen bolsa;

2) gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek üçin jogapkär şahs gümrük edaralary tarapyndan anyklanylmadyk bolsa;

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary harytlaryň hasabyna tutup almak kazyýetiň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar, şeýle harytlaryň gümrük edaralaryna girew goýlan zat hökmünde berlen, şeýle hem wagtlaýyn saklanylýan ammarda ýa-da gümrük ammarynda saklanylmagynyň aňryçäk möhleti geçen harytlaryň hasabyna tutulyp alynýan halatlary muňa degişli däldir.

4. Tutup almak, diňe özleri babatda gümrük paçlary, salgytlar şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde tölenilmedik ýa-da doly tölenilmedik harytlaryň hasabyna amala aşyrylýar.

5. Gümrük paçlaryny, salgytlary harytlaryň hasabyna tutup almak, şeýle harytlaryň kimiň eýeçiliginde durandygyna garamazdan amala aşyrylýar.

6. Harytlary ýerlemekden alnan pul möçberlerine ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 354-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**293-nji madda. Gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň başga emläginiň hasabyna tutup almak**

1. Gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamanyň ýerine ýetirilmedik we töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň ýeterlik bolmadyk ýa-da düýbünden bolmadyk ýa-da töleýjiniň hasaplary barada maglumatlaryň bolmadyk mahalynda, gümrük edaralary tölenilmäge degişli gümrük paçlaryny, salgytlary deslapky tölegleriň alynmadyk pul möçberleriniň galyndysynyň ýa-da töleýjiniň başga emläginiň, şol sanda nagt pul serişdeleriniň hasabyna tutup almaga haklydyr.

2. Deslapky tölegleriň pul möçberleriniň hasabyna tutup almak, eger töleýji gümrük tölegleriniň tölenmegi hakynda talapnamada görkezilip bu barada duýdurylan bolsa, bu serişdeleriň gümrük edarasynyň hasabynda saklanylýan möhletiniň dowamynda gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan şahsyň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň deslapky tölegleriň hasabyna tutulyp alnandygy barada gümrük edarasy görkezilen serişdeleri gümrük edarasynyň hasabyna geçiren şahsa, tutulyp alnandan soň bir günüň dowamynda, ýazmaça görnüşde habar berýär.

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary töleýjiniň başga emläginiň hasabyna tutup almak Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**294-nji madda. Jedelsiz tutup almak baradaky çözgüdi ýerine ýetirmek boýunça banklaryň borçlary**

1. Banklar jedelsiz tutup almak baradaky çözgüdi ýerine ýetirmäge borçludyr.

2. Jedelsiz tutup almak baradaky çözgüt, şeýle çözgüt alnan gününiň yzyndan gelýän bir operasion günüň dowamynda bank tarapyndan ýerine ýetirilýär.

3. Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň bar bolan mahalynda banklaryň jedelsiz tutup almak baradaky çözgüdi ýerine ýetirmegi gijikdirmäge haky ýokdur.

4. Şu maddada göz öňünde tutulan borçlaryň ýerine ýetirilmändigi ýa-da kanagatlanarsyz ýerine ýetirilendigi üçin banklar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 31-nji bap. GÜMRÜK PAÇLARYNY, SALGYTLARY YZYNA GAÝTARYP BERMEK

**295-nji madda. Artyk tölenilen ýa-da artyk tutulyp alnan**

**gümrük paçlaryny, salgytlary yzyna gaýtaryp bermek**

1. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenilen ýa-da artyk tutulyp alnan pul möçberi (mundan beýläk – artyk tölenilen pul möçberi) gümrük paçlary, salgytlar hökmünde hakykatda tölenilen ýa-da tutulyp alnan, möçberi şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda tölenilmäge degişli pul möçberinden artyk bolan pul serişdeleriniň möçberidir.

2. Artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi töleýjiniň arzasy boýunça gümrük edarasy tarapyndan yzyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir. Töleýjiniň arzasy hasabyna artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberi gelip gowşan gümrük edarasyna, artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberiniň gelip gowşan gününden başlap bäş ýyldan gijä galman berilýär we töleýjiniň gümrük edarasyna arza beren gününden başlap on günüň dowamynda gümrük edarasy tarapyndan seredilýär.

3. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenilen pul möçberlerini yzyna gaýtaryp bermek gümrük edarasynyň netijenamasy esasynda, ygtyýarly döwlet maliýe edarasy tarapyndan şeýle netijenamanyň alnan gününden başlap ýigrimi günüň dowamynda amala aşyrylýar.

4. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenilen pul möçberlerini yzyna gaýtarmak, töleýjiniň islegi boýunça, olaryň beýleki gümrük töleglerini, puşmana tölegleri, jerimeleri tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň hasabyna hasap edilmegi görnüşinde amala aşyrylyp bilner. Artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň hasap edilmegi, şu maddanyň altynjy böleginiň düzgünlerini nazara almak bilen, şu madda laýyklykda yzyna gaýtaryp bermegiň tertibindäki ýaly amala aşyrylýar.

5. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenen pul möçberleri yzyna gaýtarylyp berilýän mahalynda yzyna gaýtarylýan gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberinden tölenen puşmana tölegleriň pul möçberleri hem yzyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir, şu Kodeksiň 296-njy maddasynda laýyklykda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň yzyna gaýtarylyp berilmegi muňa degişli däldir.

6. Şu halatlarda artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri yzyna gaýtarylyp berilmeýär:

1) töleýjide gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça, yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenen pul möçberiniň ululygynda bergi bolan mahalynda. Görkezilen halatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenen pul möçberi hasap edilip bilner;

2) bellenilen möhletler tamamlanandan soň, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerini yzyna gaýtaryp bermek barada arza berlen halatynda.

7. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça bergi bolan mahalynda, gümrük edarasy gümrük paçlarynyň, salgytlaryň artyk tölenen pul möçberleriniň hasabyna ony özbaşdak üzmäge haklydyr. Gümrük edarasy hasap etmek amala aşyrylan gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman, şeýle hasap etmek barada töleýjini habardar etmäge borçludyr.

8. Gümrük paçlary, salgytlar yzyna gaýtarylyp berlen mahalynda pul möçberleri indeksirlenmeýär.

**296-njy madda. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň yzyna gaýtarylyp berilmeginiň başga halatlary**

1. Gümrük paçlary, salgytlar şu halatlarda hem yzyna gaýtarylyp berilýär:

1) eger gümrük edarasyna berlen gümrük deklarasiýasy şu Kodekse laýyklykda berilmedik hasaplanýan bolsa;

2) gümrük deklarasiýasy yzyna gaýtarylyp alnanda;

3) gümrük pajynyň tölenen pul möçberiniň yzyna gaýtarylyp berilmegi görnüşindäki tarif ýeňillikleri berlende;

4) has amatly ýa-da tarif preferensiýalarynyň düzgüni dikeldilende;

5) eger şu Kodeksde daşary ýurt harytlaryny Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilen mahalynda ýa-da olar ýok edilen ýa-da döwletiň haýryna olardan ýüz öwrülen mahalynda ýa-da harytlaryň reimporty mahalynda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenen pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegi göz öňünde tutulýan bolsa;

6) eger harytlar täze saýlanylan gümrük düzgüninde ýerleşdirilen mahalynda tölenilmäge degişli gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri ilkibaşdaky gümrük düzgüni mahalynda tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberlerinden az bolsa, gümrük edarasynyň rugsady bilen öň mälim edilen

gümrük düzgüni üýtgedilende, şu Kodeksiň 157-nji maddasynyň ýedinji böleginde göz öňünde tutulan halat muňa degişli däldir.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň yzyna gaýtarylyp berilmegi şu Kodeksiň 295-nji maddasyna laýyklykda artyk tölenilen gümrük paçlarynyň, salgytlaryň yzyna gaýtarylyp berilmegine ulanarlykly, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilen pul möçberleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegine getirýän ýagdaýlar ýüze çykan gününiň yzyndan gelýän günden başlap bir ýyldan gijä galman, ol barada arza berlen mahalynda amala aşyrylýar. Şonda şu Kodeksiň 295-nji maddasynyň bäşinji böleginiň düzgünleri ulanylmaýar.

## 32-nji bap. GÜMRÜK ÝYGYMLARY

### 297-nji madda. Gümrük ýygymlarynyň görnüşleri

Şular gümrük ýygymlaryna degişlidir:

1) gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymy;

2) gümrükli gidilme üçin gümrük ýygymy;

3) saklamak üçin gümrük ýygymy.

### 298-nji madda. Gümrük ýygymlarynyň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar

1. Şu Kodeksiň 258-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde kesgitlenilen şahslar gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymynyň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar bolup durýar.

2. Içerki gümrük üstaşyryna ýa-da gümrük üstaşyryna rugsat alan şahslar gümrükli gidilme üçin gümrük ýygymynyň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar bolup durýar.

3. Gümrük edarasynyň wagtlaýyn saklanylýan ammaryna ýa-da gümrük ammaryna harytlary ýerleşdiren şahslar, şu Kodeksiň 170-nji maddasynyň üçünji böleginde görkezilen halatlarda bolsa – gümrük edarasynyň gümrük ammarynda saklanylýan harytlara emläk hukugyny alan şahslar saklamak üçin gümrük ýygymynyň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar bolup durýar.

4. Gümrük ýygymlarynyň tölenilmegi boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi şu Kodeksde gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek boýunça borjuň ýerine ýetirilmegi üçin göz öňünde tutulan düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

### 299-njy madda. Gümrük ýygymlaryny hasaplamagyň tertibi

1. Gümrük ýygymlary gümrük ýygymlarynyň tölenilmegi üçin jogapkär şahslar tarapyndan özbaşdak, şeýle hem şu Kodeksiň 290-njy maddasyna laýyklykda gümrük tölegleriniň tölenilmegi hakynda talapnama berlen mahalynda gümrük edaralary tarapyndan hasaplanylýar.

2. Gümrük ýygymlarynyň tölenilmäge degişli pul möçberini hasaplamak Türkmenistanyň milli walýutasynda amala aşyrylýar. Gümrük ýygymlarynyň pul möçberlerini hasaplamagyň maksatlary üçin daşary ýurt walýutasyny gaýtadan hasaplamak talap edilýän halatlarda, görkezilen gaýtadan hasaplamak şu Kodeksiň 269-njy maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda amala aşyrylýar.

### 300-nji madda. Gümrük ýygymlarynyň möçberlerini ulanmak

1. Gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymynyň pul möçberini hasaplamagyň maksatlary üçin gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen gününde hereket edýän möçber ulanylýar.

2. Gümrükli gidilme üçin gümrük ýygymynyň pul möçberini hasaplamagyň maksatlary üçin gümrük edarasy tarapyndan üstaşyr deklarasiýasynyň kabul edilen gününde hereket edýän möçber ulanylýar.

3. Saklamak üçin gümrük ýygymynyň pul möçberini hasaplamagyň maksatlary üçin wagtlaýyn saklanylýan ammarda ýa-da gümrük ammarynda harytlaryň saklanylýan döwründe hereket edýän möçber ulanylýar.

**301-nji madda. Gümrük ýygymlaryny töleýjiler**

1. Deklarantlar we şu Kodeks bilen gümrük ýygymlaryny tölemek borjy ýüklenen beýleki şahslar gümrük ýygymlaryny töleýjilerdir.

2. Islendik şahs gümrük ýygymlaryny tölemäge haklydyr.

**302-nji madda. Gümrük ýygymlarynyň töleniliş möhletleri**

1. Gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymy gümrük deklarasiýasynyň berilmegine çenli ýa-da gümrük deklarasiýasyny bermek bilen bir wagtda tölenilmelidir.

2. Gümrükli gidilme üçin gümrük ýygymy gümrükli gidilmegiň hakykatda amala aşyrylyp başlanmagyna çenli tölenilmelidir.

3. Saklamak üçin gümrük ýygymy harytlaryň wagtlaýyn saklanylýan ammardan ýa-da gümrük ammaryndan hakykatda berilmegine çenli tölenilmelidir.

**303-nji madda. Gümrük ýygymlaryny tölemegiň tertibi we görnüşleri**

1. Gümrük ýygymlary:

1) gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin – harytlar deklarirlenilende;

2) gümrükli gidilme üçin – içerki gümrük üstaşyry amalyna ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgünine laýyklykda harytlary daşaýan ulag serişdeleri gümrükli gidende;

3) saklamak üçin – harytlar gümrük edarasynyň wagtlaýyn saklanylýan ammarynda ýa-da gümrük ammarynda saklananda tölenilýär.

2. Gümrük ýygymlaryny tölemek gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek babatynda şu Kodeksde bellenilen kadalar boýunça we görnüşlerde amala aşyrylýar.

**304-nji madda. Gümrük ýygymlaryny tutup almak we yzyna gaýtaryp bermek**

Gümrük ýygymlaryny tutup almak we yzyna gaýtaryp bermek gümrük paçlaryny, salgytlary tutup almak we yzyna gaýtaryp bermek üçin şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

Şu Kodeksiň 296-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde bellenilen halatlarda gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymynyň pul möçberini yzyna gaýtaryp bermek amala aşyrylmaýar.

**305-nji madda. Gümrük ýygymlaryny tölemekden boşatmak**

Şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda gümrük ýygymlaryny tölemekden boşadylyp bilner.

**306-njy madda. Gümrük ýygymlarynyň möçberleri**

Gümrük ýygymlarynyň möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

## IV BÖLÜM. GÜMRÜK GÖZEGÇILIGI

### 33-nji bap. GÜMRÜK GÖZEGÇILIGINE DEGIŞLI UMUMY DÜZGÜNLER

**307-nji madda. Gümrük gözegçiligini geçirmegiň ýörelgeleri**

1. Gümrük edaralary gümrük gözegçiligini geçirenlerinde saýlamak ýörelgesinden ugur alýarlar we Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolan gümrük gözegçiliginiň görnüşlerini ulanýarlar.

2. Gümrük gözegçiliginiň görnüşleri saýlananda töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamy peýdalanylýar. Şunda töwekgelçilik diýlip Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň berjaý edilmezliginiň ähtimallygyna düşünilýär.

Töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamy Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň:

1) durnukly häsiýeti bar bolan;

2) uly möçberlerde gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boýun gaçyrmak bilen bagly;

3) ýurdumyzyň haryt öndürijileriniň bäsdeşlige ukyplylygyny gaçyrýan;

4) berjaý etmegiň üpjün edilmegi gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenen döwletiň beýleki möhüm bähbitlerine täsir edýän bozulmalarynyň öňüni almak üçin gümrük edaralarynyň serişdeleriniň netijeli ulanylmagyna esaslanýar.

3. Gümrük edaralary barlanylmagyna degişli harytlary, ulag serişdelerini, resminamalary we şahslary hem-de şeýle barlagyň derejesini kesgitlemek üçin töwekgelçilikleriň seljerme usullaryny ulanýarlar.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy töwekgelçiliklere baha beriş çäreleriniň ulgamyndan ugur alyp gümrük gözegçiliginiň esasy ugruny kesgitleýär.

5. Gümrük gözegçiligi şu Kodekse laýyklykda diňe gümrük edaralary tarapyndan geçirilýär.

**308-nji madda. Gümrük taýdan resmileşdirilende gümrük deklarasiýasyny, beýleki resminamalary we harytlary barlamagyň möhletleri**

1. Harytlar gümrük taýdan resmileşdirilende gümrük edarasyna berilýän gümrük deklarasiýasyny, beýleki resminamalary barlamak, şeýle hem gümrük deklarasiýasynda, beýleki resminamalarda görkezilen maglumatlaryň harytlaryň adyna, gelip çykyşyna, mukdaryna we bahasyna laýyk gelşini anyklamak maksady bilen harytlary barlamak gümrük edarasy tarapyndan gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen, resminamalaryň berlen we harytlaryň görkezilen gününden başlap üç günden gijä galman tamamlanylmalydyr, şu Kodeks bilen has gysga möhletleriň bellenilen halatlary muňa degişli däldir.

2. Eger barlamak üçin görkezilen harytlaryň aýratyn görnüşleri we (ýa-da) atlary boýunça gaplanyş orunlaryna bölünmedik bolsa we (ýa-da) gaplamak we belgilemek hakyndaky maglumatlar harytlar üçin täjirçilik we (ýa-da) ulag resminamalarynda görkezilmedik bolsa, gümrük edarasy harytlary barlamagyň möhletini uzaltmaga haklydyr. Harytlary barlamagyň möhletini uzaltmak görkezilen ýagdaýlaryň harytlaryň olar hakyndaky maglumatlara laýyk gelşini anyklamak üçin gümrük edaralaryna zerur amallary geçirmäge mümkinçilik bermeýän şertinde amala aşyrylýar. Harytlary barlamagyň möhleti, harytlar babatda ygtyýarlyklary bolan şahsa haryt tapgyryny aýratyn harytlara bölmek üçin zerur bolan wagta uzaldylýar.

**309-njy madda. Gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlar we ulag serişdeleri**

1. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlar we ulag serişdeleri olar Türkmenistanyň gümrük çägine gelende gümrük serhedinden geçen pursatyndan başlap:

1) erkin dolanyşyga goýberilýän;

2) ýok edilýän;

3) döwletiň peýdasyna ýüz dönderilýän ýa-da döwletiň eýeçiligine geçirilýän ýa-da şu Kodeksiň 39-njy babyna laýyklykda başga usul bilen ygtyýarlyk edilýän;

4) harytlaryň we ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alnyp gidilýän, pursatyna çenli gümrük gözegçiligi astynda bolýan diýlip hasap edilýär.

Gümrük gözegçiligi astynda bolýan getirilen harytlary we ulag serişdelerini peýdalanmaga we olara ygtyýarlyk etmäge şu Kodeksde kesgitlenilen tertipde we şertlerde ýol berilýär.

2. Türkmen harytlary we ulag serişdeleri Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilende gümrük deklarasiýasynyň kabul edilen ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäginden harytlary alyp gitmäge gös-göni gönükdirilen hereketler amala aşyrylan pursatyndan başlap Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçýänçä gümrük gözegçiligi astynda bolýan diýlip hasap edilýär.

3. Eger harytlar (gaýtadan işlemegiň önümleri) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hökmany suratda yzyna getirilmäge degişli bolsa, gümrük edaralary şu bölümde göz öňünde tutulan tertipde gümrük düzgünleriniň şertlerine laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäginden öň alnyp gidilen türkmen harytlaryny

we ulag serişdelerini yzyna getirmek ýa-da bu harytlary gaýtadan işlemegiň önümlerini yzyna getirmek hakynda borçnamalaryň şahslar tarapyndan ýerine ýetirilişine gümrük gözegçiligini amala aşyrýar.

**310-njy madda. Harytlar we ulag serişdeleri goýberilenden soň gümrük gözegçiligi**

1. Gümrük edaralarynyň harytlar we ulag serişdeleri goýberilenden soň gümrük gözegçiligini amala aşyrmaga hukugy bardyr.

2. Şeýle gözegçiligi amala aşyrmagyň halatlary we tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

**311-nji madda. Gümrük gözegçiligi zolaklary**

1. Gümrük gözegçiligi zolaklary harytlary we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesiniň we gümrük barlagynyň, olary gümrük gözegçiligi astynda saklamak we ondan-oňa geçirmek görnüşlerinde gümrük gözegçiligini amala aşyrmak maksatlary üçin döredilýär.

Gümrük gözegçiliginiň zolaklary Türkmenistanyň döwlet serhediniň boýunda, gümrük taýdan resmileşdirmegiň geçirilýän, gümrük operasiýalarynyň amala aşyrylýan ýerlerinde, harytlaryň düşürilip ýüklenilýän, olaryň gözden geçirilýän we barlanylýan ýerlerinde, wagtlaýyn saklanylýan ýerlerde, gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlary daşaýan ulag serişdeleriniň durýan ýerlerinde we şu Kodekse laýyklykda kesgitlenilen başga ýerlerde döredilip bilner.

2. Gümrük gözegçiligi zolaklary olarda gümrük gözegçiligine degişli harytlar yzygiderli bolan halatlarda hemişelik ýa-da wagtlaýyn bolup biler.

Wagtlaýyn gümrük gözegçiligi zolaklary:

1) gümrük operasiýalarynyň amala aşyrylýan ýerlerinden başga ýerde harytlary we ulag serişdelerini gümrük taýdan resmileşdirmegi geçirmek üçin – eger şeýle operasiýalar amala aşyrylanda gümrük edaralary tarapyndan öz wezipeleriniň päsgelçiliksiz amala aşyrylmagyny üpjün etmek zerurlygyndan ugur alnyp gümrük gözegçiligi zolagyny kesgitlemek talap edilse, olary amala aşyrmagyň wagtyna;

2) hemişelik gümrük gözegçiligi zolaklaryndan başga ýerde gümrük edaralary tarapyndan ýüze çykarylan harytlary we ulag serişdelerini gözden geçirmek ýa-da barlamak zerur bolan mahalynda, döredilip bilner.

Wagtlaýyn gümrük gözegçiligi zolagyny döretmek hakyndaky çözgüt gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ýerine galan şahs tarapyndan ýazmaça görnüşde kabul edilýär.

3. Gümrük gözegçiligi zolaklaryny döretmegiň we belgilemegiň tertibi, şeýle hem olar üçin talaplar gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär, Türkmenistanyň gümrük serhediniň boýunda gümrük gözegçiligi zolaklarynyň döredilmegi muňa degişli däldir.

Türkmenistanyň gümrük serhediniň boýunda we Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerlerinde gümrük gözegçiligi zolaklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde döredilýär.

4. Gümrük gözegçiligi zolaklarynyň serhediniň üsti bilen we olaryň çäklerinde önümçilik we beýleki täjirçilik işini amala aşyrmak harytlary, ulag serişdelerini, beýleki döwlet edaralarynyň wezipeli adamlaryny goşmak bilen, şahslary geçirmäge gümrük edaralarynyň rugsady bilen we olaryň gözegçiligi astynda ýol berilýär, şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen halatlar muňa degişli däldir. Görkezilen halatlarda gümrük gözegçiligi zolaklaryna barmaga gümrük edaralarynyň deslapdan habardar edilmegi bilen rugsat berilýär.

5. Harytlary barlamak diňe gümrük gözegçiligi zolaklarynda amala aşyrylyp bilner.

**312-nji madda. Gümrük gözegçiligi üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary bermek**

1. Harytlary we ulag serişdelerini Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirýän şahslar, gümrük dellallary (wekilleri), wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänler we gümrük ammarlaryna eýelik edýänler gümrük gözegçiligi üçin, şu Kodekse laýyklykda berilmegi göz öňünde tutulan resminamalary we maglumatlary gümrük edaralaryna bermäge borçludyr.

2. Gümrük edaralary gümrük gözegçiligini geçirmek üçin şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslaryň şeýle hem gümrük dellallarynyň, wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänleriň we gümrük ammarlaryna eýelik edýänleriň daşary ykdysady iş we gümrük tölegleri tölemek bilen bagly operasiýalary hakyndaky kepilnamalary banklardan we beýleki karz guramalaryndan almaga haklydyr.

3. Harytlar goýberilenden soň maglumatlaryň dogrulygynyň barlagyny amala aşyrmak maksady bilen gümrük edaralary bu harytlar bilen geçirilýän daşary ykdysady operasiýalara degişli täjirçilik resminamalaryny, buhgalter hasaba alşynyň we hasabatlylygyň resminamalaryny we beýleki maglumaty, şol sanda elektron resminamalar görnüşinde, Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar babatynda bolsa – bu harytlar bilen soňraky amallara degişli resminamalary deklarantdan ýa-da harytlar bilen geçirilýän operasiýalara gatnaşygy bolan başga şahsdan soramaga we almaga haklydyr.

4. Gümrük edaralary ýuridik şahslary bellige alýan edaralardan we beýleki edaralardan gümrük gözegçiligini geçirmek üçin özlerine zerur bolan maglumatlary almaga haklydyr.

5. Gümrük gözegçiligi üçin zerur bolan resminamalar şahslar tarapyndan, harytlaryň gümrük gözegçiligi astynda bolýan statusyny ýitirýän ýylyndan soň azyndan üç senenama ýylynda saklanylmalydyr. Gümrük dellallary (wekilleri) wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänler we gümrük ammarlaryna eýelik edýänler resminamalary gümrük operasiýalarynyň amala aşyrylan ýylyndan soň bäş senenama ýylynyň dowamynda saklamalydyr.

### 313-nji madda. Gümrük gözegçiliginiň maksatlary üçin hasabatyň berilmegi

Gümrük dellallary (wekilleri), wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänler we gümrük ammarlaryna eýelik edýänler, ýörite ýönekeýleşdirilen amallardan peýdalanýan şahslar, şeýle hem şertli goýberilen harytlardan peýdalanýan we (ýa-da) eýelik edýän şahslar gümrük edaralarynyň talap etmegi boýunça gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän görnüşler boýunça saklanylýan, daşalýan, ýerlenilýän, gaýtadan işlenilýän we (ýa-da) ulanylýan harytlar hakynda gümrük edaralaryna hasabat bermäge borçludyr.

### 314-nji madda. Gümrük gözegçiligi geçirilende bikanun zyýan (zelel) ýetirilmegine ýol berilmezligi

1. Gümrük gözegçiligi geçirilende daşaýja, deklaranta, olaryň wekillerine, wagtlaýyn saklanylýan ammarlara eýelik edýänlere, gümrük ammarlaryna eýelik edýänlere, beýleki dahylly şahslara, şeýle hem harytlara we ulag serişdelerine zyýan (zelel) ýetirilmegine ýol berilmeýär.

2. Gümrük gözegçiligi geçirilende gümrük edaralarynyň ýa-da olaryň wezipeli adamlarynyň bikanun çözgütleri, hereketleri (hereketsizligi) bilen ýetirilen ýitgiler, duşundan geçirilen bähbidi (alynmadyk girdejini) hem goşmak bilen, doly möçberde öwezi dolunmaga degişlidir.

3. Şahslara ýetirilen ýitgiler üçin gümrük edaralary ýa-da olaryň wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýärler.

4. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlarynyň kanuny çözgütleri, hereketleri bilen şahslara ýetirilen ýitgileriň öwezi dolunmaga degişli däldir.

## 34-nji bap. GÜMRÜK GÖZEGÇILIGINI GEÇIRMEGIŇ GÖRNÜŞLERI WE TERTIBI

### 315-nji madda. Gümrük gözegçiliginiň görnüşleri

Şular gümrük gözegçiliginiň görnüşleri bolup durýar:
1) resminamalary we maglumatlary barlamak;
2) dilden sorag geçirmek;
3) düşündirişler almak;
4) gümrük syn etmesi;
5) harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesi;
6) harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagy;

7) şahsy barlag;
8) harytlaryň ýörite belgiler bilen belgilenilişini, olarda kybaplaýyş belgileriniň bardygyny barlamak;
9) gümrük gözegçiliginiň maksatlary üçin jaýlary we çäkleri gözden geçirmek;
10) gümrük derňewi.

**316-njy madda. Resminamalary we maglumatlary barlamak**

1. Gümrük edaralary resminamalaryň hakykylygyny we maglumatlaryň dogrulygyny, şeýle hem olaryň resmileşdirilişiniň dogrulygyny anyklamak maksady bilen harytlar we ulag serişdeleri gümrük taýdan resmileşdirilende şu Kodekse laýyklykda berlen resminamalary we maglumatlary barlaýar.

2. Gümrük taýdan resmileşdirilende gümrük edaralaryna berlen maglumatlaryň dogrulygyny barlamak, olary beýleki çeşmelerden alnan maglumat bilen deňeşdirmek, ýörite gümrük statistikasynyň maglumatlaryny seljermek, maglumat tehnologiýalaryny ulanmak bilen maglumatlary işläp taýýarlamak arkaly, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki usullar bilen amala aşyrylýar.

3. Gümrük edarasy gümrük gözegçiligini amala aşyranda diňe gümrük deklarasiýasyndaky we beýleki gümrük resminamalaryndaky bar bolan maglumaty barlamak maksady bilen goşmaça resminamalary we maglumatlary delillendirip soramaga haklydyr. Gümrük edarasy şeýle resminamalary we maglumatlary ýazmaça görnüşde soraýar we olaryň ýeterlik berliş möhletini belleýär.

4. Eger şu Kodeksde göni göz öňünde tutulmadyk bolsa, goşmaça resminamalaryň we maglumatlaryň soralmagy we olaryň barlanylmagy harytlaryň goýberilmegine päsgel bermeýär.

**317-nji madda. Dilden sorag geçirmek**

Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar we ulag serişdeleri gümrük taýdan resmileşdirilen mahalynda gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary fiziki şahslardan, şeýle hem şeýle harytlar we ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklara eýe bolan kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň wekilleri bolup durýan şahslardan, görkezilen şahslaryň düşündirişlerini ýazmaça görnüşde resmileşdirmezden, dilden sorag geçirmäge haklydyr.

**318-nji madda. Düşündirişler almak**

1. Düşündirişler almak – gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahslardan, deklarantlardan, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçirilmegine gatnaşygy bolan we şeýle maglumatlara eýelik edýän şahslardan gümrük gözegçiligini geçirmek üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar hakynda maglumatlaryň alynmagy.

2. Düşündiriş ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär.

**319-njy madda. Gümrük syn etmesi**

Gümrük syn etmesi – gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçirilişine, olar bilen ýük we beýleki operasiýalaryň amala aşyrylyşyna gümrük edaralarynyň ygtyýarly wezipeli adamlary tarapyndan maksada gönükdirilen, yzygiderli ýa-da birgezeklik, gös-göni ýa-da bir zadyň üsti bilen (tehniki serişdeleri ulanmak bilen) wizual syn etmek.

**320-nji madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesi**

1. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesi - ulag serişdesini ýa-da onuň ýük jaýlaryny açmak we harytlaryň gaplanylyşyny bozmak bilen bagly bolmadyk gümrük edarasynyň ygtyýarly wezipeli adamlary tarapyndan gümrük gözegçiliginiň maksatlary üçin geçirilýän harytlary fiziki şahslaryň goşuny, ulag serişdelerini, ýük gaplaryny, gümrük plombalaryny, möhürleri, harytlary kybaplamagyň beýleki serişdelerini daşyndan wizual gözden geçirmek.

2. Gümrük gözegçiligi zolagynda harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesi deklarantyň, harytlar we ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahslaryň we olaryň wekilleriniň

bolmazlygynda geçirilip bilner, görkezilen şahslaryň gümrük gözden geçirmesi mahalynda ýanynda bolmaga isleg bildirýän halatlary muňa degişli däldir.

3. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesiniň barşynda olar deklarirlenilende harytlaryň mukdarynyň nädogry görkezilmeginiň fakty ýüze çykarylanda gümrük edarasy gümrük maksatlary üçin harytlaryň mukdaryny özbaşdak kesgitleýär.

4. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük gözden geçirmesiniň netijeleri boýunça, eger şeýle gözden geçirmegiň netijeleri mundan beýläk gerekli bolup biljek bolsa, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýan görnüş boýunça gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan nama düzülip bilner. Harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklary bolan şahsyň talap etmegi boýunça gümrük edarasynyň wezipeli adamlary nama düzmäge ýa-da şahsda bar bolan ulag (daşaýyş) resminamasynda we (ýa-da) gümrük deklarasiýasynda gümrük gözden geçirmesini geçirmegiň fakty hakynda bellik etmäge borçludyr. Gümrük gözden geçirmesiniň geçirilendigi hakynda namanyň ikinji nusgasy harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklary bolan şahsa gowşurylýar.

### 321-nji madda. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagy

1. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagy – plombalary, möhürleri we harytlary kybaplamagyň beýleki serişdelerini aýyrmak, harytlaryň gabyny ýa-da ulag serişdesiniň ýük jaýyny ýa-da gaplary, konteýnerleri we harytlaryň ýerleşýän ýa-da ýerleşip biljek beýleki ýerlerini açmak bilen bagly gümrük edarasynyň ygtyýarly wezipeli adamlary tarapyndan geçirilýän harytlaryň we ulag serişdeleriniň gözden geçirmesi.

Harytlaryň gümrük barlagy harytlar üçin gümrük deklarasiýasy kabul edilenden soň geçirilýär. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar üçin gümrük deklarasiýasynyň berilmegine çenli gümrük barlagy gümrük maksatlary üçin harytlary kybaplamak ýa-da Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynyň bozulmagy hakyndaky maglumat bolan mahalynda şeýle maglumaty barlamak maksatlary bilen, şeýle hem saýlama barlagynyň esasynda gümrük gözegçiligini geçirmek maksatlary bilen geçirilip bilner.

2. Gümrük edarasynyň ygtyýarly wezipeli adamy gümrük barlagyny geçirmek hakynda çözgüdi kabul edip, bu hakda deklaranta ýa-da eger ol belli bolsa, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahsa habar berýär. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagynda görkezilen şahslar ýa-da olaryň wekilleri bolup bilerler, gümrük edarasynyň ygtyýarly wezipeli adamynyň talap etmegi boýunça bolsa, olar ýanynda bolmaga borçludyrlar. Daşaýjy tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen wekil bolmadyk mahalynda, ulag serişdesini dolandyrýan fiziki şahs wekil bolup durýar.

3. Gümrük edarasy şu aşakdaky halatlarda deklarantyň, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahslaryň we olaryň wekilleriniň bolmazlygynda harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagyny geçirmäge haklydyr:

1) şu Kodeksiň 79-njy maddasynyň birinji böleginde görkezilen möhletiň tamamlanmagy boýunça görkezilen şahslar gelmedik bolsa;

2) milli howpsuzlyga, jemgyýetçilik tertibine, adamyň ömrüne we saglygyna, haýwanlara, ösümliklere, daşky gurşawa, medeni gymmatlyklaryň saklanylmagyna we gaýra goýup bolmaýan beýleki ýagdaýlara howp bolanda (şol sanda eger harytlaryň ýeňil ot alýan maddalar, partlama howply närseler, partlaýjy, zäherleýji, howply himiki we biologik maddalar, neşe serişdeleri, psihotrop, güýçli täsir ediji, awuly, zäherli, radioaktiw maddalary, ýadro materiallary bolup durýandygyny we eger harytlar porsy ysy ýaýradýan bolsalar, şuňa meňzeş beýleki harytlardygyny görkezýän alamatlary bar bolsa);

3) harytlar halkara poçta ugratmalarynda iberilende;

4) Türkmenistanyň gümrük çäginden harytlaryň we ulag serişdeleriniň alnyp gidilmegini göz öňünde tutýan gümrük düzgünini bozup, harytlar we ulag serişdeleri bu çäkde galdyrylanda.

Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagy görkezilen halatlarda güwäleriň bolmagynda geçirilýär.

4. Eger gümrük barlagyna gümrük deklarasiýasynda biratly harytlar hökmünde görkezilen harytlaryň bir bölegi sezewar edilen bolsa, şeýle barlagyň netijeleri gümrük deklarasiýasynda görkezilen şeýle harytlaryň hemmesine degişli bolýar. Deklarant ýa-da harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan beýleki şahs, eger geçirilen barlagyň netijeleri ähli harytlara degişli bolup bilmez diýip hasap etse, harytlaryň galan böleginiň goşmaça gümrük barlagynyň geçirilmegini talap etmäge haklydyr.

5. Harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagyny geçirmegiň barşynda olar deklarirlenilende harytlaryň mukdarynyň nädogry görkezilmeginiň fakty ýüze çykarylan halatynda gümrük edarasy gümrük maksatlary üçin harytlaryň mukdaryny özbaşdak kesgitleýär.

6. Gümrük barlagynyň netijeleri boýunça iki nusgada nama düzülýär. Gümrük barlagynyň geçirilendigi hakyndaky namada şular görkezilýär:

1) gümrük barlagyny geçiren gümrük edarasynyň wezipeli adamlary we ol geçirilende gatnaşan şahslar hakyndaky maglumatlar;

2) deklarantyň ýa-da harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahsyň bolmazlygynda gümrük barlagyny geçirmegiň sebäpleri;

3) gümrük barlagynyň netijeleri.

Namanyň nusgasy gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýar.

Namanyň ikinji nusgasy, eger ol şahs anyklanan bolsa, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklara eýe bolan şahsa ýa-da onuň wekiline gowşurylýar.

**322-nji madda. Şahsy barlag**

1. Gümrük gözegçiliginiň aýratyn görnüşi hökmünde şahsy barlag Türkmenistanyň döwlet serhedinden geçýän gümrük gözegçiligi zolagynda ýa-da halkara gatnaw üçin açyk bolan aeroportuň üstaşyr zolagynda bolýan fiziki şahs degişlilikde Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmäge we bu çäkden alnyp gidilmäge gadagan edilen ýa-da şu Kodeksde bellenilen tertibi bozmak bilen geçirilýän harytlary özünde gizleýär we meýletin bermeýär diýip çak etmäge esaslar bolan mahalynda gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan şahsyň ýazmaça çözgüdi boýunça geçirilip bilner.

Şahsy barlagy geçirmek hakyndaky çözgüt gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ýerine galan şahs tarapyndan gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň dykgatnamasyna rezolýusiýa goýmak arkaly ýazmaça görnüşde kabul edilýär ýa-da aýratyn nama bilen resmileşdirilýär.

2. Şahsy barlaga başlamazdan öň gümrük edarasynyň wezipeli adamy şahsy barlagy geçirmek hakynda fiziki şahsa çözgüdi yglan etmäge, şeýle barlag geçirilende özüniň hukuklary we borçlary bilen fiziki şahsy tanyşdyrmaga we gizlenilýän harytlary meýletin bermegini teklip etmäge borçludyr.

Şahsy barlagy geçirmek hakyndaky çözgüt bilen fiziki şahsy tanyşdyrmak fakty barlagy geçirmek hakyndaky çözgütde degişli ýazgy etmek arkaly görkezilen şahs tarapyndan tassyklanylýar. Şeýle hereketleri amala aşyrmakdan ýüz öwrülen mahalynda bu hakda şahsy barlagyň geçirilmegi hakyndaky çözgütde, şahsy barlagy geçirmek hakyndaky çözgüdi yglan eden gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly bilen tassyklanylýan bellik edilýär.

3. Şahsy barlag barlanylýan adam bilen bir jynsda bolan gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan şol jynsdaky iki güwäniň bolmagynda sanitariýa-gigiýena talaplaryna laýyk gelýän aýratyn jaýda geçirilýär.

Barlanylýan adamyň bedenini barlamak diňe lukmançylyk işgäri tarapyndan geçirilmelidir, onuň gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan şahsyň şahsy barlagy geçirmek hakyndaky çözgüdini ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da hukuk taýdan ukyby bolmadyk fiziki şahsyň şahsy barlagy mahalynda onuň kanuny wekilleri (ene-atasy, perzentlige alan, hossary, howandary) ýa-da ýany bilen gidip barýan şahs onuň ýanynda bolmaga haklydyr.

Bu jaýa başga fiziki şahslaryň aralaşmagy we olar tarapyndan şahsy barlagyň geçirilişine syn etmek mümkinçiligi aradan aýrylmalydyr.

4. Şahsy barlag şahsyýetiň mertebesiniň kemsidilmegini we barlanylýan şahsyň saglygyna we emlägine bikanun zyýan (zelel) ýetirilmegini aradan aýyrýan sypaýyçylykly görnüşde, fiziki şahs tarapyndan özünde gizlenen harytlary ýüze çykarmak üçin zerur bolan çäklerde geçirilmelidir.

5. Barlanylýan şahs (onuň kanuny wekili) şahsy barlagyň barşynda şahsy barlagy geçirýän gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmäge borçludyr we şulara hukugy bardyr:

1) gümrük barlagyny geçirmek hakynda gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan şahsyň çözgüdiniň özüne yglan edilmegini talap etmäge;

2) öz hukuklary we borçlary bilen tanyşmaga;

3) düşündirişler bermäge, towakganamalary mälim etmäge;

4) düzülip gutarylandan soň şahsy barlagyň namasy bilen tanyşmaga we nama girizilmäge degişli

mälim etmeleri amala aşyrmaga;

5) ene dilinden peýdalanmaga, şeýle hem terjimeçiniň hyzmatlaryndan peýdalanmaga;

6) eger görkezilen şahs şahsy barlag geçirilen mahalynda öz hukuklary we kanuny bähbitleri kemsidilen diýip hasap etse, şahsy barlag geçirilip gutarandan soň, gümrük edarasynyň wezipeli adamlarynyň hereketlerine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şikaýat etmäge.

6. Şahsy barlagyň geçirilendigi hakynda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän görnüşde iki nusgada nama düzülýär.

Nama şahsy barlagy geçiren gümrük edarasynyň wezipeli adamy, şahsy barlag geçirilen fiziki şahs (onuň kanuny wekili), güwäler tarapyndan gol çekilýär, barlanylýan adamyň bedeni barlananda bolsa – lukmançylyk işgäri tarapyndan gol çekilýär. Namanyň ikinji nusgasy şahsy barlag geçirilen şahsa (onuň kanuny wekiline) gowşurylmaga degişlidir.

### 323-nji madda. Ýörite belgiler bilen harytlaryň belgilenilişini, olarda kybaplaýyş belgileriniň bardygyny barlamak

1. Gümrük edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmeginiň kanunylygyny tassyklamak üçin ulanylýan harytlardaky ýa-da olaryň gabyndaky ýörite belgileriň, kybaplaýyş belgileriniň ýa-da harytlary belgilemegiň beýleki usullarynyň bardygynyň barlagyny amala aşyrýarlar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen harytlarda ýörite belgileriň, kybaplaýyş belgileriniň we harytlary belgilemegiň beýleki usullarynyň ýoklugyna, eger şeýle harytlary ýüze çykarylan şahs tersine subut etmese, harytlary gümrük taýdan resmileşdirmegi we goýbermegi amala aşyrmazdan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmeginiň faktyny tassyklaýan hökmünde garalýar.

### 324-nji madda. Jaýlary we çäkleri gözden geçirmek

1. Jaýlary we çäkleri gözden geçirmek gümrük gözegçiligi astynda bolýan, şol sanda şertli goýberilen, wagtlaýyn saklanylýan ammarlarda, gümrük ammarlarynda, paçsyz söwda dükanynyň jaýlarynda, şeýle hem şu Kodeksde göz öňünde tutulan gümrük amallarynyň ýa-da gümrük düzgünleriniň şertlerine laýyklykda harytlaryň bolmaly şahslarynda harytlaryň we ulag serişdeleriniň bolmagyny tassyklamak maksady bilen geçirilýär.

Jaýlary we çäkleri gözden geçirmek harytlaryň we (ýa-da) ulag serişdeleriniň ýitirilendigi, olaryň aýrybaşgalanandygy ýa-da başga usul bilen olara ygtyýarlyk edilendigi ýa-da şu Kodeksde bellenilen talaplary we şertleri bozup olaryň ulanylandygy hakynda maglumat bar bolan mahalynda, şeýle maglumaty barlamak üçin, şeýle hem saýlama barlagyň esasynda geçirilýär.

2. Gümrük edaralary tarapyndan jaýlary we çäkleri gözden geçirmek Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçiriş ýerinde, gümrük serhediniň boýunda döredilen gümrük gözegçiligi zolaklarynda, şeýle hem şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertibi bozmak bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň we ulag serişdeleriniň bu şahslaryň jaýlarynda we çäginde bolmagy hakyndaky maglumat bolan mahalynda şeýle maglumaty barlamak üçin getirilen harytlaryň lomaý ýa-da bölek söwdasyny amala aşyrýan şahslarda geçirilip bilner.

3. Jaýlary we çäkleri gözden geçirmek gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ýerine galan şahs tarapyndan gol çekilen teklipnama we gulluk şahsyýetnamasy görkezilende geçirilýär.

Teklipnamanyň görnüşi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda döwlet edaralarynyň wezipeli adamlarynyň aýratyn obýektlere aralaşmagynyň başga tertibi bellenilen bolsa, gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary görkezilen obýektlere Türkmenistanyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenýän tertipde aralaşmaga haklydyr.

5. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlarynyň jaýlara we çäklere aralaşmagyny üpjün etmekden ýüz öwrülen halatynda olar iki güwäniň bolmagynda garşylygy ýeňip geçmek we ýapyk jaýlary açmak bilen jaýlara we çäklere girmäge haklydyr, Türkmenistanyň kanunçylygynda döwlet edaralarynyň wezipeli adamlarynyň aýratyn obýektlere aralaşmagynyň başga tertibi bellenilen halatlary muňa degişli däldir.

6. Garşylygy ýeňip geçmek we ýapyk jaýlary açmak bilen jaýlara we çäklere girmegiň ähli halatlary

barada gümrük edaralary ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurory habardar edýärler.

7. Jaýlary we çäkleri gözden geçirmek, ony geçirmek üçin zerur bolan iň az möhletlerde geçirilmelidir we bir günden artyk dowam edip bilmez.

8. Gözden geçirmäniň netijeleri boýunça gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýan görnüşde iki nusgada nama düzülýär. Görkezilen namanyň ikinji nusgasy jaýlary we çäkleri gözden geçirilen şahsa gowşurylýar.

**325-nji madda. Gümrük derňewi**

1. Gümrük edaralary gümrük derňewini - harytlary goýbermegiň faktyny, şeýle hem gümrük deklarasiýasynda we gümrük taýdan resmileşdirilende berilýän beýleki resminamalarda görkezilen maglumatlaryň dogrulygynyň bu maglumatlary şu maddada görkezilen şahslaryň buhgalter hasaba alşynyň we hasabatlylygynyň maglumatlary, hasaplary, beýleki maglumaty bilen deňeşdirmek arkaly barlagy geçirip bilerler.

Gümrük derňewi umumy we ýörite görnüşlerde geçirilýär.

2. Umumy gümrük derňewi deklarantlarda ýa-da şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen we deklarant hökmünde çykyş etmeýän şahslarda gümrük edaralary tarapyndan geçirilip bilner.

3. Umumy gümrük derňewi gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan şahsyň çözgüdi boýunça geçirilýär. Derňewi geçirmäge başlamazdan öň şeýle çözgüdiň göçürme nusgasy onuň geçiriljek şahsyna gowşurylýar.

Umumy gümrük derňewi geçirlende gümrük edaralary öz ygtyýarlygynyň çäklerinde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda barlanylýan şahsyň awtomatlaşdyrylan maglumatlar ulgamlarynyň binýatlaryna we maglumatlar banklaryna aralaşmaga haklydyr.

Barlag, ony geçirmek üçin zerur bolan iň az möhletlerde geçirilmelidir we üç günden artyk dowam edip bilmez. Barlagyň geçirilmegi barlanylýan şahsyň işini amala aşyrmaga päsgel bermeli däldir.

Şol bir harytlar babatda umumy gümrük derňewiniň gaýtadan geçirilmegine ýol berilmeýär.

4. Ýörite gümrük derňewi gümrük edaralary tarapyndan:

1) şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şahslarda – eger umumy gümrük derňewiniň netijeleri boýunça ýa-da şu bapda göz öňünde tutulan gümrük gözegçiliginiň başga görnüşleri ulanylanda gümrük taýdan resmileşdirilende berlen maglumatlaryň nädogrydygyna ýa-da şu Kodeksde bellenilen talaplary we çäklendirmeleri bozmak bilen harytlardan peýdalanylandygyna we olara ygtyýarlyk edilendigine şaýatlyk edip biljek maglumatlar ýüze  çykarylan halatlarda;

2) gümrük dellallarynda (wekillerinde), wagtlaýyn saklanylýan ammarlara we gümrük ammarlaryna eýelik edýänlerde – Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlary hasaba almagyň we olar hakdaky hasabatlylygyň bozulmalaryna ýa-da şu Kodeksde bellenilen işiň degişli görnüşini amala aşyrmagyň başga talaplarynyň  we şertleriniň berjaý edilmändigine şaýatlyk edip biljek maglumatlar ýüze çykarylanda;

3) getirilen harytlaryň lomaý ýa-da bölek söwdasyny amala aşyrýan şahslarda – harytlaryň şu Kodeksde bellenilen talaplaryň we şertleriň bozulmagy bilen gümrük çägine getirilendigine, munuň bolsa gümrük paçlaryny, salgytlary tölemegiň tertibiniň bozulmagyna ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmezligine getirendigine şaýatlyk edip biljek maglumatlar ýüze çykarylanda geçirilip bilner.

Ýörite gümrük derňewiniň geçirilmegi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy bilen ylalaşylmagy boýunça gümrük edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilýär. Ýörite gümrük derňewini geçirmek hakyndaky çözgüt ýazmaça görnüşde kabul edilýär. Ýörite gümrük derňewini geçirmäge başlamazdan öň şeýle çözgüdiň göçürme nusgasy onuň geçiriljek şahsyna gowşurylýar.

5. Ýörite gümrük derňewi geçirilende gümrük edaralary şulara haklydyr:

1) Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlar bilen önümçilik, täjirçilik ýa-da beýleki operasiýalaryň geçirilmegine degişli islendik resminamany ýa-da maglumaty (bankyňkyny goşmak bilen), şol sanda elektron resminamalar görnüşinde muzdsuz berilmegini talap etmäge we onuň bilen tanyşmaga;

2) barlanylýan şahsyň jaýlaryny we çäklerini gözden geçirmäge, şeýle hem barlanylýan şahsyň ygtyýarly wekilleriniň bolmagynda şu Kodekse laýyklykda harytlaryň gözden geçirmesini we barlagyny, hususy telekeçide gümrük derňewi geçirilen halatynda bolsa – iki güwäniň bolmagynda geçirmäge;

3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlaryň tükellemesini geçirmäge;

4) şu Kodeksiň 326-njy maddasyna laýyklykda harytlaryň alynmagyny amala aşyrmaga ýa-da harytlara

ygtyýarlyk etmegi gadagan etmäge.

6. Ýörite gümrük derňewi onuň geçirilmegi üçin zerur bolan iň az möhletlerde geçirilmelidir we ýörite gümrük derňewini geçirmek hakynda çözgüdiň kabul edilen gününden başlap iki aýdan artyk dowam edip bilmez. Görkezilen möhlete resminamalary we maglumatlary bermek hakynda talapnamanyň şahsa gowşurylmagy bilen görkezilen resminamalaryň we maglumatlaryň berilmeginiň arasyndaky wagtyň döwri goşulmaýar. Aýratyn halatlarda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy barlagyň dowamlylygyny ýene bir aý uzaldyp biler.

Şol bir harytlar babatda ýörite gümrük derňewiniň gaýtadan geçirilmegine ýol berilmeýär.

7. Gümrük derňewiniň (umumy ýa-da ýörite görnüşlerde) diňe ýuridik şahslar we hususy telekeçiler babatda geçirilmegine ýol berilýär.

8. Gümrük derňewini geçirmegiň (umumy ýa-da ýörite görnüşlerde) maksatlary üçin gümrük edaralary harytlar babatda ygtyýarly we şeýle harytlaryň saklanylmagyny amala aşyrýan şahs tarapyndan ýa-da gözegçilik ediji edaralar tarapyndan geçirilen tükellemegiň netijelerini, auditor netijenamalaryny, şeýle hem döwlet edaralarynyň namalaryny we netijenamalaryny ulanyp biler.

9. Gümrük derňewini (umumy ýa-da ýörite görnüşlerde) geçirmegiň netijeleri gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän görnüş boýunça nama bilen resmileşdirilýär. Görkezilen nama degişlilikde:

1) umumy gümrük derňewiniň tamamlanan gününiň yzyndan gelýän günde;

2) ýörite gümrük derňewiniň tamamlanan gününden başlap on günüň içinde düzülýär.

Namanyň ikinji nusgasy derňew geçirilen şahsa gowşurylmaga degişlidir.

10. Gümrük derňewiniň (umumy we ýörite görnüşlerde) barşynda gümrük işi babatda jenaýat alamatlary ýa-da administratiw hukuk bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda hukuk bozulmalarynyň bellenilen gös-göni obýektleri babatda barlagyň geçirilmegi tamamlanýar. Şunda gümrük derňewini geçirmegiň netijeleri hakyndaky nama haýal etmän düzülýär. Mundan beýläkki hereketler Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygyna ýa-da Türkmenistanyň administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda gümrük edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

**326-njy madda. Ýörite gümrük derňewi geçirilende harytlara ygtyýarlyk etmegiň gadagan edilmegi ýa-da harytlaryň alynmagy**

1. Ýörite gümrük derňewi geçirilende harytlara ygtyýarlyk etmegiň gadagan edilmegi şu halatlarda amala aşyrylýar:

1) Türkmenistanyň gümrük çägine harytlary getirmegiň kanunlaşdyrylmagyny tassyklamak üçin şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda belgilenilmegi göz öňünde tutulan ýörite belgileri, kybaplaýyş nyşanlary ýa-da harytlary belgilemegiň beýleki usullary bolmadyk harytlar ýa-da galp belgileri ýa-da nyşanlary bolan harytlar ýüze çykarylanda;

2) eger Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda täjirçilik resminamalarynda şeýle maglumatlaryň görkezilmegi Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlaryň dolanyşygynda hökmany bolsa, barlanylýan şahsyň täjirçilik resminamalarynda gümrük edaralary tarapyndan harytlaryň goýberilmegi hakynda maglumatlar bolmadyk mahalynda, şeýle hem şeýle maglumatlaryň nädogrulygy ýüze çykarylanda ýa-da şeýle maglumatlaryň görkezilmeli täjirçilik resminamalary bolmadyk mahalynda;

3) şertli goýberilen harytlary, getiriliş gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagy bilen bagly maksatlardan başga maksatlar üçin peýdalanmak we (ýa-da) olara ygtyýarlyk etmek faktlary ýüze çykarylanda.

2. Özlerine ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlar olara eýelik edýäne ýa-da şeýle harytlar babatda ygtyýarly başga şahsa saklamak üçin berilýär. Şeýle harytlaryň saklanylýan ýeri gümrük gözegçiligi zolagy diýlip yglan edilýär. Özlerine ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlary peýdalanmak ýörite gümrük derňewini bellän gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ygtyýarlyk beren şahsy tarapyndan rugsat berlip bilner. Görkezilen halatda özlerine ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlaryň başga şahslara geçirilmegine, harytlaryň harç edilmegine, olaryň aýrybaşgalanmagyna ýa-da başga usul bilen olara ygtyýarlyk edilmegine ýol berilmeýär.

3. Eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlar Türkmenistana getirilmäge ýa-da dolanyşyga gadagan edilen bolsa, şeýle hem harytlara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi olaryň

saklanylmagyny üpjün etmek üçin ýeterlik çäre bolup durmaýar diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda, gümrük edaralary harytlary almagy amala aşyrýarlar.

Alnan harytlar gümrük edarasynyň wagtlaýyn saklanylýan ammaryna ýa-da gümrük gözegçiligi zolagy bolup durýan başga ýere ýerleşdirilýär.

4. Eger olaryň ýüze çykarylan şahsy tutulyp alnyp bilinjek gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenilmegini üpjün edýän bolsa, harytlary almak we olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi geçirilmän bilner, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harytlaryň Türkmenistana getirilmegi ýa-da onuň çägindäki dolanyşygy gadagan edilen ýa-da harytlar babatda olar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende mukdar çäklendirmeleri bellenilen halatlary muňa degişli däldir. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tölenmegini üpjün etmegiň pul möçberlerini kesgitlemek maksatlary üçin olary hasaplamak şu Kodeksiň 271-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

5. Harytlary almak we olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi ýörite gümrük derňewini geçirýän gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň delillendirilen karary esasynda, harytlar ýüze çykarylan şahsyň ýa-da onuň wekiliniň bolmagynda, şeýle hem azyndan iki güwäniň bolmagynda amala aşyrylýar.

Zerur halatlarda şu Kodeksiň 332-nji maddasyna laýyklykda almagy ýa-da olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegini geçirmek üçin degişli hünärmenler çekilip bilner.

Harytlary almaga ýa-da olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegine başlamazdan öň, gümrük edarasynyň wezipeli adamy harytlary almak hakyndaky ýa-da olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi hakyndaky karary harytlary almagyň ýa-da olara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi amala aşyrylýan şahsa görkezmäge borçludyr.

6. Harytlary almak hakynda ýa-da harytlara ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegi hakynda teswirnama düzülýär. Teswirnamada ýa-da oňa goşulýan ýazgylarda alnan harytlar ýa-da ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlar olaryň adynyň, mukdarynyň we hususy alamatlarynyň görkezilmegi bilen jikme-jik beýan edilýär. Görkezilen teswirnama harytlary almagy ýa-da ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmegini geçiren gümrük edarasynyň wezipeli adamy, alynýan harytlar ýa-da ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlar ýüze çykarylan şahs ýa-da onuň wekili, şeýle hem güwäler tarapyndan gol çekilýär. Teswirnamanyň göçürme nusgasy harytlar ýüze çykarylan şahsa ýa-da onuň wekiline gowşurylýar.

7. Alnan harytlary yzyna gaýtaryp bermek we ygtyýarlyk edilmeginiň gadagan edilmeginiň ýatyrylmagy ýörite gümrük derňewiniň tamamlanan gününden gijä galman amala aşyrylýar, olar muzdsuz alnyp, maddy subutnamalar hökmünde talap edilip ýa-da olaryň hasabyna gümrük paçlarynyň, salgytlaryň tutulyp alnyp bilinjek halatlary muňa degişli däldir. Alnan harytlary wagtlaýyn saklamak harytlary alnan şahsyň hasabyna amala aşyrylýar.

8. Alnan harytlara we ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilen harytlara ygtyýarlyk etmek hakynda, ýörite gümrük derňewini geçirmegiň netijelerini görkezýän namada görkezilýär.

9. Ýörite gümrük derňewiniň tamamlanan gününden başlap iki aýyň geçmegi bilen talap edilmedik alnan harytlara ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 39-njy babynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

## 35-nji bap. GÜMRÜK GÖZEGÇILIGI AMALA AŞYRYLANDA BILERMENLER SELJERMELERI WE BARLAGLARY

### 327-nji madda. Gümrük gözegçiligi amala aşyrylanda bilermenler seljermesini bellemek

1. Harytlaryň, ulag serişdeleriniň ýa-da harytlar we ulag serişdeleri hakynda ýa-da olar babatda operasiýalaryň (hereketleri) amala aşyrylmagy hakynda maglumatlary özünde jemleýän resminamalaryň bilermenler seljermesi, eger gümrük gözegçiligi amala aşyrylanda ýüze çykan meseleleri düşündirmek üçin ýörite akyl ýetirmek zerur bolan halatda bellenilýär.

2. Bilermenler seljermesi gümrük barlaghanalarynyň, şeýle hem beýleki degişli guramalaryň bilermenleri ýa-da gümrük edaralary tarapyndan bellenilýän beýleki bilermenler tarapyndan geçirilýär. Bilermen hökmünde netijenama bermek üçin zerur ýörite akyl ýetirmelerine eýelik edýän islendik şahs bellenilip bilner. Bilermenler seljermesini geçirmek üçin bilermen şertnamalaýyn esasda çekilýär. Deklarantyň ýa-da beýleki dahylly şahsyň başlangyjy boýunça bilermenler seljermesi bellenilende, görkezilen şahslar bilermeniň kandidaturasy hakyndaky teklipleri gümrük edaralaryna bermäge haklydyr.

3. Gümrük edarasynyň wezipeli adamy bu edaranyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýerine galan adamyň razylygy bilen bilermenler seljermesini bellemek hakynda karar çykarýar, onda bilermenler seljermesini geçirmegiň esaslary, bilermeniň familiýasy, ady we atasynyň ady, bilermenler seljermesiniň geçirilmeli guramasynyň ady, bilermeniň öňünde goýlan meseleler, bilermeniň ygtyýaryna berilýän materiallaryň we resminamalaryň sanawy hem-de bilermenler seljermesini geçirmegiň we netijenamany gümrük edarasyna bermegiň möhleti görkezilýär.

4. Bilermenler seljermesini geçirmegiň möhleti:

1) eger bilermenler seljermesiniň netijeleriniň alynmagyna çenli harytlaryň goýberilmegi amala aşyrylmasa, wagtlaýyn saklamak möhletlerinden;

2) eger bilermenler seljermesi ulag serişdeleri babatda geçirilýän bolsa, alty aýdan;

3) beýleki halatlarda bir ýyldan artyk bolmaly däldir.

5. Gümrük edarasynyň wezipeli adamy bilermenler seljermesiniň bellenilmegi hakyndaky karar bilen deklaranty ýa-da eger ol mälim bolsa, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahsy tanyşdyrmaga we şu Kodeksiň 330-njy maddasynda göz öňünde tutulan onuň hukuklaryny düşündirmäge borçludyr, bu hakda kararda görkezilen şahs ýa-da onuň wekili tarapyndan tassyklanylýan degişli bellik edilýär.

### 328-nji madda. Bilermeniň netijenamasy

1. Bilermen geçirilen barlaglaryň esasynda we olaryň netijelerini nazara almak bilen, öz adyndan ýazmaça görnüşde netijenama berýär.

2. Bilermeniň netijenamasynda barlagyň geçirilen wagty we ýeri, barlagyň kim tarapyndan we nämäniň esasynda geçirilendigi, bilermeniň öňünde goýlan meseleler, barlaglaryň obýektleri, bilermene berlen materiallar we resminamalar, ulanylan usullary görkezmek bilen, barlaglaryň mazmuny we netijeleri, barlaglaryň netijelerine berlen baha, öňde goýlan meseleler boýunça netijeler we olaryň esaslandyrylmagy görkezilmelidir.

Bilermeniň ýa-da birnäçe bilermenleriň netijenamasyny şekillendirýän materiallar we resminamalar netijenama goşulýar we onuň düzüm bölegi bolup hyzmat edýär.

Eger bilermen bilermenler seljermesi geçirilende bar bolan, olar babatda özüne meseleler goýulmadyk iş üçin düýpli ýagdaýlary anyklasa, ol bu ýagdaýlar hakyndaky netijelerini öz netijenamasyna goşmaga haklydyr.

3. Eger bilermenler seljermesi birnäçe bilermenleriň gatnaşmagynda geçirilen bolsa, netijenama ähli bilermenler tarapyndan gol çekilýär. Bilermenleriň arasynda düşünişmezlikler bolan mahalynda olaryň her biri öz netijelerini aýratynlykda çykarýar.

4. Bilermenler seljermesini bellän gümrük edarasy deklaranta ýa-da harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahsa, eger bu şahs mälim bolsa, bilermeniň netijenamasynyň göçürme nusgasyny gowşurýar.

5. Gümrük edaralary çözgüt kabul edenlerinde bilermenler seljermesiniň, şol sanda deklarantyň ýa-da başga dahylly şahsyň başlangyjy boýunça geçirilenleriň netijeleri boýunça bilermenleriň netijenamalaryna garaýar.

### 329-njy madda. Bilermeniň hukuklary we jogapkärçiligi

1. Bilermen şulara haklydyr:

1) bilermenler seljermesiniň närsesine degişli materiallar bilen tanyşmaga;

2) gümrük edarasynyň ylalaşmagy bilen başga bilermenleri bilermenler seljermesiniň geçirilmegine çekmäge;

3) bilermenler seljermesini geçirmek üçin zerur bolan goşmaça materiallary soramaga;

4) gümrük gözegçiligi amala aşyrylanda gümrük edarasynyň rugsady bilen anyk hereketleriň geçirilmegine gatnaşmaga;

2. Bilermenler seljermesini geçirmegiň barşynda ýa-da ony geçirmäge taýýarlyk görlende bilermen tarapyndan alnan täjirçilik, bank ýa-da kanun arkaly goralýan başga syr, şeýle hem beýleki ýaşyryn maglumat olar tarapyndan jar edilmeli däldir, başga maksatlar üçin ulanylmaly däldir ýa-da üçünji taraplara berilmeli däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

**330-njy madda. Bilermenler seljermesi bellenilende we geçirilende deklarantyň, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarly beýleki şahsyň we olaryň wekilleriniň hukuklary**

1. Bilermenler seljermesi bellenilende we geçirilende deklarant, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklara eýe bolan başga şahs we olaryň wekilleri şulara haklydyrlar:

1) bilermene delillendirilen ynamsyzlyk bildirmäge;

2) anyk bilermeni bellemek hakynda towakga mälim etmäge;

3) olar boýunça netijenamalar almak üçin bilermene goşmaça meseleleri goýmak hakynda towakga mälim etmäge;

4) bilermenler seljermesini bellän gümrük edarasynyň rugsady bilen bilermenler seljermesi geçirilende ýanynda bolmaga we bilermene düşündiriş bermäge;

5) harytlaryň nusgalyklaryny we nusgalaryny almaga;

6) bilermeniň netijenamasy bilen tanyşmaga we şeýle netijenamanyň göçürme nusgasyny almaga;

7) goşmaça ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesiniň geçirilmegi hakynda towakga etmäge.

2. Deklarantyň, harytlar we (ýa-da) ulag serişdeleri babatda ygtyýarlyklara eýe bolan başga şahsyň ýa-da olaryň wekiliniň towakgasy kanagatlandyrylan mahalynda bilermenler seljermesini bellän gümrük edarasynyň wezipeli adamy degişli karar çykarýar.

Towakgany kanagatlandyrmakdan ýüz öwrülen mahalynda gümrük edarasynyň wezipeli adamy bu hakda towakga beren şahsa delillendirip ýazmaça görnüşde habar bermelidir.

**331-nji madda. Nusgalyklar we nusgalar**

1. Gümrük gözegçiligi geçirilende gümrük edarasynyň wezipeli adamy barlag geçirmek üçin zerur bolan harytlaryň nusgalyklaryny ýa-da nusgalaryny almaga haklydyr. Nusgalyklaryň ýa-da nusgalaryň alynmagy hakynda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän görnüşde nama düzülýär. Görkezilen namanyň ikinji nusgasy, eger ol anyklanylan bolsa, harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan şahsa ýa-da onuň wekiline gowşurylmaga degişlidir.

Zerur halatlarda nusgalyklary ýa-da nusgalary almak bilermeniň ýa-da hünärmeniň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

2. Gümrük gözegçiligindäki harytlaryň nusgalyklaryny ýa-da nusgalaryny gümrük edarasynyň ýazmaça rugsady bilen deklarantlar, harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan şahslar, olaryň wekilleri, şu Kodeksiň 345-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen şahslar we beýleki döwlet edaralarynyň işgärleri hem alyp bilerler.

3. Nusgalyklar ýa-da nusgalar olary barlamaga mümkinçiligi üpjün edýän iň az mukdarlarda alynýar.

Eger harytlaryň nusgalyklaryny we nusgalaryny almak şu ýagdaýlara getirmeýän bolsa, ýagny:

1) gümrük gözegçiligini geçirmegi kynlaşdyrmaýan bolsa;

2) harytlaryň häsiýetnamalaryny üýtgetmeýän bolsa;

3) gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagyna ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmezligine getirmeýän bolsa,

onuň üçin rugsat şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şahslara berilýär.

4. Nusgalyklar ýa-da nusgalar alnanda deklarant tarapyndan nusgalyklar we nusgalar üçin, olaryň harytlar üçin gümrük deklarasiýasynda görkezilmegi şertinde, aýratyn gümrük deklarasiýasy berilmeýär.

Eger şeýle nusgalyklar we nusgalar gümrük edarasy tarapyndan alnan bolsa we bellenilen möhletlerde yzyna gaýtarylyp berilmedik bolsa, deklarant deklarirlenilýän harytlaryň gümrük bahasyny nusgalyklaryň we nusgalaryň gümrük bahasyna azaltmaga haklydyr.

5. Deklarantlar, harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan şahslar we olaryň wekilleri gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary we beýleki döwlet edaralarynyň işgärleri tarapyndan harytlaryň nusgalyklary ýa-da nusgalary alnanda ýanynda bolmaga haklydyr.

6. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary beýleki döwlet edaralarynyň işgärleri, şeýle hem şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen beýleki şahslar tarapyndan harytlaryň nusgalyklary ýa-da nusgalary alnanda ýanynda bolmaga haklydyr.

7. Deklarantlar we olaryň wekilleri gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan harytlaryň

nusgalyklary ýa-da nusgalary alnanda olara ýardam etmäge, şol sanda harytlar bilen ýük we beýleki zerur operasiýalary öz hasabyna amala aşyrmaga borçludyr.

8. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary şu Kodeksiň 321-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda deklarantlaryň we olaryň wekilleriniň bolmazlygynda harytlaryň nusgalyklaryny ýa-da nusgalaryny almaga haklydyr. Görkezilen halatlarda harytlaryň nusgalyklaryny ýa-da nusgalaryny almak azyndan iki güwäniň bolmagynda amala aşyrylýar.

9. Harytlaryň nusgalyklaryny ýa-da nusgalaryny almagyň tertibi, şeýle hem olary barlamagyň tertibi şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

10. Barlag tamamlanandan soň, harytlaryň nusgalyklary ýa-da nusgalary olara eýelik edýänlere yzyna gaýtarylyp berilýär, şeýle nusgalyklar ýa-da nusgalar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýok edilmäge ýa-da utilizasiýa edilmäge degişli bolan, şeýle hem nusgalyklary ýa-da nusgalary yzyna gaýtaryp bermek üçin çykdajylar olaryň bahasyndan ýokary geçýän halatlary muňa degişli däldir.

**332-nji madda. Gümrük gözegçiligi geçirilende hünärmeniň gatnaşmagy**

1. Zerur halatlarda, gümrük gözegçiligi geçirilende anyk hereketleriň amala aşyrylmagyna gatnaşmagy üçin, şeýle hereketleriň netijelerine dahylsyz, gümrük edaralaryna ýardam etmek üçin zerur bolan, şol sanda tehniki serişdeler ulanylanda ýörite bilimi we endikleri bolan hünärmen işe çekilip bilner.

2. Hünärmen hökmünde şahsy işe çekmek şertnamalaýyn esasda amala aşyrylýar.

3. Hünärmen şulara haklydyr:

1) onuň gatnaşmagynda amala aşyrylýan hereketleriň mazmunyna degişli materiallar bilen tanyşmaga;

2) gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň rugsady bilen şeýle hereketlere gatnaşyjylara degişli hereketleriň mazmunyna degişli sowallary bermäge;

3) gümrük gözegçiligi amala aşyrylanda özüniň gatnaşan hereketleriniň amala aşyrylmagynyň netijeleri boýunça resmileşdirilýän resminamalar bilen tanyşmaga we özi tarapyndan amala aşyrylýan hereketler babatda şeýle resminamalara girizilmäge degişli mälim etmeleri ýa-da bellikleri etmäge.

4. Hünärmen şulara borçludyr:

1) ýörite bilimleri talap edýän hereketleriň amala aşyrylmagyna gatnaşmaga, özi tarapyndan amala aşyrylýan hereketler babatda düşündirişler bermäge;

2) görkezilen hereketleri amala aşyrmagyň faktyny, olaryň mazmunyny we netijelerini öz goly bilen tassyklamaga.

5. Gümrük gözegçiligi boýunça hereketleriň amala aşyrylmagyna çekilen mahalynda hünärmen tarapyndan alnan täjirçilik, bank ýa-da kanun arkaly goralýan başga syry düzýän maglumat, şeýle hem beýleki ýaşyryn maglumat ol tarapyndan jar edilmeli däldir, başga maksatlar üçin ulanylmaly däldir, üçünji şahslara berilmeli däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

**333-nji madda. Gümrük gözegçiligini geçirmäge ýardam etmekleri üçin başga döwlet edaralarynyň hünärmenlerini işe çekmek**

Gümrük edaralary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük gözegçiligini geçirmäge ýardam etmekleri üçin hukuk goraýjy ýa-da gözegçilik ediji edaralaryň hünärmenlerini işe çekmäge haklydyr.

## 36-njy bap. GÜMRÜK GÖZEGÇILIGINE DEGIŞLI GOŞMAÇA DÜZGÜNLER

**334-nji madda. Gümrük gözegçiliginiň kesgitlenilen görnüşlerinden boşatmak**

1. Gümrük gözegçiliginiň kesgitlenilen görnüşleriniň gümrük edaralary tarapyndan ulanylmagyndan boşatmak diňe şu Kodeks bilen bellenilýär.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň, şol sanda öz ygtyýarlyklaryny bes edeninde hem onuň ýany bilen

barýan maşgala agzalarynyň şahsy goşy gümrük barlagyna degişli däldir.

3. Eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýän Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, kazylaryň öz deputatlyk ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçenlerinde, olaryň şahsy goşy gümrük barlagyna degişli däldir.

4. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurt harby korabllary (gämileri), söweşjeň howa gämileri we özi barýan harby tehnika gümrük barlagyndan boşadylýar.

5. Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda gümrük gözegçiliginiň kesgitlenilen görnüşlerinden boşatmak bu şertnamalaryň güýje girmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan amallar ýerine ýetirilenden soň amala aşyrylýar.

6. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti aýratyn şahslary, aýratyn harytlary we ulag serişdelerini, Türkmenistanyň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly bolan halatlarda, gümrük gözegçiliginiň kesgitli görnüşlerinden boşatmaga haklydyr.

**335-nji madda. Gümrük gözegçiligi geçirilende tehniki serişdeleri ulanmak**

1. Gümrük gözegçiligini geçirmegiň wagtyny gysgaltmak we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen gümrük edaralary tarapyndan tehniki serişdeler ulanylyp bilner.

Görkezilen tehniki serişdeler adamyň jany we saglygy üçin howpsuz bolmalydyr.

2. Tehniki serişdeleri ulanmak bilen gümrük operasiýalary geçirilende metrologik gözegçiligi we gözegçilik barlagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**336-njy madda. Harytlar we ulag serişdeleri bilen geçirilýän, gümrük gözegçiligi üçin zerur bolan, ýük we beýleki operasiýalar**

1. Gümrük edarasynyň talap etmegi boýunça deklarant, wagtlaýyn saklanylýan ammara eýelik edýän, gümrük ammaryna eýelik edýän, gümrük dellaly ýa-da harytlar babatda ygtyýarlyklara eýe bolan başga şahs gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlary ulagly daşamaga, agramyny çekmäge we mukdaryny başgaça kesgitlemäge, ýüklemäge, düşürmäge, düşürip ýüklemäge, zeper ýeten gabyny düzetmäge, gabyny açmaga, gaplamaga ýa-da gaýtadan gaplamaga, şeýle hem şeýle harytlaryň bolýan ýa-da bolup biljek jaýlaryny, gaplaryny we başga ýerlerini açmaga borçludyr.

2. Daşaýjy özüniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirýän harytlary bilen we (ýa-da) ulag serişdeleri bilen ýük we beýleki operasiýalaryň geçirilmegine ýardam etmäge borçludyr.

**337-nji madda. Harytlary we ulag serişdelerini kybaplamak**

1. Gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlary we ulag serişdelerini kybaplamak üçin plombalar, möhürler, harply ýa-da beýleki belgilemek, kybaplaýyş belgileri, ulag (daşaýyş), täjirçilik we beýleki resminamalar ulanylyp, möhürçeler basylyp, harytlaryň nusgalyklary we nusgalary alnyp, harytlar we ulag serişdeleri jikme-jik beýan edilip, çyzgylar düzülip, masştably şekiller, fotosuratlar, illýustrasiýalar taýýarlanylyp, şeýle hem kybaplamagyň beýleki serişdeleri ulanylyp bilner.

2. Kybaplaýyş serişdeleri diňe gümrük edaralary tarapyndan ýa-da olaryň rugsady bilen ýok edilip ýa-da üýtgedilip (çalşyrylyp) bilner, harytlaryň we ulag serişdeleriniň ýok edilmegine, ýitirilmegine ýa-da düýpli zaýalanmagyna hakyky howpuň bolan halatlary muňa degişli däldir. Kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgedilendigi, aýrylandygy, ýok edilendigi ýa-da zeper ýetirilendigi hakynda haýal etmän gümrük edarasyna habar berilýär we görkezilen howpuň bolmagynyň subutnamalary berilýär. Kybaplaýyş serişdeleriniň üýtgedilendigi, aýrylandygy, ýok edilendigi ýa-da çalşylandygy hakynda gümrük edarasy tarapyndan gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanýan görnüşde nama düzülýär.

3. Şu maddanyň ikinji böleginiň düzgünleri gümrük maksatlary üçin kybaplaýyş serişdeleri hökmünde daşary ýurt döwletleriniň gümrük edaralary tarapyndan goýlan plombalaryň, möhürleriň ýa-da beýleki kybaplaýyş serişdeleriniň ulanylan halatlaryna degişli bolýar.

4. Deklarantyň haýyşy boýunça gümrük edaralary, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegi üçin mälim edilen türkmen harytlarynyň, olaryň deklarirlenilen ýerinde kybaplanylmagyny amala aşyrýar.

**338-nji madda. Türkmenistanyň gümrük çägine bikanun getirilen harytlar ýüze çykarylanda gümrük edaralarynyň goşmaça ygtyýarlyklary**

1. Telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlary satyn alan şahslarda, gümrük paçlarynyň, salgytlaryň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmezligine getiren, Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirilen harytlar gümrük edaralary tarapyndan ýüze çykarylanda, şeýle harytlar şu Kodeksiň 326-njy maddasynda gümrük derňewi geçirilen mahalynda harytlar alnandaky ýa-da olara ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilendäki ýaly göz öňünde tutulan tertipde ygtyýarlyk edilmegi gadagan edilýär ýa-da harytlar alynmaga we wagtlaýyn saklamak üçin ýerleşdirilmäge degişlidir. Gümrük maksatlary üçin görkezilen harytlara gümrük gözegçiligi astynda bolýan hökmünde garalýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen şahslar şu Kodeksiň 271-nji maddasyna laýyklykda gümrük paçlaryny, salgytlary tölemäge we gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän tertipde harytlary gümrük taýdan resmileşdirmegiň beýleki talaplaryny we şertlerini ýönekeýleşdirilen tertipde ýerine ýetirmäge haklydyr. Şonda, eger şahslar özlerinde harytlaryň ýüze çykarylan gününden başlap bäş günden gijä galman gümrük paçlaryny, salgytlary töleseler ýa-da şu Kodeksiň 29-njy babyna laýyklykda olaryň tölenilmegini üpjün etseler, harytlar alynmaýar. Gümrük paçlarynyň, salgytlaryň görkezilen pul möçberleri üçin puşmana tölegleri hasaplanyp ýazylmaýar.

3. Gümrük paçlaryny, salgytlary tölemek we Türkmenistanyň gümrük çägine bikanun getirilen harytlary gümrük taýdan resmileşdirmek hukugyny şahslara bermek babatda şu maddanyň ikinji böleginiň düzgünleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistana getirilmegi gadagan edilen harytlara, Türkmenistanyň çäginde dolanyşygy gadagan edilen harytlara, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilende mukdar çäklendirmeleri bellenilen harytlara degişli däldir.

4. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen şahslar tarapyndan gümrük paçlary, salgytlar tölenende we gümrük taýdan resmileşdirilende harytlara gümrük maksatlary üçin erkin dolanyşyga goýberilen hökmünde garalýar, munuň özi gümrük edaralaryna gümrük serhedinden harytlaryň bikanun geçirilmegine gatnaşan şahslary ýüze çykarmak boýunça zerur hereketleri amala aşyrmaga päsgel bermeýär.

5. Türkmenistanyň gümrük çägine bikanun getirilen harytlary satyn alan şahslar gümrük paçlaryny, salgytlary tölemekden we gümrük operasiýalaryny amala aşyrmakdan ýüz öwren halatynda şeýle harytlara ygtyýarlyk etmek şu Kodeksiň 292-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen harytlar gümrük edarasynyň arzasy boýunça kazyýetiň çözgüdi esasynda döwletiň eýeçiligine geçirilýär.

**339-njy madda. Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky raýat we jenaýat işlerine garalanda gümrük gözegçiliginiň netijeleriniň ulanylmagy**

Gümrük gözegçiliginiň geçirilmeginiň şu bölümiň düzgünlerine laýyklykda resmileşdirilen netijeleri jenaýat, raýat işleri we administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça subutnamalar hökmünde ykrar edilip bilner we görkezilen işlere, gümrük edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň çözgüdine, hereketine (hereketsizligine) şikaýatlara ýa-da ykdysady jedeller boýunça işlere garalanda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki subutnamalar bilen bir hatarda kazyýet ýa-da wezipeli adam tarapyndan baha berilmäge degişlidir.

## 37-nji bap. AÝRATYN HARYTLAR BABATDA GÜMRÜK EDARALARY TARAPYNDAN GÖRÜLÝÄN ÇÄRELER

**340-njy madda. Harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň esaslary**

Gümrük edaralary şu bapda göz öňünde tutulan tertipde awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklaryň

obýektlerine, haryt nyşanlaryna, hyzmat ediş nyşanlaryna aýratyn hukuklaryň (intellektual eýeçiliginiň) eýesiniň we harydyň gelip çykýan ýeriniň adyny peýdalanmak hukugynyň eýesiniň (mundan beýläk – hukugyň eýesi) arzasynyň esasynda harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen baglanyşykly çäreleri görýär. Şu bapda göz öňünde tutulan çäreler gümrük serhedinden harytlar geçirilende ýa-da gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlar bilen başga hereketler amala aşyrylanda görülýär.

2. Şu baba laýyklykda gümrük edaralary tarapyndan görülýän çäreler hukugyň eýesine Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz hukuklaryny goramagyň islendik serişdelerine ýüzlenmäge päsgel bermeýär.

### 341-nji madda. Hukugyň eýesi tarapyndan arzalaryň berilmegi we oňa garamagyň tertibi

1. Hukugyň eýesi öz pikirine görä kontrafakt bolup durýan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly ýa-da gümrük gözegçiligi astynda bolýan harytlar bilen beýleki hereketler amala aşyrylanda intellektual eýeçilik hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz hukuklary bozulandyr diýip çak etmäge ýeterlik esas bolanda, şeýle harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly çäreleriň görülmegi hakynda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasyna arza bermäge haklydyr. Arza hukugyň eýesiniň adyndan onuň wekili tarapyndan berlip bilner.

2. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly çäreleri görmek hakyndaky arza şu maglumatlary özünde jemlemelidir:

1) hukugyň eýesi hakynda, eger arza onuň wekili tarapyndan berlen halatynda bolsa – wekili hakynda hem;

2) intellektual eýeçiligiň obýekti hakynda;

3) gümrük edaralarynyň şeýle harytlary ýüze çykaryp bilmegi üçin ýeterlik jikme-jik bolan, hukugyň eýesiniň pikirine görä kontrafakt bolup durýan harytlar hakynda;

4) gümrük edaralarynyň şu baba laýyklykda çäreleri görjek möhleti hakynda.

Harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen baglanyşykly çäreleriň görülmegi hakyndaky arza intellektual eýeçiligiň obýektine hukugyň bardygyny tassyklaýan resminamalar (şahadatnama, aýratyn hukuklary geçirmek hakynda, şol sanda ygtyýarnamalaýyn şertnama, intellektual eýeçiliginiň obýektlerine öz hukuklarynyň tassyk edilmegine hukugyň eýesiniň berip biljek beýleki resminamalary) goşulýar, eger arza wekil tarapyndan berilse, görkezilen arzanyň ýanyna hukugyň eýesi tarapyndan şeýle şahsa berlen ynanç haty hem goşulýar.

Hukugyň eýesi (onuň wekili), özüniň pikiriçe onuň hukuklarynyň bozulmagynyň bar bolan faktynyň tassyklamasy bolup hyzmat edip biljek haryt nusgalaryny arzanyň ýanyna goşup biler.

3. Hukugyň eýesiniň deklaranta, harytlaryň eýesine, harytlary alyja ýa-da şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahsa harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly ýetirilip bilinjek emläk zyýanynyň öwezini dolmak hakynda ýazmaça görnüşdäki borçnamasy arzanyň ýanyna goşulýar.

4. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy arzanyň gelip gowşan gününden başlap bir aýdan artyk bolmadyk möhletde arza garaýar we şu baba laýyklykda çäreleri görmek hakynda ýa-da şeýle çäreleri görmekden ýüz öwürmek hakynda çözgüt kabul edýär.

Hukugyň eýesi tarapyndan (onuň wekili tarapyndan) berlen maglumatlaryň dogrulygyny barlamak maksady bilen gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy mälim edilen maglumatlary tassyklaýan resminamalary üçünji taraplardan, şeýle hem döwlet edaralaryndan soramaga haklydyr. Görkezilen şahslar ýüz tutmanyň alnan gününden başlap on günüň dowamynda soralýan resminamalary bermäge borçludyrlar. Şunda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy arza garamagyň möhletini uzaltmaga haklydyr, ýöne ol iki aýdan artyk bolmaly däldir.

Şu baba laýyklykda çäreleri görmekden ýüz öwürmek hakyndaky çözgüt hukugyň eýesi tarapyndan nädogry maglumatlar berlen, şeýle hem ol tarapyndan şu Kodeksiň 342-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen talaplaryň berjaý edilmedik halatynda kabul edilýär.

Hukugyň eýesi (onuň wekili) kabul edilen çözgüt hakynda şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda ýazmaça görnüşde habardar edilýär.

5. Arzada ýa-da oňa goşulýan resminamalarda görkezilen maglumatlar üýtgedilen halatynda, hukugyň eýesi (onuň wekili), bu hakda haýal etmän, gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasyna habar bermäge borçludyr.

**342-nji madda. Intellektual eýeçiligiň obýektleriniň gümrük sanawy**

1. Özleri babatda gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan şu baba laýyklykda çäreleri görmek hakynda çözgüt kabul edilen intellektual eýeçiligiň obýektleri intellektual eýeçiligiň obýektleriniň gümrük sanawyna (mundan beýläk şu bapda – sanaw) girizilýär. Sanawa goşulandygy üçin töleg alynmaýar.

Sanawy gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy, bu edara tarapyndan kesgitlenilýän tertipde alyp barýar.

2. Hukugyň eýesiniň Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda şu Kodeksiň 341-nji maddasynyň üçünji böleginde görkezilen borçnamanyň ýerine ýetirilmegini üpjün eden şertinde intellektual eýeçiligiň obýekti sanawa goşulýar.

3. Intellektual eýeçiligiň obýekti şu halatlarda sanawdan çykarylmaga degişlidir:

1) hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) islegine görä;

2) hukugyň eýesi tarapyndan şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan şertler ýerine ýetirilmedik mahalynda;

3) intellektual eýeçiligiň obýektiniň hukuk goragynyň möhleti tamamlananda;

4) eger hukugyň eýesi harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň möhletiniň dowamynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz hukuklarynyň goragy üçin ygtyýarly edara ýüz tutmadyk bolsa;

**343-nji madda. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly gümrük edaralarynyň çäreleri görýän möhleti**

Harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly gümrük edaralarynyň çäreleri görýän möhleti hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) arzasy esasynda bellenilýär, ýöne ol intellektual eýeçiliginiň obýektiniň sanawa girizilen gününden başlap bäş ýyldan artyk bolmaly däldir. Şu Kodeksiň 341-nji maddasynda we 342-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan talaplar berjaý edilen şertinde görkezilen möhlet hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) arzasynyň esasynda uzaldylyp bilner. Gümrük edaralarynyň harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly çäreleri görýän möhleti intellektual eýeçiliginiň obýektiniň hukuk goragynyň möhletinden artyk bolup bilmez.

**344-nji madda. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak**

1. Eger gümrük taýdan resmileşdirmek we gümrük gözegçiligi amala aşyrylanda gümrük edarasy hukugyň eýesi (onuň wekili) tarapyndan görkezilen harytlary kontrafakt harytlar hökmünde ýüze çykarsa, şeýle harytlaryň goýberilmegi on günläp togtadylýar. Hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) delillendirilen ýazmaça ýüz tutmasy boýunça görkezilen möhlet, eger ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz hukuklarynyň goragy üçin ygtyýarly döwlet edarasyna ýüz tutan bolsa, ýene on günden artyk bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

Harytlaryň goýberilmegini togtatmak we harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň möhletini uzaltmak hakyndaky çözgüt gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ýerine galan şahs tarapyndan ýazmaça görnüşde kabul edilýär.

2. Gümrük edarasy harytlaryň goýberilmeginiň togtadylan gününiň yzyndan gelýän günden gijä galman harytlary goýbermegiň togtadylandygy, şeýle togtatmagyň sebäpleri we möhletleri hakynda deklaranta we hukugyň eýesine (onuň wekiline) habar berýär, şeýle hem hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) adyny (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny) we salgysyny deklaranta, hukugyň eýesine (onuň wekiline) bolsa – deklarantyň adyny (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny) we salgysyny habar berýär.

3. Hukugyň eýesi Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde harytlaryň (olaryň gabyny we etiketkasyny goşmak bilen) kontrafakt bolup durýandygy kesgitlenmedik bolsa, şu baba laýyklykda harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň netijesinde deklaranta, harydyň eýesine, harytlary alyja ýa-da şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahsa ýetirilen emläk zyýany üçin jogapkärçilik çekýär.

**345-nji madda. Maglumat bermek. Nusgalyklary we**

**nusgalary almak**

1. Gümrük edarasynyň ýazmaça rugsady bilen hukugyň eýesi we deklarant (olaryň wekilleri) özleri babatda goýbermegi togtatmak hakynda çözgüt kabul edilen harytlaryň nusgalyklaryny we nusgalaryny gümrük gözegçiligi astyna alyp, olaryň barlagyny geçirip, şeýle hem gözden geçirip, fotosurata düşürip ýa-da şeýle harytlary başga hili belläp bilerler.

2. Hukugyň eýesiniň (onuň wekiliniň) ýüz tutmasy boýunça gümrük edarasy hukugyň eýesine öz hukuklarynyň bozulmagyny subut etmek üçin gerek bolup biljek goşmaça maglumaty berip biler, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Şu madda laýyklykda hukugyň eýesi (onuň wekili ) ýa-da deklarant tarapyndan alnan maglumat ýaşyryn bolup durýar we ol tarapyndan jar edilmeli däldir, üçünji taraplara, şeýle hem döwlet edaralaryna berilmeli däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

### 346-njy madda. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakyndaky çözgüdi ýatyrmak

1. Eger harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň möhletiniň tamamlanmagyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarly edaradan harytlary almak, olary tussag astyna almak ýa-da olary muzdsuz almak hakynda çözgüt alynmasa, harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakynda çözgüt harytlaryň goýberilmegini togtatmagyň möhletiniň tamamlanan gününiň yzyndan gelýän günde ýatyrylmaga degişlidir.

2. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakyndaky çözgüt harytlaryň goýberilmeginiň togtadylmagynyň möhletiniň tamamlanmagyna çenli ýatyrylmaga degişlidir, eger:

1) hukugyň eýesi (onuň wekili) harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakyndaky çözgüdi ýatyrmak hakynda haýyş bilen gümrük edarasyna ýüz tutan bolsa;

2) intellektual eýeçiligiň obýekti sanawdan çykarylan bolsa.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan esaslaryň bardygy hakynda mälim bolan gününde harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakyndaky çözgüt ýatyrylmaga degişlidir.

4. Harytlaryň goýberilmegini togtatmak hakyndaky çözgüdi ýatyrmak şeýle çözgüdi kabul eden gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň ýerine galan şahs tarapyndan ýazmaça görnüşde amala aşyrylýar. Şeýle çözgüt ýatyrylandan soň harytlary goýbermek şu Kodeksde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

### 347-nji madda. Gümrük edaralary tarapyndan özleri babatda harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly çäreler ulanylmaýan harytlar

Şu baba laýyklykda harytlaryň goýberilmegini togtatmak bilen bagly çäreler intellektual eýeçiligiň obýektlerini düzýän we az mukdarda fiziki şahslar tarapyndan gümrük serhedinden geçirilýän ýa-da halkara poçta ugratmalarynda iberilýän harytlar babatda, eger şeýle harytlar şahsy, maşgala, öý we telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk başga hajatlary üçin niýetlenilen bolsa, gümrük edaralary tarapyndan ulanylmaýar.

## 38-nji bap. HARYTLARYŇ GÖZEGÇILIKLI IBERILMEGI

### 348-nji madda. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň gözegçilikli iberilmegini geçirmegiň aýratynlyklary

1. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň gözegçilikli iberilmegi operatiw-agtaryş çäresi bolup durýar, onda operatiw-agtaryş işini amala aşyrýan edaralaryň rugsady bilen we gözegçiligi astynda Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegine, bu çäkden alnyp gidilmegine ýa-da bu çäkde getirilen harytlaryň ondan-oňa geçirilmegine ýol berilýär.

Harytlar gümrük serhedinden geçirilende gözegçilikli ibermek harytlaryň bikanun dolanyşygy bilen bagly jenaýatlaryň öňüni almak, olary ýüze çykarmak, olara ýol bermezlik we olaryň üstüni açmak maksady bilen amala aşyrylýar.

Harytlaryň gözegçilikli iberilmegi gümrük edaralary bilen ylalaşylmagy boýunça amala aşyrylýar. Şeýle ylalaşylmagyň tertibi gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan we operatiw-agtaryş işini amala aşyrýan döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Türkmenistanyň halkara şertnamasynyň esasynda ýa-da daşary ýurt döwletleriniň ygtyýarly edaralary bilen ylalaşyk boýunça Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlaryň gözegçilikli iberilmegi hakynda çözgüt kabul edilen halatynda Türkmenistanda jenaýat işi gozgalmaýar we harytlaryň gözegçilikli iberilmegini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçysy kabul edilen çözgüt hakynda haýal etmän Türkmenistanyň Baş prokuroryny habardar edýär.

**349-njy madda. Gözegçilikli ibermek amala aşyrylan mahalynda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlary almak ýa-da çalyşmak**

1. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dolanyşygy gadagan edilen ýa-da çäklendirilen harytlaryň gözegçilikli iberilmegi amala aşyrylanda bu harytlar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde doly ýa-da kem-käsleýin alnyp ýa-da çalşyrylyp bilner.

2. Adamlaryň saglygy, daşky gurşaw üçin ýokary howpy döredýän ýa-da köpçülikleýin gyryş ýaragyny taýýarlamak üçin esas bolup hyzmat edýän harytlar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde çalşylmaga degişlidir.

## V BÖLÜM. HARYTLARY DÖWLET EÝEÇILIGINE GEÇIRMEK. GÜMRÜK STATISTIKASY

### 39-njy bap. HARYTLARA WE ULAG SERIŞDELERINE YGTYÝARLYK ETMEGIŇ ESASLARY WE TERTIBI

**350-nji madda. Harytlary we ulag serişdelerini döwletiň eýeçiligine geçirmek**

1. Harytlar we ulag serişdeleri:

1) kazyýetiň çözgüdi esasynda – kazyýetiň çözgüdiniň güýje giren gününden başlap;

2) şahsyň döwletiň peýdasyna ýüz öwürmegi esasynda – kabul ediş-tabşyryş namasy boýunça harytlaryň ýa-da ulag serişdeleriniň gümrük edaralaryna berlen gününden başlap, döwletiň eýeçiligine geçirilýär.

2. Kazyýetiň çözgüdi boýunça döwletiň eýeçiligine geçirilen harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**351-nji madda. Wagtlaýyn saklanylyş möhleti ýa-da gümrük ammarynda saklanylyş möhleti tamamlanan harytlara ygtyýarlyk etmek**

Wagtlaýyn saklanylyş möhleti ýa-da gümrük ammarynda saklanylyş möhleti tamamlanan harytlara ygtyýarlyk etmek wagtlaýyn saklanylyş möhletiniň ýa-da gümrük ammarynda saklanylyş möhletiniň tamamlanmagynyň faktyny belleýän gümrük edarasynyň namasynyň esasynda amala aşyrylýar. Nama gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenýän görnüş boýunça iki nusgada düzülýär. Şeýle namanyň ikinji nusgasy, eger ol şahs gümrük edarasy tarapyndan kesgitlenilen bolsa, harytlara kanuny eýelik edýäne gowşurylmaga degişlidir. Ykrarnamanyň göçürme nusgasy wagtlaýyn saklanylýan ammara ýa-da gümrük ammaryna eýelik edýäne gowşurylýar.

**352-nji madda. Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça maddy subutnamalar bolup durýan harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmek**

1. Gümrük edaralary eger olaryň saklanylmagy üçin hakyky çykdajylar harytlaryň bahasyndan ýokary geçýän halatynda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýän beýleki halatlarda, administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça maddy subutnamalar bolup durýan harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk edip bilerler.

2. Eger administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işlere garalanda şu maddanyň birinji böleginde görkezilen harytlary we ulag serişdelerini muzdsuz almak hakynda karar kabul edilse, şeýle harytlary we ulag serişdelerini ýerlemekden alnan pul möçberleri Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

3. Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky iş boýunça karar güýje giren gününden başlap bir aýyň dowamynda talap edilmedik we kanuny eýelik edýänlerine yzyna gaýtaryp bermek hakynda çözgüt kabul edilen administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça maddy subutnamalar bolup durýan harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmek, eger olary saklamak gümrük edaralary tarapyndan ýa-da olaryň gözegçiligi astynda amala aşyrylan bolsa, şu baba laýyklykda amala aşyrylýar.

Görkezilen harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmek olary talap etmek üçin möhletiň tamamlanmagynyň faktyny belleýän gümrük edarasynyň gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýan görnüşdäki namasynyň esasynda amala aşyrylýar.

### 353-nji madda. Harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmegiň tertibi we usullary

1. Harytlara we ulag serişdelerine ygtyýarlyk etmek olary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde ýerlemek, ýok etmek ýa-da gaýtadan ulanylmagy üçin işlemek arkaly Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Gümrük edarasy öňünden, ýöne azyndan on bäş gün öň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ygtyýarly döwlet edarasyna harytlaryň we ulag serişdeleriniň geljekki berilmegi hakynda kanuny eýelik edýäne ýa-da şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahsa (eger bu şahs gümrük edarasy tarapyndan kesgitlenilen bolsa) ýazmaça görnüşde habar berýär.

3. Harytlar we ulag serişdelerini ýerlemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýän bahalar boýunça geçirilýär.

4. Ýerlemäge degişli harytlar we ulag serişdeleri gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary, ygtyýarly döwlet edarasynyň işgärleri, şeýle hem olaryň maşgala agzalary tarapyndan satyn alnyp bilinmez.

5. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda, Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanda dolanyşygy gadagan edilen harytlar we ulag serişdeleri, şeýle hem saklanylmagy we ýerlenilmegi üçin çykdajylar olaryň bahasyndan ýokary geçýän harytlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýok edilmäge ýa-da gaýtadan ulanylmagy üçin işlenilmäge degişlidir.

6. Eger harytlaryň aýratyn görnüşleri babatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, harytlary we ulag serişdelerini ýok etmek ýa-da gaýtadan ulanylmagy üçin işlemek şu Kodeksiň 9-njy maddasynda görkezilen şahsyň hasabyna, eger bu şahs kesgitlenilmedik bolsa – olara kanuny eýelik edýäniň hasabyna, eger kanuny eýelik edýän bolmasa - Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

### 354-nji madda. Harytlary we ulag serişdelerini ýerlemekden alnan pul möçberlerine ygtyýarlyk etmek

1. Döwletiň eýeçiligine geçirilmedik harytlary we ulag serişdelerini ýerlemekden alnan pul möçberleri olaryň ýerlenen gününden başlap üç ýylyň dowamynda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde, olara kanuny eýelik edýäne tölenilýär. Görkezilen pul möçberlerinden, daşary ýurt harytlary babatynda, olaryň erkin dolanyşyga goýberilen mahalyndaky tölenmäge degişli getiriliş gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleri, şeýle hem harytlaryň getirilmegi (ulagly daşalmagy), saklanylmagy we olaryň ýerlenilmegi üçin (bilermenler seljermesinini we baha bermegi goşmak bilen) gümrük edaralary we beýleki şahslar tarapyndan çekilen çykdajylar tutulyp alynýar.

2. Eger harytlary ýerlemekden alnan pul möçberleri gümrük paçlaryny, salgytlary tutup almak we gümrük edaralarynyň we Türkmensitanyň raýat kanunçylygyna laýyklykda görkezilen pul möçberleriniň hasabyna öz çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna dalaş etmäge hakly beýleki şahslaryň ähli çykdajylaryny

ýapmak üçin ýeterlik bolmasa, olary paýlamak şu aşakdaky nobatlylykda amala aşyrylýar:

1) ilkinji nobatda gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmegi amala aşyrylýar;

2) ikinji nobatda harytlaryň daşalmagy (ulagly daşalmagy), saklanylmagy we ýerlenilmegi üçin çykdajylaryň öwezini dolmak amala aşyrylýar;

3. Çykdajylaryň öwezini dolmak, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna bolan hukugy tassyklaýan resminamalaryň, şeýle hem şeýle çykdajylaryň hasabynyň gelip gowuşmagynyň senenama nobatlylygy tertibinde amala aşyrylýar.

4. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan möhlet tamamlanandan soň harytlary we ulag serişdelerini ýerlemekden alnan pul möçberleri Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär;

5. Döwletiň eýeçiligine geçirilen harytlary we ulag serişdelerini ýerlemekden alnan pul möçberleri Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

**355-nji madda. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasynyň döwletiň eýeçiligine geçirilen harytlaryň muzdsuz geçirilmegine bolan hukugy**

Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylmagy boýunça döwlet eýeçiligine geçirilen şu aşakdakylary muzdsuz geçirmäge haklydyr:

1) derman serişdeleri, çalt zaýalanýan iýmit önümleri, çaga iýmiti önümleri, şeýle hem geýimi, aýakgaby we ilkinji zerur bolan beýleki närseleri – durmuş üpjünçiligi, saglygy goraýyş, bilim çygrynyň edaralaryna;

2) taryhyň medeni gymmatlyklar bolup durmaýan närselerini, ylym obýektlerini we sungat eserlerini – muzeýlere;

3) flora we fauna närselerini – zoologiýa seýilgählerine, goraghanalara, muzeýlere;

4) dini dessurlara degişli närseleri – dini guramalara.

**356-njy madda. Harytlaryň aýratyn görnüşlerine ygtyýarlyk etmegiň aýratynlyklary**

Gymmat bahaly metallara, gymmat bahaly daşlara we olardan ýasalan önümlere, medeni gymmatlyklara, belgilenmäge degişli harytlara we Türkmenistanyň çäginde dolanyşygy çäklendirilen beýleki harytlara ygtyýarlyk etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## 40-njy bap. GÜMRÜK STATISTIKASY

**357-nji madda. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasy**

1. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ýagdaýyny, ösüşini we meýillerini seljermek, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gümrük tölegleriniň gelip gowşuşyna gözegçilik etmek, walýuta gözegçiligi maksady bilen gümrük edaralary harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi hakyndaky maglumatlary ýygnamagy we işläp taýýarlamagy alyp barýar hem-de Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasynyň maglumatlaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine we beýleki döwlet edaralaryna berýär.

2. Gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasynyň maglumatlaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda halkara guramalaryna berýär.

3. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasy şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ýöredilýär.

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň gümrük statistikasy Türkmenistan bilen onuň daşary söwda hyzmatdaşlarynyň arasynda özara söwda maglumatlarynyň deňeşdirip bolujylygyny üpjün edýän usulyýete

laýyklykda ýöredilýär.

**358-nji madda. Ýörite gümrük statistikasy**

1. Gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenen wezipeleri üpjün etmek maksady bilen görkezilen edaralar tarapyndan gümrük işi babatdaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde ýörite gümrük statistikasy ýöredilýär.

2. Ýörite gümrük statiskasynyň maglumatlary gümrük edaralary tarapyndan diňe gümrük maksatlary üçin ulanylýar.

**359-njy madda. Gümrük statistikasynyň maksatlary üçin ulanylýan maglumat**

1. Gümrük statistikasynyň maksatlary üçin şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda şahslar tarapyndan berilýän maglumat ulanylýar.

2. Öz mazmuny ýa-da gümrük edarasyna berliş usuly boýunça ýaşyryn bolup durýan ähli maglumat gulluk syry statusyna eýe bolýar. Maglumaty görkezijiniň razylygy bolmazdan, gümrük edarasynyň ony jar etmäge haky ýokdur, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

## VI BÖLÜM. JEMLEÝJI DÜZGÜN

**360-njy madda. Şu Kodeksde bellenilen möhletleri hasaplamagyň tertibi**

1. Şu Kodeksde bellenilen, wagtyň döwri bilen kesgitlenilen möhletleriň başlanýan gününi we tamamlanýan gününi ýa-da wakanyň gelip ýeten gününi kesgitlemek şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde geçirilýär.

2. Eger şu Kodeksde möhletleriň, möhletleri hasaplamagyň başlanýan gününi we tamamlanýan gününi kesgitlemek üçin ýörite tertibi bellenilmedik bolsa, gümrük işinde şu Kodeksiň 79-njy maddasynyň üçünji böleginiň düzgünlerini nazara almak bilen, Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksinde bellenilen kadalar ulanylýar.

# Türkmenistanyň Kanuny

## “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda

**1-nji madda**. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda teklipleri kabul etmeli we ony goşunda laýyklykda beýan etmeli.

**2-nji madda**. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary 2005-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girizmeli, muňa:

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 46- njy we 212 -nji maddalaryna girizilen üýtgetmeler girmeýär, onuň güýji 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan soňky döwre degişlidir;

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 24-nji maddasynyň ikinji bölegi, 27-nji maddasynyň ikinji, üçünji we bäşinji bölekleri girmeýär, olar 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti,**
**Türkmenistanyň Halk maslahatynyň Başlygy**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**
**Aşgabat şäheri**
**2005-nji ýylyň 25-nji oktýabry**
**№ HM-80-II**

## Türkmenistanyň Bitewi Kanuny

## Salgytlar hakynda

**(Türkmenistanyň XVI Halk Maslahatynyň resmi namalarynyň ýygyndysy, 2005 ý., HM-80, 81; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň resmi namalarynyň ýygyndysy, 2008 ý., HM-96; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2005 ý., № 3-4, 37-nji madda; 2006 ý., № 3, 12-nji madda; 2007 ý., № 1, 20-nji we 24-nji maddalar, № 2, 48-nji madda; 2008 ý., № 1, 7-nji madda, № 3, 41-nji madda; 2009 ý., № 2, 41-nji madda, № 3, 45-nji madda; 2010 ý., № 1, 19-njy madda, № 2, 34-nji madda; “Türkmenistan”, № 247-248 (26237), 2010-njy ýylyň 4-nji oktýabry)**

### I-nji bölek

### I bölüm. Umumy düzgünler

### 1-nji bap. Esasy düzgünler

#### 1-nji madda. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasy başlangyçlary

1. Şu Bitewi kanun Türkmenistanyň Döwlet býujetine alynýan salgytlaryň ulgamyny, salgyt salmagyň umumy ýörelgelerini, salgytlary tölemek boýunça borçlaryň ýüze çykmagynyň (üýtgemegini, bes edilmegini) esaslaryny we ýerine ýetirmegiň tertibini, salgyt töleýjileriň, salgyt gullugy edaralarynyň hukuklaryny we borçlaryny, salgyt gözegçiliginiň görnüşlerini we usullaryny, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçiligi, salgyt gullugy edaralarynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat etmek hukugyny belleýär.

2. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ähliumumylygyny we deňligini ykrar etmäge esaslanýar.

3. Salgyt töleýji diýlip ykrar edilen her bir tarap şu Bitewi kanunda bellenen salgytlary tölemäge borçludyr.

4. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň täze salgytlary belleýän, salgyt möçberlerini ýokarlandyrýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi güýçlendirýän namalarynyň gaýdymlaýyn güýji ýokdur.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberlerini azaldýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň, eger-de bu şu namalarda göni göz öňünde tutulan bolsa, gaýdymlaýyn güýji bardyr.

5. Salgyt salmak salgyt borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ýüze çykan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynyň esasynda geçirilýär.

Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere seretmek Türkmenistanyň hukuk düzgüniniň bozulanlygy ýüze çykarylan wagtynda hereket edýän kanunçylygynyň esasynda alnyp barylýar.

### 2-nji madda. Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk

1. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol şu Bitewi kanundan hem-de Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar şu Bitewi kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmez. Şeýle çapraz gelmeler bar bolan halatynda şu Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar.

2. Şu Bitewi kanunyň düzgünleri Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara salgyt salmak babatynda şu Kanunda kesgitlenen aýratynlyklar göz öňünde tutulyp ulanylýar.

3. Eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda bu Bitewi kanun gümrük tölegleri almakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmeýär.

4. Şu Bitewi kanunda başga bir ýagdaý bellenmedik bolsa, Türkmenistanyň beýleki kanunlarynda salgyt salmak babatynda düzgünler bolmaly däldir.

5. Eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýat we salgyt kanunçylyklarynyň düzgünlerinde kesgitlenýän salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky islendik düşünjeler Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda oňa berilýän mana eýe bolmalydyr.

### 3-nji madda. Türkmenistanyň salgyt kanunçylyk namalarynyň güýji

1. Şu Bitewi kanunda bellenenlerden başga täze salgytlary bellemek, şeýle hem hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe “Salgyt hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar.

2. Şu Bitewi kanuna üýtgetmeler girizýän, täze salgytlary belleýän ýa-da ulanylýan salgytlary üýtgedýän Türkmenistanyň kanunlary resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir aýyň geçmegi bilen, ýöne degişli salgyt boýunça nobatdaky hasabat döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-inden ir bolmadyk möhletde güýje girýär.

3. Şu Bitewi kanuna salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle hem hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary, eger-de bu olarda göni göz öňünde tutulan bolsa, çap edilen pursadyndan güýje girip biler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 4-nji madda. Möhletleri hasaplamagyň kadalary

Şu Bitewi kanunda ýa-da Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän başga bir kadalaşdyryjy hukuk namasynda görkezilen möhletler babatynda Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar.

**5-nji madda. Salgyt ýyly**

Salgyt ýyly ýanwar aýynyň 1-inden başlanýar we dekabr aýynyň 31-inde tamamlanýar hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýär.

**6-njy madda. Halkara ylalaşyklary**

Eger Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda şu Bitewi kanunda beýan edilen düzgünlerden başga düzgünler bellenen bolsa, onda halkara ylalaşyklarynyň düzgünleri ulanylýar.

**2-nji bap. Türkmenistanda salgytlar**

**7-nji madda. Salgyt we onuň alamatlary**

1. Salgyt - döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşindäki we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsyz tölegdir.

Salgyt aşakdaky alamatlaryň bolmagy bilen kesgitlenýär:

salgyt töleýjileriň topary;

salgyt salynýan binýat;

salgyt özeni;

salgyt möçberi (möçberleri);

salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi.

Salgyt bellenende hasabat (salgyt) döwri kesgitlenip, şeýle hem salgyt ýeňillikleri, salgyt töleýjiniň olary ulanmagy üçin esaslar göz öňünde tutulyp bilner.

2.Şu Bitewi kanunda bellenen salgytlar Türkmenistanyň ähli çäginde hereket edýärler.

3.Paçlar we ýygymlar salgytlaryň aýratyn görnüşi hökmünde ykrar edilýär we olarda salgydyň käbir alamatlary bolman biler.

Şu Bitewi kanunyň kadalary, eger-de onda başga düzgünler göz öňünde tutulmadyk bolsa, döwlet paçlaryny, gümrük töleglerini we ýygymlaryny bellemek, girizmek, hasaplamak we tölemek boýunça şu Bitewi kanunda bellenilmedik gatnaşyklar babatynda, şeýle hem olaryň tölenilişine gözegçilik amala aşyrylanda, olaryň tölenilişine gözegçilik amala aşyrýan edaralaryň namalaryna, olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerine (hereket ýetmezliklerine) şikaýat edilende we günäkär adamlar jogapkärçilige çekilende ýüze çykýan gatnaşyklar babatynda ulanylmaýar.

4. Ylalaşyklara ýa-da raýat-hukuk häsiýetli gatnaşyklara laýyklykda tölenýän tölegler, goýumlar we beýleki tölegler, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin salynýan jerimeler hem-de gaýry çäreler salgyt diýlip ykrar edilmeýär.

5. Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlar “Býujet ulgamy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, merkezi býujet bilen ýerli býujetleriň arasynda paýlanýar. Şu Bitewi kanun arkaly bellenilýän ýygymlar doly ýerli býujetlere geçirilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**8-nji madda. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler**

1. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler şu Bitewi kanunda bellenilýär. Hususy häsiýete eýe bolan ýeňillikleri bermek gadagan edilýär.

2. Salgyt töleýji hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýjüniň bütin döwrüniň içinde salgyt boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklydyr.

Salgyt töleýjiniň salgyt boýunça ýeňillikleri ulanmazlyga, şeýle hem degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, olary ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk ýokarda görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmäge, geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öwezi dolunmaga degişli däldir.

Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza berende salgytlar boýunça

ýeňilliklerden täzeden peýdalanmaga haky bardyr, emma bu onuň ýeňilliklerden peýdalanmakdan boýun gaçyran ýylyndan soňky senenama ýylyndan ir bolmaly däldir.

3. Eger şu Bitewi kanunda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgytlar boýunça berlen ýeňillikler Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda kesgitlenen beýleki borçlary ýerine ýetirmezlige getirmeli däldir.

4. Şertnamalara, eger ol şu Bitewi kanunda göni göz öňünde tutulandan başga ýagdaýlarda, aşakdakylary öz içine alýan düzgünleri goşmaklyga ýol berilmeýär:

salgyt töleýji tarapyndan salgydy hasaplamak baradaky borçlary we tölemek boýunça çykdajylary çekmek başga bir tarapyň üstüne ýüklemek;

ýerlenilýän harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahasyny salgydyň möçberine köpeltmek;

salgyt töleýjä onuň töleýän salgydy boýunça çykdajylarynyň öwezini dolmak (kompensasiýa) borçlary harytlary (işleri, hyzmatlary) alyjy tarapyň üstüne ýüklemek.

(2010-njy ýylyň 10-nji maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., №___, ___ -nji madda);

**9-njy madda. Salgytlaryň hasaplanýan we tölenýän pul birligi**

1. Eger-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda salgytlar Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanýar we tölenýär.

2. Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, amallaryň geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän resmi hümmeti boýunça, resmi hümmeti bellenmedik daşary ýurt pullary bolsa, eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, ABŞ-nyň dollary babatynda kross - hümmet boýunça Türkmenistanyň milli puluna hasaplanýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**II bölüm. Salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar**

**1-nji bap. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar**

**10-njy madda. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny**

Salgyt hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny berjaý etmegiň barşynda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan hukuklaryň we (ýa-da) borçlaryň jemini öz içine alýar.

**11-nji madda. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar**

Salgyt töleýji, salgyt töleýjiniň salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagyna wekilçilik edýän beýleki taraplar, şeýle hem şu Bitewi kanunynyň 13-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly edaralar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar bolup durýarlar.

**12-nji madda. Salgyt töleýji we onuň salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmaga wekilçilik edýän beýleki taraplar**

1. Şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda kesgitli salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplar salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýär.

Salgyt töleýjiler - şerekete gatnaşyjylar tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlar öz işini Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan, şerekete gatnaşyjylaryň biriniň üstüne ýüklenip bilner. Salgyt töleýjiler - şerekete gatnaşyjylar salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmekde paýlary boýunça jogapkärçilik çekýärler. “Şereket” adalgasy Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda kesgitlenen manysynda ulanylýar.

2. Bir tarap, bir ýa-da birnäçe salgydy töleýji diýlip ykrar edilip bilner.

3. Salgyt töleýji salgyt ýumuşçysynyň, kanuny ýa-da ygtyýar berlen wekiliň üsti bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyp biler.

**13-nji madda. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar**

1. Şu aşakdakylar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar bolup durýarlar:

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralary (mundan beýläk - salgyt gullugy);

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugynyň edaralary (mundan beýläk - gümrük gullugy);

Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň edaralary (mundan beýläk - maliýe edaralary);

salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen edaralar salgyt hukuk gatnaşyklarynda özleriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýärler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**2-nji bap. Salgyt töleýjiler**

**1-nji paragraf. Salgyt töleýji şahsy taraplar**

**14-nji madda. Şahsy taraplar - Türkmenistanyň dahyllylary we dahylsyzlary**

1. Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar şahsy taraplar diýlip ykrar edilýärler.

2. Salgyt töleýji diýlip ykrar edilýän şahsy taraplar Türkmenistanyň dahyllylary bolup hem, bolman hem bilerler.

3. Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi 183 we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol Türkmenistanyň dahyllysy hasap edilýär. Şunda, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, Türkmenistanyň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň Türkmenistanda bolan güni diýlip hasap edilýär.

Daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle hem olaryň maşgala agzalary Türkmenistanyň dahyllylary diýlip ykrar edilmeýär.

4. Şu maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan şahsy taraplar Türkmenistanyň dahylsyzlary diýlip ykrar edilýär.

5. Türkmenistanyň dahyllysynyň ýa-da dahylsyzynyň derejesi her salgyt döwri babatynda kesgitlenýär.

Daşary ýurt döwletiniň dahyllysy hökmünde, şol sanda oňa Türkmenistanyň iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda halkara şertnamalarynyň (ylalaşyklarynyň) degişli düzgünlerini ulanmak üçin daşary ýurtly şahsy tarapyň derejesini bellemek:

salgyt gullugy tarapyndan - salgyt töleýji hökmünde ol hasapda goýlan mahaly we şu maksatlar üçin berilýän resminamalar esasynda;

salgyt ýumuşçysy tarapyndan - şu Bitewi kanunyň 198-nji maddasy bilen bellenilen resminamalary beren halatlarynda we şol resminamalaryň esasynda geçirilýär.

Daşary ýurt döwlet edaralarynyň şahsy tarapyň salgyt dahyllylygy, onuň tölän salgytlary we ş.m. hakyndaky resminamalary konsullyk edaralarynda legalizasiýa etmek talap edilmeýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**15-nji madda. Hususy telekeçi - şahsy tarap**

1. Şahsy tarap Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde hususy telekeçi diýlip ykrar edilýär.

Taraplaryň görkezilen toparlaryna daşary döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan hususy telekeçiler hem degişlidir.

2. Şahsy tarapyň bellige almagyň, ygtyýarnama ýa-da şuňa meňzeş resminama almagyň bellenen tertibini bozup, telekeçilik işini ýerine ýetirmegi, salgyt salmak maksady bilen, bu şahsy tarapy hususy telekeçi

hökmünde salgyt töleýji däl diýip ykrar etmäge esas bolup bilmez.

### 16-njy madda. Şahsy tarapyň ýaşaýan ýeri

Salgyt salmak maksady bilen şahsy tarapyň ýaşaýan ýeri Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär.

## 2-nji paragraf. Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar

### 17-nji madda. Edara görnüşli taraplar -Türkmenistanyň dahyllylary we dahylsyzlary

1. Salgyt salmak maksady üçin edara görnüşli tarap aşakdaky ýagdaýlarda Türkmenistanyň dahyllysy hasaplanýar:

eger-de ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan) bolsa;

ýa-da onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdirýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa.

2. Şu maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň dahylsyzlary diýlip ykrar edilýär.

Daşary ýurt döwletiniň dahyllysy hökmünde, şol sanda oňa Türkmenistanyň iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda halkara şertnamalarynyň (ylalaşyklarynyň) degişli düzgünlerini ulanmak üçin daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň derejesini bellemek:

salgyt gullugy tarapyndan - salgyt töleýji hökmünde ol hasapda goýlan mahaly we şu maksatlar üçin berilýän resminamalar esasynda;

salgyt ýumuşçysy tarapyndan - şu Bitewi kanunyň 181-nji maddasy bilen bellenilen resminamalary beren halatlarynda we şol resminamalaryň esasynda geçirilýär.

Daşary ýurt döwlet edaralarynyň edara görnüşli tarapyň salgyt dahyllylygy, onuň tölän salgytlary we ş.m. hakyndaky resminamalary konsullyk edaralarynda legalizasiýa etmek talap edilmeýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

### 18-nji madda. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy

1. Şu maddanyň 2-nji böleginde başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, ygtyýarly tarapyň (şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň) üstünden amala aşyrylýan işi hem goşmak bilen, edara görnüşli tarapyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik iş ýeri Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy diýlip ykrar edilýär.

Hemişelik wekilhana, hususan-da, şular degişlidir:

a) şeýle işleriň dolandyrylýan ýeri, şahamçasy, býurosy, edarasy, gullugy, kärhanasy, ussahanasy, sehi, dükany ýa-da şuňa meňzeş ýerleri;

b) şunuň ýaly işi amala aşyrmagyň möhletlerine garamazdan, tebigy baýlyklary gözlemek, işläp taýýarlamak we (ýa-da) gazyp almak bilen bagly islendik ýer. Görkezilenler, hususan-da, şahtany, magdan känini, nebit we (ýa-da) gaz guýusyny, karýeri, ýerüsti ýa-da deňiz wyşkalaryny we (ýa-da) guýularyny, şeýle hem görkezilen desgalarda enjamlary oturtmak, gurnamak, ýygnamak, sazlamak, işe girizmek, abatlamak we (ýa-da) olara hyzmat etmek bilen baglanyşykly işler amala aşyrylýan islendik ýeri özünde jemleýär. Munuň özi olaryň görnüşlerine garamazdan, deňiz buraw platformalaryna hem degişlidir;

ç) gurluşyk meýdançalary, gurnalýan we ýygnalýan binalar, şeýle hem işleriň amala aşyrylmaly möhletlerine garamazdan, şu binalar bilen bagly gözegçilik işlerini ýerine ýetirmek;

d) Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän we harytlary ýerlemek (üpjün etmek) üçin ulanylýan ammar.

Şu bölegiň “b” we “ç” bentlerinde görkezilen halatlarda hemişelik wekilhana şu aşakdaky seneleriň has irkisinden başlap döredilen hasap edilýär:

tebigy baýlyklary agtarmagy, işläp taýýarlamagy we (ýa-da) gazyp almagy amala aşyrmak üçin rugsatnamalar (ygtyýarnamalar) berlen seneden ýa-da şeýle işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagynyň

başlanan senesinden başlap;

meýdançany potratça bermek hakyndaky nama (işleri ýerine ýetirmek üçin kömekçi potratçynyň işgärlerini işe goýbermek hakyndaky nama) gol çekilen seneden ýa-da hakykatda işleriň başlanan senesinden başlap.

Buýrujy tarapyndan desganyň ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan işleriň toplumynyň tabşyryş-kabul ediş ykrarnamasyna gol çekilen sene gurluşyk meýdançasynyň bolmagynyň tamamlanmagydyr. Gurluşyk meýdançasy şu senede bolmagyny bes edýär diýilip hasap edilýär, ýagny:

desganyň (işleriň toplumynyň) tabşyryş-kabul ediş ykrarnamasyna gol çekilmezden öň, buýrujy tarapyndan şol desga ulanylyp başlananda we gozgalmaýan emläge bolan hukugynyň bellige alynmagy amala aşyrylanda;

ýa-da

işler hakykatdan hem desganyň (işleriň toplumynyň) tabşyryş-kabul ediş ykrarnamasyna gol çekilenden son ýa-da şol desga buýrujy tarapyndan ulanylyp başlanandan son gutaranda.

Eger işler gurluşyk meýdançasynda wagtlaýyn duruzylan bolsa, onda ol bolmagyny bes etmeýär, gurluşyk desgasynyň ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça, şeýle hem ýeňip geçip bolmaýan güýjüň täsiri netijesinde konserwasiýa edilen halatlary muňa girmeýär. Gurluşyk meýdançasynda arakesmeden soň işleriň dowam etdirilmegi ýa-da dikeldilmegi dowam edýän ýa-da dikeldilýän işleri alyp barmagyň möhletine, şeýle hem arakesmämiň wagtyna birleşdirilmegine getirýär. Şol bir gurluşyk meýdançasynda täze desgany gurmak ýa-da gurnamak, ýa bolmasa öň tamamlanan desgany giňeltmek bilen baglanyşykly işleriň dowam etdirilmegi ýa-da dikeldilmegi şunuň ýaly dowam etdirilýän ýa-da dikeldilýän we işleriň aralygyndaky arakesmäniň möhletiniň gurluşyk meýdançasynyň bolmagynyň umumy möhletine goşulmagyna getirýär.

Eger ýokarda başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň dahyllysy bolmadyk edara görnüşli taraplaryň hemişelik iş ýeriniň üsti bilen amala aşyrýan telekeçilik işi haçan-da şol işi amala aşyrmagyň möhleti baglaşylan ylalaşyklaryň (şertnamalaryň) sanyna garamazdan islendik on iki aýlyk döwrüň dowamynda jemi alnanda 45 senenama günden geçýän bolsa, hemişelik wekilhananyň emele gelmegine getirer.

2. Türkmenistanyň çäginde diňe aşakdaky maksatlar üçin ulanylýan ýerler Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy diýlip ykrar edilmeýär:

a) şu edara görnüşli tarapa degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak, görkezmek üçin ýerler;

b) şu edara görnüşli tarapa degişli harytlary ýa-da önümleri başga bir tarapyň gaýtadan işlemegi üçin saklanýan ýeri;

ç) harytlaryň soňra olary alyp gitmek üçin satyn alynýan, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşary gaýry taraplara ýerlemek üçin şertnamalar boýunça satyn alynýan ýeri; şu edara görnüşindäki tarap üçin maglumatlaryň toplanýan ýeri;

d) edara görnüşli tarapyň adyndan diňe şertnamalara gol çekişmek üçin hemişelik saklanýan ýer;

e) şu edara görnüşli tarapyň bähbitleri üçin taýýarlyk ýa-da ýardam häsiýetli islendik beýleki işi amala aşyrmak üçin ýer.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlarda, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşindäki tarap tarapyndan şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen ýerlemekden daşarky amallardan girdejileriň alynmagy we şu maddanyň birinji böleginde görkezilen alamatlaryň bolmazlygynda, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşindäki tarapyň Türkmenistanyň çägindäki hemişelik wekilhanasynyň döremegine getirmeýär.

3. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde araçynyň (tabşyryk-şertnamanyň, toparyň ýa-da konsignasiýanyň we şoňa meňzeş ylalaşygyň esasynda hereket edýän, dellalyň ýa-da beýleki garaşsyz ýumuşçynyň) üsti bilen, eger şol taraplar özleriniň adaty işleriniň çäklerinde hereket edýän ýagdaýynda, alyp barýan işi şu tarapyň hemişelik wekilhanasyny döretmeýär.

4. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde, şu maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilmeýän edara görnüşli tarapa işgärleriň berilmegi, eger bu işgärler iberilen edara görnüşli tarapyna tabyn bolsalar we onuň adyndan hereket edýän bolsalar, hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirýän ýagdaý hökmünde seredilip bilinmez.

5. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap Türkmenistanda gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan, özüne degişli harytlary Türkmenistanyň gümrük çäklerinde ýa-da gümrük gözegçiligi astynda iberilmegini amala aşyrýan halatynda, bu tarapa hemişelik wekilhanasy bar tarap hökmünde seredilýär.

6. Eger Türkmenistanyň dahyllysy Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň ygtyýarly

wekili bolmasa, Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapy bilen özara baglylygy Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň döredilmegine getirmeýär .

7. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde bir ýa-da birnäçe hemişelik wekilhanasy bolup biler. Hemişelik wekilhana onuň döredilen, degişli wekilçilik ygtyýarlyklary berlen ýa-da telekeçilik işini amala aşyryp başlan gününden hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda);

## 3-nji bap. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar

### 19-njy madda. Salgyt ýumuşçysy

1. Şu Bitewi kanuna laýyklykda salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlar ýüklenýän taraplar salgyt ýumuşçysy diýlip ykrar edilýär.

2. Salgyt ýumuşçysy aşakdakylara borçludyr:

degişli salgydy dogry hasaplamaga, ony salgyt töleýjiden tutup almaga we öz wagtynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge;

salgyt töleýji tarapyndan tölenen pul serişdeleriniň we olar bilen geçirilen beýleki hasaplaşyklaryň, her bir salgyt töleýji boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine hasaplanan, tutulyp alnan we geçirilen salgytlaryň hasabyny ýöretmäge;

salgyt töleýjiden salgyt tutulmadyk ýagdaýlary we salgyt töleýjiniň bergisiniň möçberi barada salgyt edarasyna bir aýyň dowamynda ýazmaça habar bermäge;

salgydyň hasaplanylyşynyň, tutulyp alnyşynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilişiniň dogrulygyna gözegçilik etmek üçin zerur bolan resminamalary salgyt gullugyna bermäge;

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

3. Eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgyt ýumuşçylary hukuk we borçlar babatynda salgyt töleýjilere deňleşdirilýär.

### 20-nji madda. Kanuny wekil

1. Salgyt töleýji şahsy tarapyň kanuny wekili diýlip, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň adyndan iş alyp barmaga ygtyýar berlen tarap ykrar edilýär.

2. Edara görnüşli tarapyň esaslandyryjy resminamalarynyň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda onuň bähbidine wekilçilik edýän tarap salgyt töleýjiniň kanuny wekili (salgyt ýumuşçysy) diýlip ykrar edilýär.

Salgyt töleýji edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky hereketi (hereketsizligi) bu edara görnüşli tarapyň hereketi (hereketsizligi) hökmünde ykrar edilýär.

### 21-nji madda. Ygtyýarly wekil

1. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan, salgyt gullugy, salgyt hukuk gatnaşyklaryna beýleki gatnaşyjylar bilen gatnaşyklarda onuň bähbitlerini aramaga hukuk berlen tarap salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili diýlip ykrar edilýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili öz ygtyýarlyklaryny tabşyryk ylalaşygy ýa-da ynanç haty esasynda we özüne berlen hukuklarynyň çäklerinde ýerine ýetirýär.

2. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli işgärleri, kazylar, sülçüler, anyklaýjylar we prokurorlar salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili bolup bilmezler.

## 4-nji bap. Salgyt töleýjiniň hukuklary we borçlary

## 22-nji madda. Salgyt töleýjiniň hukuklary

1. Salgyt töleýjiniň şu hukuklary bardyr:

a)salgyt gullugyndan we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralardan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny ulanmak meseleleri boýunça düşündiriş almaga;

b) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralarda öz bähbitlerine özüniň kanuny ýa-da ygtyýarly wekilleriniň üsti bilen wekilçilik etmäge;

ç) degişli esaslary bolanda, salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmaga ýa-da olary peýdalanmakdan ýüz öwürmäge;

d) salgyt boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada salgyt gullugyndan maglumat almaga;

e) şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlary we beýleki tölegleri tölemek boýunça möhleti yza süýşürmeklige ýa-da möhletlere bölmeklige ygtyýar almaga;

ä) özünde geçirilen salgyt barlaglarynyň we ýerinde seretmekligiň netijeleri boýunça ykrarhatlary bilen tanyşmaga we olar boýunça düşündiriş bermäge;

f) salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça salgyt gullugyna we olaryň wezipeli adamlaryna düşündiriş bermäge;

g) salgyt gullugyny ýazmaça habarly edip, beýleki taraplaryň salgyt boýunça bergileriniň hasabyna salgyt tölemäge;

h) artyk tölenen (tutulyp alnan) salgytlaryň möçberini öz wagtynda başga salgytlar boýunça tölegleriň hasabyna geçirmäge ýa-da yzyna almaga;

i) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli adamlaryndan, olaryň salgyt töleýji babatynda hereketlerinde (hereketsizlikleri) Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilmegini talap etmäge;

j) salgyt we ýa-da gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek babatyndaky talaplaryndan, şeýle hem beýleki çözgütlerinden, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden we hereketsizliklerinden bellenen tertipde şikaýat etmäge;

ž) salgyt syryny berjaý etmegi talap etmäge;

k) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň, bu edaralaryň wezipeli adamlarynyň bikanun çözgütleri, hereketleri we hereketsizlikleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy bellenen tertipde talap etmäge;

l) salgyt salynýan binýatlary hasaba almakda, salgydy hasaplamakda we tölemekde goýberilen ýalňyşlyklary özbaşdak düzetmäge;

m) şu Bitewi kanunda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda bellenen beýleki hukuklary.

2. Türkmenistanyň gümrük serhetleriniň üstünden harytlaryň geçýändigi bilen baglanyşykly, salgyt töleýän salgyt töleýjileriň hukuklary Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy bilen hem kesgitlenýär.

## 23-nji madda. Salgyt töleýjiniň borçlary

1. Salgyt töleýji aşakdakylara borçludyr:

şu Bitewi kanunda bellenen salgytlary tölemäge;

b) eger Türkmenistanyň kanunçylygynda şeýle borç göz öňünde tutulan bolsa, şu Bitewi kanunda bellenen tertipde salgyt gullugynda hasapda durmaga;

ç) şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgytlary hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan öz girdejileriniň, aýyrmalarynyň (harajatlarynyň, çykdajylarynyň) we salgyt salynýan binýatlarynyň hasabyny bellenen tertipde ýöretmäge;

d) eger Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgyt töleýji bolup durýan salgytlary boýunça hasapda durýan salgyt gullugyna bellenen tertipde salgyt beýannamalaryny we maliýe hasabatyny tabşyrmaga;

e) salgyt barlaglary geçirilende we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki ýagdaýlarda salgytlary hasaplamak we tölemek üçin resminamalary (maglumatlary) salgyt gullugyna hem-de olaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna bermäge;

ä) salgyt gullugynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmäge;

f) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, buhgalterlik we salgyt hasaby ýöredilýän resminamalaryň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge;

g) salgyt ýeňillikleriniň ulanylýandygy ýa-da salgyt tölemekden boşadylandygy barada mälim etmäge we hasaba alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna (bellenilen halatlarda bolsa salgyt ýumuşçysyna) şunuň ýaly ýeňilliklere we boşatmalara bolan hukugy tassyklaýan resminamalary bermäge;

h) şu Bitewi kanunda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda göz öňünde tutulan gaýry borçlary berjaý etmäge.

2. Salgyt töleýjiler - edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler şu maddanyň 1-nji bölüminde göz öňünde tutulan borçlaryndan başga-da salgyt hasabyna goýulan ýeri boýunça salgyt gullugyna aşakdakylary ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyrlar:

a) Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaşyk we gaýry hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy, şol sanda Türkmenistanyň dahylsyzlary üçin - Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen diňe telekeçilik we gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan hasaplar barada şeýle hasaplaryň açylan (ýapylan) gününden soň üç gün möhletde habar bermäge;

b) beýleki edara görnüşli taraplara (ýa-da şereketlere) paýçy hökmünde gatnaşygy barada - paýçy bolup gatnaşyp başlan gününden on günden gijä galman habar bermäge. Türkmenistanyň dahylsyzlary bolan edara görnüşli taraplar, eger bu Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolsa, şeýle gatnaşyklar barada habar bermäge borçludyrlar;

ç) Türkmenistanyň çäklerinde döredilen, Türkmenistanyň dahyllylary üçin bolsa onuň çäklerinden daşarda döredilen aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň ähli̇si barada - olar döredilen, üýtgedilip guralan we ýatyrylan gününden on günden gijä galman habar bermäge;

d) öz işini bes edýändigi, ýatyrýandygy ýa-da üýtgedip guraýandygy, gurbunyň ýokdugy (batandygy) barada - şeýle çözgüt kabul edilen gününden on günden gijä galman habar bermäge;

e) hususy telekeçiniň ýerleşýän ýeriniň, iş dolandyrýan ýeriniň we (ýa-da) ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada - şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden ýa-da ýaşaýan ýeriniň çalşan gününden on günden gijä galman habar bermäge.

3. Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlaryny geçirýändigi bilen baglanyşykly salgyt töleýän salgyt töleýjileriň borçlary Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy bilen hem kesgitlenýär.

## III bölüm. Salgyt töleýjileri hasaba almak

### 24-nji madda. Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmak

1. Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmaklyga Türkmenistanda öz şahamçalaryny we wekilhanalaryny bellige aldyran daşary ýurtly edara görnüşli taraplary goşmak bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan şahsy taraplar - hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar degişlidir.

2. Zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyk boýunça işleýän şahsy taraplar şu Bitewi kanuna laýyklykda salgyt ýumuşçysy bolup durýan iş berijiniň üsti bilen salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

3. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň täsirine düşmeýän şahsy tarap, eger Bitewi kanunda başga ýagdaý görkezilmedik bolsa, salgyt tölemek üçin Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolan halatynda, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

4. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşmeýän Türkmenistanyň çägindäki işi hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirýän daşary ýurtly edara görnüşli tarap salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

Daşary ýurtly edara görnüşli tarap hem, şu Bitewi kanunyň 108-nji maddasynyň ikinji böleginde we 144-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen ýagdaýlarda, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde hemişelik iş ýeriniň barlygynda şu Bitewi kanunyň 18-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda onuň hemişelik wekilhanany döretmäge getirýändigine ýa-da getirmeýändigine garamazdan salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

5. Şu maddanyň 1 - 4-nji bölüminde görkezilen taraplar, edara görnüşli tarapyň (aýrybaşgalanan düzüm birliginiň) ýerleşýän ýeri, şahsy tarapyň ýaşaýan ýeri ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde alyp barýan

iş ýeri, olara degişli emläkleriň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gulluklarynda salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişli tarapda hasaba goýulýan ýeri kesgitlemek bilen kynçylyklar ýüze çykan halatynda onuň beren maglumatlarynyň esasynda karar salgyt gullugy tarapyndan kabul edilýär.

6. Şereket degişlilikde ýerleşýän ýeri, iş alyp barýan ýeri ýa-da şerekete gatnaşyjylaryň biriniň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýeri boýunça salgyt gullugynda hasaba goýulmaga degişlidir. Şunda şeýle gatnaşyjyny saýlap almak hukugy şerekete gatnaşyjylara degişlidir.

(2010-njy ýylyň 10-nji maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., №___, ___ -nji madda);

## 25-nji madda. Hasaba goýmagyň tertibi we möhletleri

1. Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmaklyk şahsy tarapyň - hususy telekeçiniň ýa-da edara görnüşli tarapyň (aýrybaşgalanan düzüm birliginiň) döwlet belligine alnan gününden soň on günüň dowamynda salgyt gullugyna berlen arzanyň esasynda, beýleki taraplar üçin bolsa, salgyt tölemek borçlaryna getirýän ýagdaýlaryň ýüze çykan gününden başlap amala aşyrylýar.

Şereket üçin on günlük möhlet bilelikde iş alyp barmak barada ylalaşyk baglaşylan gününden başlap hasaplanýar.

Zähmet ylalaşyklary (şertnamalary) ýa-da raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar esasynda işleýän taraplar, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýän tertipde salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidir.

2. Şahsy tarap salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmak barada arza bilen bir wagtda öz şahsyýetine güwä geçýän we ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygyny tassyklaýan resminamalary berýär, hususy telekeçi bolup durýan tarap bolsa hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamany goşmaça berýär.

3. Edara görnüşli tarap salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmagy baradaky arza bilen bir wagtda döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanyň, esaslandyryjy resminamalarynyň nusgalaryny, Türkmenistanyň çäklerinde şahamçalar ýa-da wekilhanalar açylanda bolsa - olaryň döwlet belligine alnandygy baradaky bellenilen tertipde tassyklanan şahadatnamalarynyň nusgalaryny, şeýle hem statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürilen nusgasyny tabşyrýar.

Degişli halatlarda edara görnüşli tarap haýsy hem bolsa bir tarapa wekilçilik wezipesiniň berlendigine şaýatlyk edýän resminamanyň bellenen tertipde tassyklanan nusgasyny tabşyrýar.

4. Şereket salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmagy hakyndaky arza bilen birlikde bilelikdäki iş baradaky ylalaşygyň göçürilen nusgasyny tabşyrýar.

5. Salgyt edarasy, görkezilen taraplar ähli zerur resminamalary tabşyran gününden başlap üç günüň dowamynda salgyt töleýjini hasaba goýmaga we degişli şahadatnama bermäge borçludyr.

6. Salgyt hasabyna goýulmagy baradaky arza bilen birlikde berlen bellige alyş maglumatlar, esaslandyryjy we gaýry resminamalar üýtgedilen ýagdaýynda salgyt hasabynda duran tarap olaryň üýtgedilen gününden başlap on günüň dowamynda bu barada salgyt gullugyna habar bermäge borçludyr.

7. Edara görnüşli tarap hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmagy bes etmek barada çözgüt kabul eden ýagdaýynda, şeýle tarap çözgüdiň kabul edilen gününden başlap on günden gijä galman bu barada hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna habar bermäge borçludyr.

8. Salgyt töleýji hökmünde hasapda goýulan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) hususy salgyt belgisi berilýär.

Salgyt gullugy salgyt töleýjä iberýän ähli habarnamalarynda we habarlarynda onuň hususy salgyt belgisini görkezýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) beýannamada, arzada, hasaplaşyk-töleg we gaýry resminamalarda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan gaýry ýagdaýlarda özüniň hususy salgyt belgisini görkezýär.

Salgyt töleýjä hususy salgyt belgisini bermegiň, belgini ulanmagyň, şeýle hem üýtgetmegiň tertibi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenýär.

9. Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulanda ulanylýan resminamalaryň görnüşleri Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýär.

**26-njy madda. Döwlet salgyt sanawy**

1. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan aşakdakylardan ybarat Döwlet salgyt sanawy ýöredilýär:

şahsy taraplaryň sanawy;

edara görnüşli taraplaryň sanawy.

2. Döwlet salgyt sanawyna wagtlaýyn salgyt belgisi bolan salgyt töleýjileriň maglumatlary hem girizilýär.

**27-nji madda. Salgyt gullugyna maglumatlary bermek boýunça döwlet edaralarynyň borçlary**

1. Edara görnüşli taraplary (olaryň aýrybaşgalanan düzüm birliklerini) döwlet belligine alýan edaralar bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) edara görnüşli taraplaryň (olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) gününden başlap on günden gijä galman ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gulluklaryna habar bermäge borçludyrlar.

2. Howandarlyk we hossarlyk, terbiýeçilik, bejeriş edaralary, ilaty durmuş taýdan goramak edaralary we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howandarlygy, hossarlygy bellenen ýa-da hossarlyk edilýäniň emlägini dolandyrýan şonuň ýaly beýleki edaralar kazyýet tarapyndan işe ýarawsyz diýlip ykrar edilen şahsy taraplara şol sanda we işe ýarawsyzlaryň, beýleki kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy taraplaryň kazyýet tarapyndan işe ukyplylygy çäklendirilen şahsy taraplaryň, öýde guramaçylykly lukmançylyk gözegçiligi görnüşinde hossarlyk ýola goýlan şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan dereksiz ýok bolan diýlip ykrar edilen şahsy taraplaryň emläklerini dolandyrmagyň ýola goýlandygy, şeýle hem görkezilen howandarlyk, hossarlyk etmek ýa-da emlägi dolandyrmak bilen baglanyşykly soňky üýtgemeler barada özüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap bäş günden gijä galman habar bermäge borçludyrlar.

3. Şahsy taraplary ýaşaýan ýeri boýunça ýazýan, şol sanda daşary döwletleriň raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary bellige alýan, şahsy taraplaryň dogulandygyny we dünýäden ötendigini bellige alýan edaralar ýaşaýan ýerleri boýunça şahsy taraplaryň dogulandygynyň we merhum bolandygynyň bellige alnandygy barada bellige alnan aýyndan soňky aýyň 5-inden gijä galman öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gulluklaryna habar bermäge borçludyrlar.

4. Şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli resminamalary bermäge ygtyýarly edaralar şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli beýleki resminama berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) salgyt töleýjiler barada olaryň berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) gününden başlap on günüň dowamynda öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugynyň edaralaryna maglumat bermäge borçludyrlar.

5. Kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar (guramalar) miras alma hukugyň kepillendiriş taýdan tassyklanandygy hakynda öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugynyň edaralaryna, eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, kepillendiriş taýdan tassyklanan gününden başlap bäş günden gijä galman habar bermäge borçludyrlar.

**28-nji madda. Bank edaralarynyň salgyt gullugyna maglumat bermek bilen baglanyşykly borçlary**

Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bank edaralary şahsy tarap bolup durýan hususy telekeçilere, edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan düzüm birliklerine) şeýle hem şereketlere hasap açandyklary ýa-da ýapandyklary barada (bank hasaby şertnamasynyň esasynda açylýan, pul serişdeleri olara geçirilýän we olardan harçlanylyp bilinýän) şeýle hasabyň açylan ýa-da ýapylan gününiň ertesi gününden gijä galman bank edaralarynyň ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugyna habar bermäge borçludyrlar.

Salgyt gullugynyň talap etmegi boýunça üç gün möhletde beýleki şahsy taraplaryň hasaplary barada hem maglumat berilmelidir.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde hasaplaryň aýry-aýry görnüşleriniň açylmagy ýa-da ýapylmagy we aýry-aýry taraplar baradaky maglumatlary bermegiň

aýratyn tertibini belläp bilerler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## IV bölüm. Salgydy hasaplamak we tölemek

### 1-nji bap. Salgyt salmak maksady bilen hasaba almak we hasabatlylyk

#### 29-njy madda. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak

1. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak salgyt salmak maksady bilen salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan alnyp barylýar.

Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak we olara baha bermek buhgalterlik hasaplarynyň we (ýa-da) salgyt salmaga degişli ýa-da salgyt salmak bilen baglanyşykly binýatlar hakyndaky resminamalar arkaly tassyklanan maglumatlara esaslanýar.

Salgyt salmagyň aýry - aýry binýatlaryny hasaba almagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenip bilner.

2. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almak salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan özbaşdak alnyp barylýar, özleriniň kanuny we ygtyýarly wekilleri tarapyndan şeýle hasabyň ýöredilýän dereksiz ýok bolan we kämillik ukyby bolmadyk adamlary muňa degişli däldir.

3. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almagy alyp barmak salgyt töleýjiniň işi bilen baglanyşykly ähli amallary we onuň maliýe ýagdaýy barada doly we dogry düşünjäniň bolmagyny üpjün etmelidir. Görkezilen amallar olaryň başlanyşyny, barşyny we tamamlanyşyny öwrenip bolar ýaly beýan edilmelidir.

4. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alnyşyny özbaşdak ýöretmäge mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, ol haryt-maddy ätiýaçlygyna degişli edilen meňzeş harytlary hasaba almak üçin aşakdaky usullaryň birini ulanmaga haklydyr:

a) baha beriş usuly, şunda ilkinji nobatda birinji satyn alnan ýa-da öndürilen harydyň gymmaty hasapdan öçürilýär;

b) baha beriş usuly, şunda ilkinji nobatda soňky satyn alnan ýa-da öndürilen harydyň gymmaty hasapdan öçürilýär;

ç) ortaça ölçerilen gymmat boýunça baha bermek usuly.

Haryt-maddy ätiýaçlary hasaba almak üçin saýlanyp alnan usul salgyt ýylynyň dowamynda üýtgedilip bilinmez.

5. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almagy ýöretmek bilen baglanyşykly, şu bitewi Kanunda kesgitlenmedik, haryt-maddy ätiýaçlyklar (gymmatlyklar) düşünjesi we beýleki adalgalar we aňlatmalar buhgalterlik hasaba alyş maksatlary üçin kesgitlenen manyda kabul edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

#### 30-njy madda. Salgyt beýannamasy

1. Salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan berilýän we salgydy hasaplamak we (ýa-da) tölemek üçin zerur bolan salgyt hasabatynyň bir görnüşi bolup durýar. Salgyt beýannamasynyň görnüşi, ony bermegiň we doldurmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan işlenip taýýarlanýar we tassyklanýar.

Eger şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgyt beýannamasy her bir salgyt töleýji tarapyndan tölenmäge degişli her bir salgyt boýunça berilýär.

Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär we oňa salgyt töleýji tarapyndan, degişli ýagdaýlarda bolsa, onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekili tarapyndan gol çekilmelidir.

2. Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hut özi tarapyndan, şeýle hem poçta ýollamalary görnüşinde berlip bilner. Salgyt gullugynyň salgyt beýannamasyny kabul etmezlige haky ýokdur we salgyt töleýjiniň haýyşy boýunça salgyt beýannamasynyň göçürilen nusgasynda onuň kabul edilen we gowşurylan senesini bellik etmäge borçludyr. Salgyt beýannamasy poçta bilen iberilende, iberilen ýerindäki poçtanyň basan möhürçesiniň senesi onuň gowşurylan senesi hasap edilýär. Salgyt gullugy bilen ylalaşylyp, salgyt beýannamasy elektron resminama görnüşinde ýa-da başga bir göterijide berlip bilner.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 31-nji madda. Salgyt gullugynda salgyt beýannamasyny doldurmak

Eger salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyny özbaşdak doldurmaga, salgydyň möçberini hasaplamaga ýa-da bu borjy üçünji bir adama tabşyrmaga ýagdaýynyň ýokdugy sebäpli, salgyt töleýjiden onuň ýazmaça görnüşini alyp bolmajak halatynda, salgyt beýannamasy salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan salgyt töleýjiniň aýdanlarynyň esasynda doldurylyp bilner.

### 32-nji madda. Salgyt beýannamasyna üýtgetmeler girizmek

Salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan salgyt beýannamasynda maglumatlaryň görkezilmändigi ýa-da doly görkezilmändigi, şonuň ýaly hem ýalňyşlyklar ýüze çykarylan halatynda, salgyt töleýji salgyt beýannamasyna zerur goşmaçalary we üýtgetmeleri girizmäge we salgyt gullugyna gowşurmaga borçludyr.

Goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen, salgydyň tölenmeli möhleti tamamlanmazdan öň salgyt gullugyna gowşurylan salgyt beýannamasy bellenen möhletde gowşurylan hasap edilýär.

Salgydy tölemeli möhlet geçenden soň, ýöne salgyt töleýji resminamalaýyn salgyt barlagynyň bellenilendigi hakynda habarly edilen pursadyna çenli salgyt gullugyna goşmaçalar we üýtgetmeler bilen bilelikde, salgyt beýannamasy ýa-da öň tabşyrylmadyk salgyt beýannamasy berlen mahaly salgyt töleýji şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan jogapkärçilikden boşadylýar. Görkezilenler, şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynyň ikinji böleginiň düzgünlerine laýyklykda ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) ýüze çykarylan we (ýa-da) geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylan mahaly salgyt töleýji tarapyndan salgyt özenine düzedişleriň girizilen halatlaryna degişlidir. Şunda puşmana tölegi umumy bellenilen tertipde hasaplanylýar.

Haçan-da goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasynyň möçberi resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde artdyrylan (azaldylan), salgyt boýunça berilse we bu barada öň degişli çözgüt çykarylan bolsa, şeýle beýannama şu Bitewi kanunyň 85-87-nji maddalary bilen bellenilen tertipde şikaýat bilen bilelikde berilýär. Şeýle beýannama boýunça salgydyň möçberini bellemek diňe şikaýata garalandan we salgyt barlagy geçirilenden soň geçirilýär.

Şu maddanyň düzgünleri olar tarapyndan bellenen salgyt hasabaty berlende, salgyt ýumuşçylary babatynda hem ulanylýar.

2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 33-nji madda. Salgyt beýannamasyny gowşurmagyň möhletini uzaltmak

Eger salgyt töleýji salgyt beýannamasynyň gowşurylmaly möhleti tamamlanýança ony gowşurmagyň möhletini uzaltmak barada ýüz tutan bolsa we şu Bitewi kanunyň 39-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenýän, salgydyň garaşylýan möçberini doly tölände, salgyt gullugy bilen ylalaşylyp, salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti otuz güne çenli uzaldylyp bilner.

## 2-nji bap. Salgydy hasaplamak we salgyt habarnamasyny bermek

## 1-nji paragraf. Salgydyň möçberini hasaplamak we bellemek

### 34-nji madda. Salgydyň möçberini hasaplamagyň we kesgitlemegiň umumy düzgünleri

1. Salgydy hasaplamak salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak ýerine ýetirilýär. Şu Bitewi kanunda salgydy hasaplamagy salgyt ýumuşçysyna, salgyt gullugyna we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralara tabşyrmak ýaly ýagdaýlar hem göz öňünde tutulýar.

Salgydyň her bir görnüşi boýunça salgydyň möçberini hasaplamak şu Bitewi kanunda ýa-da Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda bellenen tertipde geçirilýär.

2. Salgydyň möçberi salgyt gullugy tarapyndan geçirilen kameral barlaglaryň netijeleri boýunça

bellenýär.

Salgyt ýumuşçylary, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar tarapyndan salgydyň möçberi hasaplananda hasaplanan salgydyň möçberi bellenen diýlip ykrar edilýär.

3. Salgydyň möçberini bellemek üçin aşakdakylar esas bolup biler:

salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasynda görkezilen maglumatlar;

salgyt salynýan binýatlary hasaba alyş maglumatlary;

auditiň, salgyt barlaglarynyň maglumatlary;

salgyt salmak üçin ähmiýeti bolan beýleki maglumatlar.

Türkmenistanyň kanunçylygy bozulyp, salgyt hasaplamak üçin alnan habarlar salgydy bellemek üçin esas bolup bilmez.

4. Eger salgyt gullugy kameral barlagyň netijeleri boýunça habarnama gowşurmak üçin bellenilen möhletlerde salgydyň hasaplanan möçberine üýtgetme girizmegiň zerurdygy hakynda salgyt töleýjini habarly etmedik bolsa, salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasynda görkezilen salgydyň möçberi bellenen diýlip ykrar edilýär.

5. Eger ýüze çykarylan, salgyt salmak üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlardan we amala aşyrylýan amallaryň düýp manysyndan ugur alanyňda, geleşigiň hukuk görnüşiniň (görnüşiniň we mazmunynyň) ýa-da geleşigiň yzygiderliliginiň salgydy tölemekden gaça durmaga getirýänligi mälim bolsa, salgyt gullugy salgydyň hakyky möçberini anyklaýar we hasaplaýar.

Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň salgyt tölemekden boýun gaçyrmak pikiriniň bardygyna şaýatlyk edýän ýeterlik subutnamalar bolan halatynda, salgydy möhletinden öň hasaplamaga we bellemäge, şeýle hem salgydy haýal etmän tölemegi talap etmäge hem haklydyr.

### 35-nji madda. Salgyt özeni

1. Salgyt özeni her bir salgyt salynýan binýat boýunça degişli hasabat (salgyt) döwri üçin anyklanýar we onuň gymmatyny, fiziki ýa-da başga bir häsiýetlerini özünde jemläp biler. Salgyt salynýan binýat we salgyt özenini anyklamagyň tertibi salgydyň her bir görnüşi boýunça şu Bitewi kanun arkaly bellenilýär.

2. Salgyt özeni aşakdaky ýagdaýlarda düzedilmäge degişlidir:

geleşik geçirmegiň ýagdaýlary üýtgände;

geleşik doly ýa-da bölekleýin ýatyrylanda;

bahalaryň we nyrhlaryň üýtgemegi netijesinde geleşigiň pul möçberi üýtgände;

geleşik hakyky däl hasap edilende;

geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylanda;

geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) ýüze çykarylanda;

zerur bolan beýleki halatlarda.

Görkezilen halatlarda şeýle ýagdaýlar ýüze çykarylan salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt özeni düzediş girizilmäge degişlidir, ýol berlen ýalňyşlyklaryň (ýoýulmalaryň) tapylmagy we (ýa-da) geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikleriň ýüze çykarylmagy muňa girmeýär. Ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) tapylan we (ýa-da) geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylan halatynda, ýüze çykarylan ýagdaýlar hasaba alynmazdan kesgitlenilen (hasaplanylan) salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt özeni düzediş girizilmäge degişlidir. Şunda salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri üçin şu Bitewi kanunyň II Bölegi bilen bellenilen aýratynlyklar nazara alynýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geleşikler hakyky däl diýlip ykrar edilende, salgyt özeni geleşigiň beýleki tarapyna gaýtarylyp berilýän serişdeleriň möçberinde azaldylýar.

Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijesinde bikanun alnan girdejiniň (jemi girdeji ýa-da peýda) pul möçberi ýüze çykarylan we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda maliýe jerimeleri görnüşinde alnan halatlarynda, olardan hasaplanan we tölenen salgyt möçberlerine görä azaldylýar. Şunuň ýaly girdejä barlag geçirilmezinden öň salgyt salynmadyk bolsa, ondan salgytlary hasaplamak geçirilmeýär.

Diňe degişli resminamalar arkaly tassyklanan esaslar bolan halatynda salgyt özenine düzediş girizilýär.

3. Haçan-da öň salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine azaldylan ýa-da bu gönükdirilen serişdeleriň möçberi salgytdan boşadylýan ýa-da goşulan baha üçin salgydyň nol möçberleri ulanylýan harytlara (işlere, hyzmatlara) degişli bolan halatlarynda, manatda üstüniň dolunmagy alnan mahaly salgyt özenine düzediş girizmeklik amala

aşyrylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 36-njy madda. Salgyt salmak maksatlary üçin harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahasyny kesgitlemek

1. Salgyt salmagyň maksatlary üçin geleşigiň taraplarynyň harytlara, işlere, hyzmatlara ulanan bahasy kabul edilýär. Munuň şeýle däldigi subut edilýänçä, bu baha bazar bahasy bolup durýar diýlip çak edilýär.

2. Salgyt gullugy salgyt salmak maksady üçin aşakdaky ýagdaýlarda geleşigiň taraplarynyň ulanan bahalaryna baha bermäge haklydyr:

bir-birine garaşly taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende;

harytlary, işleri, hyzmatlary çalyşmak boýunça işler geçirilende;

daşary söwda geleşiklerinde;

eger salgydyň hasaplanylyşynyň dolulygyna gözegçilik amala aşyrylanda, geleşigiň taraplarynyň ulanan bahalary harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahalaryndan ep-esli tapawutlanýar diýip pikir etmäge ýeterlik esas bar bolanda.

Salgyt salmak maksady üçin biri-birine garaşly taraplar diýlip, özara gatnaşyklary olaryň iş şertlerine ýa-da ykdysady netijelerine täsir edip biljek şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplar ykrar edilýär.

3. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy diýlip hyrydarlygyň we hödürlemäniň özara mynasybetinde emele gelen baha düşünilýär, şeýle bolmadyk ýagdaýda - deňeşdirme şertlerde meňzeş harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy ykrar edilýär.

Deňeşdirme şertleri diýlip, eger olaryň arasyndaky tapawut harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna düýpli täsir etmeýän ýa-da düzedişleriň üsti bilen göz öňünde tutup bolýan şertler ykrar edilýär. Garaşsyz hyzmatdaşlaryň ýa-da biri-birine garaşly taraplaryň arasynda, eger olaryň özara garaşlylygy geleşigiň netijelerine täsir etmeýän bolsa, wagty boýunça golaý geçirilen geleşikler, şeýle hem iberilýän harytlaryň sany (möçberi), borçlaryň ýerine ýetirilen möhleti, tölegiň şertleri we geleşiklerde adatça ulanylýan beýleki şertler göz öňünde tutulmalydyr.

Bazaryň hakyky bahasyny kesgitlemek üçin aşakdakylar ulanylyp bilner:

harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar lomaý bahasynyň döwlet hasabaty edaralaryndan alnan, şunuň ýaly bahalaryň arasynda 15 göterim çäklerinde emele gelen göterime görä azaldylan, harytlaryň, (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bölek satuw bahasy baradaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenýän usuly;

harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasynyň alyjynyň olary soňra ýerleýän bahasynyň esasynda kesgitlenýän usuly. Şunda alyjynyň ýerleýän bahasy alyjynyň şeýle harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek üçin eden harajatlarynyň degişli bölegine, şeýle hem alyjynyň şu ugurda alýan peýdasynyň möçberlerinde azaldylýar;

satyjynyň şeýle görnüşindäki harytlara (işlere, hyzmatlara) çykaran harajatlarynyň we işiň şu ulgamynda adaty alynýan peýdanyň esasynda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasyny kesgitlemek usuly. Görkezilen usul birinji iki usuly ulanmak mümkin bolmadyk ýagdaýlarda ulanylýar.

Şu usullardan peýdalanmak bilen kesgitlenen hakyky bazar bahasy degişli hasaplamalar bilen tassyklanmalydyr. Harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar bahasy baradaky maglumatlar döwlet hasabaty edaralaryndan we beýleki resmi maglumat çeşmelerinden hem alnyp bilner.

Salgyt gullugynyň harytlar (işler, hyzmatlar) üçin bahalar we tarifler hakyndaky bar bolan maglumatlary talap etmäge haky bardyr, soralýan tarap bolsa şol maglumatlary ýa-da netijenamany bermäge borçludyr.

Salgyt salmak maksady üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän bahalar (nyrhlar) boýunça harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende görkezilen bahalar (nyrhlar) ulanylýar.

4. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky bazar nyrhlary kesgitlenende aşakdaky ýagdaýlar bilen baglanyşykly indirimler göz öňünde tutulmalydyr:

sarp edijilik isleginiň möwsümleýin we beýleki ýagdaýlar sebäpli üýtgemegi;

hiliniň we gaýry sarp edijilik häsiýetleriniň ýitgileri;

ýaramlylyk ýa-da ýerlemek möhletiniň tamamlanýan senesiniň golaýlamagy;

özüne meňzeşi ýok täze harytlaryň bazara getirilmegi, şeýle hem harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) täze bazarlara getirilmegi;

alyjylary tanyşdyrmak maksady bilen bazara getirilen harytlaryň synag görnüşleriniň we nusgalarynyň ýerlenmegi.

5. Şu maddanyň 2-nji bölüminde göz öňünde tutulan geleşik taraplarynyň ulanan bahalary bazaryň hakyky bahasyndan 20 göterimden köp pes bolan ýagdaýynda, salgyt gullugy degişli harytlara (işlere, hyzmatlara) bazaryň hakyky nyrhlaryndan ugur alyp, salgydy hasaplamak we bellemek barada esaslandyrylan çözgüt kabul etmäge haklydyr.

Şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň sekizinji bölegi bilen bellenilen halatlarda satyn alynýan, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalarynyň 20 göterimden köp ýokarlandyrylmagy hem hakyky bazar bahalaryndan ep-esli tapawutlylyk bolup durýar.

6. Özlerine mahsus birmeňzeş alamatlary, hususan-da - fiziki häsiýetnamasy, hili, bazardaky abraýy, çykarylan ýurdy, öndürijisi bir bolan harytlar birmeňzeş harytlar diýlip ykrar edilýär.

Meňzeş bolmazdan kybapdaş häsiýetleri bolan we şol bir wezipäni ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän meňzeş böleklerden ybarat bolan we täjirçilik taýdan özara çalşylyp bolýan harytlar birmeňzeş harytlar diýlip ykrar edilýär. Harytlaryň birmeňzeşligi anyklananda, has takygy, olaryň hili, harytlyk nyşany, bazardaky abraýy, öndürilen ýurdy göz öňünde tutulýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**37-nji madda. Salgydyň möçberi**

Salgydyň möçberi salgyt özeniniň birliginden göterim we (ýa-da) kesgitlenen ululyk görnüşinde alynýan salgydyň möçberini aňladýar.

**38-nji madda. Salgyt döwri**

1. Salgyt özeniniň we tölemäge degişli salgydyň möçberiniň hasaplanýan wagt aralygy döwür salgyt döwri diýlip hasap edilýär. Salgyt döwri şu Bitewi kanun tarapyndan salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri babatynda bellenýär.

Salgyt döwri bir ýa-da birnäçe hasabat döwründen ybarat bolup biler.

2. Ýanwar aýynyň 1-inden sentýabr aýynyň 30-y döwürde döredilen edara görnüşli tarap üçin salgytlara degişli ilkinji salgyt döwri, onuň döredilen gününden şol ýylyň ahyryna çenli wagtdan ybaratdyr. Oktýabr aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-i aralygynda döredilen edara görnüşli tarap üçin bolsa, şeýle salgytlar üçin ilkinji salgyt ýyly onuň döredilen gününden, döredilen ýylyndan soňky senenama ýylynyň ahyryna çenli wagtdan ybaratdyr.

Senenama ýylynyň ahyryna çenli ýatyrylan edara görnüşli tarap üçin iň soňky salgyt döwri şol ýylyň başyndan onuň ýatyrylan gününe çenli wagtdan ybaratdyr.

Eger edara görnüşli tarap ýatyrylan ýylynyň öň ýanyndaky ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 1-inden soň döredilen bolsa, şeýle salgytlar üçin salgyt döwri onuň döredilen gününden ýatyrylan gününe çenli wagtdan ybaratdyr.

3. Edara görnüşli tarap döredilende ýa-da ýatyrylanda salgyt döwri senenama aýy ýa-da çäregi hökmünde bellenenler üçin salgytlar babatynda birinji (soňky) salgyt döwri salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulan ýerindäki salgyt gullugy bilen ylalaşylyp kesgitlenilýär.

4. Şu maddanyň 2-nji we 3-nji bölümleri aşakdaky ýaly ulanylýar:

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplaryň şahamçalary, wekilhanalary ýa-da hemişelik wekilhanalary babatynda;

hususy telekeçiler bolan şahsy taraplar babatynda;

salgyt töleýjiler bolup duran şerekete girýän taraplar babatynda;

edara görnüşli taraplar goşulan ýa-da bölünen ýagdaýlarynda.

5. Eger salgyt salmagyň binýady bolup durýan emläk senenama ýylynyň dowamynda satyn alnan, satylan (aýrybaşgalanan ýa-da ýok edilen) bolsa, şu emläk babatynda salgyt boýunça salgyt döwri şol senenama ýylynda şol emlägiň salgyt töleýjiniň eýeçiliginde hakyky bolan döwrüniň wagty bilen kesgitlenýär.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**39-nji madda. Salgyt gullugy tarapyndan salgydyň çak edilýän**

**möçberini kesgitlemegiň usullary**

1. Salgyt töleýji tarapyndan şu Bitewi kanunda bellenen salgyt möhletinde salgyt beýannamasynyň berilmedik ýagdaýynda, salgydyň çak edilýän möçberi salgyt gullugy tarapyndan öňki hasabat döwri üçin salgydyň bellenen möçberinden ugur alnyp kesgitlenýär.

2. Eger geçirilýän salgyt barlaglarynyň barşynda salgyt salynýan binýatlaryň hasaba alynmandygy ýa-da salgyt töleýji tarapyndan şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda salgyt gullugy özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, emlägiň kesilen bahasyny, zähmet hakynyň ortaça derejesini, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi - söwda işleri üçin) ulanyp, salgydyň çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellemäge haklydyr.

Düşewüntlilik şu halatda, söwda işinden başga ýagdaýlarda, Bitewi kanunyň 133-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýär.

Salgydyň çak edilýän möçberi beýleki salgyt töleýjileriň alyp barýan şonuň ýaly işleriniň ykdysady görkezijilerini deňeşdirmek esasynda hem hasaplanyp we bellenilip bilner.

Baha bermegiň ýokarda görkezilen usullary dürli netijeleri beren halatynda, salgydyň çak edilýän möçberiniň iň ýokary ululygy kabul edilýär.

3. Salgyt töleýji tarapyndan soňundan salgyt beýannamasynyň, zerur bolan ýagdaýynda bolsa, salgyt salynýan binýatlary hasaba almagyň maglumatlarynyň berlen halatynda salgyt gullugy şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümine laýyklykda bellenen salgydyň möçberine düzediş girizýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**40-njy madda. Hak isleginiň wagt möhletleri**

1. Salgyt gullugy salgydyň bellenen möçberine salgydyň bellenen degişli salgyt döwri tamamlanandan soň bäş ýylyň dowamynda düzediş girizmäge haklydyr.

2. Salgydyň bellenen ýa-da goşmaça hasaplanan möçberini almaklyk, salgydy tölemek hakyndaky talabyň ýüze çykan pursadyndan başlap bäş ýylyň dowamynda amala aşyrylyp bilner.

**2-nji paragraf. Salgyt habarnamasynyň görkezilmegi**

**41-nji madda. Salgyt habarnamasy**

1. Salgyt habarnamasy salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) salgyt töleýjä bildirýän ýazmaça talaby bolup durýar.

Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä aşakdaky ýagdaýlarda iberilýär:

a) salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan şu Bitewi kanuna laýyklykda salgyt hasaplananda;

b) eger kameral barlagyň netijeleri boýunça salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiniň özbaşdak hasaplan salgydynyň möçberinden tapawutlanýan salgydyň möçberi ýüze çykarylanda;

ç) resminamalar esasynda geçirilen barlaglaryň netijesinde salgyt gullugy (gümrük gullugy) salgydyň bellenen möçberini üýtgetmek barada çözgüt kabul edende;

d) salgydy tölemegiň möhleti üýtgedilende;

e) salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça ýerine ýetirilmedik borçlary bolanda;

ä) salgyt salmak bilen bagly beýleki ýagdaýlarda.

2. Salgyt habarnamasy şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen degişli ýagdaýlar ýüze çykandan soň bäş günden gijä galman salgyt töleýjä iberilmelidir ýa-da gowşurylmalydyr.

Salgyt habarnamasy edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyna (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) ýa-da şahsy tarapa (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) gol çekdirilip elin ýa-da onuň alnandygyny we senesini tassyklaýan başga bir görnüşde gowşurylmalydyr. Görkezilen taraplar salgyt habarnamasyny almakdan ýüz öwüren halatlarynda, şol habarnama tabşyryk haty bilen poçta arkaly iberilýär. Salgyt habarnamasy tabşyryk haty bilen iberilenden alty gün geçenden soň alnan hasap edilýär.

3. Eger salgyt habarnamasy iberilenden ýa-da salgyt töleýjä gowşurylandan soň, salgyt (gümrük) gullugyna salgyt habarnamasynda görkezilen salgydyň möçberiniň üýtgedilmegine getirýän ýagdaýlar ýa-da subutnamalar aýan bolanda, salgyt habarnamasy üýtgedilmäge degişlidir.

**42-nji madda. Salgyt habarnamasynyň görnüşi**

1. Salgyt habarnamasynyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

2. Salgyt habarnamasyna salgyt gullugynyň ygtyýarly wezipeli adamy tarapyndan gol çekilmelidir we salgyt gullugynyň möhüri bilen tassyklanmalydyr.

**3-nji bap. Salgydy tölemek**

**1-nji paragraf. Salgydy tölemek borjy we ony ýerine ýetirmek**

**43-nji madda. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň döremegi we bes edilmegi**

1. Salgyt töleýjide salgyt tölemek boýunça borçlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda salgydyň tölenmegi göz öňünde tutulýan ýagdaýlar ýüze çykan pursadyndan döreýär.

2. Salgyt tölemek boýunça borçlar aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

tölenmeli salgyt tölenende;

salgyt töleýji merhum bolanda ýa-da Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanuny tarapyndan bellenen tertipde onuň merhum bolandygy ykrar edilende;

kazyýetiň çözgüdi boýunça;

salgyt töleýjiniň gurpsuzdygy (batandygy) sebäpli edara görnüşli tarap ýatyrylanda;

şu Bitewi kanun tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlaryň bes edilmegi bilen baglanyşdyrylýan gaýry ýagdaýlar peýda bolanda.

**44-nji madda. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň nobatlylygy**

Salgyt töleýjiniň bank edarasyndaky hasabynda özüniň ähli borçnamalaryny ýerine ýetirmäge pul serişdeleriniň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, onuň salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana pullaryny tölemek, şu aşakdaky borçnamalardan başga hemme borçnamalardan öňürti ýerine ýetirilýär:

ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, alimentleri tölemek boýunça tölegler;

zähmet ylalaşygy (şertnamasy) esasynda, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly raýat-hukuk häsiýetli beýleki ylalaşyklar boýunça işleýän şahslara işden çykylanda berilýän hemaýat puluny we zähmet hakyny tölemek, şeýle hem işgärlere awtorlyk ylalaşygy boýunça tölegleri we öwezini doluş pullaryny tölemek;

döwlet pensiýalaryny we kömek pullaryny tölemek, ylalaşyk boýunça hökmany döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny, pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeler;

salgyt töleýjileriň girewe goýlan emlägini ýerlemekden alnan pul serişdeleriniň hasabyna, karzdarlaryň girew bilen üpjün edilen talaplarynyň öwezini dolmak.

**45-nji madda. Salgydy tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň möhletleri**

1. Salgydy tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň möhletleri şu Bitewi kanun we salgyt kanunçylygynyň beýleki namalary tarapyndan salgydyň her bir görnüşi babatynda bellenýär.

2. Öň bellenen salgyt üýtgedilende goşmaça hasaplanan salgydyň möçberi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden soň bäş günüň dowamynda tölenýär.

3. Salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeli möhleti şu Bitewi Kanunyň 54-56-njy maddalarynda bellenen ýagdaýlarda üýtgedilip bilner.

**46-njy madda. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmek**

1. Salgyt tölemek boýunça borçlaryny şu Bitewi kanuna ýa-da salgyt kanunçylygynyň beýleki namalaryna laýyklykda bu borçlary ýerine ýetirmek başga borçly adama ýüklenen ýagdaýlardan beýleki

halatlarda, gönüden - göni salgyt töleýjiniň özi ýerine ýetirýär.

Tebigy we ugurdaş gazy, nebiti we nebit önümlerini çykarmak (öndürmek) we (ýa-da) ýerlemek bilen baglanyşykly amallary şeýle hem demir ýol gatnawlaryny amala aşyrýan, Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan salgytlary hasaplamagyň, tölemegiň we salgyt beýannamalaryny bermegiň aýratyn tertibi bellenilip bilner.

2. Salgyt nagt pul serişdeleri bilen, şol sanda pul ibermek tertibinde we (ýa-da) tölemegiň nagt däl görnüşinde tölenip bilner.

3. Nagt pul serişdesi bilen tölenende salgydyň bellenen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip şol pul serişdeleriniň banka geçirilen güni hasap edilýär.

4. Nagt däl pul serişdeleri bilen tölenende salgydyň bellenen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip şol pul serişdelerini bankyň salgyt töleýjiniň hasabyndan öçüren güni hasap edilýär.

5. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt tutulyp alnanda salgydyň bellenen pul möçberini salgyt töleýjiniň tölän güni diýlip salgydyň tutulyp alnan güni hasap edilýär.

6. Salgydyň bellenen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) ýa-da kazyýetiň artyk tölenen ýa-da artyk tutulyp alnan salgydy hasaplaşmak barada çözgüt çykaran güni hasap edilýär.

7. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine jerime salnanda ýa-da üçünji tarapa jerime salnanda salgydyň bellenen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip pul serişdeleriniň Türkmenistanyň Döwlet býujetine gowşan güni hasap edilýär.

8. Salgyt töleýjilere tölenen, tutulyp alynmadyk we (ýa-da) Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmedik pul serişdelerinden salgyt tölemek Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde salgyt töleýjilerden pul möçberlerini soňra tutup almak bilen öz serişdeleriniň hasabyna salgyt ýumuşçysy tarapyndan amala aşyrylýar.

Tutulyp alynmadyk salgyt salgyt töleýjilerden aşakdaky ýagdaýlarda tutulyp ýa-da talap edilip bilner:

salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan aýyndan öňki üç aýyň içinde şahsy taraplara geçirilen töleglerden;

salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş ýylda edara görnüşli taraplara geçirilen töleglerden.

9. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmezligi ýa-da doly ýerine ýetirmezligi salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgyt we degişli maliýe jerimelerini tölemek barada talap bildirmäge, şeýle hem şu Bitewi kanunyň 58-70-nji maddalaryna laýyklykda, salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmegi üpjün edýän çäreleri görmäge esas bolup biler.

10.Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 47-nji madda. Salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) çözgüdinden şikaýat edilende salgydy tölemek

1. Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgydyň bellenen pul möçberi babatynda şikaýat edilende onuň jedelleşilmeýän pul möçberini tölemek boýunça borçlar salgyt töleýji tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. Salgydyň jedelleşilýän pul möçberi arza salgyt gullugynda we kazyýetde seredilýän döwrüniň dowamynda tölenmeýär, emma bu onuň bellenen gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir. Bellenen salgydyň ählisiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenmezligi salgyt töleýjini şol salgydy wagtynda tölemändigi üçin puşmana tölegini tölemekden boşatmaýar.

Salgydy tölemek boýunça borçlar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda şeýle borçlary ýerine ýetirmegi üpjün edýän çäreler salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgydyň möçberiniň jedelleşilmeýän möçberi babatynda ulanylýar.

Şunda salgyt gullugynyň salgyt töleýjiden emlägi (pul serişdelerini) girewine goýmagy ýa-da salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda kepil geçmekligi talap etmäge hukugy bardyr. Salgydy töleýji tarapyndan görkezilen talaplary ýerine ýetirmegiň mümkin bolmadyk halatynda, onuň salgydy tölemek boýunça borjy jedelleşilýän möçber babatynda ýerine ýetirilmelidir.

2. Salgydyň jedelleşilýän pul möçberini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak barada çözgüt kabul edilende, salgyt töleýjiniň ýatyrylan salgydy tölemändigi üçin tölän puşmana tölegini yzyna almaga hukugy bardyr. Alnan puşmana tölegini yzyna gaýtarmak şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda

geçirilýär.

3. Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar, şeýle hem salgyt ýumuşçylaryna degişlidir.

### 48-nji madda. Salgyt töleýjiniň tabşyryklaryny we salgyt gullugynyň edarasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça bank edaralarynyň borçlary

1. Bank edarasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky islendik hasaplarynda bar bolan pul serişdelerine garamazdan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt geçirmek baradaky töleg tabşyrygyny kabul etmäge borçludyr.

Salgyt gullugynyň salgytlaryň pul möçberlerini geçirmek baradaky töleg talapnamasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdesiniň bardygyna, ýokdugyna garamazdan bank edarasy tarapyndan kabul edilýär.

Salgytlaryň pul möçberini geçirmek boýunça töleg talapnamasy şu Bitewi kanunyň 44-nji we 46-njy maddalarynyň düzgünleri göz öňünde tutulyp, bank edarasy tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Salgyt geçirmek üçin töleg tabşyrygyny (töleg talapnamasy) doly möçberde ýerine ýetirmek üçin, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleri bar bolanda, bank edarasy tarapyndan töleg tabşyrygy (töleg talapnamasy) alnan gününden soňky iş gününden gijä galman ýerine ýetirilýär.

Bank edarasy tarapyndan salgydy geçirmek üçin töleg talapnamasy (tabşyrygy) alnan gününde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleri ýetmezçilik eden halatynda ýa-da ýok bolanda, töleg talapnamasy (tabşyrygy) şol hasaplara pul serişdeleriniň gelip gowşuşyna görä, puluň gelip gowşan gününden soňky günden gijä galman ýerine ýetirilýär.

Şu bölümiň düzgünleri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary bolup durýan üçünji tarapyň tölenmedik salgydynyň möçberi töletdirilende-de ulanylýar.

2. Bank edarasy tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine alynýan salgytlary geçirmek boýunça amallar hiç bir töleg almazdan geçirilýär.

3. Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 49-njy madda. Artyk tölenen salgydy hasaplaşmak we yzyna gaýtarmak

1. Eger tölenen salgydyň pul möçberi kesgitlenen möçberden artyk bolanda, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy, degişli ýagdaýlarda bolsa gümrük gullugy:

a) salgyt töleýjini ýazmaça habarly etmek bilen, beýleki islendik salgyt, şeýle hem maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça berginiň hasabyna artykmaç tölenen salgytdan hasaplaşyk geçirýär. Hasaplaşyk bergiler bar bolanda (ýa-da artykmaç tölenen salgyt bar bolanda dörän bergilerde) artykmaç salgydyň dörän gününiň ertesi gününden gijä galman geçirilýär;

b) beýleki salgytlar, şeýle hem maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler bolmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň ýazmaça arza beren pursadyndan başlap on gün möhletde tölenen salgydyň artygyny salgyt töleýjä gaýtaryp bermek barada maliýe edarasyna netijenama berýärler.

2. Salgyt gullugy (gümrük gullugy) artyk tölenen salgyt boýunça hasaplaşyk geçirilendigi barada salgyt töleýjä şeýle hasaplaşygyň geçirilen gününden soňky günden gijä galman habar bermäge borçludyr.

3. Artyk tölenen salgydyň möçberini yzyna gaýtarmak salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) netijenamasynyň esasynda degişli maliýe edarasy tarapyndan şeýle netijenama alnan gününden başlap ýigrimi günüň dowamynda geçirilýär.

4. Salgydyň artyk tölenen ýa-da tutulyp alnan pul möçberi öz wagtynda gaýtarylmasa, her bir duşdan geçirilen gün üçin görkezilen pul möçberiniň 0,03 göterimini hasaplap ýazmak bilen geçirilýär.

5. Salgyt töleýjiniň salgydyň tölenen (tutulyp alnan) gününden bäş ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň hasaplaşyga alynmagyny we (ýa-da) yzyna gaýtarylmagyny talap etmäge hukugy bardyr. Salgyt gullugynyň kabul eden çözgütlerinden şikaýat edilen halatynda, görkezilen möhlet şikaýata garalýan döwre görä togtadylýar.

6. Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar, şeýle hem salgyt ýumuşçylaryna degişlidir.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 50-nji madda. Salgyt töleýji - edara görnüşli tarap ýatyrylanda salgyt tölemek

1. Salgyt töleýji - edara görnüşli tarap ýatyrylanda salgyt tölemek borçlary onuň pul serişdesiniň, şol sanda oňa degişli emlägi satmakdan alnan serişdeleriň hasabyna ýatyryjy topar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

2. Eger ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň pul serişdeleri, şol sanda onuň emlägi satylandan soň hem onuň pul serişdeleri salgytlary tölemek üçin ýeterlik bolmasa, eger kanuna ýa-da esaslandyryjy resminamalara laýyklykda onuň borçnamalary boýunça esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) jogapkärçilik çekýän bolsalar, galan bergileri şolar tarapyndan üzülmelidir.

3. Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) tarapyndan ýatyrylýan edara görnüşli tarap babatynda borçnamalary ýerine ýetirilenden soň galýan bergiler üzüljegine umyt bolmadyk bergi hasap edilýär we şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

4. Ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň salgytlary tölemek boýunça borçlary ýatyrmak işi başlanandan soň iki aýdan gijä galman ýerine ýetirilýär. Salgyt gullugynyň ýeterlik esas bolanda, görkezilen möhleti uzaltmaga, emma bir aýdan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga hukugy bardyr.

5. Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylýar, şeýle hem salgyt ýumuşçylaryna degişlidir.

### 51-nji madda. Salgyt töleýji - edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda salgyt tölemek

1. Üýtgedilip guralmaga degişli salgyt töleýjiden-edara görnüşli tarapdan alynmaly salgytlary tölemek onuň hukuk mirasdüşeriniň (hukuk mirasdüşerleriniň) üstüne ýüklenýär. Şunda üýtgedilip guralýan şunuň ýaly edara görnüşli tarapyň salgyt tölemek borçlary hukuk mirasdüşerine (hukuk mirasdüşerlerine) üýtgedilip guralan edara görnüşli tarapyň salgyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmändiginiň ýa-da doly ýerine ýetirilmändiginiň üýtgedip gurmaklyk tamamlanýança mälim bolandygyna ýa-da bolmandygyna garamazdan döreýär.

Birnäçe hukuk mirasdüşerleri bolan halatynda, salgyt tölemek boýunça borçlary şeýle edara görnüşli tarap üçin her bir mirasdüşeriň paýy bölüniş balansyna ýa-da bölüniş baradaky başga bir ykrarhatyna laýyklykda kesgitlenýär.

Edara görnüşli tarapyň üýtgedilip guralmagy şu edara görnüşli tarapyň hukuk mirasdüşeriniň (hukuk mirasdüşerleriniň) salgyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmeli möhletini üýtgetmeýär.

2. Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilende (hususylaşdyrmakdan başga halatlarda) onuň salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip şeýle üýtgedip guramak geçirilende döreýän edara görnüşli tarap ykrar edilýär.

3. Birnäçe edara görnüşli taraplar goşulanda olaryň salgytlary tölemek boýunça mirasdüşeri diýlip şeýle goşulma geçirilende döreýän edara görnüşli tarap ykrar edilýär.

4. Edara görnüşli tarapyň biriniň beýleki bir edara görnüşli tarapa goşulan halatynda, olaryň salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip olaryň birikdirilen edara görnüşli tarapy ykrar edilýär.

5. Edara görnüşli tarap bölünende salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip şeýle bölünme geçirilende döreýän edara görnüşli taraplar ykrar edilýär.

6. Edara görnüşli tarapyň birinden bir ýa-da birnäçe edara görnüşli tarap bölünip aýrylanda şeýle edara görnüşli taraplar üçin salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşerligi döremeýär. Düzüminden bölünip aýrylmak bolup geçen edara görnüşli tarapa hem ýeňillikler degişli bolmaýar.

Şeýle üýtgedip guramagyň salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga gönükdirilendigi barada ýeterlik esaslar bolanda, salgyt gullugy bölünip aýrylan edara görnüşli tarapdan üýtgedilip guralan edaranyň salgytlaryny tölemegini talap etmäge haklydyr.

7. Şu madda maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri babatynda hem ulanylar, şeýle hem salgyt ýumuşçylaryna degişlidir.

### 52-nji madda. Şahsy tarap merhum bolanda salgyt boýunça bergileri tölemek

1. Şahsy tarap merhum bolan ýagdaýynda onuň salgyt boýunça bergileri emläginiň mirasdary bolan hukuk mirasdüşeriniň (mirasdüşerleriniň) üstüne ýüklenýär. Tölenmedik salgydyň pul möçberi hukuk mirasdüşeri (hukuk mirasdüşerleri) tarapyndan miras paýlaryna görä, Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunyna laýyklykda, miras kabul edilen gününden başlap alty aýdan gijä galman tölenmäge degişlidir.

Şunda hukuk mirasdüşerinde (hukuk mirasdüşerlerinde) merhum bolan şahsy tarapyň tölemedik jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek boýunça borçlary döremeýär. Bu bergi ygtybarsyz diýlip ykrar edilýär we şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasynda bellenilen tertipde hasapdan öçürilmäge degişlidir.

2. Merhum bolan şahsy tarapyň ýaşan we onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugy onuň merhum bolandygy barada habar alandan soň bäş günüň içinde merhum bolan şahsy tarapyň salgyt boýunça bergisiniň bardygy barada onuň mirasy barada iş açan kepillendiriş edarasyna habar bermäge borçludyr. Miras barada iş açan kepillendiriş edarasy görkezilen maglumaty, mirasdaryň (mirasdarlaryň) dykgatyna ýetirmelidir we miras kabul edilen ýagdaýynda, merhum bolan şahsy tarapyň salgydynyň tölenmän galan pul möçberini onuň ýerine tölemek borçlaryny oňa (olara) habar bermelidir.

3. Mirasdar (mirasdarlar) bolmadyk ýagdaýynda ýa-da mirasdar (mirasdarlar) mirasy kabul etmekden boýun gaçyran halatynda, şahsy tarap merhum bolan ýagdaýynda salgydyň tölenmedik pul möçberi üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip ykrar edilýär hem-de şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

### 53-nji madda. Dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk şahsy tarapyň ýerine salgyt tölemek

1. Kazyýet tarapyndan dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň ýerine, onuň şeýledigi ykrar edilen günündäki ýagdaýa görä, salgytlary, şeýle hem maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek borçlaryny, şol emlägiň hasabyna, dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarap ýerine ýetirýär. Salgydyň tölenmedik pul möçberi, şeýle hem görkezilen maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri, dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bellenen gününden başlap üç aýdan gijä galman tölenmelidir.

Degişli salgyt gullugy şahsy tarapyň dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen gününden başlap bäş gün möhletde onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen tarapa şol tarapyň salgyt boýunça bergileriniň, tölenmedik maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň bardygy hakynda habar bermäge borçludyr.

2. Şahsy tarap dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen pursadyndan onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bellenen gününe çenli hasaplanan maliýe jerimeler we puşmana tölegleri şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

3. Bellenen tertipde dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň salgyt boýunça bergilerini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini üzmäge şol şahsy tarapyň emläginiň ýeterlik (ýok) bolmadyk halatynda, onuň salgyt borçlarynyň, tölenmeli maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň görkezilen emlägiň bahasyndan artyk bölegi üzüljegine umyt bolmadyk bergi hasap edilýär we şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

Şahsy tarapy dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlen çözgüdi ýatyrmak barada çözgüt bellenilen tertipde kabul edilende, eger hak isleginiň wagt möhleti geçmedik bolsa, şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmanaa tölegleri boýunça öň hasapdan öçürilen bergiler gaýtadan dikeldilýär.

## 2-nji paragraf. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň, hasapdan öçürmegiň möhletlerini üýtgetmek

### 54-nji madda. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň bellenen möhletiniň has giç möhlete geçirilmegi olaryň tölenmeli möhletleriniň üýtgedilmegi diýlip hasap edilýär.

Salgydy, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölemäge degişli pul möçberleriniň ählisini ýa-da olaryň bir bölegini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp üzmek görnüşinde, berginiň pul möçberini degişlilikde, birwagtda ýa-da tapgyrlara bölüp tölemek bilen amala aşyrylýar.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek hakyndaky çözgütler:

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan - bir ýyla çenli möhleti yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde;

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy we onuň ýerlerdäki edaralary tarapyndan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda - 30 günden köp bolmadyk wagta möhleti yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde kabul edilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek bilen baglanyşykly möhletleri yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek barada has uzak döwürleri göz öňünde tutýan çözgüt kabul etmäge haklydyr.

**55-nji madda. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek boýunça möhleti yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň tertibi**

1. Salgyt töleýjä salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmeli möhletini yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge şu aşakdakylar esas bolup biler:

a) tebigy hadysalaryň, tehnologik betbagtçylyklaryň ýa-da gaýry ýeňip geçip bolmajak güýçleriň netijesinde bu tarapa zyýan ýetirilmegi;

b) bu tarapy Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirmegiň bökdelmegi;

ç) bu tarapa batmak howpy abananda, önümçilik işi togtadylanda ýa-da bozulanda, onuň salgyt tölegini bir wagtlaýyn töleýän halatynda;

d) şahsy tarapyň emläk ýagdaýy bir wagtlaýyn salgydy tölemäge mümkinçilik bermese;

e)harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz önüňde tutulan beýleki esaslar bolanda.

2. Aşakdaky ýagdaýlarda salgyt töleýjiniň salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemeli möhleti yza süýşürilip ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlip bilinmez:

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly jenaýat alamatlary boýunça onuň garşysyna jenaýat işi gozgalanda;

ol pul serişdesini ýa-da salgyt salynmaga degişli gaýry emlägini gizlemek üçin şol üýtgetmelerden peýdalanmakçy ýa-da bu tarapyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gitmekçi bolýanlygy barada pikir etmäge ýeterlik esaslar bolanda.

3. Şu Bitewi kanunyň 56-njy maddasynyň 4-nji bölüminde görkezilen ýagdaýlardan beýleki halatlarda tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da onuň möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi beren salgydyň pul möçberine möhletiň yza süýşürilmeginiň ýa-da böleklere bölüp tölemek mümkinçiliginiň güýjünde döwründe puşmana tölegi hasaplanyp ýazylmaýar.

4. Salgyt töleýjiniň salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek baradaky esaslar görkezilen we zerur resminamalar goşulan arzasy şeýle çözgüt kabul etmäge ygtyýarly edara berilýär.

5. Şu maddanyň 1-nji böluminiň “b”, ”ç”, ”d”, we “e” bölümçelerinde görkezilen esaslar boýunça salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek, şu Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz önüňde tutulmadyk bolsa, salgyt töleýjiniň emlägi girewine goýmak ýa-da tölemäge ukyply tarapyň kepil geçmegi bilen berlip bilner. Şunda tölegleriň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek baradaky arzanyň ýanyna girew goýuljak emläkler ýa-da kepil geçilýändigi baradaky resminamalar goşulmalydyr.

6. Salgydy, maliýe jerimesini we puşmana töleglerini tölemek möhletlerini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek ýa-da ondan boýun gaçyrmak baradaky çözgüt salgyt töleýjiniň arzasy alnan

gününden başlap bäş günüň dowamynda ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilýär. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň “a” bölümçesinde görkezilen esaslar boýunça ygtyýarly edaranyň salgyt töleýjä ýetirilen zyýanyň möçberinden artyk bolmadyk pul möçberde oňa salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

7. Möhleti yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek hakyndaky çözgütde tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň görnüşleri we olaryň pul möçberi, olary tölemegiň möhleti we tertibi, şeýle hem degişli ýagdaýlarda, girew goýlan emläk ýa-da kepil geçmek baradaky maglumatlar beýan edilmelidir.

8. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermezlik baradaky çözgütde onuň sebäpleri we esaslary beýan edilmelidir.

9. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek ýa-da bermezlik hakyndaky çözgüt Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä we onuň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda iberilýär.

### 56-njy madda. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň bes edilmegi

1. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagy ýa-da şu maddada göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, şeýle möhletiň tamamlanmagyna çenli möhletinden öň bes edilip bilner.

2. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi salgyt töleýji tarapyndan ähli bergiler bellenen möhlet tamamlanýança üzülen ýagdaýynda möhletinden öň bes edilýär.

3. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek baradaky çözgüt salgyt töleýjide şu Bitewi kanunyň 55-nji maddasynyň 2-nji bölüminde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylanda ýatyrylmaga degişlidir.

4. Salgyt töleýji tarapyndan salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmegiň ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermegiň şertleri bozulanda, degişli ygtyýarly edaranyň çözgüdi bilen, onuň güýji möhletinden öň bes edilmäge degişlidir.

Şeýle ýagdaýlarda salgyt töleýji degişli çözgüdi alan gününden soň bäş günüň dowamynda, çözgüdiň kabul edilen gününe çenli salgydyň maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenmedik pul möçberini tölemäge borçludyr.

5. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek hakyndaky çözgüt ygtyýarly edara tarapyndan salgyt töleýjä, onuň salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda ýazmaça görnüşde ýetirilmelidir.

### 57-nji madda. Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek

1. Eger salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegler boýunça bergiler üzüljegine umyt ýok diýlip ykrar edilse, ol Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilýär.

Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler şu aşakdaky ýagdaýlarda üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilýär:

salgydy töletmek boýunça şu Bitewi kanunyň 40-njy maddasynda bellenen hak isleginiň wagt möhletiniň tamamlanmagy;

maliýe jerimeleriniň ulanylan wagtyndan bäri bäş ýylyň geçmegi;

puşmana tölegi ulanylan salgydyň bellenen ýa-da salgydyň möçberi goşmaça hasaplanyp ýazylan

salgyt döwri tamamlanandan soň bäş ýylyň geçmegi.

Şu Bitewi kanunyň 50-nji, 52-nji we 53-nji maddalarynda bellenen we kazyýet tarapyndan çözgüt kabul edilen halatlarynda hem bergiler üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilýär.

2. Berginiň üzüljegine umyt ýok diýlip ykrar edilmegi barlag ykrarhaty (hak islegiň wagt möhletleri tamamlanan halatyndan başga ýagdaýlarda), degişli ýagdaýlarda bolsa, kazyýetiň çözgüdi bilen tassyklanmalydyr.

Salgyt töleýjileri we salgyt ýumuşçylaryny barlamak salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär. Şahsy taraplary barlamak güwäleriň ikisiniň gatnaşmagynda geçirilýär.

Barlagy geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

3. Hususylaşdyrylýan kärhananyň salgyt, maliýe jerimeler we puşmana tölegler boýunça bergileri, hususylaşdyrmak baradaky degişli çözgüt alnandan soň, salgyt gullugy tarapyndan hasapdan öçürilýär.

4. Salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler, aýry-aýry halatlarda Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilip bilner.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 3-nji paragraf. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek çäreleri

### 58-nji madda. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek

1. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi aşakdaky çäreler bilen üpjün edilýär:

bank edarasyna aksepsiz töleg talapnamasyny bermek;

emlägi girew goýmak;

kepil geçmek;

bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak;

salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini tutup almak;

soňra hasabyna salgyt töletdirmek bilen, şeýle emläge ygtyýar etmek we (ýa-da) peýdalanmak hukugyny gadagan etmek;

puşmana tölegini salmak.

2. Görkezilen çäreler (puşmana töleglerinden başga) salnan maliýe jerimelerini we hasaplanyp ýazylan puşmana töleglerini tölemegi üpjün etmekde hem ulanylyp bilner.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 59-njy madda. Bank edarasyna aksepsiz töleg talapnamasyny bermek

1. Bank edarasyna aksepsiz töleg talapnamasyny bermek arkaly salgydy tutup almak, salgydyň tölenmeli pul möçberiniň bellenen möhletinde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan tölenmedik ýagdaýynda salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Töleg talapnamasy salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň bellenen möhleti tamamlanandan soň, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplary açylan bank edarasyna berilýär.

2. Töleg talapnamasy salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) karz pul we býujet hasaplaryndan başga, milli we (ýa-da) daşary ýurt pulundaky islendik hasabyna berlip bilner.

### 60-njy madda. Emlägi girew goýmak

1. Emlägi girew goýmak salgyt borçlaryny ýerine ýetirmegi üpjün etmek çäresi hökmünde şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ulanylýar.

Harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda, olary tölemegi üpjün etmegiň çäresi hökmünde emlägi girew goýmak, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen ulanylýar.

2. Emlägi girew goýmak girew goýujy bilen degişlilikde girew saklaýjy bolup çykyş edýän salgyt

gullugynyň ýa-da gümrük gullugynyň arasyndaky ylalaşyk bilen resmileşdirilýär. Salgyt töleýjiniň özi hem, üçünji tarap hem girew goýujy bolup biler.

3. Emlägi girew goýmagyň hasabyna salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek emlägi girew goýmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

4. Girew goýlan zat bilen baglanyşykly haýsy hem bolsa bir geleşigi geçirmek, şol sanda girew goýujy tarapyndan bergini ýapmak maksady bilen geleşikleri geçirmek hem diňe girew saklaýjy bilen ylalaşylyp amala aşyrylyp bilner.

**61-nji madda. Kepil geçmeklik**

1. Kepil geçmeklik şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly salgydy tölemegi üpjün etmek babatynda bolsa, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen peýdalanylyp bilner.

Kepil geçmeklik Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgyt gullugy ýa-da gümrük gullugy bilen kepil geçijiniň arasyndaky ylalaşyk bilen resmileşdirilýär.

2. Salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmedik ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, onda kepil geçilendigi üçin, salgydyň tölenmeli degişli pul möçberini bellenen wagtda tölemek borjy salgyt töleýjiniň ýerine kepil geçiji tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**62-nji madda. Bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak**

1. Bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplarynda duran ýa-da şol hasaplara gelip gowuşýan pul serişdelerinden peýdalanmak hukugyny, şeýle hem şol ýa-da beýleki bank edarasynda täze hasap açmak hukugyny çäklendirýän çäre bolup durýar.

Görkezilen çäklendirme Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana töleglериniň tölenmegine, şu Bitewi kanunyň 44-nji maddasynda görkezilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine degişli däldir.

2. Bank edarasyndaky hasaplar boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan şu aşakdaky ýagdaýlarda kabul edilýär:

salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe hasabatynyň we (ýa-da) salgyt beýannamalarynyň berilmeli möhleti tamamlanandan başlap on günüň dowamynda olaryň berilmedik ýagdaýynda, şeýle hem olary bermekden boýun gaçyrylan halatynda;

salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan resminamalar esasynda barlag geçirmekde salgyt gullugynyň işgärlerine garşylyk görkezilende, şeýle hem resminamalar esasynda barlag geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň berilmedik halatynda.

Bank edarasyndaky hasaplar boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt, kabul edilen çözgüt hakynda salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) habarly etmek bilen bir wagtda iberilýär.

3. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplary boýunça işleri geçirmegi togtatmak salgyt gullugynyň çözgüdi alnan pursadyndan bank edarasy tarapyndan gürrüňsiz ýerine ýetirilmäge degişlidir we şol çözgüt ýatyrylýança ýa-da çözgütde görkezilen talaplar doly möçberde ýerine ýetirilýänçä onuň güýji bardyr.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**63-nji madda. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan tutup almak**

1. Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary, edara görnüşli taraplar ýa-da hususy telekeçiler bolup durýan üçünji taraplara salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmäge hukugy bardyr.

2. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarapa salgydyň tölenmedik pul

möçberini töletdirilende salgyt gullugynyň edarasy olara salgyt habarnamasyny iberýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarap görkezilen resminamalary alan gününiň ertesi günden gijä galman, bank edarasyna salgyt habarnamasynda görkezilen pul möçberiniň çäklerinde, salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini Türkmenistanyň döwlet býujetine geçirmek barada töleg tabşyrygyny bermelidir.

Üçünji tarap salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisiniň ýokdugy barada bäş günüň dowamynda salgyt gullugynyň edarasyna esaslandyrylan ýazmaça tassyknama getiren ýagdaýynda onuň töleg geçirmezlige hukugy bardyr.

3. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarapyň şu maddanyň 2-nji bölüminiň talaplaryny ýerine ýetirmedik halatynda, salgyt gullugy şu Bitewi kanunyň 59-njy maddasyna laýyklykda, üçünji tarapyň hasap açan bank edarasyna şu bergidaryň salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisinden geçmeýän möçberde aksepsiz töleg talapnamasyny berýär.

**64-nji madda. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek**

1. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek olar tarapyndan salgyt tölemek boýunça borjy bellenen möhletde ýerine ýetirilmedik halatynda, şol sanda salgyt gullugynyň şu Bitewi kanunyň 59-njy, 62-nji, 63-nji maddalarynda göz öňünde tutulan çäreler ulanandan soň pul serişdeleri ýetmedik halatynda geçirilýär.

2. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek üçin salgyt gullugy:

şol döwürde onuň emläginiň kimde saklanýandygyna garamazdan, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine ygtyýar etmek we ulanmak hukugyny gadagan edýän karar kabul edýär;

salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmek üçin niýetlenen emlägiň sanaw ýazgysyny geçirýär;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) - şahsy tarapyň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek hakynda kazyýete talap arzasyny resmileşdirýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) - edara görnüşli tarapyň emläginiň hasabyna salgydyň jedelleşilmeýän möçberini töletdirmek salgyt gullugy tarapyndan kazyýete talap arzasyny resmileşdirmezden, şu Bitewi kanunyň 69-njy maddasyna laýyklykda ony elden almak we ýerlemäge bermek arkaly amala aşyrylýar. Emlägiň alynmagy we ýerlemek üçin berilmegi ykrarhat bilen resmileşdirilýär we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karar çykarylandan soň 15 günden gijä galynman amala aşyrylýar.

3. Býujet guramalarynyň emläginiň hasabyna, şeýle hem girewde duran emlägiň hasabyna salgyt töletdirilmeýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**65-nji madda. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek**

1. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek üçin salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň), şol wagtda emlägiň kimde saklanýandygyna garamazdan, salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmäge hukugy bardyr.

2. Salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek salgyt gullugynyň karary bilen resmileşdirilýär.

Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky karary salgyt tölemek üçin bellenen günden başlap bir aýyň dowamynda çykarylýar we ol aşakdakylary öz içine almalydyr:

wezipeli adamynyň ady, atasynyň ady, familiýasy we karar çykaran salgyt gullugynyň edarasynyň ady;

kararyň kabul edilen senesi we belgisi;

emlägiň hasabyna salgydy töletmek çäresi görlen salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ady we salgysy;

şu Bitewi kanunyň 59-njy maddasynda bellenen tertipde töletdirilen pul möçberini hasaba almak

bilen, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna tölemäge degişli salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň pul möçberi;

emlägiň sanaw ýazgysyny geçirmek hakynda çözgüt;

kararyň güýje girýän senesi.

Karara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan gol çekilýär we möhür bilen tassyklanýar.

3. Emläge ygtyýar etmegi gadagan etmek şu yzygiderlilikde geçirilýär:

a)nagt pul serişdeleri;

b) önümçilik däl maksatly emläk;

ç) taýýar önümler (harytlar), şeýle hem önümçilige göni gatnaşmaýan we (ýa-da) önümçilik üçin niýetlenilmedik beýleki maddy gymmatlyklar;

d) önümçilige göni gatnaşdyrmak üçin niýetlenen çig mal we materiallar, şeýle hem stanoklar, enjamlar, jaýlar, desgalar we beýleki esasy serişdeler;

e) emläge eýeçilik hukugy beýleki taraplara geçmezlik şerti bilen, eýeçilik etmek, ulanmak ýa-da ygtyýar etmek üçin olara berlen emläk;

ä) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda töletdirmek çäresini görüp bolmaýan emläklerden başga emläkler.

Ylalaşyk boýunça lizinge berlen emlägi, şol ylalaşygyň möhleti tamamlanýança, ygtyýar etmek gadagan edilmeýär.

4. Salgyt gullugy kazyýete talap arzasyny berýänçä salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlar ýerine ýetirilende, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary kabul eden salgyt gullugynyň wezipeli adamy tarapyndan ýatyrylýar.

## 66-njy madda. Emlägiň sanaw ýazgysy

1. Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakynda karar çykarylandan soň haýal etmän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) töletdirilmeli emlägiň ýazgysyny etmäge girişmäge borçludyr.

2. Emlägiň sanaw ýazgysy salgydy tölemek, zerur ýagdaýlarda bolsa emlägi saklamak we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylary ýapmak üçin gerek bolan mukdardaky emlägiň ýazgysy geçirilýär. Emlägiň sanaw ýazgysy salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäri tarapyndan geçirilýär.

3. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, salgyt gullugynyň emläge ygtyýar etmäge salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hukugyny gadagan edýän kararynyň bir nusgasyny we özüniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (talapnamany) salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da onuň wekiline gowşurmaga borçludyr.

4. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň sanaw ýazgysy olaryň gatnaşmagynda, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) edara görnüşli tarap bolanda bolsa, salgyt beýannamasyny dogry düzmäge jogapkär, şeýle hem maddy jogapkär adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

Salgyt töleýjiniň salgyt töletdirilýän emläginiň sanaw ýazgysy ykrarhaty bilen resmileşdirilýär.

Salgyt töleýjide salgyt töletdirilip bilinjek emläk bolmadyk halatynda hem ykararhaty düzülýär.

5. Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilýärkä salgydyň hasabyna alynýan emlägiň deslapky nyrhy kesilýär. Nyrh kesmek, emlägiň könelmegi nazarda tutulyp, hakyky bazar bahasy boýunça geçirilýär.

Sanaw ýazgysy geçirilýän emläge nyrh kesmek üçin salgyt gullugynyň bilermenleri (hünärmenleri) çekmäge hukugy bardyr.

6. Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilýärkä salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugynyň işgärine, birinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukuklydyr. Salgyt gullugynyň işgäri, eger ol aýdylan salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmäge päsgelçilik döretmeýän bolsa, ony kanagatlandyrmaga borçludyr.

7. Salgyt gullugynyň işgäri sanaw ýazgysy geçirilen emlägi möhürläp biler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 67-nji madda. Emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhatynyň mazmuny

Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhatynda aşakdakylar görkezilýär:

ykrarhatynyň ýazylan wagty we ýeri;

salgyt gullugynyň işgäriniň, şeýle hem ykrarhaty taýýarlananda gatnaşanlaryň atlary we familiýalary;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň), salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolup durýan edara görnüşli tarapyň salgyt beýannamasynyň dogry ýazylyşyna jogap berýän, şeýle hem maddy jogapkär işgärleriniň atlary we familiýalary;

her bir ýazgy edilýän zadyň ady, tapawutly alamatlary (agramy, ölçegi, könelme derejesi we beýlekileri), salgydyň hasabyna alynýan her bir zadyň kesilen bahasy we ähli emlägiň gymmaty;

möhürlemek geçirilýän bolsa, möhürlenen zatlaryň sanawy;

eger emlägi saklamak salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özüne ýüklenmeýän bolsa, başga bir tarapa saklamaga bermek üçin alynýan emlägiň sanaw ýazgysy;

emlägi saklamaga berlen tarap we onuň salgysy;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) habardar edilendigi we onuň beýleki adamlara emlägi saklamak boýunça borçlarynyň we jogapkärçilikleriniň düşündirilendigi barada ýazgy;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) we emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende gatnaşanlaryň bellikleri we arzlary.

Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhaty salgyt gullugynyň işgäri, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) we emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende gatnaşan adamlar tarapyndan gol çekilýär. Ykrarhatynyň nusgalyklary gyzyklanýan taraplaryň ählisine iberilýär.

## 68-nji madda. Sanaw ýazgysy geçirilen emlägi saklamak

1. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt tölegi alynýan sanaw ýazgysy geçirilen emlägi salgyt gullugynyň wezipeli adamy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da beýleki bir tarapa gol çekdirip, emlägi saklamaga berýär. Olara salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhatynyň nusgasy berilýär.

Salgydyň hasabyna alynýan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli bolan nagt pul serişdeleri, şol sanda daşary ýurt pullary, gymmatly kagyzlar, gymmat bahaly metallaryň guýmasy, çägeli çökündileri, tebigy tokgasy, olaryň ýarym taýýarlananlary hem-de önümçilik we tejribe maksatly önümleri, almazlar, şeýle hem altyndan, kümüşden we platinadan we platina toparyna degişli metallardan, gymmat bahaly daşlardan, dürden taýýarlanan zergärçilik we beýleki durmuşda ulanylýan önümler hem-de olaryň galyndylary bank edarasyna saklamaga berilýär.

2. Salgyt gullugynyň rugsady bolmasa ýazylan emlägi saklaýjy tarap şeýle emläk babatynda hiç bir iş geçirip bilmez.

3. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özünden başga, saklamak üçin emläk berlen tarapa, emlägi saklamak üçin çykaran hakyky çykdajylarynyň we şeýle tarapyň girdejileriniň üstüni ýapmak üçin oňa hak tölenýär. Şu pul möçberiniň öwezi salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) satylan emläginden alnan serişdeleriň hasabyna dolunýar.

4. Saklamaga berlen emlägiň ýitirilendigi, ýetmeýändigi ýa-da zyýan ýetirilenligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda emläk saklaýjy jogapkärçilik çekýär.

5. Salgyt tölegi töledilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägi eýeçiliginde bolan tarap salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäriniň talap etmegi boýunça salgyt gullugyna emlägi salgyt gullugyna bermäge borçludyr. Görkezilen talap ýerine ýetirilende (ýerine ýetirilen pursadyndan) şeýle tarap saklamaga berlen emlägiň bahalarynyň möçberinde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) öňündäki ähli borçlaryndan boşadylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 69-njy madda. Emlägiň hasabyna salgyt töletdirmek barada kazyýete talap arzasyny bermek we emlägi ýerlemegiň tertibi

1. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt tölegini almak baradaky talap arzasy salgyt gullugy tarapyndan kazyýete berilýär. Talap arzany bermegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýär.

2. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek baradaky talap arzasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karar kabul edilenden soň alty aýyň dowamynda degişli kazyýete berlip bilner.

3. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgyt töleginiň alnandygy baradaky talap arzanyň ýanyna salgyt gullugynyň salgyt töledilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary, töletdirilýän emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhaty we talap arzasyna seretmek üçin talap edilýän beýleki resminamalar goşulýar.

4. Emlägi ýerlemek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň ýa-da bölek satuw subýektleriniň üstünden, salgyt gullugy edaralary tarapyndan emlägi ýerlemek üçin tabşyrmagyň şertleri, kabul edip almagyň we ýerlemegiň şertleri we bu emläk üçin Türkmenistanyň Döwlet býujeti bilen hasaplaşyklaryň tertibi kesgitlenen ylalaşyklaryň esasynda amala aşyrylýar. Emlägiň aýry-aýry görnüşlerini ýerlemek üçin beýleki döwlet edaralary hem çekilip bilner.

Soňundan ýerlemek üçin emlägi bermek salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan, şu Bitewi kanunda bellenilen halatlarda bolsa - kazyýetiň wekiliniň hökmany suratda gatnaşmagynda, kazyýetiň çözgüdiniň alnan pursadyndan soň 5 günüň dowamynda amala aşyrylýar. Emläk kabul edilip alnan pursadyndan onuň bitewiligi we saklanyşy üçin jogapkärçiligi emlägi kabul edip alan tarap çekýär.

Emlägi ýerlemek birža ýygymlaryny almazdan geçirilýär.

5. Zerur bolan halatlarynda, oňa bolan islegi göz öňünde tutmak bilen, emläge gaýtadan baha kesmäge rugsat edilýär. Emläge gaýtadan baha kesmek boýunça toparyň düzümine bu emläge ilkibaşda baha kesmäge gatnaşan edaralaryň wekilleri goşulýar. Emläge gaýtadan baha kesmegiň geçirilendigi hakynda ykrar haty düzülýär, onuň bir nusgasy salgyt gullugy edarasyna berilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**70-nji madda. Puşmana tölegleri**

1. Puşmana tölegleri salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgydy tölemek üçin bellenen möhleti bozan ýagdaýynda salynýar.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt tölemek borçlary bank edarasynyň günäsi bilen öz wagtynda ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda puşmana tölegi bank edarasyna salynýar. Şu ýagdaýda puşmana tölegleri salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatynda ulanylmaýar.

Salgyt şu aşakdaky ýagdaýlarda öz wagtynda tölenmedik halatynda puşman tölegleri ulanylmaýar:

salgyt töleýji tarapyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edara tarapyndan salgyt ýalňyş hasaplananda;

Salgyt ýumuşçylary - býujet guramalary tarapyndan býujetden maliýeleşdirmegiň çykdajy sanawlarynda göz öňünde tutulan, şahsy taraplaryň girdejilerinden alynýan salgytlar babatynda, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň, Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygynyň serişdeleriniň we daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, beýleki şahslar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömegiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde alynýan serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýan töleglerden alynýan salgytlar babatynda.

2. Puşmana töleginiň tölenen gününi goşmak bilen we şu Bitewi kanunyň 40-njy maddasynda bellenilen, salgydy almak boýunça hak isleginiň wagt möhleti tamamlanýança, töleg möhletiniň geçirilen her bir senenama güni üçin, salgydyň bellenen möhletde tölenmedik pul möçberiniň 0,03 göterimi möçberinde salynýar. Şeýle hem puşmana tölegini salmak, şu Bitewi kanunyň 50-nji, 52-nji we 53-nji maddalarynda bellenilen we kazyýet tarapyndan degişli çözgüt çykarylan ýagdaýlarda, berginiň umytsyz diýip hasap edilen möhletleri bilen hem çäklendirilýär.

Salgyt nagt däl görnüşde tölenende, bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) töleg tabşyrygyny ýa-da salgyt gullugynyň töleg talapnamasyny ýerine ýetirmek üçin bellenen möhlet geçirilen möhlete goşulmaýar.

Goşmaça hasaplanan salgyt möçberiniň wagtynda tölenmändigi üçin puşmana tölegleri şu Bitewi kanunda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda salgydyň her bir görnüşi üçin ulanarlykly bellenen möhletlerden başlap, salgydyň tölenmedik ähli döwrüne hasaplanýar.

Salgyt töleýji tarapyndan goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasy ýa-da

öň tabşyrylmadyk salgyt beýannamasy tabşyrylanda, hasaplanyp ýazylan puşmana tölegler, şol sanda deslapky tölegler görnüşindäki goşmaça hasaplanyp ýazylan (azaldylan) salgytlaryň möçberi hem gaýtadan hasaplanýar. (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasynyň ikinji bölegine, 88-nji maddasynyň bäşinji bölegine, 162-nji maddasynyň birinji bölegine girizilen goşmaçalar we üýtgetmeler 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlanýan döwre ulanylýar diýip 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul eidlen Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen).

3. Salgyt gullugy geçen aý üçin hasaplanan puşmana töleginiň möçberi barada indiki aýyň 5-ine çenli möhletde salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny her aýda iberýär.

Puşmana tölegi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan oňa salgyt habarnamasy gowşurylandan soň on günüň dowamynda tölenýär.

Puşmana tölegi salgyt tölenenden soň tölenýär.

4. Salgydyň bellenen möçberine düzediş girizilmegi öň hasaplanan puşmana töleginiň möçberiniň üýtgemegine getirer.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

## V bölüm. Türkmenistanyň salgyt gullugy

### 71-nji madda. Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary

1. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy we onuň welaýatlardaky, şäherlerdäki we etraplardaky düzüm birlikleri Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary bolup durýarlar.

Salgyt gullugy edaralary öz üstlerine ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirýärler, şu Bitewi kanuna we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalaryna laýyklykda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýärler.

Salgyt gullugy edaralary öz işlerini beýleki döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşykda alyp barýarlar.

2. Salgyt gullugy edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda öz üstlerine ýüklenen beýleki wezipeleri hem ýerine ýetirip bilerler.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň umumy serişdeleriniň hasabyna salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet haklarynyň diňe 50 göterimi maliýeleşdirilýär.

Salgyt gullugynyň işgärleriniň zähmet hakynyň galan bölegi 50 göterim möçberinde ulanylan we tölenen (töletdirilen) jerimeleriniň we puşman tölegleriniň möçberiniň 50 göteriminiň hasabyna maliýeleşdirilýär.

### 72-nji madda. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy

1. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tabyndyr we özi hakyndaky Düzgünnamanyň esasynda hereket edýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) doly we wagtynda hasaba alynmagyny üpjün etmek, Türkmenistanyň döwlet býujetine salgytlaryň dogry hasaplanylyşyna, salgytlaryň doly we wagtynda tölenilişine gözegçilik geçirmek;

salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişi boýunça maglumatlary ýygnamak we olary seljermek, ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak;

öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen meseleler boýunça usulyýet we gollanma görkezmelerini çykarmak;

salgyt gullugy edaralarynyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça şahsy we edara görnüşli taraplaryň arzalaryna we ýüz tutmalaryna bellenilen tertipde garamak;

beýleki döwletler bilen salgyt salmak meseleleri boýunça ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmak;

beýleki döwletleriň salgyt edaralary bilen özara iş alyp barmak.

2. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy özüniň welaýatlardaky, şäherlerdäki, etraplardaky düzüm birlikleriniň işlerini guraýar we olara ýolbaşçylyk edýär.

## 73-nji madda. Döwlet salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň derejeleri

Döwlet salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna aşakdaky şahsy derejeler berlip bilner:

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň baş geňeşçisi;

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I, II we III derejeli baş geňeşçisi;

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň uly geňeşçisi;

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I, II we III derejeli uly geňeşçisi;

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň geňeşçisi;

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I, II we III derejeli geňeşçisi.

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň baş geňeşçisi we Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I derejeli baş geňeşçisi diýen atlar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan berilýär.

Döwlet salgyt gullugynyň edaralarynyň gullukçylarynyň işgärleriniň şahsy atlary we at üçin wezipe aýlyk zähmet haklaryna goşmaça tölegler bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

## 74-nji madda. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary

1. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň aşakdakylara hukuklary bardyr:

salgyt töleýjilerden (salgyt ýumuşçylaryndan) we bank edaralaryny goşmak bilen, beýleki taraplardan salgydy hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän, bellenen tertipde tassyklanan görnüşler boýunça resminamalary we beýleki maglumatlary, şeýle hem salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň hasaplanyşynyň dogrulygy we öz wagtynda tölenendigi barada düşündirişleri, olary tassyklaýan resminamalary talap etmäge we almaga;

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen tertipde salgyt barlaglaryny geçirmäge;

zerur bolan halatlarda salgyt töleýjiniň emlägini tükellemegi guramagy amala aşyrmak;

hünärmenleri we bilermenleri çekmek we olardan salgyt gullugynyň ygtyýarlygyna girmeýän, emma salgyt salmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça netijenama almak;

beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde barlaglara gatnaşmaga;

şu Bitewi kanuna we Türkmenistanyň hereket edýän kanunlaryna laýyklykda, resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende şahsy we edara görnüşli taraplaryň girdeji (peýda) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri geçirmek üçin peýdalanylýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny, şeýle hem şu işler bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmäge;

elektron gözegçilik - kassa abzallaryny ulanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işler boýunça teswirnama düzmäge;

salgyt töleýji tarapyndan resminamalar (maglumatlar) berilmedik ýagdaýynda, bar bolan maglumatlaryň esasynda tölenmäge degişli salgydyň möçberini özbaşdak anyklamaga we kesgitlemäge;

salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle hem salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli resminamalary we (ýa-da) maglumatlary bolan beýleki adamlary salgyt gullugy edaralaryna çagyrmaga;

şu Bitewi kanunyň we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalary tarapyndan bellenen beýleki hukuklar.

2. Salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary degişli salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýan wezipe gollanmalarynda berkidilýär.

## 75-nji madda. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary

1. Salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary aşakdakylara borçludyr:

şu Bitewi kanuna, Türkmenistanyň kanunçylygynyň beýleki namalaryna berk laýyklykda iş alyp

barmaga;

salgyt syrlaryny we salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) baradaky maglumatlary saklamagyň düzgünlerini berjaý etmäge;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge, salgyt töleýjilerden (salgyt ýumuşçylaryndan) ýüze çykarylan düzgün bozulmalary düzetmegi we görkezilen talaplary ýerine ýetirmegi talap etmäge;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny) olaryň haýyşlary boýunça, hereket edýän salgytlar, olary tölemegiň tertipleri we möhletleri, salgyt töleýjileriň hukuklary we borçlary, şeýle hem Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli namalary hakynda salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny) habardar etmäge;

salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gaýry gatnaşyjylaryň abraýyny hem-de mertebesini hormatlamaga.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň şu Bitewi kanunda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda bellenen beýleki borçlary hem bardyr.

2. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary degişli salgyt gullugy edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanýan wezipe gollanmalarynda berkidilýär.

3. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň şu maddada görkezilen borçlaryndan başga-da Türkmenistanyň “Döwlet gullugy hakyndaky” Kanunyna we Türkmenistanyň “Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip almak hakyndaky” Kanunyna laýyklykda borçlary bardyr.

**76-njy madda. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň işindäki çäklendirmeler**

1. Türkmenistanyň salgyt gullugy edarasynyň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň işinde Türkmenistanyň “Döwlet gullugy hakyndaky” Kanunynda we Türkmenistanyň “Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip almak hakyndaky” Kanunynda bellenen, döwlet gullugyny geçmegi bilen baglanyşykly çäklendirmeler bardyr.

2. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatynda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek gadagan edilýär:

a) eger salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy)- şahsy tarap ýa-da edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da baş hasapçysy salgyt gullugy edarasynyň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň ýakyn garyndaşy bolsa;

b) oňa olar ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlary göni ýa-da gytaklaýyn maliýe taýdan garaşly bolsa.

**77-nji madda. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuk goraglylygy**

1. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary döwlet häkimiýetiniň wekilleri bolup durýarlar we döwletiň goragy astynda bolýarlar. Olaryň kanuny talaplarynyň salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) we olaryň kanuny wekilleri tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmandyr.

2. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeklerine päsgelçilik döretmek, gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly olaryň abraýyny we mertebesini peseltmek, haýbat atmak, garşylyk görkezmek, olaryň jany, saglygy babatynda zorluk ulanmak we emlägine hyýanat etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

**78-nji madda. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky maglumatlaryň gizlinligi**

1. Salgyt gullugy edarasy tarapyndan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) barada alnan islendik maglumatlaryň aşakdakylardan başgasy salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky syr bolup durýar:

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özbaşdak ýa-da onuň razyçylygy bilen aýan edilen maglumatlar;

Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralaryna, kazyýetlerine we jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça

ygtyýarly döwlet edarasyna berilýän maglumatlar;

salgyt töleýjiniň salgyt belgisi baradaky maglumat;

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagy we şol bozulmalar üçin jogapkärçilik çäreleri baradaky maglumatlar;

Türkmenistanyň halkara ylalaşyklaryna laýyklykda, beýleki döwletleriň salgyt ýa-da hukuk goraýjy edaralaryna berilýän maglumatlar.

2.Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar we olaryň wezipeli adamlary hem-de gullukçylary, şol sanda ozal bu işde işlänler, daşyndan çekilen hünärmenler we bilermenler salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky maglumatlaryň, Türkmenistanyň salgyt hakyndaky kanunçylygynda göz öňünde tutulanlaryndan başgasynyň gizlinligini saklamaga borçludyrlar.

3.Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) baradaky gizlin maglumatlar bolan resminamalaryň ýitirilmegi ýa-da şeýle maglumatlary aýan etmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

(2009-njy ýylyň 2-nji iýulyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., №___, ___ -nji madda)

### 79-njy madda. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan salgyt gullugy edaralarynyň we beýleki edaralaryň, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň jogapkärçilikleri

1. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan salgyt gullugynyň edaralary, beýleki edaralar, şeýle hem olaryň wezipeli adamlary we gullukçylary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan salgyt gullugynyň edaralarynyň we beýleki edaralaryň wezipeli adamlary we gullukçylary özleriniň bikanun hereketleri ýa-da hereketsizlikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

## VI bölüm. Salgyt barlaglary

### 80-nji madda. Salgyt barlaglarynyň görnüşleri

1. Salgyt gullugy kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýär. Salgyt barlagy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlag geçirilýän ýyldan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk wagtdaky işini öz içine alyp biler. Haçan-da bu döwrüň salgyt özeni öňki döwürlerde amala aşyrylan amallary ýa-da solar boýunça girdejileri (aýyrmalary, ýitgileri) hasaba almak bilen hasaplanylsa, görkezilen çäklendirme ulanylman bilner.

2. Kameral (deslapky) we resminamalaýyn barlaglar geçirilende salgyt gullugyna salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki taraplar bilen baglanyşykly işleri barada maglumat almak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, salgyt gullugy bu taraplardan barlanýan salgyt töleýjiniň ýa-da salgyt ýumuşçysynyň işine degişli resminamalary talap edip biler (garşylyklaýyn barlag).

3.Salgyt gullugynyň işine gözegçilik tertibinde gaýtadan resminamalaýyn barlag ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan şu gullugyň çözgüdiniň esasynda geçirilýär.

4. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edilen taraplarda resminamalaýyn salgyt barlagy, şu Kanunyň talaplaryny göz öňünde tutmak bilen geçirilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

### 81-nji madda. Kameral salgyt barlagy

1. Kameral salgyt barlagy salgyt gullugy edarasynyň ýerleşýän ýerinde salgyt beýannamalarynyň, maliýe hasabatlarynyň we salgyt töleýji (salgyt ýuimişçysy) tarapyndan berlen, salgydy hasaplamak we töleraek üçin esas bolup hyzmat edýän beyleki resminamalaryň, şeýle hem salgyt gullugynda bar bolan beyleki resminamalaryň we maglumatlaryň esasynda geçirilýär.

2. Kameral barlag salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň haýsydyr bir ýörite çözgüdi bolmazdan, öz gulluk

borçlaryna laýyklykda, salgyt gullugynyň ygtyýarly işgärleri tarapyndan, salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamalarynyň we salgydy hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän beýleki resminamalaryň berlen gününden başlap otuz günüň dowamynda geçirilýär.

3. Eger kameral barlagda resminamalaryň doldurylyşynda ýalňyşlyklar ýa-da berlen maglumatlarda çapraz gelmeler ýüze çykarylsa, onda olara düzediş girizmegi talap etmek bilen, salgyt töleýjä bu barada habar berilýär.

Eger kameral barlagda salgytlaryň tölenmäge degişli pul möçberiniň azalmagyna getirýän ýalňyşlyklar ýüze çykarylan halatynda, onda salgyt gullugynyň kameral salgyt barlagyny geçirýän işgäri salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzýär. Ykrarhatyna salgyt gullugynyň kameral salgyt barlagyny geçirýän işgäri tarapyndan gol çekilýär we salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) tarapyndan tassyklanýar. Kameral salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzmegiň görnüşi we talaplary Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýär.

Kameral salgyt barlagynyň netijesinde salgydyň möçberiniň azaldylmagy üçin maliýe jerimeleriň salynmagyna getirmeýär.

4. Kameral salgyt barlagynyň netijesinde salgydyň pul möçberiniň salgydyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan hasaplanan pul möçberine laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda, salgyt gullugy bellenilen salgydyň pul möçberi barada oňa salgyt habarnamasyny iberýär.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 82-nji madda. Resminamalaýyn salgyt barlagy

1. Resminamalaýyn salgyt barlagy salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän görkezmäniň esasynda geçirilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek baradaky görkezmäniň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

Salgyt töleýjä görkezmäniň asyl nusgasy görkezilýär. Salgyt töleýjiniň görkezme bilen tanyşmakdan boýun gaçyrmagy resminamalaýyn salgyt barlagyny ýatyrmak üçin esas bolup durmaýar.

2. Salgyt töleýji zerur bolan halatlarda resminamalaýyn barlag geçiriljekdigi barada ol başlanmazyndan azyndan bäş iş gün öňünden gijä galman habarly edilýär.

Resminamalaýyn barlag salgyt tölemekden ýüz öwrülýändigini görkezýän ýeterlik esaslar bolanda öňünden habar berilmezden hem geçirilip bilner.

3. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän barlagyň başyna çenli tamamlanan salgyt döwürleri üçin geçirilýär. Zerur bolan ýagdaýlarda, resminamalaýyn salgyt barlagy barlag geçirilmäge başlanan pursadyna çenli tamalanan hasabat döwrürleri üçin geçirilip bilner. Iki ýagdaýda-da barlagyň geçirilip başlanmaly wagty şol döwürler üçin hasabaty tabşyrmak üçin bellenen möhletinden soň bellenmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýän döwründe salgyt töleýji tarapyndan barlanýan döwrüň maliýe hasabatyna, salgyt beýannamalaryna we gaýry resminamalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilmegine ýol berilmeýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy iki aýdan köp dowam etmeli däldir. Aýratyn halatlarda, ýokarda durýan salgyt gullugy onuň dowamlylygyny ony tamamlamak üçin zerur bolan, emma bir ýyldan köp bolmadyk möhlete çenli uzaldyp biler.

Barlag geçiren aşakda durýan salgyt gullugynyň edarasynyň işine gözegçilik etmek tertibinde ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy edara görnüşli tarap üýtgedilip guralan ýa-da ýatyrylan ýagdaýlarynda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda öňki barlagyň haçan geçirilen wagtyna garamazdan geçirilip bilner.

4. Eger resminamalaýyn salgyt barlagynyň barşynda döwlet salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygyna şaýatlyk edip biljek ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda, salgyt töleýjiden şunuň ýaly kanun bozulmalaryna subutnama hökmünde hyzmat edýän resminamalaryň bellenen tertipde tassyklanan nusgasy berilmegi talap edilip bilner ýa-da olar alynmaga degişlidir.

Salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgäriniň talap etmegi boýunça, üç gün möhletde şunuň ýaly resminamalaryň nusgasyny bermäge borçludyr.

Resminamalary almak salgyt gullugynyň resminamalaýyn barlagy geçirýän işgäriniň kararynyň esasynda geçirilýär. Resminamalary almak baradaky kararyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt

gullugy tarapyndan tassyklanýar.

Resminamalary almak barlanýan salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň gatnaşmagynda, salgyt töleýji - şahsy tarap barlanan halatynda bolsa, şol tarapyň özüniň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär. Resminamalary almagy geçirmek barada, resminamalary takyk görkezmek bilen teswirnama düzülýär, onuň nusgasy resminamalary alnan tarapa gowşurylýar. Şunda salgyt töleýjä alnan resminamalaryň nusgasy galdyrylýar.

Öň alnan resminamalary yzyna gaýtarmak salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna we kazyýete beren şikaýatlaryna garalandan ýa-da olar alnan pursadyndan bir ýyl geçenden soň geçirilýär. Zerur bolan halatlarda görkezilen möhlet Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi bilen uzaldylyp bilner.

5. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan salgyt barlagynyň ykrarhaty düzülmelidir. Ykrarhaty barlagyň tamamlanmaly gününden gijä galman düzülýär.

6. Salgyt barlagynyň ykrarhatynda barlagyň barşynda ýüze çykarylan salgyt hukuk bozulmalarynyň resminamalaýyn tassyklanan ýagdaýlary ýa-da şeýle ýagdaýlaryň ýokdugy, şeýle hem ýüze çykarylan düzgün bozulmalary düzetmek boýunça barlagçylaryň netijeleri we teklipleri hem-de şu Bitewi kanunyň salgyt hukuk bozulmalarynyň şu görnüşi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalaryna salgylanmalar görkezilmelidir.

Ykrarhatynyň düzülişine bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýär.

Salgyt barlagynyň ykrarhaty bilen barlanýan salgyt töleýji edara görnüşli tarap bolanda onuň kanuny wekili, şahsy tarap bolanda salgyt töleýjiniň özi ýa-da wekili tanyşdyrylmalydyr. Ykrarhaty bilen tanyşmak möhleti üç iş gününden köp bolmaly däldir. Salgyt barlagynyň ykrarhatyna gol çekmekden ýüz öwrülende onuň ýüzünde degişli ýazgy edilýär.

7. Şu madda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt ýumuşçylary we beýleki taraplar babatynda hem ulanylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 83-nji madda. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça çözgüt

1. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna we oňa goşulan barlag resminamalaryna salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) seredýär.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan barlag resminamalaryna seredilmeli wagty 5 günden geçmeli däldir.

Salgyt töleýji tarapyndan nägilelik bildirilen halatynda resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna barlanýan salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň, barlanýan salgyt töleýji şahsy tarap bolanda, şol tarapyň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda seredilýär.

Salgyt töleýji ýa-da onuň wekili gelmedik halatynda, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna we salgyt töleýjiniň bildiren nägileligine olaryň bolmadyk ýagdaýynda seredilýär.

2. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň netijesi boýunça salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) aşakdaky ýaly çözgütleri çykarýar:

şu Bitewi kanunyň 88-94-nji maddalaryna laýyklykda, salgyt hukuk bozmalary üçin salgyt töleýjini jogapkärçilige çekmek barada;

salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek barada.

3. Kabul edilen çözgüt Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanan görnüş boýunça iki nusgalykda düzülýän karar bilen resmileşdirilýär. Karar salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) tarapyndan onuň tassyklanan pursadyndan güýje girýär.

Kararyň bir nusgalygy çözgüt çykarylandan soň üç günden gijä galman salgyt töleýjä ýa-da onuň wekiline gol çekdirilip ýa-da salgyt töleýjä gowşurylan senesini tassyklaýan başga ýollar bilen berilýär.

Kararyň beýleki nusgalygy salgyt gullugynda salgyt töleýjiniň barlag resminamalary bilen bilelikde saklanýar.

4. Eger resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna seredilende Türkmenistanyň Jenaýat Bitewi kanunynda jogapkärçilik çekilmegi bellenen jenaýat alamatlarynyň barlygyna şaýatlyk edýän salgyt hukuk bozmalarynyň mysallary ýüze çykarylan halatynda, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty we barlagyň resminamalary, olara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysy orunbasary) tarapyndan seredilenden soň on günden gijä galman hukuk goraýjy edaralara geçirilýär.

5. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda salgyt kanun bozulmalary baradaky iş boýunça hakyky maglumatlar, maddy, ýazmaça we beýleki subutnamalardaky maglumatlar, barlagyň beýleki maglumatlary, şeýle hem şunuň ýaly düzgün bozmalar üçin jogapkärçilige çekilýän adamlar hakyndaky maglumatlar görkezilen işe seredilmezden we ol barada çözgüt kabul edilmezinden öň aýan edilip bilinmez.

Salgyt hukuk bozulmalaryny derňemek we öňüni almak maksady bilen özara kömek we maglumat alyşmak hakyndaky halkara şertnamalaryna (ylalaşyklaryna) laýyklykda berilýän maglumatlar muňa girmeýär.

Bellenen tertibiň bozulmagy salgyt syryny aýan etmeklige barabar hasaplanýar.

6. Şu maddada görkezilen tertip, salgyt hukuk bozmalary üçin şu Bitewi Kanunyň 88-94-nji maddalaryna laýyklykda jogapkärçilik çäreleri ulanylyp bilinjek salgyt ýumuşçylary we salgyt hukuk bozmalaryna ýol beren beýleki taraplar babatynda ulanylýar.

### 84-nji madda. Salgyt barlaglary

1. Salgyt borçlarynyň ýerine ýetirilişine gündelik gözegçiligi üpjün etmek üçin salgyt gullugy salgyt barlaglaryny geçirmäge haklydyr.

Salgyt barlaglary aşakdaky maksatlar üçin geçirilýär:

girdejiler we salgyt salynýan beýleki binýatlar barada maglumat toplamak;

salgyt borçnamalary boýunça bergileriň döremeginiň sebäplerini öwrenmek;

salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýan salgyt töleýjileriň salgyt borçnamalaryny ýerine ýetirişlerini seljermek;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgyt we buhgalterlik hasaba alyş görnüşleriniň we tertipleriniň ulanylyşy.

2. Salgyt barlagy salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan çykarylan görkezmesiniň esasynda geçirilýär, onda barlaglaryň maksatlary we möhletleri görkezilýär.

3. Salgyt gullugynyň geçiren barlaglarynyň netijeleri maglumatnama bilen resmileşdirilýär.

## VII bölüm. Salgyt gullugynyň çözgütlerinden, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden şikaýat etmek

### 85-nji madda. Şikaýat etmek hukugy

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugynyň çözgüdinden, şeýle hem salgyt gullugynyň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň özi babatynda geçiren işlerinden şikaýat etmäge haklydyr.

### 86-njy madda. Şikaýatlary bermegiň we olara seretmegiň tertibi

1. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugynyň çözgüdine we onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerine edilýän şikaýat ýokarda durýan salgyt gullugyna ýa-da kazyýete berilýär.

Salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketlerinden edilýän şikaýat şu gullugyň ýolbaşçysyna berilýär.

Şikaýat boýunça çykarylan karara onuň alnan gününden başlap bir aý möhletde ýokarda durýan salgyt gullugyna berlip bilner. Esasly sebäbe görä görkezilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, şikaýat eden tarapyň ýüz tutmasy boýunça bu möhlet ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner.

Ýüz tutmagyň we şikaýata kazyýetde garamagyň möhletleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

2. Şikaýat ýazmaça görnüşde berilýär we onda salgyt töleýjiniň ady, familiýasy we salgysy, salgyt belgisi, şikaýatyň ýazylan senesi we salgyt gullugynyň ýa-da onuň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri, şeýle hem şikaýatyň esaslandyrmalary beýan edilmelidir.

3. Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, çözgüdiň ýa-da hereketleriň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

4. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatyna garaýan salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň (onuň orunbasarynyň), şikaýat edilýän çözgüt ýa-da hereket Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlen netijä gelmäge ýeterlik esaslar bolan ýagdaýynda, şikaýat edilýän çözgüdi ýa-da hereketi şikaýata

seredilýän döwürde doly ýa-da bölekleýin togtatmaga hukugy bardyr.

Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça salgydyň öň hasaplanan pul möçberleri we ulanylan maliýe jerimeleri, şeýle hem puşman tölegleri üýtgedilmäge degişli bolsa, onda şu bitewi Kanunyň 83-nji maddasynyň ikinji bölümine laýyklykda, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga degişlidir we täze karar çykarylýar.

5. Salgyt gullugy şikaýat berlenden soň bir aýdan gijä galman oňa seredýär we çözgüt kabul edýär. Kabul edilen çözgüt barada şikaýat eden salgyt töleýjä ýazmaça habar berilýär.

6. Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi hak isleginiň wagt möhletini şikaýat edilýän döwrüň dowamynda togtadýar.

7. Şu maddanyň güýji salgyt ýumuşçysyna-da, şeýle hem salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralara, şol edaralaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna degişlidir.

### 87-nji madda. Kazyýete şikaýat etmek

Salgyt gullugynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden kazyýete şikaýat etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça kazyýet tarapyndan salgydyň öň hasaplanan pul möçberleriniň we ulanylan maliýe jerimeleriniň, şeýle hem puşman tölegleriniň üýtgedilmäge degişlidigi hakynda çözgüt çykarylsa, onda şu Bitewi kanunyň 83-nji maddasynyň ikinji bölümine laýyklykda barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga degişlidir we täze karar çykarylýar.

## VIII bölüm. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleri

### 88-nji madda. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriniň ulanylyşy

1. Salgyt hukuk bozmalary şu Bitewi kanunda bellenen jogapkärçilik göz öňünde tutulan, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň hukuga garşy, günäli hereketi bolup durýar.

2. Salgyt hukuk bozmalary şu Bitewi kanunyň 89-94-nji maddalarynda bellenen maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär. Maliýe jerimeleri salgyt gullugy tarapyndan ulanylýar.

3. Salnan maliýe jerimeleri kararyň gowşurylan pursadyndan başlap bäş günüň dowamynda tölenýär.

Salnan maliýe jerimelerini tölemek salgyt tölenenden soň geçirilýär.

4. Salgyt hukuk bozulmalaryna ýol beren şahsy tarapa on alty ýaşdan başlap maliýe jerimeleri ulanylyp bilner.

5. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar tarapyndan, olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bikanun hereketleriniň (hereket etmezlikleriniň), ýazmaça görkezmeleriniň, çözgütleriniň we düşündirişleriniň netijesinde ýol berlen salgyt hukuk bozmalary maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirmeýär.

Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edara tarapyndan salgyt ýalňyş hasaplananda, salgyt töleýji tarapyndan salgydyň tölenmedik halatlarynda maliýe jerimeleri ulanylmaýar.

Salgyt ýumuşçylary - býujetdäki guramalar şular babatynda salgydy tölemedik halatlarynda maliýe jerimeleri ulanylmaýar:

býujetden maliýeleşdirmegiň çykdajy sanawlarynda göz öňünde tutulan şahsy adamlaryň girdejilerine salgytlar babatynda;

Türkmenistanyň Döwlet býujeüniň ýa-da Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygynyň, şeýle hem daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, beýleki şahslar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde alynýan serişdeleriň hasabyna tölenýän töleglere salynýan edara görnüşindäki taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt babatynda. (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasynyň ikinji bölegine, 88-nji maddasynyň bäşinji bölegine, 162-nji maddasynyň birinji bölegine girizilen goşmaçalar we üýtgetmeler 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlanýan döwre ulanylýar diýip 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul eidlen Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen).

6. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan maliýe jerimelerini ulanmak babatda çözgüt çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür

aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin maliýe jerimesi salnyp bilner.

7. Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan bellenen salgydyň pul möçberi şikaýat edilende, salnan maliýe jerimesini tölemek borjy salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe jerimeleriniň jedelleşilmeýän pul möçberi babatynda ýerine ýetirilmelidir. Maliýe jerimeleriniň jedelleşilýän pul möçberi babatynda şikaýata salgyt gullugynda we kazyýetde seredilýän döwründe tölenmeýär, emma bu möhlet jerimäniň salnan gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir.

Şunda salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) salgyt töleýjiden maliýe jerimesiniň jedelleşilýän möçberi babatynda emlägi (pul serişdelerini) girewe goýmagy ýa-da kepil geçmegi talap etmäge hukugy bardyr. Salgyt töleýjiniň görkezilen talaplary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmasa, maliýe jerimesini tölemek boýunça borjuny ol salgydyň jedelleşilýän pul möçberi boýunça hem tölemelidir.

8. Salgydyň bellenen möçberine düzediş girizilmegi salgydyň şol pul möçberi babatynda öň salnan maliýe jerimeleriniň möçberiniň üýtgemegine getirýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 89-njy madda. Salgydyň möçberiniň kemeldilendigi üçin maliýe jerimeleri

1. Salgydy tölemek boýunça salgyt töleýjiniň salgyt salynýan özeni azaltmagynyň we beýleki bikanun hereketleriniň netijesinde hasaplanan salgydyň pul möçberiniň azaldylmagy, salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmedik, salgydyň kemeldilen pul möçberiniň 40 göterimi möçberinde salgyt töleýjä maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

Maliýe jerimeleri ulanylýan salgydyň kemeldilen pul möçberi salgydy tölemek üçin bellenen seneden başlap, şeýle düzgün bozmanyň ýüze çykarylan gününe çenli salgydyň şol görnüşi boýunça artyk tölenen pul möçberini hasaba almak bilen kesgitlenýär.

Salgytlaryň beýleki görnüşleri boýunça artyk geçirilen pul möçberleri bar bolanda, olar hem salgydyň maliýe jerimeleri ulanylýan kemeldilen pul möçberini azaltmagyň hasabyna kabul edilip bilner.

Hasaplanylan salgydyň möçberiniň kemeldilmegi diýip, salgyt beýannamasyny bermek üçin bellenilen gün hasaplanylýar.

2. Salgyt töleýjiniň bikanun hereketleriniň netijesinde salgydyň býujetden öwezi dolunmaga degişli pul möçberleri babatynda şu maddanyň 1-nji bölüminde bellenen maliýe jerimeleri ulanylýar.

3. Şu maddanyň maksatlarynda salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasyny ony bermek üçin şu bitewi Kanunda bellenen möhletinden 90 günden ýokary bolan möhletde berilmezligi hem salgydyň pul möçberleriniň azaldylmagy hasap edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 90-njy madda. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydy tutup almak we geçirmek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri

Salgyt ýumuşçysynyň salgyt töleýjiden tutulup alynmaly salgytlaryň möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça şu Bitewi kanun bilen üstüne ýüklenilen borçlaryny ýerine ýetirmezligi,

salgyt ýumuşçysyna tutup almaga we geçirmäge degişli pul möçberiniň 40 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 91-nji madda. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmeginiň bozulandygy üçin maliýe jerimeleri

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt töletdirilmeli emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmeginiň bozulmagy,

salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) şol emlägiň hakyky bazar bahasynyň 50 göterimi möçberinde maliýe jerimesiniň salynmagyna getirýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**92-nji madda. Bank edarasynda hasap açylandygyny barada habar bermek borçlaryň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri**

Bank edarasy tarapyndan şahsy taraplara - hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan düzüm birliklerine) hasap açylandygy barada salgyt gullugyna habar bermek borçlarynyň ýerine ýetirilmändigi, bank edarasyna şol hasaplara düşen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

**93-nji madda. Bank edarasy tarapyndan salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky çözgüdiniň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri**

Şahsy we edara görnüşli taraplaryň (onuň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky salgyt gullugynyň çözgüdini bozmak bilen, bank edarasy tarapyndan olaryň hasaplary boýunça çykdajy amallarynyň geçirilmegi, bank edarasyna şol hasaplardan hasapdan öçürilen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

**94-nji madda. Salgyt töleýjiniň serişdelerini geçirmek tertibiniň bozulandygy üçin maliýe jerimeleri**

Bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) önümleri - edara görnüşli tarapyň (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alan pul serişdelerini onuň hasaplaşyk hasabyna geçirmän, karz, depozit ýa-da başga bir hasaplaryna geçirilmegi, bank edarasyna geçirilen serişdeleriň pul möçberiniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.
(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## II bölek

## 1 bap. Goşulan baha üçin salgyt

**95-nji madda. Goşulan baha üçin salgydy töleýjiler**

1. Edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar - hususy telekeçiler, şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasynda görkezilen salgyt salynýan amallary geçiren halatlarynda goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar.
2. Şu aşakdakylar goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:
Türkmenistanyň Merkezi banky;
Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar. Şunuň ýaly taraplar nebit işlerine degişli bolmadyk salgyt salynýan amallary geçiren halatlarynda olara şu maddanyň 1-nji böluminiň güýji degişli bolýar;
hususy eýeçilikdäki edara görnüşindäki taraplar;
hususy telekeçiler, ýeňillikli salgyt salmak ulgamy degişli bolan iş boýunça.
(2007-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 68-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda)

**96-njy madda. Salgyt salynýan binýat**

1. Salgyt töleýjiler tarapyndan şu Bitewi kanunyň 98-nji we 99-njy maddalaryna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde geçirilýän salgyt salynýan amallar goşulan baha üçin salgyt salynýan binýat bolup durýar.
2. Şu aşakdaky amallar salgyt salynýan amallar diýlip ykrar edilýär:

harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek, şeýle hem emläk hukuklaryny bermek;

öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek.

Görkezilenler diňe satyn alynýan ýa-da öndürilýän enjamy gurnamak we (ýa-da) oturtmak bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmegini şeýle hem ony abatlamagy öz içine almaýar;

harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň alynmagy, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar;

degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan halatynda (şol sanda ulanyş tölegleriniň üstünden hem), özüniň sarp etmegi üçin harytlary peýdalanmak, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek.

3. Şu aşakdakylar salgyt salynýan amallar diýlip ykrar edilmeýär:

a) amallaryň numizmatika maksady ýok bolsa, Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň tabşyrygy boýunça edara görnüşli tarapyň taýýarlan puluny ýerlemegi bilen baglanyşykly bolmadyk, puly saklamak, inkassasiýa etmek boýunça hyzmat bolup durmaýan halatlarynda, kanuny töleg serişdesi bolup durýan daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotlaryň dolanyşygy;

b) gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy (kärhana paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamak), olar boýunça dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlary muňa girmeýär; kredit (ssuda) bermek we şolar boýunça göterimleri almak;

ç) aşakdakylary muzdsuz bermek:

edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda onuň hukuk mirasdüşerine (hukuk mirasdüşerlerine) şol edara görnüşli tarapyň esasy serişdelerini, maddy däl aktiwlerini we (ýa-da) beýleki emläklerini;

döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalary (ýaşaýyş jaýlary, dynç alyş öýleri, zawodlar, fabrikler we şulara kybapdaş beýleki desgalar);

haýyr-yhsan guramalary tarapyndan harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende);

ynsanperwerlik ýa (ýa-da) haýyr-yhsan kömegi hökmünde harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende);

d) emläk aýrybaşgalananda:

döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň bolmalysy ýaly peýdalanylmaýandygy sebäpli, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça alynmaga degişli ýer böleginde ýerleşen emläkler;

miras alynýan emläge bolan eýeçilik hukugy döwletiň haýryna mejbury alnanda, döwletiň haýryna geçirilende ýa-da başga birine berlende, şeýle hem eýesiz galan emläk ýa-da hazynalar döwlet tarapyndan kabul edilende;

e) daşary ýurt döwletleri ýa-da halkara guramalary ýa şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek. Görkezilenler şu taraplara degişlidir:

daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň ýa-da şahsy adamlaryň harytlary (işleri, hyzmatlary) şunuň ýaly ýerlemegi amala aşyrmaga ygtyýarly eden adamlaryna;

şeýle kömegi we kreditleri (karzlary) alyjylar hökmünde bellenilen adamlara;

tölegi görkezilen serişdeleriň hasabyna geçirilýän, ýokarda görkezilen ygtyýarly edilen taraplar bilen we şeýle kömegi hem-de kreditleri (karzlary) alýanlar bilen şertnama boýunça önümi iberijiler (işleri ýerine ýetirijiler, hyzmatlary edijiler) bolan taraplara;

ä) telekeçi däl edara görnüşli taraplar tarapyndan, peýda almak maksady bolmazdan harytlaryň ýerlenmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi, hyzmatlaryň edilmegi;

f) eger görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işleri ýerine ýetirmegi (hyzmatlary etmegi). Görkezilenler hususan-da döwlet ýangyna garşy göreş gullugynyň hyzmatlaryny, gümrük hyzmatlaryny, harytlary (işleri, hyzmatlary) güwälendirmek boýunça hyzmatlary, beýleki şular ýaly işleri we hyzmatlary özünde jemleýär;

g) harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplara hukugy ilki başdan bermek ýa-da görkezilen talaplaryň kanun esasynda başga tarapa geçmegi;

h) emlägiň gaýry edara görnüşindäki taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde berilmegi.

4. Şu Bitewi kanunyň maksatlary üçin ýerlenýän ýa-da ýerlenmäge niýetlenen emläk haryt diýlip ykrar edilýär. Elektrik we ýylylyk energiýasyna, gaza, suwa haryt hökmünde seredilýär.

(2007-nji ýylyň 30-njy martyndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 1, 24-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**97-nji madda. Harytlaryň ýerlenendigini, işleriň ýerine ýetirilendigini we hyzmatlaryň edilendigini kesgitlemek**

1. Harytlary ýerlemek diýlip, satyn almagyň-satmagyň (ibermegiň), çalyşmagyň, peşgeş bermegiň (muzdsuz bermek) ýa-da eýeçilik hukugyny bermegiň (geçmegi) başga bir görnüşiniň netijesinde, eýeçilik hukugynyň bir tarapdan beýleki tarapa berilmegine (geçirilmegine) düşünilýär. Görkezilenler eýeçilik hukugy geçirilen, öň alnan harydy gaýtarmak baradaky amallara hem degişlidir.

2. Işleri ýerine ýetirmek diýlip, netijeleri maddy görnüşe eýe bolan we şahsy hem-de edara görnüşli taraplaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýerlenip biljek işlere düşünilýär.

3. Hyzmat etmek diýlip, netijeleri amala aşyrylmagynyň barşynda ýerlenýän we sarp edilýän işlere düşünilýär. Lizing, maddy däl aktiwleri ýerlemek (bermek) boýunça hyzmatlar, emläk kärendesi ýa-da ony ylalaşyk esasynda ulanmak (konsessiýa) hem hyzmat diýlip ykrar edilýär.

4. Öz işgärleri üçin harytlary bermek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek diýlip ykrar edilýär.

5. Eger şu Bitewi kanunda başga düzgünler bellenilmedik bolsa, emläk hukuklary berlende goşulan baha üçin salgydy hasaplamak maksady bilen, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek üçin bellenilen düzgünler ulanylýar.

6. Esasy amallar (salgyt salynýan ýa-da salgyt salynmaýan) babatynda kömekçi häsiýeti eýe bolan harytlary ýerlemäge, işleri ýerine ýetirmäge, hyzmat etmäge şonuň ýaly amalyň bir bölegi hökmünde seredilýär.

Işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary etmek) boýunça şertnamalarda göz öňünde tutulan enjamlaryň, çig malyň. serişdeleriň we şeýle işler (hyzmatlar) ýerine ýetirilen mahaly ulanylýan gaýry emlägiň getirilmegi kömekçi häsiýete eýedir.

Harytlary getirmek ýa-da satyn almak-satmak boýunça daşary söwda şertnamalarynda göz öňünde tutulan işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek kömekçi häsiýete eýe däldir, eger-de şu Bitewi kanunyň 99-njy maddasyna laýyklykda olaryň ýerlenilýän ýeri Türkmenistanyň çäkleri bolup dursa.

7. Tebigy ýitgileriň ölçeginden artyk haryt ýetmezçiligi, şu harytlaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanmadyk ýagdaýynda, harytlary ýerlemek diýlip ykrar edilýär. Görkezilenler. olaryň utilizasiýa edilendigini resmi taýdan tassyklaýan tassyknama bolmadyk ýagdaýynda, ulanyş möhleti geçen harytlara hem degişli we olara haryt ýetmezçiligindäki salgyt salmak düzgünleri ulanylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**98-nji madda. Harytlaryň ýerlenýän ýeri**

Harytlaryň ýerlenýän ýeri diýlip aşakdakylar ykrar edilýär:

harytlar iberilmeýän we ulag bilen ugradylmaýan bolsa, olaryň alyjylara berilýän pursadynda ýerleşýän ýeri;

harytlar iberiji, alyjy ýa-da başga bir tarap tarapyndan iberilýän ýa-da ulag bilen ugradylýan bolsa, olaryň iberilip ýa-da ugradylyp başlanan pursadynda harytlaryň ýerleşýän ýeri;

harytlar tehniki, tehnologik ýa-da başga bir sebäplere görä, alyjylara sökülen ýa-da ýygnalmadyk görnüşden başga hili ýetirilip bilinmedik ýagdaýynda, gurnamak, oturtmak ýa-da olary ýygnamak haryt iberiji tarapyndan ýa-da onuň adyndan ýerine ýetirilýän bolsa, harytlaryň gurnalýan, oturdylýan ýa-da ýygnalýan ýerleri.

**99-njy madda. Işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän ýeri**

1. Şu maddanyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde görkezilenlerden beýleki işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän ýeri diýlip, edara görnüşli tarapyň döredilen, onuň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň (hemişelik wekilhanasynyň) ýerleşýän ýeri, hususy telekeçiler üçin bolsa - hemişelik ýaşaýan ýa-da işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän hemişelik iş ýeri ykrar edilýär.

Hemişelik iş ýeri diýlip, hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin alyp barýan, Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik ýere düşünilýär we şu Bitewi kanunyň 18-nji maddasyna laýyklykda, edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasyny kesgitlemek boýunça düzgünnamalara degişlilikde kesgitlenilýär.

2. Işiň ýerine ýetirilýän, hyzmatyň edilýän ýeri diýlip:

a) gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly işler, hyzmatlar üçin - şu emlägiň ýerleşýän ýeri. Görkezilenler hususan-da gurluşyk, gurnama, gurluşyk-gurnama, abatlaýyş, dikeldiş işlerini, kärende boýunça hyzmatlary özünde jemleýär;

b) gozgalýan emläk bilen baglanyşykly işler, hyzmatlar (ony kärendä bermek muňa girmeýär) - hakykatda şeýle işleriň geçirilýän, hyzmatlaryň amala aşyrylýan ýeri. Görkezilenler hususan-da, düşürmegi, ýüklemegi, gurnamagy, ýygnamagy, gaýtadan işlemegi, işläp geçmegi, abatlamagy we tehniki taýdan hyzmat etmegi özünde jemleýär;

ç) medeniýet, sungat, bilim, bedenterbiýe we sport babatlarynda edilýän hyzmat üçin - şeýle hyzmatlaryň hakyky edilýän ýeri ykrar edilýär.

3. Aşakdaky hyzmatlaryň edilýän ýeri diýlip, hyzmat edilýän edara görnüşli tarapyň döredilen ýeri ýa-da onuň şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýerleşýän ýeri ýa-da hususy telekeçiniň hemişelik ýaşaýan ýa-da onuň hemişelik iş ýeriniň ýerleşýän ýeri ykrar edilýär:

a) patentleri, ygtyýarnamalary, söwda nyşanlaryny, awtorlyk hukuklaryny ýa-da gaýry şular ýaly hukuklary bermek, geçirmek boýunça;

b) mahabatlandyrma boýunça;

ç) maslahat, hukuk, buhgalterlik, auditorçylyk, inžiniring babatda, şeýle hem maglumatlary dolandyrmak, işlemek we maglumatlary bermek, geologiýa-gözleg işlerini geçirmek boýunça hyzmatlar. Inženerçilik hyzmatlaryna hususan-da inženerçilik-maslahat beriş hyzmatlary, taslamadan öňki we taslama hyzmatlary (tehniki-ykdysady esaslandyrmalary taýýarlamak, taslama-konstruktorçylyk işleri we şuňa meňzeş hyzmatlar) degişlidir;

d) demir sandyklary (seýfleri) kärendä bermek boýunça hyzmatlardan başga, gaýtadan ätiýaçlandyrmany goşmak bilen, maliýe, bank, ätiýaçlandyrma hyzmatlary;

e) işgärleri bermek boýunça;

ä) başga bir tarapyň adyndan we onuň hasabyna hereket edýän ýumuşçy tarapyndan edilýän hyzmatlar, olar şu bölekde görkezilen hyzmatlary üpjün edýän bolsa;

f) işiniň esasy görnüşi ulag hyzmatyny etmek bolup durýan edara görnüşli taraplaryň demir ýol ulaglaryndan başga, gozgalýan maddy emläkleri kärendä bermek boýunça hyzmatlary;

g) elektron hasaplaýyş maşynlary üçin programmalary we maglumat binýatlaryny (programma serişdelerini we hasaplaýyş enjamlarynyň maglumat önümlerini) işläp düzmek boýunça, olaryň adaptasiýasy we modifikasiýasy boýunça edilýän hyzmatlar (ýerine ýetirilýän işler).

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 100-nji madda. Salgyt özeni

1. Kesgitlenen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen amala aşyrylýanlardan başga, salgyt salynýan amallar geçirilende, harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan baha salgyt özeni bolup durýar.

Kesgitlenen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen salgyt salynýan amallar geçirilende harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine alýan baha salgyt özeni bolup durýar.

Şunda goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýar.

2. Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna günäkär tarapdan alnan pul möçberi, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň pul möçberi salgyt özenine goşulýar.

Şu bölümiň düzgünleri şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasyna laýyklykda, diňe salgyt binýady diýlip ykrar edilen we şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasyna laýyklykda salgytdan boşadylmaýan harytlar babatynda ulanylýar.

3. Harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), daşary ýurt pulundaky bahalary, şeyle hem salgyt özenine goşulýan daşary ýurt pulundaky serişdeler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesindäki resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanýar, salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan tutulyp alynýan, şu Bitewi kanunyň 108-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen tölegler babatynda bolsa - Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tölegiň senesindäki resmi hümmeti boýunça hasaplanýar.

4. Degişli salgyt döwründäki salgyt özeni, degişli salgyt döwründe geçirilen salgyt salynýan amallaryň ählisi (şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen pul möçberini hasaba almak bilen) boýunça, salgyt özeniniň we şol salgyt döwründe şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasynda görkezilen salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeniniň pul möçberini aýyrmak bilen, şu Bitewi kanunyň şu maddasyna we 101-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýän jemi hökmünde kesgitlenýär.

Şu Bitewi kanunyň 103-nji maddasyna laýyklykda, dürli salgyt möçberleriniň ulanylýan halatlarynda, salgyt özeni dürli möçberler boýunça salgyt salynýan amallaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda kesgitlenýär.

5. Emläk hukuklary geçirilende salgyt özeni şu madda bilen bellenilen tertipde we şu Bitewi kanunyň 101-nji maddasy bilen bellenilen aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 101-nji madda. Salgyt salynýan aýry-aýry amallar üçin salgyt özenini kesgitlemek

1. Salgyt özenini kesgitlemek maksady üçin, şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň düzgünleri göz öňünde tutulyp, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kabul edilýär.

2. Harytlar muzdsuz berlende (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende) salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler muzdsuz berlende salgyt özeni galyndy bahasy boýunça kesgitlenýär.

3. Geleşigiň taraplary tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenmedik halatlarynda, salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

Deň bolmadyk çalşykda çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna islendik möçberdäki goşmaça tölegler salgyt salynýan dolanyşyga goşulýar.

4. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar peýdalanylanda, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende, degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan bolsa, salgyt özeni harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

5. Özüniň sarp etmegi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary ýerine ýetirmek üçin eden hakyky çykdajylaryndan ugur alnyp hasaplanan, ýerine ýetirilen işleriň bahasy hökmünde kesgitlenýär.

6. Araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşygy we komissiýa boýunça hyzmatlar ýerlenende salgyt özeni şu hyzmatlar üçin hak, ýygymlar we (ýa-da) beýleki tölegler görnüşinde alnan pul serişdeleriniň jemine deň möçberde kesgitlenýär.

Döwletiň kesgitlän bahalaryny (tariflerini) ulanmak bilen geçirilýän amallardan başga, salgyt salynýan amallar geçirilende (daşary ýurtlara ýerlemek muňa girmeýär), döwlet eýeçiligi görnüşdäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleri kärhanalary üçin, olar tarapyndan lomaý we bölek söwda (şol sanda üpjünçilik-ýerleýiş we taýýarlaýyş işleri we şunuň ýaly aýry-aýry işler, şeýle hem söwda amallary amala aşyrylanda hem), goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan söwda nyrh goşundysy salgyt özeni bolup durýar.

Şol taraplar salgyt salynýan amallary döwlet tarapyndan kesgitlenen bahalary (tarifleri) ulanyp amala aşyranda, goşulan baha üçin salgydy öz içine alýan söwda goşundysy salgyt özeni bolup durýar.

Döwlet eýeçiligi görnüşdäki kärhanalar we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan

jemgyýetçilik iýmiti önümleri ýerlenende salgyt özeni, olaryň öndürýän önümlerini ýerlemegiň bahasynyň (goşulan baha üçin salgytsyz) we ony öndürmek üçin ulanylan harytlaryň bahasynyň (goşulan baha üçin salgytsyz) arasyndaky, özüne goşulan baha üçin salgydyň möçberini almaýan aratapawut bolup durýar. Şeýle kärhanalar üçin gaýtadan işlenmegi geçmedik harytlar boýunça salgyt özeni, özüne goşulan baha üçin salgydyň möçberini almaýan söwda goşundysy bolup durýar. (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň altynjy bölegine we 110-njy maddasynyň bäşinji bölegine girizilen goşmaçalar 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlanýan döwre ulanylýar diýip 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul eidlen Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen).

7. Berilýän çig maldan (materialdan) harytlary taýýarlamak boýunça hyzmatlar ýerlenende, salgyt özeni olary işlemegiň (gaýtadan işlemegiň) bahasy hökmünde kesgitlenýär.

Buýrujy tarapyndan başga tarapa işläp bejermek ýa-da gaýtadan işlemek we şol çig maldan belli bir möçberde ýarym taýýar ýa-da taýýar önümleri almak üçin berilýän (buýrujy tarapyndan bahasy tölenýän) harytlar berilýän çig mal (material) bolup durýar. Çig maly we materiallary işlemek we gaýtadan işlemek boýunça ylalaşyklar (tolling amallary) boýunça edilen hyzmatlar üçin töleg hökmünde buýrujy, şunuň ýaly hyzmatlaryň bahasynyň ekwiwalenti bolup durýan, şu çig maldan we materiallardan alnan ýarym taýýar ýa-da taýýar önümleriň bir bölegini berip biler.

Bu agzalanlar, buýrujy tarapyndan oňa degişli bolan we potratçydan alynmadyk materiallar berlende şol materiallardan potrat işleriniň ýerine ýetirilmegine hem degişli.

8. Bahalary ýa-da nyrhlary peýdalanylýan materiallaryň we (ýa-da) ätiýaçlyk şaýlaryň bahalaryny goşmak bilen bellenýän işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende, salgyt özeni şol işleriň ýa-da hyzmatlaryň goşulan baha üçin salgydyň goşulmadyk bahasy hökmünde kesgitlenýär. Şunda peýdalanylan materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahasy, olaryň satyn alnanda tölenen bahasyny (goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) we işleri ýerine ýetirýän, hyzmatlary edýän tarap tarapyndan bellenýän söwda goşundysyny (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) hasaba almak bilen goşulýar.

Bahalary ýa-da nyrhlary peýdalanylýan materiallaryň we (ýa-da) ätiýaçlyk şaýlaryň bahalaryny goşmak bilen bellenýän işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende, şu materiallaryň ýa-da ätiýaçlyk şaýlarynyň bahalary işleri we hyzmatlary satyn alyjy tarapyndan aýratyn tölenýän şertlerinde, salgyt özeni ýerine ýetirilen we tölegi tölenen işleriň we hyzmatlaryň bahasy we işleri we hyzmatlary satyn alyja ýerlenen materiallaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň bahasy hökmünde, olara goşulan baha üçin salgydy goşmazdan, kesgitlenýär.

9. Salgyt özenine harytlary alyjy tarapyndan yzyna gaýtarylyp berilmeli gaplaryň bahalary goşulmaýar.

10. Girew bilen baglanyşykly amallar geçirilende salgyt özeni şu Bitewi kanunyň 100-nji maddasynyň 1-nji bölüminde bellenen tertipde kesgitlenýär.

11. Ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň) ýa-da işini bes eden hususy telekeçiniň harytlary we beýleki emläkleri satylanda salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şu harytlar we emläkler ýerlenende ulanylan hakyky bahalaryň esasynda, emma harytlar boýunça satyn alnan bahasyndan, esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça bolsa galyndy bahasyndan pes bolmadyk derejede kesgitlenýär.

12. Ýeňillikli bahalar (nyrhlar, kesilen baha) bellenen harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende, salgyt özeni şeýle ýeňillikler göz öňünde tutulyp kesgitlenýär. Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt goýberilýän harytlara, hyzmatlara hem degişlidir.

Býujet guramalaryna we döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, şeýle hem şu edaralaryň çözgütleri boýunça ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we edilýän hyzmatlar boýunça, şol sanda bular muzdsuz amala aşyrylanda hem salgyt özeni ýerlenýän hakyky bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.Görkezilenler döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalarynyň muzdsuz berilmegine degişli däldir.

13. Tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi halatynda, olaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyk edilmedik ýagdaýynda, salgyt özeni şu maddanyň 2-nji bölüminde bellenen tertipde kesgitlenýär.

14. Hasabat döwründe salgyt özeni şol döwürde Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde azaldylmaga degişlidir.

15. Salgyt salmaga degişli, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplar berlende ýa-da görkezilen talaplar kanun esasynda beýleki tarapa geçirilende, görkezilen

harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek amallary boýunça salgyt özeni şu Bitewi kanunyň 100-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde kesgitlenýär. Talaplar täze karzdarlara ýerlenende salgyt özeni talaplar soňundan ýerlenende ýa-da degişli borçlar bes edilende onuň alan girdejisiniň möçberiniň görkezilen talaby satyn almak üçin çykdajylaryň möçberinden artyk bolan möçberi hökmünde kesgitlenýär.

(2007-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 2, 48-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**102-nji madda. Salgyt özenine düzediş girizmek**

Salgyt özenine şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda bellenen ýagdaýlarda düzediş girizilmäge degişlidir.

**103-nji madda. Goşulan baha üçin salgydyň möçberi**

Goşulan baha üçin salgydyň möçberi:

şu Bitewi kanunyň 105-nji maddasynda görkezilen salgyt salynýan amallar babatynda 0 (nol) göterim derejesinde;

beýleki salgyt salynýan amallar babatynda 15 göterim derejesinde bellenýär.

Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende degişli möçberiň şu salgyt möçberine göterim gatnaşygy hökmünde kesgitlenýän, 100-e artdyrylan möçber ulanylýar. Hasaplama usuly bilen kesgitlenen möçber, haçanda salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan salgyt şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenen we öz içine goşulan baha üçin salgydy alýan, hakyky bazar bahadan ugur alynyp hasaplanylan ýagdaýlarynda hem ulanylýar.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**104-nji madda. Salgyt we hasabat döwürleri**

1. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri edara görnüşli taraplar we oňa edara görnüşli taraplaryň bolmanda biri girýän şereketlere girýän taraplar üçin senenama aýyna deň bellenýär.

2. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt döwri hususy telekeçiler we oňa edara görnüşli tarap girmeýän şereketlere girýän taraplar üçin senenama ýylyna deň, hasabat döwri bolsa, Türkmenbaşy aýynyň 1-inden Oguz aýynyň 30-yna çenli we Gorkut aýynyň 1-inden Bitaraplyk aýynyň 31-ine çenli bellenýär.

**105-nji madda. Nol möçber ulanylýan salgyt salynýan amallar**

Salgyt salynýan aşakdaky amallar babatynda 0 (nol) göterim derejedäki salgyt möçberi ulanylýar:

tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan, özüniň öndüren, şeýle hem satyn alnan harytlar daşary ýurtlara ýerlenende. Şunda salgyt salmak maksady bilen daşary ýurtlara çykarylýan harytlar diýlip, Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendiginiň bellenen tertipdäki tassyklanmasy bolan halatynda, Türkmenistanyň daşyna çykarylýan harytlara düşünilýär;

halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak we şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar edilende. Şunda ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak amala aşyrylanda ulag serişdesi Türkmenistanyň çäklerinden çykmaly bolýan halatlarynda hem, ýolagçylaryň we ýükleriň ugradylýan we barmaly ýeri Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bolsa, ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak halkara gatnawlary hasap edilmeýär;

daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden daşary ýurt ýüklerini üstaşyr geçirmek boýunça hyzmatlar;

halkara ýüklerini daşamak we ýolagçylary gatnatmak üçin ulanylýan daşary ýurt deňiz hem-de howa gämilerini ýangyçdan doldurmak bilen hem-de olara hyzmat etmek (aeronawigasiýa we uçuş-gonuş hyzmatlaryny goşmak bilen) baglanyşykly hyzmatlar, şeýle hem şular ýaly ýükleri daşamakda, ýolagçylary

gatnatmakda ekipažyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlary ýerlemek;

paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerlemek;

daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalaryň resmi taýdan ulanmaklary üçin ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, edilýän hyzmatlar;

Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek;

“Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara olaryň nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek. Eger şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) diňe nebit işlerini ýerine ýetirmekden başga iş üçin niýetlenilen bolsa; soňra şeýle harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) haýsy iş üçin peýdalanyljakdygyny öňünden kesgitläp bolmasa; şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) nebit işlerini ýerine ýetirmek üçin hem, beýleki işler üçin hem niýetlenilen hem-de peýdalanyljak bolsa we olary bölmek mümkin bolmasa, görkezilenler ulanylmaýar. Bu barada şeýle taraplar wagtynda, ýagny, olara hasap-faktura berilýänçä (ýazylyp berilýänçä) öz üpjün edijisiniň ýa-da başga kontragentiniň dykgatyna ýetirmäge borçludyr;

özüniň öndürilen oba hojalyk önümlerini ýerlemek.

(2007-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky we 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýalarynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 2, 48-nji madda)

### 106-njy madda. Salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler

1. Aşakdaky salgyt salynýan amallar geçirilende goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär:

umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary (taksiden, sol sanda bir ugur boýunça gatnaýan taksilerden başgasy), şeýle hem şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol ýa-da awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar;

olar üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we olara degişli bölekleriň bahalaryny goşmak bilen, harytlaryň ulanylmaly möhleti kepillendirilen döwründe goşmaça hiç hili töleg alynmazdan ýerine ýetirilýän abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlar we işler;

derman serişdelerini, medikamentleri, zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümleri, saglygy goraýyş enjamlaryny, protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini ýerlemek;

weterinar we sanitariýa-epidemiologiýa hyzmatlary;

saglygy goraýyş hyzmatlary, ýasama diş oturtmak (bejeriş hasiýetli däl kosmetologiýa hyzmatlary goşulan baha üçin salgytdan boşadylmaýar);

näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek boýunça hyzmatlar, maýyplaryň saglygyny dikeltmek boýunça hyzmatlar;

bilim ulgamyndaky hyzmatlar;

sirk hyzmatlary;

jaýlaýyş dessurlary we olar bilen baglanyşykly beýleki hyzmatlar, şeýle hem guburüsti ýadygärlikleri taýýarlamak boýunça hyzmatlar, jaýlanylan ýerleriň durkuny täzelemek boýunça işler;

däp-dessurlaryň geçirilmegini goşmak bilen, dini guramalaryň hyzmatlary, şeýle hem dini däplere degişli we dini maksatly zatlary ýerlemek;

körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň öndüren harytlaryny ýerlemek;

ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan edilýän ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary;

oba hojalyk kärhanalarynyň özleri tarapyndan öndürilýän ýag önümlerinden başga, oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmegi bilen alnan önümleri ýerlemek;

pagtany gaýtadan işlemekden alnan önümleri ýerlemek (pagta süýümi, pagta çigidi, gysga süýüm, pagta sütügi, pagta übtügi, galyndylar);

tohumlary; pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlaryny hem-de olary ösdürip ýetişdirmekdäki hyzmatlary; mineral dökünleri; gerbisidleri, awuly himikatlary we ösümlikleri goraýyş maksatly beýleki serişdeleri; oba hojalyk önüm öndürijileriniň ekin meýdanlaryna hojalykiçi suwaryş akabalary arkaly suw bermek we hojalykiçi şor suw akabalary arkaly şor suwlary akdyrmak boýunça edilýän hyzmatlary; şeýle hem oba hojalyk önümini öndürmek we ýygnamak üçin mehanizirlenen hyzmatlary ýerlemek;

azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlary (goşmaça töleg tölenilmäge degişlilerinden başga) we iýmit önümleri öndürilende, taýýarlanylanda we gaýtadan işlenilende ulanylýan harytlary; garyşyk iýmleri ýerlemek;

saryja goýnunyň ýazky gyrkymynyň ýüňüni we ondan egrilen ýüplügi ýerlemek, şeýle hem bu ýüňi ýuwmak (arassalamagy we sortlamagy goşmak bilen) boýunça we bu ýüňden ýüplük öndürmek (reňklemegi goşmak bilen) boýunça hyzmatlar;

el halylaryny we elde dokalan haly önümlerini ýerlemek;

ýerleri hususy eýeçilige bermek boýunça ýer gurluşyk işleri;

däneli ekinleri saklamak; däne üweýän senagat önümlerini, krahmally önümleri öndürmek; çörek we täze süýji önümlerini öndürmek; kakadylan çörek we köke, köp saklanýan süýji-köke önümlerini öndürmek; unaş önümlerini öndürmek; çaga iýmitini we berhizlik azyk önümlerini öndürmek; melhemçilik önümçiligi; adamyň saglygyny goramak boýunça iş; weterinariýa işi üçin niyetlenen desgalary galdyrmak boýunça gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek;

ilata edilýän ýaşaýyş-jaý jemagat we ulanyş hyzmatlary (jaý tölegini goşmak bilen), şeýle hem köçeleriň, seýilgähleriň, skwerleriň we ş.m. daşky ýşyklandyrylmasy boýunça hyzmatlar;

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri;

bir birligini satyn almak (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) mahabatlandyrma maksady bilen berilmegi;

lotoreýalary, humarly oýunlary we pully oýunlary (humarly oýun işi) geçirmek;

milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe milli syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işler we hyzmatlar, şeýle hem harytlaryň eltilmegi.

Yeňillik:

a) görkezilen işleri hojalyk usuly bilen amala aşyrýan;

b) görkezilen işler potrat usuly bilen ýerine ýetirilen mahalynda potratçy bolan;

ç) işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirýän, hyzmatlary edýän hem-de “a” we “b” bentlerinde görkezilen şahslar tarapyndan şeýle işleriň ýerine ýetirilmegi üçin peýdalanylýan harytlaryň (çig malyň, materiallaryň, görkezilen obýektlerde oturdylýan enjamyň) eltilmegini amala aşyrýan, şahslara berilýär;

milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlar, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlar. Görkezilen ýeňillikler bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan hem-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda şeýle hyzmatlary edýän şahslara hem berilýär;

şahsy adamlaryň buýurmasy boýunça ýaşaýyş jaýlaryny gurmak boýunça işleri ýerine ýetirmek we taýýar jaýlary we öýleri şahsy adamlara, şol sanda hususylaşdyrmak tertibinde ýerlemek.

Şu bölek bilen bellenilen ýeňillikler, salgyt möçberi şu Bitewi kanunyň 105-nji maddasyna laýyklykda bellenilen harytlar (işler, hyzmatlar) babatynda ulanylmaýar.

2. Goşulan baha üçin salgyt ýerlenmegi (salgyt salynýan amallaryň geçirilmegi) şu aşakdaky taraplar tarapyndan amala aşyrylýan harytlar (goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlardan başgasy), işler we hyzmatlar üçin tölenmeýär:

maýa goýum pensiýa gaznalary;

maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;

bilim edaralary.

3. Diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň, olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalaryny hem goşmak bilen, şahsy peýdalanmaklary üçin niýetlenen harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmat etmek, goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde görkezilen çykdajylary tassyklaýan haryt (kassa) çekleri bolan mahalynda, salgydyň pul möçberi maliýe edaralary tarapyndan gaýtarylyp berilýär.

(2010-njy ýylyň 10-nji maýyndaky we 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., №___, ___ -nji madda; “Türkmenistan”,

№ 247-248 (26237), 2010-njy ýylyň 4-nji oktýabry)

**107-nji madda. Goşulan baha üçin salgydyň satyn alyjylaryň (buýrujylaryň, sarp edijileriň) tölemegi talap edilýän pul möçberi**

1. Peýdadan alynýan salgytdan şu aşakdakylar boşadylýar:
maýa goýum pensiýa gaznalary;
maýyplaryň saglygyny dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;
bilim edaralary;
maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
dini guramalar;
oba hojalyk kärhanalary;
sirk hyzmatlaryny edýän, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar;
halkara, hökümetara, döwletara guramalar, muňa olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alýan girdejileri girmeýär.

Şu salgytdan boşatma goşmaça töleg tölenilmäge degişli harytlary ýerlemekden alnan peýda, şeýle hem girdejileriň şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen aýry-aýry görnüşlerine degişli däldir.

Şu bölekde görkezilen taraplar, eger-de olar hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar bolup (öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga), kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli bolsalar, onda olar şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň dördünji böleginde bellenilen möçber boýunça girdeji salgydyny tölemekden boşadylýarlar.

2. Harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende satyn alyja (buýruja, sarp edijä) tölemek üçin berilýän, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, şu Bitewi kanunyň 100-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda (döwlet kärhanalary we alyjylar birleşmeleri kärhanalary üçin, olar tarapyndan lomaý we bölek söwda (şol sanda üpjünçilik-ýerleýiş we taýýarlaýyş işleri amala aşyrylanda hem) amala aşyrylanda bolsa şu Kanunyň 101-nji maddasynyň 6-njy böleginiň düzgünlerini hasaba alyp) kesgitlenýär we şu Bitewi kanunyň 103-nji maddasynda bellenen salgyt möçberine laýyk gelýän salgyt özeniniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

3. Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilýär.

Bölek satuw bahalary ýa-da nyrhlary boýunça ilata harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende satyjylar tarapyndan berilýän haryt ýarlyklarynda we bahanamalarynda salgydyň degişli pul möçberi aýratyn görkezilmeýär.

4. Salgyt salynýan amallary geçirýän salgyt töleýji harytlary, işleri we hyzmatlary alyja bellenen nusgalykdaky hasap-fakturany ýazyp bermäge borçludyr. Hasap-faktura iki nusgalykda ýazylýar, olaryň birinjisi satyn alyja (buýruja, sarp edijä) berilýär, ikinjisi ony ýazyp beren tarapda galýar.

Hasap-faktura, şu maddada başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, harydyň iberilen, ýa-da işleriň ýerine ýetirilen we hyzmatlaryň edilen senesinden bäş günden gijä galman berilýär. Elektrik energiýasyny, suwy, gazy, aragatnaşyk hyzmatlaryny, jemagat hyzmatlaryny ýerlemegi amala aşyrýan salgyt töleýjileriň harydyň iberilen (işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň edilen) aýyndan soňky aýyň bäşinden gijä galman hasap-fakturany ýazyp bermäge haky bardyr.

Hasap-fakturanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanýar. Görkezilenler, şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda salgyt salynýan amallar bolup durmaýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmegine hem degişlidir.

5. Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan salgyt salynýan amallar geçirilende, hasap-faktura goşulan baha üçin salgyt görkezilmezden ýazylyp berilýär we onda degişli ýazgy edilýär ýa-da “Goşulan baha üçin salgytsyz” diýlen dörtburç möhürçe goýulýar.

6. Söwda we hyzmatlar ulgamyndaky işleri amala aşyrýan taraplar tarapyndan berlen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alnandygy baradaky çekler (talonlar) hasap-faktura bolup hyzmat edýär we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) umumy bahasyny we goşulan baha üçin salgydyň oňa goşulan pul möçberini görkezmelidir. Käbir maglumatlaryň bolmadyk halatynda olar çeke (talona) goşulýan, bellenen tertipde doldurylan hasapda görkezilmelidir.

Bölek söwda döwlet kärhanalaryndan we alyjylar birleşmeleri kärhanalaryndan harytlar satyn

alnanda, satyn alyjynyň hasap-fakturany ýazyp bermegi talap etmäge haky bardyr, onda lomaý we bölek söwda kärhanalary (şol sanda üpjünçilik-ýerleýiş we taýýarlaýyş kärhanalary) tarapyndan harytlar satyn alnanda we söwda nyrh goşundysyndan goşulan baha üçin salgydyň möçberi aýratynlykda görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenen halatlarda, hasap-fakturasy hökmünde bellenen görnüşdäki we hasap-fakturalara bildirilýän talaplara laýyk gelýän beýleki resminamalar hem hyzmat edip biler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41 -nji madda; “Türkmenistan”, № 247-248 (26237), 2010-njy ýylyň 4-nji oktýabry)

### 108-nji madda. Goşulan baha üçin salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberini hasaplamak

1. Goşulan baha üçin salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberini hasaplamak şunuň ýaly amala aşyrylýar:

salgyt salynýan amallar geçirilende, şu maddanyň 2-nji we 3-nji bölümleriniň birinji bendinde görkezilen halatlardan başga ýagdaýlarda, salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak;

şu maddanyň 2-nji bölüminiň birinji bendinde görkezilen halatlarda salgyt ýumuşçysy tarapyndan;

şu maddanyň 3-nji bölüminde görkezilen halatlarda salgyt gullugy tarapyndan.

2. Daşary ýurtly edara görnüşli tarap ýa-da daşary ýurtly şahsy tarap - hususy telekeçi Türkmenistanyň çäklerinde salgyt salynýan amallary geçirýän we salgyt hasabynda durmaýan bolsa, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi satyn alynýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän salgyt ýumuşçysy tarapyndan hasaplanýar we tölenýär. Görkezilenler harytlar tabşyryk (komissiýa) ylalaşygy boýunça ýerlenen halatynda hem ulanylýar, şunda tutup galmak ynanylan tarap (komissioner) tarapyndan ynanan tarapa (komitente), bu daşary ýurtly edara görnüşli tarapa ýa-da şahsy tarapa-hususy telekeçä - tölemäge degişli pul möçberinden geçirilýär. Şunda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi şonuň ýaly daşary ýurtly edara görnüşli tarapa ýa-da şahsy tarapa - hususy telekeçä tölemäge degişli serişdelerden, her gezek tölenende tutulyp alynýar. Talabyň islendik görnüşdäki bes edilmegi tölegiň tölenendigini ykrar edýär. Daşary ýurtly edara görnüşli ýa-da şahsy tarap tarapyndan onuň Türkmenistanda salgyt babatda hasapda goýlandygyna şaýatlyk edýän resminama berlende, özüniň satyn alýan harytlarynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bahasyny töleýän tarap tarapyndan salgyt tutulyp alynmaýar.

Şunuň ýaly ýagdaýda Türkmenistanda salgyt hasabynda duran, satyn alynýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän, Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli tarap, şahsy tarap-hususy telekeçi, şeýle hem işini Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň ýa-da hemişelik wekilhanasynyň üstünden amala aşyrýan, satyn alýan harytlarynyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny töleýän (şol sanda daşary ýurtda hem) daşary ýurtly edara görnüşli tarap salgyt ýumuşçysy diýlip ykrar edilýär.

Eger salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk halatlarynda ýa-da hiç bir tarap salgyt ýumuşçysy hökmünde ykrar edilip bilinmese, bu daşary ýurtly edara görnüşli tarap (ýa-da daşary ýurtly şahsy tarap - hususy telekeçi) degişli salgyt gullugynda hasaba durmalydyr we salgydy tölemek boýunça borçlary özbaşdak ýerine ýetirmelidir.

3. Salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgydyň hususy telekeçi ýa-da düzümine edara görnüşli taraplaryň girmeýän şereketi tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberi salgyt gullugy tarapyndan, berlen salgyt beýannamalarynda olar tarapyndan görkezilen maglumatlaryň esasynda hasaplanýar.

4. Salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberi salgyt döwründe geçirilen ähli salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň, şu Bitewi kanunyň 110-njy maddasyna laýyklykda şol döwürde hasaplaşyga degişli möçberine azaldylan pul möçberi hökmünde kesgitlenýär.

Birmeňzeş salgyt möçberleri boýunça salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň pul möçberi şu Bitewi kanunyň 100-nji maddasynyň 4-nji bölümine we 101-nji maddasyna laýyklykda hasaplanýan, şonuň ýaly salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeniniň, şu Bitewi kanunyň 103-nji maddasynda bellenen degişli salgyt möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Salgyt salynýan amallary degişli salgyt döwrüne degişli etmek şu Bitewi kanunyň 109-njy maddasyna

laýyklykda, onuň geçirilen pursadyna baglylykda geçirilýär.

Şu Bitewi kanunyň 111-nji maddasynyň 3-nji bölüminde bellenen halatlarda, goşulan baha üçin salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberi salgydyň deslapky tölegleriniň hasaplanan we tölemäge degişli pul möçberine azaldylýar.

5. Goşulan baha üçin salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli we şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen daşary ýurtly edara görnüşli taraplardan we hususy telekeçilerden tutulyp alynýan pul möçberi Türkmenistanyň çäklerinde geçirilen her bir salgyt salynýan amallar boýunça, şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasynda bellenen ýeňillikleri hasaba almak bilen, şu Bitewi kanunyň 100-nji we 101-nji maddalaryna laýyklykda kesgitlenýän salgyt özeniniň, şu Bitewi kanunyň 103-nji maddasyna laýyklykda bellenen degişli salgyt möçberiniň jemi hökmünde hasaplanýar.

6. Goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşyga degişli pul möçberi haýsydyr bir salgyt döwründe şu madda laýyklykda şol döwür üçin hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberinden artyk gelen halatynda, şunuň ýaly artyk gelen pul möçberi yzyna gaýtarylmaga ýa-da şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasyna laýyklykda, töleýjilerden alynmagy degişli beýleki Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölegleriň hasabyna geçirilmäge degişlidir.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

### 109-njy madda. Salgyt salynýan amallaryň geçirildi diýlip hasap edilýän döwri

1. Şu maddada başga ýagdaý bellenmedik bolsa, harytlaryň iberilen (berlen), işleriň ýerine ýetirilen we buýruja tabşyrylan (şol sanda tapgyrlaýyn tabşyrylanda) we hyzmatlaryň tamamlanan hasabat (salgyt) döwründe salgyt salynýan amallar geçirildi hasap edilýär.

Salgyt töleýji geleşikden we ylalaşykdan gelip çykýan ähli borçlary ýerine ýetirende we degişli pul möçberi gürrüňsiz tölenmäge (öwezi dolunmaga) degişli bolsa, bu hukugyň kanagatlandyrylmagy soňa süýşürilen ýa-da tölegler bölekleýin amala aşyrylan halatynda hem, harytlary ibermek (bermek) geçirildi, işler ýerine ýetirildi, hyzmatlar bolsa edildi hasap edilýär.

Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek barada uzak möhletli şertnamalar boýunça salgyt salynýan amallar her bir hasabat döwrüniň soňky gününde hakyky ýerine ýetirilen möçberlere laýyklykda, her bir hasabat (salgyt) döwründe geçirildi hasap edilýär.

Şu maddanyň maksatlary üçin uzak möhletleýin şertnamalar diýlip üç aýyň içinde tamamlanmaýan islendik şertnamalara düşünilýär. Harytlary ýerlemek üçin şertnamalar boýunça görkezilenler, bir birligini taýýarlamagyň önümçilik tapgyry üç aýyň çäklerinde tamamlanmadyk harytlar boýunça ulanylýar.

2. Şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasynyň 7-nji bölümine laýyklykda harytlary ýerlemek diýlip ykrar edilýän, tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylan halatynda, salgyt salynýan amal onuň ýüze çykarylan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi hasap edilýär.

3. Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek boýunça salgyt salynýan amallar, olaryň tamamlanan ýa-da binalaryň ulanylmaga başlanan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi hasap edilýär.

4. Harytlaryň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezi günäkär taraplar tarapyndan dolunanda, ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar alnanda salgyt salynýan amallar şol öwezini dolmalaryň alnan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip hasap edilýär.

5. Özüniň sarp etmegi üçin harytlar (işler, hyzmatlar) peýdalanylanda salgyt salynýan amallar harytlaryň peýdalanmaga (sarp etmäge) berlen, işleriň ýa-da hyzmatlaryň tamamlanan hasabat (salgyt) döwründe geçirildi hasap edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 110-njy madda. Hasaplaşylýan salgydyň möçberini hasaplap çykarmak

1. Şu maddada başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, degişli salgyt döwründe salgyt töleýji tarapyndan harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen salgydyň pul möçberi, hasaplanýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi bolup durýar. Şunda goşulan baha üçin salgydy hasap etmek, hatda olar peýda

(girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan bolsa-da, şu Bitewi kanunyň 96-njy we 97-nji maddalarynda görkezilen salgyt salynýan amallaryň geçirilmegi üçin niýetlenen, satyn alnan harytlar (esasy serişdeleri, tamamlanmadyk gurluşyklary we maddy däl aktiwleri goşmak bilen), işler we hyzmatlar boýunça geçirilýär.

Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende, şunuň ýaly işleriň geçirilen binalary soňundan ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişlidir.

Elektrik energiýasy ýerlenende we daşalanda goşulan baha üçin salgydyň hasaplaşyga kabul edilýän möçberi bolup, degişli salgyt döwründe harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler tarapyndan salgyt töleýjilere berlen salgyt möçberi bolup durýar.

2. Harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek üçin, şu Bitewi kanunyň 107-nji maddasynda bellenen tertipde ýazylyp berilýän hasap-faktura we iberiji (potratçy) bilen tölegiň (hasaplaşyklaryň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar esas bolup durýar.

Elektrik energiýasy ýerlenende we daşalanda, harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler tarapyndan salgyt töleýjilere berlen, goşulan baha üçin salgydyň möçberini hasaplaşyga kabul etmek üçin, şu Bitewi kanunyň 107-nji maddasynda bellenen tertipde ýazylyp berilýän hasap-faktura esas bolup durýar.

Goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylanda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge hukugy tassyklamak üçin goşmaça talaplar bellenýär.

3. Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň satyn alnan (özüniň öndüren) pursadyndan başlap aşakdakylar ýaly hasap edilýär:

olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) 10 müň manatdan geçmeýän bolsa, birwagtlaýyn;

olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) 10 müň manatdan geçýän bolsa, soňky iki ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda;

düýpli gurluşyk binalary (jaýlar, desgalar, ýollar, esasy geçiriji enjamlar), deňiz we howa gämileri, demir ýol ulaglary boýunça 7 ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda.

Býujet serişdeleriniň hasabyna satyn alnan esasy serişdeler tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň möçberi hasap edilmäge degişli däldir.

4. Salgyt töleýji salgyt salynýan amallary, şol sanda şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasynda görkezilen, goşulan baha üçin salgytdan boşadylan amallary hem, geçiren halatynda, şu maddada başga ýagdaý görkezilmedik bolsa, hasap edilýän salgydyň pul möçberi, diňe salgytdan boşadylmadyk salgyt salynýan amallar boýunça kesgitlenýär.

Goşulan baha üçin salgydyň we şeýle hasap etmäge rugsat edilmeýän salgydyň pul möçberleriniň hasaba alnyşyny aýry-aýrylykda alyp barmak mümkin bolmasa, hasap edilýän salgydyň pul möçberi hasabat (salgyt) döwründe satyn alnan harytlar (işler, hyzmatlar) üçin iberijilere (üpjün edijilere) tölenen, goşulan baha üçin salgydyň bir bölegi hökmünde, salgyt özeniniň goşulan baha üçin salgyt salmak binýady hökmünde ykrar edilýän, şeýle hem ykrar edilmeýän ähli amallaryň umumy möçberine barabarlykda kesgitlenýär. Elektrik energiýasy ýerlenende we daşalanda salgydyň hasap edilýän möçberi harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler tarapyndan salgyt töleýjilere berlen, goşulan baha üçin salgytdan ugur alnyp hasaplanýar. Goşulan baha üçin salgyda hasaplanýan pul möçberini has takyk kesgitlemek üçin, dekabr aýynda düzedişleri görkezmek bilen, tutuş ýyl üçin şunuň ýaly hasaplamalaryň düzülmegine ýol berilýär.

Esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydy hasaplaşyga kabul etmek şonuň ýaly tertipde we şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünlerini hasaba almak bilen geçirilýär.

5. Görkezilen harytlar (işler, hyzmatlar) aşakdaky işleri amala aşyrmak üçin peýdalanylan halatynda, satyn alynýan harytlar, işler we hyzmatlar boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi hasap edilmäge degişli däldir:

şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasynda görkezilen, goşulan baha üçin salgytdan boşadylan, salgyt salynýan amallar;

şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasyna laýyklykda, salgyt salmak binýady bolup durmaýan amallar.

Döwlet eýeçiligi görnüşdäki kärhanalarda we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalarynda, olar tarapyndan lomaý we bölek söwda amala aşyrylanda (şol sanda üpjünçilik -ýerleýiş we taýýarlaýyş işi we şunuň ýaly aýry-

aýry işler, şeýle hem söwda amallary amala aşyrylanda) soňundan ýerlemek üçin niýetlenen harytlar boýunça üpjün edijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň möçberi hasaplaşyga kabul edilmäge degişli däldir.

Şeýle kärhanalar tarapyndan jemgyýetçilik iýmiti önümlerini öndürmek üçin niýetlenilen harytlar boýunça haryt iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň möçberi hem hasaplaşyga kabul edilmäge degişli däl. Gaýtadan işlemekligi geçmedik harytlar ýerlenilende, olar satyn alnanda haryt iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň möçberi hem hasaplaşyga kabul edilmäge degişli däl. (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň altynjy bölegine we 110-njy maddasynyň bäşinji bölegine girizilen goşmaçalar 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlanýan döwre ulanylýar diýip 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul eidlen Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen).

Şunda goşulan baha üçin salgydyň görkezilen pul möçberleri degişlilikde edara görnüşli taraplaryň peýdasyna (girdejisine) salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara (şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy hasaplananda hususy telekeçileriň aýyrmalaryna) şeýle harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň gymmaty bilen bilelikde goşulýar ýa-da salgytlar tölenenden soň salgyt töleýjiniň ygtyýarynda galýan peýdanyň (girdejiniň) hasabyna ýa-da maliýeleşdirmegiň degişli çeşmeleriniň hasabyna üsti dolunýar.

6. Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler ýerlenende, olar satyn alnanda tölenen goşulan baha üçin salgyt şu maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda, satylan pursadynda hasap edilmedik ýa-da ulanylyp könelmäniň (amortizasiýa) üsti bilen hasapdan öçürilmedik bolsa, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberiniň çäklerinde hasaplaşyk üçin kabul edilýär.

7.Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak, tutup almak we tölemek salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenen halatlarynda, şu madda laýyklykda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek ýa-da yzyna gaýtarmak, salgyt töleýjä tölenýän töleglerden tutulyp alnan salgyt salgyt ýumuşçysy tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenenden soň amala aşyrylýar.

Hasap etmek ýa-da yzyna gaýtarmak salgyt töleýjiniň salgydy tutup alan salgyt ýumuşçysynyň hasaba duran ýerindäki salgyt gullugyna beren arzasynyň esasynda, şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasynda bellenen tertipde amala aşyrylýar. Arza bilen bilelikde şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen resminamalar hem berilýär.

8.Hasap etmek üçin kabul edilýän salgydyň pul möçberine düzediş girizmek şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda bellenen ýagdaýlarda we tertipde amala aşyrylýar. Görkezilenler, “Uglewedorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda işleri amala aşyrýan taraplar tarapyndan olar nebit işlerini ýa-da gaýry işleri ýerine ýetirmek üçin hasabat döwründe peýdalanylan harytlary (işleri, hyzmatlary) satyn alan mahaly goşulan baha üçin salgydyň tölenilen halatlaryna hem degişlidir.

9. Şu maddanyň düzgünleri üýtgedilip gurulýan edara görnüşli tarap bolup durýan salgyt töleýji tarapyndan tölenen goşulan baha üçin salgyt babatynda hem ulanylýar we bu salgyt onuň hukuk mirasdüşeri tarapyndan hasaplaşyga kabul edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda; № 2, 34-nji madda)

## 111-nji madda. Salgyt beýannamasyny bermek we goşulan baha üçin salgydy tölemek

1. Şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilenlerden başga salgyt töleýjiler her bir hasabat döwri üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama bermäge borçludyrlar.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamasy geçen hasabat döwri üçin, hasabat döwründen soňky aýyň 20-sinden gijä galman berilýär.

2. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy goşulan baha üçin salgydy tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemek salgyt ýumuşçysy tarapyndan amala aşyrylýan halatlarynda daşary ýurtly edara görnüşli taraplar we daşary ýurtly şahsy taraplar - hususy telekeçiler tarapyndan goşulan baha üçin salgyt beýannamasy berilmeýär.

Türkmenistanyň dahyllysy däl taraplara tölegleri töleýän taraplar tölegleriň tölenilen aýyndan soňky aýyň 20-sine çenli möhletde salgyt babatda hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna tölegler tölenilen şeýle taraplar hakyndaky, goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri baradaky, şeýle hem salgyt tutulyp alynmadyk taraplar hakyndaky hasabaty bermäge borçludyr. Hasabatyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan, Türkmenistanyň

Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp bellenýär.

3. Şu maddanyň birinji bölüminde görkezilen taraplar (şu maddanyň 5-nji bölüminde görkezilen taraplardan başga) berlen salgyt beýannamalaryna laýyklykda hasaplanan, goşulan baha üçin salgydy hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman Türkmenistanyň Döwlet býujetine töleýärler.

Görkezilen taraplar (esasy iş görnüşi gurluşyk we gurluşyk-gurnama işini ýerine ýetirmek bolup durýan edara görnüşli taraplardan başga) hasabat döwrüniň dowamynda deslapky (hakujy) tölegler görnüşinde goşulan baha üçin salgydy hem töleýärler. Deslapky tölegiň möçberi:

hasabat aýynyň 13 güni möhleti boýunça - geçen hasabat döwrüniň soňky möhletiniň deslapky tölegi görnüşinde;

hasabat aýynyň 23 güni we hasabat aýyndan soňky aýyň 3 güni möhleti boýunça - geçen hasabat döwri üçin hasaplanyp ýazylan, goşulan baha üçin salgydyň möçberiniň üçden bir böleginden ybarat möçberde tölenýär.

Olaryň tölemeli möhletine çenli geçen hasabat döwrüniň salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti gelip ýetmedik ýa-da şonuň ýaly salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan doldurylmadyk we salgyt gullugyna berilmedik halatlarynda hasabat döwrüniň soňky möhleti üçin hasaplanyp ýazylan deslapky tölegiň möçberinde hasabat döwrüniň deslapky tölegleri hem tölenýär.

Görkezilen tertipde hasaplanan deslapky tölegleriň goşulan baha üçin salgydyň çak edilýän (göz öňünde tutulýan) salgyt özeninden ugur alnyp kesgitlenen möçberi bilen ep-esli tapawudy bolan halatynda, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli deslapky tölegler salgyt gullugy tarapyndan çak edilýän görkezijilerden ugur almak bilen bellenip bilner.

Şeýle ýagdaýda salgyt töleýji hasabat döwri başlanmazdan öň, salgyt hasabyna duran ýeri boýunça salgyt gullugyna geljekki hasabat döwri üçin çak edilýän salgyt özeniniň pul möçberi barada maglumat berýär.

4. Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar goşulan baha üçin salgydyň tutulyp alnan pul möçberlerini Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemegi şu Bitewi kanunyň 108-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda salgydy tutup almak üçin bellenilen möhletde amala aşyrýarlar. Tölegler daşary ýurtlarda geçirilende salgydyň tutulyp alnan pul möçberlerini tölemeklik salgydy tutup almak üçin bellenilen günden soňky on bäş günüň dowamynda amala aşyrylýar.

Haçan-da töleg, salgyt salynýan amal geçirilen salgyt döwriniň ahyrky senesinden soň geçirilen ýagdaýynda, salgydy tölemek salgyt ýumuşçysynyň serişdeleriniň hasabyna, soňundan salgyt töleýjä tölenilmeli serişdelerden tutup almak bilen, amala aşyrylýar. Şu ýagdaýda salgydy hasaplamak salgyt salynýan amalyň geçirilen, uzak möhletli şertnamalar boýunça bolsa - salgyt salynýan amalyň geçirilen, salgyt döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä amala aşyrylýar. Salgydy tölemek (şol sanda tölegler daşary ýurtlarda geçirilende hem) şeýle salgyt döwri tamamlanandan soň 15 günden gijä galman geçirilýär.

5. Hususy telekeçiler we oňa edara görnüşli tarap girmeýän şereketlere girýän taraplar goşulan baha üçin salgydy Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemegi ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 30-yna çenli aralykdaky hasabat döwri üçin - şol ýylyň sentýabr aýynyň 1-inden gijä galman we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli aralykdaky hasabat döwri üçin - indiki ýylyň mart aýynyň 1-inden gijä galman amala aşyrýarlar.

Salgydy tölemek salgyt edarasy tarapyndan ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 30-yna çenli aralykdaky hasabat döwri üçin - şol ýylyň awgust aýynyň 1-inden gijä galman we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli hasabat döwri üçin - indiki ýylyň fewral aýynyň 1-inden gijä galman iberilýän salgyt habarnamasynyň esasynda geçirilýär.

6. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt beýannamasyny bermek üçin başga bir möhletler we goşulan baha üçin salgydy tölemek üçin başga bir möhletler bellenip bilner, emma ol şu maddanyň 1-nji, 3-nji, 4-nji we 5-nji bölümlerinde bellenen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

### 112-nji madda. Bilelikdäki işler amala aşyrylanda goşulan baha üçin salgydy hasaplamagyň we tölemegiň aýratynlyklary

1. Bilelikdäki işleri amala aşyrýan salgyt töleýjiler (şereketler) tarapyndan goşulan baha üçin salgydy

hasaplamak borjy, öz işini Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan şerekete gatnaşyjylaryň biriniň üstüne ýüklenýär.

Şunuň ýaly çözgüdiň kabul edilendigi barada şerekete girýän salgyt töleýjiler şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň 2-nji bölüminde bellenen möhletlerde özleriniň salgyt hasabynda durýan salgyt gulluklaryna hat üsti bilen habar berýärler.

2. Şereketiň işi boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgyt hasaplananda, bilelikdäki işi amala aşyrmak maksady bilen, ylalaşyga gatnaşyjylaryň haýsy hem bolsa biri tarapyndan çig mal, materiallar, işler, hyzmatlar we beýlekiler boýunça tölenen goşulan baha üçin salgyt hasap etmek üçin kabul edilýär. Şerekete gatnaşyjylaryň ählisiniň geçiren çykdajylary baradaky maglumat (ilkinji hasapçylyk hasaba alşynyň resminamalarynyň nusgasy ýa-da asyl nusgasy) şunuň ýaly hasap etmegi geçirmek üçin esas bolup durýar.

Goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge kabul edilýän pul möçberi şeýle halatlarda salgyt töleýjileriň şereketiň düzümindäki işe degişli bolmadyk işleri babatynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgyt kesgitlenende gaýtadan hasap etmek üçin kabul edilmeli däldir.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetine goşulan baha üçin salgydy tölemek boýunça borçlaryny ýerine ýetirmek şerekete gatnaşyjylaryň biri tarapyndan salgydyň ähli möçberi boýunça ýa-da olaryň her biri tarapyndan salgydyň umumy möçberinden degişli paýy boýunça amala aşyrylyp bilner.

Iki ýagdaýda hem, goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üstüne ýüklenen şerekete gatnaşyjy, tutuş bilelikdäki iş boýunça goşulan baha üçin salgyt beýannamasyny salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna bellenen möhletlerde bermäge borçludyr.

Beýannama aşakdakylary görkezmek bilen maglumatlar goşulmalydyr:

olaryň ýerleşýän ýerini ýa-da ýaşaýan ýerini görkezmek bilen, şerekete gatnaşyjylaryň ählisini, olaryň hususy salgyt belgilerini görkezmek bilen;

salgydyň şerekete gatnaşyjylaryň biri tarapyndan tölenjekdigi ýa-da her biriniň öz paýyny tölejekdigi baradaky çözgüdiň nusgasy.

Salgyt gullugy beýannama berlenden soňky bäş günüň dowamynda beýleki şerekete gatnaşyjylaryň salgyt hasabynda durýan ýerlerindäki salgyt gulluklaryna:

goşulan baha üçin salgydyň gatnaşyjylaryň biri tarapyndan tölenýändigi habar bermek üçin, ýa-da şerekete beýleki gatnaşyjylar tarapyndan goşulan baha üçin salgydyň özlerine degişli paýlarynyň doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik çärelerini bellemek üçin degişli görkezmeleri ibermelidir.

### 113-nji madda. Ýörite düzgünler

1. Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylyan ýa-da ýeňülikler göz öňünde tutulyan ýa-da salgydyň nol möçberiniň . ulanylýan halatlarynda salgyt töleýji salgydyň pul möçberini hasap-fakrura ýa-da başga bir resminarna ýalňyşyp goşan bolsa, görkezilen pul möçberi bellenen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge, öz wagtynda tölenmedik bolsa puşman tölegini tölemek bilen geçirilmäge degişlidir. Şunda satyn alyja (buýruja) tölenen salgydy hasap etmäge rugsat berilýär, eger bu şu Bitewi kanunyň 110-njy maddasynda göz öňünde tutulan bolsa.

Şu Bitewi kanunyň 89-njy maddasynda bellenen maliýe çäreleri şu ýagdaýda ulanylmaýar.

Görkezilenler şeýle halatlara hem degişlidir: haçan-da harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleýän tarap salgyt töleýji hökmünde ykrar edilmeýän bolsa; şeýle amal salgyt salynýan amal bolmasa; salgyt özeni nädogry kesgitlenilen (ýokarlandyrylan) bolsa we başgalarda.

Şu bölegiň düzgünleri, haçan-da satyn alyjy özüne berlen hasap-fakturanyň ýa-da salgyt möçberi ýalňyşlyk bilen goşulan beýleki resminamanyň üýtgedilmegini talap etmedik halatynda hem ulanylýar.

2. Salgyt töleýjiniň goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini ýalňyşlyk bilen, harytlary, (işleri, hyzmatlary) satyn alyja (buýruja) berilýän hasap-faktura goşmadyk we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemedik halatlarynda, salgyt gullugynyň salgydyň görkezilen pul möçberini şol satyn alyjydan (buýrujydan) almaga haky bardyr.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41 -nji madda)

## 2-nji Bap. Goşmaça töleg

**114-nji madda. Goşmaça tölegi töleýjiler**

1. Şu Bitewi kanunyň 116-njy maddasynda görkezilen salgyt amallaryny geçiren, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getiren halatlarynda edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegi töleýjiler bolup durýarlar.

Buýrujy tarapyndan iberilýän çig maldan (materiallardan) Türkmenistanyň çäklerinde öndüriliýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar üçin haryt öndüriji goşmaça tölegi töleýji bolup durýar.

2. Býujetdäki guramalar;

Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar goşmaça tölegi töleýji bolup durmaýarlar. Şu taraplar tarapyndan nebit işlerine degişli däl salgyt salynýan amallar geçirilende, olar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäklerine nebit işleri üçin niýetlenilmedik goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, olara şu maddanyň 1-nji bölüminiň güýji degişlidir.

**115-nji madda. Goşmaça tölege degişli harytlar**

Geljekde olaryň haýsy maksat bilen ulanyljakdygyna garamazdan, şu Bitewi kanunyň 119-njy maddasyna laýyklykda goşmaça tölegiň möçberi bellenen harytlar we önümler goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar diýlip ykrar edilýär.

**116-njy madda. Goşmaça töleg salynýan binýat**

1. Salgyt salynýan amallar we Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça töleg salynýan binýat bolup durýar.

2. Şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünlerini hasaba almak bilen, şu aşakdakylar salgyt salynýan amallar bolup durýar:

özüniň öndüren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerlemek;

goşmaça töleg salynýan harytlary öndürmekden başga, özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary peýdalanmak;

goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň alynmagy, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar;

buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlary etmek.

3. Şu maddanyň 2-nji bölüminde sanalyp geçilen amallar, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýa-da olary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) üçin hyzmatlar Türkmenistanyň çäklerinde öndürilen bolsa, salgyt salynýan binýat diýlip ykrar edilýärler.

4. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerlemegi kesgitlemek üçin şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasy ulanylýar.

5. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde aýrybaşgalamak boýunça amallar, şeýle hem şunuň ýaly harytlaryň Türkmenistanyň çäklerine getirilmegi goşmaça töleg salmak binýady bolup durmaýar.

**117-nji madda. Salgyt özeni**

1. Salgyt salynýan amallar geçirilende salgyt töleýjiniň islendik tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan harydynyň goşmaça tölegi öz içine alýan bahasyndan (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) ugur alnyp kesgitlenýän baha salgyt özeni bolup durýar.

Salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça töleg tölenmäge degişli, öndürilen harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öweziniň günäkär taraplardan alnan pul möçberleri, şeýle hem şunuň ýaly harytlar üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar hem salgyt özenine goşulýar.

2. Buýrujy tarapyndan berilýän çig maldan (materiallardan) öndürilýän, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerlenende (berlende), salgyt özeni haryt öndürijiniň goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar berlen pursadynda özüniň öndüren şonuň ýaly harytlaryna goşmaça tölegi hasaba alyp ulanýan iň ýokary satuw bahalaryndan ugur alnyp, olaryň ýok wagtynda bolsa, şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň

düzgünlerine laýyklykda ulanylýan, şonuň ýaly harytlaryň hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

3. Goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar muzdsuz berlende salgyt özeni, salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlaryň adaty, hak almak bilen ýerlenende ulanýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

4. Geleşigiň taraplary tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli çalşylýan harytlaryň bahasy kesgitlenmedik halatynda, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şunuň ýaly goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerlenende ulanylýan adaty bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

Çalşyk deň derejede bolmadyk ýagdaýynda çalşylýan, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň bahasyna goşmaça bahanyň islendik möçberi salgyt salynýan dolanyşyga goşulýar.

5. Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar peýdalanylanda, olar boýunça degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýan halatynda hem, salgyt özeni şolar ýaly harytlaryň, salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak almak bilen ýerlenende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

6. Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk harytlaryň ýetmezçiligi bolan halatynda, bu harytlaryň ogurlanandygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalar bolmadyk ýagdaýynda, salgyt özeni şu maddanyň 3-nji bölüminde bellenen tertipde kesgitlenýär.

7. Ýeňillikli baha bellenen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerlemek boýunça salgyt binýady şunuň ýaly ýeňillikleri hasaba almak bilen bellenýär. Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we edilýän hyzmatlara hem degişlidir.

8. Alyjy tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň yzyna gaýtarylmaga degişli gaplaryň bahasy salgyt özenine goşulmaýar.

9. Türkmenistanyň gümrük çägine haryt getirilende harydyň tölenmäge degişli gümrük paçlaryny we ýygymlaryny hasaba almak bilen we goşmaça tölegiň pul möçberini öz içine almaýan bahasy salgyt özeni bolup durýar.

10. Daşary ýurt pulundaky - salgyt salynýan amallaryň bahasy, salgyt özenini artdyrýan pul serişdeleriniň möçberi, harytlaryň gümrük bahasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça aşakdakylara degişlilikde manatda hasaplanýar:

salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesindäki hümmet boýunça;

Türkmenistanyň gümrük çägine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende goşmaça tölegiň tölenen senesindäki hümmet boýunça.

11. Salgyt salynýan amallar geçirilende we Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende salgyt özeni goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar üçin haryt görnüşinde hem kesgitlenip biler.

12. Şu madda laýyklykda hasaplanýan salgyt özeni Türkmenistanyň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberine görä azaldylýar.

### 118-nji madda. Salgyt salynýan amallar üçin salgyt özenine düzediş girizmek

Salgyt salynýan amallar geçirilende we Türkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende salgyt özeni şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda bellenen ýagdaýlarda düzediş girizilmäge degişlidir.

### 119-njy madda. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberi

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberleri:

| Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň atlary | Goşmaça tölegleriň möçberleri |
|---|---|
| Öndürilýän harytlar boýunça | |
| Piwo | Bahasynyň 10%-i |

| | |
|---|---|
| Tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýorlar we düzüminde alkogol bolan gaýry alkogolly içgiler (üzüm löderesinden başga), şeýle hem düzüminde alkogol bolan çakyr serişdeleri: 20 göterim we şoňa çenli 20-den 30 göterime çenli we 30 göterim 30 göterimden ýokary | Bahasynyň 15%-i Bahasynyň 30%-i Bahasynyň 40%-i |
| Benzin | Bahasynyň 40%-i |
| Dizel ýangyjy | Bahasynyň 40%-i |
| Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça | |
| Piwo | Gümrük bahasynyň 50%-i, emma 1 litri üçin azyndan 4 manat |
| Düzüminde aşakdaky möçberde alkogol bolan üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler: 20 göterim we şoňa çenli 20 göterimden ýokary | Gümrük bahasynyň 100%-i, emma 1 litri üçin azyndan 20 manat Gümrük bahasynyň 100%-i, emma 1 litri üçin azyndan 30 manat |
| Spirtli içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt (saglygy goraýyş maksady bilen getirilýänlerinden, şeýle hem döwlet kärhanalary, alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan getirilýänlerinden beýlekileri) | 1 litri üçin 4 amerikan dollary |
| Temmäki önümleri | Gümrük bahasynyň 30%-i, emma 1 gutusy üçin azyndan 0,5 amerikan dollary |
| Senagat taýdan öndürilen beýleki temmäki we temmäkiniň senagat çalşyryjylary | 1 kg üçin 10 amerikan dollary |
| Ýeňil awtoulaglar (tiz kömek awtoulaglaryndan we maýyplar üçin ýörite enjamlaşdyrylan ýörite ulaglardan başga) | Hereketlendirijiniň iş göwrüminiň 1 kub sm-i üçin ABŞ-nyň 0,3 dollary |

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy daşary ykdysady işiň haryt sanawynyň kodlaryna laýyklykda toparlara bölünýär.

(2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda);

### 120-nji madda. Goşmaça töleg nyşanlary

Türkmenistanda öndürilýän, şeýle hem Türkmenistana getirilýän, goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde goşmaça töleg nyşanlary bilen nyşanlanmaga degişlidir.

### 121-nji madda. Salgyt we hasabat döwri

Salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça tölegler üçin salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenýär.

### 122-nji madda. Goşmaça tölegler boýunça ýeňillikler

1. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän, goşmaça tölegler tölenmäge degişli harytlar goşmaça tölegi tölemekden şu ýagdaýlarda boşadylýarlar:

a) Türkmenistana ynsanperwer kömek hökmünde, şeýle hem hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, daşary ýurtlar tarapyndan muzdsuz berilýän tehniki kömegiň çäklerinde getirilýän harytlar;

b) daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň resmi

taýdan peýdalanmaklary üçin ýa-da bile ýaşaýan maşgala agzalaryny goşmak bilen, şu wekilhanalaryň we halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriň şahsy peýdalanmaklary üçin niýetlenen harytlar.

ç) şahsy tarapyň özüniň sarp etmegi üçin 5 litr alkogolly içgiler we piwo, 10 guty çilim.

Salgyt töleýjiniň Türkmenistanyň aýry-aýry kanunçylyk namalaryna salgyt ýeňillikleriniň bar bolan ýa-da salgytdan boşadylan halatynda, eger bu şonuň ýaly namalarda göni görkezilmedik bolsa, görkezilenler goşmaça tölegleriň alynmagyna degişli däldir.

2. Eýeçilik hukugy esasynda daşary ýurtly edara görnüşli taraplara degişli bolan, berilýän çig maldan (çig nebitden) benzini we dizel ýangyjyny öndürmek (taýýarlamak) boýunça hyzmatlar, şu önümleri soňundan Türkmenistanyň çäklerinden çykarmak şerti bilen, goşmaça töleg tölemekden boşadylýar.

3. Ynsanperwerlik we (ýa-da) haýyr-yhsan kömegi hökmünde hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň çözgütleriniň esasynda goşmaça töleg tölenýän harytlary bermek boýunça amallar goşmaça tölegleri tölemekden boşadylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**123-nji madda. Türkmenistanyň gümrük serhediniň üsti bilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar geçirilende salgyt salmagyň aýratynlyklary**

1. Saýlanyp alnan gümrük düzgünine baglylykda, Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, goşmaça töleg salmak şu tertipde geçirilýär:

a) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar erkin dolanyşyk üçin çykarylýan gümrük düzgüninde ýerleşdirilende goşmaça töleg doly möçberde tölenýär;

b) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar reimport, tranzit, gümrük ammary, paçsyz söwda dükany, gümrük gözegçiligi astynda gaýtadan işlemek, gümrük çäklerinde gaýtadan işlemek, erkin gümrük zolagy, erkin ammar, ýok etmek, döwletiň peýdasyna harytdan ýüz öwürmek gümrük düzgüninde ýerleşdirilende goşmaça töleg tölenmeýär;

ç) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar reeksport gümrük düzgüninde ýerleşdirilende goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär we şunuň ýaly harytlar Türkmenistanyň çäklerinden çykarylanda yzyna gaýtarylmaga degişlidir;

d) harytlar wagtlaýyn getirmek gümrük düzgüninde ýerleşdirilende (daşary ýurtly şahsy taraplara degişli bolan, ýaşaýan ýerinden hasapdan çykarylmadyk şahsy ulag serişdelerinden başga), goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli wagtlaýyn getirilen harytlar Türkmenistanyň çäklerinden çykarylanda, olaryň getirilen wagtyndan bäri Türkmenistanyň çäklerinde bolan wagtlary bir ýyldan geçmedik şertlerinde, öň tölenen goşmaça tölegiň pul möçberi yzyna gaýtarylmaga degişlidir;

e) öň wagtlaýyn getirilen gümrük düzgüninde ýerleşdirilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, olaryň Türkmenistanyň çäklerinden çykarylan pursadyndan bäri bir ýyldan köp wagt geçmedik bolsa, goşmaça töleg alynmaýar;

ä) Türkmenistanyň gümrük çäklerinden daşarda gaýtadan işlemek gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlaryň gaýtadan işlenen önümleri getirilende goşmaça töleg erkin dolanyşyk üçin çykarmak düzgünine laýyklykda tölenýär.

2. Gümrük düzgüni üýtgände goşmaça tölegi tölemek borjy täze gümrük düzgünine laýyklykda kesgitlenýär.

Salgyt töleýji tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde saýlanyp alnan gümrük düzgüniniň berjaý edilmedik halatynda, ondan erkin dolanyşyk üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary çykarmak gümrük düzgünine laýyklykda goşmaça töleg, şeýle hem harydyň getirilen wagtyndan goşmaça tölegiň tölenen gününe çenli aralykdaky döwür üçin hasaplanyp ýazylýan puşmana tölegi alynýar.

**124-nji madda. Goşmaça tölegleri hasaplamak**

1. Goşmaça tölegiň pul möçberi şeýle hasaplanýar:

salgyt salynýan amallar geçirilende - salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak;

Türkmenistanyň gümrük çäklerine harytlar getirilende - gümrük edaralary tarapyndan.

2. Salgyt salynýan amallar geçirilende Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça

tölegiň pul möçberi şu Bitewi kanunyň 126-njy maddasyna laýyklykda, şol salgyt döwründe hasap etmäge kabul edilýän goşmaça tölegiň pul möçberine azaldylan, degişli salgyt döwründe ähli salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi hökmünde hasaplanýar.

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň her bir görnüşi boýunça, salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi şu Bitewi kanunyň 117-nji we 122-nji maddalaryna laýyklykda hasaplanýan, şu Bitewi kanunyň 119-njy maddasynda bellenen salgyt möçberine köpeldilen salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özeniniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Salgyt salynýan amallary degişli salgyt döwrüne degişli etmek, olaryň amala aşyrylan pursadyna baglylykda, şu Bitewi kanunyň 125-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

3. Türkmenistanyň gümrük çäklerine harytlar getirilende, goşmaça tölegiň pul möçberi goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň her bir görnüşi boýunça, şu Bitewi kanunyň 117-nji we 122-nji maddalaryna laýyklykda hasaplanýan şeýle harytlar boýunça salgyt özenini, şu Bitewi kanunyň 119-njy maddasynda bellenen degişli salgyt möçberine köpeltmek arkaly kesgitlenýär.

4. Haýsy hem bolsa bir salgyt döwründe hasaplaşmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberi, şu madda laýyklykda hasaplanan goşmaça tölegiň möçberinden artyk gelen halatynda, artyk gelýän pul möçberi yzyna gaýtarylmaga degişlidir ýa-da şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasyna laýyklykda, salgyt töleýjiden alynmaga degişli beýleki tölegleriň hasabyna Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirildi hasap edilmelidir.

5. Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Kanunyna laýyklykda potratçy ýa-da kömekçi potratçy bolup durýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilen, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary nebit işlerini amala aşyrmak üçin peýdalanmaýan halatlarynda goşmaça töleg bellenen tertipde tölenýär.

## 125-nji madda. Salgyt salynýan amallaryň geçirilen döwri

Salgyt salmak amallary geçirilýän hasabat (salgyt) döwri şu Bitewi kanunyň 109-njy maddasyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň kesgitlenilişi ýaly kesgitlenýär.

## 126-njy madda. Goşmaça tölegi hasaplaşmak

1. Goşmaça töleg töleýjileriň goşmaça töleg tölenmäge degişli ýerlenen harytlaryň goşmaça töleg nyşanynyň bahasynyň möçberinde goşmaça tölegi hasaplaşmaga hukuklary bardyr.

2. Çig mallar (materiallar) görnüşinde satyn alynýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar peýdalanylanda, şeýle hem şunuň ýaly harytlar beýleki goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek üçin buýrujy tarapyndan (bermek esasynda) berlen halatynda, salgyt töleýji çig mal (materiallar) görnüşinde goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar satyn alnanda ýa-da getirilende tölenen goşmaça tölegi hasaplaşmaga hukugy bardyr. Şunda goşmaça tölegi görkezilen maksat üçin şu hasabat (salgyt) döwründe peýdalanylan çig mal (materiallar) babatynda hasaplaşmaga rugsat berilýär.

3. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary iberijilere tölenen goşmaça tölegi hasaplaşmak üçin, şu Bitewi kanunyň 127-nji maddasynda bellenen tertipde ýazylyp berilýän hasap-faktura we ýük iberijiler bilen tölegiň (hasaplaşygyň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar esas bolup durýar.

Goşmaça töleg tölenmäge degişli getirilen harytlar gümrük taýdan resmileşdirilende tölenýän goşmaça tölegi hasaplaşmak üçin, aşakdaky resminamalar esas bolup durýar:

goşmaça tölegi tölemek boýunça serişdeleriň hakyky geçirilendigini tassyklaýan töleg resminamalary we bankyň göçürmesi;

ýük gümrük beýannamasy ýa-da onuň erkin dolanyşyga çykarmak gümrük düzgüninde harytlaryň çykarylmagyny amala aşyran gümrük edarasynyň belligi bolan nusgasy.

4. Çig mal (materiallar) görnüşinde satyn alynýan, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça töleg tölenmäge degişli däl harytlary öndürmek ýa-da başga bir maksatlar üçin peýdalanylanda, olar boýunça goşmaça tölegiň pul möçberi şonuň ýaly çig malyň (materialyň) bahasy bilen bilelikde peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýar, ýa-da salgytlar tölenenden soň salgyt töleýjiniň ygtyýarynda galýan peýdasynyň hasabyna, ýa-da maliýeleşdirmegiň degişli çeşmeleriniň hasabyna degişli edilýär.

5. Şu maddanyň düzgünleri üýtgedilip gurulýan edara görnüşli tarap bolup durýan salgyt töleýji tarapyndan tölenen goşmaça tölegler babatynda hem ulanylýar we bu salgyt onuň hukuk mirasdüşeri tarapyndan

hasaplaşyga kabul edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**127-nji madda. Satyjy tarapyndan alyja bildirilýän goşmaça tölegiň möçberi**

1. Özüniň öndürýän, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleýän ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlary edýän, şeýle hem özüniň getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleýän salgyt töleýji satyn alyja we çig maly (materiallary) beren hususyýetçä goşmaça tölegiň degişli pul möçberini tölemek talabyny bildirmäge borçludyr. Şunda goşmaça tölegiň pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilýär.

Ilata bölek satuw bahalary ýa-da nyrhlar boýunça goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerlenende satyjylar tarapyndan berilýän harytlaryň ýarlyklarynda we bahanamalarda goşmaça tölegiň degişli pul möçberi aýratyn görkezilmeýär.

2. Özüniň öndürýän, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleýän ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlary edýän, şeýle hem özüniň getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleýän salgyt töleýji harytlary alyjylara bellenen görnüşdäki hasap-fakturany ýazyp bermäge borçludyr. Hasap-faktura 2 nusgalykda ýazylýar, olaryň birinjisi satyn alyja (buýruja) berilýär, ikinjisi ony ýazan tarapda galýar.

Hasap-fakturalar goşmaça töleg tölenmäge degişli harydyň iberilen ýa-da buýrujynyň çig malyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölemäge degişli harydy öndürmek (ýasamak, guýmak) boýunça hyzmatlaryň edilen senesinden bäş günden gijä galman berilýär.

Hasap-fakturanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**128-nji madda. Salgyt beýannamasyny bermek we goşmaça tölegi tölemek**

1. Salgyt töleýji salgyt salynýan amallary geçirmek boýunça her bir hasabat döwri üçin goşmaça töleg baradaky beýannamany bermäge borçludyr.

2. Geçen hasabat döwri üçin goşmaça töleg boýunça beýannama hasabat döwründen soňky aýyň 20-sinden gijä galman berilýär.

3. Salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça tölegi tölemek salgyt töleýjiler tarapyndan hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman geçirilýär.

Goşmaça tölegi tölemek şu Bitewi kanunyň 124-nji maddasynyň 5-nji bölüminde bellenen ýagdaýlarda görkezilen möhletde we ýagdaýlarda geçirilýär.

4. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegi tölemek gümrük taýdan resmileşdirilen pursadynda ýa-da ondan öň geçirilýär.

5. Bilelikdäki işler (şereket) amala aşyrylanda goşmaça tölegi hasaplamak, beýannama bermek we olary Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemek şu Bitewi kanunyň 112-nji maddasynda bellenen aýratynlyklary hasaba almak bilen, goşulan baha üçin salgydyň tölenilişi ýaly geçirilýär.

## 3-nji bap. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt

**129-njy madda. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler**

1. Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly zatlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri (mundan beýläk-peýdaly magdanlar) almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we peýdalanýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar.

2. “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we

kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytlary töleýjiler hasap edilmeýärler.

Şu taraplar tarapyndan “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda geçirilýän nebit işlerine degişli bolmadyk iş amala aşyrylan halatynda, olara şu maddanyň 1-nji bölüminiň güýji degişlidir.

**130-njy madda. Salgyt salynýan binýatlar**

1. Salgyt töleýji tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrylýan amallar salgyt salynýan binýatlar diýlip ykrar edilýär.

Salgyt salynýan amallaryň geçirilen ýeri diýlip peýdaly magdanlaryň gazylyp alynýan ýeri hasap edilýär.

2. Salgyt salynýan amallar diýlip:

salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanyň ýerlenmegi;

salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlary özüniň sarp etmegi üçin peýdalanylmagy, şol sanda gaýtadan işlenmegi;

gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öweziniň dolunmagy, şeýle ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň alynmagy ykrar edilýär.

3. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýerlemek düşünjesini kesgitlemek üçin şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasy ulanylýar.

4. Mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň kesekiniň haýryna alynmagy ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt salmak binýady bolup durmaýar.

**131-nji madda. Salgyt özeni**

1. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak üçin salgyt özeni şu aşakdakylar bolup durýar:

uglewodorod serişdeleri (çig nebit, tebigy we ugurdaş gaz) boýunça - öz içine goşulan baha üçin salgydy almaýan, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan uglewodorod serişdeleriniň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenýän baha;

beýleki gazylyp alynýan peýdaly zatlar boýunça - olaryň ýerleşdirilmeginden alnan peýda.

Salgyt salynýan amallar geçirilende gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öweziniň dolunmagynyň, şeýle hem ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň pul möçberleri hem salgyt özenine goşulýar.

2. Muzdsuz berlende gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary adaty, hak almak bilen ýerleýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenýär.

3. Geleşikleriň taraplary tarapyndan çalşylýan gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň bahasy kesgitlenmedik halatynda salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary adaty, hak almak bilen ýerleýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenýär.

Deň derejede bolmadyk çalşykda çalşylýan harytlaryň bahasynyň üstüne goşulýan islendik pul möçberi salgyt özenine goşulýar.

4. Gazylyp alynýan peýdaly zatlar özüniň sarp etmegi üçin peýdalanylanda, olar boýunça degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýan halatynda hem, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şunuň ýaly harytlar adaty, hak almak bilen, ýerlenendäki bahasyndan ugur alnyp kesgitlenýär, olar bolmadyk ýagdaýynda bolsa, şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda ulanylýan, şonuň ýaly harytlaryň hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

5. Gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň tebigy ýitgilerden artyk ýetmezçiligi ýüze çykarylanda, bu harytlaryň ogurlanandygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalaryň bolmadyk ýagdaýynda, salgyt özeni şu maddanyň 2-nji bölüminde bellenen tertipde kesgitlenýär.

6. Ýeňillikli baha bellenen gazylyp alynýan peýdaly zatlary ýerlemek boýunça salgyt özeni, şeýle ýeňillikler hasaba alnyp kesgitlenýär. Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we edilýän hyzmatlara hem degişlidir.

7. Peýdaly zatlaryň birnäçe görnüşi gazylyp alnan halatynda salgyt özeni olaryň her bir görnüşi boýunça kesgitlenýär.

8. Gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň daşary ýurt pulundaky bahasy olaryň ýerlenen pursadynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça manatda hasaplanýar.

9. Degişli salgyt döwründe gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt özeni, degişli salgyt döwründe geçirilen ähli salgyt salynýan amallaryň salgyt özenleriniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

10. Şu madda laýyklykda hasaplanýan salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna geçirilýän serişdeleriniň möçberine laýyk azaldylýar.

## 132-nji madda. Salgyt salynýan amallar üçin salgyt özenine düzediş girizmek

Salgyt salynýan amallar geçirilende salgyt özeni şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda bellenen ýagdaýlarda düzediş girizmäge degişlidir.

## 133-nji madda. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberleri

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberleri aşakdaky ölçeglerde bellenýär:

a) uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

tebigy we ugurdaş gaz üçin - 22 %;

çig nebit üçin - 10%;

b) düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly zatlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

| Düşewüntlilik göterimlerde | Salgydyň möçberleri göterimlerde |
|---|---|
| 15-e çenli | 0 |
| 15-den ýokary,17-ä çenli | 30 |
| 17-den 19-a çenli | 32 |
| 19-dan 21-e çenli | 35 |
| 21-den 23-e çenli | 40 |
| 23-den 25-ä çenli | 45 |
| 25-den ýokary | 50 |

Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden beýleki amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň bellenen möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe, emma 3 ýyl möhletden köp bolmaly däl, 50 % aşakladylýar.

Şu ýagdaýda düşewüntlilik önümi ýerlemekden alnan peýdanyň ony öndürmek üçin çykarylan, şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň “a” we “d” bölümçelerinde bellenen aýyrmalaryň jemi hökmünde kesgitlenýän we şonuň ýaly önüme degişli bolan harajatlaryň göterimi hökmünde hasaplanýar.

Önümi ýerlemekden alnan peýda önümi ýerlemekden alnan, şu Bitewi kanunyň 149-njy we 150-nji maddalaryna laýyklykda hasaplanýan, şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň “a” we “d” bölümçelerinde bellenen aýyrmalaryň möçberine azaldylan we şunuň ýaly önüme degişli bolan jemi girdeji hökmünde kesgitlenýär.

## 134-nji madda. Salgyt we hasabat döwürleri

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyda salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýege deň laýyklykda bellenilýärler.

## 135-nji madda. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak

1. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak hasaplanýar.

2. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi, salgyt döwründe geçirilen salgyt salynýan amallaryň ählisi boýunça salgydyň jemi hökmünde hasaplanýar.

Hasabat (salgyt) döwründe geçirilen salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň möçberi şu Bitewi kanunyň 131-nji maddasyna laýyklykda hasaplanýan salgyt salynýan amallar boýunça, şu Bitewi kanunyň 133-nji maddasynda bellenen degişli salgyt möçberine (möçberlerine) laýyk gelýän salgyt özeniniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Salgyt salynýan amaly degişli salgyt döwrüne degişli etmek, onuň geçirilen pursadyna baglylykda, şu Bitewi kanunyň 136-njy maddasyna laýyklykda geçirilýär.

Şu Bitewi kanunyň 137-nji maddasynyň 3-nji bölüminde bellenen ýagdaýlarda, býujete tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi, hasaplanan we salgydyň deslapky tölegini Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemäge degişli möçberine azaldylýar.

3. Haýsy hem bolsa bir salgyt döwründe tölenen, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi şu döwür üçin, şu madda laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberinden artyk gelýän bolsa, onda şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasyna laýyklykda şol artyk gelýän pul möçberi yzyna gaýtarylmaga degişlidir ýa-da salgyt töleýjiden Türkmenistanyň Döwlet býujetine alynmaly beýleki tölegleriň hasabyna geçirildi diýlip hasaba alynýar.

### 136-njy madda. Salgyt salynýan amallaryň geçirilen döwri

Salgyt salynýan amallar, şu Bitewi kanunyň 109-njy maddasyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgyt ýaly geçirildi hasap edilýär.

### 137-nji madda. Salgyt beýannamasyny bermek we ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemek

1. Salgyt töleýji her bir hasabat döwründe ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny bermäge borçludyr.

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama geçen hasabat döwri üçin hasabat döwründen soňky aýyň 20-nden gijä galman berilýär.

2. Şu maddanyň 4-nji bölüminde görkezilenlerden başga salgyt töleýjiler tarapyndan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemek hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman geçirilýär.

3. Salgyt töleýjiler hasabat döwrüniň dowamynda uglewodorod serişdeleri bilen salgyt salynýan amallary geçirenlerinde deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt töleýärler.

Deslapky töleg görnüşinde tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi geçen salgyt döwri üçin hasaplanan, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberiniň üçden bir bölegini düzýär.

Salgyt töleýjiler tarapyndan deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt her aýyň 25-nde tölenýär.

4. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan beýannama bermegiň we ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemegiň başga möhletleri hem bellenip bilner, emma ol şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümlerinde bellenen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.

## 4-nji bap. Emläk üçin salgyt

### 138-nji madda. Emläk üçin salgydy töleýjiler

1. Eýeçilik hukugy esasynda emlägi bar bolan edara görnüşli taraplar, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde şu Bitewi kanunyň 139-njy maddasyna laýyklykda, salgyt salynýan binýat bolup duran emläk balansyna berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar, şu maddada başga bir

ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durýar.

2. Emläk lizinge ýa-da konsessiýa berlende degişlilikde lizinge alyjy ýa-da konsessioner emläk üçin salgydy töleýji diýlip ykrar edilýär.

Emläk kärendä (kireýine) berlende kärendä (kireýine) beriji (döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli tarapdan başga) emläk üçin salgydy töleýji diýlip ykrar edilýär. Döwlet ýa-da ýerli emläk kärendä berlende balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar.

Salgyt salynýan binýat birnäçe tarapyň umumy paýçylyk eýeçiliginde bolan halatynda, şol taraplaryň her biri salgyt töleýji diýlip ykrar edilýär.

Umumy eýeçilikde durýan salgyt salynýan binýatlar boýunça, olaryň arasyndaky ylalaşyk boýunça, şu salgyt salynýan binýatlaryň hususyýetçileriniň biri salgyt töleýji bolup biler.

Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgasy ulanylan mahaly, şu salgyt salynýan binýat babatda salgydy tölemek boýunça borç buýrujynyň üstüne ýüklenilýär. Potratçy bu halatda şeýle desga boýunça salgydy tölemekden boşadylýar.

3. Aşakdaky edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:

Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy bolup durýan edara görnüşli taraplar. Şu taraplar tarapyndan nebit işleri üçin ulanylýan emläk babatynda şol işlere degişli bolmadyk salgyt salynýan amallar geçirilen halatynda olara şu maddanyň 1-nji bölüminiň güýji degişlidir;

býujet guramalary;

Türkmenistanyň Milli gymmatlyklar muzeýi;

Türkmenistanyň Merkezi banky;

hususy eýeçilikdäki edara görnüşindäki taraplar;

döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary.

(2007-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007-nji ýyl, № 4, 68-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda)

**139-njy madda. Salgyt salynýan binýat**

1. Şu maddanyň 3-nji bölüminde görkezilen emläklerden başga emläkler salgyt salynýan binýatlar bolup durýar:

a) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar üçin, önümçilik maksatly esasy serişdeler, şeýle hem önümçilik işinde peýdalanylýan maddy dolanyşyk serişdeleri;

b) Türkmenistanyň çäklerindäki şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýa-da hemişelik wekilhanasynyň üsti bilen iş alyp barýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar - Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýanlar üçin - Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän we şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň emläginiň bir bölegi bolup durýan, şu maddanyň 1-nji bölüminiň “a” bölümçesinde görkezilen emläk.

ç) Türkmenistanyň çäklerindäki işi şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylmaýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar üçin - önümçilik maksatly we Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emläk.

2. Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan, edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň çäklerinde, şeýle hem onuň daşynda ýerleşýän emläk salgyt salynýan binýat bolup durýar.

3. Aşakdakylar salgyt salynýan binýatlar bolup durmaýar:

ýer; desgalary döretmek bilen baglanyşygy bolmadyk, ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna geçirilýän harajatlar;

döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanýan (konserwasiýa) emläk.

4. Şu maddanyň maksady üçin, gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmekligi (şol sanda hojalyk usuly bilen) amala aşyrýan salgyt töleýjileriň maddy-dolanyşyk serişdeleriniň düzüminde, bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmadyk gurluşyk desgasynyň bahasy hasaba alynýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**140-njy madda. Emläk üçin salgydyň salgyt özeni**

1. Aşakdakylar emläk üçin salgydyň salgyt özeni bolup durýar:
esasy serişdeler boýunça - olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy;
maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça- olaryň ýyllyk bahasy.

Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy buhgalter hasabynyň maglumatlary we salgyt salynýan binýatlar baradaky gaýry resminamalar arkaly tassyklanan maglumatlaryň esasynda kesgitlenýär. Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy bellenen halatlarda şu Bitewi kanunyň 29-njy maddasynda görkezilen usullaryň esasynda kesgitlenýär.

Ulanyş taýdan könelişip möwriti öten ýa-da özüniň başdaky hilini bölekleýin ýitiren harytlaryň we beýleki maddy gymmatlyklaryň gymmaty olary ýerläp bolaýjak bahadan ugur alnyp kesgitlenýär.

Emläge gaýtadan nyrh kesilende, salgyt özenini hasaplamak maksady bilen, emlägiň bahasy gaýtadan kesilen nyrhy hasaba almak bilen kesgitlenýär. Salgyt özenini kesgitlemek maksady bilen, esasy serişdeleriň we maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy olar satyn alnan mahaly tölenilen goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan kesgitlenilýär.

2. Salgyt özeni şu Bitewi kanunyň 143-nji maddasynda görkezilen emläkden başga, şu Bitewi kanunyň 139-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen salgyt salynýan binýadyň her biri boýunça aýratynlykda, her bir degişli hasabat döwri üçin görkezilen salgyt salynýan binýatlaryň ortaça bahasy hökmünde kesgitlenýär.

Birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin salgyt özeni degişlilikde hasabat döwrüniň her aýynyň birine we hasabat döwründen soňky aýyň birine salgyt salynýan binýatlaryň bahalaryny (galyndy bahalaryny) goşmak bilen alynýan jeminiň degişlilikde dörtden biri, ýediden biri, ondan biri we on üçden biri hökmünde kesgitlenýär.

Şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda görkezilen halatlarda salgyt özeni düzedilmäge degişlidir.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**141-nji madda. Salgyt möçberleri**

Emläk üçin salgydyň möçberi salgyt döwrüniň salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde bellenýär.

Emläk üçin salgydyň hasaplaşyk möçberi degişli hasabat döwri üçin aşakdaky möçberlerde kesgitlenýär:
birinji çärýek üçin salgyt özeniniň 0, 25 göterimi;
birinji ýarym ýyl üçin salgyt özeniniň 0,5 göterimi;
9 aý üçin salgyt özeniniň 0,75 göterimi;
bir ýyl üçin salgyt özeniniň 1 göterimi.

**142-nji madda. Salgyt we hasabat döwürleri**

Emläk üçin salgydyň salgyt döwri salgyt ýyly, emma hasabat döwri bolup birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly durýar.

**143-nji madda. Ýeňillikler**

1. Şu aşakdakylar emläk üçin salgytdan boşadylýarlar:
maýa goýum pensiýa gaznalary;
maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
jemgyýetçilik birleşikleri;
dini guramalar;
bilim edaralary;
saglygy goraýyş edaralary we kärhanalary;
oba hojalyk kärhanalary.

2. Şu aşakdakylara emläk üçin salgyt salynmaýar:
gaz geçirijiler (esasy gaz geçirijilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary, umumy ulanylýan awtomobil ýollary, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar, suw-suwlulandyryş

we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenen inženerçilik we beýleki desgalar;

tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanylýan emläk, şeýle hem olaryň öz öndüren önümleri;

ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri;

diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy babatynda ulanylýan emläkler;

umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulagy (taksiden başga);

sport toplumlary, stadionlar we beýleki sport binalary we desgalary, şeýle hem olarda peýdalanylýan sport enjamlary we inwentarlary;

asma ýollar, şeýle hem olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlar;

çagalar lagerleriniň we dynç alyş öýleriniň, çagalar sagaldyş we göwün açyş merkezleriniň emläkleri, şeýle hem çagalaryň dynç almaklaryny, çagalaryň göwnüni açyş işlerini guramak üçin ulanylýan emläk, attraksionlary, oýun oýnalýan abzallary we ş. m. goşmak bilen;

milli syýahatçylyk zolaklarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy ýa-da gutarylmadyk obýektleriň gurluşygynyň tamamlanylmagy bilen baglanyşykly gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek üçin peýdalanylýan emläk. Görkezilenler şu Kodeksiň 139-njy maddasynyň dördünji böleginde görkezilen emlägi hem goşmak bilen esasy serişdelere we maddy dolanyşyk serişdelerine degişlidir;

milli syýahatçylyk zolaklarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň emlägi. Görkezilen ýeňillikler milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk babatda bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan şahslara-da berilýär.

(2007-nji ýylyň 23-nji fewralyndaky, 17-nji martyndaky, 1-nji oktýabryndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 12-nji martynda - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 1, 20-nji we 24-nji maddalar; № 4, 68-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 1, 19-nji madda)

### 144-nji madda. Salgydyň pul möçberini kesgitlemek

1. Emläk üçin salgydyň pul möçberi salgyt töleýjiler tarapyndan özbaşdak hasaplanýar.

Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi geçen hasabat döwründe hasaplanyp çykarylan emläk üçin salgydyň pul möçberini aýyrmak bilen, degişli hasaplaşyk möçberiniň salgydyň degişli hasabat döwründe salgyt özeni hökmünde kesgitlenýär.

2. Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmaýan we Türkmenistanyň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bolan Türkmenistanyň dahylsyzy bolan daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna durmaga we gozgalmaýan emläk üçin salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmäge borçludyr.

### 145-nji madda. Salgyt beýannamasy we emläk üçin salgydy tölemegiň möhletleri

1. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy salgyt töleýjiler tarapyndan her bir hasabat döwri tamamlanandan soň salgyt hasabynda durýan ýerindäki salgyt gullugyna hasabat döwründen soňky aýyň 20-nden gijä galman berilmelidir.

2. Salgyt töleýjiler tarapyndan emläk üçin salgydy tölemek hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman geçirilýär.

3. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan beýannamany bermegiň we emläk üçin salgydy tölemegiň başga möhletleri bellenip bilner, emma ol şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümlerinde görkezilen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.

### 146-njy madda. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk üçin salgydy hasaplaşmak

1. Beýleki döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky emläk

üçin salgydyň tölenen pul möçberi, Türkmenistanyň çäklerindäki emläk üçin salgyt tölenende edara görnüşli tarap bolup durýan Türkmenistanyň dahyllysy tarapyndan hasaplaşylýar.

Şunda hasaplaşylan salgydyň pul möçberi şu Bitewi kanuna laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberinden köp bolup bilmez.

Daşary ýurtlaryň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarlandyrylan edarasy tarapyndan berlen, Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigine şaýatlyk edýän resminamalar hasaplaşmak üçin esas bolup durýar.

Görkezilenler iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýjä gaýtarylyp bilinmejek emläk üçin salgydyň möçberine degişlidir.

2. Şu Bitewi kanunyň 139-njy maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda salgyt salmak binýady bolup durmaýan, şeýle hem şu Bitewi kanunyň 143-nji maddasyna laýyklykda ýeňillik berlen emläk boýunça daşary ýurtlaryň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanan we tölenen salgyt hasaplaşylmaga degişli däldir.

3. Emläk üçin salgydy tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan salgyt töleýji arzany, şeýle hem degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän, Ikitaraplaýyn salgyt salmagy aradan aýyrmak barada Türkmenistan bilen şertnama (ylalaşyk) baglaşan döwletiň dahyllysy bolup durýandygy barada resmi tassyknamany Türkmenistanyň salgyt gullugyna bermelidir.

Tassyknama we arza emläk üçin salgyt tölenmezden öň hem, salgyt töleýjiniň salgytdan boşamaga we ýeňillik almaga dalaş edýän salgyt döwri tamamlanandan soňky üç ýylyň dowamynda hem berlip bilner.

Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde bellenilýär. Bellenilen görnüş boýunça düzülmedik arza, ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy salgyt gullugyna şeýle arza seretmekden boýun gaçyrmaga esas bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 5-nji bap. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt

### 147-nji madda. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler

1. Şu aşakdakylar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durýarlar:

Türkmenistanyň dahyllylary - edara görnüşli taraplar;

Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistanyň dahylsyzlary - edara görnüşli taraplar;

2. Şu aşakdakylar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:

Türkmenistanyň Merkezi banky;

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.

(2007-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky we 1-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 2, 48-nji madda; № 4, 68-nji madda)

### 148-nji madda. Salgyt salynýan binýat

1. Hasabat (salgyt) döwründe salgyt töleýjiniň alan peýdasy, şeýle hem girdejileriniň aýry-aýry görnüşleri salgyt salynýan binýat bolup durýar.

Edara görnüşli taraplaryň peýdasy salgyt töleýjiniň şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan we şeýle girdejä degişli bolan, aýrylmaly pul möçberine azaldylan ähli girdejisiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

2. Türkmenistanyň dahyllylaryna Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda alnan peýda (girdeji) boýunça salgyt salynýar.

Türkmenistanyň dahylsyzlaryna Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalaryň üsti bilen alnyp barylýan işlerden we Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden alnan peýda (girdeji) boýunça salgyt salynýar.

## 1-nji paragraf. Türkmenistanyň dahyllylaryna salgyt salmak

### 149-njy madda. Jemi girdeji

1. Salgyt töleýjiniň jemi girdejisine ýerlenen önümlerden, ýerine ýetirilen işlerden, edilen hyzmatlardan alnan girdejiler, şeýle hem ýerlenmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler goşulýar.

2. Şu maddada başgaça bellenmedik bolsa, ýerlemekden daşarky girdejilere aşakdakylar degişlidir:

a) islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler;

b) beýleki edara görnüşli taraplara we şereketlere paýçy bolup gatnaşmakdan alnan düşewüntler we beýleki serişdeler;

ç) ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklar boýunça ätiýaçlyk öwezini doluş puly;

d) ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar;

e) öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar;

ä) Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda kesgitlenen, awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) iş nyşany ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak;

f) ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan serişdeler;

g) hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň möçberi, şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasyna laýyklykda salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça umytsyz bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär;

h) daşary ýurt pulundaky amallar boýunça, şeýle hem pul gymmatlyklarynyň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçlar arzanladylanda oňyn hümmet tapawutlary; egerde daşary ýurt pulunyň taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerlenen (girdeji edilen) senesinde bellenilen hümmeti boýunça hasaplanan borçnamalaryň we talaplaryň emele gelen möçberi, manatda hakyky gelip düşen (tölenen) möçbere laýyk gelmäninde salgyt töleýjide döreýän oňyn tapawut;

i) hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri;

j) şu Bitewi kanuna laýyklykda hasapdan aýyrma düzüminde göz öňünde tutulan, salgyt döwrüniň ahyryna çenli peýdalanylmadyk ätiýaçlyk we gaznalaryň serişdeleri;

ž) ulanmakdan aýrylýan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we beýleki emläkleriň bahasy;

k) haýyr-yhsan maksatly alnan, bellenen maksada laýyk peýdalanylmadyk serişdeleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy;

l) tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy;

m) şu maddanyň üçünji bölüminde görkezilenlerden başga, emläk hukugyny hem goşmak bilen, muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar). Girdejä goşmak üçin şunuň ýaly emläge (işlere, hyzmatlara) baha kesmek şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň düzgünlerini hasaba almak bilen, hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp amala aşyrylýar;

n) beýleki ýerlemekden daşary girdejiler.

3. Şu aşakdakylar jemi girdejä goşulmaýar:

gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň, paýçylaryň, agzalaryň) esaslyk maýa gatançlary, paýnamalary (paýlary) ýerleşdirmegiň bahasyndan olaryň nominal bahasyndan (ilkibaşky möçberinden) artyk gelmegi görnüşindäki girdejini hem goşmak bilen;

gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda ýa-da ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, gatnaşyjy (paýdar, paýçy) tarapyndan edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alnan serişdeler;

şereketden çykylanda ýa-da ýatyrylýan şereketiň emläginiň oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, bilelikde işlemek (şereket) barada ylalaşyga gatnaşyjy tarapyndan ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alnan serişdeler;

gymmatly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňyn tapawut;

döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş

edaralarynyň çözgüdi bilen býujet guramalarynyň alýan emlägi;

býujet serişdeleriniň, döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň, mugt pullaryň (grantlaryň) we beýleki çeşmeleriň hasabyna, maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde salgyt töleýji tarapyndan alnan serişdeler we beýleki emläk;

komissioner tarapyndan komissiýa ylalaşygy boýunça, şeýle hem baglaşylan ylalaşygyň şertlerine laýyklykda şunuň ýaly harajatlar komissioneriň çykdajylarynyň düzümine goşulmaga degişli bolmasa, komitent üçin komissioner tarapyndan geçirilen çykdajylaryň öwezini dolmagyň hasabyna alnan emläk. Görkezilenler tabşyryk ylalaşygyna ýa-da şoňa meňzeş beýleki ylalaşyklara hem degişlidir;

edara görnüşli taraplaryň pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alan we şahsy pensiýa hasaplaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri;

karzlar görnüşinde alnan serişdeler we beýleki emläk, şeýle hem olary üzmegiň hasabyna alnan serişdeler we beýleki emläk;

şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasynyň 4-nji bölüminiň talaplaryna laýyklykda alnan göterimler;

täjirçilik däl guramalary saklamak we olaryň tertipnamalaýyn işlerini alyp barmak üçin maksatly gelip gowşan serişdeler, şol sanda agzalyk we haýyr-yhsan gatançlary, pul peşgeşleri, miras alynýan emläk;

borçnamalary üpjün etmek hökmünde girew ýa-da tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk;

döwlet eýeçiligi görnüşindäki edara görnüşli tarap döredilende oňa berilýän serişdeler we beýleki emläk;

eger görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralar tarapyndan işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden) alnan serişdeler;

edara görnüşli tarap üýtgedilip gurnalanda, şol edara görnüşli tarapyň hukuk oruntutary (oruntutarlary) tarapyndan alnan emläk;

býujet guramalary we telekeçi däl edara görnüşli taraplar tarapyndan şeýle hem döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan peşgeş bermek barada ylalaşyk boýunça ýa-da mugt alnan emläk (işler, hyzmatlar);

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda, şeýle hem pudaklaryň içinde mugt berlende ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda, edara görnüşli taraplar tarapyndan alnan emläk;

daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsarperwerlik, maliýe we tehniki kömek taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan emläk (işler,hyzmatlar).

Bir birligini satyn almak (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, mahabatlandyrma maksady bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy jemi girdejä goşulmaýar.

4. Şol bir girdejiler şu maddanyň 2-nji bölüminiň birnäçe bentlerinde göz öňünde tutulan bolsa, onda salgyt salynýan girdeji hasaplananda görkezilen girdejiler diňe bir gezek hasaba alynýar.

5. Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdeji alýan ýa-da şu Bitewi kanunyň 170-nji maddasyna laýyklykda salgytdan boşadylýan salgyt töleýjiler şeýle girdejileriň hasabyny aýratynlykda ýöretmäge borçludyrlar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 150-nji madda. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan jemi girdejini kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Harytlary (işleri, hyzmatlary)ýerlemekden alynýan jemi girdejini kesgitlemek maksady bilen, şu Bitewi kanunyň 97 maddasy ulanylýar.

Şunda aşakdakylaryň muzdsuz berilmegine ýerlemek hökmünde seredilmeýär:

edara görnüşli tarap üýtgedilip gurlanda onuň hukuk mirasdüşerine (mirasdüşerlerine) berilýän emlägi;

döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalary (ýaşaýyş jaýlary, dynç alyş öýleri,

zawodlar, fabrikler we şulara kybapdaş beýleki desgalar);

ynsanperwerlik we (ýa-da) haýyr-yhsan kömegi hökmünde hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň çözgütleriniň esasynda harytlaryň berilmegi (işleriň muzdsuz ýerine ýetirilmegi we hyzmatlaryň edilmegi).

Şu emläkleri döwlet haýryna almak (kesekä bermek) hem harytlary ýerlemek bolup durmaýar:

döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa -da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň degerli derejede ulanylmandygy üçin alynmaly ýer mellegindäki ýerleşýän emläk;

miras galan emlägi mejbury almak, elinden almak ýa-da eýeçilik hukugyny bermek netijesinde, şeýle hem eýesiz galan emlägiň ýa -da gymmatlyklaryň döwlet tarapyndan alynmagy.

Emlägiň gaýry edara görnüşindäki taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde berilmegi harytlary ýerlemek bolup durmaýar.

2. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejini kesgitlemek maksady bilen, harydyņ işleriň, hyzmatlaryň bahasy şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasyna laýyklykda kabul edilýär.

3. Harytlar (işler, hyzmatlar) muzdsuz berlende girdeji salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende girdeji olaryň galyndy bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

4. Geleşigiň taraplary tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenmedik halatynda, girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak almak bilen ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

Deň däl derejede çalşylanda jemi girdejä çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryna goşmaça tölegleriň islendik möçberi goşulýar.

5. Öz işgärleri üçin harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak almak bilen ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

6.Ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň girdejisi şu harytlar ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylan hakyky bahalaryň esasynda, emma:

esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça - galyndy bahalaryndan;

beýleki harytlar boýunça - satyn alnan bahalaryndan pes bolmadyk derejede kesgitlenýär.

7. Ýeňillikli bahalar (tarif, kesilen nyrh) bellenen harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende girdeji şeýle ýeňillikleri hasaba almak bilen kesgitlenýär. Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt goýberilýän harytlara (işlere, hyzmatlara) hem degişlidir.

Býujet guramalaryna we döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, şeýle hem şu edaralaryň çözgütleri boýunça ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we edilýän hyzmatlar boýunça, şol sanda bular muzdsuz amala aşyrylanda hem girdejiler, ýerlenýän hakyky bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär. Görkezilenler döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalaryň muzdsuz berilmegine degişli däldir.

(2007-nji ýylyň 30-nji martyndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 1, 24-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

## 151-nji madda. Bankyň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Bankyň jemi girdejisi bank amallaryndan gelen girdejileriň we şu Bitewi kanunyň 149-njy we 150-nji maddalarynda göz öňünde tutulan girdejileriň jemi hökmünde kesgitlenýär.

2. Bank amallaryndan alynýan girdejilere, hususan-da şu girdejiler girýär:

bank tarapyndan çekilen pul serişdeleriniň hasabyna öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmekden, karz bermekden gelen göterimler

müşderilere, şol sanda korrespondent banklara hasaplary açmakdan we olary alyp barmakdan we olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan gelen girdejiler;

pul serişdelerini, wekselleri, töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmekden we

müşderilere kassa hyzmatyny etmekden gelen girdejiler;

nagt we nagt däl görnüşlerinde daşary ýurt puly we daşary ýurt pul gymmatlyklary bilen edilýän amallardan gelen girdejiler;

gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar boýunça amallary geçirmekden alnan girdejiler;

pul görnüşinde ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan bank kepillendirmelerini, borçnamalaryny, awallaryny we üçünji tarap üçin kepil geçmek boýunça amallardan alnan girdejiler;

pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine talap hukugyny satyn almakdan gelen girdejiler;

depozitar hyzmat etmegi goşmak bilen, müşderiler bilen ylalaşyk boýunça pul serişdelerini we beýleki emläkleri ynamdar dolandyrmadan gelen girdejiler;

resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary we seýfleri kärendä bermekden gelen girdejiler;

aragatnaşyk hyzmatlarynyň öwezini dolmagyň hasabyna müşderilerden alnan serişde görnüşindäki girdejiler;

bankyň zyýanyna öň hasapdan öçürilenden ýa -da olar döretmek üçin öň salgyt özeni azaldylan ätiýaçlygyň geçirmeleriň hasabyna hasapdan öçürilen, yzyna gaýtarylýan karzlar boýunça bank tarapyndan alnan pul möçberi görnüşinde gelen girdejiler;

forfeýting, faktoring amallarynyň geçirilmeginden gelen girdejiler;

gymmat bahaly metallara we gymmat bahaly daşlara gaýtadan nyrh kesilende oňyn görnüşindäki aratapawut;

beýleki bank amallaryndan we hyzmatlardan gelen girdejiler.

## 152-nji madda. Ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejileri, ätiýaçlandyryş işinden alnan girdejileriň we şu Bitewi kanunyň 149-njy we 150-nji maddalarynda göz öňünde tutulan girdejileriň jemi hökmünde kesgitlenýär.

2. Ätiýaçlandyryş işinden alnan girdejilere, hususan-da, şu girdejiler girýär:

ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy). Şunda durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatançlary) ätiýaçlandyryjynyň (durmuş ätiýaçlandyryjysynyň) diňe ätiýaçlandyryş hakynyň paýy möçberinde onuň girdejisiniň düzümine goşulýar;

ätiýaçlandyryş gorunda ätiýaçlandyrylýanlaryň paýynyň üýtgemegi göz öňünde tutulyp, geçen hasabat döwürlerinde döredilen ätiýaçlyk gorlarynyň azalan (yzyna gaýtarylan) pul möçberi;

gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça berilýän haklar we tantemler;

durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryjynyň haky;

gaýtadan ätiýaçlandyrmaga berlen töwekgellik boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýynyň öweziniň gaýtadan ätiýaçlandyrýanlar tarapyndan dolunan pul möçberleri;

ätiýaçlandyryjy dellalyň ýumuşçynyň, sýurweýeriniň we heläkçilikler boýunça wekiliň hyzmatlary üçin haklar;

gaýtadan ätiýaçlandyrmaga kabul edilen töwekgelçilik boýunça baýraklaryň hasaplanyp ýazylan göterimi;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ýetirilen zyýan üçin jogapkär tarapa, ätiýaçlandyryş ylalaşygy boýunça, ätiýaçlandyryjynyň talap hukugyny ýerlemek tertibinde alynýan pul möçberleri;

ätiýaçlandyryş ylalaşygynyň şertleriniň ýerine ýetirilmändigi üçin jerimeleriň pul möçberi;

gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşygy möhletinden öň ýatyrylan halatynda, ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (gatançlarynyň ) yzyna gaýtarylan pul möçberi;

ätiýaçlandyryş işleri amala aşyrylanda alynýan beýleki girdejiler.

## 153-nji madda. Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň girdejisini hasaba almagyň aýratynlygy

Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň özara gatnaşyklarynda şunuň ýaly geleşiklerdäki adaty

şertlerden tapawutlanýan şertler emele gelýän ýa-da bellenýän bolsa, olaryň biri tarapyndan alnyp boljak, ýöne şeýle şertler sebäpli alynmadyk islendik girdeji şu babyň düzgünlerine laýyklykda, onuň salgyt salynýan girdejisine goşulýar.

**154-nji madda. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar**

1. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin hasaba alynýan aýyrmalara şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen girdejiler, şeýle hem telekeçilik we peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly çykdajylar we yitgiler goşulýar.

2. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalar hökmünde şular kabul edilýär:

a) harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende goşulan baha üçin salgydyň hasaplanan pul möçberi, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerlenýän bahasyna olary öndürijiler tarapyndan goşulýan goşmaça tölegiň pul möçberi, şeýle hem goşulan baha üçin salgydyň harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň möçberindäki, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryndaky pul möçberi;

b) Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan düşewüntler we beýleki girdejiler;

ç) oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler;

d) harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), aşakdakylary goşmak bilen:

maddy çykdajylar;

zähmete hak tölemek üçin çykdajylar;

şu Bitewi kanunyň 156-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen tölegleriň pul möçberinden döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler;

könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi;

beýleki çykdajylar we ýitgiler;

e) ýerlemekden daşary çykdajylar (zyýanlar);

ä) emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin salgyt we şu Bitewi kanunda bellenen ýygymlar, (şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymdan başga).

Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilýän serişdeler jemi girdejiden aýrylýar.

3. Banklaryň we ätiýaçlandyryş işini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň çykdajylary şu Bitewi kanunyň 164-nji we 165-nji maddalarynda bellenen aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenýär.

4. Şol bir harajatlar birnäçe çykdajy maddalarynda göz öňünde tutulan bolsa, onda salgyt salynýan girdeji hasaplananda görkezilen harajatlar diňe bir gezek aýrylýar.

5. Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdejilere degişli ýa-da şu Bitewi kanunyň 170-nji maddasyna laýyklykda salgytdan boşadylýan girdejilere degişli çykdajylar (harajatlar) aýratynlykda hasaba alynýar. Çykdajylary aýratyn hasaba almak mümkin bolmadyk halatynda, olar salgyt töleýjiniň ähli girdejileri jemi möçberindäki degişli girdejisiniň paýyna barabarlykda paýlanylýar.

6. Şu maddada görkezilen aýyrmalar diňe olar resminamalar esasynda tassyklanan halatynda kabul edilýär.

7. Şu aşakdakylar aýyrmalara goşulmaýar:

şu Bitewi kanunyň 150-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda ýerlemek bolup durmaýan amallara degişli çykdajylar (harajatlar);

telekeçilik we peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar (harajatlar);

esasy serişdeleri satyn almak, olary oturtmak (gurnamak) boýunça çykdajylar (harajatlar) we düýpli häsiýetdäki (şu Bitewi kanunda aýyrmalar - bergi borçnamlary boýunça göterimler, tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar we başgalar hökmünde kabul edilýär diýlip göni görkezilen, düýpli häsiýetdäki harajatlardan başga) beýleki çykdajylar, şeýle hem maddy däl aktiwler;

berilýän ýa-da yzyna gaýtarylýan ssudalar we beýleki karzlar;

düşewüntleri ýa-da başga şuňa meňzeş, şol sanda bilelikdäki işe gatnaşyjylara tölenýän serişdeler;

salgyt töleýjiniň başga edara görnüşli tarapyň ýa-da şereketiň esaslyk maýasyna goýumlary;

salgyt töleýji tarapyndan döredilen gaznalaryň we ätiýaçlyklaryň hasabyna öwezi dolunýan çykdajylar (harajatlar);

şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 3-nji bölüminde görkezilen, ýörite maksatly serişdeleriň we maksatly gelip gowuşmalaryň hasabyna amala aşyrylýan çykdajylar (harajatlar);

toparyň ylalaşygy boýunça, şeýle hem komissioner tarapyndan komitentiň eden çykdajylarynyň öwezini dolmagyň hasabyna, eger şeýle harajatlar baglaşylan ylalaşygyň şertlerine laýyklykda komissioneriň çykdajylarynyň düzümine girmeýän bolsą komissioner tarapyndan berlen emlägiň bahasy. Görkezilenler tabşyryk ylalaşyklaryna we şoňa meňzeş ylalaşyklara hem degişlidir;

muzdsuz berlen emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy, şeýle hem şunuň ýaly bermek bilen baglanyşykly çykdajylar;

muzdsuz alnan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy;

kömekçi hojalygy, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň , durmuş medeni ulgamyň binalaryny, okuw merkezlerini saklamak bilen baglanyşykly yitgiler;

salgyt töleýji tarapyndan maksatly maliýeleşdirmegiň çäklerinde şeýle hem grandlar görnüşinde berlen pul serişdeleri we beýleki emlägiň bahasy;

gatnaşyjylaryň düzüminden çykanlarynda gatnaşyjylara (paýdarlara, paýçylara, agzalara) ýa-da ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlanylanda berilýän pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägiň bahasy;

bilelikdäki iş hakyndaky şertnama (şerekete) gatnaşyjylar şeýle şereketden çykanlarynda ýa-da ýatyrylýan şereketiň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlanylanda olara berilýän pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägiň bahasy;

esaslyk maýa köpelen halatynda, paýdarlaryň arasynda paýlanýan, salgyt töleýji - emitent tarapyndan berilýän paýnamalaryň bahasy;

girew hökmünde we tölegiň ujundan geçirmek hökmünde berlen emlägiň bahasy;

işgärleriň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen çykdajylaryň ölçeglerinden artyk çykdajylarynyň öwezini dolmak;

gymmatly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňaýsyz tapawut;

oýun işinden girdejiler almak bilen baglanyşykly çykdajylar harajatlar.

8. Satyn alnan bahalary ýokarlandyrylan halatynda, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) hasapdan aýyrmalara göni degişli bahasyna ýa-da ulanyş geçirmeleri arkaly, şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň düzgünleri ulanylyp bilner.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 155-nji madda. Maddy çykdajylar

1. Maddy çykdajylara salgyt töleýjiniň şu aşakdakylar üçin edýän harajatlary degişlidir:

soňra ýerlemek üçin niýetlenen harytlary satyn almak;

önüm öndürmekde, işleri ýerine ýetirmekde, hyzmatlary etmekde peýdalanylýan çig maly we materiallary satyn almak;

öndürilen ýa-da ýerlenilýän harytlary gaplamak we başga hili taýýarlamak üçin, şeýle hem başga önümçilik we hojalyk hajatlary üçin peýdalanylýan materiallary satyn almak;

gurallary, enjamlary, esbaplary, abzallary, ýörite geýimi we beýleki könelmä degişli bolmadyk emlägi satyn almak;

gurnamaga degişli toplaýjy önümleri satyn almak;

goşmaça işlenmäge degişli ýarymtaýýar önümleri satyn almak;

tehnologik maksatlar, energiýany işläp çykarmak, jaýlary ýylatmak üçin harçlanylýan ýangyjy, suwy we energiýany satyn almak, şeýle hem energiýany özgertmek we geçirmek üçin çykdajylar;

keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işleri we hyzmatlary satyn almak. Önümçilik häsiýetli işlere we hyzmatlara önümi taýýarlamak, çig maly we materiallary işläp taýýarlamak boýunça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek, sarp edilýän çig malyň we materiallaryň hilini kesgitlemek üçin synaglary geçirmek, bellenilen tehnologiýa degişli işleriň berjaý edilişine gözegçilik etmek, esasy önümçilik serişdelerini abatlamak we başgalar degişlidir. Keseki guramalaryň ulag

hyzmatlary hem önümçilik häsiýetli hyzmatlara degişlidir;

tebigaty goramak maksatly esasy serişdeleri we gaýry emlägi saklamak we peýdalanmak, hapalaýjy jisimleriň tebigy gurşawa ýol berilýän taşlandylar (zyňyndylar) üçin tölegler we ýerleriň rekultiwasiýasy üçin çykdajylary goşmak bilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik işi we başga işler bilen baglanyşykly beýleki maddy çykdajylar.

2. Maddy harajatlara goşulýan haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasy olaryň satyn alnyş nyrhlaryndan, şol sanda araçy guramalara tölenilýän komissiýa haklaryny, birža ýygymlaryny, gümrük paçlaryny, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlary we goşmaça tölegleri, daşamak üçin çykdajylary we haryt-maddy gymmatlyklary satyn almak bilen baglanyşykly beýleki harajatlary goşmak bilen, ugur alnyp kesgitlenilýär. Haryt-maddy gymmatlyklarynyň bahasyna şu Bitewi kanunyň 110-njy we 126-njy maddalaryna laýyklykda hasaplaşyga kabul edilmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegleriň möçberleri goşulmaýar.

Maddy çykdajylaryň bahasyndan yzyna gaýtarylýan galyndylaryň bahasy aýrylýar.

3. Eger önüm iberijiden haryt maddy gymmatlyklary bilen bile kabul edilen yzyna gaýtarylýan gabyň bahasy şu gymmatlyklaryň bahasyna goşulan bolsa, olary satyn almak üçin çykdajylaryň umumy möçberinden onuň mümkin bolan peýdalanmak we ýerlemek bahasy boýunça yzyna gaýtarylýan gabyň bahasy aýrylýar. Haryt maddy gymmatlyklar bilen önüm iberijiden alnan, yzyna gaýtarylmaýan gabyň bahasy olary almak üçin çykdajylaryň pul möçberine goşulyar.

4. Maddy çykdajylara gosulýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy görkezilen harytlar (işler, hyzmatlar) şu Bitewi kanunyň 106-njy maddasynda görkezilen goşulan baha üçin salgytdan boşadylan, salgyt salynýan amallary, seýle hem şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasyna laýyklykda goşulan baha üçin salgyt salmagyň binýady bolup durmaýan amallary amala aşyrmak üçin peýdalanylan halatynda, satyn alnan harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça tölenýän goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde aýrylmalara goşulýar. Görkezilenler şu Bitewi kanunyň 95-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraplaryň satyn alýan harytlary (işleri, hyzmatlary) babatda hem ulanylýar.

Maddy çykdajylara goşulýan harytlaryň bahasyna Türkmenistanda öndürilýän ýa-da Turkmenistanyň çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça tölenen, şu Bitewi kanunyň 126-njy maddasyna laýyklykda goşmaça töleg tölenmäge degişli bolmadyk harytlary öndürmek üçin çig maly (materiallar) görnüşinde ýa-da beýleki maksatlar üçin peýdalanylanda goşmaça tölegler hem goşulyar.

5. Salgyt salmak maksady bilen, şu aşakdakylar hem maddy harajatlara degişlidir:

şu Bitewi kanunda başgaça bellenmedik bolsa, ýerleri rekultiwasiýa etmek we beýleki tebigaty goraýyş çäreleri üçin çykdajylar;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde tassyklanan, tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde haryt maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiliginden we (ýa -da) zaýalanmagyndan çekilen zyýan;

öndürilende we (ýa -da) daşalanda tehnologik ýitgiler;

gazylyp alynýan peýdaly magdanlar alnanda taýýarlyk işleri üçin çykdajylar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 156-njy madda. Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar

1. Pul we haryt görnüşinde zähmete hak tölemek üçin çykdajylara şular degişlidir:

kärhanada kabul edilen zähmete hak tölemek ulgamyna we görnüşlerine laýyklykda bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin iş haky;

önümçilik netijeleri üçin baýraklar, tarif möçberlerine we wezipe aýlyk haklaryna goşmaça haklar;

gijesine işlenendigi, köp çalşykly işde işlenendigi, hünärleriň utgaşdyrylandygy, hyzmat ediş zolagynyň giňelendigi üçin, zähmetiň agyr, zyýanly, aýratyn zyýanly şertlerinde işlenendigi üçin, iş wagtyndan artyk iş we dynç we baýramçylyk günlerinde iş üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, berilýän öwez puly häsiýetdäki tölegler;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berilýän jemagat hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý boýunça çykdajylar ýa-da olar boýunça pul öweziniň möçberleri;

şunuň ýaly çykdajylar zähmet şertnamasynda we (ýa-da) toparlaýyn şertnamada göz öňünde tutulan,

şol sanda naharlanmak başga adamlar tarapyndan guralan halatlarynda hem, işgärleriň naharlanmagy üçin çykdajylar;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere berilýän, olaryň şahsy peýdalanmagynda hemişelik galýan mugt berilýän zatlaryň (görnüşli lybasy, egin-başlary goşmak bilen) bahasy (olaryň aşaklandyrylan baha boýunça satylmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň pul möçberi);

işgärleriň döwlet we (ýa-da) jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda saklanyp galýan, olara hasaplanyp ýazylan iş hakynyň pul möçberi;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlary (peýdalanylmadyk rugsatlar üçin öwezini dolmalar), ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary, çagany naharlamak üçin eneleriň işdäki arakesmeleri, şeýle hem saglygy goraýyş gözegçiliklerini geçmek, döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly wagt üçin tölenýän hak;

edara görnüşli tarapy (şahamçany, wekilhanany) üýtgedip guramak ýa-da ýatyrmak bilen, işgärleriň sanyny ýa-da işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgäre töleg tölemek;

işden çykylanda berilýän hemaýat pullaryny tölemek;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenýän hak;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgärleriň okuw wagtynda (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlamak we ş.m), saklanyp galýan iş haky;

mejbury işsiz gezen wagty üçin ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty üçin iş haky;

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen, zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilen mahalynda hakyky iş hakynyň derejesine çenli goşmaça töleg;

hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary), şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalary bilen işgärleriň peýdasyna baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary);

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işler wahta usuly bilen ýerine ýetirilende goşmaça tölegleriň pul möçberi;

barlag geçirilýän, gan tabşyrylýan we her gezek gan tabşyrylandan soň berilýän dynç günlerinde donor-işgärlere iş hakyny tölemek üçin çykdajylar;

raýat hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işgärleriň ýerine ýetiren işleri (hyzmatlary) üçin, edara görnüşli tarapyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň iş haky, muňa hususy telekeçiler bolup durýan adamlara tölenýän tölegler degişli däldir. Şunda iş hakynyň pul möçberine işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maddy harajatlaryň bahasy goşulmaýar;

geljekde işgärleriň zähmet rugsatlaryny tölemek üçin ätiýaçlyga we (ýa-da) köp ýyl işländigi üçin her ýyl tölenýän haky tölemek üçin ätiýaçlyga serişde geçirmeler görnüşindäki çykdajylar;

zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) toparlaýyn ylalaşykda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işgäriň peýdasyna edilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

2. Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän, zähmete hak tölemek üçin çykdajylarda şu aşakdakylar göz öňünde tutulmaýar:

maddy kömek;

umumy peýdalanylýan ulag, ýörite ugurlar, edara ulagy bilen iş ýerine gitmek tölegi;

edara görnüşli tarapyň işgärlerine berilýän ýa-da edara görnüşli tarapyň jemgyýetçilik iýmiti üçin kömekçi hojalyklar tarapyndan goýberilýän önüm (işler, hyzmatlar) boýunça baha tapawutlary;

bejeriş ýa-da dynç alyş, gezelençler ýa-da syýahatlar üçin ýollamanamalaryň, sport seksiýalaryndaky, gurnaklaryndaky ýa-da klublaryndaky okuwlar, medeni tomaşa ýa-da bedenterbiýe (sport) çärelerine barmak üçin, kadalaşdyryjy tehniki we önümçilik maksatlary üçin peýdalanylýan edebiýat üçin ýazylmaga degişli bolmadyk ýazylyşyk üçin tölegiň we işgärleriň şahsy sarp etmegi üçin harytlaryň töleginiň çykdajylary, şeýle hem işgärleriň peýdasyna edilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar.

**157-nji madda. Ulanyş tölegleri**

1. Salgyt töleýji tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tölegleri salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (harajatlaryna goşulýar).

Düýpli häsiýetli harajatlar salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (aýyrmalaryna) ulanyş tölegleriň üsti bilen

goşulýar.

Maddy däl aktiwler boýunça geçirilýän ulanyş tölegleri diňe Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen şertler berjaý edilende we olaryň hakykatda girdeji almak üçin peýdalanylandygy tassyklananda aýyrmalar hökmünde hasaba alynýar.

2. Şu peýdadan (girdeji) alynýan salgytlary hasaplamak üçin mugt alnan esasy serişdeler, şeýle hem telekeçilik däl edara görnüşli taraplaryň, býujetdäki guramalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň emlägi, hatda şol emläk olar tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan hem bolsa, ulanylýan emläginiň düzüminden çykarylýar.

Ulanyş tölegleri geçirilýän emlägiň bahasyna şu Bitewi kanunda aýyrmalar hökmünde kabul edilýär diýlip göni görkezilen düýpli häsiýetdäki harajatlar goşulmaýar.

3. Kärendesine (kireýine) berlen emläk boýunça ulanyş tölegleri kärendä (kireýine) beriji tarapyndan amala aşyrylýar. Lizinge berlen emläk boýunça ulanyş töleglerini lizinge alyjy töleýär.

Buýrujy tarapyndan bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgasy ulanylan mahaly, ulanyş tölegleri hasaba kabul edilen esasy serişdeler ýaly aýyrmalar hökmünde goşulýar. Görkezilenler şunuň ýaly beýleki halatlarda hem ulanylýar.

4. Ulanyş töleglerini hasaplamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu maddada bellenen tertip we ölçegler ulanylýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 158-nji madda. Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler

Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler şu aşakdakylary öz içine alýar:

ýer üçin töleg;

oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;

islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler görnüşindäki çykdajylar;

wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça hemaýat pullar we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenilýän beýleki durmuş hemaýat pullary;

täze iş ýerine geçende işgärlere berilýän hemaýat puly;

şu Bitewi kanunyň 166-njy maddasyny göz öňünde tutmak bilen, kärende tölegi we lizing tölegleri;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk rasiony üçin çykdajylar;

keseki edara görnüşli taraplar tarapyndan işgärler bermek boýunça hyzmatlar üçin çykdajylar;

hyzmatdaşlygy ýola goýmak we saklamak maksady bilen, beýleki edara görnüşli taraplaryň gepleşiklere gatnaşýan wekillerini resmi taýdan kabul etmek we hyzmat etmek bilen baglanyşykly wekilçilik çykdajylary, emma ol jemi girdejiniň 1 göteriminden ýokary bolmaly däldir;

aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilen işler (hyzmatlary etmek) üçin komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberleri;

hat ýazuw harytlary üçin çykdajylar;

öndürilen (satyn alnan) we (ýa-da) ýerlenilýän harytlary (işleri, hyzmatlary), sergilere we ýarmarkalara gatnaşmagy goşmak bilen salgyt töleýjiniň işini, haryt nyşanyny we hyzmat nyşanyny mahabatlandyrmak üçin çykdajylar;

öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

işgärleriň guramaçylykly toplanmagy üçin harajatlar;

gorag we howpsuzlyk üçin, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar (emlägi goramak boýunça hyzmatlar, ýangyna garşy çäreler, zähmetiň howpsuzlygy we gönüden göni edara görnüşli tarapyň çäklerinde ýerleşýän saglygy goraýyş otagyny we esbaplaryny saklamak bilen baglanyşykly beýleki şunuň ýaly çykdajylar);

tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli ýitgiler;

zaýa önüm çykarylmakdan çekilen ýitgiler;

içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler;

emlägi ätiýaçlandyrmak we şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň 1 -nji bölüminde we 156-njy maddasynyň 1 -nji bölüminde görkezilen çykdajylardan başga, ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylar;

abatlaýyş goruna, ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklaryndaky taýýarlyk işleri boýunça önümçilik harajatlarynyň ätiýaçlygyna, şeýle hem beýleki ulanylýan zatlary geljekde abatlamak üçin harajatlary ätiýaçlyga geçirmeler;

täze önümçilikleri, sehleri we enjamlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;

tehnologiýany kämilleşdirmek, önümçiligi guramak we dolandyrmak bilen baglanyşykly düýpli bolmadyk häsiýetdäki çykdajylar;

kepillendirilen abatlama işleri we hyzmatlar üçin harajatlar;

işler wahtalaýyn usul bilen amala aşyrýan kärhanalaryň ýaşaýyş jaý-jemagat we durmuş binalaryny goşmak bilen wahta we wagtlaýyn şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;

ylmy barlag we tejribe konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň çäklerinde işsapar çykdajylary. Görkezilen çykdajylar işgäriň işsapar ýerine we hemişelik iş ýerine baryp-gelmegi, ýaşaýyş jaýynyň kireýi, gije-gündizlik çykdajylary (tölegleri) ygtyýarnamalary, pasportlary, çakylyklary we beýleki şunuň ýaly resminamalary resmileşdirmek, konsullyk, aeroport ýygymlary girmek hukugy üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegleri we ýygymlar üçin çykdajylary öz içine alýar;

çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylar;

önümçilikde şikes alynmagy zerarly zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenýän hemaýat pullary;

port we aerodrom ýygymlarynyň pul möçberleri, losmanyň hyzmatlary üçin çykdajylar we beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

deňiz frahty, girmek we üstaşyr geçmek üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegler;

işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler (edara görnüşli taraplaryň bellige alnandygy üçin töleg ygtyýarlandyryş we beýleki tölegler);

önümiň (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň) güwänamasy boýunça çykdajylar;

bank hyzmatlary boýunça tölegler;

harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly, ýöne harajatlaryň ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

Harytlary öndürmek we ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlar etmek bilen baglanyşykly gaýry çykdajylara we ýitgilere şu Bitewi kanunyň 110-njy maddasynyň dördünji bölümine laýyklykda hasaplaşyga kabul edilmeýän, esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň möçberi hem goşulýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 159-njy madda. Ýerlemekden daşary çykdajylar (ýitgiler)

Ýerlemekden daşary çykdajylaryň (ýitgileriň) düzümine öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk işi amala aşyrmak üçin harajatlar goşulýar. Şeýle çykdajylara şu aşakdakylar degişlidir:

kärende (lizing) şertnamasy boýunça berlen emlägi saklamak üçin çykdajylar (bu emlägiň ulanyş töleglerini goşmak bilen), bu iş olar üçin esasy iş bolmadyk edara görnüşli taraplar üçin;

gymmatly kagyzlaryň satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut;

öz gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak üçin we satyn alnan gymmatly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar;

daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanladylanda ýa-da daşary yurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlandyrylanda ýüze çykýan oňaýsyz hümmet tapawudy; eger-de daşary ýurt pulynyň taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerlenen (girdeji edilen) senesinde bellenilen hümmeti boýunça hasaplanan borçnamalaryň we talaplaryň emele gelen möçberi, manatda hakyky gelip düşen (tölenen) möçbere laýyk gelmände salgyt töleýjide

döreýän oňaýsyz tapawut;

şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygy döretmek üçin geçirmeler;

hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleri pul möçberini goşmak bilen, ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri ýok etmek üçin çykdajylar, şeýle hem tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar;

önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny konserwasiýa we raskonserwasiýa etmek bilen baglanyşykly çykdajylar, şol sanda konserwirlenen önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar;

işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar;

önümçilik tabşyryklaryny ýatyrmak üçin harajatlar, şeýle hem önüm bermedik önümçilik üçin harajatlar;

gap bilen baglanyşykly amallar boýunça çekilen zyýan;

Türkmenistanyň Döwlet býujetine ýa-da başga döwletiň býujetine tölenilýänden başga jerimeler, puşmana tölegleri, jerime pullary we maliýe çäreleriniň beýleki görnüşleri, şeýle hem ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak boýunça çykdajylar;

iberilen haryt maddy gymmatlyklara, işlere, hyzmatlara degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, şeýle önüm ibermek boýunça karz bergi (karzdarlaryň öňündäki borçnama) şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň “g” bölümçesine laýyklykda hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;

paýdarlaryň her ýylky ýygnagyny geçirmek üçin çykdajylar;

hak isleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen berginiň pul möçberi;

öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri;

şol ýylyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan öňki salgyt döwürleriniň çykdajylary (zyýanlary);

içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen yitgiler, şeýle hem daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan günäkärler tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitgiler;

tebigy betbagtçylyklaryň ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň netijeleriniň öňüni almak ýa-da ýok etmek bilen baglanyşykly harajatlary goşmak bilen, tebigy betbagtçylyklardan, ýangynlardan, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşary ýagdaýlardan çekilýän ýitgiler. Şol sebäpler boýunça esasy serişdeleriň çykmagyndan ýeten ýitgiler şu Bitewi kanunyň 160-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenýär;

haryt maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk ýetmezçilikleri we (ýa-da) zaýalanmaklary sebäpli ýitgiler, şeýle hem günäkär adamlar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) halatlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler;

talap etmek hukugyny bermek geleşigi boýunça ýitgiler;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet emlägi kärendä berlende Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýän kärende göteriminiň bir böleginiň balansda saklaýjy tarapyndan geçirilýän pul möçberi;

şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanlar;

harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk beýleki çykdajylar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

## 160-njy madda. Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler ýerlenende kabul edilen aýyrmalar

1. Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler (olaryň muzdsuz berilmegini goşmak bilen) ýerlenende, jemi girdejiden bu emlägiň ilkibaşky (balans) bahasy bilen, olaryň peýdalanylan döwründe hasaplanan ulanyş tölegleriniň pul möçberiniň arasyndaky tapawut aýrylmaga degişlidir.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen tertip, şeýle hem çykyp giden esasy serişdeler we olaryň ogurlanmagy ýa-da zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň günäkär taraplardan öwezi dolunan, şeýle ätiýaçlandyryş öwezini dolmalary alnan maddy däl aktiwleri babatynda hem ulanylýar.

## 161-nji madda. Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar

1. Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar ätiýaçlyk şaýlarynyň we abatlamak üçin peýdalanylýan

sarp edilýän materiallarynyň bahasyny, abatlamagy amala aşyrýan işgärleriň iş haky çykdajylaryny we görkezilen abatlamagy öz güýçleri bilen alyp barmak bilen baglanyşykly beýleki çykdajylary, şeýle hem keseki güýçler tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň tölegi üçin harajatlary öz içine alýar.

2. Kärendeçi bilen kärendesine berijiniň arasyndaky şertnamada (ylalaşykda) kärendesine beriji tarapyndan görkezilen çykdajylaryň öwezini dolmak göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärendeçiniň kärendedäki esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylary babatda hem şu maddanyň düzgünleri ulanylýar.

3. Esasy serişdeleri geljekde abatlamak üçin ätiýaçlyklary döretmäge salgyt töleýjiniň haky bardyr.

Esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylar salgyt döwrüniň içinde ätiýaçlyga serişde geçirmeler degişli hasabat (salgyt) döwrüniň soňky gününde deň paýlar bilen hasapdan öçürilýär.

Salgyt töleýji esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygyny döreden halatynda, abatlamagy geçirmek üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberi görkezilen ätiýaçlyk serişdeleriniň hasabyna hasapdan öçürilýär.

Esasy serişdeleri abatlamak üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň möçberi salgyt döwründe esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň döredilen ätiýaçlygynyň möçberinden ýokary bolan halatynda, salgyt salmak maksatlary üçin harajatlaryň galyndysy salgyt döwrüniň tamamlanan senesinde salgyt töleýjiniň beýleki çykdajylaryň düzümine goşulýar.

Eger-de salgyt döwrüniň soňuna esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygynda galan serişdeleriň möçberi esasy serişdeleri abatlamak üçin şu salgyt döwründe hakyky amala aşyrylan harajatlaryň möçberinden artýan bolsa, onda salgyt salmak maksatlary üçin, şu salgyt döwrüniň soňky senesindäki şeýle artyk möçberleri salgyt töleýjiniň girdejileriniň düzümine goşulýar.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 162-nji madda. Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar

1. Salgyt töleýjiniň ýerasty baýlyklary geologik taýdan öwrenmek, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary gözlemek, taýýarlyk häsiýetdäki işleri geçirmek üçin çykdajylary tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar diýlip ykrar edilýär.

Şeýle-de görkezilen çykdaýjylara tebigy ýa-da ugurdaş gazy hem-de nebiti çykarmaklygy amala aşyrýan salgyt töleýjileriň beýleki taraplar tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri bilen bellenilen möçberlerde we tertipde ýerine ýetirilýän geologiýa-gözleg işleri üçin geçirimleri hem goşulýar. (“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasynyň ikinji bölegine, 88-nji maddasynyň bäşinji bölegine, 162-nji maddasynyň birinji bölegine girizilen goşmaçalar we üýtgetmeler 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlanýan döwre ulanylýar diýip 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde kabul eidlen Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen).

2. Maliýeleşdirmegiň çeşmesi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleri we (ýa-da) döwletiň pudaklaýyn gaznalarynyň serişdeleri bolmadyk halatynda, tebigy serişdeleri (şol sanda oňyn netije bermedikleri hem) özleşdirmek üçin çykdajylar beýleki çykdajylaryň düzümine goşulmaga degişlidir.

Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar şeýle işleriň amala aşyrylan salgyt (hasabat) döwrüne degişlidir.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 163-nji madda. Ylmy-barlag, taslama, tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar

Jemi girdejiden ylmy-barlag, taslama işläp taýýarlamalary we tejribe- konstruktorçylyk işleri (şol sanda oňyn netije bermedikleri hem) üçin çykdajylar aýrylmaga degişlidir, esasy serişdeleri satyn almak, olary oturtmak we düýpli häsiýetdäki beýleki harajatlar muňa degişli däldir.

### 164-nji madda. Bank hyzmatlaryny etmek boýunça çykdajylar

Şu Bitewi kanunyň 154-163-nji maddalarynda (peýdany kesgitlemek üçin ulanylýan aýyrmalar) görkezilenden başga, banklar tarapyndan hyzmat etmek boýunça çykdajylara şu aşakdakylar goşulýar:

1) şular boýunça hasaplanyp ýazylan göterimler:

a) bank goýumy (depozit) ylalaşyklary boýunça we hasaplarda duran pul serişdelerinden peýdalanylandygy üçin;

b) öz bergi borçnamalary (obligasiýalary, depozit ýa-da süýşürintgiler güwanamalary, wekseller ýa-da başga borçnamalar) boýunça, şol sanda diskont görnüşinde;

ç) bankara karzlary, bank bilen onuň şahamçalarynyň arasynda şeýle hem bir bankyň şahamçalarynyň arasynda gaýtadan paýlanylan karz serişdeleri boýunça;

d) Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde bäsleşik esasda satyn alnanlary goşmak bilen satyn alnan gaýtadan maliýeleşdirme karzlary boýunça;

e) bellenen tertipde tölenmeli möhleti gaýra goýlan (möhleti uzaldylan) bankara karzlary, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça möhleti gaýra goýlan karzlar boýunça;

2) müşderilere hasaplaşyk-kassa hyzmaty, olara hasaplar açmak, hasaplaşyk-kassa hyzmaty üçin beýleki banklara töleg boýunça çykdajylary we beýleki şunuň ýaly çykdajylary goşmak bilen, hyzmatlar we korrespondent gatnaşyklary üçin tölenen komission ýygymlar;

3) daşary ýurt pulunyň satyn alnandygy (satylandygy) üçin komission ýygymlary (tölegi) goşmak bilen daşary ýurt puly amallaryny geçirmek boýunça çykdajylar we daşary ýurt pulundaky töwekgelçilikden goramak we dolandyrmak boýunça çykdajylar;

4) gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen amallary geçirmek boýunça çykdajylar;

5) salgyt döwri babatda geçen ýyllar üçin hasaplaşyklar boýunça tölenen ýa -da yzyna gaýtarylan göterimler ýa -da komission ýygymlar;

6) tölemek boýunça çykdajylar:

a) esasy serişdeleriň kärendesi, bank işini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan esasy serişdeleriniň aýry-aýry böleklerini goşmak bilen, şol sanda düşen serişdäni inkassasiýa etmek üçin awtomobil ulagynyň we bank resminamalaryny we gymmatlyklaryny, şeýle hem brokerlik orunlaryny goşmak bilen maddy däl emläkleri daşamak üçin ýörite awtomobil ulagynyň ulanylmagy;

b) faksimil we hemra aragatnaşygyny goşmak bilen bank amallary we müşderilere hyzmat etmek boýunça aragatnaşyk hyzmatlary;

ç) hasaplaşyk-kassa we hasaplaýjy merkezleriň hyzmatlary;

7) forfeýting, faktoring amallaryny we şahsy we edara görnüşli taraplar bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynamdar dolandyrmak boýunça çykdajylar;

8) pensiýalary we kömek pullaryny geçirmek boýunça çykdajylar;

9) aşakdakylar boýunça çykdajylar:

a) blanklary, bank habaryny magnit we beýleki geçirijilerini, şeýle hem berk hasabatlylyk blanklaryny, çek, kwitansiýa, goýum we beýleki kitapçalaryny, banknotlar we şaýlyklar üçin gaplaýyş materiallaryny taýýarlamak, satyn almak we (ýa -da) ibermek;

b) töleg-hasaplaşyk serişdelerini taýýarlamak we ornaşdyrmak (plastik kartoçkalary, ýol çekleri we beýleki töleg-hasaplaşyk serişdeleri);

10) banknotlary, şaýlyklary, çekleri we beýleki hasaplaşyk-töleg resminamalarynyň inkassasiýasy üçin çykdajylar, şeýle hem banka ýa-da onuň müşderilerine degişli gymmatlyklary gaplamak (nagt pullaryň toplamagy goşmak bilen), daşamak, ibermek we (ýa-da) eltip bermek boýunça çykdajylar;

11) gymmatlyklary daşamak we saklamak üçin inkassator bukjalaryny we haltalaryny abatlamak we (ýa -da) düzetmek boýunçą şeýle hem olary satyn almak ýa-da ulanyp bolmajaklaryny çalyşmak boýunça çykdajylar;

12) şahsy taraplaryň depozitlerini kepillendiriş gaznasyny döretmek boýunça çykdajylar.

### 165-nji madda. Ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny etmek boýunça çykdajylar

Şu Bitewi kanunyň 154-163-nji maddalarynda (peýdany kesgitlemek üçin ulanylýan aýyrmalar) görkezilenlerden başga, edara görnüşli taraplaryň ätiýaçlandyryş hyzmatlary etmek boýunça harajatlaryna goşulýan çykdajylara şu aşakdakylar hem goşulýar:

gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen, şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş gatançlary;

ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň tölegleri;

gaýtadan ätiýaçlandyryşa kabul edilen şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýlarynyň öwezini dolmak;

komission hak we gaýtadan ätiýaçlandyryş amallary boýunça tölenen tantemler;

ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklaryny ýerleşdirmek bilen baglanyşykly harajatlar;

ätiýaçlandyryş işi bilen baglanyşykly özlerine edilen hyzmatlar üçin ätiýaçlandyryş brokerlerine, ýumuşçylaryna, sýurweýerlerine we awariýa komissarlaryna we beýleki edara görnüşli taraplara hem-de şahsy taraplara tölenen komission haklar;

ätiýaçlandyryş işini üpjün etmek üçin zerur bolan ätiýaçlandyryş şahadatnamalaryny-polislerini, berk hasabatlylyk blanklaryny kwitansiýalary we beýleki resminamalary taýýarlamak, çykarmak kabul etmek, saklamak, ibermek we ornaşdyrmak bilen baglanyşykly çykdajylar;

ätiýaçlandyryş gatançlarynyň 15 göterimine çenli çäklerde ätiýaçlandyryş halatlarynyň öňüni almak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek üçin harajatlar;

ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, bilelikde ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenilen möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklaryna serişde geçirmeler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 166-njy madda. Lizingde peýdany kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Emläk lizinge berlende lizinge berijiniň jemi girdejisine, lizing tölegleriniň lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin harajatlardan artyk gelýän bölegi goşulýar.

Lizinge berijiniň aýyrmalaryna 154-158-nji maddalarda görkezilen, lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin harajatlardan başga çykdajylar girýär.

2. Lizinge alyjynyň jemi girdejisinden lizing tölegleriniň lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin harajatlardan artyk gelýän bölegi aýrylýar.

Şunda lizinge alyjynyň jemi girdejisinden lizinge alnan esasy serişdeler (emläk) boýunça ulanyş tölegleri aýrylýar.

### 167-nji madda. Salgyt töleýjiniň işinden gelýän zyýanlar

Salgyt töleýjiniň işinden gelýän zyýan diýlip şu Bitewi kanunyň 154-166-njy maddalarynda bellenen aýyrmalaryň şu Bitewi kanunyň 149-153-nji, 166-njy maddalaryna laýyklykda hasaplanan jemi girdejilerden artyk gelýän möçberine düşünilýär.

Ýitgiler soňky (hasabat) döwürlerine, ýöne üç ýyldan köp bolmadyk wagta geçirilýär we ol soňky döwrüň jemi girdejisinden tutulyp alynmaga degişlidir.

### 168-nji madda. Girdejileri hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibi

1. Harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlar etmekden girdejiler tölegiň pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk (işler, hyzmatlar) görnüşinde hakyky gelip gowşuşyna garamazdan, harytlaryň ýüklenen (iberilen), işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň edilen hasabat (salgyt) döwründe alnan diýlip hasap edilýär.

Banklaryň öz adyndan we öz hasabyna bank tarapyndan çekilen pul serişdelerini ýerleşdirmekden, karz we nesýe bermekden göterim görnüşinde alan girdejileri olaryň tölenen ýa-da salgyt töleýjiniň öňündäki berginiň başga bir usul bilen üzülen hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar.

Ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrmasy şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan hasabat (salgyt) döwrüniň girdejisiniň düzümine goşulýar, haçanda ylalaşykalar boýunça tölegler bölekleýin amala aşyrylanda, onda olar girdejiniň düzümine girmeýär. Şeýle ýagdaýda hakyň (gatanjyň) gelip gowuşany girdejä goşulýar ýa-da salgyt töleýjiniň öňündäki bergisi başga usul bilen üzülende.

Şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda harytlaryň ýerlenilmegi diýlip ykrar edilýän tebigy ýitginiň ölçeginden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylanda girdejiler ol ýüze çykarylan hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar.

2. Şu aşakdaky ýagdaýlarda harytlar iberildi, işler ýerine ýetirildi, hyzmatlar edildi diýlip hasap

edilýär:

a) salgyt töleýji geleşikden ýa-da ylalaşykdan gelip çykýan ähli borçnamalary ýerine ýetiren halatynda we degişli pul möçberi salgyt töleýjä gürrüňsiz tölenmäge (öwezini dolmaga) degişli bolsa, hatda bu hukugy kanagatlandyrmak pursady gaýra goýlan ýa-da tölegler bölekleýin amala aşyrylýan bolsa-da;

b) salgyt töleýji tarapyndan hyzmat edilende şertnamadan gelip çykýan hyzmatlary etmegiň tamamlanan pursadyndan (şol sanda tapgyrlaýyn).

3. Uzak möhletleýin şertnamalar boýunça girdejiler her bir salgyt (hasabat) döwri boýunça olaryň hakyky ýerine ýetirilen möçberlerine laýyklykda görkezilýär. Üç aýyň dowamynda tamamlanmadyk islendik şertnama uzak möhletli şertnamalar diýlip düşünilýär. Harytlary ýerlemek üçin şertnamalar boýunça görkezilenler, bir birligini taýýarlamagyň önümçilik tapgyry, üç aýyň çäklerinde tamamlanmadyk harytlar boýunça ulanylýar.

4. Salgyt töleýji - komitent tarapyndan toparyň ylalaşygy we şunuň ýaly beýleki ylalaşyklar boýunça harytlar ýerlenende komitente degişli emlägiň sarp edijä iberilen (berlen), komissioneriň ýerlemek baradaky habarnamasynda we (ýa-da) komissioneriň hasabatynda görkezilen sene ýerlemekden girdeji alnan sene hasap edilýär.

5. Ýerlemekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan güni diýlip aşakdaky günler hasap edilýär:

Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem salgyt töleýjä berginiň başga usul bilen - şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň “a” - “f” bölümçelerinde görkezilen girdejiler boýunça üzülen güni. Bu pul möçberleri tölegi salgyt töleýjiniň ýa-da onuň görkezmesi üçünji tarapyň alandygyna garamazdan jemi girdejä goşulýar.

Şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň “g” bölümçesinde görkezilen girdejiler boýunça talap etmek hukugynyň tamamlanan güni;

Şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň “h” bölümçesinde görkezilen girdejiler boýunça daşary ýurt puly bilen hasaplaşyk geçirilen güni ýa-da daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgän güni;

Şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň “i” - “m” bölümçelerinde görkezilen girdejiler boýunça girdejiniň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni.

6. Daşary ýurt pulundaky girdejiler, salgyt salmak maksady üçin degişli girdejiniň alnan senesinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän hümmetine laýyklykda manatda hasaplanýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**169-njy madda. Aýyrmalary hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmek**

1. Şu maddada başgaça bellenmedik bolsa, pul serişdeleriniň we (ýa-da) tölegiň beýleki görnüşleriniň haçan tölenendigine garamazdan, aýyrmalara olaryň degişli bolan hasabat (salgyt) döwründe rugsat berilýär.

Uzak möhletli şertnamalar boýunça, möwsümleýin häsiýetli işlerde we beýleki bellenen halatlarda aýyrmalar Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenýän tertipde girdejileri we çykdajylary deňeçer we barabar emele getirmek ýörelgesinden ugur alyp, çykdajylaryň degişli bolan hasabat (salgyt) döwründe kabul edilýär.

2. Salgytlaryň pul möçberi, şeýle hem döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler, olaryň hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

3. Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan düşewüntler we girdejiler, olaryň alnan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

4. Oýun işinden alnan girdejiler olaryň alnan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

5. Maddy çykdajylar aýyrmalar hökmünde:

satyn alnan, soňundan ýerlemek üçin niýetlenen, satyn alyjylara (söwda işi) iberilen (berlen) harytlaryň berlen;

haryt maddy gymmatlyklaryň önümçilige berlen;

salgyt töleýji tarapyndan kabul etmek-bermek ykrar hatyna ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini, hyzmatlaryň edilendigini tassyklaýan başga bir resminama gol çekilen hasabat (salgyt) döwri kabul edilýär.

Daş-töweregi hapalaýan jisimleriň ýol berilýän möçberdäki zyňyndylar (galyndylar) üçin tölegler, olaryň amala aşyrylan salgyt (hasabat) döwrüne degişlidir.

6. Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar hasaplap ýazmalaryň geçirilen hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde ykrar edilýär.

7. Ulanyş tölegleri olaryň hasaplanyp ýazylan salgyt (hasabaty) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

8. Beýleki çykdajylar we ýitgiler, şeýle hem ýerlemekden daşary çykdajylar we yitgiler şu aşakdakylaryň geçirilen hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar:

şol döwür belli bolsa, hasaplanyp ýazylan (degişli bolan) döwründe;

olaryň hasaplanyp ýazylan döwrüni kesgitlemek mümkin bolmadyk halatynda, töleg boýunça borçnamalaryň ýüze çykan döwründe. Töleg boýunça borçnamalar harytlaryň alnan, işleri ýerine ýetirmegiň we hyzmat etmegiň tamamlanan (şol sanda tapgyrlaýyn) we hasaplaşyk geçirmek üçin esas bolup durýan resminamalaryň berlen pursadynda ýüze çykýar.

Ýetmezçilik, zaýa önüm çykarmak, boş durmalar, tebigy betbagtçylyklar, ýangyn, heläkçilikler bilen baglynyşykly çekilen zyýanlar, şeýle hem gaplar bilen amallar boýunça yitgiler aýyrmalara olaryň ýüze çykan döwründe goşulýar.

Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar şu Bitewi kanunyň 161-nji maddasynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, abatlaýyş işleriniň geçirilen salgyt (hasabat) döwrüne degişli edilýär.

Gymmatly kagyzlaryň satylan we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut onuň ýüze çykan hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär.

Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýitgiler daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemeginiň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär.

Karzdaryň hasapdan öçürilen haryt maddy gymmatlyklary, işleri, hyzmatlary boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň hasapdan öçürilen hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär.

Hasapdan öçürilen algynyň pul möçberi olaryň hasapdan öçürilen hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär.

Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri olaryň tölenen hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar.

Şu hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan, geçen salgyt döwürleriniň çykdajylary (ýitgileri) şu hasabat (salgyt) döwürleriniň aýyrmalaryna goşulýar.

Şereketiň işiniň netijesinde şerekete gatnaşyjynyň çekýän zyýany, olaryň gatnaşyjylaryň arasynda paýlanan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

9. Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky atiýaçlygyna gönükdirilen serişdeler olaryň tölenen hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 170-nji madda. Peýdadan alynýan salgyt boýunça ýeňillikler

1. Peýdadan alynýan salgytdan şu aşakdakylar boşadylýar:

maýa goýum pensiýa gaznalary;

maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;

bilim edaralary;

maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;

dini guramalar;

oba hojalyk kärhanalary;

halkara, hökümetara, döwletara guramalar, muňa olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alýan girdejileri girmeýär.

Şu salgytdan boşatma goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerlemekden alnan peýda, şeýle hem girdejileriň şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde görkezilen aýry-aýry görnüşlerine degişli däldir.

Şu bölekde görkezilen taraplar, eger-de olar hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar bolup (öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga), kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli bolsalar, onda olar şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň dördünji böleginde bellenilen möçber boýunça girdeji salgydyny tölemekden boşadylýarlar.

2. Salgyt salynýan peýda şu möçberlere kemeldilýär:

bilim babatyndaky işden alnan peýdanyň möçberine;

oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli tarapyň şol önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine, ýöne ol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenen bolmaly däldir;

milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň edilmeginden alnan peýdadan. Görkezilen ýeňillikler bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri statusyny alan şahslara milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginden daşarda şeýle hyzmatlar edilen mahalynda hem berilýär;

milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmeginden (hyzmatlaryň edilmeginden) alnan peýdadan;

maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursatyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşindäki taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini (olaryň iýmitlik we iýmitlik däl subönümleri) we olary gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine;

protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan peýdanyň möçberine.

3. Salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy tölemekden boşadylan peýdany hasaba almagy aýratyn alyp barmalydyrlar. Şunuň ýaly peýdany hasaplap ýazmak üçin aýyrmalaryň aýry-aýry böleklerini kesgitlemek mümkin bolmadyk halatynda, olar ýeňillikleriň hasaplamak üçin kabul edilýän, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiniň harytlary (işlerį hyzmatlary) ýerlemekden alnan jemi girdejiniň umumy möçberine gatnaşygyny ulanmak bilen kesgitlenip bilner.

(2007-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 12-nji martyndaky we 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 68 -nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

## 171-nji madda. Salgyt özeni

1. Peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni salgyt (hasabat) döwründe alnan, şu Bitewi kanunyň 170-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýeňillikleriň möçberine azaldylan salgyt salynmaga degişli peýda bolup durýar.

Peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni her bir hasabat döwrüniň jemleri boýunça, salgyt döwrüniň başyndan artýan jemler bilen kesgitlenilýär.

Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe zyýan çeken bolsa, onda şu salgyt (hasabat) döwründe salgyt özeni nola deň diýlip ykrar edilýär.

2. Şereketiň işine gatnaşmakdan alnan girdeji boýunça salgyt özeni şu aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin şereketiň girdejilerini we çykdajylaryny hasaba almagy alyp barmak, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan şerekete gatnaşyjynyň biriniň üstüne ýüklenip bilner. Şeýle hasaby ýöretmeklik, şereketiň düzüminde amala aşyrylmaýan işden aýratynlykda alnyp barylýar.

Salgyt salynýan girdejini kesgitlemek üçin hasaba alynýaņ aýyrmalaryň düzüminde salgyt özeni kesgitlenende, şereket ylalaşygynda peýdany (yitgileri) paýlamak göz öňünde tutulýan bolsa onda şerekete gatnaşyjynyň bilelikdäki işiň maksatlary üçin çykaran çykdajylary hasaba alynmaýar.

3. Girdejileriň dürli möçberler boýunça salgyt salynýan aýry-aýry görnüşleri boýunça salgyt özeni aýratynlykda hasaba alynýar we şu madda laýyklykda kesgitlenilýär.

Önüm görnüşinde alynýan girdejiler şu Bitewi kanunyň 36-njy we 150-nji maddalaryna laýyklykda geleşigiň bahasyndan ugur alyp hasaba alynýar.

4. Düşewüntler we beýleki ýuridik tarapa paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler boýunça, çeşmesi Türkmenistan bolup duran şunuň ýaly serişdeleriň hasaplanyp ýazylan pul möçberi, olary aýyrmalaryň möçberine azaltmazdan, salgyt özeni bolup durýar. Görkezilen girdejilere milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden

başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň edilmeginden alnan girdejiler paýlanan mahalynda paýçy bolup gatnaşmakdan alnan düşewüntler we beýleki serişdeler goşulmaýar.

5. Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy, şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasyna laýyklykda, şu iş üçin peýdalanylýan jaýlaryň meýdanyna ýa-da oturylýan orunlarynyň sanyna, oýun awtomatlarynyň (oýun stollarynyň ) sanyna baglylykda hasaplanýan kesgitli ululyk görnüşde bellenilýär.

6. Hususy eýeçilikdäki “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edara görnüşli taraplar (öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) üçin salgyt özeni, şu Bitewi kanunyň 149-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenýän umumy girdejiniň jeminden aýyrmalaryň möçberini azaltmazdan hasaplanylýar (şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň ikinji böleginiň “b”, “ç” we “e” bölümlerinde bellenilen aýyrmalardan başga).

Şu görkezilen girdejilere şular goşulmaýar:

oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan edara görnüşli taraplaryň senagat taýdan gaýtadan işlenmegi geçen önümlerden başga, şeýle önümleri ýerlemekden alan girdejileri;

maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursatyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşindäki taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini (olaryň iýmitlik we iýmitlik däl subönümlerini) we olary gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümleri ýerlemekden alvan girdejileri;

protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan girdejiler.

7. Şu Bitewi kanunyň 35-nji maddasynda bellenilen halatlarda salgyt özenine düzediş girizilmäge degişlidir.

(2007-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 12-nji martyndaky we 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 68-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**172-nji madda. Salgyt möçberleri**

1. Peýdadan alynýan salgydyň möçberi şu derejede bellenýär:

8 göterim - edara görnüşli taraplar - Türkmenistanyň dahyllylary (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan - bu işden alynýan peýda we oňa degişli ýerlemekden daşarky amallar babatynda başga) üçin;

20 göterim - beýleki edara görnüşli taraplar üçin.

2. Düşewüntler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim ölçegde bellenýär.

3. Humarly oýun işinden alynýan girdejiler boýunça şu möçberler bellenýär:

her bir oýun awtomaty üçin - günde 30 manat;

her bir oýun stoly üçin - günde 370 manat;

her bir oturylýan ýer üçin - günde 7 manat ýa -da

bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin-günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin - günde 38 manat.

Humarly oýun işiniň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän halatynda, salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylýar.

4. Şu Bitewi kanunyň 171-nji maddasynyň altynjy böleginde görkezilen taraplaryň girdejileri üçin girdeji salgydyň möçberi 2 göterim möçberde bellenilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

**173-nji madda. Salgyt we hasabat döwürleri**

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt döwri salgyt ýylyna deň bellenýär, emma hasabat

döwri üçin birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly bellenilýär.

Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenilýär.

### 174-nji madda. Salgydyň pul möçberini kesgitlemek

1. Salgyt töleýji tarapyndan peýdadan alynýan salgyt, şeýle hem oýun işinden alynýan girdeji boýunça salgyt özbaşdak hasaplanýar.

Düşewünt we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji boýunça salgyt salgyt ýumuşçysy tarapyndan her bir tölegde hasaplanýar we tutulyp alynýar. Islendik görnüşde talaplaryň bes edilmegi töleg diýlip ykrar edilýär.

Şu girdejiler babatynda salgyt ýumuşçysy diýlip şunuň ýaly girdejileri tölemek borjy peýda bolýan, Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli tarap ykrar edilýär.

2. Peýdadan alynýan salgydyň möçberi, şu Bitewi kanunyň 171-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda kesgitlenýän salgyt binýadynyň , şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň 1-nji bölüminde bellenýän, birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin salgyt möçberiniň jemi hökmünde hasaplanýar.

Hasabat döwrüniň dowamynda salgyt hakujy görnüşinde tölenmäge degişlidir, ol şeýle kesgitlenýär:

çärýegiň birinji aýy üçin - ondan öňki hasabat döwrüniň iň soňky aýy üçin hasaplanan deslapky tölegleriň möçberinde;

çärýegiň ikinji we üçünji aýlary üçin - şol ýylyň ondan öňki hasabat döwründäki salgydyň möçberine azaldylan we şu Bitewi kanunyň 39-njy maddasyny hasaba almak bilen, geçen hasabat döwründe hasaplanan salgydyň hakyky möçberiniň 6/1 bölegine deň bolan (esasy iş görnüşi gurluşyk we gurluşyk-gurnama işini ýerine ýetirmek bolup durýan edara görnüşli taraplar üçin bolsa 3/1 bölegine deň bolan) möçberde.

Geçen hasabat döwrüniň soňky aýy üçin hasaplanan öňünden tölenýän tölegleriň möçberinde hasabat döwrüniň öňünden tölenýän tölegleri hem şeýle ýagdaýlarda, ýagny olaryň tölenmeli möhletiniň pursadyna çenli geçen hasabat döwri üçin salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti dolmadyk bolsa ýa-da şeýle salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan düzülmedik we salgyt gullugyna berilmedik bolsa, tölenilýär.

Ýokarda görkezilen tertipde hasaplanan deslapky tölegleriň çak edilýän (göz öňünde tutulýan) salgyt binýadyndan ugur alnyp kesgitlenen, peýdadan alynýan salgydyň ölçeginden ep-esli tapawudy bar bolsa, onda Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli deslapky tölegler salgyt gullugy tarapyndan çak edilýän görkezijilerden ugur almak bilen bellenip bilner.

Şunuň ýaly ýagdaýda salgyt töleýji täze çärýek başlanmazyndan öň salgyt hasabyna goýlan ýerindäki salgyt gullugy edarasyna öňde duran çärýek üçin çak edilýän salgyt özeni baradaky maglumatlary berýär.

Birinji çärýek üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli, peýda üçin salgydyň möçberi şol döwürde hasaplanyp ýazylan deslapky tölegleri, ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin soňky çärýegiň deslapky töleglerini we şol ýylyň şu çärýegiň öňündäki hasabat döwri üçin hasaplanyp ýazylan (bellenen) salgydy hasaba almak bilen kesgitlenýär.

3. Düşewünt görnüşindäki we beýleki edara görnüşli taraplarda paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgyt möçberi, salgyt ýumuşçysy tarapyndan, şu Bitewi kanunyň 171-nji maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda kesgitlenilýän salgyt özeniniň şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň 2-nji bölüminde bellenen salgyt möçberine köpeldilen jemi hökmünde hasaplanýar.

4. Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi her aýda şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň 3-nji bölüminde bellenen salgyt möçberleriniň, oňa laýyk görkezijileriň hakyky ululygynyň we hasabat döwründe işlenilen günleriň sanynyň jemi hökmünde hasaplanýar.

Şu görnüşdäki girdejilerden salgyt hasaplananda salgyt ýeňilliklerine ýa-da salgytdan boşatmalara üns berilmeýär.

5. Şu Bitewi kanunyň 171-nji maddasynyň altynjy böleginde görkezilen taraplar üçin girdeji salgydynyň jemi şu Bitewi kanunyň 171-nji maddasynyň altynjy bölegine laýyklykda kesgitlenilýän salgyt özeniniň, şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň dördünji böleginde bellenilen salgydyň möçberine köpeldilen jemi hökmünde hasaplanýar.

(2010-njy ýylyň 10-nji maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

## 175-nji madda. Peýdadan (girdeji) alynýan salgydy tölemegiň möhletleri

1. Şu Bitewi kanunyň 174-nji maddasynyň 2-nji bölüminde bellenen tertipde hasaplanýan peýdadan alynýan salgyt, aşakdaky ýaly tölenýär:

deslapky töleg görnüşinde - salgyt ýylynyň her aýynyň 13-nde we 28-nde (esasy iş görnüşi gurluşyk we gurluşyk-gurnama işini ýerine ýetirmek bolup durýan edara görnüşli taraplar üçin bolsa her aýyň 25-nde);

birinji çärýegiň birinji ýarym ýylyň dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemi boýunça - görkezilen döwürlerde peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt beýannamasynyň berilmeli gününden soňky bäş gün möhletde.

2. Şu Bitewi kanunyň 174-nji maddasynyň 4-nji bölüminde bellenilen tertipde hasaplanýan girdeji salgydy hasabat döwründe soňky aýyň 25-inden gijä galman tölenýär.

3. Şu Bitewi kanunyň 174-nji maddasynyň 5-nji bölüminde bellenen tertipde hasaplanýan girdejileriň salgydy birinji çärýegiň birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemleri boýunça -şu görkezilen döwürler üçin peýda salgydynyň salgyt beýannamasyny tabşyrmak üçin bellenen günden başlap, bäş gün möhletde tölenýär.

4. Salgyt ýumuşçylary hökmünde çykyş edýän taraplar salgydy tutmak üçin bellenen günden başlap bäş gün (daşary ýurtlarda geçirilýän töleglerde bolsa on bäş gün) möhletde salgydyň tutulyp alnan pul möçberlerini töleýärler.

(2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda);

## 176-njy madda. Salgyt beýannamasyny bermek

1. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt beýannamasy maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde berilýär.

Oýun işinden alynýan girdejiler üçin salgyt babatynda salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky aýyň 20-ne çenli möhletde, salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna berilýär.

2. Salgyt ýumuşçylary girdeji tölenen aýyndan soňky aýyň 20-ne çenli möhletde özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna düşewünt we paýçy bolup gatnaşmakdan alnan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji salgydyny töleýän edara görnüşli taraplar, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň bellän görnüşi boýunça hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen girdeji salgydynyň pul möçberleri barada maglumatlary bermäge borçludyrlar.

Býujet edaralary tarapyndan salgyt salynýan binýat bolmadyk hasabat (salgyt) döwürleri üçin salgyt beýannamasy berilmeýär.

## 177-nji madda. Aýry-aýry edara görnüşli taraplar tarapyndan salgydy hasaplamagyň we tölemegiň aýratynlyklary

Öz işini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň peýda üçin salgydyny hasaplamak şu Kanunyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär. Şunuň ýaly taraplar üçin hasabat we salgyt döwri salgyt ýyly bolup durýar. Olar üçin salgyt beýannamasyny bermek we salgyt tölemek möhletleri ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

“Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy bolup durýan taraplar tarapyndan salgyt ýumuşçysynyň borçlarynyň ýerine ýetirilmegi şu Bitewi kanunda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan daşaiy ýurtly edara görnüşindäki taraplar, edara görnüşindäki taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça berilýän beýannamada salgyt özertini daşary ýurt pulunda görkezýärler. Salgydy hasaplamak üçin, salgyt özeni Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasabat döwrüniň soňky senesindäki resmi hümmeti boýuriça manatda hasaplanylýar. Hasaplanan salgyt özeninden salgyt hem manatda hasaplanýar.

Salgyt töleýjiler tarapyndan peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy, şol sanda salgyt ýumuşçylarynyň üsti bilen, tölemek daşary ýurt (erkin ýörgünli) pulunda amala aşyrylyp bilner. Bu ýagdaýda salgydyň daşary ýurt pulyndaky tölenmäge degişli möçberi, salgydyň manatda hasaplanylan möçberinden ugur alnyp, ol Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tölegiň senesinde hereket eden resmi hümmeti boýunça gaýtadan daşary

ýurt pulunda hasaplamak arkaly kesgitlenýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**178-nji madda. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen peýdadan (girdeji) alynýan salgydy hasaplaşmak**

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda, beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli tarapyň tölän, peýdadan (girdeji) alynýan salgydyň pul möçberi Türkmenistanda peýdadan (girdeji) alynýan salgyt tölenende hasaplaşylýar. Görkezilenler iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýjä gaýtarylyp bilinmejek peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň möçberine degişlidir.

Salgydyň hasaplaşylýan möçberi şu Bitewi kanuna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda alnan peýda (girdeji) babatynda hasaplanan peýdadan (girdeji) alynýan salgydyň möçberinden artyk bolup bilmez.

Hasaplaşmak üçin daşary ýurt döwletleriniň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarly edarasynyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň hakykatdan hem tölenendigini tassyklaýan resminamalary esas bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**2-nji paragraf. Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplara salgyt salmak**

**179-njy madda. Türkmenistanyň çäklerinde işlerini hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrýan, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplara salgyt salmagyň aýratynlyklary**

1. Türkmenistanyň çäklerinde işlerini hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrýan, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar şu Bitewi kanunyň 149-177-nji maddalarynda bellenen tertipde peýdadan (girdeji) alynýan salgydy hasaplaýarlar salgyt beýannamasyny berýärler we salgyt töleýärler.

2. Türkmenistanyň çäklerinde işlerini hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrýan, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli tarapyň salgyt salynýan peýdasy (girdejisi) kesgitlenilende şu aýratynlyklar göz öňünde tutulýar:

jemi girdejä girdejiniň diňe Türkmenistanyň çäklerindäki iş bilen baglanyşykly alnan we şunuň ýaly hemişelik wekilhana degişli edilip bilinjek bölegi goşulýar;

emlägi, esasan, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän emläkden ybarat bolan we hemişelik wekilhana degişli bolan edara görnüşli tarapyň - Türkmenistanyň dahylsyzynyň paýnamalaryny (kärhana paýly gatnaşmak hukugyny) ýerlemekden alnan girdejileri jemi girdejä goşulýar;

hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylmadyk, daşary ykdysady amallar şol sanda göni daşary söwda haryt ibermeklik boýunça boýunça alnan girdeji jemi girdejä goşulmaýar;

Türkmenistanda amala aşyrylýan iş bilen baglanyşykly çekilen çykdajylar, bu çykdajylaryň Türkmenistanda ýa-da onuň çäklerinden daşynda çekilendigine garamazdan, jemi girdejiden aýrylýar. Eger iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak hakyndaky Türkmenistanyň halkara şertnamalary (ylalaşyklary) bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky baş ýolbaşçy edarasynyň çeken dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylary şeýle çykdajylara degişli edilip bilinmez;

şunuň ýaly hemişelik wekilhana degişli bolan peýda, şonuň ýaly şertlerde şoňa meňzeş iş bilen meşgullanýan başga bir garaşsyz edara görnüşli tarapyň alyp biljek peýdasyna laýyk gelmelidir.

3. Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşli tarapyň öz işini Türkmenistanda, şeýle hem onuň çäklerinden daşarda amala aşyrýan we şunda girdejileri we (ýa-da) çykdajylary, şeýle hem onuň hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylýan işden alynýan peýdany kesgitlemäge mümkinçilik berýän, aýry-aýry bölekleriniň aýratyn hasaba alynmagyny alyp barmaýan halatynda, peýdanyň möçberi

salgyt töleýjiniň , onuň salgyt töleýji hökmünde hasaba duran ýerindäki salgyt gullugy bilen ylalaşan hasaplamalarynyň esasynda kesgitlenip bilner.

4. Eger Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşli tarap - salgyt töleýji şu Bitewi kanunyň 180-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen girdejileri alýan bolsa, onda diňe salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan şeýle tassyklama berlen pursadynda hyzmatlary etmekligiň (işleri ýerine ýetirmekligiň) Türkmenistanyň çäklerinde bolan hemişelik wekilhananyň döremegine getirýändigi we Türkmenistanyň çäklerindäki iş bilen baglanyşykly alynýan we tölenilýän girdejiniň şeýle hemişelik wekilhana degişli bolýandygy baradaky ýazmaça tassyklama berlende, şeýle girdejini töleýän tarap tarapyndan salgyt tutulyp alynmaýar.

5. Eger Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerindäki işi birnäçe hemişelik wekilhanalaryň döredilmegine getirse, salgyt özeni we salgydyň möçberi olaryň her biri boýunça hasaplanylýar. Görkezilenler bir bitewi tehnologik ulgamyň çäklerinde amala aşyrylýan şeýle işe degişli däldir.

6. Şu Bitewi kanunyň 180-nji maddasyna laýyklykda girdejilerden salgyt tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen bolsa we şol girdejiler Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň üsti bilen işi amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň jemi girdejisiniň möçberine goşulanda, tölenilmäge degişli salgydyň möçberi tutulyp alnan salgydyň möçberine azaldylýar.

7. Hemişelik wekilhananyň üsti bilen Türkmenistanda işi amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň salgyt özeni kesgitlenilen mahaly hemişelik wekilhananyň işgärleriniň zähmetine hak tölemek üçin baş ýolbaşçy edara tarapyndan zähmet şertnamasyna (ylalaşygyna) laýyklykda çekilen hem-de şu Bitewi kanunyň 156-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýän çykdajylary hasaba almaga haky bardyr.

Şeýle hem, onuň şeýle çykdajylaryň dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň düzüminde hasaba alynmaly däldigi baradaky şert bilen, hemişelik wekilhanada işlemek üçin gysga möhletli we uzak möhletli iş saparlarynda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek üçin baş ýolbaşçy edara tarapyndan iberilýän işgärlere zähmete hak tölemek üçin we iş saparlary üçin çykdajylary hasaba almaga haky bardyr.

Şunda iş sapar çykdajylary şular ýaly kabul edilýär:

Türkmenistanyň iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnamasy (ylalaşygy) bolan daşary ýurt döwletleriniň dahyllylary - edara görnüşli taraplar boýunça hakykatdaky möçberlerde;

beýleki halatlarda - Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ölçegleriň çäklerinde.

8. Onuň Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan işine degişli salgyt salynýan peýda kesgitlenilende, daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň hiç bir çykdajylary aýyrmalar hökmünde hasaba alnyp bilinmez. Şular ýaly daşary ýurtlardaky şahamçalaryň we wekilhanalaryň peýdasy kesgitlenilende harajatlar hökmünde hasaba alynmaýan we Türkmenistanda alnyp barylýan iş bilen göni baglanyşykly çykdajylar kadadan çykma bolup durýar, munuň üçin degişli resminamalaýyn tassyklama (mysal üçin, auditorçylyk netijenamasy) bolmalydyr we olar boýunça aýratyn hasabyň ýöredilen şertinde.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 180-nji madda. Türkmenistandaky çeşmelerden girdeji alýan, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplara salgyt salmagyň aýratynlyklary

1. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýän işi amala aşyrmakdan Ttirkmenistandaky çeşmeden girdeji alnanda we Türkmenistandaky çeşmelerden başga girdejiler alynanda, girdeji salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden aýyrmalary geçirmezden tutulyp alynýar, muňa goşulan baha üçin salgyt girmeýär (salgyt özeni). Şunda girdeji salgydynyň möçberi şunuň ýaly edara görnüşli tarapa tölenmäge degişli serişdelerden, her gezekki töleglerde, şol sanda şunuň ýaly tölegler Türkmenistanyň daşynda geçirilýän hem bolsa, tutulyp alynýar. Islendik görnüşde talaplaryň bes edilmegi töleg diýlip ykrar edilýär.

Şu girdejiler babatynda salgyt ýumuşçylary diýlip, şunuň ýaly girdejileri tölemek borçlary ýüze çykýan edara görnüşli taraplar ykrar edilýär:

Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar;

işini Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik wekilhananyň, şahamçanyň ýa-da wekilhananyň

üstünden amala aşyrylan, halatynda Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar;

husussy telekeçiler.

Eger salgyt ýumuşçysy tarapyndan girdeji salgydyny hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk halatlarynda ýa-da hiç bir tarap salgyt ýumuşçysy hökmünde ykrar edilip bilinmese, bu daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda hasaba durmalydyr we salgydy tölemek boýunça borçlary özbaşdak ýerine ýetirmelidir. Bu Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň ýerlenmegine, şeýle hem geleşigiň taraplary Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan we satyn almagyň Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän hemişelik wekilhananyň, şahamçanyň ýa-da wekilhananyň üstünden amala aşyrylmaýan halatynda Türkmenistanyň dahyllysy bolup duran edara görnüşli taraplaryň paýnamalaryna we beýleki gymmatly kagyzlaryna hem degişlidir.

Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy bolup durýan taraplar salgyt ýumuşçylary hökmündäki borçlaryny şu Bitewi kanunda bellenen tertipde ýerine ýetirýärler.

Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda görkezilen girdejiler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň girdejiniň tölenen senesinde bellenilen resmi hümmeti boýunça manatda gaýtadan hasaplanýar.

2. Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan, peýda (girdeji) salgydyny salmaga degişli çeşmeler şu aşakdakylar bolup durýarlar:

a) düşewüntler we Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alnan beýleki serişdeler;

b) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler, şeýle hem Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenilýän, islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler, eger bergi borjy Türkmenistanyň çägindäki şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly ýüze çykan bolsa;

ç) töwekgelçiligi ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan, şeýle hem, ätiýaçlandyryş tölegleri Türkmenistanyň çägindäki şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly tölenilýän bolsa, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenilýän ätiýaçlandyryş tölegleri;

d) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenilýän, Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda kesgitlenen awtorlyk hukuklarynyň peýdalanylandygy we peýdalanmak hukugynyň berlendigi üçin hak, şeýle hem şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) iş ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribe babatdaky maglumat üçin hak, eger şunuň ýaly hukuklar Türkmenistanyň çägindäki şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly peýdalanylýan bolsa;

e) Türkmenistanyň çäklerindäki gozgalmaýan emlägiň we Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli tarap we hususy telekeçi tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň çäginde bellige alnan (döredilen) şahamçasy, wekilhanasy we hemişelik wekilhanasy bar bolan Türkmenistanyň dahylsyzy - edara görnüşli tarap tarapyndan şeýle şahamçanyň, wekilhananyň we hemişelik wekilhananyň maksatlaryna ulanmak üçin kärendä (kireýine) alynýan gozgalýan emlägiň kärendä (kireýine) berilmegi üçin tölegler. Görkezilenler lizinge berlen emlägiň bahasynyň öwezini dolmagyň möçberinden geçýän böleginde lizing tölegleri babatda hem ulanylýar;

ä) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenilýän, Türkmenistanyň çäginde işleriň ýerine ýetirilmegi, hyzmatlaryň edilmegi üçin girdejiler, eger şunuň ýaly işler we hyzmatlar Türkmenistanyň çägindäki şahamça, wekilhana ýa-da hemişelik wekilhana üçin peýdalanylýan bolsa. Işleriň ýerine ýetirilýän we hyzmatlaryň edilýän ýeri şu Bitewi kanunyň 99-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenýär;

f) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi, şeýle hem Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplaryň paýnamalaryny we gaýry gymmatly kagyzlaryny ýa-da olara paýly gatnaşmak hukugyny ýerlemekden alnan girdejiler. Şunda salgyt salynýan girdeji gozgalmaýan emläk üçin - şu Bitewi kanunyň 160-njy maddasyna laýyklykda, paýnamalar we gaýry gymmatly kagyzlar ýa-da paýly gatnaşmak hukugy üçin - satuw bahanyň we olary satyn almak we ýerlemek boýunça çykdajylaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenýär. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt salynýan girdejini kesgitlemek mümkin bolmadyk halatynda, ol salgydy jemi girdejiniň doly möçberinden tutup alýar. Salgydy gaýtadan hasaplamak, salgyt töleýji tarapyndan degişli resminamalar salgyt gullugyna berlen halatynda geçirilýär;

g) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan tölenilýän, şertnama borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we puşmana tölegi;

h) halkara ýolagçy gatnatmakdan we ýük daşamakdan alynýan girdejiler. Deňiz, derýa ýa-da howa gämileri, awtoulag serişdeleri ýa-da demir ýol ulaglary bilen ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän ýerler (nokatlar) arasynda geçirilýän halatlaryndan başga halatlarda, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler üçin ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar üçin, eger bu gatnatmalar, daşamalar Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhanalaryň maksatlary üçin amala aşyrylýan bolsa;

i) hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen bagly bolmadyk, Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan beýleki şonuň ýaly girdejiler.

Hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly bolmadyk Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan gaýry girdejilere, hususan-da şu girdejiler degişli bolup biler:

gatnaşyjylaryň iň bolmanda biri Türkmenistanyň dahyllysy bolan, Türkmenistanyň çäginde bilelikdäki işi amala aşyrmagyň netijesinde şereketiň girdejileriniň bir bölegini daşary ýurt edara görnüşli tarapyň haýryna paýlamagyň netijesinde alynýan girdejiler;

komissiýanyň şertnamalarynyň şertlerinde Türkmenistanyň çäginden daşardan getirilýän harytlaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerlenilmeginden alynýan girdejiler (daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň bellän ýerleýiş bahasy bilen salgyt ýumuşçysynyň ýerlemek üçin getirilen harytlary satan has ýokary bahasynyň arasyndaky tapawut görnüşinde şol edara görnüşli tarapa tölenilýän girdeji). Şunda şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasynyň we 154-nji maddasynyň sekizinji böleginiň düzgünleri degişli ýagdaýda hasaba alynýar;

diňe şeýle girdejilere iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnamalara (ylalaşyklara) laýyklykda diwidendler hökmünde garalmaýan bolsa, Türkmenistanyň dahyllylary bolan beýleki edara görnüşli taraplaryň ýa-da Türkmenistanyň dahyllysy bolmadyk edara görnüşli taraplaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçalarynyň, wekilhanalaryň we hemişelik wekilhanalaryň peýdasynyň ýa-da emläginiň daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň peýdasyna paýlanylmagy netijesinde, şol sanda olar ýatyrylanda alynýan girdejiler;

Türkmenistanyň dahyllylary - edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň çäginde bellige alnan (döredilen) şahamçasy, wekilhanasy we hemişelik wekilhanasy bar bolan we hyzmatlar şeýle şahamçanyň, wekilhananyň we hemişelik wekilhananyň maksatlary üçin edilýän bolsa, Türkmenistanyň dahylsyzy - edara görnüşli tarap tarapyndan talaplary bermekden, araçyllykdan, tabşyryk şertnamalary, eýeçiligi ynanyp dolandyrmak şertnamalary boýunça tölenilýän girdejiler. Talaplary bermekden alynýan girdeji, talap berlende ýa-da degişli borçnamalar bes edilende alnan girdejiniň möçberiniň görkezilen talaby satyn almak üçin çykdajylaryň möçberinden artýan möçberi hökmünde kesgitlenýär.

Şunda bu maddanyň şu böleginde görkezilen girdejileriň gönüden-göni salgyt töleýjä ýa-da tabşyryk şertnamasyna ýa-da gaýry şunuň ýaly şertnama laýyklykda ynanylan adamyň (beýleki adamyň) üsti bilen tölenilmeginiň ähmiýeti ýokdur.

Şu bölegiň “a” – “i” bentlerine laýyklykda Türkmenistanda peýda (girdejä) salgyt salynmaga degişli çeşmelerden gelýän girdejilere, şular goşulmaýar:

milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň edilmeginden alnan girdejiler;

milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly, işleriň ýerine ýetirilmeginden (hyzmatlaryň edilmeginden) alnan girdejiler;

Türkmenistanyň edara görnüşli taraplary-dahyllylary tarapyndan milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny hem goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň edilmeginden alnan girdejiler paýlanan mahalynda olara paýçy bolup gatnaşmakdan alnan düşewüntler we beýleki serişdeler;

milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň edilmeginiň, şeýle hem harytlaryň eltilmeginiň maksatlary üçin alnan karzlar (zaýomlar) boýunça göterimler;

diňe milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde peýdalanylmagy bilen baglanyşykly tölenilýän, Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda kesgitlenen awtorlyk hukuklarynyň, şeýle hem şahadatnamanyň, söwda belgisiniň, haryt nyşanynyň ýa-da hyzmat ediş nyşanynyň, çyzgynyň ýa-da modeliň, shemanyň, gizlin formulanyň we (ýa-da) prosesiň peýdalanylany ýa-da peýdalanmak hukugynyň berleni üçin, ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy-tejribe babatdaky maglumatlar üçin tölenilýän haklar;

milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan we gozgalýan emlägiň kärendesi (hakyna tutulany) üçin tölegler;

milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň satylmagyndan alynýan girdejiler;

Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplaryň (şol sanda daşary ýurtly şahsy taraplaryň) sirk hyzmatlaryny etmekden alýan girdejileri.

3. Şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen girdeji salgydyny hasaplamak salgyt ýumuşçylary tarapyndan 15 göterim möçber boýunça geçirilýär, muňa deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler girmeýär.

Deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler üçin salgydyň möçberi 6 göterime deňdir.

4. Haçan-da töleg, şu Bitewi kanunyň 168-nji maddasyna laýyklykda girdeji alnan diýlip hasap edilen aýynyň ahyrky senesinden soň geçirilen ýagdaýynda, salgydy tölemek salgyt ýumuşçysynyň serişdeleriniň hasabyna, soňundan salgyt töleýjä tölenilmeli serişdelerden tutup almak bilen amala aşyrylýar. Şu ýagdaýda salgydy hasaplamak girdejiniň alnan, uzak möhletli şertnamalar boýunça bolsa - işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň edilen aýynyň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä amala aşyrylýar. Seýle ýagdaýda salgydy tölemek (şol sanda tölegler daşary ýurtlarda geçirilende hem) şeýle aý tamamlanandan soň 15 günden gijä galman geçirilýär.

5. Türkmenistanyň dahylsyzy bolup durýan edara görnüşli tarapa girdejileri töleýän tarap, girdeji tölenilen aýdan soňky gelýän aýyň 20-sine çenli möhletde salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna girdejiler tölenilen edara görnüşli taraplar hakyndaky, girdeji üçin salgydyň hasaplanylan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri baradaky, şeýle hem salgyt tutulyp alynmadyk taraplar hakyndaky maglumatlary bermäge borçludyr. Maglumatlaryň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 12-nji martyndaky, 10-njy maýyndaky we 25-nji sentýabry - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda; “Türkmenistan”, № 247-248 (26237), 2010-njy ýylyň 4-nji oktýabry)

## 181-nji madda. Iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak

1. Salgyt edaralary Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşindäki taraplaryň talap etmekleri boýunça, olaryň peýdadan (girdeji) alynýan salgydy Türkmenistanda töländiklerini tassyklaýan resminamany bermäge borçludyrlar. Şu resiminamanyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýär.

2. Salgydy tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak üçin, salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt gullugy edarasyna arzany, şeýle hem özüniň Türkmenistanyň degişli salgyt döwrüniň dowamynda (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän, ikitaraplaýyn salgyt salmagy ýatyrmak ikitaraplaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakyndaky ylalaşyk baglaşan döwletiniň dahyllysy bolup durýandygyny resmi taýdan tassyknamany bermelidir.

Tassyknama we arza salgyt ýa-da salgyt tölegi boýunça deslapky töleg tölenmezden öň hem, salgyt töleýjiniň salgydy tölemekden boşadylmaga ýa-da artykmaçlyk almaga dalaş edýän salgyt döwri tamamlanandan soňky üç ýylyň dowamynda hem berlip bilner.

Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenitanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde bellenilýär. Bellenilen görnüş boýunça düzülmedik arza,

ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy salgyt gullugyna şeýle arza seretmekden boýun gaçyrmaga esas bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2,41-nji madda)

## 6-njy bap. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy

### 182-nji madda. Salgyt töleýjiler

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny töleýjiler (mundan beýläk - salgyt töleýjiler) diýlip, şu Bitewi kanunyň 183-nji maddasynda görkezilen girdejileri alýan şahsy adamlar ykrar edilýär.

### 183-nji madda. Salgyt salynýan binýat

Salgyt töleýji tarapyndan alnan şu aşakdaky girdejiler salgyt salynmaga degişlidir:

1) Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan şahsy adamlar üçin olaryň çeşmelerine bagly bolmazdan;

2) Türkmenistanyň dahyllylary bolmadyk şahsy adamlar üçin Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 184-nji madda. Salgyt töleýjiniň Türkmenistandaky çeşmelerden gelýän girdejileri

1. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salynýan, Türkmenistandaky çeşmelerden gelýän girdejilere şular degişlidir:

a) Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan edara görnüşli tarapdan, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan edara görnüşli tarapdan onuň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýa-da hemişelik wekilhanasynyň üstünden, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan şahs tarapdan - hususy telekeçiden alnan girdejiler:

zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin alnan hak, şeýle hem direktorlaryň galamhaklary we edara görnüşli tarapyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alynýan beýleki şoňa meňzeş haklar;

edara görnüşindäki taraplara we şereketlere paýly gatnaşmakdan alynýan düşewüntler we beýleki serişdeler;

islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler;

Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat bitewi kanunynda kesgitlenen, awtorlyk hukugyny peýdalanmakdan we hukugy peýdalanmaga bermekden, şeýle hem şahadatnamalary, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) prosessi ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlary bermekden alnan hak;

ätiýaçlandyryş ýagdaýy dörändäki ätiýaçlandyryş tölegleri;

pensiýalar, hemaýat pullary, talyp haklary we şuňa meňzeş tölegler;

Türkmenistanyň çäklerindäki emlägi kärendesine bermekden we olary beýleki bir görnüşde ulanmakdan alnan girdejiler;

sungat işgäri, teatryň, kinonyň, radionyň, telewideniýäniň artisti ýa-da sazandasy, şeýle hem sportsmen hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde işläp gazanan girdejileri, hatda bu girdejiler başga birine hasaplanyp ýazylan hem bolsa;

pul we haryt görnüşindäki utuşlar;

beýleki girdejiler, şu Bitewi kanunyň 187-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilenler muňa girmeýär;

b) Türkmenistanyň çägindäki hemişelik is ýeriniň üstünden telekeçilik işini we hünär hyzmatlaiyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly girdejiler. Hemişelik is ýeri diýlip, hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerine düşünilýär. Hemişelik is ýeri kesgitlenende şu Bitewi kanunyň 18-nji maddasynyň düzgünleri ulanylyp bilner. Hünärmenlik hyzmaty garaşsyz ylmy, edebi, artistlik, bilim ýa-da mugallymçylyk işlerini, şeýle hem lukmanlaryň (tebipleriň), hukukçylaryň, patent ynamdarlarynyň,

inženerleriň, binagärleriň, auditorlaryň we hasapçylaryň garaşsyz işlerini öz içine alýar.

2. Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgytlary salynýan girdejilere şahsy adamynyň , Türkmenistandaky hemişelik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylmaýaŋ diňe şahsy adamyň adyndan we onuň bähbidi üçin amala aşyrylýan daşary söwda amallaryndan (haryt çalşygyny hem goşmak bilen) alýan girdejileri degişli däldir.

Türkmenistandaky çeşmelerden gelýän girdejilere Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli taraplaryň Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýa-da hemişelik wekilhanasynyň üstünden geçirilen tölegler degişli däldir.

3. Şu Bitewi kanunyň 179-njy maddasynyň ýedinji böleginde görkezilen hemişelik wekilhananyň zähmete hak tölemek üçin çykdajylary görnüşindäki girdejiler hem Türkmenistanyň dahyllsy bolup durmaýan şahsy taraplar üçin Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejiler bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

### 185-nji madda. Salgyt özeni

1. Salgyt özeni kesgitlenende salgyt töleýjiniň hasabat (salgyt) döwründäki pul we haryt görnüşinde, şol sanda haryt (iş, hyzmat), şeýle hem maddy peýda ýa-da durmuş eşretleri görnüşinde alan ähli girdejileri göz öňünde tutulýar.

Şulara maddy peýda we durmuş eşretleri diýlip düşünilýär:

ýeňillikli bahalar (tarifler) boýunça, salgyt töleýji babatda özara garaşly bolýan taraplar bilen geleşikler boýunça harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), beýleki emlägiň satyn alynmagy;

azaldylan göterim möçberi boýunça karz almaklyk, şeýle möçberiň Türkmenistanda ulanylýan kanunçylyk bilen degişli halatlar üçin bellenilmegi muňa girmeýär;

işgäriň - salgyt töleýjiniň iş berijiniň öňündäki bergisiniň ýa-da borçnamasynyň möçberleriniň iş berijiniň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilmegi;

işgärlerine - salgyt töleýjilere meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlyk baýraklaryny tölemek üçin iş berijiniň çykdajylary;

işgäriň - salgyt töleýjiniň öz işi bilen baglanyşykly bolmadyk harajatlarynyň öwezini dolmak üçin iş berijiniň çykdajylary.

Salgyt özenine şu Bitewi kanunyň 187-nji maddasynda görkezilen girdejiler goşulmaýar.

2. Salgyt özeni, salgydyň dürli möçberleri bellenen girdejileriň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda hasaba alynýar.

3. Eger-de şu madda bilen başgaça bellenmedik bolsa, şu Bitewi kanunyň 192-nji maddasynyň 1-nji bölüminde bellenen salgyt möçberleri göz öňünde tutulan girdejiler üçin salgyt özeni, şu girdejileriň, şu Bitewi kanunyň 188-nji we 189-njy maddalarynda göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalarynyň pul möçberine azaldylan puldaky aňlatmasy hökmünde kesgitlenýär.

Salgyt (hasabat) döwründe şu Bitewi kanunyň 188-nji we 189-njy maddalarynda göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalarynyň pul möçberi salgyt salynmaga degişli girdejileriň pul möçberinden köp bolsa, şu hasabat (salgyt) döwründäki salgyt özeni nola deň hasaplanýar.

4. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy gelendäki ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça salgyt özeni meýletin ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň şahsy adamlaryň ätiýaçlyk gatançlary görnüşindäki töleglerinden köp bolan pul möçberi bolup durýar. Şunda ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça salgyt özeni aýratyn, şeýle hem şu Bitewi kanunyň 187-nji maddasyna laýyklykda hasaba alynýar.

5. Salgyt töleýji - hususy telekeçi tarapyndan şerekete gatnaşmakdan alnan girdejiler boýunça salgyt özeni şu aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenýär:

salgyt salynýan girdejileri kesgitlemek üçin hasaba alynýan aýyrmalaryň düzüminde salgyt özeni kesgitlenende, şerekete gatnaşyjy tarapyndan bilelikdäki işiň maksatlary üçin çekilen çykdajylar göz öňünde tutulmaýar, şereket ylalaşygynda oňa degişli pul möçberine azaldylan girdejileri paýlaşmak göz öňünde tutulan bolsa;

şerekete gatnaşyjylary Türkmenistanyň dahyllysy, şeýle hem dahylsyzy bolup durýan bolsa, şunuň ýaly şereketiň girdejilerini we çykdajylaryny salgyt salmak maksady üçin hasaba almagy alyp barmak, ylalaşyga laýyklykda şereketiň işini alyp barmagyň kimiň üstüne ýüklenendigine garamazdan, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan şerekete gatnaşyjynyň üstüne ýüklenýär. Şular ýaly tarap hasabat (salgyt) döwrüniň

netijeleri boýunça artýan jem bilen umumy girdejini ýa-da şerekete gatnaşýanlaryň her biriniň şular ýaly işden alýan salgyt salynmaga degişli girdejilerini kesgitlemäge borçludyr.

6. Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy kesgitlenen ululyk görnüşinde bellenýär we şu Bitewi kanunyň 172-nji we 174-nji maddalaryna laýyklykda hasaplanýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 186-njy madda. Salgyt özenini kesgitlemegiň aýratynlyklary

1. Salgyt töleýjiniň salgyt özenini kesgitlemek üçin kabul edilýän girdejisi, şu maddada başga ýagdaý bellenmedik bolsa, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy hökmünde hasaplanýar:

a) salgyt töleýji tarapyndan edara görnüşli taraplardan we hususy telekeçilerden önüm görnüşinde, ýagny harytlar (işler, hyzmatlar) we beýleki emläkler görnüşinde girdeji alnanda;

b) salgyt töleýji tarapyndan telekeçilik işini ýa-da girdeji almaga gönükdirilen başga bir işi amala aşyrmagyň çäklerinde harytlar (işler, hyzmatlar), beýleki emläkler ýerlenende.

Görkezilen girdejiler şu Bitewi kanunyň 36-njy maddasyna laýyklykda, geleşigiň bahalaryndan ugur alnyp hasaba alynýar.

2. Haryt düşünjesi şu Bitewi kanunyň 96-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda kesgitlenýär.

Harydy ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek düşünjelerini kesgitlemek üçin şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasy ulanylýar.

Emlägi kesekä bermek (döwletiň haýryna almak) harydy ýerlemek bolup durmaýar.

döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň , ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça döwletiň hajatlary üçin ýa-da ýerden, medeni gymmatlyklardan bolmalysy ýaly peýdalanylmaýandygy üçin alynmaga degişli ýerdäki emläk;

mejbury almak, elinden almak ýa-da miras alynýan emläge eýeçilik hukugyny bermek, şeýle hem döwlet tarapyndan eýesiz galan emlägi ýa-da gymmatlyklary kabul etmek netijesinde;

şahsy tarapyň emlägini onuň mirasdüşerine (mirasdüşerlerine) bermek netijesinde.

3. Muzdsuz harytlar berlende, işler ýerine ýetirilende, hyzmat edilende girdeji salgyt töleýjiniň harydy (işi, hyzmaty) adaty, hak almak bilen ýerländäki bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

Öň ulanylan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende girdeji olaryň galyndy bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

Bir birligini satyn almak (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, mahabatlandyrma maksady bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy jemi girdejä goşulmaýar.

4. Geleşik taraplary tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenmedik halatynda, girdeji salgyt töleýji tarapyndan şol harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) adaty ýerlenýän bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.

Deň bolmadyk çalşykda jemi girdejä çalşylýan harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahalaryna islendik goşmaça bahanyň pul möçberleri goşulýar.

5. Işini bes edýän hususy telekeçiniň harytlary ýerlenende girdeji salgyt töleýji tarapyndan ulanylan, şu harytlaryň ýerlenen hakyky bahasy esasynda kesgitlenýär, emma aşakdakylardan pes bolmaly däldir:

esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça - galyndy bahalardan;

beýleki harytlar boýunça - satyn alnan bahalardan.

Býujetdäki guramalar telekeçilik däl edara görnüşindäki taraplar hem-de döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary üçin ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we edilýän hyzmatlar boýunça girdejiler hakyky ýerlenýän bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.

6. Salgyt töleýjiniň salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaba alynýan daşary ýurt pulundaky girdejileri, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň girdejiniň alnan senesindäki resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 187-nji madda. Salgyt özenine goşulmaýan girdejiler

1. Şahsy adamlaryň girdejileriniň şu görnüşleri salgyt özenine goşulmaýar:

a) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenýän hemaýat puly, muňa işe wagtlaýyn

ukypsyzlygy sebäpli hemaýat puly girmeýär;

b) Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pensiýa kanunçylygynda bellenen tertipde bellenen pensiýalar, şeýle hem döwletiňki däl pensiýa ätiýaçlandyrmasy şertlerinde alynýan pensiýalar, şahsy pensiýa toplanmalaryna hasaplanyp ýazylýan göterimler, geçirilen ätiýaçlandyryş pensiýa gatançlarynyň pul möçberleriniň, bellenen iň az möçberden ugur alnyp hasaplanan ätiýaçlandyryş gatançlarynyň pul möçberlerinden artyk gelýän pul serişdeleriniň alnan möçberleri;

ç) hökmany ätiýaçlandyryş, ömri meýletin ätiýaçlandyryş ylalaşyklary, meýletin emlägi ätiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberleri we ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň gelendigi, adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalar, ätiýaçlandyryjylaryň we ätiýaçlandyrylan adamlaryň saglygy goraýyş çykdajylary. Galan halatlarda meýletin ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň, şahsy adamlar tarapyndan ätiýaçlandyryş gatançlary görnüşinde tölän möçberinden artyk gelýän möçberi salgyt salynmaga degişlidir;

d) şahsy taraplardan miras we peşgeş almak tertibinde pul we haryt görnüşindäki alynýan girdejiler, muňa ylmy, edebi, sungat eserleriniň awtorlarynyň, şeýle hem açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň mirasdarlaryna (hukuk mirasdüşerlerine) tölenilýän hak girmeýär;

e) salgyt döwründe Türkmenistanda bellenen iň az iş hakynyň on essesinden ýokary bolmadyk, edara görnüşli taraplardan alynýan sowgatlaryň bahasy. Görkezilen mukdardan artýan möçber umumy bellenilen tertipde girdejä goşulýar;

ä) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde alynýan, aşakdakylar bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri:

adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;

zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek, işsapar çykdajylarynyň öwezini dolmak, ýörite geýimleri, meýdan haklaryny bermek we ş.m;

başga ýere işe geçmek;

mugt ýaşaýyş jaýlaryny bermek we jemagat hyzmatlaryny etmek;

haryt görnüşinde berilmäge degişli pul üpjünçiliginiň tölegi we onuň ýerine tölenilýän pul möçberleri;

işgärleriň işden çykmagy. Görkezilen töleglere Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işgäre ol işden boşan mahaly tölenilýän tölegleriň ähli görnüşleri goşulýar;

beýleki çykdajylaryň öwezini dolmak.

Görkezilenler peýdalanylmadyk zähmet rugsady üçin öwezini doluş töleglerine degişli däldir;

f) ýokary okuw mekdeplerinde, ýörite orta hünärmentçilik mekdeplerinde okaýan talyplara, dini okuw mekdepleriniň diňleýjilerine şol okuw jaýlary tarapyndan bellenilýän, Türkmenistanyň Prezidenti, öz tertipnama laýyk işleriniň çäklerinde jemgyýetçilik birleşikleri we gaznalar, daşary ýurt döwletleri, halkara we döwletara (hökümetara) guramalary tarapyndan döredilýän we tölenilýän talyp haklary;

g) aliment görnüşinde gelýän serişdeler;

h) şikes almagy ýa-da saglygyna başga hili zeper etmegi sebäpli zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde, şeýle hem ekleýjisini ýitirmegi bilen baglanyşykly tölenilýän birwagtlaýyn hemaýat pullary;

i) gan tabşyrýandygy (donor kömegi) üçin tölenilýän hak;

j) telekeçilik işi netijesinde emläkleri ýerlemekden we paýnamalary, obligasiýalary, beýleki gymmatly kagyzlary, kärhana paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamakdan gelen serişdelerden başga, eýeçilik hukugy boýunça raýatlara (şahsy adamlara) degişli emläkleriň ýerlenilmeginden alnan serişdeler;

ž) edara görnüşli taraplaryň raýatlara edýän maddy kömekleriniň pul möçberi:

onuň möçberine garamazdan, tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly alynýan serişdeler;

başga ýagdaýlarda - salgyt döwrüniň dowamynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes iş hakynyň on essesinden ýokary bolmadyk möçberde;

k) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarda, milli howpsuzlyk edaralarynda we harby birikmelerde çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylaryň alýan pul üpjünçiliginiň möçberleri, pul sylaglary we beýleki tölegler;

l) aşakdakylary ýerlemekden alynýan girdejiler:

mellek ýerlerinde we şahsy kömekçi hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilen oba hojalyk önümleri (şol sanda gülçülik we bal arysyny saklamak) haryt we olaryň gaýtadan işlenen görnüşinde. Şunda mellek ýerleriniň we şahsy kömekçi hojalyklarynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň görkezilmegi hökmandyr;

haryt we gaýtadan işlenen görnüşde ýabany ösýän miweleri, hozlary we beýleki miweleri, kömelekleri,

tohumlary, derman ösümliklerini, aw önümlerini, ösdürip ýetişdirilýän we tutulýan balyklary ýerlemek;

m) mallary, tut ýüpek gurçuklaryny we ş.m. ösdürip ýetişdirmek we baga bakmak boýunça hyzmatlary etmekden gelen girdejiler;

n) şu aşakdakylar:

oba hojalygynda kärendeçiler tarapyndan içki hojalyk kärende şertnamalary esasyndaky işlerden alnan girdejiler, şeýle hem içki hojalyk kärende şertnamalary boýunça alnan oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerlemekden alnan girdejiler;

oba hojalyk kärhanalarynda hakyna tutma işgärler tarapyndan alnan girdejiler, dolandyryş edaralarynyň işgärleri (ýolbaşçylar, hünärmenler, gullukçylar) muňa girmeýär;

hususy eýeçilikdäki oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan, olaryň öndüren oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerlemekden alnan girdejileri;

ň) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, hususylaşdyrmakdan alynýan hususylaşdyrylan emlägiň bahasy;

o) raýatlaryň bank goýumlary, depozit güwänamalary boýunça göterimler;

ö) şahsy ýa-da toparlaýyn ýaryşlarda türgenleriň ýaryşyň resmi gurnaýjylaryndan alýan baýraklarynyň bahasy;

p) bäsleşiklerde we ýaryşlarda alnan baýraklaryň, şeýle hem salgyt döwründe Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes iş hakynyň üç essesinden ýokary bolmadyk islendik utuşlaryň bahasy;

r) Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça berilýän pul we zat baýraklary, sowgatlary we sylaglary;

s) Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň daşary ýurda iberilen işgärleriniň zähmetine tölenilýän haklaryň möçberi we olaryň daşary ýurt pulunda alýan beýleki pul möçberleri;

ş) edara görnüşli taraplaryň öz işgärlerine ýa-da olaryň deregine, çagalar we ýetginjekler üçin çagalar hem-de beýleki sagaldyş edaralaryna ýollamanamalarynyň bahasynyň, doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak tertibinde tölenilen pul möçberleri, şeýle hem öz işgärleriniň gündizine ýa-da ýatymlaýyn alýan saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bahasy; Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň serişdeleriniň hasabyna doly ýa-da bölekleýin tölenilýän maddy kömek, ýollamanamalaryň we sowgatlaryň bahasy;

t) Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda maşgala agzalary we (ýa-da) golaý garyndaşlary diýlip ykrar edilýän raýatlaryň emläk we emläk däl gatnaşyklary bilen baglanyşykly amallardan girdejileri, görkezilen raýatlaryň raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary ýa-da zähmet şertnamalaryny (ylalaşyklary) baglaşmagy netijesinde alan girdejileri muňa degişli däldir;

u) Türkmenistanyň Prezidentiniň aýratyn çözgütlerine laýyklykda, raýatlaryň ýeňillikli bahalardan ýa-da olaryň bahasy tölenilmezden emläkleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alan maddy girdejisi;

ü) grantlar görnüşinde alnan serişdeler;

w) sirk hyzmatlaryny amala aşyrýan şahslaryň zähmet haky (şol sanda daşary ýurt raýatlarynyň alýan girdejileri).

2. Şu aşakdakylara girdeji hökmünde seredilmeýär:

karz serişdeleriň islendik möçberleri;

salgyt töleýjiniň eýeçiligindäki we ygtyýaryndaky nagt we nagt däl daşary ýurt pulunyň hümmetiniň oňyn tapawudy (hususy telekeçileriň kassasynda we bank hasaplarynda duran we telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanýan daşary ýurt pulundan başgasy);

edara görnüşli tarap gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda, onuň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde ýa-da ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda gatnaşyjynyň (paýdaryņ paýçynyň ) alan serişdesi;

gymmat bahaly kagyzlaryň gymmaty üýtgän ýagdaýynda emele gelen oňyn tapawut;

şu Bitewi kanunyň 49-njy maddasynyň 4-nji bölüminiň talaplaryna laýyklykda alnan göterimler;

borçnamalary üpjün etmek üçin girew ýa-da ujundan geçirme hökmünde alynýan emläkler;

3. Şu aşakdakylara telekeçilik işinden alnan girdeji hökmünde seredilmeýär:

şereketden çykanda ýa-da ýapylýan şereketiň emläkleri onuň gatnaşyjylarynyň arasynda paýlananda, bilelikde işlemek barada şertnamanyň (şereketiň) gatnaşyjysynyň ilkibaşdaky gatanjynyň çäginde alan serişdesi;

toparyň şertnamasy boýunça komissioner tarapyndan alnan, şeýle hem komissioneriň komitentiň ýerine eden harajatlarynyň öwezini dolmak üçin baglaşylan şertnamanyň şertlerine laýyklykda, bu harajatlar komissioneriň çykdajylaryna goşulmaga degişli däl ýagdaýynda, alan emlägi. Bu tabşyryk şertnamalaryna ýa-

da şuňa meňzeş beýleki şertnamalara hem degişlidir.

4. Daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryndan, konsullyk edaralaryndan we halkara, döwletara (hökümetara) guramalaryndan, daşary ýurt raýatlarynyň, şeýle hem Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň alýan girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir.

Şunuň ýaly wekilçilikleriň (edaralaryň we guramalaryň) işgärleriniň öý hyzmatkärleri, eger olar Türkmenistanyň raýatlary däl bolsalar ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan bolsalar, olaryň öý hyzmatkärleri hökmünde alýan iş haklary salgyt salmakdan boşadylýar.

5. Şu aşakdakylaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir

“Ruhnama” ordeni bilen sylaglanan adamlar;

Türkmenistanyň Gahrymanlary;

Türkmenistanyň “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Bitewi kanunyna laýyklykda weteranlar derejesine degişli edilen adamlar;

söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar;

çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplary.

“Edermenlik” medaly bilen sylaglanan adamlar üçin hasaplanan salgydyň möçberi, olaryň alýan ähli girdejileri boýunça 50 göterim azaldylýar.

Şeýle boşatmalary (ýeňillikler) ulanmaga hukuklary tassyklamak adamlaryň bellenen tertipde resminamalary (olaryň nusgalaryny) görkezmekleri esasynda amala aşyrylýar.

6. Daşary ýurduň döwlet gullugynda duran raýatyň hakyna tutma işden alan girdejisi, oňa şol döwletde salgyt salynmaga degişli bolsą salgyt salynmaga degişli däldir.

(2007-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky, 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007-nji ýyl, № 2, 48 -nji madda; “Türkmenistan”, № 247-248 (26237), 2010-njy ýylyň 4-nji oktýabry)

## 188-nji madda. Jemi girdejiden aýyrmalar

1. Şu Bitewi kanunyň 185-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda salgyt binýadynyň möçberi kesgitlenende salgyt töleýjiniň salgyt döwrüniň her aýynda aşakdaky salgyt aýyrmalaryna hukugy bardyr:

a) islendik şahsy tarap - Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde;

b) adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki tebigy hadysalar) netijesinde, şeýle hem bu hadysalaryň öňüni almaklyga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap -Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň 4 essesi möçberinde;

ç) şu Bitewi kanunyň 187-nji maddasynyň 5-nji bölüminde we şu maddanyň 1-nji bölüminiň “b” bölümçesinde görkezilmedik maýyplar - Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň 2 essesi möçberinde;

d) garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap -Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň 1 essesi möçberinde, her bir eklenip bilmeýän adam üçin. Görkezilen salgyt aýyrmasy ýanýoldaşlara ýa-da maşgalanyň eklenip bilmeýänleri saklaýan başga bir agzasyna hem degişlidir.

Salgyt töleýji üçin eklençdäki adam diýip, onuň doly eklenjinde bolan ýa-da ondan hemaýat alýan, bu kömek onuň ýaşaýşynyň hemişelik we esasy çeşmesi bolup durýan maşgala agzasy ykrar edilýär.

Eklençdäki adama, hususan-da, şular degişli edilýär:

salgyt töleýjiniň olary saklamak üçin aliment töleýän ýa-da aliment alýan şahsy taraplary;

döwletiň olary saklamak üçin raýatlara hemaýat puly tölenýän çagalar;

çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alman zähmet rugsadynda bolýan aýallar;

çaga seretmek boýunça döwletiň hemaýat puluny alýan şahsy tarap, eger olarda başga özbaşdak girdeji çeşmesi bolmadyk ýagdaýynda.

Eklençdäki adama aşakdakylar degişli edilmeýär:

talyp hakyny we pensiýa alýan adamlar, şeýle hem döwletiň eklenjinde bolýan beýleki adamlar;

çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alyp zähmet rugsadynda bolýan aýallar.

Eklençdäki adamyň ony saklaýan salgyt töleýji bilen bile ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna garamazdan, salgyt aýyrmalary berilýär;

e) Türkmenistany goran mahaly, şeýle hem Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa -da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe

ýaralanana, seňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan ýa-da söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we adamsy (aýaly) üçin - Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üç essesi möçberinde.

Salgyt töleýji şu bölümin “b” - “e” bölümçelerinde görkezilenler babatynda birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasy ulanylýar.

2. Salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we (ýa-da) saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr.

3. Salgyt töleýjiler şu maddada göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalaryny, bu aýyrmalaryň esasy iş ýeri boýunça iş beriji tarapyndan geçirilýän halatyndan başga ýagdaýlarda, özbaşdak amala aşyrýarlar we salgyt beýannamalarynda görkezýärler.

4. Şu maddanyň 1-nji bölüminde bellenen salgyt aýyrmalary tassyklanan tertipde berlen, bu salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalaryň (olaryň nusgalarynyň ) esasynda amala aşyrylýar.

5. Salgyt möhletiniň dowamynda salgyt töleýjä salgyt aýyrmasy berilmedik ýa-da şu maddada göz öňünde tutulan möçberden az berlen bolsa, onda salgyt möhletiniň tamamlanmagy bilen salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyna goşulan arzasynyň we şeýle salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalar esasynda, salgyt gullugy şu maddada göz öňünde tutulan möçberde salgyt aýyrmasyny bermek bilen salgyt binýadyny gaýtadan hasaplamagy geçirýär.

Haçan-da salgyt töleýji tarapyndan aýyrmalara hukugy tassyklaýan resminamalaryň (olaryň göçürme nusgalarynyň) berilmändiginiň ýa-da wagtynda berilmändiginiň netijesinde, şeýle aýyrmalar salgyt ýumuşçysy tarapyndan berilmedik ýa-da az möçberde berlen bolsa, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt özeni gaýtadan hasaplanylýar. Gaýtadan hasaplamak şu Bitewi kanunyň 195-nji maddasynyň sekizinji bölegi bilen bellenilen möhletlerde geçirilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**189-njy madda. Telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt we beýleki aýyrmalar**

1. Şu Bitewi kanunyň 185-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda salgyt binýady hasaplananda, salgyt töleýjileriň aşakdaky toparlary görkezilen salgyt aýyrmalaryna hukugy bardyr:

a) hususy telekeçiler - girdejiden çykarmak bilen baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

Görkezilen çykdajylar şu Bitewi kanunyň 154-169-njy maddalaryna laýyklykda edara görnüşli taraplar üçin bellenen tertipde, eger bu maddalarda başga tertip bellenmedik bolsa, aýrylmaga kabul edilýär. Şunuň ýaly tertip satuw bilen bagly bolmadyk çykdajylar (ýitgiler) babatynda hem ulanylýar;

b) raýat-hukuk häsiýetli (şol sanda hünär hyzmatlary) şertnamalary boýunça ýerine ýetirilen işlerden (edilen hyzmatlardan) girdeji alýan salgyt töleýjiler - şu işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary etmek) bilen gönüden-göni baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde;

ç) awtorlyk hakyny ýa-da ylym, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga bir görnüşde ulanandygy üçin, açyşlar, oýlap tapyşlar we senagat nusgalary üçin hak alýan salgyt töleýjiler - şu işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary etmek) bilen gönüden-göni baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde;

d) gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallardan we kärhana paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamakdan girdejileri alýan salgyt töleýjiler - gymmatly kagyzlary we kärhana paýly gatnaşmak hukugyny satyn almak we satmak bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan, hakykatda harçlanylan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

Bu çykdajylary resminamalar bilen delillendirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, salgyt aýyrmalary aşakdaky möçberlerde kabul edilýär:

| | **Harajatlaryň ölçegi (girdejä göterim gatnaşygynda)** |
|---|---|

| | |
|---|---|
| Edebi eserleri döretmek, şol sanda teatr, kino, estrada we sirk üçin | 20 |
| Çeper-grafiki eserleri, çap üçin suratçylyk işleri, binagärlik we dizaýn eserlerini döretmek | 30 |
| Heýkeltaraşlyk eserlerini, ýadygärlik-bezeg suratlaryny, monumental-bezeg, bezeg-amaly sungatyny, gurluşly suratlary, dürli tehnikalarda ýerine ýetirilen teatr we kino sungatyny we şekillendirişi döretmek | 40 |
| Sesýazgy (wideo, tele, kinofilm) eserlerini döretmek | 30 |
| Saz eserlerini döretmek:<br>Saz-sahna (opera, balet, sazly komediýa ) eserleri, simfoniýa , hor, kamera-saz eserleri̦ üflenip çalynýan orkestr üçin eserleri, kino, tele we wideofilmler hem-de teatr sahnalary üçin asyl nusgada sazlar; | 40 |
| beýleki saz eserleri, şol sanda çap etmeklige taýýarlanan saz eserlerini döretmek | 25 |
| Edebiýat we sungat eserlerini ýerine ýetirmek | 20 |
| Ylmy işleri we işläp taýýarlamalary döretmek | 20 |
| Açyşlar, oýlap tapyşlar we senagat nusgalyklaryny döretmek (ilkinji 2 ýylda ulanylmagy üçin alnan girdejä) | 30 |

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň “b” we “ç” bölümçelerinde görkezilen, salgyt töleýjileriň salgyt salynmaga degişli girdejisini kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan salgyt aýyrmalary hökmünde şu Bitewi kanunyň 155-nji maddasynda görkezilen, goşulan baha üçin salgydy hasaba almak bilen işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek bilen baglanyşykly maddy çykdajylar hasaba alynýar.

3. Salgyt binýady hasaplananda resminamalar bilen delillendirilen çykdajylar şol birwagtda bellenen ölçegiň çägindäki çykdajylar bilen göz öňünde tutulyp bilinmez.

4. Şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen salgyt töleýjilere salgyt aýyrmalary şu Bitewi kanunyň 197-nji maddasyna laýyklykda berilýän salgyt beýannamasy esasynda berilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 190-njy madda. Girdejiniň hakyky alnan senesi

1. Girdejiniň hakyky alnan senesi şeýle hasaplanýar:

nagt pul serişdeleriniň alnan, salgyt töleýjiniň bankdaky hasabyna puluň geçirilen ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarap tarapyndan pul serişdeleriniň geçirilen güni;

tölegiň zat görnüşinde alnan, şol sanda haryt (iş, hyzmat) görnüşinde alnan güni;

borçnamanyň tamamlanan, şol sanda özara talaplary hasaplaşmak arkaly tamamlanan güni;

maddy peýdanyň we durmuş eşretleriniň alnan güni (harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), beýleki emlägiň satyn alnan, göterimleriň tölenen, borçnamanyň we ş.m. tamamlanan güni).

2. Telekeçilik işini amala aşyrmakdan girdejileriň hakyky alnan senesi şu Bitewi kanunyň 168-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýär.

## 191-nji madda. Salgyt we hasabat döwri

Salgyt döwri diýlip, salgyt ýyly ykrar edilýär.

Hasabat döwri girdejileriň aýry-aýry görnüşleri boýunça, salgyt ýylynyň dowamynda beýannama bermek talap edilen halatyndą birinji ýarym ýyl we salgyt ýyly hökmünde bellenýär.

## 192-nji madda. Salgyt möçberi

1. Şu Bitewi kanunda başgaça bellenilmedik bolsa, salgyt möçberi 10 göterim derejede bellenýär.

2. Şahsy taraplaryň humarly oýun işinden alýan girdejileri şu Bitewi kanunyň 172-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda bellenen möçberler boýunça salgyt salynmaga degişlidir.

**193-nji madda. Salgydy hasaplamagyň tertibi**

1. Şu Bitewi kanunyň 185-nji maddasynyň 3-nji bölüminde bellenen salgyt özeni babatyndaky salgydyň möçberi, şu salgyt özeniniň möçberini Bitewi kanunyň 192-nji maddasynyň 1-nji bölüminde bellenen salgyt möçberine köpeltmek arkaly hasaplanýar.

Şu Bitewi kanunyň 185-nji maddasynyň 6-njy bölüminde bellenilen salgyt özeni babatyndaky salgydyň möçberi, şu Bitewi kanunyň 174-nji maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda hasaplanýar.

2. Salgydyň umumy möçberi şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberiniň goşulmasy netijesinde alnan möçberdir.

3. Salgydyň umumy möçberi hasabat (salgyt) döwrüniň jemleri boýunça salgyt töleýjileriň ähli girdejilerinden (degişli salgyt (hasabat) döwrüniň içinde alnan) hasaplanyp çykarylýar.

4. Salgydyň möçberi manatda kesgitlenilýär. Salgydyň 50 teňňeden az möçberi hasaplanmaýar, 50 teňňe we ondan hem ýokary bolsa doly manada çenli köpeldilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**194-nji madda. Salgyt töleýjileräi aýry-aýry toparlary tarapyndan salgydyň hasaplanylyşy we tölenilişi**

Öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde taraplaryňkyda hakyna işleýän şahsy adamlaryň alýan girdejisine salgydy hasaplap çykarmak we tölemek şu Kanunyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**195-nji madda. Salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgydyň hasaplanyp çykarylmagy we tölenilmegi**

1. Şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilen taraplar, şu taraplardan ýa-da olar bilen bolan gatnaşyklar netijesinde girdeji alan salgyt töleýji şu maddada göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen şu Bitewi kanunyň 193-nji maddasyna laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberini hasaplap çykarmaga, salgyt töleýjiden tutup almaga we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemäge borçludyr.

2. Salgyt ýumuşçysy diýlip şu Bitewi kanunyň 184-nji maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen tölegleri göni töleýän taraplar ykrar edilýär:

Türkmenistanyň dahyllylary - edara görnüşli taraplar;

Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilhanasynyň, şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň üstünden amala aşyrýan, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar;

hususy telekeçiler.

Aklawjylaryň girdejileriniň salgydy aklawjylaryň geňeşligi (olaryň edarasy) tarapyndan hasaplanyp çykarylýar, tutup alynýar we tölenýär.

Şu madda laýyklykda salgydy hasaplap çykarmak we tölemek salgyt töleýjiniň salgyt ýumuşçysy tarapyndan tölenýän ähli girdejilerinden geçirilýär, muňa hususy telekeçilere tölenýän girdejiler girmeýär.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň pul möçberini hasaplamak, salgyt ýumuşçylary tarapyndan, salgyt döwründen başlap, her bir aýyň jemi boýunça ösýän jemler bilen, şol girdejilere degişli şu Bitewi kanunyň 192-nji maddasynyň 1-nji bölüminde bellenen salgyt möçberleri ulanylýan, şu salgyt döwrüniň geçen aýlarynda tutulan salgydyň pul möçberlerini hasap etmek bilen, şu döwürde salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjä hasaplanyp ýazylan ähli girdejiler babatynda geçirilýär.

Şunda salgyt ýumuşçysy tarapyndan girdejiniň möçberi şu Bitewi kanunyň 188-nji we 189-njy maddalarynda göz öňünde tutulan aýyrmalaryň möçberine azaldylmazdan salgydyň möçberi hasaplanyp çykarylýar. Görkezilenler esasy iş ýerinde zähmet ylalaşygy boýunça ýerine ýetiren, şu Bitewi kanunyň 188-nji maddasynda göz öňünde tutulan aýyrmalar berilýän işi üçin tölenilýän haka degişli däldir. Bu aýyrmalar

salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň işiniň birinji doly bolmadyk aýy üçin haklaryň tölenmegine degişli ulanylmaýar.

4. Salgyt töleýjiden hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberiniň tutulyp galmak salgyt ýumuşçysy tarapyndan, salgyt töleýjä ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarapa tölenmäge degişli pul serişdeleriniň hasabyna her gezek töleg tölenende geçirilýär.

5. Salgyt ýumuşçylary hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan pul möçberlerini ol nagt pul serişdeleriniň bankdan hakyky alnan gününden gijä galman, girdeji üçin tölemäge geçirmäge borçludyrlar, şeýle hem salgyt ýumuşçylarynyň bankdaky hasabyndan salgyt töleýjiniň hasabyna şol gün girdeji üçin geçirilmelidir ýa-da salgyt töleýjiniň ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarapyň hasabyna geçirilmelidir.

Salgyt ýumuşçylary beýleki halatlarda hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň möçberlerini salgyt töleýjiniň girdejini hakyky alan gününden soňky günden gijä galman geçirýärler, bu salgyt töleýji girdejini önüm görnüşinde alanda geçirilýär.

6. Salgyt ýumuşçynyň salgyt töleýjiden hasaplap çykarylan we tutulyp alnan, salgydyň jemi möçberi salgyt ýumuşçysynyň hasaba duran ýerindäki salgyt gullugynda tölenýär.

Edara görnüşli taraplaryň aýrybaşgalanan bölümleriniň öz ýerleşýän ýeri boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemäge degişli salgydyň möçberi şu bölümleriň işgärlerine hasaplanyp çykarylan we tölenilýän, salgyt salynmaga degişli bolan girdejiniň möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

7. Salgyt ýumuşçylary salgyt töleýjilere olaryň arzalaryna görä, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň tassyklan görnüşi boýunça olaryň alan girdejileri we tutulyp alnan salgydyň möçberleri barada güwänamalary berýärler.

8. Salgyt töleýjiniň girdejisinden artykmaç tutulyp alnan salgydyň möçberi şol sanda şu Bitewi kanunyň 188-nji maddasynyň bäşinji böleginde görkezilen halatlarda salgyt töleýjiniň degişli arzasynyň berlen gününden otuz günden gijä galman salgyt ýumuşçysy tarapyndan yzyna gaýtarylmalydyr.

Şeýle adamlardan tutulyp alynmadyk ýa-da salgyt ýumuşçylary tarapyndan doly tutulyp alynmadyk salgydyň möçberi şol adamlardan salgyt boýunça bergisini doly üzýänçä, şu Bitewi kanunyň 46-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde, töletdirilýär.

9. Salgyt ýumuşçylary geçen aýdan soňky aýyň 25-nden gijä galman, salgyt hasabyna duran ýerlerindäki salgyt gullugy edaralaryna salgyt töleýjiler tarapyndan tölenýän we olardan tutulyp alnan pul möçberleri barada Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanan görnüş boýunça maglumat berýärler.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

**196-njy madda. Salgyt töleýjiler tarapyndan salgydyň hasaplanylyşy we tölenilişi**

1. Salgydy hasaplap çykarmagy we tölemegi aşakdaky salgyt töleýjiler özbaşdak alyp barýarlar:

a) hakyna tutma şertnamasy ýa-da islendik emlägi kärendä bermek şertnamasy boýunça girdejileri goşmak bilen raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar esasynda, salgyt ýumuşçylary bolmadyk şahsy taraplardan hak alýanlar;

b) Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistanyň dahyllylary;

ç) raýat-hukuk ylalaşyklary boýunça girdeji alýan hususy telekeçiler we şahsy taraplar (şol sanda hünär hyzmatlaryndan), şu girdejiler alnanda salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgyt tutulmaly däldir;

d) salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgyt tutulmadyk girdejiler alýanlar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen salgyt töleýjiler Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň pul möçberini şu Bitewi kanunyň 193-nji maddasynda bellenen tertipde hasaplaýarlar.

Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberi salgyt töleýji tarapyndan, salgyt töleýjä girdeji tölenende salgyt ýumuşçysy tarapyndan tutulan salgydyň pul möçberini hasaba almak bilen hasaplanýar.

3. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy möçberi hasabat döwründen soňky ikinji aýyň 10-ndan gijä galman, daşary ýurt raýatlary tarapyndan bolsa, geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň Gurbansoltan aýynyň 15-nden gijä galman tölenýär.

### 197-nji madda. Salgyt beýannamasy

1. Şu Bitewi kanunyň 196-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen salgyt töleýjiler tarapyndan (daşary ýurt raýatlaryndan başga) salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna goýlan ýerinde salgyt gullugyna berilýär. Daşary ýurt raýatlary salgyt beýannamasyny geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň Gurbansoltan aýynyň 1-nden gijä galman berýärler.

Salgyt beýannamasyny bermek borjy ýüklenmedik şahsy taraplar salgyt döwrüniň tamamlanmagy bilen tutuş salgyt döwri üçin salgydyň pul möçberlerini gaýtadan hasaplamak üçin, girdeji salgydy baradaky beýannamany öz ýaşaýan ýerindäki salgyt gullugyna bermäge haky bardyr.

2. Salgyt ýylynyň dowamynda daşary ýurtly şahsy tarap, şu bitewi kanunyň 196-njy maddasyna laýyklykda ondan alynýan girdejilere salgyt salynmaga degişli işini togtadan we Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykyp giden mahalynda, Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda häzirki hasabat (salgyt) döwründe hakykatdan hem alan girdejileri baradaky salgyt beýannamasy Türkmenistanyň çäginden daşary çykyp gitmeginden bir aýdan gijä galman berilmelidir.

Salgyt beýannamasy boýunça goşmaça hasaplanyp çykarylan salgydyň tölenilmegi şu bölümde beýannamany bermegiň tertibinde, şeýle beýannamanyň berlen pursadyndan on bäş günden gijä galman berjaý edilýär.

3. Salgyt töleýjiler salgyt beýannamalarynda hasabat (salgyt) döwründe özleriniň alan girdejileri, olaryň gelen çeşmeleri, salgyt aýyrmalary, salgyt ýumuşçylary tarapyndan tutulan salgydyň möçberleri, hasabat (salgyt) döwrüniň dowamynda hakujy hökmünde tölenen tölegleriň hakyky möçberi, hasabat (salgyt) döwri boýunça tölemäge (goşmaça tölemäge) ýa-da yzyna gaýtarylmaga degişli salgyt möçberlerini görkezýärler.

### 198-nji madda. Iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak

1. Beýleki döwletleriň salgyt boýunça kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen girdeji salgydynyň möçberi şahsy taraplar Türkmenistanda girdeji salgydyny töleýän wagtynda hasaba alynýar.

Hasaplaşylýan salgydyň möçberi Türkmenistanyň çäklerinden daşarda alnan girdeji boýunça şu Bitewi kanuna laýyklykda hasaplanyp çykarylan girdeji salgydynyň möçberinden köp bolmaly däldir.

Hasaplaşylmaga degişli daşary ýurt döwletleriniň salgyt ýa-da gaýry ygtyýarly edarasynyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigini tassyklaýan resminamalary esas bolýar.

Görkezilenler iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýjä gaýtarylyp bilinmejek şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberine degişlidir.

2. Salgyt tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňillikleri bermek üçin Türkmenistanyň dahylsyzy bolan salgyt töleýji arza şeýle hem Türkmenistan bilen degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän, iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak barada şertnama (ylalaşyk) baglaşylan ýurduň dahyllysydygy barada resmi tassyknamany Türkmenistanyň salgyt gullugyna bermelidir.

Bu tassyknama we arza salgydyň tölenmegine ýa-da salgyt boýunça hakujy tölegi hökmünde tölenilmegine çenli hem, şol salgyt döwrüniň jemleri boýunça bu döwür tamamlanandan soň üç ýylyň dowamynda salgyt tölemekden boşatmak ýa-da ýeňillikler almak üçin talapkär töleýji tarapyndan berilýär.

Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenitanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde bellenilýär. Bellenilen görnüş boýunça düzülmedik arza, ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy salgyt gullugyna şeýle arza seretmekden boýun gaçyrmaga esas bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

### 199-njy madda. Türkmenistanda tölenilen girdeji salgydynyň möçberi hakynda tassyknama

Salgyt gullugy Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan salgyt töleýjileriň haýyş hatlary boýunça özleriniň Türkmenistanda girdeji salgydyny hakykatdan hem töländiklerini tassyklaýan Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenen görnüşdäki resminamany bermäge borçludyr.

**200-nji madda. Hususy telekeçileriň girdejilerine salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy**

1. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýän işleriň sanawy boýunça telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmakdan girdeji alýan hususy telekeçilere degişlidir.

2. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy girdeji salgydynyň bellenen ululygyny (bellenen patent tölegi), şeýle-de telekeçilik işlerinden umumy girdejiden (goşmaça patent tölegi) hasaplanyp çykarylýan salgydy, şu Bitewi kanunyň 188-nji we 189-njy maddalarynda bellenen aýyrmalaryň möçberini azaltmazdan göz öňünde tutýar. Şunda 187-nji maddanyň 5-nji bölüminde bellenen ýeňillikler ulanylmaýar.

3. Girdeji salgydynyň bellenen ululygy (bellenen patent tölegi) telekeçilik işleriniň her bir görnüşi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Telekeçilik işleriniň birnäçe görnüşleri amala aşyrylanda bellenen patent töleginiň iň ulusy tölenýär.

Bellenen patent tölegi salgyt töleýjiniň telekeçilik işlerini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka tölenýär. Bu döwür üç aýdan az bolmaly däldir.

Salgyt töleýjiniň amala aşyrýan işini wagtlaýynça duruzmagy şu döwür üçin bellenilen patent tölegini tölemek boýunça borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň aradan aýyrylmagyna, bellenilen patent tölegi tölenilen döwürde bolsa - onuň möçberiniň üýtgetmegine getirmeýär.

Kesgitlenen patent töleginiň hasaplanan möçberi şu ýagdaýlarda üýtgedilip bilner;

salgyt töleýji tarapyndan görkezilen döwürde işiň kesgitlenen patent töleginiň has ýokary derejesi bellenen görnüşi amala aşyrylanda;

salgyt töleýji tarapyndan hususy telekeçi hökmündäki iş bes edilende.

Bellenilen patent tölegi salgyt töleýji aradan çykan halatynda onuň hukuk oruntutaryna gaýtarylyp berlip ýa-da salgytlar, şeýle hem maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri üzmegiň hasabyna hasaplanylyp bilner. Görkezilenler artyk tölenilen goşmaça patent tölegine hem degişlidir.

Kesgitlenen patent tölegini gaýtadan hasaplamak degişlilikde, işiň täze görnüşini amala aşyrmak başlanmazdan ýa-da işiň bes edilmezinden öň salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna berilýän arzasynyň esasynda geçirilýär.

Salgyt töleýjiniň hasaba duran ýerindäki salgyt gullugy salgyt töleýjä Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenen nusga boýunça bellenen patent tölegini töländigine şaýatlyk edýän resminama (patent) berýär. Patent salgyt töleýjiniň telekeçilik işlerini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka berilýär (uzaldylýar).

Patent salgyt töleýjiniň telekeçilik işini amala aşyrmagy maksat edinýän döwrüniň başlanmagyna çenli on günden giç bolmadyk möhletde salgyt babatda hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna onuň berýän arzasy esasynda berilýär (uzaldylýar).

Bu möhleti bozmak bilen patentiň güýjüni uzaltmak (täzesini bermek) üçin salgyt töleýji salgyt gullugynyň edarasyna ýüz tutan halatynda, bar bolan (ýa-da öň berlen) patentde görkezilen döwrüň tamamlanýan möhletinden soňky seneden başlap patentiň güýji uzaldylmalydyr (täzesi berilmelidir). Şunda bellenilen patent töleginiň wagtynda tölenilmezligi şu Bitewi kanunyň 70-nji maddasyna laýyklykda puşmana töleginiň ulanylmagyna getirýär.

4. Goşmaça patent tölegi şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen telekeçilik işleriniň görnüşlerinden alynýan harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemegi öz içine alýan umumy girdejiniň jeminden, şeýle-de şu maddanyň 5-nji we 6-njy bölümlerinde bellenen daşarky amallardan alnan aýry-aýry girdejileri we çykdajylary (yitgileri) hem goşmak bilen hasaplanýar.

Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejini kesgitlemek maksady üçin şu Bitewi kanunyň 186-njy maddasynyň we 187-nji maddanyň ikinji we üçünji bölekleriniň düzgünleri ulanylýar.

Goşmaça patent tölegini hasaplamak üçin şu bölüme şu maddanyň 5-nji we 6-njy bölümlerine laýyklykda kesgitlenýän umumy girdeji salgyt özeni bolup durýar.

5. Hasaba alynýan ýerlemekden daşarky girdejilere şular degişlidir:

ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlyk öwezini dolmalar;

jerime we beýleki çäreler görnüşinde ylalaşyk borçlarynyň bozulandygy üçin alnan serişdeler, şeýle-de yitgileriň ýa-da zyýanyň öwezini dolmakdan alnan möçberler;

ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan möçberler;

talap möhletiniň geçendigi üçin ýa-da başga esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň pul möçberleri, şu Bitewi kanunyň 57-nji maddasyna laýyklykda salgytlar (jerimeler we puşmana tölegler) boýunça tölenjegine umyt bolmadyk möçberlerden başgasy;

daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň we talaplaryň bahasy gymmatladylanda ýa-da daşary ýurt pulunda görkezilen borçlar arzanlandylanda oňyn aratapawut;

hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri:

ulanmakdan çykarylýan esasy serişdeler ýok edilen halatynda ýa-da sökülende alnan materialyň ýa-da beýleki emläkleriň bahasy;

tükelleýiş netijesinde ýüze çykarylan haryt-material gymmatlyklaryň artygynyň bahasy;

gaýry ýerlemekden daşarky girdejiler.

6. Hasaba alynýan ýerlemekden daşarky çykdajylara (ýitgilere) şular degişlidir:

daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň we talaplaryň bahasy arzanladylanda ýa-da daşary ýurt pulunda görkezilen borçlar gymmatladylanda oňaýsyz hümmet tapawudy;

kazyýetde işlere seredilendigi üçin çykdajylar;

jerimeler, puşmana tölegleri we maliýe jerimeleriniň beýleki görnüşleri, Türkmenistanyň Döwlet býujetine ýa-da başga döwletiň býujetine tölenýänden, şeýle-de ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çykdajylardan başgasy;

talap möhletiniň geçendigi üçin ýa-da başga esaslar boýunça hasapdan öçürilen algylaryň jemi;

ozal hasapdan öçürilen bergileri üzülişmäge tölenen pul möçberleri;

hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň çykdajylary (ýitgileri);

tebigy betbagtçylykdan, ýangyndan, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşary hadysalardan çekilen ýitgiler, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşary hadysalardan çekilen ýitgileri aradan aýyrmak ýa-da düzetmek üçin çykdajylary hem goşmak bilen.

7. Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen ulgamy bellenen telekeçilik işinden alnan girdeji salgydynyň möçberi (goşmaça patent tölegi) umumy girdejiniň 2 göterimi möçberinde bellenilýär.

8. Hasabat (salgyt) döwri şu Bitewi kanunyň 191-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýär.

9. Hasabat (salgyt) döwri üçin goşmaça patent tölegi şu maddanyň 4-nji bölegine laýyklykda hasaplanýan salg)t özenini şu maddanyň 7-nji böleginde kesgitlenen salgyt möçberme köpeltmek arkaly kesgitlenýär.

10. Salgyt beýannamasy şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen salgyt töleýjiler tarapyndan, hasabat döwründen soňky ikinji aýyň 15- nden gijä galman salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna berilýär.

Salgyt beýannamasy esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemäge degişli goşmaça patent tölegi geçen hasabat döwründen soň gelýän ikinji aýyň 25-nden gijä galman tölenmelidir.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

## 7-nji bap. Ýerli ýygymlar

### 1-nji paragraf. Mahabatlandyrma üçin ýygym

#### 201-nji madda. Mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler

1. Täjirçilik häsiýeti bolan mahabatlandyrmany ýaýradýan şahsy we edara görnüşli taraplar mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

2. Öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar.

#### 202-nji madda. Mahabatlandyrma üçin ýygym salynýan binýat we şu ýygymy hasaplamagyň özeni

1. Töleýji tarapyndan özbaşdak ýa-da köpçülikleyin habar beriş serişdeleriniň we mahabatlandyrma

gulluklarynyň üstünden ýaýradylýan täjirçilik häsiýeti bolan mahabatlandyrma ýygym salynýan binýat bolup durýar.

Şu aşakdakylara mahabatlandyrma üçin ýygymy salmagyň binýady hökmünde seredilmeýär:

a) şahsy we edara görnüşli taraplaryň, şol sanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýaýradylýan, telekeçilik (täjirçilik) işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolmadyk bildirişleri habarnamalary ýa-da habarlary;

b) jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerine gönükdirilen mahabatlandyrma;

ç) jaýa girilýän ýerdäki, jaýyň içindäki ýa-da witrinalardaky mahabatlandyrma ýazgylary;

d) maýyplar guramalarynyň dikeldiş ýa-da durmuşy çäreleriniň mahabatlandyrmasy;

e) haýyr-sahawat çäreleriniň mahabatlandyrmasy.

2. Mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni baglanyşykly harajatlaryň jemi mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar.

Mahabatlandyrma üçin harajatlara şular degişlidir:

köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üstünden mahabatlandyrma çärelerini (şol sanda metbugatda bildirişleri bermek, radio we telewideniýe boýunça gepleşikleri guramak) geçirmek we telekommunikasiýa ulgamlary üçin çykdajylar;

mahabatlandyrma stendlerini we mahabatlandyrma şitlerini taýýarlamagy hem goşmak bilen yşykly we beýleki daşky mahabatlandyrma üçin çykdajylar;

sergilere, ýarmarkalara, ekspozisiýalara gatnaşmak, witrinalary, satuw sergilerini, nusgalyk otaglary, görkezilýän zallary bezemek, salgyt töleýji tarapyndan ýerine ýetirilýän işler we edilýän hyzmatlar we (ýa-da) salgyt töleýjiniň özi barada maglumat berýän mahabatlandyrma kitapçalaryny we kataloglary taýýarlamak görkezilýän wagtynda özüniň başky hilini doly ýa-da kem-käsleýin ýitiren harytlaryň bahasyny arzanlatmak üçin çykdajylar;

köpçülikleýin mahabatlandyrma çäreleri geçirilýän wagtynda ýaryşlaryň ýeňijilerine gowşurylýan baýraklary satyn almak (taýýarlamak) üçin çykdajylar, şeýle hem mahabatlandyrmanyň beýleki görnüşleri üçin çykdajylar.

Töleýjiler mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni baglanyşykly çykdajylaryň aýratyn hasabyny alyp barmalydyrlar.

3. Degişli salgyt (hasabat) döwri üçin ýygym özeni şol salgyt (hasabat) döwründe harçlanan we salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen şu Bitewi kanunyň 154-nji maddasynyň ikinji böleginiň “d” bölümine laýyklykda aýyrmalara degişli edilen mahabatlandyrma üçin harajatlaryň jemi hökmünde kesgitlenýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda)

## 203-nji madda. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberleri

Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi aşakdaky derejelerde bellenýär:

Aşgabat şäheri üçin - mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 5 göterimi;

welaýat merkezleri bolup durýan şäherler üçin - mahabatlandyrma üçin harajatlaryň 4 göterimi;

beýleki ilatly ýerler üçin - mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 3 göterimi.

## 204-nji madda. Salgyt we hasabat döwri

Mahabatlandyrma üçin ýygymyň salgyt we hasabat döwri kalendar çärýegine laýyklykda bellenýär.

## 205-nji madda. Mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamak

1. Mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamak töleýjiler tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

2. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň býujete tölenmeli pul möçberi şu Bitewi kanunyň 202-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýän özeniň şu Bitewi kanunyň 203-nji maddasynda bellenen ýygym möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

## 206-njy madda. Salgyt beýannamasyny bermek we mahabatlandyrma üçin ýygymy tölemek

1. Ýygymy töleýjiniň her biri her bir hasabat döwri üçin mahabatlandyrma ýygymy boýunça beýannamany bermäge borçludyr.

Geçen hasabat döwri üçin mahabatlandyrma ýygymy boýunça beýannama hasabat döwründen soňky aýyň 20-nden gijä galman berilýär.

2. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň tölegi salgyt töleýji tarapyndan hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman geçirilýär.

**2-nji paragraf. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym**

**207-nji madda. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler**

1. Şu aşakdakylar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler bolup durýarlar:

a) Türkmenistanyň dahyllylary bolan edara görnüşli taraplar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly, zähmet ylalaşygy (şertnama) we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar. Görkezilen edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýär;

b) edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden) (şol sanda hünär hyzmatlaryny etmekden) girdeji alýan, ylmy, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga hili peýdalanandygy üçin awtorlyk hakyny ýa-da hak alýan açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlaryna berilýän haky alýan, ylmy, döredijilik işi amala aşyrmakdan, beýleki zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden hak alýan Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar, şeýle hem özbaşdak oba hojalyk önümlerini öndürmekligi amala aşyrýan adamlar. Taraplaryň görkezilen toparyna daşary ýurtlarda ýa-da daşary ýurtlardan gelip hakyna tutma işden girdeji alýan şahsy taraplar hem degişlidir;

ç) şahsy taraplar - hususy telekeçiler;

d) edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilhanasynyň üstünden amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar.

2. Şu aşakdakylar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar:

öz işlerini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

Türkmenistanyň Merkezi banky;

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.

maýa goýum pensiýa gaznalary;

maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;

bilim edaralary;

maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;

dini guramalar;

halkara, hökümetara, döwletara guramalar.

(2007-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky, 1-nji oktýabryndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 2, 48-nji madda; № 4, 68-nji madda; 2009-njy ýyl, № 2, 41-nji madda)

**208-nji madda. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberleri**

Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada

gönükdirilen ýygym şu aşakdakylar babatynda bellenýär:

hususy telekeçiler bolup durýan şahsy taraplar üçin goşulan baha üçin salgydyň hasaplanyp ýazylan möçberine azaldylan, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan jemi girdejiniň 0,3 göterimi, emma aýda 2 manatdan az bolmaly däl. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan jemi girdeji şu Bitewi kanunyň 149-njy we 150-nji maddalaryna laýyklykda kesgitlenýär;

beýleki şahsy taraplar üçin - aýda 2 manat;

oba hojalyk kärhanalary üçin - şu Bitewi kanunyň II böleginiň 5-nji babyna laýyklykda peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň şu Bitewi kanunyň 170-nji maddasynyň birinji böleginde bellenilen ýeňillikleri hasaba almazdan pul möçberiniň 0,5 göterimi;

edara görnüşindäki beýleki taraplar üçin - şu Bitewi kanunyň II böleginiň 5-nji babyna laýyklykda peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň şu Bitewi kanunyň 170-nji maddasynyň birinji böleginde bellenilen ýeňillikleri hasaba almazdan pul möçberiniň 1 göterimi;

Şu maddanyň maksatlary üçin peýda kesgitlenende humarly oýun işinden alynýan girdejiler hem hasaba alynýar.

Salgyt we hasabat döwri diýlip salgyt ýyly ykrar edilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky, 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki we 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda; 2010 ý., № 2, 34-nji madda)

## 209-njy madda. Salgyt beýannamasyny bermek we şäherleriņ şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy tölemek

1. Şu Bitewi kanunyň 207-nji maddasynyň birinji böleginiň “ç” we “d” bölümlerinde görkezilen töleýjiler şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy özbaşdak hasaplaýarlar. Ýygymy tölemek töleýjiler (hususy telekeçiler muňa girmeýär) tarapyndan şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça hasabat döwri üçin beýannamany bermek boýunça bellenilen günden başlap bäş gün möhletde geçirilýär. Hususy telekeçiler üçin ýygymy tölemek geçen hasabat döwründen soň gelýän ikinji aýyň 25-inden giç bolmadyk möhletde geçirilýär.

Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça salgyt beýannamasy görkezilen taraplar tarapyndan bir ýyl boýunça maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde, hususy telekeçiler üçin bolsa - Tükmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýän görnüş boýunça hasabat döwründen soňky gelýän ikinji aýyň 15-inden gijä galman berilýär.

2. Şu Bitewi kanunyň 207-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň “a” bölümçesinde görkezilen şahsy taraplardan şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy hasaplamak, tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemek salgyt ýumuşçylarynyň üstüne ýüklenýär̦ olar ony hasaplaýarlar, tutup alýarlar we şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin bellenen möhletlerde töleýärler.

Salgyt ýumuşçylary şahsy tarap esasy iş ýerinden geçen aý üçin ýygymyň tölenendigi barada tassyknama berende ýygymy tutup galmaýarlar.

Salgyt ýumuşçylary geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 20-ne çenli özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen, şäherleri, şäherçeleri we oba ýerlerini abadanlaşdyrmak ýygymyň möçberi baradaky maglumatlary Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýän görnüş boýunça berýärler.

3. Şu Bitewi kanunyň 207-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň “b” bölümçesinde görkezilen şahsy taraplar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy özbaşdak hasaplaýarlar we şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin bellenen möhletlerde ýerli býujete töleýärler.

Görkezilen şahsy taraplar, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň salgyt döwründe salgyt ýumuşçylary tarapyndan tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenen aýlary üçin bu ýygymy tölemeýärler. Bu barada şahsy taraplar salgyt hasabynda duran ýerleri boýunça salgyt gullugyna ýazmaça habar bermeli we beýannamany bermek üçin

bellenilen möhletde salgyt ýumuşçylarynyň bu baradaky tassyknamasyny bermeli. Şular ýaly tassyknamanyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilýär.

(2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky we 2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**3-nji paragraf. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym**

**210-njy madda. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler**

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler diýlip, tölegli awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer bölekleri berkidilen şahsy taraplar - hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar ykrar edilýär. Munda şunuň ýaly taraplar ýygymy töleýjiler bolup durýarlar we awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer ülüşiniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt hasabyna durmaga borçludyrlar.

**211-nji madda. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym salynýan binýat we ýygymy hasaplamagyň özeni**

1. Töleýjä bölünip berlen we tölegli awtoduralga üçin niýetlenen ýer uçastogy ýygym salmak binýady bolup durýar.

Ýer bölegi awtoduralga hökmünde doly ýa-da bölekleýin peýdalanylyp ugran pursadyndan başlap, ýygym salynýan binýat bolup durýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen ýer böleginiň umumy meýdany ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar.

Birnäçe gaty bolan awtoduralgalar üçin her gatyň meýdany kabul edilýär.

**212-nji madda. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi**

Ýygymyň möçberi awtoduralganyň meýdanynyň bir inedördül metri üçin:

Aşgabat şäheri üçin - 1,5 manat derejede;

welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin - 1,2 manat derejede;

beýleki ilatly ýerler üçin - 0,9 manat derejede bellenýär.

(2010-njy ýylyň 10-nji maýyndaky - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda);

**213-nji madda. Salgyt we hasabat döwürleri**

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin ýygymyň salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine deň laýyklykda bellenilýär.

**214-nji madda. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamak**

1. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamak töleýjiler tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

2. Ýygymyň pul möçberi şu Bitewi kanunyň 211-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýän özeni şu Bitewi kanunyň 212-nji maddasynda bellenen ýygym möçberine köpeltmek arkaly kesgitlenýär.

Ýygymy hasaplamak üçin salgyt (hasabat) döwründe töleýjiniň awtoduralgany näçe wagtlap ulanmak boýunça öz işini amala aşyran möhletine garalmaýar.

(2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki - Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 41-nji madda)

**215-nji madda. Salgyt beýannamasyny bermek awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy tölemegiň möhleti**

1. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin beýannama töleýjiler tarapyndan awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýji hökmünde hasaba duran ýeri boýunça salgyt gullugyna her bir hasabat döwri tamamlanandan soň, hasabat döwründen soňky aýyň 20-nden gijä galman berilýär.

2. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň tölegi töleýjiler tarapyndan hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman geçirilýär.

### 4-nji paragraf. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym

### 216-njy madda. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy töleýjiler

1. Türkmenistanyň çäklerinde awtomobilleri ýerlemegi amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

2. Şu aşakdakylar awtomobilleri ýerlemekden alynýan ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar:

öz işlerini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

Türkmenistanyň Merkezi banky.

(2007-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 68-nji madda)

### 217-nji madda. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym salynýan binýat we ýygymy hasaplamagyň özeni

1. Awtomobilleriň (awtobuslaryň, pnewmatiki usulda ýöreýän ýük we ýeňil awtomobilleriň) ýerlenilmegi ýygym binýady bolup durýar.

2. Awtomobilleri ýerlemek düşünjesi kesgitlenende şu Bitewi kanunyň 97-nji maddasy ulanylýar.

3. Ýygym salynýan binýada aşakdakylar goşulmaýar:

Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat bitewi kanunyna laýyklykda, mirasdüşerler diýlip ykrar edilýän adamlara awtomobilleriň berilmegi;

edara görnüşli taraplar gaýtadan guralanda mirasdüşere (mirasdüşerlere) awtomobilleriň berilmegi;

döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça awtomobilleriň berilmegi;

awtomobilleriň ene-atasyna, ýanýoldaşyna, doganlaryna, aýal doganlaryna, ogullaryna, gyzlaryna, agtyklaryna, şeýle hem ýanýoldaşynyň ene-atasyna, doganlaryna, aýal doganlaryna we çagalaryna sowgat berilmegi;

awtomobilleriň býujetdäki edaralar tarapyndan ýerlenilmegi;

awtomobilleriň binýadynda gurnalan ýörite tehnikany - awtokranlary, göçme laboratoriýalary, tiz kömek maşynlaryny we ş.m. ýerlemek;

daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwerlik, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan awtomobilleriň ýerlenilmegi;

döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan awtomobilleriň girdeji almak maksatsyz ýerlenilmegi.

4. Aýry-aýry ýygym möçberi bellenen, ýerlenýän awtomobilleriň sany awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar.

(2007-nji ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 74 -nji madda)

### 218-nji madda. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň möçberi

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň az iş hakynyň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde bellenilýär:

ýük awtomobilleri üçin - 8 esse ululykda;

awtobuslar üçin - 5 esse ululykda;

ýeňil awtomobiller üçin - 6 esse ululykda.

(2007-nji ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 74 -nji madda)

**219-njy madda. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamak we tölemek**

1. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamak töleýjiler tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

2. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň pul möçberi şu Bitewi kanunyň 217-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenýän özeniň şu Bitewi kanunyň 218-nji maddasynda bellenen ýygym möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

3. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym awtomobilleri ýerlemek boýunça geleşik resmileşdirilýän pursadyna çenli tölenýär.

4. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň tölenendigi baradaky resminama, awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň dogry hasaplanandygyna we doly tölenendigine gözegçilik etmek borjy üstüne ýüklenen, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýa ýol gözegçiligi müdirligine awtomobiller hasapdan çykarylanda ýa-da bellige alnanda hökmany suratda berilýär.

(2007-nji ýylyň 23-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda -Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007- nji ýyl, № 4, 74 -nji madda)

**5-nji paragraf. Itleriň eýelerinden alynýan ýygym**

**220-nji madda. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler**

Şäherlerde ýaşaýan it eýeleri - şahsy taraplar itleriň eýelerinden, (gulluk itlerinden başga) alynýan ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

**221-nji madda. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi**

Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň bellenen möçberiniň 0, 4 derejesinde, kesgitli ululyk görnüşinde bellenýär.

**222-nji madda. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamak we tölemek**

Ýygymy almak ýaşaýyş jay-jemagat hojalygy edaralarynyň üstüne ýüklenýär. Itleri bolan raýatlar olary şol edaralarda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan bellenen tertipde we möhletlerde bellige aldyrmaga borçludyrlar.

**Türkmenistanyň
Halk Maslahatynyň Başlygy,
Türkmenistanyň Prezidenti
Saparmyrat Türkmenbaşy**

# Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary

**25 iýun 2009 ý.** **№ 10495** **Aşgabat ş.**

## Döwlet pajy hakynda

**(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2009 ý., № 6, 332-nji madda)**

Döwlet pajynyň möçberlerini mundan beýläk-de tertipleşdirmek maksady bilen, karar edýärin:

1. Döwlet pajynyň bellenen möçberlerini tassyklamaly (goşulýar).
2. Ygtyýarlylandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň aýratyn karary bilen düzgünleşdirilýär.
3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.
4. Şulary güýjüni ýitiren hasap etmeli:

“Döwlet pajy hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 28-nji iýulynda çykaran 3800-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň 1998-nji ýyldaky 7-nji ýygyndysynyň 7378-nji maddasy);

“Döwlet pajy hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 28-nji iýulynda çykaran 3800-nji kararyna goşmaçalary girizmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 24-nji awgustynda çykaran 3856-njy kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň 1998-nji ýyldaky 8-nji ýygyndysynyň 7436-njy maddasy).

5. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Adalat ministri M. Garryýew, Türkmenistanyň Maliýe ministri A. Goçyýew we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy O. Gurbannazarow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2009-njy ýylyň 25-nji iýunynda**
**çykaran 10495 karary bilen**
**tassyklandy**

**Döwlet pajynyň**
**MÖÇBERLERI**

| **№** | **Döwlet pajy alynýan hereketleriň we resmi namalaryň görnüşleri** | **Pajyň möçberi** |
|---|---|---|
| 1. | Kazyýete berilýän hak islegi arzalary, aýratyn önümçilikdäki işler boýunça arzalar (şikaýatlar), nägilelik şikaýatlar üçin, şeýle hem resmi namalaryň göçürme nusgalarynyň (öwezlikleriniň) kazyýet tarapyndan berilmegi üçin: | |
| a) | hak isleginiň bahasy aşakdaky görkezilen möçberde bolan mahaly hak islegi arzalary üçin: | |
| | Türkmenistan boýunça tassyklanan iň az iş hakynyň bir möçberine çenli, | hak isleginiň bahasynyň 5% |
| | Türkmenistan boýunça tassyklanan iň az iş hakynyň bir möçberi we şondan ýokary; | hak isleginiň bahasynyň 15% |
| b) | döwleti dolandyryş edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň raýatlaryň hukuklaryny kemsidýän, hukuga ters gelýän hereketleri baradaky şikaýatlar üçin; | 5%* |
| ç) | nikany bozmak hakyndaky hak islegi arzalary üçin; | 10%* |
| d) | gaýtadan baglaşylan nikany bozmak hakyndaky hak islegi arzalary üçin; | 15%* |
| e) | nikanyň bozulan mahaly emlägi bölmek hakyndaky hak islegi arzalary üçin; | pajyň möçberi şu bölümiň “a” kiçi bölümine laýyklykda kesgitlenýär |
| ä) | nam-nyşansyz giden, akyly üýtgeme ýa-da akyly kemlik zerarly kämillik ukyby ýok diýlip kanunda bellenen tertipde ykrar edilen adamlar ýa-da azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adamlar bilen nikany bozmak hakyndaky hak islegi arzalar üçin; | 1%* |
| f) | ýaşaýyş jaýlaryny kireýine almak şertnamasyny üýtgetmek ýa-da bozmak hakyndaky, mirasy kabul etmegiň möhletini uzaltmak hakyndaky, emlägi tussag etmekden boşatmak hakyndaky hak islegi arzalary üçin hem-de emläk häsiýetli bolmadyk beýleki ýa-da nyrh kesmäge degişli däl beýleki hak islegi arzalary üçin; | 5%* |
| g) | şertnama baglaşmagyň öň ýanyndaky jedeller boýunça hak islegi arzalary üçin; | 7%* |
| h) | aýratyn önümçilikdäki işler boýunça arzalar (şikaýatlar) üçin; | 5%* |
| i) | kazyýetiň çözgüdine nägilelik şikaýatlar üçin; | hak islegi arzalary ýa-da beýleki arzalar (şikaýatlar) berlen mahaly tölemäge degişli pajyň, emläk jedelleri boýunça bolsa, şu bölümiň “a” kiçi bölümine laýyklykda jedel edilýän möçberden hasaplanan pajyň 50% |

| | | |
|---|---|---|
| j) | kazyýet çözgütleriniň, hökümleriniň, kesgitlemeleriniň, beýleki kararlaryň göçürmeleriniň nusgalarynyň (öwezlik-leriniň), şeýle hem taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň haýyşy boýunça kazyýet tarapyndan işden berilýän beýleki resmi namalaryň göçürme nusgalarynyň (öwezlikleriniň) berilmegi üçin; | 10%* |
| ž) | awtorlyk hukugyndan, şeýle hem açyşa, oýlap tapyşa, rejelendirme teklibine we senagat nusgalaryna bolan hukukdan gelip çykýan talaplar hakyndaky işler boýunça hak islegi arzalary üçin. | 15%* |
| 2. | Şertnama baglaşmagyň öň ýanyndaky jedeller boýunça Araçy kazyýetine hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň kazyýetlerine berilýän hak islegi arzalary üçin, şeýle hem bu kazyýetleriň çözgütlerine täzeden garamak arzalar üçin: | |
| a) | emläk häsiýetindäki hak islegi arzalary üçin; | hak isleg bahasynyň 10%, ýöne azyndan 15%* |
| b) | emläk häsiýetli däl hak islegi arzalary üçin, şol sanda eýeçiligiň görnüşine garamazdan, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýokarda durýan edaralarynyň namalaryny doly hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky arzalar üçin; | 20%* |
| ç) | hojalyk şertnamalary baglaşylanda, üýtgedilende ýa-da bozulanda ýüze çykýan, şertnama baglaşmagyň öň ýanyndaky jedeller boýunça hak islegi arzalary üçin; | 40%* |
| d) | Araçy kazyýetiň hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň kazyýetleriniň çözgütlerine gaýtadan garamak hakyndaky arzalar üçin; | jedele birinji basgançakly kazyýetde garamak üçin, arza berlen mahaly tölemäge degişli möçberiň, emläk häsiýetli jedeller boýunça bolsa, şu bölümiň “a” kiçi bölümine laýyklykda jedel edilýän möçberden hasaplanan pajyň 50% |
| e) | Araçy kazyýetiň hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň kazyýetleriniň çözgütleriniň, kesgitlemeleriniň, beýleki kararlarynyň göçürme nusgalarynyň we taraplaryň hem-de işe gatnaşýan beýleki adamlaryň haýyşy boýunça işdäki beýleki resmi namalaryň şu kazyýetler tarapyndan berilýän göçürme nusgalarynyň berlendigi üçin. | 1%* |
| 3. | Kepillendiriş hereketleri etmäge ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň kepillendiriş hereketleri amala aşyrandygy üçin, şeýle hem olaryň resmi namalaryň taslamalaryny düzendigi, kepillendiriş taýdan güwä geçilen resmi namalaryň nusgalarynyň (öwezlikleriniň) berlendigi we tehniki işleriň ýerine ýetirilendigi üçin: | |
| a) | şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek we hususy ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin raýatlara mellek ýerleriniň berilmegi bilen baglanyşykly şertnamalara güwä geçilendigi üçin; | şertnamanyň bahasynyň 3%-i, ýöne azyndan 20%* |

| | | |
|---|---|---|
| b) | ýaşaýyş jaýlaryny, öýleri, beýleki jaýlary, desgalary, gurluşyklary, beýleki gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamagyň hem-de satyn almagyň şertnamalaryna güwä geçilendigi üçin: çagalara, är-aýala, ata-enä, doganlaryna, uýalaryna, agtyklaryna, atalaryna (babalaryna), enelerine (mamalaryna), | şertnamanyň bahasynyň 3%-i, ýöne azyndan 20%* |
| | beýleki şahslara; | şertnamanyň bahasynyň 10%-i, ýöne azyndan 50%* |
| ç) | ulag serişdelerini peşgeş bermek baradaky şertnamalara güwä geçilendigi üçin: çagalara, är-aýala, ata-enä, doganlaryna, uýalaryna, agtyklaryna, atalaryna (babalaryna), enelerine (mamalaryna) | könelmegini nazara almak bilen, ulag serişdesiniň bazar bahasynyň 5% |
| | beýleki şahslara; | könelmegini nazara almak bilen, ulag serişdesiniň bazar bahasynyň 10% |
| d) | ozal baglaşylan şertnamalar boýunça (şol sanda ýaşaýyş jaýlary aýrybaşgalamak şertnamalary boýunça) hukuklary hem-de borçnamalary bermek hakyndaky geleşikleriň güwä geçilendigi üçin, ýaşaýyş jaýlaryny ýykmaga aýrybaşgalamagy hakyndaky şertnamalaryň güwä geçilendigi üçin, şu bölümiň “b” we “ç” kiçi bölümlerinde agzalyp geçilenlerden başga her dürli emlägi satmak, çalyşmak we peşgeş bermek şertnamalarynyň hem-de nyrh kesmäge degişli beýleki şertnamalaryň güwä geçilendigi üçin; | şertnamanyň bahasynyň 5%-i, ýöne azyndan 50%* |
| e) | emlägi paýlaşmak şertnamalarynyň, zamunlyk şertnamalarynyň we nyrh kesmäge degişli bolmadyk beýleki geleşikleriň, ýaşaýyş jaýyny peýdalanmagyň tertibi hakyndaky şertnamalaryň, taraplaryň şertnamalaryň bahasyny azaltmak hakyndaky ylalaşyklarynyň, ozal baglaşylan şertnamalary bozmak hakyndaky ylalaşyklaryň güwä geçilendigi üçin: şahsy taraplar üçin, | 5%* |
| | eger taraplaryň bolmanda biri edara görnüşli tarap bolsa; | 10%* |
| ä) | wesýetnamalara güwä geçilendigi üçin, | 10%* |
| f) | Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda kanun boýunça mirasdarlar diýlip ykrar edilýän adamlara mirasa hukuk hakyndaky şahadatnamanyň berlendigi üçin, | mirasyň möçberiniň 5%- i |
| | är-aýala, ata-enä, kämillik ýaşyna ýeten çagalara doganlaryna, uýalaryna, agtyklaryna | mirasyň möçberiniň 10%-i |
| | beýleki mirasdarlara; | mirasyň möçberiniň 20%-i |
| g) | är-aýala nikada bolan döwründe edinilen umumy emläkdäki paý baradaky eýeçilik hukugy hakynda şahadatnamanyň berlendigi üçin; | 5%* |

| | | |
|---|---|---|
| h) | emlägi peýdalanmak we oňa serenjam bermek, kredit amallaryny amala aşyrmak hukugy üçin; emlägi (awtoulag serişdelerinden başga) satmak we peşgeş bermäge ynanç hatlarynyň güwä geçilendigi üçin:<br>çagalara, är-aýala, ata-enä | 10%* |
| | beýleki şahslara | 20%* |
| i) | awtoulag serişdelerini we gozgalmaýan emläkleri peýdalanmaga we olara ygtyýar etmäge hukuk üçin (satmak, peşgeş bermek we çalyşmak üçin) ynanç hatlaryna güwä geçilendigi üçin: çagalara, är-aýala, ata-enä, doganlara, uýalara, agtyklara, atalara (babalara), enelere (mamalara),<br>beýleki şahslara; | 10%*<br>100%* |
| j) | beýleki ynanç hatlaryna güwä geçilendigi üçin; | 5%* |
| ž) | miraslyk emlägi goramaga çäreleriň görlendigi üçin; | 10%* |
| k) | bir dilden beýleki dile terjimesiniň dürslüginiň güwä geçilendigi üçin; | her bir sahypa üçin 1%* |
| l) | ýerine ýetiriş ýazgylarynyň amala aşyrylandygy üçin; | töletdirilýän möçberiň 2% |
| m) | göçürmeleriň we olardan göçürmeleriň (her sahypasyndan) güwä geçilendigi üçin, resmi namalarda goluň hakykylygynyň, şol sanda terjimeçiniň golunyň hakykylygynyň (her resmi nama üçin) güwä geçilendigi üçin:<br>şahsy taraplara,<br>edara görnüşli taraplara; | 1%*<br>5%* |
| n) | döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlaryny satmak hakynda şertnamalaryň güwä geçilendigi üçin; | bahasynyň 1%-i |
| ň) | döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gaznasyndaky ýaşaýyş jaýlaryny we köp öýli jaýlaryň aýratyn öýlerini satmak hakyndaky şertnamalara güwä geçilendigi üçin; | öýleriň bahasynyň 0,5%-i |
| o) | edara görnüşli taraplaryň we şahsy adamlaryň arzalarynyň beýleki edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara berlendigi, şeýle hem şu bölümiň "a" - "ň" kiçi bölümlerinde görkezilenlerden başga kepillendiriş hereketleriň amala aşyrylandygy üçin;** | 2%* |
| ö) | kepillendiriş taýdan güwä geçilen resmi namalaryň öwezlikleriniň berlendigi üçin; | 5%* |
| p) | banklarda hasaplar açylan mahaly gollaryň hakykylygyna güwä geçilendigi üçin, her bir ýazmaça üçin; | 5%* |
| r) | girew şertnamasyna güwä geçilendigi üçin, döwlet kärhanalary, şol sanda döwletiň gatnaşýan paýy 70 we ondan köp göterim bolan bilelikdäki kärhanalar muňa girmeýär. | 20%* |
| 4. | Raýatlyk ýagdaýynyň namalaryny amala aşyrmak üçin: | |

| | | |
|---|---|---|
| a) | nikanyň bellige alynmagy üçin; | 10%* |
| b) | nikanyň bozulmagynyň bellige alynmagy üçin:<br>kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolmadyk är-aýalyň özara ylalaşmagy boýunça,<br><br>eger är-aýalyň ikisi hem birinji gezek nikada durýan bolsa, kazyýetiň çözgüdi esasynda,<br><br>eger är-aýalyň biri gaýtadan baglaşylan nikada durýan bolsa, kazyýetiň çözgüdi esasynda,<br><br>nam-nyşansyz giden, akyly üýtgeme ýa-da akyly kemlik zerarly kämillik ukyby ýok diýlip kanunda ykrar edilen adamlar bilen, ýa-da jenaýat edenligi üçin azyndan üç ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adamlar bilen; | <br><br>10%*<br><br>20%* (är-aýalyň birinden ýa-da ikisinden hem)<br><br>30%*<br><br>1%* |
| ç) | familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň bellige alnandygy üçin; | 20%* |
| d) | dogluş hakyndaky, nikanyň bellige alynmagy, nikanyň bozulmagy hakyndaky, ölüm hakyndaky ýazgylary üýtgetmek, olaryň üstüni ýetirmek, olary düzetmek bilen baglanyşykly şahadatnamalaryň berlendigi üçin;*** | 5%* |
| e) | raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň bellige alynmagy hakynda gaýtadan şahadatnamalaryň berlendigi üçin. | 10%* |
| 5. | Beýleki hereketleriň amala aşyrylandygy üçin: | |
| a) | daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara ýaşamaga ygtyýarnamanyň berilmegi ýa-da uzaldylmagy üçin; | 15%* |
| b) | daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň zaýalananynyň ýa-da ýitirileniniň ýerine berlendigi üçin; | 15%* |
| ç) | Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmegi hakyndaky ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlary üçin Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmak hakyndaky arzalar boýunça; | 50%* |
| d) | ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygy (ýazylandygy) üçin; | 10%* |
| e) | girewiň bellige alynmagy üçin; | girewe goýlan emlägiň bahasynyň 0,01% |
| ä) | girewiň bellige alynmagy hakynda şahadatnamanyň berilmegi üçin; | 5%* |
| f) | raýatlara degişli ok atýan ýaragyň bellige alnandygy (her bir birligi) we şunda ýaragyň tehniki ýagdaýynyň kesgitlenendigi üçin;**** | 10%* |

| | | |
|---|---|---|
| g) | raýatlara degişli ok atýan ýaragyň gaýtadan bellige alnandygy (her bir birligi) we şunda ýaragyň tehniki ýagdaýynyň kesgitlenendigi üçin;**** | 5%* |
| h) | aw awlamak hukugyna rugsatnamalaryň berlendigi üçin. | 10%* |

**Bellik:**

* Döwlet pajynyň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdary göterimlerde.

** Kepillendiriş edaralaryndan daşarda amala aşyrylýan kepillendiriş hereketler üçin döwlet pajy iki esse möçberde töletdirilýär, şeýle hem şol hereketleri amala aşyrmak üçin gitmek bilen baglanyşyklylykda edilen hakyky çykdajylar tölenilýär.

*** Görkezilen möçberler boýunça döwlet paçlary raýat ýagdaýynyň namalaryny bellige almak öz üstüne ýüklenilen edaralar tarapyndan töletdirilýär.

Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukuk üçin resmi namalary (wizalary) resmileşdirmek, daşary ýurt pasportlaryny bermek we beýleki konsullyk hereketleri üçin möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýän ýygymlary almak bilen degişlilikde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy we Tükmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

**** Özlerine degişli sylag hökmünde berlen ýaragy bolan raýatlar onuň bellige alnandygy we gaýtadan bellige alnandygy üçin döwlet pajyny tölemekden boşadylýar.